**O. Geldimuhamedowa, A. Kazygulyýew, H. Bäşimow,**
**P. Ýanabaýew, O. Çaryýewa, M. Möwlamowa**

# HALKARA YKDYSADY GATNAŞYKLAR

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 399.9 : 378
G 32

**Geldimuhamedowa O. we başg.**
**G32 Halkara ykdysady gatnaşyklar.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. A. – : Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017

Bu okuw kitaby ykdysady hünärler boýunça, hususan-da, halkara ykdysady gatnaşyklar, dünýä ykdysadyýeti ugurlary boýunça taýýarlanýan talyplar, bu ugurda zähmet çekýän mugallymlardyr hünärmenler, aspirantlar, doktorantlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy ýokarlandyryş akademiýasynyň diňleýjileri, şeýle-de dünýä ykdysadyýeti we halkara ykdysady gatnaşyklar bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilýär.

Okuw kitabynyň I, XXXI baplary O. Geldimuhamedowa, giriş, II, III, IV, V, VI, VII, VIII, IX, X, XII, XIV, XV, IXX, XX, XXI, XXII, XXIII, XXV, XXVI, XXVII, XXVIII, IXXX, XXX, XXXII baplary A. Kazygulyýew, XI baby H. Bäşimow, XIII baby P. Ýanabaýew, XVI, XVII, XXIV baplary O. Çaryýewa, XVIII baby M. Möwlamowa we O. Çaryýewa tarapyndan taýýarlanyldy.

TDKP № 215, 2017 KBK 65.5 ýa 73

© O. Geldimuhamedowa we başg., 2017.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Dünýä ykdysadyýeti barha bütewüleşmek bilen çäklenmän, eýsem hemişe üýtgäp durýan hojalyk toplumydyr. Häzirki wagtda dürli ýurtlaryň milli ykdysadyýetleriniň özara baglanyşygy we garaşlylygy hemişe güýjemäge we berkemäge meýillidir. Şu ýerden her bir sowatly adamyň dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň esasy meýillerini we kanunalaýyklyklaryny öwrenmek zerurlygy gelip çykýar. Geljekde ykdysatçy bolmaga taýýarlanýan ýaşlar üçin dünýä ykdysadyýetiniň düýp manysyny we ösüş kanunalaýyklyklaryny özleşdirmek derwaýys zerurlykdyr, çünki biziň ykdysatçylarymyz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine amatly ýagdaýda goşulyşmagyny iş ýüzünde guramaly we üpjün etmelidirler.

Dünýä ykdysadyýetiniň barha globallaşmagy netijesinde milli ykdysadyýetleriň biri-biri bilen baglanyşygy barha ýokarlanýar. Milli ykdysadyýetleriň özara baglanyşygynyň ýokarlanmagy oňaýly we oňaýsyz ýagdaýlary ýüze çykarýar. Bu ýagdaýlary öwrenmek, seljerme bermek, çaklamak, olary milli ykdysadyýetiň ösmeginde talabalaýyk ulanmagy başarmak her bir ykdysadyýetçiniň borjudyr. Häzirki wagtda içerki hojalyk gatnaşyklary bilen bir hatarda halkara ykdysady gatnaşyklar barada ýeterlik düşünje bolmasa milli ykdysadyýeti kadaly öňe alyp gitmek mümkin däldir. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynda» hem halkara ykdysady gatnaşyklara möhüm ähmiýet berilýär. Şu nukdaýnazardan Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň ähli hünärlerinde «Halkara ykdysady gatnaşyklar» dersi öwrenilýär.

Okuw kitabynda jemi 32 sany tema seredilýär. Okuw kitaby taýýarlananda dürli adalgalaryň, düşünjeleriň yzygiderligini, olaryň mazmunyny saklamaga çalşyldy. Halkara we rus sözleriniň türkmen dilindäki aňladylyşyna ýa-da onuň manysyna giňişleýin düşünjeler berildi.

I bap

# HALKARA YKDYSADY GATNAŞYKLAR BAZAR HOJALYGY ŞERTLERINDE

## 1.1. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň mazmuny

Halkara ykdysady gatnaşyklar (HYG) kursy «Dünýä ykdysadyýeti» dersiniň esasy düzüm bölegidir. Ilki döwletleriň, soňra önümçilikleriň, guramalaryň, kärhanalaryň arasynda hojalyk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen dünýä hojalygy emele gelip başlaýar. HYG näçe ösdügiçe dünýä hojalygy barha bütewüleşýär.

Dünýä ykdysadyýetiniň emele gelmegi haryt hojalygynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Haryt hojalygynyň ösmegi, halkara zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagy döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagyna getirýär. Bu gatnaşyklar näçe çuňlaşdygyça, dünýä ykdysadyýeti hem bütewüleşýär, diýip hasaplanylýar. Onuň hakykatdan hem şeýledigini dünýä söwdasynyň, maýa goýumlaryň halkara hereketiniň, integrasiýalara goşulyşmaklygyň, halkara guramalarynyň alyp barýan işleriniň ösüşinde hem görmek bolýar.

Ýokardaky aýdylanlardan gelip çykýan netijä görä, dünýä hojalygynyň emele gelmegi, ösmegi gös-göni HYG bilen baglanyşyklydyr. Dünýä hojalygynyň barha globallaşýan häzirki şertlerinde milli ykdysadyýetleriň biri-birine baglylygy barha ýokarlanýar. Döwletleriň biri-birine baglanyşygynyň ýokarlanmagy milli ykdysadyýetiň ösüşinde daşary gatnaşyklaryň barha möhüm ähmiýete eýe bolmagy halkara ykdysady gatnaşyklary özbaşdak ders hökmünde öwrenmekligi wezipe edip goýýar.

HYG-ni öwrenmekligiň esasy maksady döwletleriň, hojalyk birlikleriniň, integrasiýalaryň, halkara guramalarynyň arasyndaky gatnaşyklary öwrenmekden, seljermekden we alnan netijeleri milli ykdysadyýetiň daşary gatnaşyklaryny ösdürmek üçin ulanmakdan ybaratdyr.

Halkara ykdysady gatnaşyklar–munuň özi döwletleriň ýa-da milli ykdysadyýetleriň hojalyk birlikleriniň arasyndaky hojalygara gatnaşyklaryň hemişe ösýän toplumlaýyn ulgamydyr. HYG halkara zähmet bölünişigine esaslanýan ykdysady işiň aýratyn bir görnüşidir. Başgaça aýdylanda, HYG milli hojalykdaky gatnaşyklardan birnäçe aýratynlyklara eýedir. Ol aýratynlyklar aşakdakylardan ybaratdyr:

– HYG beýleki döwletler, sebitler, yklymlar bilen alnyp barylýar ýa-da ol döwlet serhedini kesip geçmek arkaly amala aşyrylýar;

– milli hojalykdaky ykdysady gatnaşyklara hiç hili çäklendirme ýokdur. Mysal üçin, kärhana bilen kärhananyň, welaýat bilen welaýatyň arasyndaky gatnaşyklar erkindir. Içerki gatnaşyklar ykdysady faktorlar bilen şertlendirilendir. HYG bolsa ýurtda öndürilýän harytlaryň, hyzmatlaryň, maýa goýumlaryň we ş.m. çäkli bir bölegi gatnaşdyrylýar. HYG-leriň çäklendirilmegi döwletara ylalaşyklaryň, halkara guramalaryň, integrasiýalaryň, gümrük tarifleriň, gadagan etmeleriň we ş.m. çäreleriň üsti arkaly amala aşyrylýar;

– halkara ykdysady gatnaşyklaryň üçünji aýratynlygy bolup dünýä bahasy çykyş edýär.

HYG-niň ösmegi iki faktora, ýagny tebigy (tebigy baýlyklar, geografiki ýerleşiş, ilatyň sany we ösüşi), adam (önümçilik, tehnologiki) faktorlaryna baglydyr. Şeýle hem HYG-niň ösüşini sosial, milli, etniki, etika, syýasy, hukuk şertler üpjün edýär.

HYG-niň predmeti ýa-da obýekti, ýagny ylmy taýdan öwrenýän ugry bolup döwletleriň, hojalyk birlikleriniň, halkara guramalaryň, integrasiýalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýagdaýy, ösüşi, netijesi we ol gatnaşyklaryň amala aşyrylyş mehanizmi çykyş edýär. HYG-niň mehanizmine milli we halkara kanunçylyk hem-de hukuk, halkara şertnamalar we ylalaşyklar, söwda amallarynyň şertleri, görnüşleri degişlidir.

HYG-niň predmeti «Ykdysady nazaryýet» dersiniňki bilen birmeňzeşdir. Olaryň ikisi-de adamlaryň arasyndaky bolup geçýän öndürmek, paýlamak, alyş-çalyş, sarp etmek ýaly gatnaşyklary öwrenýärler. HYG-niň tapawutly ýeri adamlaryň arasynda bolup geçýän şol gatnaşyklaryň döwlet serhedini kesip geçmek arkaly amala aşyrylýanlygydyr. Bu ugur köp sanly dersler bilen baglanyşyklydyr. Olara dünýä ykdysadyýeti, ykdysady nazaryýet, ykdysady geografiýa, ekologiýa, diplomatiýa, statistika, marketing we başga-da örän köp sanly dersler degişlidir.

HYG-niň esasy ýörelgelerine marketing çemeleşme we bäsleşik degişlidir. Harydy eksport etmek üçin şol ýurduň makroykdysady ýagdaýy bolan ykdysady, tebigy, geografiki, hukuk, medeni, ekologiki ýagdaýlary bilen bir hatarda daşary ýurtly alyjynyň islegini, aýlyk girdejilerini, satyn alyjylyk ukybyny, ýurduň sarp ediş sebedini, eksport amallaryň düşewüntliligini, dürli görnüşli harytlara bolan islegini öwrenmek hökmandyr. Mysal üçin, yzagalak ýurtlaryň ilatyna ýokary hilli, gymmat harytlary satjak bolmak maksadalaýyk däldir. Şonuň üçin HYG-de marketing çemeleşme barha giň gerime eýe bolýar.

HYG-niň esasy düzüm bölekleriniň biri hem bäsleşikdir. Dünýä bazaryna köp sanly öndürijileriň gatnaşmagy bäsleşik göreşini ýitileşdirýär. Dünýä bazaryndaky bäsleşik milli bazardaky bäsleşikden örän ýokarydyr. Munuň özi halkara bäsleşige gatnaşýan öndürijileriň bäsleşikde yza galmazlary üçin hemişe gözlegde bolmagyny talap edýär.

HYG-niň düzümi köpsanlydyr. Olar umumylaşdyrylan görnüşde bellenip geçilýär. HYG-niň düzümi harytlaryň, hyzmatlaryň söwdasyndan, tehniki, tehnologiki, maglumatlary alyş-çalyş etmekden, maýa goýumyň, işçi güýjüniň halkara hereketinden, halkara walýuta-maliýe, karz gatnaşyklaryndan ybaratdyr.

## 1.2. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň görnüşleri, subýektleri we formalary

HYG-niň görnüşi wagta görä üýtgäp durýar. Mysal üçin, geçen asyryň ikinji ýarymyndan başlap HYG-niň üç görnüşi tapawutlandyrylypdy. Olar

– kapitalistik ýurtlaryň HYG-si;

– sosialistik ýurtlaryň HYG-si;

– ösüp gelýän ýa-da «Üçünji dünýä ýurtlaryň HYG-si» diýip atlandyrylýardy. Bu döwürde dünýä hojalygynda kapitalistik, sosialistik, garyşyk ulgamly ykdysadyýetler hereket edýärdi. SSSR-iň ulgam hökmünde ýykylmagy bilen HYG-niň görnüşleri şeýle atlandyrylyp başlandy:

1. Bazar ykdysadyýetli ösen ýurtlaryň HYG-si.
2. Ösüp gelýän ýurtlaryň HYG-si.
3. Geçiş häsiýetli ýurtlaryň HYG-si.

HYG-niň häzirki görnüşlerini gutarnykly diýip aýdyp bolmaz. Sebäbi ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlar ozalky sosialistik ulgamda ýaşan döwletlerdir. Häzirki wagtda ol döwletleriň köpüsi bazar ykdysadyýetli hojalyga öwrüldiler. Ol ýurtlaryň jemi içerki önüminde (JIÖ) hususy bölegiň paýy ösen ýurtlar bilen deňleşdi. Ýöne käbir ýurtlar entek hem özboluşly sosializm gurmagyny dowam edýärler. Olara Kuba, Koreýa Halk Demokratik Respublikasy, Wýetnam, Laos degişlidir. Emma, ol ýurtlaryň HYG-däki paýy örän ujypsyzdyr. Şeýle hem ol ýurtlarda-da birnäçe ýyllap bazar gatnaşyklaryna tarap ugur alnyp gelinýär. Netijede, dünýä hojalygy bir ulgamly hojalyga öwrüldi. Şonuň üçin HYG-ni bazar ykdysadyýetli ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň HYG-si diýip aýdyp bolar.

Ykdysady edebiýatda HYG-niň görnüşleri dürli-dürli atlandyrylýar. Olary şeýle görnüşde bölmek maksadalaýyk bolar:

1. Harytlaryň halkara söwdasy.
2. Hyzmatlaryň halkara söwdasy.
3. Maýa goýumlaryň halkara hereketi.
4. Halkara walýuta-maliýe, karz gatnaşyklary.
5. Halkara tehniki, tehnologiki alyş-çalyş.
6. Halkara maglumat alyş-çalşygy.
7. Işçi güýjüniň halkara hereketi.
8. Halkara ykdysady guramalaryň işi.
9. Halkara integrasiýalar.

Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly dürli edebiýatlarda HYG-niň görnüşleriniň sany üýtgeýär. Mysal üçin, bir edebiýatda harytlaryň, hyzmatlaryň söwdasyny, maýa goýumlaryň halkara hereketi bilen halkara walýuta-maliýe, karz gatnaşyklaryny, halkara tehniki, tehnologiki alyş-çalyş bilen maglumat alyş-çalşygyny bir görnüşde ýa-da olaryň hersini aýry görnüşde görkezýärler. Ýöne, HYG-niň görnüşleri ýokarda görkezilişi ýaly bellenilse dogry bolar. Sebäbi harytlardyr hyzmatlary bile görkezmek düýbünden kabul ederliksizdir. Bütindünýä söwda guramasynda hem harytlaryň we hyzmatlaryň halkara söwdasy aýratyn ýöredilýär. Galyberse-de, olaryň mazmuny, islegi kanagatlandyrmak ukyby dürli-dürlüdir. Şeýle hem maýa goýumyň halkara hereketi bilen halkara karz gatnaşyklaryny mazmun taýdan bir hasaplap bolmaz. Maýa goýum mazmuny boýunça hökman ulalmaly, köpelmeli, emma karz göterimsiz, giden-gitdi, peşgeş (grant) we ş.m. görnüşlerde berlip bilner.

HYG edebiýatlaryň käbirinde halkara ykdysady guramalary, beýleki birinde halkara ykdysady integrasiýalary halkara ykdysady gatnaşyklaryň formasy diýlip hasap edilmeýär. Emma, halkara guramalar bilen integrasiýalaryň halkara ykdysady gatnaşyklardaky döwletiň daşary gatnaşyklaryndaky orny uludyr we onuň ähmiýeti barha ýokarlanmak meýline eýedir. Şonuň üçin olary HYG-niň görnüşi däl diýip hasap etmezlik düýbünden nädogrudyr. Şeýle hem tehnologiýa bilen maglumat alyş-çalşygy biri-birinden düýpli tapawutlydyr. Şonuň üçin olary ýokarda getirilen dokuz sany görnüşde aňlatmak maksadalaýyk bolar.

HYG-niň görnüşi bilen bir hatarda onuň subýektlerini, ýagny oňa gatnaşyjylary hem tapawutlandyrmak gerek. HYG-niň subýektlerine döwletler, öňümçilikler, kärhanalar, täjirçilik däl guramalar, halkara ykdysady guramalar, fiziki taraplar şeýle hem transmilli kompaniýalar (TMK), transmilli banklar (TMB) degişlidir.

## 1.3. Häzirki zaman dünýäsinde halkara ykdysady gatnaşyklaryň ähmiýeti

Häzirki wagtda dünýäniň islendik ýurdy halkara ykdysady gatnaşyklarsyz kadaly ösüşi ýola goýup bilmeýär. Sebäbi häzirki döwrüň esasy meseleleriniň biri-de adamyň çäksiz islegini çäkli serişdeler bilen kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Adamyň islegi hemişe ösýär. Köp döwletlerde bolsa islegi kanagatlandyrmak ýa-da olaryň köpüsini kanagatlandyrmak üçin ýeterlik şertler we serişdeler düýpli ýetmezçilik edýär. Şol bir wagtyň özünde material, ruhy we beýleki hyzmatlara bolan isleg barha ýokarlanýar. Şonuň üçin döwletleriň arasynda yzygiderli gatnaşyklary ýola goýmazdan bu islegi kanagatlandyrmak düýbünden mümkin däldir. Dogry, hyzmatlaryň, harytlaryň köp bölegini öz serişdeleriň bilen öndürip bolmagy mümkin. Emma, munuň üçin örän köp görnüşli tebigy baýlyklar, ýeterlik ylmy-tehniki gurbat, zähmet we maliýe serişdeleri zerurdyr. Bu zerurlyk köp döwletlerde, aýratyn-da tutýan meýdany kiçi we adam sany az ýurtlarda düýbünden ýok diýerliklidir.

Ýokardaky aýdylanlardan görnüşi ýaly adamzadyň islegini diňe halkara ykdysady gatnaşyklaryň üsti bilen kanagatlandyrmak mümkindir. Halkara zähmet bölünişigine esaslanýan HYG önümçilik harajatlaryny peseltmäge, serişdeleri tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Ýöne, islendik ýurt özünde arzan düşýän harydy gymmat düşýän beýleki bir ýurda satyn almaga mejbur edip bilmeýär. «Diňe öz güýjümize daýanmaly» diýen şygar hem indi ýörgünli däldir. Ýöne her bir döwlet özi üçin ýokary hilli, arzan, amatly şertleri döretmek, artykmaçlyk gazanmak we ony peýdalanmak isleýär. Diňe şeýle edilende ösýän islegi kanagatlandyrmak mümkindir. Bu ýagdaý ýurduň uludygyna ýa-da kiçidigine garamazdan olaryň ählisine-de degişlidir. Bu aýdylanlar bolsa adamzadyň mundan beýläk hem ýaşamagy diňe halkara gatnaşyklara baglydyr diýen netijä gelmäge mümkinçilik berýär.

HYG adamzadyň islegini kanagatlandyrmak bilen bir hatarda milli ykdysadyýetiň ösüşinde hem ähmiýetli orun eýeleýär. Import edilen harytlar serişdeleri, wagty tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Eksport edilen harytlar ykdysadyýetiň ösmegine şert döredýär. Sebäbi eksport edilen harytlar jemi içerki önümiň bir bölegidir. Şonuň üçin eksport näçe ýokarlandygyça durnukly şertlerde jemi içerki önümiň möçberi hem artýar. Häzirki wagtda islendik ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde daşary ykdysady gatnaşyklar möhüm orny eýeleýär.

Ýokarda aýdylanlar adamzadyň mundan beýläk hem ýaşamagynda, milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmekde halkara ykdysady gatnaşyklara esasy orun degişlidir diýen netijäni çykarmaga mümkinçilik berýär.

## 1.4. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösüşiniň faktorlary we meýilleri

Dünýä hojalygynyň esasy meseleleriniň biri-de durnukly ösüşi ýola goýmakdan ybaratdyr. «Sowuk urşuň» tamamlanmagy dünýä ykdysadyýetini durnukly ösüşe getirip bilmedi. Dünýä hojalygy bir polýarly dünýä bolmagyny häzir hem dowam edýär. Ýurtlaryň arasyndaky serişde paýlaşygynyň barha ýitileşmegi, bir polýarly we köp polýarly dünýä ugrundaky göreş, halkara bäsleşik, döwletleriň arasynda häli-şindi ýüze çykýan oňuşmazlyklar (konfliktler) dünýä ykdysadyýetiniň durnukly ösüşine oňaýsyz täsir edýär. HYG meýillerini we gelejekdäki ösüş ugurlaryny (perspektiwalaryny) ylmy dilde aşakdakylara bölmek bolar:

**Ylmy-tehniki ösüşiň çaltlaşmagy.** Aragatnaşykda, ulaglarda, ýaraglanyşda, önümçiliklerde täze tehnologiýalaryň döredilmegi halkara işewürligiň, halkara bäsleşigiň ösmegine getirdi. Ýurtlaryň arasynda tehnologiýa taýdan yza galmazlyk islegi barha uly ähmiýete eýe bolýar.

**Daşky gurşawyň düýpli derejede üýtgemegi.** Ösen ýurtlaryň tebigy baýlyklarynyň düýpli azalmagy, ekologiýanyň hapalanmagy, ösüp gelýän ýurtlarda tebigy

baýlyklaryň ýeterlik jemlenmegi, ýöne olaryň maliýe serişdeleriniň ýetmezçilik etmegi, daşky gurşawy esasy hapalaýjylar bolup ösen ýurtlaryň çykyş etmegi, ösen ýurtlaryň ekologiýa taýdan arassa önüme bolan isleginiň ýokarlanmagy, ekologiýa meselesinde döwletleriň belli bir karara gelip bilmezlikleri, bu meseläniň çözülişini barha kynlaşdyrýar.

**Ilatyň ösüşi we migrasiýasy.** Dünýä ilatynyň artyşynyň birden ýokarlanmagy, yzagalak ýurtlardan ösen ýurtlara tarap ilatyň migrasiýasynyň barha artmagy senagatlaşan ýurtlarda durmuş, milli, dini meseleleri barha çuňlaşdyrýar.

**Baý we garyp döwletleriň arasyndaky tapawudyň barha ýokarlanmagy.** Dünýä ýurtlarynyň arasyndaky tapawut barha artýar. Dünýä söwdasynyň 80%-den gowragy ösen ýurtlaryň, galan bölegi ösüp gelýän ýurtlaryň paýyna düşýär. Ösen ýurtlarda dünýä ilatynyň 15%-e golaýy ýaşaýar. Bu ýagdaý dünýä söwdasynyň, dünýä maliýe serişdeleriniň ýurtlaryň arasyndaky paýlanyşynyň gyradeňsizliginiň barha ösmegine getirýär.

**Ykdysadyýetleriň biri-birine baglylygynyň ýokarlanmagy.** Dünýä ilatynyň isleginiň barha ösmegi milli hojalyklaryň biri-birine baglylygynyň ösmegine getirýär.

Bu sanalyp geçilenlerden başga-da halkara guramalaryň, döwlete degişli bolmadyk düzümleriň döwletara gatnaşyklara edýän täsiri barha ýokarlanýar.

# II bap HÄZIRKI ZAMAN DÜNÝÄ BAZARY

## 2.1. Dünýä bazarynyň emele gelmegi we onuň ösüş döwürleri

Halkara ykdysady gatnaşyklarda bazar düşünjesi köp ulanylýar. Eýsemde, bazar näme? Bazar munuň özi alyjynyň we satyjynyň gatnaşmagynda harytlary we hyzmatlary ýerleşdirmegiň usuly ýa-da mehanizmidir. Bu mehanizm ýa-da usul öndürijileriň we sarp edijileriň arasyndaky isleg we teklibiň esasynda amala aşyrylýar. Başgaça aýdylanda, bazar bu zähmetiň önümini alyş-çalyş etmegiň bahalaýyn (bahaly, nyrhly) ulgamydyr. Şonuň üçin bazar diýlende dükanlar, supermarketler we ş.m. göz öňünde tutulmaly däldir. Olar diňe haryt alyş-çalyş ulgamynyň dürli görnüşleridir. Bazaryň halk arasyndaky düşünjesi bilen onuň ylmy mazmuny tapawutlydyr. Bazar sözi adaty ulanyşda haryt satylýan, alynýan ýere düşünilýär.

Hakykatda welin bazar bir ýere gidip gelmek däldir. Bazar kesgitli ýer bolman haryt önümçiliginiň kesgitli mehanizmidir.

Bazaryň ýüze çykmagy we emele gelmegi jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň ösüp başlamagy bilen şertlendirilendir. Haryt önümçiliginiň ösmegi bilen bazar hem ösüp başlaýar. Sebäbi haryt önümçiligi diňe öz islegini kanagatlandyrmak üçin önüm öndürýän hojalykdan (natural hojalyk) tapawutlylykda, alyjy üçin öndürip başlaýar.

Haryt önümçiligi diňe kapitalistik gurluşda emele geldi diýip aýtmak dogry däldir. Haryt hojalygy, haryt dolanyşygy gul eýeçilik gurluşy döwründe hem bolupdyr. Emma, haryt dolanyşygy örän gowşak bolupdyr. Ykdysadyýet tutuşlygyna natural hojalyga esaslanypdyr. Bu gurluşda hem daşary ykdysady gatnaşyklar alnyp barlypdyr. Ýöne oňa harytlaryň az sanly görnüşi we ujypsyz mukdary gatnaşdyrylypdyr. Bu döwürdäki halkara ykdysady gatnaşyklar sebitiçre, yklymiçre häsiýete eýe bolupdyr. Mysal üçin, ýurdumyzyň çägindäki dörän gadymy döwletler bir yklymda ýerleşen döwletler bilen söwda edipdirler. Munuň özi dünýä bazary gul eýeçilik gurluşy döwründe döräp başlapdyr diýmäge esas berýär. Ýöne gul eýeçilik gurluşy tebigaty boýunça haryt önümçiligi däldi. Şonuň üçin ol halkara ykdysady gatnaşyklara bölekleýin gatnaşypdyr. Halkara gatnaşyklara esasy gatnaşdyrylýan harytlar bolup senetkärçilik önümleri çykyş edilipdir. Şonuň üçin gulçulyk eýýamynyň dünýä haryt bazary durmuş-ykdysady häsiýeti boýunça senetçilik-gul eýeçilik bazary bolupdyr.

Feodalçylyk eýýamynda hem natural hojalyk agalyk edipdir. Haryt alyş-çalşygyna oba hojalyk we ownuk senetçilik harytlary gatnaşdyrylypdyr. Bu döwürde jemgyýetçilik önümçiliginde deňeçerlik düýbünden bolmandyr. Aýratyn-da, oba hojalyk önümini öndürijilerde kynçylyk has ýiti duýlupdyr. Haryt öndürijileriň arasyndaky alyş-çalyş uly bolmadyk çäklerde amala aşyrylypdyr. Täjirçilik maýasy haryt öndürijileriň arasynda aralykçynyň wezipesini ýerine ýetiripdir. Ol, esasan, süýthorçylykly karza esaslanypdyr. Wagtyň geçmegi bilen feodallaryň berýän süýthorçylykly karzynyň örüsi giňäp başlapdyr. Ol täze sebitlere we ýerlere geçip başlapdyr. Feodalçylyk gurluş, süýthorçylyk karzy önümçiligiň dargamagyna, haryt alyş-çalşygynyň üznüksiz bolmazlygyna getirilipdir. Ýerli öndüriji ýerli islegi kanagatlandyrmak bilen çäklenipdir. Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň gowşak ösmegi ýurduň içindäki haryt aýlanyşygyna päsgelçilik döredipdir. Daşary söwda feodalçylyk hojalygynyň ösmeginde ähmiýetli orny eýeläp bilmändir.

Şeýle-de bolsa feodalçylyk gurluşda ozalky yklymiçre söwda ösüp yklymara söwda baryp ýetipdir. Orta asyrdaky Hytaý diňe Hindistan däl-de, Arabystan, Günorta Afrika ýurtlary bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyr. Ýewropa ýurtlary Ýakyn Gündogar, Müsür ýaly ýurtlar bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar. Wasko da Gamanyň, Kolumbyň, Magellanyň syýahatlary bazarlaryň birleşmegine ýol açypdyr. Şonuň üçin dünýä bazary XIX asyrda däl-de, has ir

ýüze çykypdyr diýip aýtmaga esas berýär. Dogry bazarlaryň biri-birine baglylygy gowşak, göwrüm taýdan kiçi bolupdyr. Ýöne her näme-de bolsa bu döwürde dünýä bazarynyň emele gelmek ugrundaky hereketi başlapdyr. Daşary ýurtlara esasy haryt ugradyjylar bolup feodallar we senetkärler çykyş edipdir. Şonuň üçin feodalçylyk eýýamynyň haryt bazary mazmuny boýunça senetkär-feodal bolupdyr.

Kapitalistik kärhanalaryň ýüze çykmagy, ýeri bejermegiň senetkärçilikden aýrybaşgalaşmagy, dürli sebitleriň kesgitli haryda ýöriteleşip başlamagy, senagat harytlaryny belli bir pudaga goşulyp başlamagy, zähmet önümini haryt hökmünde alyş-çalyş etmegiň usulynyň üýtgemegi, hususy öndürijileriň biri-birinden üzňeliginiň aradan aýrylyp başlamagy feodalçylyk gurluşynyň tamamlanmagyna getiripdir.

Kapitalistik haryt önümçiliginiň ösüp başlamagy senagat we oba hojalyk pudaklarynyň biri-birine bagly bolmaklygyna getiripdir. Ýöriteleşen pudaklaryň önümçilikleriniň deňeçerligi, jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň giňemegi we çuňlaşmagy, şonuň bilen bir hatarda haryt aýlanyşygynyň ösmegi milli bazaryň emele gelmegine getiripdir. Kapitalistik önümçiligiň milli çäklerden çykyp, halkara alyş-çalşyga gatnaşyp başlamagy bilen dünýä bazary ösüp başlaýar. Diýmek, dünýä bazary ähli döwletleriň arasyndaky haryt alyş-çalşygynyň jemidir.

Dünýä bazary aýry-aýry döwletleriň önümçilikleriniň halkara ýöriteleşmesine esaslanýar. Ol bir ýurtda öndürilen harydy beýleki ýurtda öndürilen haryt bilen çalyşmagyň hasabyna barha giňeýär. Dünýä bazaryndaky haryt alyş-çalşygy üznüksiz önümçiligiň giňemeginiň hasabyna amala aşyrylýar. Şonuň üçin dürli ýurtlaryň haryt öndürijileriniň arasyndaky alyş-çalşygyň ösmegi önümçiligiň giňeldilmeginiň hasabyna amala aşyrylýar.

Ýeke-täk milli bazarlaryň, soňra yklymara bazarlaryň emele gelmegine aýgytly täsir edendigi aýratyn bellenilmelidir. XVIII asyryň üçünji çäryeginde ilki Angliýada soňra XIX asyryň başlarynda Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da ýüze çykan senagat öwrülişiginiň netijesinde iri senagatyň çalt ösüp başlamagy bilen milli bazarlaryň döremeginiň çaltlaşmagyna, dünýä bazarynyň emele gelip ugramagyna getirdi. Iri senagatyň bu döredijilikli işi birnäçe ýagdaýlar bilen şertlendirilendir.

*Birinjiden,* kapitalistik önümçilik öz häsiýeti boýunça ýokary peýda almaklyga gönükdirilendir. Telekeçiler has ýokary peýda almak üçin harytlary daşary bazarlarda amatly ýerleşdirmeklige ymtylýarlar. XIX asyrda dünýä bazarlarynyň iri senagat döwletleri tarapyndan paýlaşylmagy ýöne ýerden däldir. Bu ýagdaý senagatlaşan döwletleriň öz telekeçilerine beýleki bazarlarda harytlaryny ýerleşdirip, ýokary peýda almaklygy gönükdirilen hereketidir. Şeýle ýagdaýda ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklar giňeldilip başlaýar.

*Ikinjiden,* senetçilik we manufakturadan tapawutlylykda iri maşyn senagaty satmaga niýetlenýän harytlary iri möçberlerde öndürmäge mümkinçilik alýar. Uly möçberde peýda almak isleýän telekeçi diňe içerki bazarda däl-de, daşary bazarlar-

da hem harydyň satylyşyny giňeltmek isleýär. Bu ýagdaý daşary söwdanyň ösmegine, içerki bazaryň giňemegine getirýär.

*Üçünjiden,* ýurduň içinde peýda gazanmak ýerli telekeçileriň arasyndaky güýçli bäsleşik esasynda bolup geçýär. Aýry-aýry pudaklar ýokary peýda almak üçin beýleki milli pudaklaryň önümçilik işine goşulyp başlaýar. Pudaklar biri-birine bazar bolup çykyş edip başlaýar. Milli pudaklaryň gyradeň ösmezligi milli bazara täsir edýär. Tehnologiýa esasynda biri-birine baglaşan pudaklar daşary bazarlarda öz önümlerini ýerleşdirmeklige ýykgyn edip başlaýarlar.

*Dördünjiden,* maşyn senagaty esasynda harytlaryň köpçülikleýin öndürilmegi çig mal harytlaryna bolan islegi güýçlendirýär. Çig mal ugradyjylary bolup ykdysady we başga çäreler bilen bakna edilen ýurtlar çykyş edýär. Görnüşi ýaly iri maşyn senagaty dörän pursadyndan başlap ösen ýurtlar bakna ýurtlara haryt ugradylyşyny güýçlendirmän, ol ýurtlardan çig malyň üznüksiz ugradylmagyny ýola goýýar.

Dünýä bazary kapitalistik maşyn önümçiliginiň we halkara zähmet bölünişiginiň ýüze çykmagy netijesinde doly ösüş ýoluna düşdi. Bu ösüş häzir hem dowam edýär. Diňe kapitalistik önümçilik usuly şertlerinde dünýä bazary doly ykdysady düşünje hökmünde emele geldi. Ol halkara haryt dolanyşygynyň üznüksiz we köptaraplaýyn ösüşine, harytlaryň, dünýä bazarynda satylmagy üçin hemişelik we köpçülikleýin öndürilmegine, ulag we aragatnaşyk serişdeleriniň halkara derejesinde ösmegine esaslanýar.

Dünýä bazary milli bazarlaryň esasynda emele gelýän hem bolsa olar hemme taraplaýyn birmeňzeş däldir. Olaryň birnäçe özboluşly aýratynlyklaryny tapawutlandyryp bolar:

– köp harytlar diňe ýurduň içindäki haryt dolanyşygynda bolup, olar halkara alyş-çalşygyna gatnaşdyrylmaýar;

– harytlar içerki bazarda erkindir;

– daşary söwda döwlet syýasaty güýçli täsir edýär;

– dünýä bazarynda aýratyn nyrhlar, ýagny dünýä bahalary hereket edýär.

Dünýäniň kapitalistik bazary ösüş taryhynda üç eýýamy başyndan geçirdi. Olara kapitalistik hojalygyň emele gelip başlamagy, manufaktura we maşyn önümçilik döwürleri degişlidir. Dünýäniň kapitalistik bazarynyň her döwrüniň aýratynlyklary we önümçilik usullary bardyr.

Dünýä bazary kapitalizm emele gelip başlan birinji döwürde ilkibaşky, ösmedik ýagdaýdady. Bu döwürde halkara söwdada täjirçilik maýasy süýthorçylygyň esasynda agalyk edýärdi.

Ikinji döwür manufakturadan, ýagny esasan hem Angliýada XVIII asyryň üçünji çärýegi, Ýewropa ýurtlarynda XIX asyryň 70-nji ýyllary aralygynda senagat öwrülişigini öz içine alýar. Bu aralykda Angliýada maşyn önümçiligi Angliýany «dünýäniň ussahanasyna» öwürdi. Angliýa dünýäniň söwda hökmürowanyna öwrüldi. Dünýä bazary başlangyç döwründen çykyp kapitalizm düşünjesine eýe

bolup başlady. Senagat maýasy söwda maýasyny özüne boýun egdirip, ähmiýetli orna geçdi. Halkara haryt dolanyşygynyň esasy bölegini Angliýadan äkidilýän senagat harytlary we yzyna getirilýän çig mallar hem azyk önümleri tutýardy. Bu ýagdaý XIX asyryň 60–70-nji ýyllaryna çenli dowam etdi. Ondan soň ABŞ we Germaniýa kapitalistik dünýäde Angliýadan öňe geçip öz agalygyny berkitdi.

Üçünji döwür 19-njy asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap şu güne çenli aralygy öz içine alýar. Bu döwür öndürijileriň arasyndaky bäsleşik göreşine esaslanýar. Bu döwrüň esasy aýratynlyklarynyň biri-de senagat maýasynyň maliýe maýasyna öwrülmegidir. Bu döwürde kapitalistik hojalygy bütin dünýäni gurşap aldy we dünýä bazary gutarnykly emele geldi.

## 2.2. Dünýäniň kapitalistik bazarynyň aýratynlyklary

Dünýä bazary sözüň doly manysynda XX asyrda, hususan-da, onuň ikinji ýarymynda emele geldi. Dünýä bazarynyň bu döwürdäki ösüşi birnäçe häsiýetli alamatlara eýedir. Onuň birinji alamaty bolup kapitalizmiň haryt häsiýeti çykyş edýär. Ol döwletleriň arasyndaky ykdysady baglanyşygyň peýdalylyk we bähbitlilik ýörelgesine esaslanýar. Dünýäniň kapitalistik bazary ösen ýurtlaryň kärhanalaryna ösüp gelýän ýurtlaryň hasabyna ýokary peýda almaklyga mümkinçilik berýär.

Dünýäniň kapitalistik bazarynyň ikinji alamaty bolup önümçiligiň we bäsleşigiň özakymlylygy, eden-etdiligi (anarhiýasy) çykyş edýär. Eger-de, her kärhana öz önümçiligini maksadalaýyk alyp barýan bolsa, onda ol tutuş kapitalistik ýurtda we dünýäde özakymlylyga ýykgyn edýär. Serişdeleriň ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň arasyndaky paýlanyşy tebigy ýagdaýda bolup geçýär. Haryt öndürijileriň pudaklaýyn paýlaşylma ýagdaýy (faktory) bolup kapitalyň has çalt aýlanmasy bolup çykyş edýär. Netijede, ýurtda we dünýäde önümçilik serişdeleriniň özakymlaýyn deňeçer paýlaşylmagy bolup geçýär. Ähli döwletler önümçilik ulgamlaryny deňeçer bolmagyna ýykgyn edýärler, çünki her bir telekeçi şeýle sarp edijilik gymmatyny öndürmeli we şol öndürilen gymmat jemgyýetçilik islegini kanagatlandyrmaly. Emma, özakymlylyga bolan şeýle meýil ykdysadyýetiň dürli böleginde ýüze çykyp, deňeçerligiň bozulmagyna getirýär. Dünýäniň kapitalistik bazarynyň özakymlylygy we onuň durnuksyzlygy önümçiligiň giňemek meýli bilen bir hatarda import edýän ýurtlaryň tölege ukypsyzlygy bilen hem berk baglanyşyklydyr.

Dünýäniň kapitalistik bazarynda aýry-aýry ýurtlaryň kärhanalarynyň güýçli bäsleşigi bolup geçýär. Bu bäsleşige, hususan-da, ABŞ-nyň, ÝB-niň, Ýaponiýanyň we beýleki çalt senagatlaşýan ýurtlarynyň kärhanalarynyň arasynda alnyp barylýar. Kapitalizmiň häzirki ýa-da korporatiw eýýamynda öz hökümetlerinden ýa-da döwletleriň bileleşiginden uly goldaw alýan transmilli kompaniýalar (TMK) agalyk



2. Sargyt № 832

edýärler. TMK-lar bolsa dünýäniň ykdysady taýdan paýlaşylmagynyň we dünýä bahalarynyň häli-şindi üýtgäp durmagynyň esasy sebäpkärleridir.

Dünýä bazarynyň aýratynlyklarynyň ýene-de biri döwletleriň öz daşary söwda ulgamynda haryt önümçiligini dürli derejelerde ösdürmeklige üns berýändikleridir. Halkara zähmet bölünişigine ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň ählisi gatnaşýarlar. Olaryň käbirleri entek kapitalistik eýýama çenli bolan hojalyk gatnaşyklarynda ýaşaýan ýurtlardyr. Onuň şeýle bolmagyna ýurduň taryhy, dini, etniki we beýleki ýagdaýlar täsir edýär.

Dünýä kapitalistik bazarynyň ýene-de bir aýratynlygy häli-şindi ýüze çykýan çökgünlikler bilen baglanyşykldyr. Bu çökgünlikler daşary söwdanyň ösüşine uly zyýan ýetirýär. Çökgünligiň zyýanly täsiri köp wagta çekýär. Mysal üçin, 1914–1918-nji ýyllarda bolup geçen çökgünlik zerarly dünýä söwdasy uruşdan ozalky ýagdaýyna 1924-nji ýylda gaýdyp geldi. 2008-nji ýylda ýüze çykan maliýe ykdysady çökgünlik entek hem dowam edýär.

Dünýä bazarynyň ýene-de bir aýratynlygy ösen ýurtlar öz harytlaryny eksport etmek we milli bazary importdan goramak üçin has köp çäreleri ulanýarlar. Munuň özi daşary söwdanyň deňeçerligini aradan aýyrýar. Netijede, köp ýurtlar proteksionizm syýasatyny ulanyp başlaýarlar.

Dünýä bazarynda düýpli üýtgeşikleriň biri-de XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap, ykdysady integrasiýalaryň ýüze çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Integrasiýalar sebitleýin häsiýete eýe bolmak bilen oňa gatnaşýan döwletler özaralarynda söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmaga borçlanýarlar. Häzirki integrasiýalar bir tarapdan dünýä hojalygynyň bütewüligini bozýarlar, beýleki tarapdan dünýä bazarynyň bütewüleşmeginiň başlangyç etaby bolup çykyş edýärler. Sebäbi integrasiýalaryň arasyndaky söwda ylalaşyklary barha köpelýär. ÝB bilen NAFTA-nyň arasynda söwda gatnaşyklaryny ýeňilleşdirmek baradaky ylalaşyklar munuň aýdyň mysalydyr. Häzirki wagtda ýurtlaryň integrasiýalara birleşmek meýli barha güýçlenýär.

Dünýä bazarynyň aýratynylyklarynyň biri hem halkara söwdany sazlaşdyrýan döwletleriň derejesinde döredilen halkara guramalaryň ähmiýetiniň ýokarlanýanlygydyr. Olara Bütindünýä söwda guramasy (BSG), Halkara pul gaznasy (HPG), Bütindünýä ösüş we özgerdiş banky (BÖÖB) degişlidir. Bu halkara guramalarynyň dünýä söwdasynyň sazlaşdyrmakdaky ähmiýeti örän uludyr.

Dünýä bazarynyň başga bir aýratynlygy oňa tutuşlaýyn diýen ýaly bazar ykdysadyýetli ýurtlaryň gatnaşýanlygydyr.

Indiki aýratynlygyna daşary söwdanyň halkara islegiň we teklibiň esasynda amala aşyrylýanlygy degişlidir. Dünýä bazarynyň soňky aýratynlygy-da bäsleşigiň standartyň esasynda ýokary hilli harydy öňe çykarýanlygydyr. Başgaça aýdylanda, dünýä bazary harytlaryň hiliniň özboluşly süzgüjidir.

## 2.3. Häzirki zaman dünýä bazarynyň ösmegini kesgitleýän ýagdaýlar

Dünýä bazarynda bäsleşigiň ýitileşmegi harytlary ýerleşdirmekligiň täze usullarynyň ýüze çykmagyna getirýär. Dünýäde bäsleşigiň ýitileşmegi ylmy-tehniki rewolýusiýa bilen baglanyşyklydyr. Soňky onýyllyklarda bäsleşik göreşi baha ulgamynda däl-de, harydyň täzeligi we tehniki derejesi, taýýarlanyşynyň hili, tehniki üpjünçiligiň kämilleşdirilmegi, haryt ýerleşdiriş torlarynyň gowulandyrylmagy ugrunda alnyp barylýar. Ylmy-tehniki işläp taýýarlamalar korporasiýa üçin daşary bazarda bäsleşik göreşiniň esasy faktorynyň biri bolup durýar. Häzirki zaman bazarynda haýsy telekeçi täze önümleri, täze tehniki hyzmatlaryň kämil ýerleşdiriş usullary bilen ilkinji öndürip, hödürläp bilse, şol hem ýeňiji bolýar. Şonuň üçin harydyň täzeligi we kämilligi baha faktoryndan öňde durýar diýip hasaplanylýar.

Şeýle hem dünýä bazarynda aýry-aýry önümleriň bäsleşige ukyplylygynyň täze görnüşi döredi. Gürrüň bu ýerde energiýa tygşytlaýjy we daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän maşynlaryň täze görnüşleri barada barýar. Häzirki wagtda köp döwletlerde ekologiýa taýdan arassa önümleri çykarmaga ýykgyn edýärler. Oňa başgaça «ýaşyl önüm» hem diýilýär. Häzirki wagtda ýurduň jemi içerki öнüminiň näçe göterimini «ýaşyl önümiň» tutýanlygy barada hasabat ýöredilip başlandy. Energiýa tygşytlaýjy, ekologiýa zyýan ýetirmeýän maşynlar aýratyn islegden peýdalanýar. Olar örän kämil tehnologiýa esaslanýar. Şeýle kämil tehnologiýaly maşynlary öndürmek köp ýurtlara başartmaýar.

Önümiň hili bilen bir hatarda harydy ýerleşdirmek ulgamyny kämilleşdirmek dünýä bazarynyň ösüşine täsir edýän ýagdaýlaryň biridir. Iri halkara kompaniýalary daşary ýurtlarda şahamçalary, bölümleri, golçur kärhanalary (doçernyý kompaniýa) bilen bir hatarda ol ýurtlaryň kärhanalaryny hem bu işe çekmek, tehniki hyzmat işlerini ýerli kärhanalara ynanmak barha giň gerime eýedir. Mysal üçin, ýapon awtomobil kompaniýalarynyň ösen ýurtlar, hususanda, ABŞ bilen tehniki hyzmatdaşlyk etmek boýunça birnäçe ylalaşyklary bardyr.

Eksport edilýän harytlary daşary bazarlarda ýerleşdirmekde ýerli wekilleri-kärhanalary çekmek giňden ýaýrandyr. Şeýle usuly peýdalanmak iri maýa goýumlary talap etmeýär. Sebäbi täze ýerleşdiriş torlaryny gurmazdan ýerli wekiliň, kärhananyň nokatlary, ambarlary peýdalanylýar.

Soňky ýyllarda ýerleşdirmegiň has iri görnüşleri bolan konsorsiumlar we sindikatorlar giňden ýaýrap başlady. Şeýle tejribe Angliýada we Fransiýada giňden ulanylýar.

Iri senagat birleşmeleriň önümi ýerleşdirmekde biri-biriniň torlaryny peýdalanmaklary täze dörän usullaryň biridir. Şeýle usul, adatça, bäsleşige ukypsyz harytlary ýerleşdirmekde ulanylýar. Ylalaşygyň şeýle görnüşi Italiýanyň «Fiat» kompaniýasy bilen Fransiýanyň «Sitroýen» kompaniýasynyň arasynda hereket edýär.

Marketing işini ýola goýmak giňden ýaýran ugurlaryň biridir. Onuň kömegi bilen harytlary öndürmegiň uzak möhletleýin meýilnamasy işlenilip düzülýär. Bazarlar öwrenilýär we çaklanylýar. Marketing işi arkaly isleg we teklip öwrenilýär.

Alyjynyň we satyjynyň arasyndaky adaty eksport-import amallary bilen bir hatarda harytlary ýerleşdirmegiň we satyn almagyň auksion, birža, söwda öýleri hem giňden ulanylyp başlandy. Auksion «Kim ýokary baha töleýär?» ýörelgesi esasynda geçirilýär. Halkara auksionynda, esasan, temmäki, bagana, gadymy zatlar, bedew atlar, ýuwulmadyk ýüň, pagta, çaý we ş.m. zatlar satylýar. Auksion söwdasy harydyň, predmetiň ilki bahasynyň yglan edilmegi (LOT) bilen başlanýar we alyjynyň aýdyşyna görä baha ýokarlanýar. Eger başga alyjy bolmasa, bir alyjy harydyň bahasyny pese gaçyrybam bilýär. Türkmenistanda at auksiony hereket edýär.

Birža harytlary lomaý satmagy guramagyň bir görnüşidir. Birža öz gezeginde haryt we gazna biržasyna bölünýär. Haryt biržasynda çig mallar, ýarym fabrikatlar, taýýar harytlar, gazna biržasynda gymmatly kagyzlar, walýuta, altyn we ş.m. satylýar.

Söwda öýleri alyja dürli maşynlary, enjamlary satyn almagy hödür edýän guramalardyr. Söwda öýleri harydyň özboluşly mahabatyny (reklamany) ýerine ýetirýärler. Olar alyja dürli hyzmatlary hem hödürleýärler. Söwda öýleriniň esasy maksady öz ýurdunyň harydyny ýerlemekden ybaratdyr.

Garyşyk kärhanalary ýa-da bilelikdäki telekeçiligi ösdürmek giňden ýaýrap başlan usullaryň biridir. Bu ýagdaý aýratynda ýapon we günbatar ýewropa kompaniýalarynyň arasynda has güýçlüdir. Ol gümrük tariflerinden sowulmaga, döwletiň döredýän päsgelçiliklerini ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

Ýokardaky bellenilip geçilenler häzirki zaman dünýä bazarynyň ösüşini kesgitleýän esasy ýagdaýlar bolup çykyş edýär.

## 2.4. Dünýä bazarynyň düzümi

Halkara zähmet bölünişiginiň ösmegi dünýä bazarynyň maddy esasynyň emele gelmegine we ösmegine getirdi. Taryhy nukdaýnazardan bu ýagdaý aýry-aýry döwletleriň içerki bazarynyň ösmegi, harytlaryň, hyzmatlaryň, önümçilik faktorynyň (işçi güýji, maýa goýum) milli çäkden çykyp halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna goşulyşyp başlamagyna esaslanýar. Bazara ykdysady nukdaýnazardan birnäçe düşünje berilýär. Olara içerki, milli, halkara we dünýä bazary degişlidir.

Içerki bazar–ykdysady alyş-çalyş ulgamy bolup ähli öndürilen harytlar ýurduň içinde ýerleşdirmeklige niýetlenýär. Başgaça aýdylanda «içerki bazar» düşünjesi bazar gatnaşyklarynyň ulgamy bolup, milli harytlaryň ýurtdan daşyna çykarylman diňe ýerli alyjylara satylýan görnüşidir.

Milli bazar – döwletiň halkara alyş-çalşy bilen baglanyşykly bazarydyr ýa-da milli bazaryň üsti halkara alyş-çalyş bilen doldurylýar.

Halkara bazary – daşary ýurtly alyjylara we satyjylara nazarlanýan daşary ýurt bazarlarydyr ýa-da birnäçe bazarlaryň jemidir.

Dünýä bazary ähli ýurtlaryň bazarlarynyň jemidir. Bu ýagdaýda milli bazarlar harytlaryň, hyzmatlaryň halkara söwdasy, maýa goýumyň halkara hereketi, işçi güýjüniň migrasiýasy, halkara maglumat alyş-çalşygy arkaly biri-biri bilen berk baglanyşýarlar. Häzirki wagtda globallaşma şertlerinde «dünýä bazary» düşünjesiniň ähmiýeti barha ýokarlanýar.

Halkara alyş-çalyşda söwdasy edilýän (tradabie goods) we söwdasy edilmeýän (notradoble goods) düşünjeler ulanylýar. Söwdasy edilýän harytlar diýip daşary bazarlarda, söwdasy edilmeýän harytlar diýip diňe öndürilen ýurdunda ýerleşdirilýän harytlara aýdylýar.

Şol bir wagtyň özünde söwdasy edilýän we söwdasy edilmeýän harytlaryň bölünişi şertlidir. Harytlaryň şeýle bölünmesi BMG-niň, Senagat standartlarynyň Halkara klassifikasiýasyna esaslanýar. Oňa başgaça pudak standartlarynyň Halkara klassifikasiýasy hem diýilýär (iňlisçe International Standard Industrial Classification-ISIC). Bu klassifikasiýa harytlaryň aşakda getirilen 9 toparyny özüne birleşdirýär. Olaryň birinji 3 topary söwdasy edilýän, galan 6 topary söwdasy edilmeýän harytlara degişlidir.

**A. Söwdasy edilýän harytlar** (Senagat standartlarynyň Halkara klassifikasiýasy boýunça. 1–3-nji toparlar).

1. Oba hojalyk, awçylyk, tokaý hojalygy we balykçylyk.
2. Gazyp alýan senagatyň önümleri.
3. Gaýtadan işleýän senagatyň önümleri.

**B. Söwdasy edilmeýän harytlar** (4–9-njy toparlar)

4. Jemagat hyzmatlar we gurluşyk.
5. Lomaý we bölekleýin söwda, restoranlar we myhmanhanalar.
6. Ýük daşamak, saklap bermek, aragatnaşyk we maliýe araçyllygy.
7. Goramak we hökmany durmuş hyzmatlar.
8. Bilim, saglygy goraýyş we jemgyýetçilik işleri.
9. Gaýry jemagat, durmuşy hyzmatlar.

Görkezilen klassifikasiýa seljerme berlende onuň bölünişiniň şertlidigi ýüze çykýar. Sebäbi klassifikasiýa laýyklykda söwdasy edilmeýän harytlaryň hemmesi-de halkara alyş-çalşygyna işjeň gatnaşdyrylýar. Bu şertli bölüm ýurduň ykdysady ösüşi, geografiki ýerleşişi, harytlary we hyzmatlaryň öndürişi bilen baglanyşyklydyr. Ýurduň maddy önümçiligi ösen, geografiki ýerleşişi amatly, hyzmat ulgamy halkara hyzmatlaryny amala aşyrmaga ukyply bolsa, onda bu mümkinçilikler halkara alyş-çalşygynda peýdalanylýar. Emma, şeýle mümkinçilik köp ýurtlarda ýokdur.

Söwdasy edilýän harytlar hem öz gezeginde eksport we import edilýän harytlara bölünýär.

Eksport edilýän harytlar hem öz gezeginde hakyky eksport we substitut eksport (substitute eksport–içerki bazarda ýerleşdirilýän we kesgitli ýagdaýda daşary bazarlara ugradylyp bilinjek harytlar) harytlara bölünýär. Import edilýän harytlar öz gezeginde hakyky import we substitute import (import bilen ýerini çalşyp boljak ýerli önüm) harytlara bölünýär.

Substitut import harytlar ýurduň ykdysady syýasaty bilen baglanyşyklydyr. Importyň ýerini tutýan harytlara taýýar harydyň bölekleýin detallary, şaýlary we ş.m. degişlidir. Bu syýasat milli önümçiligiň işjeňleşmegine getirýär.

Halkara söwdasynyň statistikasynyň baha beriş ölçeglerine laýyklykda satylan we satyn alnan harytlar gümrük serhedinden geçirilip, gümrük hasabatynda bellige alnan ýagdaýynda halkara söwdasy diýip hasaplanylýar.

## 2.5. Dünýä bazarynyň düzümi (konýukturasy)

Dünýä bazarynyň esasy häsiýetli taraplarynyň biri bolup onuň düzümi (konýukturasy) çykyş edýär. Dünýä bazarynyň düzümi (konýukturasy)–munuň özi belli bir bazaryň kesgitli wagtdaky anyk ýagdaýydyr. Bazaryň düzümini köptaraply öwrenmek ykdysady nazaryýetiň we tejribäniň esasy meseleleriniň biridir. Şonuň üçin dünýä bazarynyň düzümini (konýukturasyny) dürli derejelerde tapawutlandyrýarlar:

1) umumy ykdysady düzümi (dünýä hojalygynyň, sebitleriň, aýry-aýry ykdysadyýetleriň ýagdaýy);

2) dünýä bazarynyň aýry-aýry jemleriniň (segmentleriniň) we pudaklaryň düzümi;

3) aýry-aýry harytlaryň we hyzmatlaryň düzümi.

Bu düzümleriň hemmesi biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, pudaklaýyn konýukturany öwrenmek üçin beýleki pudaklaryň konýukturasyny öwrenmek möhümdir. Konýukturany wagt nukdaýnazaryndan şeýle baha beriş ölçeglerine bölmek bolar;

- gündelik ýa-da adaty konýuktura;
- gysga we orta möhletli konýuktura;
- uzak möhletli konýuktura.

Bu konýukturalar hem biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Uzak möhletli konýukturany kesgitlemek üçin gündelik, gysga we orta möhletli konýukturany öwrenmek zerurdyr.

Dünýä bazarynyň konýukturasy ony emele getiriji ýagdaýlaryň hasabyna hemişe üýtgeýär. Olara ykdysady, ylmy-tehniki, syýasy, durmuş we beýleki ýagdaýlar degişlidir. Bu ýagdaýlar hem aşakdakylara bölünýär:

a) hemişelik we arakesmeli;
b) yzygiderli we yzygidersiz;
ç) bazaryň ösüşini höweslendiriji we sazlaýjy;
d) hereketiň möhleti boýunça; gysga-orta-uzak.

Bazaryň konýukturasy çaklananda ilkinji nobatda konýukturanyň ösüşine ýokary derejede bagly konýuktura öwrenilýär. Oňa başgaça konýuktura alamaty diýilýär.

Konýukturanyň dowamlylygy ykdysadyýetiň ösüşine baglydyr. Yzygiderli ösüş ylmy-tehniki ösüşe daýanýar. Şeýle ösüşiň dowamlylygy, adatça, 25–30 ýyl hasaplanylýar. Bu ösüş aýratynda maşynlaryň we enjamlaryň dünýä bazarynda has aýdyň duýulýar.

Döwletiň ykdysadyýeti sazlaşdyrmakdaky ornunyň ýokarylygy hem yzygiderli konýukturany emele getirýär. Iri döwlet monopoliýalarynyň we institutlarynyň üsti arkaly durnukly konýuktura gazanylýar. Nädogry syýasat yzygiderli däl faktoryň ýüze çykmagyna getirýär.

Dünýä bazarynda konýukturanyň üýtgemegine ýaşyryn ykdysadyýet düýpli täsir edýär. Sebäbi ýaşyryn ykdysadyýet bazaryň konýukturasyny çaklamakda kynçylyk döredýär.

## 2.6. Dünýä bazarynyň konýukturasyny öwrenmek we çaklamak

Ýokardaky aýdylanlara laýyklykda bazaryň konýukturasyny gündelik, gysga, orta we uzak möhletli çaklamak zerurdyr. Munuň üçin dürli maglumatlar ýygnalýar. Bu maglumatlary netijeli peydalanmak üçin «kabinet barlagy» we «ýerinde barlama» ýaly işler geçirilýär. Ýöne bu işler gymmat düşýanligi sebäpli ýörite usul işlenilip düzülendir. Oňa «dünýä bazaryny çaklamagyň usuly» diyilýär. Ol usullar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) Ekstrapolýasiýa – bu geçen döwürden galan sertleriň, sebäpleriň, meýilleriň täze döwürde hem saklanyp galýanlygydyr. Sebäbi täze tehnologiýa durmuşa gyradeň ornaşmaýar. Bu usulyň artykmaç tarapy ozalky ýagdaýlardan ugur alyp hereket etmekdir. Ýetmezçiligi häzirki ýagdaý barada ýeterlik maglumat berip bilmeýanligidir.

2) Ekspert bahalandyrma–abraýly alymlaryň we hünärmenleriň çaklamalaryna esaslanýar. Bu usul köp halatlarda ulanylýar.

3) Kompýuter tehnologiýasyny peýdalanmak arkaly ykdysady-matematiki modelirleme has kämil usul bolup, birinji we ikinji usuly garyşdyryp öwrenýär.

Dünýä bazarynyň konýukturasyny takyk we anyk çaklamak hemişe-de esasy meseleleriň biri bolmagynda galýar. Şonuň üçin häzirki zaman çaklamasynda

«werifikasiýa çaklamasy» diýen adalga ulanylýar. Ol adalga dürli baha beriş ölçegleri arkaly çaklamanyň ynamlylygyna baha berýär.

Werifikasiýanyň netijesinde çaklama düzedişler girizilýär. Mysal üçin, abraýly halkara guramalary hem öňünden beren çaklamasyna werifikasiýanyň netijesinde düzedişler girizilýär. Şonuň üçin werifikasiýa çaklamasy örän wajyplygyna galýar.

Ýokardaky usullar arkaly dünýä bazarynyň konýukturasyny çaklamakda deslapky görkezijiler hem wajypdyr. Mysal üçin, önümçilik çaklananda JIÖ-niň ösüşini, senagat önümçiliginiň düzümini we ösüşini, maýa goýumlaryň derejesini, zähmet haklary, işsizlik ýaly görkezijileri öwrenmek zerurdyr.

Dünýä bazarynyň konýukturasyna baha bermekde BMG-niň, UNKTAD-niň, BSG-niň, HPG-niň we beýleki abraýly guramalaryň statistiki neşirleri giňden ulanylýar.

# III bap HALKARA ZÄHMET BÖLÜNIŞIGI

## 3.1. Halkara zähmet bölünişiginiň mazmuny

Häzirki zaman dünýä hojalygy barha bütewüleşýär. Ýurtlaryň arasyndaky halkara ykdysady gatnaşyklar, ýagny harytlaryň, hyzmatlaryň maýa goýumlaryň, tehnologiýalaryň söwdasy barha giňeýär. Milli ykdysadyýetleriň, biri-birine baglanyşygy barha güýçlenýär. Bu baglanyşyk halkara zähmet bölünişiginiň (HZB) esasynda emele gelýär. HZB ýurtlaryň arasynda hoşniýetli gatnaşyklaryň, milli hojalyklaryň meselelerini çözmegiň, dünýä ilatynyň islegini kanagatlandyrmagyň serişdesi bolup çykyş edýär.

HZB – munuň özi ýurtlaryň dünýä hojalygynda aýry-aýry harytlary we hyzmatlary öndürmeklige ýöriteleşmegidir.

HZB-niň mazmuny iki sany önümçilik işiniň netijesinde ýüze çykýar. Olara önümçilik işiniň aýrybaşgalaşmagy we ahyrky netijede birleşmegi degişlidir. Ýurtlaryň dürli görnüşli harytlary öndürmeklige ýöriteleşmegi we onuň netijesinde önümçilikleriň özara baglanyşygy biri-biriniň esasy düzümini emele getirýär.

HZB jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamagyň, milli we dünýä öndüriji güýçlerini rejeli peýdalanmagyň, halkara üznüksiz önümçiligi pudaklaýyn we territorial

(döwletleýin) derejede amatly deňeçerligi gazanmagyň serişdesi bolup çykyş edýär. Milli ykdysadyýetler has gymmat düşýän harytlary daşyndan satyn almak bilen jemgyýetçilik zähmetini we wagtyny tygşytlaýarlar. Milli hojalykda öndürilende jemgyýetçilik zähmetini we wagtyny az talap edýän harydy ýa-da hyzmaty daşary bazarlara ugradýarlar. Umuman, döwletleriň HZB gatnaşmak bilen esasy maksady amatly alyş-çalşygy amala aşyrmakdan ybaratdyr. Halkara alyş-çalşygynyň netijesinde döwletler eksport we import edilýän harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň bahalarynyň tapawudy esasynda peýda gazanýarlar. Bu peýda halkara we milli gymmatyň aratapawudy esasynda emele gelýär. Ýagny, milli hojalykda öndürilen harydyň ýa-da hyzmatyň gymmaty, halkara gymmatyndan (dünýä bahasyndan) ýokary bolsa, onda daşyndan satyn almaklyk wagtyň we serişdäniň tygşytlanmagyna getirýär.

HZB öndüriji güýçleriň ösmegi, halkara ykdysady gatnaşygyň giňemegi, dünýäniň üznüksiz önümçilik işiniň özara baglylygynyň artmagy üçin amatly şertleri döredýär. Ol önümçilikleriň dünýä möçberinde halkaralaşmagyna, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge höweslendirmegi oýarýar. Önümçilikleriň halkaralaşmagy globallaşmagyň ýüze çykmagyna getirýär. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşyp başlamagy HZB-niň hil taýdan täze derejelere çykmagynyň netijesidir.

HZB dünýä ykdysadyýetiniň maddy esasy diýip hasap edilýär. Harytlaryň halkara alyş-çalşygy ýöriteleşmegiň esasynda ýüze çykýar. Ýöriteleşme ilki önümçilikde ýüze çykdy. Munuň özi harytlaryň halkara söwdasynyň ösmegine getirdi. Häzirki wagtda hem dünýä söwdasynyň agramly bölegini taýýar harytlar tutýar. Döwletleriň, halklaryň arasyndaky ilkinji gatnaşyklar hem harytlaryň halkara söwdasynyň üsti arkaly ýüze çykdy. Bütewi dünýä hojalygy ykdysady gatnaşyklar arkaly emele geldi. Diýmek, dünýä hojalygy halkara ykdysady gatnaşyklar arkaly emele gelen, halkara alyş-çalşygy ilkinji harytlaryň üsti bilen amala aşyrylan, ýöriteleşme ilkinji önümçilikde ýüze çykan, dünýä söwdasynyň düzüminiň agramly bölegini taýýar harytlar tutýan bolsa, onda HZB dünýä hojalygynyň maddy esasydyr diýmäge mümkinçilik berýär.

Islendik milli hojalyk HZB gatnaşýar. Onuň netijesinde ýurtlar özünde öndürilende arzan düşýän harydy eksport, gymmat düşýän harydy import etmeklige mümkinçilik alýarlar. Başgaça aýdylanda, milli ykdysadyýetiň eksport bölegi HZB-niň netijesi bolup çykyş edýär. HZB-niň artykmaçlyklaryny peýdalanmak milli ykdysadyýetiň ösüşinde uly ähmiýete eýedir. Sebäbi eksport edilýän harytlar ilki milli hojalykda öndürilýär ýa-da ol JIÖ-niň bir bölegidir. Netijede, ýurduň eksporty näçe artýan bolsa, ol JIÖ-niň yzygiderli ösüşini üpjün edýär.

HZB ýurtlaryň ykdysady ösüşinde düýpli ösüşleriň gazanylmagyna, açyk ykdysadyýetleriň ýüze çykmagyna getirdi. Bu ýagdaý, aýratyn-da, ösen we çalt ösýän ýurtlarda has aýdyň ýüze çykýar. Bu ýurtlar milli ykdysadyýetiň artykmaçlyga eýe bolan ugurlaryny dünýä derejesinde peýdalanmak maksady bilen halkara bäsleşi-

gine barha ýygjam goşulyşýarlar. Artykmaçlyga eýe bolmadyk ugurlary HZB has köp çekmeklige çalyşýarlar. Munuň özi milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. Açyk ykdysadyýetleriň emele gelmegi dünýä ykdysadyýetiniň ösüşindäki häzirki meýildir. Şeýle ykdysadyýetler milli bütewüligini saklamak bilen bir hatarda dünýä hojalygyna barha köp goşulyşýarlar. Açyk ykdysadyýetler çalt üýtgeýän dünýä hojalygynda HZB-niň deňeşdirme artykmaçlyklar ýörelgesini has netijeli ulanyp, şärikli işewürligiň ösmegine getirýär. Umuman, açyk ykdysadyýet HZB ýokary derejede goşulyşan milli hojalykdyr. Milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesine amatly maýa goýum şertleri, maýa goýumyň, harytlaryň, hyzmatlaryň, tehnologiýalaryň erkin hereketiniň üpjün edilmegi degişlidir.

Ykdysadyýetleriň açyklaşmagy öz gezeginde:

- önümçilikleriň halkara ýöriteleşmesiniň we kooperirlemeginiň çuňlaşmagyna;
- halkara ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň dünýä tejribesiniň kabul edilmegine we onuň giňemegine;
- milli we halkara telekeçilik subýektleriniň dünýä bazaryndaky hyzmatdaşlygynyň we bäsleşiginiň ösmegine getirýär.

Umuman, HZB milli ykdysadyýetleriň açyklyk derejesiniň ýokarlanmagyna, ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine, dünýä ilatynyň harytlara we hyzmatlara barha ösýän islegini kanagatlandyrmagyň serişdesi bolup çykyş edýär.

## 3.2. Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň görnüşleri

Dünýä döwletlerinde bolup geçýän ykdysady, syýasy, durmuş taýdan üýtgemeler dünýä hojalygy bilen bir hatarda HZB hem öz täsirini ýetirýär. Zähmet bölünişigi üznüksiz, hemişe ösýän häsiýete eýedir. Zähmet bölünişiginiň ilkinji ýüze çykan wagtyndaky görnüşleri wagtyň geçmegi bilen üýtgeýär. Ýöne, bu ýagdaý zähmet bölünişiginiň gadymy görnüşiniň ýitip gitmegini aňlatmaýar. ZB-niň gadymy görnüşleri häzirki wagtda hem asyl manysyny saklaýar. Mysal üçin, häzirki zaman önümçiliginde awtomatlaşdyrma, kompýuterleşdirme barha köp ýaýrasa-da manufaktura, senetkärçilik aradan aýrylmaýar. Önümçiligiň bu gadymy görnüşleri häzir hem, aýratyn-da ösüp gelýän ýurtlarda saklanýar.

HZB gözbaşyny içerki (döwletiçre) ýa-da jemgyýetçilik zähmet bölünişiginden (JZB) alyp gaýdýar. HZB jemgyýetçilik zähmetiniň halkara ykdysady amallara gatnaşdyrylýan bölegidir. HZB has gowy düşünmek üçin ilki bilen jemgyýetçilik zähmet bölünişigine göz ýetirmeli. Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi munuň özi adamlaryň aýry-aýry işleri alyp barmaklyga ýöriteleşdirilmegidir. *(1-nji tablisa).*

*1-nji tablisa*




JZB-niň 1-nji tablisada getirilen görnüşleriniň hersine aýratynlykda düşünje bereliň. Ýöriteleşme ilki bilen kärhanalarda ýüze çykdy. Kärhanalar ilki döränwagty köptaraply häsiýete eýedi. Adamlaryň sarp edýän harytlarynyň barha artyp başlamagy harytlary köpçülikleýin öndürmeklige getirýär. Şeýlelikde kärhanalaryň belli bir önüm öndürmeklige ýöriteleşmesi ýüze çykýar. Bu ýagdaýa kärhanalaryň (zawodlaryň, fabrikleriň, hojalyklaryň) ýöriteleşmegi diýilýär. Kärhanalaryň ýöriteleşmegi üçin olaryň öndürýän önümleriniň alyş-çalyş edilmegi zerurdyr. Şeýlelikde zähmet bölünişiginiň kärhanara (zawodara, fabrikara, hojalygara) görnüşi ýüze çykýar. Kärhanalaryň öndürýän önümleri meňzeşlik, umumylyk, görnüş, häsiýet taýdan biri-birinden tapawutlanýan bolsa, onda oňa ýekeleýin zähmet bölünişigi (ÝZB) diýilýär. Dürli kärhanalaryň önümlerini görnüşi, umumylygy, häsiýeti boýunça belli bir topara goşup bolýan bolsa, onda oňa pudaklaýyn zähmet bölünişigi (PZB) diýilýär. Mysal üçin, oba hojalyk, senagat, ulag we aragatnaşyk, gurluşyk, söwda we ş.m. Pudaklaýyn zähmet bölünişiginiň önümçilikleriniň arasyndaky alyş-çalşa pudagiçre zähmet bölünişigi diýilýär. Zähmet bölünişiginiň şeýle görnüşine maşyn, gurluşyk zawodlarynyň önümleriniň alyş-çalyş edilmegi mysal bolup biler. Dürli görnüşli pudagara degişli önümler bir önümçiligiň düzümine girse, oňa zähmet bölünişiginiň pudagara görnüşi diýilýär. Oňa mysal hökmünde kömür, elektrik energiýasy we senagat pudaklarynyň özara baglanyşygy degişlidir. Alyş-çalyş dürli pudaklaryň arasynda alnyp barlanda oňa zähmet bölünişiginiň görnüşara görnüşi diýilýär. Muňa maşyn gurluşyk we oba hojalygynyň, metallur-

giýa bilen senagat pudaklarynyň arasyndaky alyş-çalyş mysal bolup biler. Ýurduň dürli sebitleriniň öndürýän önümleri özara alyş-çalyş edilende zähmet bölünişiginiň sebitara görnüşi emele gelýär. Oňa mysal hökmünde Aşgabat bilen Daşoguzyň arasyndaky alyş-çalşy görkezmek bolar.

Ýokardaky aýdylanlardan şeýle netije çykarmak bolar. Kärhananyň ýöriteleşmegi we zähmet bölünişiginiň görnüşleriniň arasyny tapawutlandyrmaly. Olar umumylyklara we aýratynlyklara eýedir.

Hojalyk birlikleriniň ýöriteleşmegi predmetleýin, kespleýin, çäkleýin (territorial) esasda bolýar. Predmetleýin ýöriteleşmede kärhana anyk bir önümi öndürýär. Kespleýin ýöriteleşme belli bir hünärli adamlaryň bir ýerde işlemegidir. Oňa fermerler, daýhanlar, şahtaçylar we ş.m. degişlidir. Çäkleýin (territorial) ýöriteleşmede kärhanalar belli bir ýerde ýerleşýärler. Ýöriteleşme örän köpsanlydyr. Emma, zähmet bölünişigi pudaklaýyn pudagiçre, pudagara we görnüşara görnüşlerde ýüze çykýar. Olaryň umumylyklary şeýle görnüşde ýüze çykýar, ýagny ýöriteleşme köp görnüşli bolsa-da, anyk bir pudaga degişlidir. Onda jemgyýetçilik zähmet bölünişigi ýa-da ýurduň içindäki zähmet bölünişigi – munuň özi hojalyklaryň belli bir önümi öndürmeklige ýöriteleşmegi we olaryň alyş-çalyş edilmegini üpjün edýän zähmetiň guralyşydyr. Diýmek, zähmet bölünişigini emele getirýän iki alamatyň, ýöriteleşmäniň we alyş-çalşygyň bolmagy hökmanydyr.

Ykdysady edebiýatda zähmet bölünişigini hem görnüşlere bölýärler. Sebäbi zähmet bölünişigi diňe bir döwletleriň derejesinde däl-de, ykdysady işiň dürli ulgamynda ýüze çykýar. Häzirki wagtda zähmet bölünişiginiň üç görnüşi tapawutlandyrylýar. Olara zawodiçre (ZZB), döwletiçre (DZB), halkara zähmet bölünişigi (HZB) diýilýär.

Dünýäniň zähmet bölünişigini üç görnüşe bölmek bolar:

- umumy – hojalygyň önümçilikler we pudaklar boýunça bölünmegi. Bu bölünişikden senagat, çig mal, agrar önümleri eksport edijiler gelip çykýar;
- hususy – aýry-aýry harytlary we hyzmatlaryň öndürmeklige ýöriteleşme (başgaça predmetleýin ýöriteleşme);
- bölekleýin – predmetleýin ýöriteleşmäniň esasynda aýratyn detallary, detallaryň bir bölegini, tehnologiki işiň belli bir bölegini ýerine ýetirmeklige ýöriteleşmek.

Önümçilikleriň ösmegi netijesinde hususy we bölekleýin zähmet bölünişigi ýokary derejede biri-biri bilen garyşýar, biri-biriniň üstüni dolýar, köpgörnüşli häsiýete eýe bolýar. Detallara, hyzmatlara örän dar derejede ýöriteleşmegiň netijesinde täze önümçilikler ýüze çykýar. Ozalky bölekleýin ýöriteleşme hususy ýöriteleşmä öwrülýär.

## 3.3. Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň ösüş taryhy

Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi barha çuňlaşýar, kämilleşýär. Zähmet bölünişigi näçe ösdügiçe ýurtlaryň arasyndaky dürli ugurlardaky gatnaşyklar hem giňeýär. Onuň şeýledigine halkara ykdysady gatnaşyklaryň dürli görnüşleriniň ýyl-ýyldan ösýändigi arkaly göz ýetirmek bolýar. Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň häzirki ýagdaýyna ýetmegi üçin müňýyllyklar zerur boldy. 2-nji tablisada jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň ösüş taryhy beýan edilýär.

*2-nji tablisa*




Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi ilki aw etmek soňra maldarçylykda, wagtyň geçmegi bilen ekerançylykda, soňlugy bilen senetçilikde ýüze çykdy. Senetçilik häzirki zaman senagatynyň gözbaşydyr. Ilki ýönekeýje zähmet gurallary arkaly gerekli zatlar ýasalyp başlapdyr. Soňlugy bilen manufaktura önümçiligi döreýär. Ilki bug, soňra içinden ýandyrylýan hereketlendirijileriň oýlanyp tapylmagy, elektrik energiýasynyň öndürilip başlanmagy bilen önümçiliklerde gol zähmetiniň azalyp awtomatlaşdyrma ulanyp başlaýar. Önümçiligiň kompýuterleşdirilmegi zähmet bölünişiginiň ösüşindäki häzirki döwrüdir. Şol bir wagtyň özunde önümçiligi robotlaşdyrma hem ýüze çykyp başlady. Önümçiligiň robotlaşmagy, aýratyn-da, ösen ýurtlaryň awtomobil, aragatnaşyk, käbir halatlarda öý hojalygynda ulanylýar.

Önümçiligiň kosmoslaşdyrylmagy heniz dünýä hojalygynda ýokdur. Ylmy-tehniki ösüşiň örän çaltlygy, täze planetalary gözlemek işiniň çaltlaşmagy, soňlugy bilen şeýle önümçilikleriň döredilmegine getirip biler, diýip gelejegi öňünden çaklaýjylar (futurologlar) hasap edýärler.

## 3.4. Halkara zähmet bölünişiginiň görnüşleri

Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň barha çuňlaşmagy halkara zähmet bölünişiginiň ösmegine getirýär. HZB dünýä hojalygynyň emele gelmegi bilen ýüze çykyp, dünýä hojalygynyň ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. HZB önümçiligiň

halkara kooperirlenmegi esasynda ýüze çykýar. Olar hem öz gezeginde birnäçe görnüşlere bölünýär. *3-nji tablisada* HZB-niň görnüşleri getirilýär.

*3-nji tablisa*

**HALKARA ZÄHMET BÖLÜNIŞIGINIŇ GÖRNÜŞLERI**

- Önümçiligiň halkara ýöriteleşmegi
  - Predmetleýin
  - Detallaýyn
  - Tehnologiki
- Önümçiligiň halkara kooperirlenmegi
  - Usullary:
    - Maksatnamalary bilelikde ýerine ýetirmek
    - Şertnamalaýyn ýöriteleşme
    - Bilelikdäki kärhanalary döretmek
    - Strategiki birleşmeleri (alýanslary) döretmek

Ýokarky aýdylanlar HZB-niň ösüşiniň kanunalaýyklygy bolup çykyş edýär. Zähmet bölünişiginiň bu aýratyn görnüşiniň döwletiçre zähmet bölünişiginden tapawudy onuň dünýä bazarynda dürli ýurtlaryň kärhanalarynyň hyzmatdaş bolmaklyga getirýänligidir. HZB dürli ýurtlardan köpsanly kärhanalar gatnaşýar. HZB gatnaşýan kärhanalaryň umumy we özboluşly aýratynlyklary bardyr. Bir tarapdan kärhanalar önümleri öz isleginden artyk öndürýärler we milli bazarda öndürilmeýän harytlar bilen alyş-çalyş edýärler. Beýleki tarapdan önümi az öndürip, islegiň galan bölegini importyň hasabyna kanagatlandyrýarlar ýa-da önümçilik tutuşlygyna eksporta gönükdirilýär. Umuman, HZB gatnaşýan kärhanalaryň maksady dünýä bazarynda ýerli harydy daşary ýurt harydy bilen alyş-çalyş etmekden ybaratdyr. Diýmek, HZB dürli ýurtlaryň kärhanalarynyň kesgitli harydy ýa-da hyzmaty öndürmeklige ýöriteleşmegini we olaryň alyş-çalyş edilmegini üpjün edýän zähmeti guramagyň ulgamy ýa-da usulydyr.

Kärhanalaryň halkara ýöriteleşmesi döwletiçre ýöriteleşme ýaly predmetleýin, kespleýin, çäkleýin görnüşlere bölünýär. HZB-niň görnüşleri içerki zähmet bölünişigi ýaly pudagiçre, pudagara, görnüşara ýaly görnüşlere bölünýär. Emma, sebitara zähmet bölünişigi HZB-de hojalygara görnüşe öwrülýän HZB-niň hojalygara görnüşi iki döwletiň arasyndaky alyş-çalşygy aňladýar.

HZB-niň pudagiçre görnüşi haýsy-da bolsa bir pudaga degişli dürli ýurtlaryň kärhanalarynyň belli bir predmeti, detaly öndürmekligine we olaryň özara alyş-çalyş edilmegine düşünilýär. Mysal üçin, traktor zawodynda bir ýurt traktoryň hereketlendirijini, beýleki ätiýaçlyk şaýlaryny, ýene biri tekerini öndürse, indiki döwlet olary ýygnap, taýýar haryda öwürýär.

Predmetleýin ýöriteleşme köp görnüşlidir. Predmetleýin ýöriteleşmäniň bölekleýin ýa-da birgörnüşli, köpgörnüşli ýa-da ähligörnüşli ýöriteleşmesini tapawutlandyrmaly. Içerki bazarda bir görnüşli ýöriteleşmeklik hökmany diýip bolmaz. Emma, halkara predmetleýin ýöriteleşmede diňe birgörnüşli önüm öndürilýär. Mysal üçin, biziň mysalymyzdaky traktor gurluşyk zawody diňe bagçylykda ulanylýan traktorlary öndürýär. Tersine, köp görnüşli predmetleýin ýöriteleşme mysalda getirilen bir traktoryň köp görnüşlisini öndürmeklige ýöriteleşýär.

HZB-niň pudagara görnüşi dürli ýurtlaryň dürli pudaklarynyň arasyndaky alyş-çalyş edilmegine aýdylýar. Mysal üçin, bir ýurt beýleki bir ýurda awtomobilleri satýar we ol ýurtdan oba hojalyk harytlaryny satyn alýar. Bu görnüşiň ýönekeý görnüşi iki döwletiň kärhanalarynyň önümleriniň özara alyş-çalyş edilmegidir. Emma, şeýle alyş-çalşa ikiden köp döwletiň kärhanalary hem gatnaşyp bilýär. Şonuň üçin, HZB-niň pudagara görnüşi köpgörnüşlilige eýe bolup biler.

HZB-niň görnüşara görnüşi dürli görnüşli pudaklaryň önümleriniň halkara alyş-çalşygyna aýdylýar. HZB-niň bu görnüşine pudaga degişli hemme kärhanalaryň gatnaşmagy hökman däldir. Diňe her tarapdan bir önümçiligiň gatnaşmagy hem ýeterlikdir. HZB-niň hojalygara görnüşi mazmuny boýunça sebitara zähmet bölünişigine meňzeşdir. Onuň umumylygy bolup, birmeňzeş alamatlary boýunça toparlara bölünen kärhanalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň jemi çykyş edýär. Tapawutly ýeri, içerki hojalygara zähmet bölünişiginde bir döwletiň dürli sebitlerinde ýerleşen birmeňzeş kärhanalaryň gatnaşyklarynyň jemine aýdylýar. HZB-niň hojalygara görnüşi diýip hyzmatdaş döwletlerde ýerleşen kärhanalaryň arasyndaky gatnaşyga düşünilýär. Bu görnüş JIÖ-niň näçe böleginiň daşary bazara çykarylýandygyny kesgitleýär. Başgaça aýdylanda, bu görnüş bir ýurduň JIÖ-siniň näçe böleginiň, beýleki bir ýurduň JIÖ-siniň näçe bölegine çalşylýandygyny görkezýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň JIÖ-siniň pylança göterimi Russiýanyň JIÖ-siniň pylança göterimine çalşylýar.

Önümçiligiň halkara ýöriteleşmesiniň ösmegi ugurdaşlykda önümçiligiň halkara kooperirlenmeginiň ösmegine getirýär. Önümçiligiň pudagiçre we pudagara predmetleýin ýöriteleşmesinde öndüriji önümçilik işini ýerlemeklige çenli özi guraýar. Eger, ýöriteleşme ýarym fabrikatlardan, detallardan, tehnologiýanyň bir böleginden ybarat bolsa, onda şeýle önümleri satyn alyjy bolup ahyrky taýýar harydy öndüriji çykyş edýär. Şeýle hyzmatdaşlyk, aýratynda, himiýa, uçar, awtomobil, elektronika senagatlarynda has ýiti ýüze çykýar. Önümçiligiň kooperirlenmesi dürli

kärhanalaryň taýýar haryt önümçiligini ýola goýmakdaky aňly-başly hyzmatdaşlygydyr.

Halkara kooperirlenmäniň wajyp alamatlaryna aşakdakylar degişlidir:

- kärende şertnamasy ýa-da kärhanaiçre sazlaşdyrmanyň esasynda önüm öndürmek;
- dürli ýurtlaryň senagat kärhanalarynyň kooperirlenip önümçilige gönüden-göni gatnaşmagy;
- kooperasiýa gatnaşýanlaryň arasynda detallary öndürmek boýunça ylalaşylan maksatnama laýyklykda önüm öndürmek. Şeýle ýagdaýda, bir kärhana taýýar önümleri, beýlekiler detallary öndürýärler;
- kooperasiýa gatnaşýan kärhanalaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar aluw-satuw şertnamasyna däl-de, uzakmöhletleýin şertnama esaslanýar. Ol şertnamalarda önümiň göwrümi, bahasy kesgitlenýär. Şertnamalaryň esasy aýratynlygy bolup, önümi ugratmagyň dowamlylygy, yzygiderliligi, harydyň hili görkezilýär. Şeýle hem şertnamanyň şertleri ýerine ýetirmedik ýagdaýynda jerimeler we onuň möçberleri kesgitli görkezilýär.

Dürli döwletleriň kärhanalarynyň arasyndaky kooperirlenme diňe bir önümçilikde däl-de, taslama, enjamlaşdyrma, ýerleşdirme, hyzmatlara, ylmy barlag tejribe konstruktorçylyk işlerinde (YBTKI) hem giňden ýüze çykýar.

## 3.5. Döwletiçre we halkara zähmet bölünişiginiň umumylyklary we aýratynlyklary

Döwletiçre (DZB) we HZB umumylyklara we aýratynlyklara eýedir. Ilkinji meňzeşlik olaryň ikisiniň hem jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň netijesinde ýüze çykýanlygydyr. Çünki, zähmet bölünişigi jemgyýetiň agzalarynyň arasynda bolup geçýär. Maşynlaryň, önümçilik serişdeleriniň, haýwanlaryň arasynda zähmet bölünişigi diýen düşünje ýokdur. Sebäbi diňe adam zähmet çekmäge ukyplydyr. Ikinjiden, DZB kärhanalaryň belli bir önümi öndürmeklige ýöriteleşmegi we olaryň alyş-çalyş edilmegi mahsusdyr. HZB hem edil şu häsiýet mahsusdyr. Olaryň tapawutly ýeri DZB-de alyş-çalyş ýurduň içinde bolup geçýän bolsa, HZB-de alyş-çalyş beýleki ýurtlar bilen alnyp barylýar.

Üçünjiden, DZB milli ykdysadyýetiň düzüm bölegini, HZB milli ykdysadyýetleriň arasyndaky gatnaşyklaryň düzümini häsiýetlendirýär.

HZB-niň DZB-den tapawudy olaryň milli ykdysadyýete edýän täsiri bilen baglanyşyklydyr. DZB-niň birinji maksady jemi jemgyýetçilik zähmetiniň belli bir bölegini döretmekden ybaratdyr. Döredilmeli düzüm maýa goýumlaryň pudaklar boýunça ýurduň hajatlaryny kanagatlandyryp bolar ýaly edip paýlamakdyr. Maýa

goýumlaryň pudaklar boýunça paýlanyşynyň üýtgemegi jemgyýetçilik zähmetiniň pudagara paýlanyşyny üýtgedip biler. HZB-niň esasy işi ýurtlaryň arasynda durnukly gatnaşyklary ýola goýmakdan we milli ykdysadyýetlere oňyn täsir etmekden ybaratdyr. Ýurt HZB gatnaşmak arkaly uly amatlyga eýe bolan harytlary öndürmeklige, onuň önümçiligini giňeltmeklige mümkinçilik alýar. Şeýle önümler olary öndürýän we satyn alýan ýurtlaryň ykdysady meselelerini çözmekde möhüm ähmiýete eýedir.

DZB-niň we HZB-niň ykdysady netijeleri birmeňzeşdir. Olaryň ikisi hem milli ykdysadyýetiň düzümine täsir edýär. Emma olaryň täsir ediş ýollary başgaçadyr. DZB-niň netijesinde milli ykdysadyýetiň düzümi ýerli islege görä üýtgeýär. HZB-de milli ykdysadyýetiň düzümi onuň alyş-çalyş edýän ýurtlarynyň islegine görä üýtgeýär.

Ýokardaky aýdylanlardan görnüşi ýaly HZB DZB-den düýpli tapawutlanýar. Bu tapawut dürli ýagdaýlar arkaly ýüze çykýar. Umuman, HZB DZB-niň dowamy bolman JZB-niň aýratyn özbaşdaklygyna eýe bolan görnüşleriniň biridir.

## 3.6. Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşinde ylmy-tehniki ösüşiň orny

Geçen asyryň ikinji ýarymyndan başlap HZB-niň görnüşlerinde we ugurlarynda düýpli üýtgemeler ýüze çykdy. Bu üýtgeme ylmy-tehniki ösüşiň (YTÖ) örän çalt ösüp başlamagy we koloniýaçylyk gurluşyň ýykylmagy bilen baglanyşyklydyr.

YTÖ tebigy çig mallaryň tygşytly ulanylmagyna, tebigy çig mallaryň himiki çig mallara çalşylmagyna, harajatlaryň peselmegine getirdi. YTÖ-niň oba hojalygyna ornaşdyrylyp başlamasy bilen köp döwletler, hususan-da, günbatar Ýewropa ýurtlary azyk we oba hojalyk çig mallaryna bolan islegi kanagatlandyryp başladylar. YTÖ şol bir wagtyň özünde ösen ýurtlaryň arasyndaky zähmet bölünişigini has çuňlaşdyrdy. Önümçilikleriň ýokary derejede awtomatlaşdyrylmagy ösen döwletlerde ýöriteleşmäniň has çuňlaşmagyna alyp bardy. Netijede, halkara bäsleşik has güýçlendi.

HZB-niň üýtgemeginde koloniýaçylyk gurluşyň ýykylmagy wajyp ähmiýete eýe boldy. Köpsanly döwletleriň syýasy garaşsyzlygyny gazanmagy netijesinde olaryň öňünde ykdysadyýeti ösdürmek, senagaty diwersifikasiýalaşdyrmak, HZB gatnaşmak meselesini ýüze çykardy. Önümçiligiň täze pudaklarynyň, hususan-da, gaýtadan işleýän senagatyň ösmegi ýaş döwletler üçin zerurlyk bolsa-da, bu ýagdaý dünýä bazarynda çig mallaryň, azyk önümleriniň azalmagyna getirdi.

Milli ykdysadyýeti ösdürmekde-de halkara hyzmatdaşlyk wajyp ähmiýete eýedir. Hyzmatdaşlygyň şeýle görnüşleriniň biri-de sebitleýin söwda-ykdysady birleşikleri, integrasiýalary döretmek bilen baglanyşyklydyr. Birnäçe kynçylykla-



3. Sargyt № 832

ra garamazdan ösüp gelýän ýurtlaryň hojalyk gatnaşyklarynda bu ugurda edýän meýilleri barha güýçlenýär. Onuň netijesinde söwda, maliýe, ulag çäklendirmeler aradan aýrylýar. Netijede, ösüp gelýän ýurtlaryň özarasynda zähmet bölünişigi bolup geçýär.

Ösen döwletleriň transmilli kompaniýalarynyň (TMK) ösüp gelýän ýurtlara bolan gatnaşygy üýtgäp başlady. TMK-lar ösüp gelýän ýurtlaryň arzan çig malyny peýdalanmak bilen bir hatarda arzan işçi güýjüniň hasabyna täze we has täze önümleri öndürmeklige geçip başladylar. Netijede, ösüp gelýän ýurtlar halkara ýöriteleşmeklige, kooperirlenmeklige giňden çekilip başlandy. Onuň şeýle bolmagyna bu ýurtlarda öndürilýän önümleriň bahasynyň deňeşdirme pesligi mümkinçilik berdi.

Häzirki zaman şertlerinde global hojalyklar emele gelip başlady. Maddy önümçiligiň adaty pudaklary peselip, ylym siňňitli täze önümçilikler, maglumat, hyzmatlar ulgamy has ösüp başlady. Ylym gönüden-göni öndüriji güýje öwrülmek arkaly esasy serişde hökmünde çykyş edip başlady. Munuň özi önümçilik harajatlarynyň düzümini üýtgetdi. Adaty senagat harytlarynda çykdajylaryň möçberi 12%-e çenli bolsa ylmy barlag tejribe konstruktorçylyk işleriniň (YBTKI) derejesi 70%-e çenli baryp ýetdi. Ýokary tehnologiýaly pudaklar hemişe üýtgeýän dünýä bazarynyň islegini öz wagtynda kanagatlandyrmaga ukyplydyr. Şeýle şertlerde bäşleşik «wagt birligindäki täze harydyň mukdary», «täze harydyň bazara çykýança harçlanan wagt» ýaly görkezijilerde hasaplanylýar.

YTÖ şertlerinde TMK-laryň, transmilli banklaryň (TMM) özara garyşyp gatnaşmasy bolup geçýär. Maýa goýum daşary ýurtlara tehnologiýa görnüşinde çykyp başlaýar. Ylmy-tehniki üstünlikleriň beýleki ýurda geçirilmegi halkara bäsleşigi güýçlendirýär.

Tehnologik ösüşler önümçilik bilen bir hatarda maddy däl ulgamyň hem ösmegine getirdi. YTÖ-niň gönüden-göni önümçilige goşulmagy global maglumat-tehnologik öwrülişige getirdi. Bu öwrülişik aşakdaky görnüşlerde ýüze çykýar:

- Elektron-hasaplaýyş tehnikalarynyň çalt ösmegi, mikroprosessorlaryň peýdalanylyşynyň giňemegi;
- Çig mal, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalara geçilmegi, energiýanyň adaty däl çeşmeleriniň ähmiýetiniň ýokarlanmagy;
- Täze materiallaryň tapylmagy we adaty materiallaryň hiliniň ýokarlanmagy;
- Adaty we adaty däl biologiýadaky üstünlikleriň senagatda giňden peýdalanylyp başlanmagy.

Maglumat-tehnologik öwrülişikde bütindünýä maglumat ulgamy kesgitleýji orny eýeleýär. Aragatnaşyk we kompýuter tehnologiýalarynyň barha ösmegi bilen bu tor tutus dünýä boýunça bütewi bir ulgama öwrülýär.

Dünýä hojalygy nukdaýnazaryndan maglumat ulgamy tehniki üstünlikleriň durmuşa ornaşdyrylyşyny çaltlandyrýar, tehniki monopollaşmanyň derejesini peseldýär. Şeýle şertler önümçilikde täze tehnologiýalary ulanýan ýurtlaryň sanyny üzül-kesil ýokarlandyrýar. Bu ýagdaý HZB-niň täze görnüşiniň ýüze çykmagyna we onuň kämilleşmegine getirýär. Zähmet bölünişiginde ylmy-tehniki üstünlikleriň, önümçilik tejribesiniň we nou-haularyň beýleki görnüşleriniň halkara alyş-çalşygy barha giňeýär. Alyş-çalşygyň zatlaşdyrylan (maddalaşan) görnüşi azalyp, onuň ýerine inženerçilik, dolandyryş, maslahat beriş, ygtyýarnamalaryň alyş-çalşygy barha giňeýär. Bu alyş-çalyş öz gezeginde maddy ulgamyň ösmegine getirýär.

HZB-niň barha çuňlaşýandygyna garamazdan, onuň gadymy görnüşleri bolan mineral çig mallaryň oba hojalyk harytlarynyň alyş-çalşygy saklanyp galýar. Ýöne olaryň halkara alyş-çalşykdaky göwrümi barha peselýär. Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň ulanylmagy, önümçilik galyndylaryny täzeden peýdalanmaklygyň giňden ulanylyp başlanmagy önümçilikleriň import edilýän çig mala bolan baglylygynyň peselmegine getirdi.

Täze tehnologiýalar hojalyk gatnaşyklarynyň täze hile eýe bolmagyna getirdi. Olara serişdeleri tygşytlamak, önümçiligiň we sarp edişiň ýekebaralaşmagy we ýöriteleşmegi degişlidir. Bu ýagdaý öz gezeginde ähli serişdeleriň netijeli peýdalanylmagynyň ýokarlanmaklygyna alyp bardy.

YTÖ-niň häsiýetli alamatlarynyň biri hem onuň dünýä ähmiýetliligidir. Ylmy-tehniki, tehnologiki üstünlikler, esasan, ösen döwletlerde jemlenýär. Emma olaryň netijeleri tutus dünýäde peýdalanylýar. Sebäbi düýpli, tebigy ylymlardaky açyşlaryň ýaýramazlygyna berk gözegçilik edilmeýär. Ylmy-tehniki, tehnologiki alyş-çalyş birbada olaryň import edýän ýurda baglylygyny döredýär. Soňlugy bilen bu baglylyk aradan aýrylýar. Ösüp gelýän ýurtlar satyn alnan tehnologiýalary gaýtadan kämilleşdirýärler. Häzirki wagtda satyn alnan tehnologiýalary kämilleşdirmek barha giňden ýaýraýar.

Tehnologiýalary esasy satyjylar bolup TMK-lar çykyş edýärler. Olar önümçilige täze tehnologiýany ornaşdyryp, ozalky ulanylan tehnologiýalary ösüp gelýän ýurtlara satýarlar.

YTÖ, HZB-niň häzirki zaman ösüşiniň kesgitleýji ýagdaýy bolup, tutus dünýä hojalygynyň global häsiýete eýe bolmagyna getirdi. Bu ýagdaýda ylmy-tehnologik, hojalyk-önümçilik gatnaşyklar diňe bir döwlet derejesinde bolman, halkara guramalar, TMK-lar, integrasiýalar, sebitler we dünýä sarp edijileriň arasynda alnyp barylmagyna getirýär.

# IV bap

# ÖNÜMÇILIKLERIŇ HALKARA ÝÖRITELEŞMESI

## 4.1. Önümçiligiň halkara predmetleýin ýöriteleşmesiniň esasy görnüşleri

HZB özüniň ösüşiniň aýratyn usullaryna eýedir. Bu häsiýetli alamata döwletiň kesgitli harytlary öndürmeklige ýöriteleşmegi we olaryň halkara alyş-çalyş edilmegi degişlidir. Aýratyn bellemeli ýagdaý hem öndürilýän we halkara alyş-çalşygyna gatnaşdyrylýan harytlar üznüksiz, yzygiderli häsiýete eýe bolmalydyr. Daşary bazara bir gezek ýa-da belli bir wagt aralygynda ugradylyp, soňra satylmasy bes edilen harytlara halkara ýöriteleşme diýip aýdyp bolmaýar.

Önümçiligiň halkara ýöriteleşmesiniň näçe görnüşi hereket edýär? Ykdysadyýetçiler predmetleýin ýöriteleşmäniň üç görnüşini tapawutlandyrýarlar. Olara taýýar harytlar, detallar we uzeller (agregatlar, öndürilýän önümiň käbir bölekleri) hem-de tehnologiki ýöriteleşme degişlidir. Tehnologiki ýöriteleşme belli bir derejede detallara we uzellere ýöriteleşmäge degişlidir. Ýöriteleşmäniň bu görnüşi kesgitli predmetiň aýry-aýry böleklerini ýerine ýetirýär.

Predmetleýin ýöriteleşmäniň görnüşleriniň içinde dünýä döwletleriniň arasynda giňden ýaýrany taýýar harytlaryň önümçiligi boýunça ýöriteleşmäniň bu görnüşi döwlet derejesinde kesgitli predmeti tutuşlygyna öndürmeklige ýykgyn edilýär. Pudagiçre ýöriteleşme barada gürrüň gidende kesgitli görnüşiň belli bir möçberini öndürmeklik ýola goýulýar. Ýöriteleşme netijesinde bir döwlet önümçiligiň kesgitli bir görnüşini öndürmekden hyzmatdaşynyň peýdasyna el çekýär.

Taýýar harytlaryň önümçiligi boýunça halkara ýöriteleşmede önümçiligi tutuşlygyna awtomatlaşdyrmak, kompýuterleşdirmek, enjamlaşdyrmak amala aşyrylýar. Halkara ýöriteleşmäniň bu görnüşi diýip zawody ýa-da beýleki bir iri obýekti bölekleýin däl-de, tutuşlygyna komplektleşdirmeklige düşünilýär. Senagat taýdan ösen döwletleriň köpüsi zawody ýa-da beýleki bir iri obýekti «açarasty» görnüşinde tabşyrmaklyga ýöriteleşýärler.

Käbir edebiýatda ýöriteleşme bilen kooperirlenmäge bir düşünje hökmünde garaýarlar. Şonuň üçin käbir awtorlar önümçiligiň ýöriteleşmesi jemgyýetçilik arabaglanyşyksyz, kooperirlenmesiz ösüp bilmez diýip hasap edýärler. Dogry, önümçiligiň ýöriteleşmesi jemgyýetçilik arabaglanyşygy bolmasa ösüp bilmez, emma önümçiligiň kooperirlenmegi welin hökman däldir. Ýöriteleşme ilki döwletiň öz içinde ýüze çykýar we onuň ösmegi üçin önümçiligiň halkara kooperirlenmegi hökman däldir.

Önümçiligiň detallara we uzellere ýöriteleşmesinde kooperirlenmek köp duş gelýär. Ýöriteleşmegiň bu görnüşine taýýar harytlar boýunça ýoriteleşmeden tapawutlylykda detallaýyn ýöriteleşme diýilýär. Önümçiligiň şeýle görnüşinde birnäçe kärhanalar aýry-aýry detallary, agregatlary, enjamlary öndürip, soňra ony ýygnap taýýar haryda öwürýär we kärhana ugradýarlar. Mysal üçin, dünýä belli «Eýrbas» uçarlarynyň gurluşygyna Ýewropa döwletlerinden müňe golaý kompaniýa gatnaşýar. Ol kompaniýalar öndüren detallaryny Fransiýadaky uçar ýasaýjy kärhanalara ugradýarlar.

Predmetleýin ýöriteleşmegiň ýene bir görnüşi tehnologiýa amallary boýunça ýöriteleşmekdir. Onuň detallaýyn ýöriteleşmeden tapawudy belli bir harydy öndürmekde aýratyn tehnologik amallary ýerine ýetirmek bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Wengriýa alýumin toýnuny Russiýanyň Wolgograd şäherindäki zawodlaryna ugradýar. Eredilip alnan alýumin yzyna gaýtarylýar. Çekilen zähmetiň ýerine Wengriýadan geýimler, gök önümler we ş.m. harytlar alynýar.

Halkara predmetleýin ýöriteleşmegiň ýokarda getirilen görnüşleri hyzmatdaş döwletleriň öndüriji güýçleriniň belli bir derejelere ýetmekligi bilen şertlendirilendir. Eger döwletiň komplektleýji enjamlary öndürmek üçin önümçilik kuwwaty bolmasa, onda ol taýýar harydyň bu görnüşini eksport etmeklige gatnaşyp bilmez. Şeýle-de ýurduň tehnologiki gurbaty dürli çig mallary gaýtadan işlemäge mümkinçilik bermese, onda ol döwlet daşary bazarlara ýarym fabrikatlary ugradyp bilmez. Ýöriteleşmekligiň görnüşleriniň her biri ýurtdaky kärhanalaryň jemlenmegine, olaryň göwrüminiň giňemegine, HZB gatnaşyş derejesine we onuň ösüşine baglydyr. Köne kärhanalaryň göwrüminiň giňemegi üçin kooperirlenmegiň ösmegi zerurdyr. Şeýlelikde, halkara ýöriteleşen kärhana giňeýän bolsa, onda kärhanalaryň kooperirlenmegi we jemlenmegi zähmet bölünişiginiň üstüni ýetirýär.

Käbir ykdysadyýetçiler bölekleýin ýöriteleşmekligiň has ähmiýetlidigini nygtaýarlar. Dogry, HZB-de pudagiçre ýöriteleşmede detallara we tehnologiki amallara uly orun degişli. Şeýle ýöriteleşmekligi ösdürmek zerurdyr. Emma, milli önümçilikde şeýle ýöriteleşmäni has ileri tutmak nädogrudyr. Munuň özi taýýar harytlaryň öndürilişiniň peselmegine getirýär.

Ýöriteleşmekligiň görnüşlerine berlen häsiýetler ýurduň milli ykdysadyýetiniň düzümini kämilleşdirmäge, zatlaşdyrylan halkara önümçiliginiň ösmegine giň mümkinçilikler açýar.

## 4.2. Ýöriteleşen önümiň göwrümi

Ýokardaky aýdylanlardan gelip çykýan netijä laýyklykda ýöriteleşen önümçiligiň wezipesi ýöriteleşen harydy öndürmekden ybaratdyr. Göräýmäge bu ýerde çylşyrymly düşünje ýok ýaly. Emma, mesele düýpgöter başgaçadyr. Käbir ykdysadyýetçiler kärhanalaryň ýöriteleşme we kooperirlenme barada ýörite baglaşylan

ylalaşyk esasynda dünýä bazaryna ugradylýan harytlaryny ýöriteleşen önüm diýip atlandyrýarlar. Diýmek, ýöriteleşen önüm diýip hasaplanmak üçin kärhanalaryň ýöriteleşmegine ýa-da kooperirlenmegine, ýörite baglanyşylan ylalaşyk esasynda haryt öndürmekligine düşünilýär. Emma, bu düşünje bilen ylalaşmak kyn.

Ykdysadyýetçileriň käbiri diňe ýöriteleşme boýunça baglaşylan ylalaşygyň esasynda eksporta ugradylan harytlara ýöriteleşen önüm diýip aýtmak bilen, bu önümiň möçberini azaldýarlar. Olar eksporta ugradylan harytlar ýöriteleşen bolup, olar haryt önümçiliginiň aýrybaşgalaşan görnüşi bolup çykyş edýärler diýip hasap edýärler. Olar döwletiň halkara ýöriteleşmesi dürli ugurlar boýunça amala aşyrylýar diýip hasaplaýarlar.

Ol ugurlaryň biri dürli döwletleriň arasyndaky 1–5 we ondan hem köp möhletli baglaşylan söwda şertnamalarydyr. Şertnama laýyklykda döwletiň borçnamalary ýerine ýetirmek üçin kärhananyň göwrümini giňeltmegi, täze zawodlary gurmagy halkara ýöriteleşmäni çuňlaşdyrýar diýip hasaplaýarlar.

Halkara ýöriteleşmäniň beýleki bir ugrunda döwletler senagat we oba hojalyk pudaklarynyň dürli önümçiliklerinde ýöriteleşme boýunça özara ylalaşyk baglaşýarlar. Döwletler ýöriteleşme we kooperirleme boýunça iki we köp taraplaýyn ylalaşyk baglaşýarlar. Olar döwletiň tehniki-ykdysady, öndüriljek harydyň bahasynyň görkezijilerine laýyklykda anyk bir ýurduň çäklerinde önümiň kesgitli bir görnüşini öndürmekligi guraýarlar. Şol bir wagtyň özünde hem ylalaşyk baglaşýan taraplar ugradylmaly harytlaryň göwrümi, hili, borçnamalar ýerine ýetirilmedik ýgadaýynda jerimeler, sanksiýalar barada goşmaça şertnama baglaşýarlar. Önümçiligiň ýöriteleşmegi we kooperirlenmegi boýunça baglaşylan ylalaşygyň dowamy bolup durýan goşmaçalar uzak möhletli söwda şertnamalaryna örän meňzeşdir. Olaryň tapawutly ýeri söwda şertnamalarynda harydyň anyk görnüşini belli bir döwletde öndürilmegi bellenmeýär. Ýöriteleşme boýunça ylalaşykda harydyň anyk bir döwletde öndürilmegi hökmandyr. Elbetde, bu tapawudyň düýpli ähmiýeti ýok, ýöne ony belläp geçmek şertlendirilen harydyň öndürilişini çäklendirýär. Önümçiligiň ýöriteleşmegi baradaky ylalaşykda diňe harydyň öndürilmeli ýeri kesgitlenýär, emma önümçiligiň möçberi, göwrümi harydyň mukdary görkezilmeýär. Bu wajyp görkezijiler ylalaşyga gatnaşýan döwletler tarapyndan kesgitlenýär.

Önümçiligiň ýöriteleşmesiniň ösüş ugurlary ýokarda getirilen ugurlardan başga görnüşlerde hem bolup biler. Bu ýerde esasy bellenilmeli zat HZB-niň nähili ýagdaýda amala aşyrylýandygy däl-de, ýöriteleşen önümiň aýratyn görnüşiniň aýratyn gymmata eýe bolýanlygyndadyr. Ýöriteleşen önüm döwletiň HZB gatnaşýan dünýä bazaryna ugradýan aýrybaşgalaşan önümidir. Bu önümi ýöriteleşme boýunça ylalaşyk esasynda öndürmek ýa-da söwda şertnamasy arkaly daşary bazarlara çykarmak esasy ähmiýete eýe däldir. Ylalaşyklar we şertnamalar diňe döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň döremegine, giňemegine we HZB-niň çuňlaşmagyna getirýär.

Eksport edilýän ýöriteleşdirilen önüm ylalaşygyň görnüşine, ugradylýan ýüküň dowamlylygyna bagly däldir. HZB gatnaşýan döwletler harytlary dürli ýollar arkaly ugradyp ýa-da satyn alyp bilerler. Harytlaryň bir bölegi uzakmöhletli ylalaşyk esasynda yzygiderli köp wagtlyk ugradylsa, beýleki bir bölegi dürli wagtlarda, bölekleýin satylyp bilner. Harytlaryň halkara alyş-çalşygyna gatnaşdyrylyşy yzygiderli ýa-da bölekleýin häsiýete eýedigine garamazdan olaryň hemmesi-de aýratyn häsiýete eýe bolup, daşary ýurtly alyjynyň islegini kanagatlandyrýar. Olaryň arasyndaky tapawut nämeden ybarat? Harytlaryň yzygiderli eksporty ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün edýär. Harytlaryň käwagt ýa-da bölekleýin eksporty hem ykdysadyýet üçin amatlydyr. Emma ol durnukly ykdysady ösüşi gazanyp bilmeýär.

Şeýle ýagdaýda ýöriteleşen önümiň möçberi ýöriteleşme we kooperirlenme boýunça baglaşylan ylalaşygyň esasynda eksport edilen harytlaryň göwrüminde has ýokarydyr. Diýmek, ýöriteleşen önümiň möçberi ýurduň eksportyny öz içine alýar ýa-da ol eksportyň göwrümine deňdir.

Ýokardaky aýdylanlardan belli bolşy ýaly «ýöriteleşen önüm» düşünjesi şertli görkeziji bolup, ol döwletleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň ösüş derejesini häsiýetlendirýär. Ýurduň eksportynyň içinde ýöriteleşen önümi tapawutlandyrmak üçin käbir ykdysadyýetçiler uzak möhletli şertnamalaryň esasynda ugradylýan harytlary hasaplamagyň zerurlygyny nygtaýarlar. Munuň özi «ýöriteleşen önüm» adalgasyna düşünje bermegiň zerurlygyny ýüze çykarýar.

Eger ýöriteleşen önüm ýoriteleşme boýunça baglaşylan ylalaşygyň esasynda öndürilen bolsa, onda eksportyň göwrümi pese gaçýar, HZB-niň çuňlaşýandygyny esaslandyrýan görkezijileriň ähmiýetini gowşadýar. Adaty söwda şertnamalary boýunça ugradylýan harytlary aradan aýyrýar. Olara täze bir düşündiriş bermekligi ýüze çykarýar. Şol bir wagtyň özunde hem «ýöriteleşen önüm» düşünjesine ykdysady taýdan başgaça garap bolmaýar, sebäbi olar şol bir ykdysady şertlerde öndürilýär. Tersine, ýöriteleşen önümiň düzüm bölekleri gelip çykyşy, siňdirilen jemgyýetçilik zähmetiniň ululygy ýaly dürli önümçilik şertlerde taýýarlanylýar. Mysal üçin, birmeňzeş görnüşli maşyngurluşyk önüminiň detallary kiçi, orta, iri kärhanalarda öndürilýär. Dürli ýurtlarda jemgyýetçilik zähmetiniň derejesi birmeňzeş däldir. Şeýle ýgadaýy awtomobil, uçar gurluşyk kärhanalarynda hem görmek bolar. Munuň özi ýöriteleşen önüm düşünjesi HZB-ni çuňlaşdyrýar diýen düşünjä ters gelýär. Şeýle hem ýöriteleşme boýunça baglaşylan ylalaşyk esasynda öndürilen önüm awtomatlaşdyrmak, kompýuterleşdirmek işiniň has kyn ornaşdyrylýan ýerleri bolan ownuk önümçiliklerdäki zähmetiň derejesini görkezmän saklaýar.

Umuman, ýöriteleşen önümi eksport edilýän harytlardan tapawutlandyrmak ykdysady nukdaýnazardan mümkin däldir. Şonuň üçin ýurduň eksportynyň düzümindäki ähli harytlar ýöriteleşen önümdir.

## 4.3. Halkara predmetleýin ýöriteleşen pudaklaryň emele gelmegi

Ýurduň HZB gatnaşyp başlamagy bilen milli ykdysadyýetiň toplumlarynyň arasyndaky gyradeňligi üýtgedýär. Bu üýtgeme pudaklara goýberilýän maýa goýumlarda we olaryň ösüşinde beýanyny tapýar. Milli ykdysadyýetiň önümçilik pudaklary ýörite meseleleri, wezipeleri ýerine ýetirýär. Milli ykdysadyýetiň maddy önümçiliginiň biri-birinden düýpli tapawutlanýandygyny görmek bolýar, ýagny olar şertli iki topara bölünýär. Pudaklaryň bir bölegi diňe içerki alyjylar, beýleki bölegi daşary bazarlar üçin önüm öndürýär. Bu ýerde pudaklara ýeke-täk baha beriş ölçegi bolup, olaryň HZB gatnaşýandygy ýa-da gatnaşmaýandygy çykyş edýär.

Islendik döwletde HZB gatnaşýan birnäçe pudaklar hereket edýär. Köp pudaklar bolsa, mysal üçin, gurluşyk bölümleri, abatlaýyş zawodlary, şäher ulaglary, şäher, etrap, oba aragatnaşyk kärhanalary, naharhanalar we restoranlar üçin ýarymfabrikatlary taýýarlaýan kärhanalar we ş.m. halkara ýöriteleşmeklige düýbünden ukypsyzdyr, ýöne olaryň hemmesi-de milli ykdysadyýetde öz wezipesini ýerine ýetirýär. Emma, başga bir pudaklar öndürýän önüminiň bir bölegini içerki, beýleki bölegini daşary bazarlara ugradýar. Şeýle pudaklar halkara ýöriteleşen önümçilikler bolup, milli ykdysadyýetiň garnuwly, goşulan toplumlaryny emele getirýär. Emma, bu düşünje bilen hemme ykdysadyýetçiler ylalaşmaýar. Käbir ykdysadyýetçiler önümçiligiň halkara ýöriteleşmesine gatnaşmak diýip hasaplanmagy üçin onuň önümçiliginiň eksportdaky paýynyň degişli döwür bilen deňeşdireniňde deň ýa-da ýokary bolmalydygyny belleýärler. Eger bu görkeziji pes ýa-da has pes bolanda, şeýle önümçilik halkara ýöriteleşmeklige gatnaşman, diňe daşary ykdysady wezipelerini ýerine ýetirýär diýip hasaplaýarlar.

Halkara ýöriteleşmä mukdar taýdan baha bermek nädogrudyr. Önümçiligiň HZB gatnaşmagy onuň eksportdaky paýy bilen däl-de, onuň halkara ykdysady gatnaşyklara gatnaşyşy bilen häsiýetlendirilse dogry bolar. Eger haýsydyr bir pudagyň eksport edýän harytlary, senagatyň beýleki pudaklarynyň eksportyna garanyňda pes bolsa, şol pudagyň eksporty yzygiderli bolup, ýöne onuň görkezijisi degişli döwre garanyňda pese düşdi diýip, ony HZB gatnaşmaýan pudak hökmünde häsiýetlendirmek nädogry bolar. Şeýle-de, beýleki bir pudagyň eksporty umumy eksportyň düzüminde uly paýa eýe bolup, onuň halkara alyş-çalşygyna ugradýan harytlary yzygiderli däl bolsa, onda ony HZB gatnaşýan pudak diýip hasaplamak bolmaz.

Milli ykdysadyýetiň pudaklarynyň önümçilik wezipeleriniň üýtgemegi hemişe çylşyrymlydyr. Bu kynçylyk, adatça, üýtgemäniň birnäçe ýyllara çekýändigi,

käbir halatlarda ondan hem köp wagtlap üýtgemeýänligi bilen baglanyşyklydyr. Milli ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgedilmegi belli-belli harytlaryň öndürilişiniň peselmegini, olaryň tutuşlaýyn bes edilmegini ýa-da köp möçberde öndürmegini talap edýär. Üýtgedip gurmagyň beýleki bir ýagdaýynda goşmaça maýa goýumlar, işgärleriň taýýarlyk derejesi, ýangyç-material serişdeleriniň täzeden paýlanylmagyny talap edýär. Emma birnäçe kynçylyklara garamazdan kärhanalaryň önümçilik ugruny üýtgetmek amaly häsiýete eýedir. Birnäçe döwletler şeýle üýtgemäni amala aşyrdylar. Köpsanly önümçilikler belli bir wagtyň dowamynda diňe ýerli alyjy üçin däl-de, dünýä bazary üçin önüm öndürip başladylar.

Milli ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgedilmeginiň çaltlaşdyrylmagy maýa goýumlaryň, hususan-da, daşary ýurt maýa goýumlaryň peýdalanylyşynyň ýokarlandyrmagyna getirýär. Maliýeleşdirmegiň daşarky çeşmeleri, YTÖ-niň durmuşa ornaşdyrylmagy täze kärhanalaryň gurluşygyny çaltlandyryjy bolup çykyş edýär.

Milli ykdysadyýetleriň pudaklarynyň halkara ýöriteleşmesi hemişe üýtgeýär. Bir pudak HZB gatnaşygyny peseltse, beýleki bir eksport edýän önüminiň möçberini artdyrýar, beýleki biri bu işe täzeden gelip goşulýar. Şeýle üýtgeşme pudaklaryň hemmesine mahsusdyr. Emma, dürli üýtgemelere garamazdan milli ykdysadyýet özüniň makrodüzümini saklaýar. Islendik döwletde HZB gatnaşýan pudaklar bilen bir hatarda halkara ýöriteleşmeklige ukyby ýok (oba hojalyk, abatlaýyş we ş.m.) pudaklar doly saklanýar. Ýöne, milli ykdysadyýetiň düzümindäki görnüşara pudaklaryň hemmesi saklanýar diýip aýdyp bolmaz. Pudaklaryň käbiri tutuşlaýyn togtadylýar ýa-da önümçiligi azaldylýar. Mysal üçin, gündogar Ýewropa ýurtlary oba hojalyk önümçiligini peseldip, senagat önümçiligine ünsi güýçlendirýärler. Bu hereket döwletiň alyp barýan senagatlaşmak syýasaty esasynda däl-de, döwletara önümçilik baglanyşyklarynyň özara ösmegi netijesinde bolup geçýär.

Milli ykdysadyýetdäki üýtgemeler diňe bir makrodüzümde bolman, birmeňzeş pudaklarda hem bolup geçýär. Mysal üçin, metallurgiýa pudagynda diňe çoýun ýa-da demir eretmeklige ýöriteleşilýär.

Häzirki wagtda pudagyň işleýşini togtatmazdan, ony täzeden guramaklyga aýratyn üns berilýär. Pudagiçre düzüm diňe bir detallary, agregatlary öndürmek däldir. Uly pudaklarda, mysal üçin, maşyn gurluşygynda ahyrky taýýar önüme geçmeklikdir.

Umuman, pudaklardaky üýtgemeleriň çägi ýokdur. Milli ykdysadyýetiň makrodüzümi saklansa-da, görnüşara, pudagiçre düzümler üýtgäp biler. Bu ýagdaý ýurtlaryň arasyndaky ýöriteleşmäniň hemişe çuňlaşýandygyndan gelip çykýar.

V bap

# ÖNÜMÇILIGIŇ HALKARA KOOPERIRLENMESI

## 5.1. Önümçiligiň halkara kooperirlenmeginiň aýratynlyklary

Halkara zähmet bölünişigi birnäçe formalara ýagny pudakiçre, pudagara, görnüşara we hojalygara görnüşlere eýedir. Ýokardaky baplarda olaryň hersine aýratynlykda seredilip geçilipdi. HZB-niň aýratyn formalarynyň biri-de önümçiligiň halkara kooperirlenmesidir (ÖHK). Häzirki wagtda ykdysadyýetçileriň arasynda ÖHK-nyň halkara ykdysady hyzmatdaşlyk ulgamynda orny, onuň mazmuny barada dürli garaýyşlar bar. Köplenç halatda ony HZB-niň pudakiçre formasy bilen baglanyşdyrýarlar. Ýöne, tejribeden görnüşi ýaly bu iş edil beýle hem däl. ÖHK-nyň mazmunyna düşünmek üçin ilki bilen onuň HZB-niň beýleki formalary bilen baglanyşygyna, onuň nähili ýagdaýda çykyş edýänligini aýdyňlaşdyrmakdan başlalyň.

Kooperirlenmäniň manysyna düşünmek üçin onuň kooperasiýadan tapawutlanýandygyna üns bermeli. Kooperasiýa we kooperirlenme ykdysady taýdan dürli mazmuna eýedir. Kooperasiýa hem zähmeti guramagyň aýratyn formasyna eýedir. Kooperasiýa – munuň özi birnäçe adamlaryň önümçilik işinde birmeňzeş ýa-da biri-biri bilen baglanyşykly dürli işleri özara utgaşykly alyp barýan maksada laýyk işidir. Bu düşünje ozalky sowet, rus we türkmen ykdysady edebiýatlarynda giňden ulanyldy. Emma, bu ýerde aýratyn bir düşünjä üns bermeli. Kooperasiýanyň jemgyýet derejesinde däl-de, kärhananyň çäginde zähmeti guramagyň aýratyn formasy bolup çykys edýänligidir. Kooperasiýa – birnäçe görnüşli kärhanalaryň bileleşip, täze özbaşdak önümçiligi döretmeginden we önüm öndürmeginden ybaratdyr. Kooperasiýalar dörän wagtyndan bäri önümçilik we beýleki işleri birnäçe taraplaryň bilelikde alyp barmaklygyna düşünilýär. Bu ýerde bütewi kärhananyň birnäçe eýeçilige degişlidigini bellemek gerek. Kooperasiýada eýeçilik birnäçe taraplara, ýagny işgärler kollektiwine, şahsy we edara görnüşli taraplara, dürli eýeçilikdäki paýdarlar toparyna degişli bolup biler. Diýmek, kooperasiýa – eýeçiligi birnäçe tarapa degişli bolup, bir kärhananyň, iri firmanyň, koorporasiýalaryň ýeke-täk guramaçylyk, ykdysady düzüm esasynda bilelikde önüm öndürmekligidir.

Kooperasiýadan tapawutlylykda kooperirlenme birnäçe kärhananyň kesgitli önümi öndürmeklige hojalyk özbaşdaklygyny saklap gatnaşmaklygydyr. Kooperirlenmegiň kooperasiýadan iki alamatyny tapawutlandyrmak zerurdyr. Birinjiden, kooperirlenmede dürli döwletleriň kärhanalary bu işe özbaşdak gatnaşýarlar. Olaryň

täze önümi döretmekligi, onuň düzüm böleklerini taraplaryň arasynda takyk paýlamaklygy şertnama esasynda anyk kesgitlenilýär. Kooperirlenýän kärhanalar ozaldan ýöriteleşen ýa-da öndürýän önümlerine meňzeş, oňa golaý harytlary öndürýän kärhanalar bolmalydyr. Ikinjiden, bilelikde önüm öndürýän kärhanalar bölekleýin öndürýän harytlaryny özara alyş-çalyş etmelidir. Bu iki alamat kooperirlenmegiň HZB-niň bir formasy diýip hasaplanmagyna mümkinçilik berýär.

Kooperasiýa we kooperirlenmegiň tapawutly bolşy ýaly «önümçilik kooperirlenmesi» we «senagat kooperirlenmesi» ýaly düsünjeleri hem aýdyňlaşdyrmaly. Senagat kooperirlenmesi dar düşünje bolup, ol önümçilik kooperirlenmesiniň bölekleýin ýüze çykmasydyr. Senagat kooperirlenmesi diňe senagat önümçiliginde bolup geçýär. Emma, önümçilik kooperirlenmesi beýleki ulgamlary hem öz içine alýar. Mysal üçin, oba hojalygynda bir kärhana şitil ýetişdirmek, beýlekisi tohumlary taýýarlamak, ýene biri iýmlik toplumlaryna ýöriteleşýär. Şeýlelikde, önümçilik kooperirlenmesi senagat kooperirlenmesine garanyňda has giň düşünjedir.

Önümçilik kooperirlenmesiniň mazmunyny açyp görkezmek üçin onuň beýleki meňzeş gatnaşyklardan tapawutlandyrýan alamatlaryny kesgitlemeli. ÖHK üçin aşakdaky alamatlar häsiýetlidir.

Kärhanalaryň, senagat birleşmeleriň ýa-da transmilli korporasiýalaryň kooperasiýasy, adatça, bir eýeçiligiň çäginde bolup geçýär. Kooperirlenme dürli eýeçilik gatnaşyklaryndan gelip çykýar. Bu ýagdaý ÖHK-nyň esasy häsiýetli alamatydyr. ÖHK-nyň eýeçilik gatnaşyklar boýunça başga-da birnäçe alamatlary bolup, olar zähmet bölünişigini amala aşyrmagyň özboluşly görnüşleri bolup çykyş edýär. ÖHÝ-niň we ÖHK-nyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de olaryň şertnamalaýyn häsiyete eýedigidir.

Kooperirlenmeklige gyzyklanýan dürli döwletleriň dürli kärhanalary önümiň kesgitli görnüşiniň düzüm böleklerini öndürmekde deslapdan ylalaşýarlar. Ylalaşyga gatnaşýanlar özleriniň önümçilik ýöriteleşmesine laýyklykda önümiň, tehnologik prosesiň bir bölegini ýa-da maşyngurluşyk ulgamynda kesgitli taýýar harydy öndürmekligi şertnama esasynda berkidýärler. Öndürilmeli önüm hyzmatdaşlaryň haýsy-da bolsa biriniň ele alan tehnologiýasy esasynda bellenen maksatnama laýyklykda gatnaşyjylaryň arasynda paýlanylýar.

Halkara kooperirlenme diňe bir kooperasiýadan däl-de, adaty söwdadan hem tapawutlanýar. Harytlaryň, hyzmatlaryň, ylmy-tehniki täzelikleriň halkara söwdasy gymmatyň üýtgemegi esasynda amala aşyrylýar. Halkara söwdasynda milli gymmat halkara gymmatyna öwrülýär. Hyzmatdaşlar kesgitli önümçilik wezipesini özbaşdak ýerine ýetirýär. Kooperirlenmede hem hyzmatdaşlar önümçilik işini özbaşdak ýerine ýetirýärler. Kooperirlenmä gatnaşýan hyzmatdaşlaryň arasyndaky gatnaşyklar halkara söwda garanyňda has işjeň häsiýetlidir. Taraplaryň kesgitlenen hojalyk maksadyna ýetmekde bilelikde alyp barýan işleri özara baglanyşykly häsiýete eýedir. Şeýle ýagdaý täze taýýar harydy öndürmekde, täze enjamyň

önümçiliginde, kärhananyň gurluşygynda ýa-da üçünji bir döwletde tebigy baýlyklary gözlemek, özleşdirmek işlerinde ýüze çykýar. Kooperirlenmede taraplaryň borçlary aluw-satuw şertnama arkaly kesgitlenýän hem bolsa, ol esasan halkara gatnaşyklar bilen baglanyşyklydyr. Umuman, kooperirlenmä gatnaşýan taraplaryň özara alyş-çalşygy, köplenç halatda halkara söwdasyna degişlidir.

ÖHK-nyň aýratynlyklarynyň biri-de kärhanalaryň arasyndaky önümçilik gatnaşyklarynyň uzak möhletleýinligidir. Adaty halkara söwdasy dürli möhlete eýe bolsa, kooperirlenme boýunça gatnaşyklar uzak wagtlyk hasaplanylýar. Özara ugradylýan ýükler uzak möhletli, durnukly, yzygiderli bolup, ol hyzmatdaşlyga gatnaşýan kärhanalaryň gyzyklanmasyny artdyrýar. Kooperirlenen gatnaşyklar düzgün boýunça hyzmatdaşlygyň möhleti gutarandan soň hem täzeden uzaldylýar. Munuň üçin taraplaryň ozalky borçnamalarynyň talabalaýyk ýerine ýetirmegi, taraplaryň biri-birine ynanmaklary zerurdyr.

ÖHK-nyň ahyrky tapawudy bolup önümçiligiň toplumlaýyn häsiýete eýedigi çykyş edýär. Kooperirlenmede käbir ýagdaýlara bolaýmasa, önümçilik toplumlaýyn bolup, ol ýerleşdiriş ylmy-gözleg işlerini hem özüne birleşdirýär. Öndürilen önümi bazarda ýerlemek üçin täze hyzmatdaşlary gözlemek alyjynyň islegi boýunça tehniki hyzmatlary etmek, satylan harydy birnäçe wagtdan soň kämilleşdirmek (modernizasiýalaşdyrmak) hem kooperirlenmegiň aýratynlyklarynyň biridir. Ýokardaky aýdylanlardan görnüşi ýaly kooperirlenme–harydy bölekleýin ýa-da taýýar harydy öndürmek, öndürilen önümleri özara alyş-çalyş etmek üçin kärhanalaryň ýöriteleşmesidir.

Kooperirlenme içerki we halkara bazarynda kärhanalaryň arasyndaky önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegine amatly şert döredýär. Kooperirlenme jemgyýetçilik önümçiliginiň deňeçer üznüksiz ösmegine alyp barýar. Dürli ýurtlaryň ýöriteleşen kärhanalary önüm öndürmekde YTÖ-niň soňky gazananlaryna daýanmaklyga ýykgyn edýärler. Önümçiligiň tehnologik düzüminiň çylşyrymlaşmagy detallaryň, bölekleýin şaýlaryň taýýar önümleriniň sanynyň çalt artmagyna getirdi. Mysal üçin, ýeňil awtomobilde 20 müň, prokat stanogynda 100 müň töweregi, elektrowozlarda 250 müňe çenli detallar, bölekleýin şaýlar bar, diýip hasaplanylýar. Umuman, maşyngurluşygynda maşynlary we enjamlary öndürmek boýunça siňdirilýän zähmetiň 80 %-i detallaryň we bölekleýin şaýlaryň paýyna düşýär.

Öndürilýän önümiň çylşyrymlylygy maşynlaryň we enjamlaryň ähli düzümini bir kärhanada öndürmeklige mümkinçilik bermeýär. Munuň özi ykdysady taýdan amatsyz hasaplanylýar. Şonuň üçin iş wagtyny tygşytlamagyň kanunalaýyklygyna görä, kärhananyň düzümindäki sehleri, aýry-aýry bölümleri kesgitli detaly, bölekleýin şaýy ýasamaklyga, belli bir tehnologiki işleri ýerine ýetirmeklige ýöriteleşdirýärler. Ahyrky önümiň düzüm böleklerini özbaşdak öndürmek kärhanalara zähmet bölünişiginiň ösmegine, öndürijiligi ýokarlandyrmakda itergi beriji güýç bolup

çykyş edýär. Maşyngurluşygynda ýöriteleşen kärhanalaryň zähmet öndürijiligi köpugurly önümçilikden 1,5–5 esse ýokarydyr.

ÖHK-nyň ösmeginiň sebäpleriniň ýene-de biri täze öndürilýän önümiň uly maýa goýumyň siňňitliligidir, ýagny onuň uly möçberlerde maliýe serişdelerini talap edýänligidir. Önümçiligiň halkara ýöriteleşmesi we kooperirlenmesi taýýarlanýan harydyň wagtyny we maýa goýum siňňitliligini pese düşürýär. BMG-niň maglumatlaryna görä, tehniki hyzmatdaşlyk baradaky halkara ylalaşyk kooperirlenme netijesinde öndürilýän detallary we bölekleýin şaýlary öz hususy güýjüň bilen öndürilendäkiden 12–14 aý öň ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem önümçiligiň özleşdiriliş gymmatyny 50–70% pese düşürýär. Ondan başga-da, kooperirlenme daşary ýurtly hyzmatdaşyň öndürýän önüminiň hiliniň 90%-e çenli barmagyny üpjün edýär. Bu önüm öz güýjüniň hasabyna öndürilende onuň hil görkeziji 70–80%-e barabar bolýar. Bu ýagdaý halkara kooperirlenmäniň dürli önümçilik serişdeleri toplumlaýyn, uzak wagtlaýyn we rejeli ulanylmagyna giň mümkinçilikler döredýänligi bilen şertlendirilendir. Öňdebaryjy daşary ýurt tehniki we dolandyryş çözgütleriň peýdalanylmagy tygşytlanmagyň ýokarlanmagyna getirýär. Şeýle hem kooperirlenme ýurduň eksportynyň artmagyna ýardam berýär.

ÖHK diňe bir zähmet öndürijiligini ýokarlandyrman, dürli ýurtlaryň kärhanalarynyň öz güýçlerini birleşdirmese, çözmesi örän kyn boljak iri ykdysady meseleleri amala aşyrmagyna ýardam edýär. Şeýle meseleler diňe bir ösüp gelýän ýurtlarda däl-de, ösen döwletlerde hem häli-şindi ýüze çykýar. Mysal üçin, La-Manş bogazynyň düýbünden geçýän suwasty demirýol tunneli 1994-nji ýylda Angliýanyň we Fransiýanyň gurluşyk kompaniýalarynyň bilelikdäki tagallasy esasynda amala aşyryldy. Şeýle mysallar dünýä hojalygynda köp sanlydyr.

ÖHK-nyň çalt ösmeginiň sebäpleriniň biri bolup iri kärhanalaryň we korporasiýalaryň eksportdan gelýän girdejilerini ýokarlandyrmaklyga ýykgyn etmekleri çykyş edýär. Munuň bilen baglanylyşykda käbir döwletler taýýar maşynlaryň getirilmegine gönüden-göni gadaganlyk girizýärler. Ösen döwletlerde bolsa şeýle mümkinçilik saklanýar. Bu birinji sebäp bolsa, ikinjiden, döwletlerde taýýar maşynlar bilen harydyň komplektlenilmeli düzümine salynýan gümrük salgyt tapawutlydyr. Ýokardaky tapawutlary öz peýdasyna ulanmak üçin hojalyk birlikleri aralyk harydyň çykarylyşyny artdyrýarlar. Umuman, kooperirlenme netijesinde öndürilen harytlaryň göwrüminiň ýokarlanmagyna bellenip geçilen sebäpler täsir edýär.

ÖHK-nyň we HZB-niň aýratyn bir formasy hökmünde dürli firmalaryň we kärhanalaryň arasynda amala aşyrylýar. Dünýä bazarynda bäsleşigiň barha ýitileşmegi halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň bu formasynyň barha kämilleşmegine getirýär. Şeýle kämilleşmäniň birnäçe ugurlary bardyr.

Iri korporasiýalar önümiň bir birligine düşýän harajaty peseltmek üçin kiçi we orta ululykdaky kärhanalar bilen önümçilik gatnaşygyny alyp barýarlar. Bu önümçilikler detallary, bölekleýin şaýlaryň önümçiligini ýola goýup, ýygnap taýýar haryda

öwürýän kärhanalara ugratmagy ýola goýýarlar. Bu barada italýan işewüri S. Wolpi: «Ägirtler häzirki şertlerde ahyrky taýýar harydyň hemme böleklerini hemişe bolşy ýaly özleri öndürmäge ukypsyzdyr. Munuň üçin iri korporasiýalaryň daş-töweregini kiçi we orta ululykdaky firmalaryň rejeli gurşalmagy zerurdyr» diýip belleýär. Ägirt uly konsernler önümçilik harajatyny peseltmek üçin şeýle çäreleri geçirýärler. Bu syýasat maşyngurluşygynda has ýiti ýüze çykýar. Ýöriteleşen kärhanalar ahyrky taýýar önümiň bölekleýin şaýlaryny, detallaryny öndürip, olary korporasiýanyň ýygnaýjy kärhanalaryna ugradýarlar. Bu iş diňe önüm öndürmekde däl-de, çig mallary, materiallary ilkinji gezek gaýtadan işlemekde, täze detallary, agregatlary, enjamlary, şaýlary oýlap tapmakda hem alnyp barylýar. Zerur bolan halatynda taýýar harydy öndürmek üçin ýygnama işleri-de ýöriteleşen kärhanalar tarapyndan amala aşyrylyp bilner. Şeýle usul iri korporasiýalara halkara ykdysady hyzmatdaşlykda öz önümçilik kuwwatyny netijeli peýdalanmaga, akymlaýyn önümçilik usulyny guramaga, işçi güýjüne çykarylýan harajatlary peseltmäge we ahyrky netijede girdejilerini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Şeýle hem, beýleki kärhanalaryň ahyrky önümi üçin bölekleýin şaýlary we detallary diňe bir kiçi we orta ululykdaky kärhanalar tarapyndan däl-de, iri kärhanalaryň özleri hem şeýle önümleri öndürmeklige ýöriteleşýärler. Mysal üçin, Angliýanyň örän kuwwatly ýöriteleşen firmalary bolan «Lukas indastriz», «Smit», «Danlop-Pirelli», «Bermid», «Otomotiw prodakts» awtomobil öndürýän we beýleki kärhanalaryň ýygnaýjy enjamlarynyň agramly bölegine gözegçilik edýärler. Olardan has iri «Lukas indastriz» kompaniýasynyň 90 sany kärhanasy bolup, olaryň 42-si ýurduň çäginden daşynda ýerleşendir. Olar Angliýada ýerleşýän ýerli kärhanalara we beýleki ýurtlaryň golçur kompaniýalaryna dürli şaýlary, agregatlary ugradýarlar. Bu kärhanalar öndüren önümini diňe Angliýa däl-de, öz ýerleşen ýurtlaryna hem satýarlar. Bu ýöriteleşen iri kärhana «Fiat», «Folkswagen», «Wolwo» ýaly beýleki ýurtlaryň kärhanalary bilen kooperirlenen gatnaşyklary alyp barýar.

Şonuň bilen birlikde, ýöriteleşen aralykçy ugradyjylar bolup iri kompaniýalaryň özleri hem seýrek çykyş etmeýär. Mysal üçin «Jeneral motors» kooperirlenme netijesinde podşipnikleri ugratmaga, «Ford» aýlawly wallary öndürmäge, «Lokhid» elektrik detallary, «Rolls-Roýs» bolsa ösen ýurtlaryň raýat uçarlarynyň awiahereketlendirijileriniň 50%-den gowragyny öndürmäge niýetlenendir. Käbir halatlarda TMK-lar has artykmaçlyk berýän bolsa, ýygnama işlerinde başga ýurtlaryň önümçiligine geçirýärler. Iri kompaniýalar şeýle etmek bilen ýygnalan maşynlara we komplektlenilmeli düzüm böleklere salynýan gümrük tarifiniň tapawudy esasynda hem bäsleşik ukybyny ýokarlandyrýarlar. Ýygnamagyň geçirilýän ýurdundaky zähmet hakynyň korporasiýanyň ýerleşýän döwletindäki zähmet hakyndan pesligide uly ähmiýete eýedir.

Ýokarda getirilen mysallardan görnüşi ýaly önümçiligiň halkara ýöriteleşmegine we kooperirlenmegine TMK-lar has işjeň gatnaşýarlar. ÖHK-nyň goýlan

serişdeleriniň yzyna gaýtaryjylygynyň has ýokarylygy onuň barha giňemegine getirýär. Soňky onýyllyklarda kooperirlenme netijesinde öndürilýän maşyngurluşyk önümleriniň halkara söwdasyndaky paýy her ýyl 2–3 esse ýokarlanýar.

ÖHK-nyň mazmunyna düşündiriş berlende ony kärhanaiçre ykdysady baglanyşyk bilen aýyl-saýyl etmelidir. Ýokardaky aýdylanlardan görnüşi ýaly kärhanalara halkara kooperirlenme bolanda biri-birine garaşsyz iki ýa-da birnäçe kärhanalaryň ykdysady hyzmatdaşlygyna düşünilýär. Bir kärhana degişli kärhanalaryň arasynda ykdysady baglanyşyklar kärhanalarynyň kooperirlenmeginden düýpli tapawutlydyr. Firmaiçre gatnaşyklar önümçilik birleşigi, paýdarlar jemgyýeti, TMK bolsun tapawudy ýok, bu baglanyşyklar umumy tehnologik, guramaçylyk, düzüm, eýeçilik, gözegçilik, paýlamak ýaly görkeziji boýunça bir eýeçilige degişlidir. Bu ykdysady baglanyşyk, adatça, bir eýeçilige degişlidir. Bu ykdysady baglanyşyk, adatça, zawodiçre zähmet bölünişigine degişlidir. Kärhanalaryň ýa-da korporasiýanyň önümçilik baglanyşygy diňe harytlyk häsiýete eýe däldir. Bu ýerde geçirilýän bahalar ulanylýar, ýöne olar derrew hakyky gymmata däl-de, hasaplaşyk baha öwrülýärler. Kooperirlenmede bolsa garaşsyz kärhanalar we kärhanalaryň arasyndaky borçnamalaýyn alyş-çalyş, olaryň arasynda ozaldan baglaşylan ykdysady we hukuk borçnamalaryndaky kesgitli gatnaşyklara esaslanýar. Mysal üçin, garaşsyz kärhanalaryň arasyndaky önümçilik baglanyşygy gös-göni däl-de, gytaklaýyn önümçilik baglanyşygydyr, ýagny bu baglanyşyk haryt dolanyşygynyň üsti arkaly amala aşyrylýar.

## 5.2. Halkara kooperirlenmäniň usullary

Önümçiligiň halkara ýöriteleşmesi we halkara kooperirlenmesi dürli usullar arkaly durmuşa ornaşdyrylýar. Olaryň içinde ilkinji ýüze çykany senagatda we gurluşykda kärhanalaryň şertnama arkaly ýöriteleşmegidir. Ykdysady edebiýatda bu usula kärende kooperirlenmesi diýilýär. Bu usulda buýrujy kesgitli işi bellenen möhletde, göwrümde, hilde we beýleki görkezijilere laýyk ýerine ýetirmegi üçin ozal baglaşylan ylalaşyga laýykda ýerine ýetiriji kärhana görkezme berýär. Kärende usuly öndürilen önümiň birinden beýlekä geçirilmegini aňladýar. Ahyrky taýýar önümiň ýygnamasy iki hyzmatdaşyň haýsy hem bolsa biri tarapyndan amala aşyrylýar.

Kärende kooperirlenmesi iki görnüşe eýedir. Birinjisi, nusgawy kärende boýunça detallar, bölekleýin şaýlar, enjamlar öndürilýär. Nusgawy kärendede kärendeçi kärhana buýrujynyň çyzgysy, onuň jogapkärçiligi, buýrujynyň maliýe serişdeleriniň hasabyna bölekleýin önümleri öndürýär. Olara agregatlary, uzelleri, düzüm bölekleri ýygnamak, şeýle hem buýrujynyň görkezmesi boýunça ýarym fabrikatlary taýýar haryda öwürmek boýunça tehnologik işler hem degişli bolup biler.

Taslamalaşdyrma boýunça kärende ulanylanda buýrujy kärhana agregatlarynyň ýygnaýjy enjamlaryň we beýleki şaýlaryň diňe umumy tehniki görkezijilerini talap edýär. Soňky kärhana täze önümi taslamalaşdyrýar, gaýtadan işleýär we onuň ähli resminamalaryny buýruja hödürleýär. Şu pursatdan başlap olaryň arasyndaky kooperirlenen gatnaşyklar ösüp başlaýar. Şeýle kooperirlenme hyzmatdaşlar üçin amatlydyr. Buýrujy gysga möhletiň içinde öz taýýarlanyndakydan pes baha boýunça täze enjama eýe bolýar, taslamany bolsa täze ýasan önümini diňe buýruja däl-de, beýleki alyjylara satyp bilýär. Taslamalaşdyrma we täze agregatlary, uzelleri öndürmek boýunça kärende kooperirlenmesiniň berýän artykmaçlyklary aýratyn-da maşyngurluşyk pudaklarynda giňden ulanylýar. Awtomobil gurujy kärhanalar dwigatelleri, käbinalary we beýleki şaýlary ýöriteleşen kärhanalara buýurýarlar. Mysal üçin, ýeňil we ýük awtomobilleriň kabinalaryny taýýarlaýan «Motorz Penelz» her ýylda 160 modifikasiýa bilen 25 müň awtomobil kabinasyny öndürýär.

TMK-nyň giňden ýaýran usullarynyň biri hem hyzmatdaşlaryň öz serişdeleriniň hasabyna ahyrky taýýar önümi öndürmek üçin birek-birege bölekleýin şaýlary ugratmaklyga ýöriteleşmegidir. Bu usul biri-birine bagly bolan ikitaraply önümçilikleri emele getirýär. Hyzmatdaşlar ahyrky taýýar önümi özbaşdak ýygnama şertlerinde harydyň düzüm böleklerini öndürmek we ony özara alyş-çalyş etmek üçin ylalaşýarlar. Şeýle usula mysal hökmünde wengerleriň «Ikarus» we ruslaryň «LiHZ» awtobus gurujy kärhanalaryny görkezmek bolar. Olar öz hususy önümçilikleri üçin awtobuslaryň öňki we yzky mostlaryny özara alyş-çalyş edýärler.

Şeýle usullaryň ýene-de biri taraplaryň hususy ahyrky önümi öndürmek üçin bilelikdäki maksatnamalary amala aşyrmaklarydyr. Hyzmatdaşlar bu usulda tehniki taýdan çylşyrymly harydy öndürmekde maksatnamalaýyn birleşýärler. Olar özleriniň maliýe, ylmy-tehniki, material we adam serişdelerini bilelikde bu harydy öndürmeklige gönükdirýärler. Şeýle usulda döwletler, kärhanalar harydyň ylmy-tehniki, ýerleşdirme we tehniki hyzmat etmek ýaly ähli işlerinde pugta hyzmatdaşlygy saklaýarlar. Şeýle hyzmatdaşlyk birugurly önümçiliklere eýe bolan kärhanalaryň arasynda hem alnyp barylýar. Şeýle kooperirlenmäniň esasyndan hyzmatdaşlaryň amatly ykdysady, ylmy-tehniki şertlere eýe bolmagy netijesinde pes harajatlar bilen we ýokary hilli ahyrky taýýar önümiň bölekleýin detallaryny öndürmeklige ýöriteleşmek durýar. Muňa mysal hökmünde Şwesiyanyň «Wolwo», nemesleriň «Klýokner-Gumbolt-Doýs», «KHD», Fransiýanyň «Sawiem», niderlandlaryň «DAF» awtomobil kärhanalarynyň orta we ýeňil awtomobilleri öndürmek boýunça bilelikdäki işlerini görkezmek bolar. «Wolwo» awtomobil kabinalarynyň howpsuzlygyny üpjün etmekde sürüjä dürli duýduryşlary berýän enjamlary öndürmekde uly tejribä eýe bolsa, «Sawiem» sürüjä ýokary amatlylyklary, oňaýlylyklary döretmeklige ýöriteleşendir. «KHD» awtomobil konstruksiýalarynyň ynamlylygyny, uzakmöhletliligini, «DAF» bolsa detallaryň ergonomikasyny (häzirki zaman önümçiligi şertlerinde adam we onuň işini öwrenýän bilim pudagy) üpjün edýär.

Kärhanalaryň ylalaşyk baglaşmaklarynyň maksady ýük awtoulaglarynyň bäsleşige ukyply täze gornüşini döretmekdir. Olaryň ählisi-de öz kärhanalarynda ýük awtoulaglarynyň düzüm böleklerini we taýýar awtoulagy öndürýärler. Bölekleýin şaýlar şertnama esasynda kärhanalaryň arasynda alyş-çalyş edilýär. Bileleşmäniň netijesinde dürli kärhanalarda öndürilen ýük ulaglary biri-birine meňzeş bolup, olary diňe hereketlendirijileri boýunça tapawutlandyryp bolýar.

ÖHK-nyň özara bu ýöriteleşme usuly hyzmatdaşlaryň ýeke-täk harydy öndürmek üçin bilelikdäki tagallalary onuň taslamasyndan başlap, ýerleşdirme we tehniki hyzmat etmek işlerinde tamamlanýar. Bu usul aýratynam aerokosmos, atom, gämigurluşyk pudaklarynyň düşewüntliligini has ýokarlandyrýar.

Önümçilik, ulag we beýleki obýektleri enjamlaşdyrmak boýunça guramaçylykly kooperirlenme halkara şertnamalaryň ýa-da önümçilik-tehniki we senagat hyzmatdaşlygy boýunça baglaşylan ylalaşygyň esasynda amala aşyrylýar. Şeýle şertnamalara hyzmatdaşlaryň bilelikdäki maksatnama öz serişdeleri we güýçleri bilen gatnaşmaklaryny üpjün edýär. Käbir ýagdaýda hyzmatdaşlaryň arasyndaky gatnaşyklar bellenen maksatnama amala aşyrylandan soň bes edilýär. Beýleki bir ýagdaýda göz öňünde tutulan hojalyk işi tamamlanandan soň hem köptaraplaýyn kooperirlenme görnüşde hereket edýär. Olaryň käbir enjamlaşdyrylan önümçilige kooperirlenme esasynda öndürilen bölekleýin şaýlary ugradyp durýarlar. Mysal üçin, Liwiýa we Madagaskardaky awtobus, Braziliýadaky traktor zawodlaryna GFR-den we beýleki gatnaşýan ýurtlardan detallar yzygiderli ugradylýar.

Kooperirlenme boýunça halkara ykdysady gatnaşyklar ýuridiki taýdan nähili esaslandyrylýar? Detallary, uzelleri, apparatlary, agregatlary ugratmak boýunça kooperirlenmegiň ýuridiki esasy bolup görnüş, mazmun taýdan biri-birine gabat gelmeýän köpgörnüşli ylalaşyklar çykyş edýär. Olaryň içinde has giň ýaýranlaryna ýöriteleşme we kooperirlenme boýunça ylalaşyklar, kärende kooperirlenmesi, komplektleýji önümleriň aluw-satuw şertnamalary degişlidir. Bu ylalaşyklar we şertnamalar umuman aşakdaky şertlerde amala aşyrylýar.

Adatça, bu şertnamalarda iki tarap buýrujy we ugradyjy bolup hereket edýär. Önümi öndürmek, onuň hili, zerur bolsa gaýtadan işlemek, ugratmak buýrujynyň görkezmesi esasynda amala aşyrylýar. Umuman, kärende kooperirlenmede ähli talaplar buýrujynyň islegi we görkeziji esaslarynda amala aşyrylýar.

Kärende şertnamalarynda ýerine ýetirilýän önümiň ýa-da tehnologik prosesiň bahasy görkezilýär. Käbir ýagdaýlarda buýrujy ugradyjynyň çykdajylary esasynda, öz islegi boýunça ýa-da bilelikde baha belläp biler. Şertnamada ugradylýan harydyň hiline we möhletine üznüksiz gözegçilik ýola goýulýar. Şertnamadaky şertler ýerine ýetirilmedik halatynda jerimäniň möçberi hem kesgitlenilýär. Jerimäniň möçberi ugradylmaly ýüküň 20-30, käbir ýagdaýlarda 50%-ine çenli baryp ýetýär.



4. Sargyt № 832

ÖHK-da öndürilen haryt buýrujynyň synagyndan geçip, makullanylandan soň şertnama gol çekilýär. Dürli bahalara salgylanyp şertnama gol çekmekden boýun towlamaklygyň jerimesi ylalaşygyň şertlerine girizilýär.

## 5.3. Halkara kooperirlenmäniň görnüşleri

Ýokardaky soraglarda halkara kooperirlenmäniň mazmuny, alamatlary, sebäpleri, ÖHK-nyň ösüş usullary görkezildi. ÖHK has giňişleýin düşünje bermek üçin ony emele geliş ýörelgeleri we meňzeş görnüşleri boýunça dürli klassifikasiýalara bölmeli.

Kooperirlenmäniň görnüşleriniň emele geliş ýörelgeleri hojalyk işiniň bu görnüşine gatnaşýan hyzmatdaşlaryň sany boýunça kesgitlenýär. Halkara kooperirlenmäniň iki görnüşi bolup, oňa iki we köp taraplaýyn görnüşler degişlidir. Kooperirlenmäniň ikitaraplaýyn görnüşine iki sany kärhana, köp taraplaýyn görnüşine ikiden köp hojalyk birlikleri gatnaşýar. Olaryň içinde ikitaraplaýyn ýöriteleşme has giň ýaýrandyr. Bu görnüş birugurly häsiýete eýe bolup, hyzmatdaşlar kesgitli anyk bir detaly, harydyň düzüm bölegini öndürýärler we özara alyş-çalyş edýärler. Oňa bir predmete kooperirlenme diýilýär. Alyş-çalyş edilýän önümler birnäçe bolsa, onda ol köp predmetleýin kooperirlenme diýilýär.

Halkara kooperirlenmä gatnaşýan kärhanalaryň haýsy pudaga degişlidigine baglylykda pudagiçre we pudagara görnüşlere bölmek bolar. Pudagiçre kooperirlenmäni käbir halatlarda beýleki görnüşler çalyşýarlar. Onuň özüne ýeterlik sebäbi bardyr. ÖHK maşyngurluşygyň köpsanly pudagasty kärhanalarynda ýokary derejede bölekleýin ýöriteleşme eýedir we ösendir. Mysal üçin, «Jeneral motors» korporasiýasynyň öndürýän awtomobilleriniň şaýlarynyň agramly bölegi daşyndan satyn alynýar. Halkara kooperirlenme ilkinji bolup ösen ýurtlaryň gämigurluşygynda ýüze çykdy. Köp ýurtlaryň gämigurluşygy, aýratynda Ýaponiýanyň we Şwesiýanyň werfleri konweýer usulyndaky ýygnaýjy kärhanalara öwrüldiler. Iri gämileriň gurluşygyna ýüzlerçe ýöriteleşen kärhanalar gatnaşyp, kooperirlenen önümiň möçberi umumy gymmatyň 40-50%-ine, has çylşyrymly gämilerde 70%-e çenli baryp ýetýär.

Pudagara kooperirlenme bir pudaga degişli meňzeş önümçilikleriň arasynda amala aşyrylýar. Oňa başgaça hojalygara pudaklar hem diýilýär. Önümçiligiň bäş görnüşi bolup, olara senagat, oba hojalyk, gurluşyk, söwda, ulag we aragatnaşyk degişlidir. Ykdysadyýetiň düzümini hasaba almak bilen pudagara kooperirlenmäni aşakdaky görnüşlere bölmek bolar:

- senagat kooperirlenmesi;
- oba hojalyk kooperirlenmesi;
- dürli obýektleriň taslamasy we gurluşygy boýunça kooperirlenme;
- ulag we aragatnaşykda kooperirlenme;
- söwda boýunça kooperirlenme;

Eger, kooperirlenme önümçiligiň dürli görnüşine degişli pudaklaryň arasynda alnyp barylýan bolsa, onda oňa görnüşara kooperirlenme diýilýär. Bu ýörelge boýunça görnüşara kooperirlenmäni aşakdaky görnüşlere bölmek bolar:

- senagat we oba hojalygyň arasyndaky kooperirlenme;
- senagat we gurluşygyň arasynda kooperirlenme we ş.m.

ÖHK-nyň görnüşleri onuň gurşap alýan territoriýasy boýunça hem emele gelýär. Bu baha beriş ölçegi boýunça olary birnäçe görnüşlere bölmek bolar. Olaryň birinjisine sebitiçre ýa-da sebitleýin halkara kooperirlenme diýilýär. Sebitleýin halkara kooperirlenme bir sebitde, mysal üçin, Gündogar we Günbatar Ýewropada ýerleşýän kärhanalaryň arasynda alnyp barylýar. Şeýle gatnaşyklar iki sebitde, mysal üçin, Günorta-Gündogar Aziýa we Günorta Aziýada ýerleşýän kärhanalaryň arasynda alnyp barlanda oňa **sebitara kooperirlenme** diýilýär. Sebitara gatnaşyklar bir yklymyň çäginde alnyp barlanda oňa **yklymiçre kooperirlenme** diýilýär. Şeýle gatnaşyklar dürli yklymda, mysal üçin, Ýewraziýa bilen Amerikada ýerleşen kärhanalaryň arasynda alnyp barlanda oňa **yklymara kooperirlenme** diýilýär.

Ýokardaky aýdylanlara laýyklykda kooperirlenmäniň görnüşlerini aşakdaky klassifikasiýalara bölmek bolar *(4-nji tablisa)*.

*4-nji tablisa*

**Halkara kooperirlenmäniň esasy alamatlary boýunça klassifikasiýasy**

| N | Klassifikasiýanyň alamatlary | Kooperirlenmäniň görnüşleri |
|---|---|---|
| **1** | Subýektleriň sany boýunça | **1.1** Ikitaraplaýyn<br>**1.2** Köptaraplaýyn |
| **2** | Obýektleriň sany boýunça | **2.1** Bir predmetleýin<br>**2.2** Köp predmetleýin |
| **3** | Pudaklaýyn düzümiň baglanyşygy boýunça | **3.1** Pudagiçre<br>**3.2** Pudagara<br>**3.2.1** Senagatda<br>**3.2.2** Oba hojalygynda<br>**3.2.3** Dürli obýektleriň gurluşygynda we taslamasynda<br>**3.2.4** Ulag we aragatnaşykda<br>**3.2.5** Söwdada |
| **4** | Işiň görnüşi boýunça | **4.1** Senagatyň we oba hojalygynyň arasynda<br>**4.2** Senagatyň we gurluşygyň arasynda |
| **5** | Gurşap alýan territoriýasy boýunça | **5.1** Sebitleýin<br>**5.2** Sebitara<br>**5.3** Yklymara |

Klassifikasiýadan görnüşi ýaly halkara kooperirlenmäniň görnüşleriniň ýörelgeleri ýa-da alamatlary onuň ýerleşýän ýerine baglydyr. Shemadan görnüşi ýaly bäş sany usulyýet ýörelgeler ikiden bäşe çenli görnüşasty böleklere bölünýär. Munuň özi ÖHK-ny kesgitlemegiň başlangyç etabydyr. Bu mesele içgin öwrenildigiçe kooperirlenmäniň görnüşleriniň täze ýörelgeleri ýüze çykýar. Getirilen klassifikasiýa ÖHK-nyň, HZB-niň pudagiçre görnüşine degişli däldigini görkezýär. Dogry, ÖHK bir pudagara içinde giňden amala aşyrylýar. Emma, bir pudaga, bir görnüşe degişli kärhanalaryň ýerleşýän ýerleri uly ähmiýete eýedir. Diýmek, sebitleýin, sebitara, yklymara ÖHK kooperirlenmäniň özboluşly formasy bolup, ol dürli territoriýada ýerleşýän pudagiçre, pudagara gürnüşara pudaklaryň arasynda amala aşyrylýar.

Şeýlelikde ÖHK önümçilik gatnaşyklarynyň giňden ýaýran görnüşleriniň biri bolup, ol hyzmatdaşlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň uzak möhletliligi, durnuklylygy we dowamlylygy bilen tapawutlanýar. Ykdysady hyzmatdaşlygyň bu görnüşi kärhanalara önümçilik aýlanyşygynyň harajatlaryny we öndürilýän harydyň gymmatyny peseltmäge mümkinçilik berýär. Önümçilik harajatlarynyň peselmegi milli we halkara hojalyk birlikleriniň dünýä bazaryndaky gatnaşyklarynyň pugtalanmagyna ýardam berýär. Şeýle hem ÖHK birnäçe döwletleriň güýçlerini birleşdirmezden çözülmegi örän kyn, iri hojalyk wezipelerini amala aşyrmaga mümkinçilik döredýär. Şonuň üçin hem önümçilik baglanyşygynyň bu görnüşi daşary ykdysady gatnaşyklarda giňden ulanylýar.

# VI bap DÖWLETLERIŇ HALKARA ZÄHMET BÖLÜNIŞIGINE GATNAŞMAGYNYŇ SEBÄPLERI

## 6.1. Ilatyň ösýän islegini kanagatlandyrmak

Ilatyň ösýän islegini kanagatlandyrmagyň ýolunda HZB, ilkinji nobatda dürli ýurtlaryň kärhanalary gatnaşýar. Kärhanalar HZB gatnaşmak bilen döwletiň, halkyň bähbidini däl-de, ilkinji nobatda öz peýdalaryny göz öňünde tutýarlar. Olar öz harytlaryny daşarky bazarda gymmat satyp, zerur bolan harytlary arzan bahadan satyn alyp, ýerli bazarda peýda almak maksady bilen täzeden satýarlar. Ýerli haryt milli bazarda satylanyndakydan eksport-import amallaryndan gelýän peýdanyň has

ýokarylygy dürli ýurtlaryň kärhanalarynyň HZB gatnaşmaklarynyň esasy imrindiriji sebäbi bolup çykyş edýär.

Döwletleriň HZB gatnaşmaklarynyň sebäbine diňe bir aýry-aýry kärhanalaryň işleri boýunça däl-de, tutus döwletiň, ykdysadyýetiň bähbidi arkaly baha bermek dogry bolar. Islendik döwlet milli kärhanalaryň HZB gatnaşygyny goldaýar, onuň gatnaşmagyna täsir edýär. Bu täsir kärhanalaryň ýokary peýda almaklary bilen bir hatarda döwlet bähbitlerinden gelip çykýar. Munuň özi doly kanynalaýyklykdyr. Bu ýerden döwletler näme üçin milli kärhanalarynyň HZB gatnaşmaklaryny goldaýarlar? Olary näme mejbur edýär? diýen soraglar gelip çykýar.

Häzirki wagtda dünýä ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklary goldamaýan döwlet ýok. Ýöne HZB dölwetleriň halklaryň erk-islegine görä däl-de, kesgitli önümçilik faktorynyň hasabyna emele gelýär. Mälim bolşy ýaly önümçilikde öndürilýän maddy eşretler üznüksiz häsiýete eýedir. Ykdysadyýetiň ösüşindäki düzümleýin üýtgemeler önümçilik we şahsy isleglerden gelip çykýar. Isplegleriň käbiri ýitip gitse, olaryň käbiriniň göwrümi ulalýar, täze islegler ýüze çykýar. Önümçilik we şahsy islegleriň ýokarlanmagy maddy önümçiligiň ösmegine getirýär. Şeýle ýagdaý islendik jemgyýetiň barha ösýän islegine laýyklykda bolup geçýär.

Islegiň ösmegi ony kanagatlandyrmak üçin täze önümçilikleriň döremegine, ozalky hereket edýänleriň giňeldilmegine getirýär. Munuň bilen baglanyşyklylykda şol jemgyýetde ýerleşýän jemi jemgyýetçilik zähmeti täze düzümler boýunça gaýtadan paýlanylmagyny talap edýär. Käbir täze islegler jemgyýetdäki ozalky zähmet bölünişiginiň üýtgemeginiň ýa-da täzeden döredilmeginiň hasabyna kanagatlandyrylýar. Täze döreýän islegleriň kanagatlandyrylmagy jemi jemgyýetçilik zähmetiniň täze ýollar arkaly paýlanylmagyny talap edýär.

Ösýän islegi kanagatlandyrmak öz-özünden bolup geçmeýär. Ol ähli döreýän isleglerini çäkli serişdeler arkaly janly we zatlaşdyrylan zähmet bilen üpjün edilmegini talap edýär. Bu ýol zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, serişdeleri rejeli we tygşytly peýdalanmaklyga daýanýar. Başgaça aýdylanda iş wagtyny tygşytlamak bilen kanunyna laýyklykda önümçilik harajatynyň peselmegi we janly zähmetiň öndüriji güýje öwrülmegi bolup geçýär. Has anygy, adam aňynyň gazananlary önümçilige ornaşdyrylýar.

Jemgyýetiň ösýän islegini kärhanalarda täze önümçiligi ýola goýmak arkaly hem kanagatlandyryp bolýar. Mysal üçin, maşyngurluşyk zawodlary haýsydyr bir önümi belli bir wagtyň dowamynda öndürýärler we soňra onuň önümçiligi wagtlaýyn bes edilýär. Şonda şeýle zawodlarda täze önümi öndürmek ýola goýulýar. Önümçilik işiniň şeýle guralmagy ösüşiň depgininiň gowşamagyna getirýär. Önümçiligiň şeýle usulda täzeden guralmagy köpugurly hünärmenleriň bolmagyna, goşmaça harajatlaryň artmagyna getirýär. Kärhananyň işiniň dürli görnüşleriniň arasynda gezekleşdirilmegi zawodda harytlaryň köpçülikleýin öndürilmegine päsgel berýär.

Önümçilik işiniň gezekleşdirilip guralmagy jemgyýetçilik zähmetiniň rejesiz ulanylmagyna getirýär.

Jemgyýetiň ösýän islegini täze kärhanalary gurmagyň hasabyna hem kanagatlandyryp bolar. Elbetde, täze gurulýan kärhanalaryň YTÖ-niň soňky gazananlaryna daýanjakdygy düşnüklidir. Emma, tejribeden görnüşi ýaly önümçiligiň ähli görnüşleriniň bir ýurtda alnyp barylmagy ykdysady taýdan kabul ederlikli bolmaýar. Sebäbi täze kärhanalaryň gurulmagy, olaryň täzeden enjamlaşdyrylmagy uly material we maliýe serişdelerini talap edýär. Mysal üçin, ýurduň çäginde tebigy baýlyklaryň uly gorlarynyň bolmaklygy täze kärhananyň gurulmagyna mümkinçilik berýär diýeliň. Ýöne tebigy baýlyklaryň ýeterlik bolmagy meseläniň çözgüdi däldir. Sebäbi ýeterlik işçi güýjüniň we maýa goýumlaryň bolmagy hem zerurdyr. Eger maýa goýum we işçi güýji az bolsa, onda, köplenç, kiçi ýa-da ownuk kärhanalar döredilýär. Şeýle kärhanalar az çykdajyly bolsa-da jemgyýetçilik zähmetini tygşytly ulanmaga ukyply däldir. Görnüşi ýaly önümçiligiň çalşyrylyp durulmagy, ownuk kärhanalaryň döredilmegi, az harajatly jemgyýetçilik zähmeti bilen ösýän islegi kanagatlandyrmak mümkin däldir. Ýöne islendik jemgyýet jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamaga ýykgyn edýär. Jemgyýetçilik zähmetiniň tygşytlanmagy jemgyýetçilik-ykdysady formasiýanyň emele gelmeginiň özboluşly kanuny bolup çykyş edýär. Şunuň bilen baglanyşyklylykda önümçilikleriň dürli önümleri öndürmek üçin çalşyrylyp durulmagy ýa-da onuň esasynda ownuk kärhanalaryň döredilmegi uzak möhletli häsiýete eýedir. Onuň ornuny tutýan başga bir usul ýüze çykýança jemgyýet bu usuly peýdalanyp biler. Ýöne şeýle usul islegi pes derejede, käbir halatlarda düýbünden kanagatlandyrman hem biler.

Jemgyýetiň ösýän islegini hil taýdan kanagatlandyrmagyň ýeke-täk ýoly döwletiň HZB gatnaşmagydyr. Kärhanalaryň belli bir kesgitli harytlarynyň önümçiligini ýokarlandyrmagy we ony dünýä bazarynda alyş-çalyş etmegi diňe bir milli islegi kanagatlandyrman, eýsem önümçiligiň ahyrky netijesi üçin hem amatlydyr. Mysal üçin, döwlete önümçilik we şahsy ähmiýetli on sany predmet gerek diýeliň. Döwlet olary öndürmek üçin on sany kärhana gurmaýar-da, amatly bolan bäş zawody işe girizýär. Öndürilen harytlaryň bir bölegi içerki islegi kanagatlandyrmaga, galan bölegi halkara alyş-çalyş etmek üçin eksporta ugradylýar. Şeýle edilende döwlet içerki islegini kanagatlandyrmak bilen bir hatarda ykdysady utuş gazanýar. Döwletiň kesgitli harydyň önümçiligini güýçlendirmegi netijesinde, ol harydy yzygiderli öndürmäge, önümiň bir birligine düşýän janly we zatlaşdyrylan zähmetiň göwrümini peseltmäge, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik alýar.

Aýratyn bellenilmeli ýagdaýlaryň biri hem HZB gatnaşýan kärhanalaryň hemmesinde zähmet öndürijiligi ýokarlanýar. Sebäbi ol diňe içerki islegi däl-de, halkara islegi kanagatlandyrmak üçin önüm öndürýär. Şeýle ýagdaý halkara alyş-çalşygyna gatnaşýan beýleki ýurduň kärhanasynda hem bolup geçýär. Netijede, HZB gatnaşýan ýurtlaryň ählisiniň bähbidine gulluk edýän zähmetiň täze öndürijilikli güýji

emele gelýär. Bu emele gelýän täze öndürijilikli güýç halkara häsiýetli bolup, HZB gatnaşýan ýurtlaryň milli hojalyklarynyň ösüşine itergi berýär.

HZB gatnaşýan döwletleriň ykdysady utuşy birmeňzeş däldir. Onuň şeýle bolmagyna ýurduň ululygy, öndüriji güýçleriň ösüş derejesi HZB gatnaşýan kärhanalaryň sany ýaly ýagdaýlar täsir edýär. Ýöňe, bu ýerde esasy mesele kärhananyň HZB gatnaşmak bilen alýan ykdysady utuşynyň anyk möçberini däl-de, onuň mazmunyny subut etmekden ybaratdyr. Şeýle utuş HZB gatnaşýan ýurtlaryň kärhanalarynda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanýandygyny hem subut edýär. (HZB gatnaşmak bilen alynýan anyk ykdysady utuşyň möçberine 8-nji, 9-njy baplarda giňişleýin seredilýär).

HZB gatnaşýan döwletler halkara häsiýetli zähmetiň täze öndürijilikli güýjünden başga-da utuş gazanýarlar. Kärhanalaryň milli we halkara islegi kanagatlandyrmagy üçin kesgitli harydyň önümçiliginiň güýçlendirilmegi şol harydyň önümçiligini dowamly, yzygiderli, uzakmöhletli guramaga mümkinçilik berýär. Önümçiligiň şeýle guralmagy zähmet öndürijiligiň ýokarlanmagyna, zähmet predmetleriniň we zähmet serişdeleriniň ýokary derejede peýdalanylmagy netijesinde işçileriň hünär taýýarlygynyň ösmegine alyp barýar. Ýokary hünär taýýarlykly işçiler, taýýarlygy gowşak hünärmenlere garanyňda hili has ýokary harydy öndürmäge ukyplydyr. Diýmek, önümçiligiň yzygiderli esasda guralmagy harydyň hiliniň ýokarlanmagyna getirýär.

Ýokary hilli haryt öndürmeklik diňe HZB gatnaşmaklygyň netijesinde önümçiligi yzygiderli guramagyň hasabyna gazanylmaýar. HZB köpsanly ownuk kärhanalar hem gatnaşýar. Şeýle kärhanalarda iri önumçiligi yzygiderli esasda guramaga mümkinçilik bolmaýar. Ownuk kärhanalar ýokary hilli harydy, ýokary hünär taýýarlykly işçi güýjüniň we ony işjeň ulanmagyň hasabyna öndürýärler. Ownuk kärhanalaryň ýokary hilli harytlary olaryň dünýä bazaryndaky üstünlikleriniň kepili bolup çykyş edýär.

HZB bu işe gatnaşýan harytlaryň ýokary hilli bolmagyny talap edýär. Şonuň üçin HZB gatnaşýan islendik kärhana ilkinji nobatda harydyň hiliniň ýokarylygy ugrunda göreşýär.

Diýmek, döwlet çäkli serişdeler bilen milli önümçiligini we ilatyň islegini kanagatlandyryp bilýär. Bu çylşyrymly wezipäniň ýerine ýetirilmegi üçin döwletiň HZB gatnaşmagy, zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy, serişdeleri pudaklaryň arasynda netijeli peýdalanyşygy guramagy zerurdyr.

HZB gatnaşýan döwletler ykdysady utuşy hemişe gazanmaklyga ýykgyn edýärler. Şonuň üçin döwletara gatnaşyklar durnukly bolup, ol iki tarapdan utuş getirmelidir. Islendik döwlet şeýle gatnaşyklary ýola goýmaga, beýlekisi bolsa ony goldamaga çalyşmalydyr. Şeýle-de döwletler ozalky gatnaşyklaryny giňeltmäge we täze gatnaşyklary ýola goýmaklyga ýykgyn etmelidir. Döwlet HZB gatnaşmak

bilen milli ykdysadyýetini ösdürmäge, öňde goýlan maksada çalt ýetmäge mümkinçilik alýar.

Ýokardaky aýdylanlardan şeýle netije çykarmak bolar. Döwletleriň HZB gatnaşmaklarynyň esasy sebäbi jemgyýetiň ösen islegini kanagatlandyrmak bilen serişdeleriň çäkliliginiň arasyndaky gapma-garşylykdyr. Bu gapma-garşylyk bir tarapdan serişdeleri tygşytlamak, beýleki tarapdan ösýän islegi kanagatlandyrmak meselesi ýüze çykanda döreýär. Serişdeleri tygşytlamak meselesi bolsa döwletiň HZB gatnaşmagy arkaly çözülýär. Diýmek, ösýän islegi zähmeti tygşytlamagyň hasabyna gazanmak mümkin, ýöne onuň üçin bolsa ýurduň HZB gatnaşmagy zerurdyr.

## 6.2. Halkara derejesinde iş wagtyny tygşytlamak kanunyny amala aşyrmagyň şertleri

Döwletleriň HZB gatnaşmaklary, zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy üçin kesgitli, anyk şertleriň bolmagy zerurdyr. Ol şertlere tebigy baýlyklar, tebigy-geografiki ýerleşiş we beýleki ýagdaýlar degişlidir. Bu şertleri döwletiň HZB gatnaşmagynyň sebäpleri bilen garyşdyrmaly däldir. Döwletiň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmagynyň sebäpleri umumy höweslendiriji ýagdaý bolup, ol ýurtlary HZB gatnaşmaklyga mejbur edýär. Şertler bolsa iş wagtyny tygşytlamagyň, ösýän islegini çäkli serişdeler bilen kanagatlandyrmagyň aýratyn anyk ýagdaýlary bolup çykyş edýär.

Döwletleriň HZB gatnaşmagy üçin zerur bolan tebigy şertleri ýurduň HZB gatnaşmaklygynyň sebäplerinden tapawutlylykda olar döwletleriň arasynda dürli ýagdaýlara görä üýtgäp biler. Meselem, ýurduň HZB gatnaşmaklygy üçin tebigy baýlyklaryň bolmaklygy hökman däldir. Döwlet tebigy baýlyklary bolmasa geografiki ýerleşişi amatsyz bolsa-da, HZB gatnaşmak üçin başga şertleri gözleýär ýa-da döredýär. Olara ýokary hünär taýýarlykly işgärleri döretmek, önümçiligiň aýratyn görnüşlerini ösdürmek degişlidir. Ösen ýurtlaryň mysalynda görnüşi ýaly tebigy şertleri bolmadyk döwletleriň täze şertleri ulanmak arkaly HZB işjeň gatnaşýandyklaryny görmek bolýar.

Döwletleriň HZB gatnaşmaklarynyň sebäbi ýeke-täkdir. Emma dürli şertleriň esasynda alýan ykdysady utuşy köpsanly bolup biler. Şonuň üçin iş wagtyny tygşytlamak kanunynyň amala aşmagy üçin birnäçe şertleriň bolmagy hökman däldir. Ol diňe bir ýagdaýyň hasabyna hem amala aşyrylyp bilner. Ol ýa-da beýleki amatly şertiň bomagy ýurda kesgitli bir harydyň önümçiligine ýöriteleşmeklige mümkinçilik berýär. Bu ýöriteleşme bolsa ýurduň HZB gatnaşmaklygyny kesgitleýär. Bu şertleriň käbiri barada aýratyn durup geçeliň.

Ýurduň HZB gatnaşmagynyň esasy sebäbi bolup tebigy baýlyklar çykyş edýär. Tebigy baýlyklaryň ýurtlaryň arasynda gyradeň paýlanylmazlygy, ykdysadyýetiň belli bir pudagyny ýokary derejede ösdürmäge amatly şertleri döredýär. Tebigy baýlygyň köplügi, onuň ýerleşýän çuňlugy, düzüminde dürli maddalaryň bolmagy ýurtda gazyp alyjy senagatyň ýüze çykmagyna getirýär. Gazyp alyjy senagat jemgyýetçilik zähmetiniň has az sarp edilýän ýerinde ösendir.

Ýurduň tebigy-geografiki taýdan amatly ýerleşmekligi onuň HZB gatnaşmaklygyna şert döredýär. Mysal üçin, Bolgariýanyň, Wýetnamyň, Hindistanyň we beýleki günorta ýurtlaryň oba hojalyk ekinleriniň eksportyna ýöriteleşmeklerine amatly şert ýardam berýär.

Häzirki wagtda önümçilik predmetleriniň ösmegine YTÖ has güýçli täsir edýär. YTÖ tebigy harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri döretmek arkaly ýurtlaryň tebigy şertlere baglylygyny peseldýär. Emma muňa garamazdan tebigy çig mallar öz ähmiýetini saklaýarlar. Nebit, gaz, kömür, demir magdany, reňkli metallar, bugdaý, et, ýüň, tokaýlyklar köp ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösmeginde wajyp ähmiýete eýedir. Şonuň üçin ýurtlaryň önumçilikleriniň halkara ýöriteleşmesinde bu harytlar ilkinji orunda durýar. Umuman, tebigy baýlyklar, amatly geografiki ýerleşiş ýurtlaryň HZB gatnaşmaklaryny has ýokarlandyrýar.

Ýurtlaryň tebigy baýlyklary ýa-da olaryň amatly ýerleşişleri bu pudaklaryň ösmegine, has anygy bu mümkinçilikleriň amala aşyrylýandygyny aňlatmaýar. Sebäbi tebigy baýlyklar köp bolsa-da, ýurduň öndüriji güýçleriniň ýeterlik derejede ösmezligi bu mümkinçilikleriň herekete getirilmegini bökdeýär. Ikinjiden, bir döwlet beýleki bir döwletiň, beýleki bir ýurduň syýasy, ykdysady gysyşynda bolup, şeýle garşylyk ýurduň tebigy mümkinçiliklerini peýdalanmaga ýol bermeýär. Şeýle hem tebigy mümkinçilikleri peýdalanmaklyk diňe bir ykdysady, syýasy garaşlylyga bagly bolman, ýurtda höküm sürýän ykdysady gurluşa hem baglydyr. Sebäbi bar bolan tebigy şertler ýurduň öz-özünden HZB gatnaşmaklygyny üpjün etmeýär. Munuň üçin öndüriji güýçleriň ösmegi, amatly durmuş-ykdysady we syýasy şertleriň hem bolmagy hökmandyr. Ýurduň HZB gatnaşmaklygynda ýokary hünär taýýarlykly işgärleriň bolmaklygy örän uly ähmiýete eýedir. Umuman, bu ýagdaý ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösüş taryhynda hem uly ähmiýete eýe bolupdy. Mysal üçin, gadymy döwletler bolan Hytaýyň, Hindistanyň ilatynyň köplügi gol zähmetini köp talap edýän iri obýektleri guramaga mümkinçilik berdi. Hytaý, Hindi, Mesopotamiýa senetçileriniň ýasan önümleri dünýä ýurtlarynda giňden bellidir.

Ýöne ilatyň sanynyň köplügi ykdysadyýetiň düzümleriniň halkara ýöriteleşme häsiýetli ösmeginde esasy ýagdaý däldir. Mysal üçin, Hytaýyň, Hindistanyň käbir etraplarynda ilatyň gürlügi Belgiýanyňkydan ýokary bolsa-da, ykdysadyýetiň düzümleriniň halkara ýöriteleşme derejesi has gowşakdyr. Diýmek, ýurduň HZB

gatnaşyş derejesi ilatyň sany bilen däl-de, ýokary taýýarlykly işçi güýjüniň we ösen zähmet serişdeleriniň hasabyna gazanylýar.

Ýokary hünär taýýarlykly işçi güýjüniň ýurduň HZB gatnaşygyny ýokarlandyrýandygyna hiç hili şübhe ýokdur. Bu ýagdaý islendik jemgyýetde ilatyň sanynyň däl-de, işçi güýjüniň hiliniň esasy orny eýeleýändigini subut edýär. Ýokary taýýarlykly işçi güýji ygtyýaryndaky zähmet serişdelerini we predmetlerini has netijeli peýdalanýar. Ýokary taýýarlykly işçi güýji önümçilik we şahsy ähmiýetli, ylym siňňitli (ylmy köp talap edýän), ýokary hilli taýýn harytlary öndürmäge ukyplydyr. Şeýle-de hünär taýýarlygy ýokary işçi güýji ýurduň eksportyndaky taýýar harytlaryň möçberiniň ýokarlanmagyny üpjün edýär.

Ýurtda ýokary hünär taýýarlykly işçi güýjüniň ýeterlik toplanandygyna garamazdan, döwletiň halkara önümçilik ugrunyň kesgitlenendigini we bu meseläniň doly çözülendigini aňlatmaýar. Käbir ýurtlarda ýokary taýýarlykly işçi güýji toplansa-da, olar önümçilikde zähmet çekmeýär. Mysal üçin, häzirki wagtda Ispaniýadan, Gresiýadan ýokary hünär taýýarlykly ýüz müňlerçe işçiler iş gözläp daşary ýurtlara gidýärler. Milli ykdysadyýetleriň janlanyp başlamagy bilen, olar öz ýurtlaryna gelip, önümçilikde işläp bilerler. Emma, bu mümkinçilik ýurduň eksport önümçiligini ýokarlandyrmakda peýdalanylmaýar. Käbir halatlarda ösüp gelýän ýurtlardan hem ýokary taýýarlykly işçi güýji öndüriji güýçleriň ösen ýurtlaryna gidýär. Bu ýagdaý işçi güýjüniň derejesi öndüriji güýçleriň ösüşinden öňe geçende ýüze çykýar. Bu ýagdaý bolsa ýurduň ýokary taýýarlykly işçi güýjüni peýdalanyp bilmän, öndüriji güýçleriň ösüşini ýokarlandyrmagy başarman, ýurduň önümçiliginiň halkara ugruny kesgitläp bilmedik ýagdaýynda ýüze çykýar.

Döwletiň HZB gatnaşmagyna seljerme berlende geografiki ýerleşiş we tebigy baýlyklar ýokary hünär taýýarlykly işçi güýji bilen üpjün edilende has amatly bolýandygyny görkezýär. Munuň özi ýurduň zähmet serişdeleriniň ösüşi we dürli harytlary öndürmekde olaryň peýdalanylyşy bilen baglanyşyklydyr. Zähmet serişdeleriniň ösüş derejesi ýurduň HZB gatnaşmaklygynyň wajyp şerti bolup çykyş edýär. Zähmet serişdeleri näçe ösdügiçe, döwletiň HZB gatnaşmak mümkinçiligi hem şonça ýokarlanýar.

Dürli zähmet serişdeleriniň ösüşi bolsa ýurduň HZB gatnaşyşynyň taryhy netijesi bolup çykyş edýär. Häzirki wagtda maşynlaryň we taýýn harytlaryň örän köp görnüşiniň bardygyna garamazdan ýurt özuniň önümçilik we şahsy islegleriniň hemmesini kanagatlandyryp bilýan önümçiligi ýola goýup bilmeýär. Onuň şeýle bolmagyna guramaçylyk we maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligi sebäp däldir. Ýurtlaryň HZB gatnaşyş taryhyna seredeniňde olar birmeňzeş şertlerde bu işe gatnaşyp bilmeýärler. Milli däp-dessurlaryň aýratynlygy, ýurduň HZB goşulyşyp başlan

wagty, YTÖ-niň ösüş derejesi, maýa goýumlaryň erkinligi we başgalar dürli zähmet şertleriniň emele gelmegine getirýär.

Ýurduň HZB gatnaşmagynda ulag serişdeleri hem görnükli orny eýeleýär. Ulag tehnikalarynyň ösmegi ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň çaltlaşmagyna we täze önumçilik ugurlarynyň döremegine getirýär.

Diýmek, ýurduň HZB gatnaşyşyny kesgitleýän şertler bolup öndüriji güýçler, ýagny zähmet serişdeleri, zähmet predmetleri we işçi güýji çykyş edýär. Öndüriji güýçleriň düzüm bölekleriniň her biri ýurduň HZB gatnaşyş ugruny kesgitläp biler. Ýöne olaryň haýsysynyň «çäkli serişdeler bilen ösýän islegini kanagatlandyryp biler?» diýen soraga jogap bermegi hökmanydyr.

Öndüriji güýçleriň her biri ýurduň HZB gatnaşmagyny kesgitlemekde özbaşdaklyga eýedir. Ýurt olaryň haýsy birine eýe bolanda-da, HZB gatnaşyp biler. Emma, olaryň ýurda berýän artykmaçlyklary birmeňzeş däldir. Eger, ýurtda tebigy baýlyklar köp bolup, zähmet serişdeleri ýok ýa-da pes derejede bolsa, onda ýurt diňe daşary bazarlara gazyp alyjy senagatyň çig malyny çykarar. Ýurtda mes toprakly ýerler köp bolup, olary gaýtadan işlemeklige tehnikasy ýeterlik bolmasa, onda az möçberde oba hojalyk çig malyny daşary ýurtlara çykarar. Taryhyň görkezişi ýaly özbaşdak halk hojalyk toplumynyň emele gelmegi üçin ösen zähmet serişdeleriniň edinilmegi gerekdir. Bu zähmet serişdeleri hemme pudakda bolmasa-da birnäçe, hususan-da öňdebaryjy pudaklarda bolmalydyr. Aýratyn-da, maşyngurluşyk pudagynyň bolmagy hökmanydyr. Sebäbi maşyngurluşyk oba hojalyk tehnikalaryny, gazyp alyjy we gaýtadan işleýän senagatdaky zähmet serişdelerini öndürmäge ukyply pudakdyr. Maşyngurluşygyň ösmegi ýurduň çig mal, oba hojalyk we senagat harytlaryna ýöriteleşmesiniň kepilidir. Umuman, ýurt oba hojalyk we gazyp alyjy senagata ýöriteleşen bolsa, zähmet serişdelerini ösdürmek zerurdyr.

Diýmek, ýurduň HZB gatnaşmaklygynyň esasy sebäbi bolup zähmet serişdeleri çykyş edýär. Zähmet serişdeleri taýýar önümleri öndürmegiň esasy şertidir.

Zähmet serişdeleriniň ösmegi bolsa öndürilýän önümleriň görnüşiniň artmagyna getirýär. Dünýä söwdasyndan görnüşi ýaly taýýar harytlary eksport edýän pudaklar zähmet serişdelerini hemişe kämilleşdirýärler. Munuň özi ýurduň HZB gatnaşmagynyň esasy ugrudyr. Taýýar harytlaryň eksporty zähmet serişdeleriniň ösen ýurtlaryna, oba hojalyk we gazyp alyjy senagatyň önümleriniň eksporty zähmet serişdeleriniň pes ösen ýurtlaryna mahsus görkezijidir.

# VII bap
# DÖWLETLERIŇ HALKARA ÝÖRITELEŞMESINIŇ NAZARYÝETLERI

## 7.1. Eksport edilýän harytlaryň önümçilik harajatlarynyň pesligi esasynda döwletiň halkara ýöriteleşmesini açyp görkezýän nazaryýetler

Döwletleriň HZB gatnaşmagy ykdysadyýet üçin örän bähbitlidir. Onuň şeýledigine ykdysadyýetçileriň arasynda hiç hili şübhe ýokdur. Bu ýerde esasy mesele ýurtlaryň HZB gatnaşmagynyň sebäpleri däl-de, haýsy harydy öndürip, ony eksport edeniňde has amatly bolýandygyny kesgitlemekden ybaratdyr. Häzirki wagtda ykdysady edebiýatda ýurduň HZB goşulyşmagy bilen baglanyşykly birnäçe nazaryýetler hereket edýär.

Döwletiň HZB gatnaşmagyny düşündirýän nazaryýetler iki topara bölünýär. Birinji topara amatly tebigy şertleriň netijesinde alyş-çalşa gatnaşdyrylýan harytlaryň bahasynyň arzan bolmagy degişlidir. Başgaça aýdylanda harytlaryň bäsleşige ukyplylygy tebigy şertlerden gelip çykýar. Olara klassyky ýa-da neoklassyky nazaryýetler diýilýär. Ikinji topara monopol şertler degişlidir.

**Adam Smitiň öndürilýän harytlaryň harajatlary ýagdaýynda döwletiň absolýut artykmaçlar nazaryýeti.** Adam Smite çenli Britaniýanyň ykdysady edebiýatynda merkantilistleriň mekdebi agalyk edýärdi. Onuň wekilleriniň garaýşyna görä, ýurduň baýlygy toplanan altyn-kümşe bagly diýip hasap edýärdiler. Olar daşary bazara harydy mümkin boldugyça köp satyp, daşyndan harydy az almaklygy ündeýärdiler. Emma, olar hemme döwletiň şeýle syýasaty ýöreden ýagdaýynda daşary bazarda alyjy tapylmajakdygyny bellemediler.

Merkantilistleriň garaýşyna gapma-garşylykly ýagdaýda Adam Smit harydy daşary bazarlara satmakda däl-de, eýsem satyn almakda hem döwletiň bähbidiniň bardygyny açyp görkezýär. Daşary söwdanyň ähli döwletler üçin bähbitlidigini esaslandyrmak bilen ol: «Eger haýsydyr bir çet ýurt belli bir görnüşli harydy öz öndürýän harydymyzyň gymmatyndan has arzan baha bilen üpjün edip bilýän bolsa, onda ol harydy öndürenimizden satyn alanymyz amatly» diýip nygtaýar. Adam Smitiň daşary söwda boýunça bu garaýşy soňlugy bilen «absolýut artykmaçlar nazaryýeti» diýen at alýar. Bu nazaryýetiň esasy mazmunyna görä ýurtda öndürilýän köp görnüşli harytlaryň önümçilik harajatlary dürli-dürlüdir. Olaryň biriniň harajaty pes bolsa, beýlekisiniňki ýokarydyr. Bahanyň dürlüligi esasynda harydy içerki bazarda ýerläniňden daşary bazara satanyň has amatly bolsa, ol önümi eksport et-

meli we daşyndan satyn alanyň amatly bolsa, onda ol harydy import etmelidigini öňe sürýär.

Adam Smit öňe süren nazaryýetinde haýsy harydy eksport, haýsy harydy import etmeli diýen soraga hem jogap berýär. Onuň garaýşyça önümçilik harajaty pes bolan haryt eksport, önümçilik harajaty ýokary bolan haryt import edilmelidir. Bu garaýyş Angliýa bilen Portugaliýanyň arasyndaky daşary ykdysady gatnaşyklaryň shemalaýyn mysalynda görkezilýär *(5-nji tablisa)*.

*5-nji tablisa*

| **Angliýa** | **Portugaliýa** |
|---|---|
| 1 çelek çakyry öndürmäge 120 adam gatnaşýar. | 1 çelek çakyry öndürmäge 80 adam gatnaşýar |
| 1 top suknony öndürmäge 70 adam gatnaşýar. | 1 top suknony öndürmäge 90 adam gatnaşýar. |

Getirilen mysaldan görnüşi ýaly Angliýa sukna (ýüň mata), Portugaliýa çakyr önümçiliginde absolýut artykmaçlyga eýe. Şeýlelikde, Angliýa sukna, Portugaliýa çakyr önümçiligine ýöriteleşip, özara alyş-çalyş etseler maksada laýyk boljak. Özara alyş-çalşygyň netijesinde Angliýa çakyr önümçiliginden el çekmek bilen 50 adamyň, Portugaliýa sukna önümçiligini bes etmek bilen 10 adamyň zähmetini tygşytlaýar. HZB gatnaşyjylar tygşytlanan zähmeti ilatyň ýa-da halk hojalygynyň ösýän islegini kangatlandyrmak üçin täze önümçilige gönükdirmäge mümkinçilik alýarlar.

### 7.1.1. Dawid Rikardonyň «Deňeşdirme artykmaçlyklar» nazaryýeti

Adam Smitiň «Tebigatyň we halkyň baýlygynyň sebäpleriniň gözlegleri» atly kitaby 1776-njy ýylda, ýagny senagatdaky rewolýusiýadan öň çap edilýär. Şol wagtlar öndüriji güýçleriň ösüş derejesi örän gowşakdy. Munuň özi döwletlere haýsydyr bir haryt boýunça absolýut artykmaçlyga eýe bolmaga mümkinçilik bermeýär. Beýleki bir ýagdaýda käbir döwletler ähli harytlar boýunça absolýut artykmaçlyga eýe bolýarlar. Şeýle ýagdaýlarda «beýleki döwletler bilen söwda etmek amatlymy ýa-da amatsyzmy?» diýen sorag ýüze çykýar. Rikardo bu iki ýagdaýda-da daşary söwdanyň amatlydygyny açyp görkezýär. Onuň öňe süren pikiri soňlugy bilen önümçilik harajatlarynyň «deňeşdirme artykmaçlar nazaryýeti» diýen ada eýe boldy.

Haýsydyr bir döwletiň daşary ykdysady gatnaşyklarynda kesgitli harydyň önümçilik harajatlarynyň deňeşdirme artykmaçlyklary Angliýa bilen Portugaliýanyň arasyndaky shemalaýyn mysalda görkezilýär *(6-njy tablisa)*.

*6-njy tablisa*

| Angliýa | Portugaliýa |
|---|---|
| 1 çelek çakyry öndürmäge 120 adam gatnaşýar. | 1 çelek çakyry öndürmäge 80 adam gatnaşýar |
| 1 top suknony öndürmäge 100 adam gatnaşýar. | 1 top suknony öndürmäge 90 adam gatnaşýar. |

Dawid Rikardo Angliýa bilen Portugaliýanyň arasynda getirilen harajatlaryň absolýut artykmaçlyklar ýagdaýyndan tapawutly nazaryýeti öňe sürýär. Umuman, Angliýa bilen Portugaliýanyň arasynda söwda gatnaşyklaryny alyp barmak amatly. Mysal üçin, Angliýada ýüň matalaryň önümçiligi has ösendir. Emma, Rikardonyň mysalynda getirilen çakyr we sukna önümçiliginde Portugaliýa, Angliýa garanyňda uly artykmaçlyga eýedir. Şeýle ýagdaýda bu iki haryt boýunça Portugaliýanyň Angliýa bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barmaklygyna hiç hili zerurlyk ýok. Ýöne mesele düýbünden beýle däl. D. Rikardo, A. Smitiň önümçilik harajatlarynyň absolýut artykmaçlyklar nazaryýetini ösdürip, önümçilik harajatlarynyň deňeşdirme artykmaçlyklar düşünjesini girizýär. Bu düşünjäniň esasy mazmuny bolup, döwletiň öndürýän harydy diňe bir absolýut artykmaçlyga däl-de, daşary ýurt kärhanasyna garanyňda deňeşdirme artykmaçlyga eýe bolan ýagdaýynda-da halkara ýöriteleşme döwlet üçin bähbitlidir. Bu nazaryýetiň esasy ähmiýeti, onuň nygtaýan ýeri bolup, zähmetiň bir ýurtdan beýleki ýurda geçirilmegini göz öňünde tutýar.

**Hekşer-Oliniň döwletiň kesgitli harydyň önümçiligine halkara ýöriteleşmesini kesgitleýän faktorlar nazaryýeti.** Döwletleriň öňünde haýsy harydy öndürmeklige ýöriteleşmeli, haýsy harydy eksport etmeli? diýen sorag ýüze çykýar. A. Smit we D. Rikardo bu soraga zähmetiň gymmaty nazaryýetine esaslanýarlar. Olaryň pikiriçe döwlet daşary söwdada harydyň önümçilik zähmeti beýleki ýurda garanyňda pes bolsa, şol harydy hem eksport etmeli diýip belleýärler. Görnüşi ýaly, bu alymlaryň ikisi hem önümçilik harajatyny ýa-da harydyň gymmatyny kesgitlemekde diňe zähmet faktoryna esaslanýarlar. D. Rikardonyň bu pikiri iki asyrdan gowrak wagt dowam etdi.

XIX asyryň ikinji ýarymy, XX asyryň başlarynda önümçilik faktory nazaryýeti ýüze çykdy. Bu nazaryýet önümçilikde harydyň gymmatynyň emele gelmegine ýer, zähmet we maýa goýum faktorlarynyň täsirinden gelip çykýar. Umuman, baha faktory ýeriň, zähmetiň we maýa goýumyň köplügine we seýrekligine esaslanýar.

Haryda siňdirilýän zähmet, maýa goýum we beýleki serişdeler birmeňzeş bolmaýar. Önümçiligiň üç faktory nazaryýetine laýyklykda haýsy harydyň eksport edilmegini aýdyňlaşdyrmak zerurlygy ýüze çykýar.

Olaryň arasynda «tehnologiki ösüş», «haryt aýlanyşygynyň dowamlylygy» ýaly nazaryýetler haýsy harydy eksport etmeli diýen soraga jogap berýär. Bu sowala birnäçe jogaplaryň bardygyna garamazdan olaryň hemmesi-de önümçilik faktorlary bolan ýer, zähmet, maýa goýum talap edijilik bilen baglanyşyklydyr.

Ýer talap edijilik faktory – harydyň bahasynyň düzüm bölegi bolup, ýer bilen berk baglanyşyklydyr. Ol agrar çig mal harytlarydyr. Ýer talap edijilik adalgasyny başgaça serişde talap edijilik düşünje bilen aňlatmak bolar. Umuman, ýer talap edijilik diýip önümçilikde ulanylýan agrar çig mal harytlaryň kesgitli mukdaryna düşünilýär.

Zähmet talap edijilik ýa-da zähmet siňňitlilik haryda, siňdirilýän zähmetiň, bahanyň ululygyny görkezýän, ýurduň önümçilik ugruny kesgitleýän esasy ýagdaýydyr.

Maýa goýum talap edijilik ýa-da maýa goýum siňňitlilik üçünji ýagdaýdyr. Ol harydy ýasamak üçin çykarylýan maýa goýum serişdelerinden ýa-da önümçiligiň maýa goýum talap edijiliginden ybarat bolup, harydyň bahasyna gönüden-göni täsir edýär. Maýa goýum siňňitliligiň pes derejesi harydyň bahasyna täsir edýär. Ýagny meňzeş şertlerde öndürilýän harydyň haýsysynyň maýa goýum siňňitliligi az bolsa şol harydyň bahasy hem pesdir.

Öndürilýän harydyň bahasynyň düzümine üç faktor hem täsir edýär. Önümçiligiň üç faktory nazaryýetiniň nukdaýnazaryndan döwlet haýsy harydy eksport etmeli? Bu soraga ýokarda birnäçe jogap berilýär. Häzirki zaman nazaryýetleriň hemmesiniň diýen ýaly gözbaşynda Hekşer-Oliniň önümçilik faktory nazaryýeti durýar. Şonuň üçin onuň mazmunyna täzeden seredeliň.

Hekşer-Oliniň öňe süren nazaryýetiniň esasy manysy: «Ýurtda bu faktorlaryň haýsysy has bolluk edýän bolsa, döwlet şol harydyň önümçiliginde deňeşdirme artykmaçlygy gazanýar» diýmekden ybaratdyr. Bu pikiri iňlis ykdysadyýetçileri E. Diksit we B. Norman: «Haýsy döwletde bu faktorlar bol we arzan düşýän bolsa, ol harydyň önümçiligi intensiw peýdalanylýan bolsa, onda onuň bahasy-da deňeşdirilende arzan bolar. Şeýle hem döwlet şol faktorlary deňeşdirende az harajat edýän bolsa, onda şol döwletden hem deňeşdirme artykmaçlygyna garaşmak bolar» diýip dowam edýärler.

Hekşer-Oliniň nazaryýetine laýyklykda harytlaryň faktor siňňitliligi dürli bolup biler. Olaryň önümçiliginiň biri zähmeti, beýlekisi maýa goýumy köp talap edýär. Eger bir döwletde zähmet resursy köp bolsa arzan, beýleki döwletde zähmet serişdesi az bolsa, onda ol gymmat bolýar. Şeýle ýagdaý maýa goýumda hem dowam edýär. Şonuň üçin her bir döwlet önümçilikde arzan faktor harçlanýan harydy eksport etmeklige çalyşýar.

Arzan faktoryň köplügi, onuň kesgitli harydyň önümçiliginde intensiw ulanylmagy, ykdysadyýetiň şol bölüminde zähmet öndürijiligiň ýokarlandyrylmagy, önümçilik harajatlarynyň peselmegine getirýär. Ýöne munuň özi şol faktoryň

esasynda öndürilýän harydyň eksport edilýändigini aňlatmaýar. Hekşer-Oliniň tassyklamagyna görä, şol faktor önümçilikde ulanylyp, onuň ugry önümçilik harajatlarynyň peselmegine gönükdirilipdir diýeliň. Ýöne, beýleki ýagdaý beýleki faktorlaryň hem pes ýa-da deň şertlerinde bolup bilýär. Eger galan iki faktoryň bahasy dünýä bahasyna deň ýa-da pes bolsa, arzan düşýän şol faktor haryt önümçiliginde ulanylýan bolsa, onda arzan we köp faktoryň esasynda öndürilýän harydyň bahasy dünýä bahasyna deň ýa-da pes bolup biler. Döwletleriň hemmesinde faktoryň köplügi we arzanlygy birmeňzeş däldir. Bir faktoryň köplügi we bollugy harydyň bahasynyň pesligini aňlatmaýar. Harydyň bahasyna beýleki faktorlar hem düýpli täsir edýär. Beýleki iki faktoryň bollugyna garamazdan, olaryň bahasynyň ýokary bolmagy harydyň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Diýmek, döwlet özünde bol faktoryň esasynda öndürilýän harydy eksport edýär diýip bir agyzdan aýdyp bolarmy? diýen sowaly ýüze çykarýar. Hatda, önümçilik faktory nazaryýetine laýyklykda bu faktorlaryň birden-biri bol we arzan bolanda-da arzan we köp faktoryň esasynda öndürilen harydy eksport edip bolýar diýip aýdyp bolmaz. Bu ýerden başga netije gelip çykýar, ýagny ýurtda bu faktorlaryň üçüsi hem bar we olar arzan bolanda eksport edip bilýär diýen netijäni çykarmak bolar. Emma, şeýle netije A. Smitiň we D. Rikardonyň teklibinden tapawutlanmaýar. Klassyky iňlis ykdysadçylarynyň nazaryýetinden neoklassyk Hekşer-Oliniň nazaryýetini biri-birinden şeýle tapawutlandyrmak bolar. A. Smit we D. Rikardo önümçiligiň ähli çykdajylaryny zähmet harajatlarynda görýärler. Hekşer-Olin bu harajatlary aýratyn faktorlara bölýärler. Bu iş Hekşer-Oliniň nazaryýetiniň esasy täzeligi bolup durýar. Ýöne Hekşer-Oliniň nazaryýeti ýurduň eksport boýunça ýöriteleşmesine degişli soraga däl-de, harydyň bahasynyň emele gelmegine jogap berýär.

### 7.1.2. «Kwalifisirlenen zähmetiň artykmaçlyk ähmiýeti» modeli

Milli ykdysadyýetiň ösüşinde, ol ýa-da beýleki harydy öndürmekde işçi güýjüniň mukdarynda we hilinde, maýa goýumyň göwrüminde, düzüminde üýtgeşmeleri geçirmek zerurdyr. Şeýle hem tebigy serişdeleriň göwrüminde we hilinde düýpli öwrülişik etmek zerurlygy hem ýüze çykyp biler. Munuň özi HZB-de başga garaýyşlaryň ýüze çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Oňa HZB-niň «neofaktorly we tehnologiki nazaryýetleri» diýilýär. Olaryň arasynda «kwalifisirlenen zähmetiň artykmaçlyk ähmiýeti» modeli görnükli orun eýeleýär. Bu model Hekşer-Oliniň nazaryýetiniň özboluşly dowamydyr. Kwalifisirlenen zähmetiň bolluk etmegi, belli bir harydy öndürmeklige ýöriteleşmegi ýeterlik harajatlary talap edýär. Bu modeliň tassyklamagyna görä haryt önümçiliginde kwalifisirlenen, kwalifirlenmedik zähmet we maýa goýum gatnaşýar. Ykdysadyýetçileriň tassyklamagyna görä, ýokary hünär taýýarlykly işgärleriň bolluk etmegi ýokary kwalifisirlenen zähmeti köp talap

edýän harydyň eksport edilmegine getirýär. Kwalifisirlenmedik zähmetiň esasynda öndürilýän haryt kwalifisirlenmedik zähmeti talap edýär.

Önümçiligiň maýa goýumy köp ýa-da az talap edýändigine garamazdan kwalifisirlenen zähmetiň bolmagy harydyň hiline we bahasyna täsir edýär. Umuman, ýokary taýýarlykly zähmet, döwletiň belli bir önümçilige ýöriteleşmegi köp harajatlary talap edýär.

### 7.1.3. Önümçiligiň göwrüminiň hasabyna tygşytlama modeli

Günbatar ýurtlarynda HZB-niň önümçiligiň göwrüminiň ýöriteleşmegine esaslanýan nazaryýeti giňden ýaýrandyr. Bu nazaryýete laýyklykda döwletde halkara ýöriteleşen ugruna laýyklykda önümiň bir birligine düşýän çykdajyny azaltmak we öňümçiligiň göwrümini amatly ölçege çenli ulaltmak meselesi ýüze çykýar. Bu modeliň nygtamagyna görä, ägirt uly önümçilikleri diňe kuwwatly ýurtlar içerki bazaryň talabyna laýyklykda gurap bilerler. Bu pikir barada amerikan ykdysadyýetçisi Haufbauzer şeýle diýýär: «Ähli döwletleriň arasynda önümçilik we alyş-çalyş deň şertlerde alnyp barlanda kiçi senagatly ýurtlar iri, tygşytly kärhanalary eksportyň hasabyna gurup bilerler. Emma, içerki bazar daşary bäsleşikden tarif päsgelçilikleri arkaly goralýan bolsa, kiçi döwletiň şol harydy öň öndürip başlandygyna garamazdan iri döwlet ahyrky hasapda önümçiligi tygşytlamagyň hasabyna utuş gazanýar.

Iri we kiçi döwletleriň arasynda HZB-ni nähili ýola goýmaly? Kiçi döwletler az mukdarda öndürilýän harytlara ýöriteleşýärler. Mysal üçin, Şweýsariýa sagatda, Belgiýa senagat stanoklaryna, Şwesiýa awtomobillere ýöriteleşmek bilen dünýä bazaryndaky ornuny saklaýarlar.

Linderiň modeli ABŞ bilen Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň arasynda hem öz beýanyny tapmaýar. Saud Arabystanynyň, Kuweýtiň, BAE-niň milli girdejileriniň jan başyna düşüşi bir meňzeşräk bolsa-da, olaryň arasyndaky söwda pudaklaýyn häsiýetlidir. Şonuň üçin pudagiçre söwda milli girdejiniň adam başyna düşüşi deňeçer ýurtlaryň arasynda alnyp barylýar diýen düşünje bilen ylalaşmak kyndyr. Bu ýagdaý birmeňzeş islegiň esasynda emele gelýär diýip aýtmak bolar. Döwletleriň bir pudaga degişli dürli harytlaryň söwdasyny alyp barmaklarynyň sebäbi şundan ybaratdyr. Döwletler belli bir harydy öndürmek üçin ylmy-tehniki, maýa goýum, zähmet serişdelerini jemleýärler. Milli girdijileriň deňeçerligine garamazdan önümçilik ýagdaýy hiç döwletde birmeňzeş däldir. Mysal üçin, maşyngurluşykda ulanylýan stanoklaryň, mikroelektronikada ulanylýan mikroprosessorlaryň bahalary meňzeş bolup, hil taýdan şol bir işi ýerine ýetirse-de, biri-birinden tapawutlydyr. Bu ýagdaý öz gezeginde islege täsir edýär.



5. Sargyt № 832

## 7.2. Kärhananyň aýry-aýry harytlarynyň önümçiliginiň artykmaçlygy boýunça döwletiň ýöriteleşmesini kesgitleýän HZB-niň nazaryýetleri

Hekşer-Oliniň nazaryýetine laýyklykda döwletiň daşary söwdadaky deňeşdirme artykmaçlygy önümçilik harajatlarynyň pesligine, faktoryň bolluk etmeginiň hasabyna gazanylýar. Emma, ykdysadyýetçileriň başga bir topary döwletiň ýa-da kärhananyň artykmaçlygy belli bir harydy öndürmekde monopol täzeligi esasynda bolup geçýär diýip hasaplaýarlar. Şeýle kärhanalarda deňeşdireniňde arzan, belli bir wagtyň dowamynda hiç kimiň öndürip bilmejek harydyny öndürmek meýli ýüze çykýar. Bu strategiýanyň amatsyz ýeri ol haryda islegiň boljaklygydyr. Bu nazaryýete «tehnologiki böwsülme» diýilýär.

### 7.2.1. «Tehnologiki böwsülme» modeli

Bu modeli esaslandyryjy iňlis ykdysadyýetçisi M. Poznerdir. Onuň bu işi 1961-nji ýylda çap edildi. Bu pikir birneme soňrak amerikan alymlary tarapyndan ösdürildi. Pozneriň pikirine görä, iki döwletiň arasyndaky söwda bir döwletiň pudagynda bolup geçen tehniki täzeligiň hasabyna üýtgäp biler. Tehniki täzeligi ilkinji ele alan döwletde birmeňzeş harydyň önümçiliginde harajatlary peseltmäge mümkinçilik alýar. Şol bir wagtyň özünde täze öndürilýän haryt belli bir wagtyň dowamynda içerki we daşarky bazarda monopol agalygy saklaýar.

Tehniki täzelikleriň beýleki döwletde hem ulanylyp başlanmagy tehnologiki böwsülmäni bes edýär. Sebäbi beýleki döwlet şol täzeligiň ygtyýarnamasyny satyn alýar ýa-da şoňa meňzeş harydy çykaryp  başlaýar. Bu aralyk täze tehnologiýanyň çylşyrymlylygyna we çykdajylaryna baglydyr. Ykdysady taýdan deňeçer ýurtlarda birmeňzeş tehnologiýany öndürmegiň wagty on ýyldan geçmeýär.

Pozneriň pikiriçe, tehniki täzeligi beýleki döwlet alandan soň ol öz ähmiýetini ýitirýär. Ol tehniki täzelik ýurda belli bir wagtyň dowamynda artykmaçlyk berýär diýip hasaplaýar. Ýöne Pozner täzelikleriň hemişe kämilleşdirilýändigine ünsi çekmändir.

«Tehnologik böwsülme» modeliniň tarapdarlary bu nazaryýetiň döwletleriň ylmy-tehniki gurbatyna, ylmy-tehniki täzelikleriň önümçilige ornaşdyrylyşyna işçi güýjüniň kwalifikasiýasyna hem baglydygyny belleýärler. Başgaça, olar Hekşer-Oliniň nazaryýetini giňeldýärler. Maýa goýum, zähmet talap edijilik faktorlary öndüriji güýçler bilen çalşyrylýar.

### 7.2.2. «Haryt ömrüniň dowamlylygy» nazaryýeti

«Haryt ömrüniň dowamlylygy» nazaryýeti tehnologiýa nazaryýeti bilen berk baglanyşyklydyr. Bu pikiriň awtory Garward uniwersitetiniň professory R. Wer-

nondyr. Onuň pikirine görä, täze haryt birnäçe tapgyrlary, döwürleri geçýär. Ol döwürlere girizme, çalt ösüş, haýallama, tamam bolmak degişlidir.

Täze haryt birinji döwürde uly bolmadyk möçberde çykarylýar. Onuň tehnologiki taýdan işlenilmegi ylmy-tehniki ösüşiň ösen talabyndan gelip çykýar. Täze önümi uly möçberlerde öndürmek kwalifisirlenen zähmeti köp talap edýär. Täze haryt birinji döwürde öndürilen ýurdunyň bazaryna çykarylýar.

Ikinji döwürde täze önüme daşary bazarlarda isleg döreýär. Düzgün bolşy ýaly bu isleg ösen döwletlerden ösüp gelýän ýurtlara akyp geçýär.

Üçünji döwürde birmeňzeş harytlaryň döremegi bilen bahalar pese gaçýar. Sebäbi ol işçi güýjüne pes tölenýän ýurtlara harydyň bahasyny peseltmek maksady bilen geçirilip başlanýar.

Dördünji döwürde haryt täzeligini bes edýär, onuň önümçiligi gysgaldylýar, getirýän peýdasy azalýar we bazardan ýitip gidýär.

«Haryt ömrüniň dowamlylygy» nazaryýetiniň umumy düzgüni şundan ybaratdyr. Onuň tarapdarlary haýsy döwürde anyk harydyň bu modele laýyklykda bolup geçýändigini görkezýärler. Şeýle haryt, köplenç, ABŞ-da, soňra ÝB-de we Ýaponiýada öndürilýär.

Bu modeliň birnäçe ýetmezçilikleri bardyr. Hakykatdan hem täze haryt önümçiligiň, maýa goýumyň, tehnologiýanyň bir ýere jemlenmegi netijesinde belli bir wagtyň dowamynda ýokary peýda almaga mümkinçilik berýär. Ýöne onuň näçe wagt dowam edýändigini kesgitlemeýär. Şeýle hem käbir harytlar bu modele laýyklykda öz ömrüni tamamlaýar. Mysal üçin, şotland wiskisi, italýan wermuty, fransuz duhisi eýýäm ýüz ýyldan gowrak wagt bäri öz islegini ýitirmeýär. Şeýle hem tehnologiýalaryň diňe ABŞ-dan, ÝB-den ösüp gelýän ýurtlara geçmegi bilen bir hatarda, TMK-laryň üsti arkaly ösüp gelýän ýurtlardan ösen ýurtlara hem geçýär. Şol bir wagtyň özünde täze harytlar ilkinji bolup diňe ABŞ-da öndürilýär diýlen söz bilen hem ylalaşmak kyn. Beýleki döwletler hem bu ugurda önjeýli işleýärler. Mysal üçin, wideo magnitofonlary gollandlaryň «Fillips», ýaponlaryň «Soni», «Masusita» kompaniýalary tarapyndan oýlanyp tapyldy. Şeýle-de häzirki wagtda ABŞ ýokary tehnologiýaly harytlaryň bazarynda öňdeligi ÝB, Ýaponiýa, Günorta Koreýa ýaly ýurtlar bilen paýlaşmaly bolýar.

Geçen asyryň 70–80-nji ýyllarynda dörän nazaryýetleriň hemmesi-de Hekşeriň-Oliniň nazaryýetine syrygýar. Hekşeriň-Oliniň nazaryýeti bolsa Rikardonyň önümçiligiň deňeşdirme artykmaçlyklary nazaryýetine esaslanýar. HZB-niň täze nazaryýetleriniň aýratynlygy halkara söwdasyndaky bolup geçýän üýtgeşmeleri meýilleri özboluşly görnüşde, hususan-da, ýokary tehnologiýaly, ylym siňňitli, bölekleýin öndürilýän harytlaryň hasabyna düşündirmäge çalyşmakdan ybaratdyr.

# VIII bap HALKARA ZÄHMET BÖLÜNIŞIGINE GATNAŞÝAN KÄRHANANYŇ NETIJELILIGINIŇ KESGITLENILIŞI

## 8.1. Netijeliligi kesgitlemegiň usulyýet ýörelgeleriniň esaslary

Döwletleriň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň netijeliligini kesgitlemek, mazmunyna göz ýetirmek halkara ykdysady gatnaşyklaryň möhüm meseleleriniň biridir. Milli hojalyklary HZB-ä gatnaşmaga iterýän esasy imrindiriji güýç bolup kesgitli ykdysady bähbit çykyş edýär. «Dürli halklaryň şahsy bähbitlerini yzarlanyňda ol zähmet bölünişiginiň tygşytly we netijeli ulanmagyna getirýär» diýip, D. Rikardo özüniň belli işinde ýazýar. Ýöne, alymyň bu netijesi senagat taýdan ösen ýurtlaryň arasyndaky söwda gatnaşyklaryny göz öňünde tutýar. Emma, haryt-pul gatnaşyklary hereket edýän döwletleriň biri-birine material taýdan gyzyklanmasy hemişe artýar. Diňe ösen döwletler däl-de, ösüp gelýän ýurtlaryň hem HZB gatnaşmak arkaly ykdysady peýda gazanmak maksady saklanyp galýar. Eger döwletler HZB gatnaşmak arkaly ykdysady peýda gazanmasa, onda milli önümçiligiň üznüksizligi bökdelerdi ýa-da ol önümçilik öz işini tutuşlygyna bes ederdi.

Döwletleriň HZB-ä gatnaşmagy arkaly alýan peýdasy ýa-da netijeliligi bolup näme çykyş edýär? Bu düşünje ykdysady kanunlardan, hususan-da, iş wagtyny tygşytlamagyň umumy ykdysady kanunyň talaplaryndan gelip çykýar. Bu kanunyň täsiri aýry-aýry döwletleriň harydyň anyk bir görnüşine ýöriteleşmegi olara önümiň bir birligine harçlanylýan jemgyýetçilik zähmetiň tygşytlamaga berýän mümkinçiligi ýa-da kesgitli iş wagtynyň dowamynda has köp öndürmegiň esasynda amala aşýar. Jemgyýetçilik zähmetiň tygşytlanmasy diňe halkara hyzmatdaşlygyň netijesinde gazanylýar. Eger halkara ykdysady gatnaşyklar bolmasa jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamak meselesi ýüze çykmazdy.

Anyk döwletiň ýa-da onuň kärhanasynyň HZB-ä gatnaşmak arkaly alýan netijeliligini kesgitlemek üçin onuň ölçegleri bolup durýan usulyýet ýörelgelerini kesgitlemek zerurdyr. Ol usulyýet ýörelgeleri aşakdakylardan ybaratdyr.

**Gymmatyň esasynda netijeliligi hasaplamak.** Bu baha beriş ölçeginde harajatlaryň jemi ýa-da önümçilik bahasy peýdalanylýar. Şeýlelikde milli harydyň bahasy bilen halkara gymmat deňeşdirilýär.

**Kärhananyň HZB-ä gatnaşmagynyň netijeliliginiň söwda arkaly amala aşmagy**. Daşary ykdysady gatnaşyklaryň netijeliliginiň usulyýetlerini kesgitle-

mekde ilki bilen daşary söwdanyň girdejililigine, önümçilikleriň halkara ýöriteleşmesiniň we kooperirlenmeginiň netijeliligine seredilýär. HZB-niň görnüşleri dürli görnüşde amala aşyrylyp bilner we olaryň her haýsynda kesgitli ykdysady netije ýüze çykýar. Ýöne HZB-niň görnüşleriniň amala aşyrylyşy halkara söwdasynda garyşdyrylýar. Mysal üçin, halkara söwda bilen halkara ýöriteleşmäniň netijelerini aýrybaşga zat hökmünde garamak bolmaz. Bu mesele netijeliligi öwrenmekde wajyp pursatlaryň biri bolup durýar. Sebäbi HZB-ä iki häsiýetli alamat – önümçiligiň ýöriteleşmesi we halkara alyş-çalşy zerurdyr. Şeýle hem önümçilikleri jemlemegiň netijeliliginden önümçiligiň ýöriteleşmesiniň netijesini aýrybaşgalamak maksadalaýyk däldir. Eger döwletler önümçilikleriň ýöriteleşmesi üçin ylalaşyk baglaşmasalar, önümçilik bölümlerini (zwenolaryny) jemläp bilmezler. Garşylykly ýagdaýda bu ylalaşyk sagdyn ykdysady paýhasyny ýitirýär.

**Daşary ykdysady işiň netijeliligini hasaplamagyň ýollary.** Ýöriteleşen önümçiligiň netijeliligi söwda arkaly amala aşyrylýar. Ol iki sany ýol arkaly kesgitlenýär. Jemgyýetçilik zähmetiniň tygşytlanmasy ilkinji nobatda ýurduň halkara ýöriteleşmesiniň netijesinde ýüze çykyp, ähli harajatlar daşary ýurda ýerlenen harytda öz beýanyny tapýar. Şeýlelikde döwletiň ýa-da kärhananyň alýan peýdasynyň ululygy ýüze çykýar. Tygşytlanmagynyň ikinji ýoly maýa goýumlaryň ululygy ýa-da azlygy esasynda emele gelýär. Şeýle çemeleşme döwletiň dünýä hojalygyna gatnaşyşyny giňeltmek boýunça ýüze çykýan soragy kesgitlemekde örän wajypdyr. Maýa goýumlaryň ululygyny kesgitlemekde önümçiligi giňeltmelimi, ýapmalymy, daşary, bazar üçin täze önümçilik, täze haryt öndürmelimi ýa-da içerki sarp edijilere niýetlenmelimi we ş.m. birnäçe soraglary öwrenmek örän möhümdir.

**Netijeliligi kesgitlemegiň başlangyjy we ahyry.** Meýilnamalaşdyrylýan ykdysadyýetde netijelilige seljerme bermek ilkinji nobatda tutuş halk hojalyk derejesinde kesgitlenilýärdi. Bazar ykdysadyýeti ýurtlarynda netijeliligi kesgitlemek kärhanadan ýa-da birleşikden başlanýar. Beýleki ýurtlar bilen iş salyşýan kärhanalaryň işi netijeli bolsa tutuş halk hojalygynyň daşary işiniň netijeli boljakdygy düşnüklidir. Käbir halatlarda belli-belli kärhanalaryň daşary işi netijesiz ýa-da netijelilik pes bolsa-da döwletiň bähbidi hem yzarlanylýar (Döwlet ýa-da milli bähbitler köp ugurlarda ýüze çykyp biler).

Netijeliligiň ahyryny kesgitlemek möhüm ähmiýete eýedir. Bu soragyň seljermesi daşary söwdanyň umumy netijeliligini kesgitlemekden başlanýar. Bu ýerde kärhananyň eksportynyň, ondan soňra importynyň, ahyrynda eksport-import amallarynyň jeminiň netijeliligi kesgitlenýär.

**Netijeliligi ýerleşdirmegiň ulgamy.** Ýerleşdirmegiň bähbidi iki ulgamda ýüze çykýar. Birinjisi ýerli, ikinjisi daşary bazarda harydy ýerleşdirmek arkaly bolup geçýär. Ýöne daşary bazarda ýerleşdirilen haryt HZB-niň netijesi bolup çykyş edýär.

**Karz täsiriniň netijeliligi.** Iň soňky usulyýet bolup çykyş edýär. Halkara alyş-çalşygynyň belli bir bölegi karzyň hasabyna amala aşyrylýar. Şonuň üçin

netijeliligi kesgitlemekde karz amallarynyň ululygyny kesgitmek zerurdyr. Karzyna berilýän harytlaryň göterimi ýokary we eksportýor üçin amatly bolsa, importýor üçin netijeliligiň peselmegine getirýär. Eger halkara alyş-çalyş nagt hasaplaşyk esasynda bolup geçýän bolsa, onda bu koeffisiýentiň netijelilige hiç hili täsiri ýokdur.

## 8.2. Haryt eksportynyň netijeliligi

Kärhanalaryň we birleşikleriň daşary bazarlara çykmagy bilen olaryň çözmeli birnäçe gaýragoýulmasyz meseleleri ýüze çykýar. Olaryň içinde ilkinji orunda akysy jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamak ýa-da daşary ykdysady işiň netijeliligini kesgitlemekden ybaratdyr. Elbetde HZB-ä gatnaşýan hojalyk birlikleriniň ahyrky maksady material esasdaky gymmatlygy daşary bazarlara ýerläp, peýda gazanmakdan ybaratdyr. Bu ýerde esasy mesele netijelilik nähili döreýär we ony nädip ölçemeli? diýen soraga jogap tapmakdyr. Ýokarda görkezilişi ýaly bu meseläni gymmatyň esasynda kesgitläp bolýar. Ýöne milli baha bilen halkara gymmat deň gelse ýa-da milli gymmat halkara gymmatdan has ýokary bolsa, onda ýokarky jogap bu meseläniň çözgüdi bolmaýar. Bu soraga jogap bermek üçin eksport edýän önümçilikçileriň alýan peýdasynyň her birine aýratynlykda seredip geçeliň.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly milli we halkara gymmatyň deň gelmegi eksport edilýän harydyň gymmatynyň artmagyna getirmeýär. Şol bir wagtyň özünde kärhanalaryň öz içerki bazarynda has artyk peýda alýan wagtlary-da bolýar. Bu ýagdaýda ýerli bazary haryt bilen üpjün edip, alynýan peýdany has köpeltmek maksady bilen önümçilik giňeldilýär. Gymmatyň ösmegi ilki ýurduň içinde bolup geçýär, ýöne emele gelen gymmat daşary bazarda ýerlenilýär.

Alynýan peýdany önümçiligi giňeltmegiň we dünýä bazaryna ugradylýan harytlary köpeltmegiň hasabyna ýokarlandyryp bolýandygy düşnüklidir. Emma telekeçiler halkara alyş-çalşygyndan has köp peýda almak isleýärler. Daşary söwdanyň wezipesi halkara alyş-çalşygy giňeltmekden ybaratdyr. Daşary bazara ugradylýan harydyň gymmaty milli gymmata deň bolsa, onda alynýan girdejiler hem deň bolar. Bu ýerde ýokary peýda ýokdur, onda diňe öndürilen harydyň möçberi artýar. Peýdany ösdürmegiň şu görnüşi diňe içerki sarp edijiler bilen bir hatarda dünýä ýurtlaryna, sebitlerine haryt ugradýan iri kärhanalar üçin örän wajypdyr. Ýöne, eksporta niýetlenýän iri önümçilikleri gurmak we onuň esasynda alynýan peýdany köpeltmek hemişe maksadalaýyk däldir.

Aýratyn bellemeli zatlaryň biri hem eksport edilen harytlar özüni ödemelidir we ortaça peýda getirmelidir. Daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösüşinde esasy orun alynýan peýda degişlidir. Bu barada D. Rikardo: «Eger artykmaç altyn alynmaýan bolsa Portugaliýa Angliýadan sukno, Angliýa Portugaliýadan çakyr getirmezdi» diýip belleýär. Hakykatdan hem öndürijiler daşary bazara satýan harytlarynyň bahasy ýerli bazardaky haryt bilen deň bolsa, onda hiç kim daşary bazara haryt sat-

mazdy. Bu ýagdaý diňe harytlaryň göwrüminiň ulalmagy bilen alynýan peýdany artdyrýar. D. Rikardonyň belleýşi ýaly kärhana diňe ortaça peýdany däl-de, ýokary peýdany hem gazanmalydyr. Ýöne şeýle amatly şertler eksportýor üçin hemişe bolup durmaýar. Ilki bilen onuň ýüze çykmagyna garaşmaly, galyberse-de şeýle amatly ýagdaý eksport edýän kärhanalaryň birinde bolsa, beýlekisinde bolmaýar.

Peýdany eksport edilýän harytlaryň möçberini artdyrmagyň hasabyna ýokarlandyrmaklyga milli walýutanyň alyş-çalyş kursy hem täsir edýär. Umuman, ortaça peýdany hasaplamagyň aşakdaky görkezijileri ulanylýar:

$$G_{ý} = W_g \cdot W_k,$$

bu ýerde $G_{ý}$ – önümiň bir-birligini ýerlemekden gelen girdeji;

$W_g$ – önümiň bir-birligini ýerlemekden gelen walýuta girdeji;

$W_k$ – milli walýutanyň alyş-çalyş kursy.

Goý, kärhananyň daşyna satýan harydynyň halkara gymmaty milli gymmat bilen gabat gelip, ol 100 dollara deň bolsun. 1 dollar 8 milli pula deň diýeliň. Kursuň netijesinde kärhana 800 milli walýuta deň bolan girdeji alýar. Harydyň özüne düşýän bahasy 600 milli walýuta deň bolsa, kärhana 200 milli walýuta girdeji alýar. Ine şu ortaça peýda daşary bazara haryt ýerlemeklik arkaly, ýagny bazary giňeltmeklik arkaly gazanylýar. Bu girdejini peýdalanmak arkaly önümiň bir birliginden gelýän peýdanyň ululygyny aşakdaky formula arkaly hasaplap bolýar:

$$P = G_{ý} - Ö_{ö},$$

bu ýerde $P$ – peýda;

$Ö_{ö}$ – önümiň özüne düşýän gymmaty,

Önümiň bir birliginden alnan peýdany harydyň tutus toplumyna köpeldenimizde jemi peýda emele gelýär. Ol şeýle hasaplanylýar:

$$P_j = P \cdot H_t,$$

bu ýerde $P_j$ – jemi peýda;

$H_t$ – haryt toplumy.

Daşary ýurtlara satylýan harydyň möçberini artdyrmagyň hasabyna ortaça peýdany ýokarlandyrmak, önümçiligi giňeltmegiň giň ýaýran görnüşidir, emma ýeke-täk çykalgasy däldir. Kärhana ortaça peýda bilen bir hatarda ýokary peýdany hem gazanyp bilýär. Bu ýagdaý nähili bolup geçýär?

Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly milli gymmat halkara gymmat bilen deň bolan ýagdaýynda hem kärhana üçin maksadalaýyk diýip hasaplap bolýar. Emma, daşyna satylýan harydyň bahasy milli bahadan pes bolan ýagdaýynda bu ýagdaý kärhana üçin maksadalaýyk däldir. Käbir halatda daşary ýurt walýutasy zerur bolup mejbury ýagdaýda milli gymmatdan pes bahadan daşyna haryt satylyp bilner. Şeýle ýagdaý örän zerur bolan enjamlary we beýleki serişdeleri satyn almakda ulanylýar. Emma, eksportyň yzygiderli ösdürilmegi üçin halkara gymmatyň ýerli gymmatdan

ýokary bolmagy zerurdyr. Alynýan ýokary peýda ykdysady taýdan örän bähbitli bolup, kärhananyň HZB-ä gatnaşmaklygyny höweslendirýän esasy itergi beriji güýç bolup çykyş edýär.

Eksportýoryň ýokary peýdasy daşary bazarda ýerleşdiren harydynyň ortaça peýdasyndan we milli bazarda alýan peýdasyndan tapawutlydyr. Ýokary peýdanyň ululygyny aşakdaky formula arkaly aňlatmak bolar:

$$P_{ý}=P-P_{o},$$

bu ýerde $P_{ý}$ – ýokary peýda;

$P$ – peýda;

$P_{o}$ – ortaça peýda.

Ýokary peýda örän wajyp görkeziji bolup, hojalyk birliginiň daşary ykdysady işe gatnaşygyny höweslendirýär. Daşary bazarda ýerleşdirilen harydyň bahasy ýerli bazarda satylan harydyň bahasyndan has ýokary bolup, uly möçberlerde goşmaça girdeji getirýär.

Haryt eksport edilende emele gelýän ýokary peýdanyň çeşmesi bolup näme çykyş edýär? Mälim bolşy ýaly ýurduň içindäki haryt dolanyşygynda peýdanyň ösüşi ýüze çykmaýar. D. Rikardonyň zähmet gymmaty nazaryýetiniň düzümlerine laýyklykda daşary söwda hem harydyň gymmatyny ýokarlandyrmaýar. Haryt öndürilende emele gelen, gymmat içerki öndürijiden daşary ýurtly satyn alyjynyň eline geçýär. Hakykatdan hem içerki we daşarky haryt dolanyşygynda düýpli tapawut ýokdur. Içerki söwda milli bahadan, daşyna ugradylan haryt halkara gymmatdan satylýar. Ýöne içerki ýa-da daşarky söwda öz-özünden gymmatyň möçberini ýokarlandyryp bilmeýär.

Kärhananyň eksportdan alýan goşmaça ykdysady netijeliligi önümçilikde döreýär. Ýöriteleşdirilen önümçilikde ýokary zähmet öndürijiligi ýüze çykyp, iş wagtynyň dowamynda beýleki ýurtlaryň kärhanalaryna garanyňda önümiň birligi köp öndürilýär. Şeýle harytlaryň gymmaty halkara gymmatyndan has pesdir, ýöne olar halkara gymmatdan ýerlenilýär. Halkara gymmat bilen pes bolan jemgyýetçilik harajatynyň tapawudy esasynda ýokary peýda emele gelýär. Daşary söwdanyň wezipeleriniň biri hem kärhananyň ýöriteleşmegi netijesinde harydy halkara alyş-çalşyga gatnaşdyrmak bilen goşmaça peýdanyň alnyşyny giňeltmekden ybaratdyr.

Ýokary peýdanyň wajyplygyna garamazdan ony almak üçin peýdalanylan serişdeleriň hem zerurlygyny aradan aýryp bolmaz. Ykdysady nukdaýnazardan kärhananyň netijeliligine diňe bir ýokary we jemi peýdanyň ululygy boýunça dälde, ýokary peýdany almak üçin harçlanan serişdeleriň yzyna gaýdyp gelijiligini, olaryň önümliligini hem hasaplamalydyr. Ýokary peýda bilen önümçilik eksport edilen harydyň netijeliligini kesgitleýär.

Kärhananyň ykdysady netijeliligini ýurduň içinde kesgitlemek üçin peýdany gündelik harajatlar bolan önümçilik çykdajylary, maýa goýumlar, esasy we

aýlanyşyk gaznalarynyň möçberi bilen deňeşdirilýär. Bu görkeziji düşewüntlilik we peýdanyň normasy bilen hasaplanylýar: Olary aşakdaky formula bilen aňlatmak bolýar:

$$D_i = \frac{P}{Öö} \text{ x } 100\%,$$

bu ýerde $D_i$ – ýurduň içindäki gündelik harajatlaryň düşewüntliligi;

$P$ – kärhananyň peýdasy;

$Ö_ö$ – önümiň özüne düşýän gymmaty.

$$P_1 = \frac{P}{Fes\, Faýl} \text{ x } 100\%,$$

bu ýerde $P$ – peýdanyň bellenen möçberi;

$F_{es}$ – esasy gaznalar;

$F_{aýl}$ – aýlanyşyk gaznalar.

Peýdanyň normasy we düşewüntliligi önümçiligiň ýurduň içindäki netijeliligini kesgitlemegiň esasy görkezijileri bolup çykyş edýär.

Eksportyň ykdysady netijeliliginiň özboluşly häsiýetleri bardyr. Ony peýdanyň normasy esasynda hasaplamaly däldir. Sebäbi hojalyk birligi harydy tutuşlygyna däl-de, onuň belli bir bölegini öndürýär. Harydyň eksportyndan gelýän peýda kärhananyň umumy peýdasynyň bir bölegini tutýar. Eksport edilen harydyň harajatlaryny umumy harajatlar bilen garyşdyrmak bolmaz. Sebäbi milli gymmat daşary bazarda ýerleşdirileni bilen ýokary peýdany hemişe getirip durmaýar. Şonuň üçin daşary bazarda ýerleşdirilen harydyň peýdasyny aýratynlykda kärhananyň eksport harydynyň gündelik harajatlaryna bolan gatnaşygy esasynda kesgitlemek has dogry bolar. Ony aşakdaky formula bilen aňladalyň:

$$D_{eks} = \frac{Peks}{Öeö} \text{ x } 100\%,$$

bu ýerde $D_{eks}$ – eksportyň düşewüntliligi;

$P_{eks}$ – eksport edilen önümiň bir birliginden alnan peýda;

$Ö_{eö}$ – eksport edilen önümiň bir birliginiň özüne düşýän gymmaty.

Eksport edilen harydyň gündelik harajatlarynyň düşewüntliligi eksportdan gelýän peýdanyň ululygyna baglydyr.

Eger eksportdan gelýän peýda ýerli peýda deň bolsa, onda düşewüntlilik hem şoňa deň bolar. Eger eksport peýda içerki peýdadan ýokary bolsa düşewüntlilik şonça uludyr. Kärhananyň HZB-ä gatnaşmagyny imrindiriji esasy güýç içerki we eksport peýdanyň arasyndaky tapawutdyr. Diýmek, düşewüntlilik näçe ýokary bolsa gündelik harajatlaryň derejesi pesdir. Has ýokary düşewüntlilik önümçiligiň eksporta ýöriteleşmesi esasynda emele gelýär, ýagny ýöriteleşen önümçiliklerde harydyň bir birligi düşýän harajatlar peselýär. Elbetde, eksportyň ýokary derejede

netijeli bolmagy üçin dünýä bazarynyň konýukturasyny, harytlaryň nomenklaturasyny öwrenmek zerurdyr.

Aýdylanlaryň esasynda HZB-ä gatnaşýan hojalyk birliginiň ykdysady netijeliligini kesgitlemegiň baha beriş ölçegini kesgitläp bolýar. Ol görkeziji bolup eksport edilen harydyň düşewüntliligi çykyş edýär. Önümçiligiň halkara ugrunda belli bir karara gelmek üçin bu görkezijiniň ululygyny kesgitlemek örän zerurdyr. Haýsy harydyň düşewüntliligi ýokary bolsa, şol haryt eksport edilmelidir.

Halkara konýuktura bir harydyň ýerine beýleki bir harydyň eksport edilmegi has bähbitli bolmagyna mümkinçilik berýän bolsa, onda şol harydyň önümçiligi ýola goýulmalydyr. Şol bir wagtyň özünde eksport edilýän harytlaryň ählisiniň düşewüntliligi kesgitlenilmelidir. Munuň özi halkara ýöriteleşmede amaly ädimi atmaga mümkinçilik berýär.

## 8.3. Antiimport harajatlar nazaryýeti we import edilen harydyň netijeliligini kesgitlemegiň meseleleri

Ýokarda bellenilişi ýaly daşary ýurtlara ugradylýan harydyň milli gymmaty halkara gymmat bilen deňeşdirilende pes bolsa kärhana ýokary peýda gazanýar. Şeýle ýagdaýda daşary ykdysady gatnaşyklar goşmaça girdejini üpjün edýär. Emma, milli gymmat halkara gymmatdan ýokary bolsa, onda şeýle harydy daşyndan satyn almak amatlydyr. Iki gymmatyň tapawudy ýurduň gazanýan peýdasy diýlip hasap edilýär.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda geçirilen düýpli barlaglaryň netijesine görä, importyň netijeliligi onuň gymmatynyň milli gymmatdan pesliginiň tapawudy esasynda emele gelýän diýip hasaplanylýardy. Ykdysady edebiýatda bu düşünje giňden ulanylýar. Emma, importyň netijeliligini kesgitlemekde diňe gymmatyň tapawudyny ulanmak ýeterlik däldir.

Importyň netijeliligini kesgitlemegi ýurtlaryň HZB-ä gatnaşmaklarynyň birnäçe görnüşleriniň mysalynda seredip geçeliň. Aýdaly, önümçilik birleşiginde iki kärhana hereket edip, olaryň biri ýeňil awtomobilleri beýleki ýöriteleşdirilen traktorlary öndürýär diýeliň. HZB-ä goşulyşmagy bilen traktor zawody ýapylyp, emele gelen erkin serişdeler awtomobil önümçiliginiň giňeldilmegine we beýleki maksatlar üçin sarp edilip başlanypdyr. Öndürilýän awtomobiller içerki bazar bilen bir hatarda dünýä ýurtlaryna eksport edilýär. Onuň tersine ýöriteleşen traktorlar import edilip başlanýar. Şu görnüşde ýurduň HZB-ä goşulyşmagynyň hakyky esaslandyrmasyny traktoryň mysalynda anyk kesgitläp bolarmy?

Elbetde, formal taýdan import edilýän harytlaryň gymmatyny we milli gymmaty hasaplap bolar. Ýöne hakyky ykdysady netijeliligi milli we halkara gymmatynyň tapawudy, şeýle-de tygşytlanan maliýe serişdeleri bilen kesgitlemek maksadalaýyk däldir. Tersine, şeýle çemeleşme düýpli garşylyklara getirýär. Ýerli

traktor önümçiliginde emele gelen gymmaty import edilen traktoryň gymmaty bilen deňeşdirmek bolmaz. Sebäbi döwletiň traktor önümçiliginden ýüz öwrenliginiň esasy sebäbi bolup, onuň gymmatynyň import edilen traktoryň gymmatyndan ýokarylygy çykyş edýär. Emma, şeýle milli gymmatyň emele gelmegine näme täsir edýär? Onuň ilkinji sebäbi ýerli traktor önümçiliginiň köne tehnologiýa boýunça hereket edýänligidir. Köne tehnologiýa boýunça öndürilýän traktoryň önümçilik harajatlary we wagty ýokary bolup, ol önümiň özüne düşýän gymmatynyň ösmegine getirýär. Diýmek, ýerli traktor önümçiliginde emele gelen gymmat hakyky gymmat däldir. Iki gymmaty deňeşdirmek üçin ýerli önümçiligi hem import edilýän kärhananyň önümçiligi derejesinde kämilleşdirmelidir. Diňe şeýle ýagdaýda ýerli we halkara gymmaty deň bolýar.

Şeýle hem import harydyň gymmaty bilen täze traktor önümçiliginiň taslama gymmatyny deňeşdirmek bolmaz. Olar diňe çaklama häsiýetine eýedir we hakyky ykdysady netijeliligiň ulylygyny görkezip bilmeýär.

Şeýle mysallaryň ýene-de birine ýüzleneliň. Goý, döwlet bugdaý, awtomobil, elektronika harytlaryny öndürýär we olary daşary bazarlara ugradýar diýeliň. Şeýle ýagdaýda gymmatlary deňeşdirmegiň hiç hili kynçylygy ýokdur. Ýöne bu diňe birinji garaýyşda şeýledir. Haryt ýurduň daşyna çykarylmanka milli we halkara gymmat dürli, käbir halatlarda gabat gelibem biler. Haryt import edilenden soň islegiň we teklibiň gatnaşygy esasynda düzgün boýunça baha üýtgeýär. Eger haryt çykarylýança onuň gymmaty halkara gymmata deň ýa-da ýokary bolsa, onda onuň bahasy pese düşüp biler. Şol bir wagtyň özünde halkara gymmatdan pes bolan milli gymmat daşyna satylanyndan soň öz derejesini saklap biler.

Haryt import edileninden soň şeýle ýagdaýyň ýüze çykmagy özboluşly ykdysady ýagdaýlar bilen esaslandyrylýar. Onuň şeýle bolmagyna deň derejeli harydyň import edilmegi ýa-da öndürilmegi täsir edýär. Ýöne deň harydyň gymmaty hemişelik ululyk bolup çykyş etmeýär. Ol diňe wagtlaýynça import amallarynyň täsiri astynda bolýar.

Import edilýän meňzeş harytlaryň köp bolmagy girdejini köpeldýär diýip hasap etmeli däldir. Bu hasaplama düýbünden nädogrudyr. Islendik döwlet öz içinde öndürilýän harydy daşyndan import etmek arkaly girdeji gazanyp bilmeýär. Birmeňzeş harytlaryň getirilmegi maýa goýumlaryň ýetmezçiligi zerarly wagtlaýynça häsiýete eýe bolmalydyr. Amatly tebigy we maýa goýum şertlerinde meňzeş harytlaryň importy azaldylmalydyr. Ýöne şeýle maýa goýumlaryň netijesinde döredilýän önümçilikler import harytlaryndan pesde durmaly däldir.

Ýene-de bir mysala seredeliň. Döwlet ozal özünde öndürilmedik we hiç haçan öndürilmejek harytlary import edýär diýeliň. Ýurt bu harytlary satyn almak üçin adaty eksport önümçiligini giňeltmeli bolýar. Şeýle ýagdaýda import edilýän harydyň milli gymmatyny nähili kesgitlemeli? Şeýle deňeşdirmäni geçirmek düýbünden peýdasyzdyr. Mysal üçin, subtropiki şertlerde ösýän banan, kofe, limon ýaly

miweleriň milli gymmatyny emeli usulda alynýan şol miweleriň gymmaty bilen deňeşdirmek düýbünden nädogrudyr.

Antiimport harajatlar nazaryýetiniň oňaýsyz taraplary beýleki ugurlarda-da ýüze çykýar. Ýokarda getirilen mysala laýyklykda import edilen harydyň milli gymmatyny nädip kesgitlemeli we nähili ýagdaýda import netijeliligini gazanmaly? Hakykatda, islendik ýurt bir harydy import etmek üçin özi beýleki bir harydy eksport etmeli. Eksportdan gelýän girdejiniň ululygyna laýyklykdaky harytlary import etmeli. Antiimport harajatlar nazaryýetine laýyklykda ýokarda getirilen mysala görä, emeli usulda alnan miwelerimiziň milli gymmatyny tebigy şertlerde ýetişýän birmeňzeş miwe bilen deňeşdirmeli. Munuň özi import netijeliligi tapmakda ýurduň HZB-ä gatnaşmakdaky alýan netijesiniň esassyz ýagdaýda ulaldylmagyna getirýär.

Antiimport harajatlar nazaryýetiniň deňölçegsizligi harytlaryň importy eksportdan has ýokary bolan ýagdaýynda hem ýüze çykýar. Import edilýän haryt girdeji getirýär. Eger eksportdan import köpelen ýagdaýynda gysga wagtyň içinde maliýe heläkçiligi ýüze çykar. Antiimport harajatlar nazaryýetiniň oňaýsyz taraplarynyň biri hem import edilen harytlar karzyň hasabyna alnanda bolup geçýär. Bu nazaryýet boýunça berlen karz üzülýänçä edilýän çykdajylar import netijelilikden geçip gidýär.

Umuman, antiimport harajatlar nazaryýeti import edilýän harytlaryň netijeliligine baha bermekde peýdalanyp bilinmez. Ol ýerli öndürijileriň HZB-ä gatnaşmak üçin aýlanyşykly ýüz öwren harydynyň önümçiliginden geljek peýdany hasaplamakda düýbünden nädogry düşünjedir. Şeýle hem bu nazaryýeti ozal öndürilýän we häzirki import edilýän harytda hem ulanmak nädogrudyr.

Bu nazaryýetiň import edilýän harydyň netijeliligini we häzirki wagtda import edilýän haryda deňdeş harydy öndürýän ýurduň netijeliligini kesgitlemäge ýeterlik esaslandyrmasy ýokdur.

Ýokardaky aýdylanlara laýyklykda «Näme üçin harytlar daşary ýurtlardan import edilýär?» diýen sorag gelip çykýar. Bir tarapdan importdan daşlaşmagyň ýoly gözlenilýär, beýleki tarapdan bolsa import edilýär. Munuň esasy sebäbi halkyň islegini kanagatlandyrmak üçin alnyp barylýan hereketdir. Beýleki tarapdan şeýle ýagdaý önümçilikleri guramaga ýerli serişdeleriň ýetmezçilik edýändiginden gelip çykýar. Şeýle şertlerde döwlet bu önümçilikden gaça durup, öndürýän we beýleki ýurtlara eksport edýän harydynyň önümçiligine ünsi güýçlendirýär. Netijede, döwlet arzan düşýän harydyň önümçiligini giňeldýär we gymmat düşýän önümçiligi ýola goýmakdan gaça durýar.

Bu ýerde näme üçin import etmeli haryt bir döwletden däl-de, tutuş halkara zähmet bölünişigi ulgamyndan gözlenýär?, diýen sorag ýüze çykýar. Sebäbi halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan import harytlar özüňde öndürileninde has arzan düşýär. Eksport harytlaryň ekwiwalentine import harytlary alynýar. Ýurduň eksport

edýän harytlary deňeşdirilende beýleki ýurtlaryňkydan harajaty pes bolmalydyr. Şonuň üçin harytlary import edýän döwletler hem köp harajatlary özi öndürmekden ýüz öwürýär. Diýmek, halkara zähmet bölünişiginiň netijeliligi haryt eksporty arkaly gazanylýar we onuň peýdasynyň, hususan-da importyň peýdasynyň ululygyny ikinji gezek hasaplamagyň hiç hili ähmiýeti ýokdur.

Import edilen harytda täze gymmat döremeýär. Munuň özi importýora hiç-hili peýdanyň gelmeýändigini aňlatmaýar. Import edilen haryt alyja ýetýänçä hem girdeji getirýär. Olara gümrük salgydyny, baha eglişigini görkezmek bolar. Baha eglişigi adaty söwda peýdasydyr. Bu ýerde hiç-hili geň zat ýokdur. Sebäbi kärhanalar hem daşary ýurtly alyjylara baha eglişigini edýärler. Şonuň üçin baha eglişigi daşary ykdysady gatnaşyklaryň netjeliligini pese gaçyrýar diýip hasap etmeli däldir. Umuman, haryt import edilende, ol täzeden satylanda gymmat ösmeýär. Diňe söwda peýdasy gaýtadan paýlanylýar.

Ýokardaky aýdylanlardan görnüşi ýaly antiimport harajatlar nazaryýeti daşyndan haryt satyn almak baradaky karara degişli däldir. Import edilýän harytlaryň gündelik durmuşyndan görnüşi ýaly aýry-aýry harytlary öndürmegiň kynlygy wagt we maýa goýum faktorynyň esasynda bolup geçýär. Importýoryň esasy meselesi bahasy arzan harydy tapmakdyr. Bahasy deňeşdirilende has arzan harytdan ýokary söwda peýdasy alynýar.

Ýokarda import harydyň netijesiniň bahalaryna seredilip, import harydyň netijeliligi baradaky mesele gozgalmady. Bu ýöne ýerden däldir. Mälim bolşy ýaly alynýan peýda gündelik harajatlaryň we önümçilige öňünden goýlan maýa goýumlaryň hasabyna üýtgeýär. Şonuň üçin import harydyň netijeliligini kesgitlemek hökman däldir. Sebäbi import haryt ýurduň içinde öndürilmeýär. Onuň öndürilmegi üçin hiç hili serişde harçlanmaýar.

Ýurduň halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan hojalyk subýektleriniň hemmesiniň alýan gymmatyny hasaplap bolarmy? Ony diňe eksporta gatnaşýan ähli kärhanalaryň alýan girdejilerini goşup hasaplamak bolar. Şeýle jemi almak üçin ýurduň içinde hiç hili päsgelçilik ýokdur. Onuň üçin milli statistikanyň hasaba alnan görkezijilerini jemlemek ýeterlikdir. Bu ýerde gürrüň jemi girdeji barada däl-de, eksportdan gelýän peýda barada barýar. Eksportdan gelýän peýda ýurda halkara zähmet bölünişige gatnaşmagyndan umumy netije berýär. Bu jemi ýokary peýda hem girip, eksportdan gelýän ähli peýdany öz içine alýar. Umuman, gymmatyň artmagy daşary bazarlarda ýerleşdirilen adaty peýdadyr.

Ýurduň HZB-ä gatnaşmagynyň umumy netijeliligi kärhanalaryň eksportdan gelýän girdejileriniň jemi arkaly hasaplanylýar we aşakdaky formulada aňladylýar:

$$N_{umumy} = P_1 + P_2 + \dots P_n,$$

bu ýerde $N$ – döwletiň HZB-ä gatnaşmagyndan alýan umumy netijesi;

$P_1$ – birinji kärhananyň eksportdan alan peýdasy;

$P_2$ – ikinji kärhananyň eksportdan alan peýdasy;
$P_n$ – *n* kärhananyň eksportdan alan peýdasy.

Bu ýerde üns bermeli zatlaryň biri hem peýdanyň milli walýutalarda aňladylýanlygydyr. Daşary ýurt pulunyň kurs esasynda milli pula öwrülmegi netijesinde alynýan girdeji eksportyň netijesiniň görkezijisi bolup çykyş edýär.

Jemleýji bölümde nygtalmaly zatlaryň biri hem pullaryň biri-birine çalşylýan wagtyndaky kursy öwrenilmelidir. Sebäbi pul kursy hem netijelilige täsir edýär.

## 8.4. HZB gatnaşýan kärhananyň netijeliliginiň maýa goýumlar boýunça kesgitlenilişi

Ýokardaky aýdylanlar kärhananyň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmak arkaly alýan netijeliliginiň eksport harydyň gündelik harajatlarynyň esasynda peýdanyň artmagy bilen baglanyşyklydyr. Indi hojalyk birliginiň daşary ykdysady işden alýan netijesine tygşytlanylan, süýşürilen, ýygnalan maýa goýumlar arkaly baha bermeklige çalşalyň. Tygşytlanan maýa goýumlary hasaplamak ýokardaky aýdylanlaryň üstüni ýetirmek bilen, döwlete halkara zähmet bölünişigine gatnaşmak arkaly çykarýan harajatlaryna we olaryň tygşytlanyşyna deslapky kesgitlemäni bermeklige mümkinçilik berýär.

Goý, iki sany *A* we *B* döwlet häzirki wagtda HZB-ä gatnaşmaýanlar we olaryň ikisi-de bir wagtyň özünde awtomobil we traktorlar öndürýän bolsunlar. Olaryň hersi 100 müň awtomobil we 100 müň traktor öndürip, ýurtlaryň jemi islegi görkezilen harytlar boýunça 200 müňe deň. Öndürilýän harytlaryň milli gymmaty biri-biri bilen gabat gelýär diýip hasap edeliň. Şeýle şertlerde döwletleriň ikisiniň-de zähmet bölünişigine çenli önümçilikdäki maýa goýum harajatlary, takmynan 7-nji tablisadaky görnüşde bolar:

*7-nji tablisa*

**Ýurduň halkara zähmet bölünişigine girmezinden öň öňdürýän önümleriniň görnüşi we maýa goýumlary**

| Döwletler | Harytlar | | Önümçilige goýlan maýa goýumlar | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Awtomobil, müň sany | Traktor, müň sany | Awtomobil gurluşyk senagaty, mln. dollar | Traktor senagaty, mln. dollar | Iki pudaga bilelikde, mln. dollar |
| *A* | 100 | 100 | 70 | 70 | 140 |
| *B* | 100 | 100 | 70 | 70 | 140 |
| *A-B* | 200 | 200 | 140 | 140 | 280 |

Tablisadan görnüşi ýaly döwletler agzalan harytlar boýunça öz isleglerini özbaşdak kanagatlandyryp, bilýärler. Birnäçe wagtyň geçmegi bilen ylmy-tehniki ösüşiň täsiri astynda täze haryda isleg döräp biler. Bu döwletler öňki serişdeleri we ozalky guramaçylyk ulgamy bilen täze önümçiligi döredip bilmeýärler. Ilkinji nobatda serişde ýetmezçiligi ýüze çykýar. Başga sözler bilen aýdylanda bu iki döwletiň goýberýän awtomobilleri we traktorlary ozalky sarp edilýän harajatlardan has pes çykdajylar bilen öndürip başlamaly ýa-da beýleki pudaga goýberilýän harajatlary azaldyp, täze önümçilige ugrukdyrmaly. Eger täze haryda isleg döremedik bolsa, onda ol döwletleriň ikisi-de ozalky öndürýän önümleri bilen oňardylar. Täze islegiň döremegi harajatlary tygşytlamany talap edýär. Bu ýagdaý iş wagtyny tygşytlamak kanuny bilen şertlendirilýär.

Bu ýerde milli serişdeleri nädip tygşytlamaly diýen sorag ýüze çykýar? Dünýä tejribesinden görnüşi ýaly bu sepgide ýetmek üçin döwlet hökmany ýagdaýda halkara zähmet bölünişigine gatnaşmalydyr. HZB-ä gatnaşmagyň netijesinde döwlet materiallara we işçi güýjüne çykarylýan harajatlary peseltmäge ýykgyn edýär. Şeýle ädim döwleti bir önümçilige goýberilýän serişdeleri kemeldip, beýleki önümçiligiň harytlarynyň köp öndürmekligine iterýär. Biziň mysalymyzdaky *A* döwlet öz serişdelerini awtomobil, *B* döwlet traktor önümçilige gönükdirýär. Netijede, *A* döwlet ýylda 200 müň awtomobil, B döwlet 200 müň traktor öndürýär. Olaryň hersi öndürýän önümleriniň ýarysyny öz içinde goýup, galan ýarysyny beýleki ýurda satýarlar. Ykdysady ösüşdäki şeýle öwrülişik jemgyýetçilik zähmetini we maýa goýumlary tygşytlamaga mümkinçilik berýär. *A* we *B* döwletleriň bu önümçilikler boýunça önümçilige çykarýan maýa goýumlary ozalky wagtyna garanyňda peselýär. Harajatlaryň peselişini 8-nji tablisada getirilen sanlar arkaly suratlandyralyň.

*8-nji tablisa*

**Ýurduň halkara zähmet bölünişigine gireninden soň öňdürýän önümiň görnüşleri we maýa goýumlary**

| Döwletler | Harytlar | | Önümçilige goýlan maýa goýumlar | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Awtomobiller, müň sany | Traktorlar, müň sany | Täze awtomobil önümçiligine goýlan maýa goýum, mln. dollar | Täze traktor önümçiligine goýlan maýa goýum, mln. dollar | Iki pudaga bilelikde goýlan maýa goýum, mln. dollar | Tygşytlanan maýa goýum, mln. dollar |
| *A* | 200 | - | 120 | - | 140 | 20 |
| *B* | - | 200 | - | 120 | 1470 | 20 |
| *A-B* | 200 | 200 | 120 | 120 | 280 | 40 |

Döwletiň HZB-ä gatnaşmagy netijesinde ýüze çykýan jemgyýetçilik zähmetiniň tygşytlanmasyny aşakdaky formula arkaly aňlatmak bolar:

$$T_{m.g} = M_1 + M_2 - M_ý,$$

bu ýerde $T_{m.g}$ – ýurduň ýöriteleşme netijesinde tygşytlan maýa goýumlary;

$M_1$ – döwletiň 1-nji önümçilige ýöriteleşmä çenli goýberýän maýa goýumlary;

$M_2$ – döwletiň 2-nji önümçilige ýöriteleşmä çenli goýberýän maýa goýumlary;

$M_ý$ – döwletiň içerki we daşarky ýollar üçin ýöriteleşen pudagyna goýberen maýa goýumy.

Onda $T_{m.g} = 70 + 70 - 120 = 20.$

Mysaldan görnüşi ýaly HZB gatnaşmak arkaly döwletleriň hersi 20 million, bilelikde 40 million dollar tygşytlaýarlar. Döwletleriň HZB gatnaşmagy netijesinde diňe 100 müň goşmaça awtomobilleri we traktorlary öndürmek bilen bir hatarda täze harydy öndürmek üçin täze önümçiligi guramaga serişde hem gazanylýar. Munuň özi HZB gatnaşmak arkaly ösýän islegi çäkli serişdeler bilen kanagatlandyryp bolýandygyny görkezýär. Döwletiň HZB gatnaşmagynyň esasy netijesi ýöriteleşmedik iki sany önümçilige köp harajat goýlandan ýöriteleşen bir önümçilige az harajat goýmagyň amatlydygyndan ybaratdyr. Netijede, döwletleriň ikisi-de milli serişdelerini tygşytlaýarlar.

$T_{m.g.} = M_1 + M^2 - M_ý$ – formulanyň esasynda döwletiň HZB gatnaşmagy arkaly tygşytlaýan maýa goýumlarynyň ululygy hasaplanylýar. Ýöne tygşytlanýan serişdeleriň ululygy biziň mysalymyzdaka deň bolmaýar. Sebäbi ýurtlaryň tebigy-klimat şertleri, senagat taýdan ösüşi gyradeň däldir. Şonuň üçin tygşytlanan maýa goýumlar her ýurt boýunça dürli-dürlüdir.

Döwletiň HZB gatnaşmak arkaly tygşytlaýan maýa goýumlarynyň anyk derejesini kesgitlemek mümkin däldir. Sebäbi durmuşda her hili ýagdaý bolýar. Mysal üçin, bir döwlet degerli netijäni almak üçin örän köp maýa goýumlary çykarýar, emma material harajatlary pes bolýar. Tersine, beýleki bir döwletiň material harajatlarynyň bahasy ýokary bolup, maýa goýumlary arzan düşüp biler. Şonuň üçin döwletiň HZB gatnaşmagy netijesinde alýan netijeliliginiň umumy göwrümini kesgitlemek çylşyrymlydyr. Ýöne her önümçiligiň maýa goýum birligine düşýän netijeliligini deňeşdirme jemde kesgitläp bolar. Ol nähili hasaplanylýar?

Ilkinji nobatda maýa goýumlaryň ýokary ululygynyň derejesiniň döwlet HZB girmezinden ozalky möçberini almaly. Näme üçin maýa goýumlarynyň ýöriteleşmeden ozalky derejesi alynýar? Sebäbi bu ýerde serişdeleriň tygşytlanyşy barada gürrüň gidýär. Ýöriteleşen önümçiligiň netijeliligi maýa goýumlaryň döwletiň HZB girmezinden ozalky möçberi we gireniňden soňky möçberiniň tapawudy esasynda alynýar. Bir tarapdan ýöriteleşen önümçilik jemgyýetçilik zähmetini tygşytlaýar, beýleki tarapdan tygşytlanan serişdeleri ýöriteleşmedik önümçilige çykarylýan harajatlar, bu ýurtda bar bolan serişdeler barada maglumat bolmazdan olary

deňeşdirmek mümkin däldir. Şonuň üçin ýöriteleşen önümçilikde tygşytlanan maýa goýumlaryň möçberini ýöriteleşmedik önümçilige çykarylan maýa goýumlaryň normasy bilen deňeşdirmelidir. Şeýle ýagdaýda tygşytlanan maýa goýumlaryň normasy netijeleri deňeşdirmek arkaly, ýagny ýöriteleşen önümçilige çykarylýan maýa goýumlary, ýöriteleşmedik önümçilige goýberilýän maýa goýumlara gatnaşdyrmak arkaly alynýar. Eger jemgyýetçilik zähmeti tygşytlanan maýa goýumlaryň esasynda $T_{m.g.} = M_1 + M_2 - \mathrm{M}_{ý}$ formula bilen aňladylýan bolsak, onda ýöriteleşen önümçilikde tygşytlanan maýa goýum normasyny $T^1_{m.g.} = \frac{T_{m.g.}}{K^1 + K^1}$ x100%
formula arkaly kesgitlemek bolýar.

Bu ýerde $T^1_{m.g}$ – tygşytlanan maýa goýum normasy;

$T_{m.g.}$ – ýöriteleşen önümçiligi guramak bilen iki sany ýöriteleşmedik önümçilikden emele gelýän tygşytlanan maýa goýumlar;

$K_1$ – 1-nji ýöriteleşmedik önümçilige goýberilýän maýa goýumlar;

$K_2$ – 2-nji ýöriteleşmedik önümçilige goýberilýän maýa goýumlar.

Ýokardaky mysala laýykda döwlet iki sany ýöriteleşmedik önümçilikleriň hersine 70 million dollar harçlaýan bolsa, ýöriteleşen önümçilige 120 million dollar sarp edýär. Netijede, önümçilikleriň ýeri çalyşmagy bilen 20 million dollar tygşytlanylýar. Şeýlelikde şerti mysalymyzdaky netijelilik aşakdaka deň bolar:

$$T^1_{m.g.} = (20 \text{ x } 100) / 140 = 14{,}3.$$

Tygşytlanan maýa goýumlaryň normasy 14,3-e deň bolup, bir dollara 14,3 sentiň düşýändigini we şol bir wagtyň özünde iki ýurduň islegini kanagatlandyrýandygyny görkezýär. Döwletiň HZB-ä gatnaşmagyndan alýan netijeliligini maýa goýumlar arkaly hasaplamak, antiimport harajatlar nazaryýeti bilen gabat gelýän ýaly bolup görünýär. Emma, bu beýle däldir. Bu nazaryýetiň esasynda eksport we import edilýän harytlaryň pul harajatlary we girdejileri durýar. Maýa goýumlaryny tygşytlamak import edilýän harydyň milli gymmatyny däl-de, eksporta nazarlanýan täze önümçiligi guramak bilen baglanyşyklydyr.

## ESASY DÜŞÜNJELER

Kärhananyň netijeliligini kesgitlemegiň usulyýet ýörelgeleriniň esaslary
Gymmatyň esasynda netijeliligi hasaplamak
Daşary ykdysady işiň netijeliligini hasaplamagyň ýollary
Netijeliligi kesgitlemegiň başlangyjy we ahyry
Netijeliligi ýerleşdirmegiň ulgamy
Karz täsiriniň netijeliligi
Haryt eksportynyň netijeliligi
Ortaça peýdanyň hasaplanylyşy
Önümiň bir birliginden gelýän peýdanyň ululygynyň hasaplanylyşy



6. Sargyt № 832

Jemi peýdanyň hasaplanylyşy

Ýokary peýdanyň ululygynyň hasaplanylyşy

Düşewüntliligiň normasy

Peýdanyň normasy

Eksportyň netijeliliginiň ululygynyň hasaplanylyşy

Antiimport harajatlar nazaryýeti we import edilen harydyň netijeliligini kesgitlemegiň usullary

Kärhanalaryň eksportdan gelýän girdejileriniň jeminiň hasaplanylyşy

HZB-ä gatnaşýan kärhananyň netijeliliginiň maýa goýumlar boýunça kesgitlenilişi

Döwletiň HZB-ä gatnaşmagy netijesinde ýüze çykýan jemgyýetçilik zähmetiniň tygşytlanmasynyň hasaplanylyşy

Döwletiň HZB-ä gatnaşmagy arkaly tygşytlaýan maýa goýumlarynyň ululygynyň hasaplanylyşy

Tygşytlanan maýa goýum normasynyň hasaplanylyşy

Ýöriteleşmekligiň netijeliliginiň hasaplanylyşy

# IX bap HALKARA ZÄHMET BÖLÜNIŞIGINIŇ ÖSÜŞINIŇ FAKTORLARY WE GÖRKEZIJILERI

## 9.1. Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşini ölçemegiň usulyýetleri

Döwletiň HZB-ä gatnaşmagyny öwrenmek, özleşdirmek, seljermek bu ugurda zähmet çekýän hünärmenler bilen bir hatarda ylmyň öňünde hem düýpli talaplary goýýar. Bu ylmy meseleleriň wajyplarynyň biri bolup ýurduň HZB goşulyş derejesini kesgitleýän görkezijileriň klassifikasiýasy çykyş edýär. Görkezijileriň takyk bahalandyrylmagy dünýäniň dürli döwletleri bilen deňeşdirmäge, ýurduň mundan beýläk hem ösmeginde anyk wezipeleri goýmaga esaslandyrylan mümkinçilikleri berýär.

HZB-ni ölçemek kesgitli usulyýet esaslardan gelip çykýar. Hemişeki bolşy ýaly bu soraglara jogap bermek alnyp barylýan işiň göwrümi bilen baglanyşyklydyr.

Häzirki wagtda HZB-ä dünýäniň ähli ýurtlary gatnaşýar. Diýmek, HZB barha giňeýär. Şol bir wagtyň özünde ýurduň HZB gatnaşygyny dürli döwürlerde kesgitlemäge mümkinçilik berýän görkezijilere baha bermek zerurlygy ýüze çykýar.

Aýry-aýry döwletleriň HZB gatnaşygynyň ösüşine seljerme bermek örän wajypdyr. Bu ýerde barlagyň esasy ugurlarynyň biri hem iki döwletiň arasyndaky baglanyşygyň ösüşini ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Mysal üçin, Tükrmenistanyň ÝB ýurtlary bilen, hususan-da, olaryň haýsysy bilen ykdysady baglanyşygynyň has ýitidigini kesgitlemek ykdysady taýdan örän bähbitlidir. Bu bähbidi ýüze çykarmak Türkmenistanyň ÝB-niň beýleki ýurtlary bilen gatnaşyklaryny has ösdürmeginiň esasy bolup çykyş edýär.

HZB milli ykdysadyýetleriň ösüşine örän uly täsir edýär. Ol ýöriteleşen halkara pudaklaryň döremegine, milli islegden artykmajyny daşary bazarlara ugratmaga, daşary ýurtlaryň bu pudagyň ugurdaş kärhanalarynyň döremegine getirýär. Beýle pudaklara pudagasty halkara ýöriteleşme diýilýär. Köp döwletlerde milli we daşary ýurtlarda bilelikde hereket edýän bölümleri tapawutlandyrmak örän kyndyr. Ösen döwletlerde milli hojalyk birlikleriniň içerki we daşarky ähmiýeti örän uludyr. Umuman aýdylanda bolsa kärhanalaryň, birleşikleriň, döwletleriň HZB-ä gatnaşyş derejeleri birmeňzeş däldir. Dürli ykdysady birlikleriň halkara ýöriteleşmesiniň ösüş derejesini kesgitlemek ýurduň HZB-ä gatnaşyşyny ölçemekde aýratyn ugra degişlidir.

Usulyýet meselelerinde HZB-niň haýsy görnüşlerinden pudagiçre, pudagara, birmeňzeş ýa-da halk hojalyk görnüşini ölçemek ýoluny saýlap almaly diýen sowal ýüze çykýar. Ýurduň HZB gatnaşyş derejesini kesgitlemek üçin ilki bilen bu ykdysady prosese düşünmekden başlamalydyr. Käbir awtorlar HZB-niň öşüşini giňemäge we çuňlaşmaga diýen iki görnüşe bölýärler. Bu pikiriň tarapdarlary «giňemek» we «çuňlaşmak» düşünjesini «ösüş» adalgasy bilen çalşyrmak isleýärler. Ýöne giňemek, çuňlaşmak we ösmek biri-birinden aýry zatlar däldir. Döwletleriň arasyndaky zähmet paýlanyşygy önümçiligi halkara derejede guramagyň görnüşi bolup çykyş edýär we şol bir wagtyň özünde önümçiligi halkara derejesinde jemgyýetleşdirmegiň hem serişdesidir. Önümçiligi jemgyýetleşdirmegi ösdürmek üçin bir ýa-da birnäçe döwletleriň HZB-ä gatnaşyş derejesini ýokarlandyrmak zerurdyr. Jemgyýetleşdirmegiň derejesi ýa-da basgançagy hemişe özboluşly häsiýete eýedir. Şonuň üçin giňemegi, çuňlaşmagy we ösüşi biri-birinden tapawutlandyrmak bölmek düýbünden manysyzdyr.

HZB-ni ölçemek halkara ykdysady işiň mazmuny bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Sebäbi HZB-niň emele gelmegi we ösmegi üçin ýöriteleşme hem-de alyş-çalyş zerurdyr. Şonuň üçin HZB-ni ölçemekde bu iki ugry hem hasaba almalydyr.

Diňe aýry-aýry döwletleriň birmeňzeş önümçiliginiň jemlenilmegi, olaryň önümleriniň alyş-çalyş edilmegi baradaky maglumatlaryň peýdalanylmagy bu çylşyrymly ykdysady prosese baha bermäge mümkinçilik döredýär.

HZB-niň ösüşini ölçeýän usulyýet soraglarynyň içinde esasylary bolup, bu maksady ýerleşdirmek üçin görkezijileriň toplumy çykyş edýär. Käbir ykdysatçylar bu ösüşi kesgitlemek üçin koeffisiýentler toplumyny teklip edýärler. Käbir alymlar bolsa HZB-niň ösüşiniň esasy görkezijileri diýip, eksportyň umumy öndürilen önümdäki paýy, pudagyň eksportdaky paýy, ýöriteleşen pudagyň ösüş depgininiň ýurduň tutuş senagatynyň ösüşine deňeşdirmesi ýaly düşünjeleri ulanýarlar. Şeýle hem ol görkezijileriň düzümine döwletleriň özara haryt dolanyşygynyň ösüşini, şol ýurtlaryň jemgyýeytçilik önümçiliginiň ösüşine deňeşdirme koeffisiýentini, özara haryt dolanyşygynyň ösüş derejesini ýurduň umumy haryt dolanyşygynyň ösüş derejesine bolan koeffisiýenti ýaly görkezijileri goşýarlar.

Ýokardaky getirilen görkezijiler çylşyrymly bolup, olar bu meseläni doly açyp görkezmeýärler. Şonuň üçin başga görkezijileri ulanmak maksadalaýykdyr. Olara eksport, import, daşary söwda kwotasy, ýurduň aýry-aýry harytlar boýunça halkara söwdasyndaky paýy, daşary söwda dolanyşygynyň adam başyna düşýäni we ş.m. görkezijiler degişlidir.

Bu görkezijileriň her haýsysy bir ýa-da birnäçe döwletiň daşary söwda baglanyşygynyň dürli görnüşleri peýdalanylanda ulanylyp bilner. Ýöne seredilýän görnüşleriň bu görkezijileriň haýsy ugruny öwrenmekde peýdalanylýandygyny takyklamak zerurdyr. Umuman aýdylanda, HZB-niň ösüşini kesgitleýän görkezijileriň klassifikasiýasyny öwrenmek zerurdyr.

## 9.2. Döwletiň halkara zähmet bölünişigine goşulyş derejesiniň görkezijileri

Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, HZB-niň ösüşini ölçemek dürli-dürli möçberlerde amala aşyrylyp bilner. Şu we indiki soraglarda aýry-aýry döwletleriň HZB we dünýä jemgyýetçiligine dürli görnüşlerde goşulyşynyň esasy häsiýetlendiriji görkezijileri öwrenilýär. Onuň üçin diňe ýurduň halk hojalygynyň HZB gatnaşyş görnüşini ulanylýar. Sebäbi bu aýry-aýry harytlaryň däl-de, ýurtda öndürilýän ähli harytlaryň HZB gatnaşygyny görkezýär. HZB-niň diňe halk hojalyk görnüşi döwletara ykdysady gatnaşyklaryň ýagdaýyny doly açyp görkezýär.

Döwletiň HZB dürli görnüşlerde gatnaşygyny halk hojalyk görnüşinde häsiýetlendirmek üçin ilki bilen jemi içerki önümiň göwrümini kesgitlemeli. JIÖ-niň ululygy seljerme geçirmekde esasy görkeziji bolup, ol dünýäniň jemi önüminde ýurduň näçe paýa eýedigini görkezýär.

Ýurduň JIÖ-niň düzümindäki önümçilikleriň dünýädäki paýyna baha bermek üçin ol önümçiligiň ýurtlar we tutuş dünýä boýunça göwrümini kesgitlemeli. Bu görkezijileriň esasynda ýurduň önümçilikleriniň, pudaklarynyň we JIÖ-niň dünýäniň jemi önümindäki paýyny kesgitläp bolýar.

Ýurduň jemi önüminiň dünýäniň jemi önümindäki paýyny kesgitlemek onuň dünýä hojalygyndaky ornuny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Dürli ýagdaýlara baglylykda bu orun birinji, ikinji, iň soňky bolup biler. Ýöne olaryň hiç biri ýurduň HZB ulgamyna goşulyş derejesini doly açyp görkezmeýär. Bu ýerde geň ýagdaýlaryň bolmagy hem mümkin. Mysal üçin, ýurduň JIÖ-si ýeterlik derejede uly bolup, HZB-ä gatnaşyş derejesi pes bolup biler. Munuň özi milli ykdysadyýetiň HZB-ä goşulyş derejesiniň ýurduň JIÖ-siniň dünýäniň jemi önümindäki ornuny kesgitlemeýändigini aňladýar. Başga sözler bilen aýdanyňda JIÖ-niň ululygy ýa-da kiçiligi ýurduň HZB ulgamyna gatnaşyş derejesini kesgitlemeýändigini subut edýär.

Ýurduň HZB-ä gatnaşyş derejesini ýeterlik esaslandyrmak üçin daşary söwdasynyň ösüşini häsiýetlendirmeli. Döwletiň daşary söwdasynyň ýagdaýy baradaky görkezijiler JIÖ-niň näçe böleginiň daşary bazarlara ugradylýandygyny görkezýär. Bu ýerde daşary söwdanyň haýsy tarapyny ýagny eksporty, importy ýa-da söwda dolanyşygyny tutuşlygyna almalymy? diýen sorag ýüze çykýar. Hakykatdan bu görkezijileriň ähmiýeti dürli bolsa-da, olaryň üçüsi-de alynýar.

Ýurduň eksportynyň JIÖ-däki paýy ýurduň HZB-ä gatnaşyş derejesini kesgitlemegiň ilkibaşdaky pursady bolup çykyş edýär. Bu görkeziji eksportyň jeminiň JIÖ-e bolan gatnaşygy arkaly hasaplanylýar. Şeýle ýol bilen alnan ölçeg birligi ýurduň HZB-ä gatnaşygyny kesgitlemekde hakyky görkeziji hasaplanylýar. Onuň hakykylygy ýurduň serişdeleriniň näçe böleginiň HZB-ä gatnaşýandygyny suratlandyrýar. Adatça, bu görkeziji eksport kwotasy diýlip atlandyrylýar we aşakdaky formula arkaly aňladylýar:

$$E_k = \frac{E}{JIÖ} \text{ x } 100\%,$$

bu ýerde $E_k$ – eksportyň möçberi (kwotasy);

$E$ – eksportyň ululygy;

JIÖ – jemi içerki önümiň göwrümi.

Eksport kwotasyny seljermek wajyp ähmiýete eýedir. Ol birinjiden, milli önümçiligiň ýerleşdirmek üçin näçe böleginiň daşary bazarlara baglydygyna şaýatlyk edýär. Ikinjiden, eksportyň JIÖ-däki paýy şol ýurduň önüminiň kesgitli möçberiniň daşary bazarlarda satmak üçin öndürýändigini görkezýär.

Aýry-aýry döwletleriň ähli serişdeleriniň HZB ulgamyna çekiliş derejesini ölçemekde ulanylýan wajyp görkezijileriň biri hem jemi içerki ösüş depgininden eksportyň ösüş depgniniň öňe geçme koeffisiýentidir. Ýokarda eksportyň JIÖ-däki paýynyň ähmiýeti görkezilipdi. Indi bolsa eksportyň ösüş depgininiň JIÖ-niň ösüş depgininden öňe geçmegi koeffisiýenti arkaly ýurduň HZB-ä gatnaşyşynyň esasy ugurlaryny we ösüş meýillerini seljereliň.

Iş ýüzünde öňe geçme koeffisiýenti dürli ugurlar boýunça ölçemek bolar. Eger eksportyň ösüşi JIÖ-niň ösüşinden öňe geçýän bolsa, onda şol eksportlyk haryt-

laryň we hyzmatlaryň serişdelerini HZB-ä gatnaşdyrmak bolar diýiýär. Beýleki bir ýagdaýda eksport bilen JIÖ-niň ösüşi deňeçer bolsa, onda serişdeleriň HZB ulgamyna ýeterlik gatnaşmaýandygyny ýüze çykarýar. Eksportyň ösüş depgininiň JIÖ-niň ösüş depgininden yza galmagy ýurduň serişdeleriniň HZB ulgamyna gatnaşmagynyň düýpli gowşadylýandygyna şaýatlyk edýär.

Eksportyň ösüş depgininiň JIÖ-niň ösüş depgininden öňe geçme koeffisiýenti diňe bir eksportyň ösüşini däl-de, şol bir wagtyň özünde milli önümçiligiň HZB ulgamynda haýsy ugurda jemlenýändigini hem häsiýetlendirýär.

Eksportyň ösüş depgininiň JIÖ-niň ösüş depgininden öňe geçme koeffisiýentini deňeşdirme seljermede hem peýdalanylyp bilner. Milli koeffisiýentleriň deňeşdirilmegi ol ýa-da beýleki döwletiň HZB ulgamyna gatnaşyşynyň milli aýratynlyklaryny kesgitläp, ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Elbetde, döwletiň haýsy-da bolsa bir serişdesi HZB ulgamynda has işjeň hereket edýän bolsa, onda şol serişdäniň hyzmatdaş ýurduň serişdeleriniň koeffisiýentinden ýokarydygyny kesgitlemek kyn däldir.

Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyna goşulyş derejesini beýleki bir görkezijiler bilen hem anyklap bolar. Ol görkezijä import kwotasy diýilýär. JIÖ-niň importyň göwrümine bolan gatnaşygyna import kwotasy diýilýär we aşakdaky formula arkaly aňladylýar:

$$I_k = \frac{I_j}{JIÖ} \text{x}100\%,$$

bu ýerde $I_k$ – importyň möçberi (kwota);
$I_j$ – importyň jemi;
$JIÖ$ – jemi içerki önümiň göwrümi.

Import kwotasy JIÖ-niň haýsy bölegini importyň tutýandygyny görkezýär. Ýurduň eksporty bilen importyny deňeşdirmek bolar. Ol deňeçer hem bolup biler, emma köp halatda olaryň ululygy biri-birine gabat gelmeýär.

Ýurduň HZB-ä goşulyş derejesini ölçemekde importyň ösüş depgininiň JIÖ-niň ösüş depgininden öňe geçme koeffisiýenti peýdalanylyp bilner. Import kwotasynyň ösüşiniň JIÖ-niň ösüşinden öňe geçmegi oňaýsyz görkeziji bolup, milli ykdysadyýetiň daşary ýurt harytlaryny satyn almaga baglylyk derejesini ýüze çykarýar.

Döwletiň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň derejesini kesgitlemekde daşary söwda dolanyşyk kwotasy diýen ölçeg birligi ulanylýar. Daşary söwda kwotasy ýurduň eksportynyň we importynyň jemi bolup JIÖ bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenýär hem-de aşakdaky formula arkaly aňladylýar:

$$DS_k = \frac{DS}{JIÖ} \text{ x } 100\%$$

bu ýerde $DS_k$ – daşary söwdanyň möçberi (kwotasy);

*DS* – daşary söwda dolanyşygynyň ululygy;

*JIÖ* – jemi içerki önümiň göwrümi.

Daşary söwda kwotasy ýurduň döwletler ýa-da dünýä jemgyýetçiligi bilen söwdasynyň göwrümini görkezýär ýöne bu görkeziji hil taýdan kabul ederliksizdir. Sebäbi ýurduň daşary söwdasynyň eksportyň ýa-da importyň hasabyna däl-de, umumy ösüşi görkezýär. Şonuň üçin eksport we import kwotasyny hasaplamak maksadalaýyk hasaplanýar.

## 9.3. Döwletleriň sebitleýin ykdysady gatnaşyklaryndaky ornuny häsiýetlendirýän görkezijiler

Öwrenilen görkezijilerden başga-da ýurduň serişdeleriniň HZB ulgamyna gatnaşygyny, hususan-da, sebitleýin gatnaşyklaryny häsiýetlendirýän görkezijiler ulanylýar. Sebitleýin gatnaşyklara başgaça integrasiýalar ýa-da bir sebitde ýerleşen ýurtlar, mysal üçin, ÝB, Demirgazyk Amerika, Ýakyn Gündogar we ş.m. degişlidir. Şeýle ýagdaýda döwletiň HZB ulgamynda sebit ýurtlary bilen gatnaşyklaryny eksport, import, daşary söwda dolanyşygy ýaly görkezijiler bilen häsiýetlendirip bolar. Munuň üçin ýurduň sebitleýin daşary ykdysady gatnaşyklaryna eksport amallarynyň mysalynda seretmek bolar.

Döwletiň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň halkara sebitleýin ulgamyndaky görkezijileriniň biri-de kesgitli sebitiň jemi eksportdaky paýydyr. Bu görkeziji ýurduň sebit döwletlerine eksport jeminiň umumy eksportdaky paýy arkaly kesgitlenilýär.

Umuman, döwletiň sebit ýurtlarynyň haýsy hem bolsa birine eksportynyň artmagy sebitiň ähli ýurtlary bilen özara zähmet bölünişiginiň çuňlaşýandygyny görkezýär. Belli bir wagt aralygynda ýurduň sebit döwletlerine eksporty umumy eksportyň düzüminde 20%-den artan bolsa we şol döwürde JIÖ iki esse ýokarlanan bolsa, oňa ýurduň sebit döwletleri bilen HZB ulgamyndaky gatnaşyklarynyň derejesi ösýär diýip aýdyp bolmaz. Bu ýagdaýda getirilen görkeziji ýurduň şol döwlet bilen daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ornuny häsiýetlendirýär. Başgaça aýdylanda, bu görkeziji diňe geçen döwre garanyňda sebit döwletleri bilen ösüşiň 20% artandygyny aňladýar.

Ýurduň sebitleýin ýagdaýyna baha bermekde ulanylýan wajyp görkezijisine öňe geçme koeffisiýenti diýilýär. Bu koeffisiýent ýurduň umumy eksportynda sebit eksportynyň gatnaşygy arkaly hasaplanylýar. Bu görkeziji hem edil ýurduň sebitiň bir döwletine düşýän eksportynyň paýy ýaly HZB-niň ösüş derejesiniň çuňlaşdyrylyşyny häsiýetlendirmeýär. Onuň ähmiýetli tarapy ýurduň sebit döwletleri ýa-da bir döwlet bilen daşary ykdysady gatnaşyklaryny çaltlandyrmaga ugurlary görkezýär. Bu görkezijiniň esasynda ýurduň umumy daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda bu sebitiň ornunyň üýtgeýşine baha bermek bolýar.

Şeýle görkezijileriň biri bolup ýurduň döwletler bilen özara ýa-da ikitaraplaýyn eksporty çykyş edýär. Özara eksport ýurduň sebit döwletleri bilen ikitaraplaýyn eksportynyň jemidir. Umuman, bu görkezijiniň hem ýurduň HZB ulgamyndaky ornunyň çuňlaşýandygyny görkezmeýär. Sebäbi ol, köplenç, bilelikdäki önümçiliginiň hasabyna ösýär. Bu ýagdaý bilelikdäki önümçiligiň parallel ösmegine getirse, beýleki önümçilikleriň yza galmagyna alyp barýar.

Döwletiň sebit ýurtlar bilen özara eksportynyň paýynyň ösüşi gyradeň häsiýete eýe däldir. Ol diňe bir ýurduň beýleki döwletlere eksportynyň üýtgemeginiň hasabyna däl-de, milli önümçiligiň, içerki sarp edişiň ösüşine hem-de beýleki ýagdaýlara baglydyr. Ýurduň özara eksportdaky paýy dürli ugurlar boýunça üýtgäp biler. Onuň üýtgemegi ýurduň beýleki döwletler bilen alyş-çalşygynyň hasabyna üýtgäp biler.

Döwletiň özara eksportdaky paýynyň görkezijisi ol ýurtlar bilen daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin uly mümkinçilik döredýär. Bu ululygyň ösmek meýline ýurduň jemi eksportynyň ösüş depgininden sebit eksportynyň ösüş depgininiň öňe geçmek koeffisiýenti bilen baha bermek bolar. Ýokardaky görkezijileriň gatnaşyklaryny 9-njy tablisa arkaly beýan etmek bolar:

*9-njy tablisa*

**Aýry-aýry döwletleriň HZB-ä gatnaşyşyny häsiýetlendirýän görkezijileriň toparlara bölünişi**

| № | Görkezijileriň atlary |
|---|---|
| 1 | *A topar*: HZB-niň eksport-import amallarynyň mysalyndaky ösüş derejesi<br>Ýurduň JIÖ-niň düzüminde eksport mukdary |
| 2 | JIÖ-niň ösüş depgininden eksportyň ösüş depgininiň öňe geçme mukdary |
| 3 | Ýurduň JIÖ-niň düzümindäki import mukdary |
| 4. | JIÖ-niň ösüş depgininden importyň ösüş depgininiň öňe geçme koeffisiýenti |
| 5 | Daşary söwda kwotasy |
| 6 | *B topar*: Döwletiň daşary ykdysady gatnaşyklaryndaky eksport amallarynyň sebitler bilen (ÝS, GDA) gatnaşyklardaky orny<br>Ýurduň jemi eksportynda sebit döwletleriniň paýy |
| 7 | Ýurduň jemi eksportynyň ösüş depgininden sebit eksportynyň ösüş depgininiň öňe geçme koeffisiýenti |
| 8 | Ýurduň sebit döwletleri bilen özara eksportynyň paýy |
| 9 | Ýurduň sebit döwletlerine eksportynyň ösüş depgininden sebitiň aýry-aýry döwletlerine eksportynyň ösüş depgininiň öňe geçme koeffisiýenti |

Ýokardaky seredip geçen görkezijilerimiziň hemmesi ýurduň HZB ulgamynyň dürli ýagdaýlaryna halk hojalyk görnüşi boýunça gatnaşmagyna esaslanýan gökezijilerdir. Ýöne, olardan başga-da pudagiçre, pudagara, görnüşara formalar hem bar. Olaryň her haýsysy HZB-niň ösüşine özbaşdak seljerme berýär. Döwletiň HZB ulgamyna gatnaşyş derejesini ölçemekde bularyň ornuny ýokardaky getirilen görkezijiler boýunça kesgitläp bolar. Olaryň hasaplanylyşy hem edil halk hojalyk görnüşi ýalydyr. Ýöne çykarylan hasaplamalaryň jemi halk hojalyk formasynyň görnüşiniň jeminden pes bolar. Sebäbi halk hojalyk görnüşi tutuş milli ykdysadyýet, beýleki formalar diňe pudaklar boýunça hasaplanýar.

HZB-niň ösüşine halk hojalyk, pudagiçre, pudagara, görnüşara görnüşleriniň her haýsy boýunça beýan edilen usulyýetler boýunça milli ykdysadyýetiň HZB-ä gatnaşýan pudaklaryna dürli ýagdaýlarda, mysal üçin, ýurduň umumy eksportynda bir pudagyň paýyna, umumy senagat önümçiliginiň ösüşi bilen ýöriteleşen önümçiligiň ösüşine we ş.m. seljerme bermek bolar. Bu işler köp zähmeti talap edýär. Şonuň üçin ýurduň HZB ulgamyna gatnaşyş derejesini häsiýetlendirýän görkezijileriň klassifikasiýalaryny diňe halk hojalyk görnüşinde hasaplamak bolar. Esasy bellemeli zatlaryň biri-de bularyň haýsysy boýunça ýurduň HZB gatnaşyş derejesini hasaplanyňda şol bir görkezijileriň ulanylýanlygydyr.

## 9.4. Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşiniň ýagdaýlary

Eksportyň JIÖ-däki paýy ýa-da eksport kwotasy ýurduň serişdeleriniň HZB gatnaşyş derejesini görkezýär. Bu görkeziji näçe uly boldugyça ýurduň HZB ulgamyna gatnaşyşy hem şonça ýokarydyr. Şu ýerden hem eksport kwotanyň paýy näçe bolmaly? diýen sorag ýüze çykýar. Iş ýüzünde görnüşi ýaly eksport kwotanyň paýy JIÖ-niň göwrümine, aýry-aýry harytlaryň görnüşlerine, içerki sarp edişiň ululygyna baglydyr. Içerki sarp ediş näçe ýokary bolsa, eksport kwota hem şonça pes bolýar. Käbir döwletlerde eksport kwotanyň möçberi 50% we ondan hem has ýokary bolup bilýär. Beýleki bir döwletlerde bolsa bu görkeziji 1%-e ýetmeýär.

Görşümiz ýaly eksport kwota umumy görkezijidir. Ol görkezijä haýsy ýagdaýlar täsir edýär? Ol eksportyň düzüminde haýsy harytlaryň agdyklyk edýändigine, şol harydy haýsy döwletleriň öndürýändigine, şol harytlaryň dünýä eksportyndaky paýyna seretmeýär.

Bularyň ilkinjisi içerki bazaryň göwrümidir. Iri döwletleriň öndürilýän harytlara alyjy tapmak mümkinçiligi has ýokarydyr. Ýetmeýän harytlary ýa-da harytlaryň köpdürlüligini az mukdardaky importyň hasabyna kanagatlandyryp bilýärler. Şonuň üçin, iri döwletleriň eksport kwotasy kiçi döwletleriňkä garanyňda pesdir.

Şeýle ýagdaýlaryň biri-de eksport kwotanyň möçberi, onuň adam başyna düşüşini aňladýan görkezijileridir. Eksport kwotasynyň ululygy JIÖ-niň ululygyna baglydyr. JIÖ-niň we eksport kwotanyň ululygy ýurduň HZB-a gatnaşygyny aňlat-

maýar. Mysal üçin, Ýaponiýa bilen Belgiýanyň JIÖ-leriniň adam başyna düşüşi deňeçerräk bolsa-da, JIÖ-niň göwrümi boýunça Ýaponiýa, Belgiýadan 17 esse öňdedir. Emma, Belgiýanyň eksport kwotasy Ýaponiýanyňkydan 7 esse ýokarydyr.

Eksport kwotanyň möçberine tebigy baýlyklar hem uly täsir edýär. Mysal üçin, OPEC ýurtlarynyň köpüsiniň eksport kwotasy 50%-den geçýär. Ýöne, bu görkezijini hakyky diýip hasap etmek bolmaz. Sebäbi olar diňe tebigy baýlyklaryň hasabyna ýaşaýarlar. Şonuň üçin ol döwletler HZB ulgamyna has işjeň gatnaşýar diýip hasaplamak nädogrudyr.

Eksport kwotanyň ululygyna şübhesiz täsir edýän ýagdaýlaryň biri hem milli ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümidir. Ozaldan belli bolan kanunalaýyklykda milli ykdysadyýetiň düzüminde energetika, metallurgiýa we beýleki agyr maşyn gurluşyk pudaklaryň agdyklyk etmegi HZB ulgamyna goşulyşmany peseldýär. Tersine, gaýtadan işleýän pudaklaryň detallaýyn, tehnologiýalaýyn ýöriteleşmegi HZB has köp ýöriteleşmeklige getirýär. Mysal üçin, Germaniýa we Fransiýa tebigy baýlyklar boýunça gyradeňräk ýurtlar hasaplanylýar. Ýöne Germaniýanyň eksportynda maşyn gurluşygynyň paýy 38%-e, Fransiýanyňky 33%-e deň. Şonuň üçin Germaniýanyň eksport kwotasy Fransiýanyňkydan ýokarydyr.

Eksport kwotany kesgitlemekde ýurduň etniki, durmuş we syýasy ýagdaýlaryny hem göz öňünde tutmaly. Bir ýurdy goldamak üçin beýleki ýurduň onuň harytlaryny gymmat alyp, öz harytlaryny arzan bermegi kömek edýän ýurduň eksport kwotasynyň peselmegine getirýär.

### ESASY DÜŞÜNJELER

Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşini ölçemegiň usulyýetleri

HZB-niň «giňemek» we «çuňlaşmak», «ösüş» düşünjeleri

HZB-ni ölçemek

HZB-niň koeffisiýentler toplumy

HZB-niň ösüşiniň esasy görkezijileri

Eksportyň umumy öndürilen önümdäki paýy, pudagyň eksportdaky paýy, ýöriteleşen pudagyň ösüş depgininiň ýurduň tutuş senagatynyň ösüşine deňeşdirmesi

HZB-niň eksport, import, daşary söwda mukdary, ýurduň aýry-aýry harytlar boýunça halkara söwdasyndaky paýy, daşary söwda dolanyşygynyň adam başyna düşýäni we ş.m. görkezijileri

Döwletiň halkara zähmet bölünişigine goşulyş derejesiniň görkezijileri

Eksport mukdarynyň hasaplanylyşy

Eksportyň ösüş depgininiň JIÖ-niň ösüş depgininden öňe geçme koeffisiýenti

Import mukdarynyň hasaplanylyşy

Importyň ösüş depgininiň JIÖ-niň ösüş depgininden öňe geçme koeffisiýenti

Daşary söwda mukdarynyň hasaplanylyşy

Döwletleriň sebitleýin ykdysady gatnaşyklaryndaky ornuny häsiýetlendirýän görkezijiler

Kesgitli sebitiň jemi eksportdaky paýy

Ýurduň döwletler bilen özara ýa-da ikitaraplaýyn eksporty

Sebitiň eksportynyň ýa-da importynyň sebitiň jemi önüminiň ösüşinden öňe geçmegi

Aýry-aýry döwletleriň HZB gatnaşyşyny häsiýetlendirýän görkezijileriň klasiffikasiýasy

Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşiniň ýagdaýlary

Eksport kwotany kesgitlemekde ýurduň etniki, durmuş we syýasy ýagdaýlary.

# X bap TÜRKMENISTAN HALKARA ZÄHMET BÖLÜNIŞIGINDE

## 10.1. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga ygtybarly pudaklary

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly ösen döwletleriň milli hojalyklarynyň hemme pudaklary halkara zähmet bölünişigine gatnaşyp bilmeýär. Diňe belli-belli pudaklar halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga ukyplydyr. Bu gelnen netije Türkmenistanyň ykdysadyýeti üçin mahsus häsiýetlidir. Eýsem-de, ýurdumyzyň haýsy pudaklary halkara zähmet bölünişigine gatnaşyp biler? Bu soraga jogap bermek üçin global we sebitleýin häsiýete eýe bolup biljek pudaklarymyzy kesgitlemek zerurdyr. Halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan pudaklary başgaça, global pudaklar diýip hem atlandyrmak bolar. Sebäbi global sözi dünýäleşmegi, ýagny, dünýä döwletleri bilen ykdysady gatnaşyklary alyp barmaklygy aňladýar. Şonuň üçin şu temada Türkmenistanyň pudaklary halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan pudaklarymyz ýa-da global pudaklar diýip atlandyrylar.

Ilki bilen milli ykdysadyýetimiziň halkara zähmet bölünişigine gatnaşyp biljek pudaklaryny kesgitlemek we subut etmek dogrudyr. Munuň üçin ilki bilen milli ykdysadyýetimiziň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga ukyply bolan maddy pudaklaryny kesgitlemekden başlamak maksadalaýyk bolar. Halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga mümkinçiligi bar bolan maddy pudaklarymyza tebigy gaz,

nebit we nebit önümlerini, dokma senagaty, halyçylyk, çakyr önümçiligi, dökün himiýa senagatlary degişlidir.

Milli ykdysadyýetimiziň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga ukyply pudaklaryny wagt taýdan aşakdaky iki topara bölmek bolar;

1. Gysga wagtyň içinde global häsiýete eýe bolup biljek pudaklar.

2. Belli bir wagtyň dowamynda global häsiýete eýe bolup biljek pudaklar.

Gysga wagt aralygyny 3-5 ýyl, belli bir wagt aralygyny 5-7-10 ýyl diýip görkezmek bolar.

Gysga wagtyň içinde global häsiýete eýe bolup biljek pudaklara tebigy gaz, dokma senagaty we çakyr önümçiligini;

Belli bir wagtyň içinde global häsiýete eýe bolup biljek pudaklara nebit we nebit senagaty, dökün himiýa, halyçylygy görkezmek bolar;

Sebitleýin häsiýetli pudaga elektrik energiýasyny görkezmek bolar.

Halkara we sebitleýin häsiýete eýe bolmaga mümkinçiligi bar pudaklara ýokarda getirilen ugurlary ylmy esaslara, görkezijilere, çaklamalara esaslanyp subut edeliň.

## 10.2. Tebigy gaz milli ykdysadyýetiň halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan ilkinji global häsiýetli pudagydyr

Soňky döwürde dünýä ykdysadyýeti birnäçe meseleler bilen ýüzbe-ýüz boldy. Olaryň biri hem tebigy baýlyklar we şol sanda energiýa çeşmeleri bilen baglanyşyklydyr. Häzirki zaman adamzat jemgyýeti senagat energiýasyz hereket edip bilmeýär. Tebigy baýlyklaryň we şol sanda energiýa çeşmeleriniň ýurtlaryň arasyndaky paýlanyşy gyradeň däldir. Şonuň üçin energiýa baýlyklary özünde ýok ýurtlar daşyndan satyn almaga mejbur bolýarlar. Şeýlelikde energiýa çeşmeleriniň halkara söwdasy ýüze çykýar. Ykdysadyýetiň, ilatyň, sarp edişiň ösmegi bilen energiýa çeşmeleriniň sarp edilişi hem barha ösýär.

Türkmenistan tebigy gaza has baý ýurtlaryň biridir. Angliýanyň garaşsyz halkara bilermenler kompaniýasynyň berýän bahalaryna görä, dine Galkynyş gaz käniniň mukdarynyň 26,2 milliard kubmetre barabar bolmagy ýurdumyzy tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde öňdäki hatarlara çykarýar. Ýurdumyzda tebigy gazyň ägirt uly gorlarynyň jemlenmegi, dünýäniň tebigy gaza bolan isleginiň barha ýokarlanmagy biziň tebigy gaz senagatymyzyň global pudaga öwrülmäge mümkinçiliginiň orän uludygyny görmek bolýar. Munuň şeýledigini birnäçe görkezijiler arkaly subut edeliň.

Häzirki wagtda dünýäniň energiýa bolan artýan islegini öwrenýän, çaklaýan seljerme berýän birnäçe guramalar bar. Olar döwletleýin, sebitleýin we tutuş dünýä boýunça hereket edýärler. Olaryň içinde has ähmiýetlisi Halkara energiýa agentligi

(HEA) hasaplanylýar. Bu gurama ýokarda bellenip geçilişi ýaly, dünýäniň energiýa bolan artýan islegini öwrenýär we çykaran netijelerini her ýylda çap edýär. Kitapda getirilýän görkezijilerde, esasan, HEA-nyň 2010-njy ýylda çap eden «World Energy Outlook-2010» maglumatlaryna salgylanylýar. Munuň özi çykarylýan netijeleriň has ynamdar bolmagyna getirýär.

HEA–2010-nyň berýän maglumatlaryna görä, 2010-njy ýylda dünýäniň sarp eden tebigy gazy 3,1 trillion kubmetre barabar bolupdyr. Bu görkeziji 2009-njy ýyla garanyňda 7 göterim artypdyr. Umuman, dünýäniň energiýa çeşmelerine, hususan-da tebigy gaza bolan islegi barha ýokarlanýar. HEA–2010-nyň çaklamalaryna görä, 2035-nji ýyla çenli dünýäniň tebigy gaza bolan islegi ýyllyk 1,6 göterim artar. Şeýlelikde, ýene-de 23 ýyldan dünýäniň tebigy gaza bolan islegi 1,4 trillion kubmetr ösüp, 4,5 trillion kubmetre barabar bolar. Eger bu sany göterimde hasaplasak onda ol 44 göterime deň bolar. Getirilen sanlardan görnüşi ýaly gysga wagtyň içinde dünýäniň tebigy gaza bolan islegi düýpli ýokarlanar. Öňünden berilýän çaklamalara görä, islegiň ösüşi, esasan, Aziýa we Ýewropa ýurtlarynyň hasabyna bolup geçer. HEA–2010-nyň mysalyndaky Aziýa ýurtlaryna, esasan, Hytaý, Hindistan, Pakistan, Ýewropa ýurtlaryna Ýewropa Bileleşigine girýän 27 sany ýurduň mysalynda seredip geçilýär.

Elektrik energiýasyny öndürmekde tebigy gazyň has köp ulanylyp başlanmagy «mawy ýangyjyň» sarp edilişiniň barha artmagyna getirýär. Häzirki günde global sarp edilýän tebigy gazyň 1,25 trillion kubmetri elektrik energiýasyny öndürmekde sarp edilýän bolsa bu görkezijiniň ýene-de 25 ýyldan 1,8 trillion kubmetrden gowrak boljakdygy çak edilýär. Şeýle meýil Türkmenistanda hem bolup geçýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda hereket edýän elektrik beketleriniň hemmesi gaz trubinalaryna geçirildi. Diňe 2010-njy ýylda ýurdumyzda her biriniň kuwwaty 254 MWt barabar bolan üç sany elektrik beketleri ulanylmaga berildi.

Tebigy gaza bolan islegiň ösüşiniň Aziýa we Ýewropa ýurtlarynyň hasabyna bolup geçmegi ýurdumyzyň tebigy gaz eksportyny ýokarlandyrmaga dörän mümkinçilikleriň ýene-de biri bolar. Çünki, ýurdumyzyň geografiki taýdan Ýewraziýanyň çatrygynda ýerleşmegi tebigy gaza uly isleg bildirýän yklymyň ýurtlaryna uly möçberlerde ýangyjyň bu görnüşini ugratmaga mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň tebigy gaz babatyndaky global häsiýetini Ýewropa we Aziýa ýurtlarynyň tebigy gaz üpjünçiligine we olaryň Türkmenistan bilen bu ugurdaky alyp barýan hyzmatdaşlygyna we onuň ösüş meýline seredip geçeliň.

Türkmen gazyny eksport etmegiň esasy ugurlarynyň biri Hytaý Halk Respublikasydyr (HHR). Şonuň üçin Hytaýyň tebigy gaz üpjünçiligine, tebigy gaza bolan isleginiň artyş meýillerine seredip geçeliň.

Hytaý häzirki wagtda dünýäniň iri energiýa bazaryny emele getirýär. Ilatynyň sanynyň örän köp bolmagy (2010-njy ýylyň maglumatlaryna görä, 1 milliard 350 million adamdan gowrak), ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösmegi, energiýa

serişdelerinde kömrüň esasy orun tutmaklygy, nebitdir gazyň gorlarynyň ägirt uly islegi kanagatlandyrardan pes gelmegi Hytaýa nebiti we gazy iri möçberlerde satyn almaga mejbur edýär. HEA–2010-nyň berýän maglumatlaryna görä, Hytaý 2010-njy ýylda 110 milliard kubmetr tebigy gazy sarp edipdir. Sarp edilen tebigy gazyň ýarysyna golaýy import edilipdir. Habarnamada görkezilişine görä, bu görkezijiniň 2015-nji ýylda 169 kubmetre, 2025-nji ýylda 266 milliard kubmetre, 2035-nji ýylda 395 kubmetre barabar boljakdygy çaklanylýar. Şeýle uly möçberlerde sarp ediljek tebigy gazyň ýarysyna golaýy importyň hasabyna kanagatlandyrmak göz öňünde tutulýar. Diýmek, göz öňünde tutulýan döwür içinde Hytaýyň tebigy gaz eksportynyň 4 essä golaý artjakdygyny çaklamak bolar. Hytaý hökümeti bu meseläni çözmek üçin häzirki wagtda aýgytly hereketleri alyp barýar. Sarp edijiligi şeýle uly bazara tebigy gazy ugratmaga meýilli döwletleriň sanynyň hem ýeterlikdigini bellemelidiris. Muňa mysal edip Russiýa Federasiýasy, Eýran Yslam Respublikasy, Özbegistan, Gazagystan, Azerbaýjan, Malaýziýa, Indoneziýa ýaly döwletleri görkezmek bolar. Hytaý häzirki wagtda energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek üçin tebigy gazyň importyny diwersifikasiýalaşdyrmak isleýär. Beýleki tarapdan tebigy gaza baý we ygtybarly hyzmatdaş gözleýär. Şeýle hyzmatdaşyň Türkmenistan diýlip hasaplanylýandygyny hytaýly ýolbaşçylar tassyklaýarlar. Türkmenistan häzirki wagta çenli halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýändigi bilen halkara jemgyýetçiligine bellidir. Bu ýagdaý Hytaýy biziň bilen hyzmatdaşlyga imrindirýän esasy zatlaryň biri hökmünde görkezmek bolar. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiziň 2011-nji ýylda Hytaýa eden saparynda ozalky baglaşylan 40 milliard kubmetrlik gazyň üstüne ýene-de 20 milliard kubmetrlik gazy ugratmak we satyn almak baradaky şertnamanyň baglaşylmagy dünýäniň energiýany importyň hasabyna kanagatlandyrmakda ikinji orunda durýan ýurduň energiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde ädilen uly ädimleriň biri bolar. Munuň özi diňe bir sebitiň däl-de, dünýäniň iri ykdysadyýetleriniň biriniň energiýa meselesini çözmäge Türkmenistanyň gatnaşmagy, ýurdumyzy global energiýa bazarynda işjeň hereket alyp barýan döwletleriň hataryna çykarýar. Sebäbi Hytaýyň 2035-nji ýyla çenli import etmekçi bolýan tebigy gazynyň möçberi, takmynan 200 milliard kubmetr töweregi bolup, onuň 60 milliard kubmetrini Türkmenistandan satyn alynýan «mawy ýangyjyň» hasabyna kanagatlandyrmak göz öňünde tutulýar. Munuň özi jemi import edilmegi göz öňünde tutulýan tebigy gazyň 25 göterimden hem gowragydyr. Diýmek, häzirki wagtda ykdysadyýetiniň ululygy we energiýa sarp edişiniň möçberi boýunça dünýäniň ikinji, 2020-nji ýyldan bu görkezijiler boýunça birinji orna geçmekligi göz öňünde tutulýan ýurduň tebigy gaz meselesini çözmekde Türkmenistanyň esasy döwletleriň biri bolmaklygyna getirýär. Global ykdysadyýetiň global meselesini çözmeklige gatnaşmaklygy ýurdumyzyň tebigy gaz pudagynyň halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan iri pudaga öwrülendigini tassyklaýar.

Türkmen tebigy gazyna Aziýa ýerböleginde iri hyrydarlaryň biri hem Hindistan bilen Pakistandyr. Bu ýurtlaryň ikisi-de ilatynyň sany boýunça dünýäde birinji onluga girýän ýurtlaryň biri hasaplanylýar. BMG-niň berýän maglumatlaryna laýyklykda 2010-njy ýylda Hindistanyň ilaty 1 214 505 904 adama, Pakistanyň ilaty 162 800 039 adama barabar bolupdyr. Ilatyň artyş depgini Hindistanda 1,606%-e, Pakistanda 0,828%-e barabar diýip hasap edilýär. Häzirki wagtda Hindistan jemi içerki önümiň möçberi 1 310 171 müň dollara barabar bolup dünýäde 11-nji orunda, Pakistan 166 545 müň dollarlyk jemi içerki önüm bilen 45-nji orunda durýar. Bu ýurtlaryň ikisi-de çalt ösýän ýurtlaryň hatarynda tanalýar. Ilatynyň sanynyň we onuň artyş depgininiň ýokarylygy ykdysadyýetiň energiýa sarp edijiliginiň barha artmagy bu ýurtlaryň tebigy gaz gurbatyny seljermäge mümkinçilik berýär.

Ilki bilen Pakistanyň energiýa mümkinçiligine seredeliň. Häzirki wagtda bu ýurtda tebigy gazyň ulanylyşy ýokarydyr. «BP Statistikal Rewiew of World Energy–2010» maglumatlar-analitik žurnalynyň berýän maglumatlaryna görä, Pakistan 1999-njy ýylda 20,3 milliard kubmetr tebigy gaz sarp eden bolsa, 2009-njy ýylda bu görkeziji 37,9 milliard kubmetre ýetipdir. «BP Statistikal Rewiew of World Energy–2010» žurnalynyň berýän maglumatlaryna görä, 2009-njy ýylda ýurduň tebigy gaz gorlarynyň möçberi 910 milliard kubmetre barabar bolupdyr. Getirilen sanlardan görnüşi ýaly ýurt özüniň tebigy gazy çykarmakdaky häzirki kuwwatyny saklap galanda onuň bary-ýogy 25 ýyla ýetjekdigini görmek bolýar (täze üsti açyljak gorlary hasaplamanyňda). Diýmek, ýurduň gaz gorlary uzak möhletli ösüşi we strategik üpjünçiligi kanagatlandyryp bilmeýär.

«BP Statistikal Rewiew of World Energy–2010» žurnalynyň berýän maglumatlaryna görä, ýurtda sarp edilýän energiýanyň 47,5 göterimi tebigy gazyň paýyna düşýär. Žurnal Pakistanyň tebigy gazy sarp edişiniň möçberi 2015-nji ýylda 92 milliard kubmetre ýeter diýip çaklama ýöredipdi. Öndürilýän tebigy gazyň 29 göterimi elektrik energiýasyny öndürmekde, senagat üçin 29 göterimi, öý hojalygy üçin 18 göterimi ulanylýar. Ýurduň tebigy gaz önümçiliginiň bolsa bu döwür aralygynda 31,5 milliard kubmetre çenli pese düşer diýip çak edilýär. Getirilen sanlardan görnüşi ýaly ýene 10 ýyldan Pakistanyň 60 milliard kubmetrden gowrak tebigy gazy import etmeli boljakdygyny görmek bolýar.

Türkmenistanyň tebigy gazyna hyrydar döwletleriň biri-de Hindistandyr. Hindistan dünýäniň iri ykdysadyýetli döwletleriniň biridir. BMG-niň berýän maglumatlaryna görä, 2030-njy ýyla çenli Hindistan ilatynyň sany boýunça birinji, ykdysadyýetiniň ululygy we onuň energiýa serişdelerini sarp edijiliginiň möçberi boýunça dünýäniň üçünji ýurdy bolmagyna garaşylýar. Hindistanyň «Inodia Hydrosarwon Vision-2025» atly meýilnamasynda bellenilişine görä, 1997-nji ýylda sarp edilen energiýa serişdeleriniň arasynda tebigy gazyň orny 7 göterime deň bolan bolsa, bu görkezijiniň 2025-nji ýyla çenle 20 göterime ýetmegine garaşylýar. Şol döwürde ýurduň energiýa bazarynyň ýokary depginde ösjekdigini nazara alanymyzda

tebigy gazyň Hindistan ücin ähmiýetiniň has artjakdygyny görmek bolýar. Eger Hindistan 1997-nji ýylda bary-ýogy 23 milliard kubmetr gaz sarp eden bolsa, «BP Statistikal Rewiew of World Energy–2010» žurnalynyň çaklamasynda bellenilişine görä, 2009-njy ýylda bu görkeziji 51,9 milliard kubmetre ýetip, 2008-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 22,9 göterim artypdyr. Halkara energiýa agentliginiň çaklamalaryna görä, Hindistanyň tebigy gaz bazarynyň zerurlygy 2025-nji ýylda 113 milliard kubmetre, 2030-njy ýylda 132 milliard kubmetre ýetmegine garaşylýar. Häzirki wagta çenli Hindistanyň tebigy gaz gorlarynyň jemi 1,12 trillion kubmetre barabardyr. Ýurtda 2009-njy ýylda 39,3 milliard kubmetrlik tebigy gaz öndürilipdir. Eger tebigy gaz öndürmekligiň şu möçberi saklanyp galanda hem-de täze gorlar ýüze çykarylmasa ýurduň tebigy gaz gorlarynyň 28 ýyldan soň tükenjekdigini görmek bolar. HEA–2010-nyň beryän maglumatlaryna laýyklykda Hindistan 2025-nji ýylda 73 milliard kubmetr, 2030-njy ýylda 80 milliard kubmetr tebigy gazy öndürmek mümkinçiligine eýedir.

Alnan maglumatlardan görnüşi ýaly Hindistan 2015-nji ýylda 18 milliard, 2025-nji ýylda 40 milliard, 2030-njy ýylda 52 milliard kubmetr tebigy gazy import etmeli bolar. Hindistan häzirki wagtda tebigy gazy, esasan, Katardan we Awstraliýadan suwuklandyrylan görnüşde import edýär. Bu döwletlerden tebigy tankerler arkaly daşalýar.

Ýokarda getirilen görkezijilere salgylanyp aşakdaky netijelere gelmek bolar. Pakistanyň we Hindistanyň tebigy gaz bazarlary bilelikde alanyňda ýene 10 ýyldan tebigy gazyň sarp edilişiniň ýyllyk möçberi 186 milliard kubmetre ýeter. Şol döwürde bu iki döwletiň bilelikde öndürip biljek tebigy gazy 100 milliard kubmetre barabar bolar. Diýmek, bu ýurtlar ýene-de 10 ýyldan 90 milliard kubmetr tebigy gazy import etmeli bolarlar.

Merkezi Aziýa ýerböleginde şeýle uly möçberdäki tebigy gazy ugradyp biljek bary-ýogy üç sany döwletiň bardygyny bellemelidiris. Ol döwletler Katar, Eýran we Türkmenistandyr. Olardan Pakistana şeýle uly möçberdäki tebigy gazy ugradyp biljek döwletiň diňe Türkmenistandygyny aýratyn bellemelidiris. Sebäbi Katar häzirki wagtda dünýä döwletlerine suwuklandyrylan gazy satmakda öňdäki orunlarda durýar. Bu döwletiň meýdanynyň kiçiligi we birnäçe onýyllyklardan bäri tebigy gazy iri möçberlerde çykaryp gelmegi tebigy gazyň önümçiligini mundan beýläk ýokarlandyrmaga mümkinçilik bermeýär. Eýranyň bolsa häzirki wagtda halkara gysyşyndan täzelikde çykmagy, degişli infrastrukturanyň bolmazlygy, dini garaýyş taýdan durnuksyzlygy, ýaraglanyşyga üns bermegi, eksportlyk gazy öndürmek üçin zerur bolan uly möçberlerdäki serişdeleriň ýetmezçilik etmegi Pakistanyň energiýa üpjünçiligini kesgitlemekde esasy döwletiň Türkmenistan boljakdygy düşnüklidir.

Bu aýdylanlar Merkezi Aziýa sebitiniň ilaty, ykdysadyýeti boýunça iň iri ýurdunyň energiýa üpjünçiligini diňe Türkmenistan bilen bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň hasabyna kanagatlandyrmagyň mümkindigini ýene bir gezek tassyklaýar.

Türkmenistanyň tebigy gaz pudagynyň global häsiýetli pudaga öwrülmekde ähmiýetli ugurlaryň biri hem Ýewropa Bileleşigidir. Şonuň üçin Ýewropa Bileleşiginiň tebigy gaz goruny seljermek üçin ygtybarly çeşme bolan HEA-nyň maglumatlaryna salgylanmak maksadalaýyk bolar.

Ýewropa ýerböleginde ýerleşýän ýurtlar dünýäde uglewodorodlary daşyndan iň köp satyn alýan döwletlerdir. 2009-njy ýylyň ahyrynda bu Bileleşige girýän 27 sany ýurduň gaz gorlarynyň jemi möçberi 2,42 trillion kubmetre barabar bolupdyr.

HEA–2010-nyň berýän maglumatlaryna görä, 2035-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginiň sarp edýän tebigy gazynyň jemi möçberiniň 598 milliard kubmetre ýetmegine garaşylýar. Bu görkeziji 2009-njy ýylda 459,9 milliard kubmetre barabar bolupdy. Ýene 22 ýyldan Ýewropa Bileleşiginiň öndürýän tebigy gazynyň 93 milliard kubmetr azaljakdygy hem çak edilýär. Bu ýagdaý ýurduň sarp edýän tebigy gazynyň 84 göterimini daşyndan satyn almaklyga getirýär. Başgaça aýdylanda, bu sebit 2035-nji ýylda 505 milliard kubmetr tebigy gazy import etmeli bolarlar.

Häzirki wagtda türkmen tebigy gazyna Aziýa we Ýewropa ýurtlarynda hiç hili bäsdeş ýokdur. Munuň özi Türkmenistana dünýäniň tebigy gaz bazarynda has batyrgaý hereket etmeklige mümkinçilik berýär. Şol bir wagtyň özünde döwletleriň ýöredýän köpugurly import syýasaty ýurdumyzyň bu ugurda dünýä liderleriniň biri bolmagyna mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda işlenilip düzülen «Türkmenistanyň nebit-gaz pudagyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli Baş ugry» milli Maksatnamasynda bellenilişi ýaly ýurdumyzyň tebigy gaz eksportynyň göz öňünde tutulýan döwürde 180 milliard kubmetre ýetirmeklik göz öňünde tutulýar. HEA–2010-nyň maglumatlaryna laýyklykda bu döwürde tebigy gazyň dünýä eksportynyň möçberi 2 trillion kubmetre golaý bolar, diýip çak edilýär. Diýmek, Türkmenistanyň dünýäniň tebigy gaz eksportyndaky paýy, takmynan 10 göterime golaý bolar. Diýmek, ýurdumyzyň tebigy gaz pudagyny doly derejede halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan ýa-da global pudak diýip hasap etmeklige mümkinçilik berýär.

## 10.2.1. Dokma senagaty

Milli ykdysadyýetimiziň nebit-gaz senagaty bilen birlikde esasy önümçilikleriň biri hem dokma senagatydyr. Gowaça ekip, inçe süýümli pagtanyň bol hasylyny almak üçin, Türkmenistanyň örän amatly tebigy klimat şertleri bardyr. Türkmen pagtasynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem ol inçe süýümli pagta bolmak bilen dünýä bazarynda ýokary islegden peýdalanýar. Dünýä boýunça ýokary derejede inçe süýümli pagtany ösdürip ýetişdirýän döwletler az sanlydyr. Olara Müsür, ABŞ, Hindistan, Pakistan, Türkmenistan degişlidir. Gowaçany ösdürip ýetişdirýän beýleki döwletlerde, esasan, orta süýüm berýän pagtaçylyk giňden ýaýrandyr. Pagtanyň süýüminiň has ýokarylygy boýunça, degişlilikde ilkinji orunlary Müsür we



7. Sargyt № 832

ABŞ eýeleýär. Türkmen pagtasynyň süýüm derejesini bu ýurtlaryňky bilen deňeşdirmäge doly mümkinçiligi bardyr.

Türkmenistanyň dokma toplumynyň düýpli pudaga eýe bolmak mümkinçiligini pagta süýumi we arassa pagtadan edilen önümler boýunça kesgitlemek ýerlikli bolar. Sebäbi, dünýäniň köp ýurtlarynda sintetiki süýüm önümçiligi güýçli depgin bilen ösdürildi. Bu ýagdaý, aýratyn-da çig mallary uly möçberlerde import edýän ýurtlarda şeýledir. Sebäbi häzirki wagtda sintetikadan edilen matalar, geýim-gejimler giňden ýaýrady.

Türkmenistanyň dokma senagatynyň düýpli häsiýetli pudakdygyny subut etmek üçin dünýäde pagtanyň öndürilişine gysgajyk seljerme bereliň.

Pagta süýüm görnüşinde giňden ýaýran önümleriň biridir. Pagta ýygnamak bilen dünýäniň 70-den gowrak ýurdunda 200 milliondan hem köp adam meşgullanýar. 60 milliondan gowrak adam pagtany gaýtadan işleýän dürli kärhanalarda zähmet çekýär. Her ýylda 30 million gektar ýere gowaça ekilip, 20 million tonnadan gowrak pagta süýümi alynýar. Dünýäniň iri pagta öndüriji ýurtlary bolup degişlilikde, Hytaý, ABŞ, Hindistan, Pakistan, Özbegistan çykyş edýär. Bu bäş döwletiň paýyna dünýä boýunça öndürilýän pagtanyň 65%-i düşýär.

Bilermenleriň bellemegine görä, geçen asyryň 40-njy ýyllaryndan başlap pagtanyň dünýä boýunça sarp edilişi her ýylda 2% ösýär. Pagta bolan islegiň her ýyl ýokarlanmagy, esasan, ösüp gelýän ýurtlaryň hasabyna bolup geçýär. 1981-nji ýyldan 1998-nji ýyla çenli ösüp gelýän döwletlere dünýä boýunça pagtanyň sarp edilişiniň 77%-i düşen bolsa 1999-njy ýyldan başlap onuň möçberi 80%-den geçdi. Pagtany köp öndürýän ýurtlaryň dünýä islegini kanagatlandyrmakda örän uly paýy bardyr.

Dünýä maliýe çökgünligi pagtanyň öndürilişine özüniň oňaýsyz täsirini ýetirdi. 2009-njy ýylda öndürilen pagtanyň möçberi 22,4 million tonna bolup, ol 2008-nji ýylyň möçberinden 1% pesdir. 2009-njy ýylyň pagta hasyly 2003-nji ýyldan bäri iň pes görkezijidir (2003-nji ýylda 20,1 million tonna pagta öndürildi). Şeýle hem köp ýurtlarda fermerlere berilýän karzlaryň göteriminiň ýokarlanmagy, berilýän karz serişdeleriniň möçberiniň azalmagyna täsir etdi. Bu ýagdaýa däneli ekinleriň bäsleşige ukyplylyk ýagdaýlarynyň ýokarlanmagy hem öz täsirini ýetirdi. Sebäbi gowaça zähmeti we beýleki harajatlary köp talap edýän ekindir.

Häzirki wagtda dünýäniň her ýylky sarp edýän pagta süýüminiň möçberi 23,9–26,9 million tonna töweregi bolup, ol pagtanyň öndürilişinden artykdyr. Bütin dünýä boýunça pagtany iň köp öndürýän ýurt Hytaý hasaplanylýar. Onuň paýyna dünýä boýunça öndürilýän pagtanyň 28%-i düşýär. Ondan soňky orunlary, degişlilikde Hindistan, ABŞ, Pakistan, Braziliýa, Özbegistan eýeleýär. Olaryň paýyna dünýä boýunça öndürilýän pagtanyň, degişlilikde 21%, 15%, 9%, 6%, 4%-i düşýär.

Öndürilýän pagtany eksport etmekde ilkinji orun Hytaýyň paýyna düşýär. Onuň paýyna dünýä boýunça eksport edilýän pagtanyň 35%-i düşýär. Bu ugurda

ikinji orny Özbegistan eýeleýär. Ol 800 müň tonna pagtany eksport etmek bilen bu ugurda dünýä eksportynyň 12%-ini eýeleýär. Ondan soňra Hindistan bolup, onuň paýyna 11%, Awstraliýanyň paýyna 6% düşýär.

Hünärmenleriň bellemegine görä, dünýä boýunça pagtanyň eksporty barha azalmak meýline eýedir. Oňa birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Olaryň ilkinjisine ýurtlaryň alyp barýan ykdysady syýasaty degişlidir. Oňa laýyklykda köp ýurtlar pagtany gaýtadan işläp, taýýar haryt görnüşinde çykarmaklyga çalyşýarlar. Mysal üçin, Pakistanyň pagta eksportynyň azalmagy gös-göni döwlet syýasatynyň netijesidir. Bu syýasatyň netijesinde bu ýurduň pagta eksporty her ýyl 2% azalýar. Munuň özi ykdysady taýdan örän amatlydyr. Pagtany çig mal görnüşi bilen deňeşdireniňde pagta süýümi daşary bazarlara satanyňda 4,1 esse, nah ýüplügi 8,3 esse, nah mata işlenende 18,8 esse, taýýar geýimleriň 1 tonnasy daşary bazarlara ugradylanda 25,1 esse köp girdeji berýär. Mälim bolşy ýaly dokma senagatynyň ösmegi onuň çig mal binýady bolup durýan pagtaçylygyň ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Pagtany gaýtadan işläp, ahyrky taýýar önüm edip satmaklygyň, ony çig mal ýa-da ýarym fabrikat edip ýerleşdireniňden has amatlydygy düşnüklidir.

Türkmenistanda 2030-njy ýyla çenli pagta hasylyny 1247,6 müň tonna ýetirmegi meýilleşdirýär. Bu sanyň häzirki wagtdaky ýagdaýyna esaslananymyzda 70%-i eksporta ugradylmaly. Onda eksporta ugradylmaly pagtamyzyň möçberi 873,32 tonna barabar bolar. Eger Özbegistan 800 müň tonna pagtany eksport etmek bilen bu ugurda dünýä boýunça 12%-ni tutýan bolsa, Türkmenistanyň 873,32 müň tonna bilen dünýäniň pagta eksportynyň 12%-den hem gowragyny tutmaga doly mümkinçiligi bardyr. Bu sanyň üstüne ýerli kärhanalarymyzda öndürilýän harytlarymyzy hem goşanyňda ol görkezijiniň has hem köpeljekdigini bellemek zerurdyr. Edil häzirki wagtda ýurdumyzyň dokma toplumynyň öndürýän önümleriniň 70%-den gowragy ABŞ, Kanada, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Türkiýe, Russiýa, Ukraina, Hytaý ýaly dünýäniň 30-dan gowrak ýurtlaryna eksport edilýär.

Diýmek, ýurdumyzyň dokma senagatynyň ýakyn döwrüň içinde global pudaga öwrülmäge doly mümkinçiligi bardyr.

Ýurdumyzyň dokma senagaty halkara zähmet bölünişigindäki häzirki ornuny üýtgetmäge-de uly mümkinçiligi bar bolan pudakdyr. Türkmenistanyň halkara zähmet bölünişigindäki häzirki orny gazyp alynýan peýdaly magdanlaryň senagatyna ýöriteleşendir. Onuň şeýledigine göz ýetirmek üçin eksportyň düzümine seredeliň. Ýurdumyzyň eksportynyň agramly bölegini tebigy gaz we nebit tutýar. Pagtanyň gaýtadan işlenilişini mundan beýläk hem ösdürenimizde Türkmenistan halkara zähmet bölünişiginde gazyp alynýan peýdaly maglumatlaryň senagatyna däl-de, gaýtadan işleýän senagata ýöriteleşen ýurtlaryň hataryna girer.

## 10.2.2. Çakyr önümçiligi

Türkmenistanyň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga we gysga wagtyň içinde kuwwatly pudaga öwrülmäge mümkinçiligi bolan uly pudaklarynyň biri hem çakyr önümçiligidir. Bu önümçiligi ösdürmek ýurdumyzyň eksport kuwwatyny ýokarlandyrmakda we azyk howpsuzlygyny berkitmekde uly ähmiýete eýedir. Ýurdumyzda çakyr önümçiligini ösdürmek azyk senagatyny ösdürmekligiň strategiýasynyň düzüm bölekleriniň biri bolup durýar. Türkmenistan häzirki wagtda özüni azyk önümleri bilen 95% üpjün edýän ýurtlaryň hataryna girýär. Bu san ýokary görkeziji bolup, ösen döwletlere mahsusdyr.

Ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmakda we eksport kuwwatyny ýokarlandyrmakda, eksport düzumini giňeltmekde, senagaty diwersifikasiýalaşdyrmakda çakyr önümçiligine aýratyn orun degişlidir. Çakyr kärhanalaryda öndürilýän çakyrlaryň ýokary hilli bolmagy olaryň eksport mümkinçilik nukdaýnazaryndan garalanda ygtybarly orunlaryň birini eýelemegine mümkinçilik berýär.

Çakyr senagatynda esasy çig mal bolup, üzümçilik çykyş edýär. Üzüm Türkmenistanda gadymdan gelýän iýmitleriň biri bolup, ol ýokary derejedäki ýokumlylygy bilen tapawutlanýar. Üzümçilik Türkmenistanyň oba hojalygynda ýokary girdejililigi bilen tapawutlanýar. Sebitlerimiziň hemmesinde diýen ýaly üzümiň amatly howa şertlerinde, suwarymly esasda ösdürilip ýetişdirilmegi, ýokary hilli üzümiň bol hasylynyň alynmagyna, ilatymyzy arzan üzüm we onuň gaýtadan işlenen önümleri bilen üpjün etmäge hem-de eksporta ugratmaklyga mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda üzümiň adam başyna öndürilişi 30 kilogramdan ýokary bolup, onuň berhizlik mukdary 20,1 kilograma barabardyr.

Ýurdumyzda üzümiň 140-dan gowrak görnüşi bolup, olaryň ýarysy ýerli sortlardyr. Olaryň arasynda nahar sorty 40%, kişmiş-üzüm sorty 40%, tehniki sorty 20%-dir.

Hormatly Prezidentimiziň milli ykdysadyýetimizi innowasion häsiýetde ösdürmek baradaky alyp barýan ykdysady syýasatynyň netijesinde senagatymyzyň, şol sanda çakyr öndürýän kärhanalarymyzyň tehniki we tehnologiki binýady düýpli ýokarlandy. Munuň özi öndürilýän çakyr önümleriniň hiliniň ýokary bolmagyna getirdi. Ýurdumyzyň çakyr öndürijileriniň halkara bäsleşiklerinde dürli baýraklara eýe bolmaklygy, önümçiligiň harytlaryny ýerleşdirmek üçin täze bazarlary talap edýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda onlarça çakyr zawodlary işleýär. Olaryň içinde iň irisi Aşgabat çakyr zawodydyr. Bu zawodyň öndürýän önümleriniň halkara bäsleşikleriniň köp sanlysynda baýrakly orna mynasyp bolmagy bu pudagy ösdürmegiň mümkinçilikleriniň ýokarydygyny subut edýär. Mysal üçin, «Ýasmansalyk» çakyry 3 sany kümüş, 4 sany altyn medala, «Köpetdag» çakyry 3 sany altyn medala, «Daşgala» çakyry altyn medala we 1999-njy ýylda Ýaltada geçen halkara bäsleşiginde Gran-Pri baýraga mynasyp boldy.

1990-njy ýylda Madridde (Ispaniýa) geçen halkara bäsleşiginde «Serdar» aragy bilen «Prezident» konýagy «Platina ýyldyzy bilen», 2000-nji ýylda Ýaltada geçen halkara bäsleşikde «Serdar», «Älemgoşar», «Ýandak şerbedi» ýaly araklary altyn medala, «Çomuç şerbedi» Gran-Pri baýragyna eýe boldular. Umuman, Aşgabadyň çakyr öndürýän kärhanasy 40-dan gowrak halkara baýraklarynyň eýesidir.

Şeýle halkara baýraklara Abadanyň çakyr kärhanasy hem eýe boldy. Mysal üçin, «Süýji» desertli çakyry halkara sergilerinde we ýarmarkalarynda 2 kümüş, 1 altyn medala, «Terbaş» çakyry 3 sany kümüş medala, «Köpetdag» çakyry «Ýalta-99» halkara başleşiginde kümüş medala, «Gypjak», «Nurana» brendileri kümüş medallara mynasyp boldular. 2000-nji ýylda «Ýalta-2000» halkara bäsleşiginde «Nurana», «Gypjak» brendileri altyn medala, «Büzmeýin» aragy kümüş medala, «Pöwrize» spirtli içgisi kümüş medala mynasyp boldular.

Gökdepe çakyr kärhanasynyň öndürýän «Terbaş», «Gülüstan», «Şypaly», «Gökdepe» çakyr önümleri hem halkara bäsleşiklerinde birnäçe baýraklara mynasyp boldular.

Umuman alanymyzda, türkmen çakyr önümleri ýokary meşhurlyga eýe bolmagy başardylar. Munuň şeýle bolmagy ýurdumyzda ösdürilip ýetişdirilýän üzümleriň hili bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanda ýetişdirilýän üzümleriň düzümindäki şekeriň mukdary 22%-e barabardyr. Bu görkeziji Ýewropa ýurtlarynda 7–12%-e barabardyr. Ýurdumyzyň çakyr öndürijileriniň bu tebigy artykmaçlyklary ýerlikli peýdalanmagy şu günüň derwaýys meseleleriniň biri bolup durýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň çakyrlarynyň halkara sergilerine gatnaşyp, bu ýurtlarda türkmen çakyrlarynyň baýrakly orna mynasyp bolmagy, olaryň täze bazarlary tapmagyna we özboluşly mahabat işlerini ýerine ýetirmegine getirýär. Şonuň üçin, häzirki wagtda ýurdumyzyň çakyr önümçiliginiň bazarlary taýýar, ýöne olaryň öndürilişini artdyrmak wezipesi ýüze çykýar. Şonuň üçin bu meseläniň gaýragoýulmasyz çözülmegi zerurdyr.

Çakyr önümçiligi özüniň ýokary düşewüntliligi bilen tapawutlanýar. Köp ýurtlaryň ykdysadyýetinde bu önümçilik eksportda görnükli orunlaryň birini eýeleýär. Mysal üçin, Fransiýanyň, Angliýanyň umumy eksportynda çakyr harytlary 7%-e, Gresiýada 15%-e çenli ýetýär. Käbir ýurtlaryň eksporty diňe çakyr önümçiligine esaslanýar. Mysal üçin, Gruziýanyň eksportynyň 30%-ini, Moldowanyň eksportynyň 90%-e çenlisini çakyr önümleri tutýar.

Ýurdumyzyň örän amatly tebigy şertleri üzümiň ýokary hilli sortlaryny ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Bu mümkinçilikden peýdalanmak milli ykdysadyýetimizi we eksportymyzy diwersifikasiýalaşdyrmakda ädilen ädimleriň biri bolar. Umuman, bu tebigy mümkinçilikden ýerlikli peýdalanyp bilen halatymyzda ýurdumyzyň çakyr senagatynyň hem global pudaga öwrülmäge doly mümkinçiligi bardyr.

## 10.3. Bellibir wagtyň dowamynda halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga ukyply pudaklar

### 10.3.1. Nebit we nebit önümleri

Ýurdumyzyň halkara zähmet bölünişigine ýa-da global pudaga öwrülmäge ukyply pudaklarynyň biri hem nebit senagatydyr. Nebit uglewodorodlaryň içinde häzirki wagtda iň giňden ulanylýanydyr. Nebit daşamaklygynyň amatlydygy ýanyjylyk netijeliliginiň ýokarylygy, düzüminden örän köp sanly maddalary alyp bolýandygy (1000-e golaý), başga bir ýangyjyň onuň ornuny tutmaýandygy bilen hem wajypdyr. Şonuň üçin, häzirki wagtda nebit we nebit önümlerini ulanmaýan ýekeje-de döwlet ýokdur.

Beýleki tebigy baýlyklarda bolşy ýaly nebitiň dünýä boýunça ýerleşişi gyradeň däldir. HEA-nyň berýän maglumatlaryna görä, dünýäniň nebit gorlary sebitler boýunça 10-njy tablisadaky ýaly paýlanylýar.

*10-njy tablisa*

**Dünýäniň nebit gorlarynyň sebitler boýunça paýlanylyşy**

| T/№ | Sebitiň ady | Dünýä boýunça paýy, %-de |
|---|---|---|
| 1 | Ýakyn Gündogar | 61,7 |
| 2 | Afrika | 9,4 |
| 3 | Demirgazyk Amerika | 5,1 |
| 4 | Latyn Amerikasy | 8,5 |
| 5 | Günbatar Ýewropa | 2,0 |
| 6 | Ozalky SSSR | 10,2 |
| 7 | Aziýa we Ummaniçre ýurtlary | 3,5 |
| | **Dünýä boýunça jemi** | **100** |

**Çeşmesi: BP Statistical Rewiew of World Energy, 2015**

Tablisadan görnüşi ýaly nebitiň esasy gorlary Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň paýyna düşýär. Bu sanawda ikinji orny 10,2% bilen ozalky SSSR-iň düzümine giren döwletler eýeleýär. Bilermenleriň çaklamalaryna görä, bu ýurtlaryň nebit gor-

lary has ýokary diýip hasaplanylýar. Sebäbi berilýän maglumatlara görä, bu ýurtlaryň, şol sanda Türkmenistanyň hem umumy meýdanynyň bary-ýogy 40%-inde gözleg-barlag işleri geçirilendir. Russiýanyň Nebitgaz gözleg we burawlaýyş institutynyň berýän soňky maglumatlaryna görä, bu döwletlerde dünýäniň nebit gorlarynyň 30%-i ýerleşýär we täze açylan ýataklaryň hasabyna bu görkeziji mundan beýläk hem ýokarlanar. Munuň özi ozalky Soýuza giren döwletleriň nebit gorlarynyň ägirt uludygyny tassyklaýar. Munuň özi ýurtlaryň köpüsiniň nebite bolan isleginiň agramly bölegini importyň hasabyna kanagatlandyrýandyklaryny görkezýär.

Nebit önümleriniň ulanylyşy ýylsaýyn ýokarlanýar. Halkara energiýa agentliginiň hünärmenleriniň bellemegine görä, nebitiň ýyllyk sarp edilişi her ýyl 2–2,5% artýar. Alternatiwa çeşmeleriň barha giňden ulanylyp başlamagyna garamazdan 2050-nji ýyla çenli nebit, sarp edilýän ýangyç serişdeleriň arasynda esasy serişde bolmagynda galar. Häzirki wagtda dünýä boýunça gazylyp alynýan nebitiň ýarysyndan gowragy, has takygy 55%-e golaýy halkara söwdasyna gatnaşdyrylýar. Eger 2002-nji ýylda bir günde 77 million barrel (barrel – iňlis ölçeg birligi bolup, 159 litre barabar), 2012-nji ýylda bir günde 85 million barrel sarp edilen bolsa, 2020-nji ýylda bu görkezijiniň 106 million barrele ýetmegine garaşylýar. Bu görkezijileri tonna hasabyna geçirsek, 2002-nji ýylda dünýä boýunça 3,5 milliard tonna nebit öndürilip, onuň 1 milliard 925 million tonnasy eksport edilipdir. 2020-nji ýyla çenli 5 milliard tonna nebit gazylyp alnar we onuň 2 milliard 750 milliony tonnasy eksport ediler.

Türkmenistanyň nebit gorlarynyň jemi möçberi 20,8 milliard tonna barabardyr. Ýurdumyzyň nebit gorlarynyň ýarysyndan gowragy, has takygy 12,5 milliard tonnasy Hazar deňzinde ýerleşendir. Saud Arabystany bolsa häzirki wagtda dünýäde nebit gorlaryna iň baý döwlet hasaplanylýar. Dünýä boýunça üsti açylan nebit gorlarynyň 25%-i Saud Arabystanynda ýerleşýär diýip hasap edilýär. HEA-nyň berýän maglumatlaryna görä, Hazar deňzinde 50 milliard tonna nebitiň bardygy çak edilýär. Umuman, HEA-nyň bilermenleri bu deňziň nebit gorlaryny Saud Arabystany bilen deňeşdirýärler. Şeýle uly gorlaryň 25%-e golaýynyň Türkmenistana degişlidigini bellemek ýakymlydyr. Çünki, ozal diňe tebigy gaza baý döwlet hökmünde tanalýan Türkmenistanyň indi nebit baýlyklary bilen ýakyn wagtyň içinde dünýä ýurtlaryna belli boljakdygy öz-özünden düşnüklidir. Şol bir wagtyň özünde Hazar deňzinden alynýan nebitiň özüne düşýän bahasynyň pesligini hem aýtmak gerek. HEA-nyň berýän maglumatlaryna görä, sebitler we ýurtlar boýunça nebitiň özüne düşýän bahasyny aşakda getirilen diagrammanyň kömegi arkaly seljermek bolar.

*1-nji diagramma.*

**Nebitiň 1 barrelini gazyp almagyň dünýä sebitleri boýunça özüne düşýän gymmaty (ABŞ dollarynda)**




Diýmek, ýurdumyzyň nebit baýlyklary bu pudagyň halkara zähmet bölünişigine gatnaşyp ýa-da kuwwatly pudaga öwrülip biljekdigini aşakdaky deliller tassyklaýar.

Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli milli Maksatnamasyna laýyklykda nebitiň öndürilişi 2020-nji ýylda 10 tonna, 2030-njy ýylda 66 million 615,7 müň tonna ýetmeli. Bu görkeziji ýurdumyzyň nebit senagatyny halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan kuwwatly pudak diýip hasap etmekligimize mümkinçilik berýär.

## 10.3.2. Halyçylyk

Milli ykdysadyýetimiziň dünýä ykdysadyýetine amatly ýagdaýda goşulmagyny üpjün edip biljek pudaklaryň biri hem halyçylykdyr. Halyçylyk türkmenleriň gadymdan gelýän milli sungaty hasaplanylýar. Onuň gadymylygy türkmenleriň bu hünäre ýöriteleşmesinden gelip çykýar. Häzirki dilde aýdanymyzda bu kär türkmen gelin-gyzlarynyň zähmetiň halkara ýöriteleşmesindäki eýeleýän ornudyr. Ýöriteleşme gözbaşyny näçe aňyrdan başladygyça, ol şonça hem kämilleşýär we halkara bäsleşigine ukyply bolýar. Häzirki wagtda türkmen halylary bilen bäsleşige diňe pars halylary ýaramlydyr.

Halyçylygyň milli ykdysadyýetimiziň eksport bölegini ösdürmekde, maldarçylykdan alynýan çig mallary gaýtadan işläp taýýar haryda öwürmekde we ýurdumyzyň zenan maşgalalarynyň arasynda, hususan-da oba ýerlerinde iş bilen üpjünçiligi artdyrmakda möhüm ähmiýetli pudakdyr. Şonuň üçin bu pudagyň ösdürilmegi ýurdumyzda halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan kuwwatly pudagyň ýene-de biriniň emele gelmegine getirer.

### 10.3.3. Dökün himiýa senagaty

Milli ykdysadyýetimiziň kuwwatly pudaklarynyň biri hem dökün himiýa senagatydyr. Bu pudagy ösdürmek üçin ýurdumyzyň tebigy baýlyk mümkinçiligi örän ýokarydyr. Türkmenistanda kaliý duzlarynyň üç uly käni (Garlyk, Garabil, Magdanly) ýerleşýär. Ýurdumyzyň kaliý konsentratyny we dökünlerini öndürmek boýunça öňdebaryjy orunlary eýelemek mümkinçiligi bar. Garlyk käninde magniý okisiniň 46 million tonna gorunyň barlygy ýüze çykarylan we 40 million tonna gelejegi bolan gorlary jemlenendir

Türkmenistan bromuň we ýoduň uly möçberli gorlarynyň eýesidir. Ýod-bromly suwlaryň bäş käninde agtarylyp tapylan gorlaryň möçberi gije-gündizde 423,1 müň kub metr suwy işlemeklige mümkinçiligi bardyr

Ýurdumyzda senagat önümçiliginde giňden ulanylýan hem-de tebigatda seýrek ýaýran sap kükürdiň gorlary 30 million tonnadan geçýär. Ýurdumyzda kükürdiň gorlary Garagum topary, Gowurdak we Köýtendag ýataklarynda jemlenendir. Gowurdakdaky kükürdiň gorlary 18 million tonnadan gowrak bolup, ol ýerasty eretme usuly bilen alynýar.

Türkmenistanda nahar duzlarynyň senagat gorlary 2 milliard tonnadan geçýär. Diýarymyzda kaliý duzlaryň gory 3,5 milliard tonnadan gowrak bolup, onuň 2 milliard tonnadan gowragy Garlyk ýatagynyň paýyna düşýär.

Dünýäniň «himiýa barlaghanasy» diýip at alan Garabogazköl aýlagy köpdürli we gymmatly himiki çig mallaryň çeşmesidir. Şu nukdaýnazardan, Garabogaz aýlagynyň mineral serişdelerini ulanmak meselesi wajyp ähmiýete eýedir. Şonuň üçin häzirki wagtda bu aýlagyň egsilmez baýlyklaryny ýurdumyzyň ykdysady ösüşine gönükdirmek barada uly işleri amala aşyrýar.

Dökün himiýa senagatynda esasy orunlaryň birini Mary şäherinde düýbi tutulan ammiak selitra zawodynyň öndürjek önümleri uly orun tutar diýip aýdyp bolar. Ammiak selitrasynyň çig maly bolup tebigy gaz çykyş edýär. Bu zawod bir ýylyň dowamynda 1 million tonnadan gowrak azot önümlerini öndürer. Ammiak selitrasynyň dünýä boýunça önümçiligi, şol sanda eksporty pese gaçýar. Dünýäde, ýokary islegden peýdalanýan bu harydyň önümçiliginiň we eksportynyň pese gaçmagynyň sebäbini onuň çig malynyň tebigy gaz bolup durýandygy bilen düşündirmek bolar. Tebigy gazyň dünýä bahasynyň barha ýokary galmagy we onuň köp ýurtlar üçin örän gymmata düşmegi bu önümçiligiň pese gaçmagyna getirdi. Häzirki wagtda bu ugurda öňdebaryjy döwlet diýip Kanada, Russiýa we Katar hasaplanylýar. FAO-nyň berýän maglumatlaryna görä, bu gymmatly harydyň çig malynyň bahasynyň barha ýokary galmagy ony tebigy gaz görnüşinde satanyň has amatly bolýandygy bilen düşündirýär. FAO-nyň berýän maglumatyna görä, bu döküniň dünýä eksportynyň jemi möçberi 4 million tonna barabardyr. Soňky 4–5 ýylyň dowamynda dünýä ykdysady çökgünligi we uglewodorodlaryň bahasynyň

ýokary galmagy bilen bu harydyň önümçiligi 20% pese düşüpdir. Bu sanyň gelejekde hem pese gaçmak meýli ýokardaky sebäpler zerarly saklanyp galýar.

Türkmenistanda gurulýan bu zawodyň önümini şol durşuna diýen ýaly eksporta ugratmak göz öňünde tutulýar. Onuň möçberi bolsa 1 million tonna barabardyr. Indi bu ýerde degişli netijeleri çykarmak kyn däldir. Bu zawodda öndüriljek we eksporta ugradyljak ammiak selitrasy dunýäniň häzirki eksportynyň, takmynan 25–30%-ini tutar. Ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny we diňe bir zawodda öndüriljek dökün himiýa senagatynyň önüminiň dünýä eksportyny hasaplanymyzda ýurdumyzyň bu senagatynyň kuwwatly pudak bolup biljekdigini subut edýär.

## 10.4. Elektrik energiýasy (Sebitleýin häsiýetli pudak)

Kuwwatly pudaklar bilen bir hatarda sebitleýin pudaklarymyzyň bardygyny hem bellemelidiris. Sebitleýin häsiýetli pudak–munuň özi sebit ýurtlaryna öz önümini eksport edýän pudakdyr. Şeýle pudaga elektrik energiýasyny mysal görkezmek bolar. Häzirki wagtda ýurdumyzda öndürilýän elektrik energiýasy Owganystana, Täjigistana, Eýrana ugradylýar. Islegiň ýüze çykan halatynda ony beýleki ýurtlara satmaklyga doly mümkinçilik bardyr. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynda elektrik energiýasynyň öndürilişini 35 milliard 350 million kWt sagada, eksportyny 224 million kWt sagada ýetirmeklik göz öňünde tutulýar. Umuman, ýurdumyzyň elektrik energiýasyna bolan islegi geljek ýyllar üçin doly üpjün edilendir.

Elektrik energiýasyny sebit häsiýetli pudak diýip hasap edilmeginiň sebäbi häzirki wagta çenli dünýä ýurtlarynda uzak aralykda ýerleşen döwletlere ýörite geçirijiler çekilip, bu önümiň satylmaýandygy bilen düşündirmek bolar. Onuň sebäbini ýol harajatlarynyň ýokarylygy we aralygyň uzaklygyna görä, ýitgileriň artýandygy bilen düşündirmek bolar. Netijede, uzak aralykdan elektrik energiýasynyň satyn alynmagy onuň çykdajylarynyň ösmegine getirýär. Şu nukdaýnazardan bizden uzakda ýerleşen döwletlerde elektrik energiýasyna isleg uly bolsa-da, bu harydy ol ýurtlara ýetirjek bolmaklyk maksadalaýyk däldir. Şonuň üçin ýurdumyzyň elektrik energiýasy senagatyny sebitleýin pudak diýip hasap edilýär. Türkmenistany durmuş-ykdysady ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynyň san görkezijileri we bu ugurda alnyp barylýan işler elektrik energiýasyny öndürýän senagatymyzyň sebit ähmiýetli pudak bolmagyna mümkinçilik berýändigini subut edýär.

## 10.5. Milli ykdysadyýetimiziň maddy däl böleginiň kuwwatly pudaklary

Milli ykdysadyýetiň diňe maddy bölegi bilen birlikde maddy däl pudaklary hem halkara zähmet bölünişigine gatnaşyp biler. Häzirki wagtda dünýäde maddy däl bölegiň ösüşi maddy pudaga garanyňda ýokarydyr. Ýöne HZB ilkinji bolup maddy

pudakda emele geldi. Halkara ykdysady gatnaşyklar hem ilkinji bolup harytlaryň söwdasynda ýüze çykdy. Häzirki wagtda ykdysadyýetçileriň arasynda maddy däl pudagy halkara zähmet bölünişigine goşmalymy ýa-da goşmaly däl? diýen soraga anyk jogap tapylmaýar. Emma, köp döwletleriň ykdysadyýetinde maddy däl bölek esasy orun tutýar. Ýurtlaryň hemmesi maddy däl bölegi ykdysadyýeti ösdürmekde ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde häsiýetlendirýärler. Şonuň üçin Türkmenistanyň halkara zähmet bölünişigine gatnaşyp kuwwatly pudak bolup biljek maddy däl pudaklaryna seredeliň.

## 10.5.1. Bank we ätiýaçlandyryş

Milli ykdysadyýetimiziň kuwwatly pudaga öwrülip bilmeklige mümkinçiligi bar bolan ugurlarynyň biri hem bank we ätiýaçlandyryş edaralarydyr. Bu pudaklar mazmuny boýunça maliýe hyzmatlaryny amala aşyrýarlar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň bu ugurlary doly derejede mümkinçiligi bar diýip hasap edilýär. Onuň üçin ýurdumyzyň bank we ätiýaçlandyryş guramalarynyň bölümlerini dünýäniň iri ýurtlarynda we hyzmatdaşlyk edilýän döwletlerinde açmaklyk maksadalaýyk bolar. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 131 döwleti bilen diplomatiki, 103 döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. Bu döwletler Türkmenistanyň bank we ätiýaçlandyryş guramalarynyň açylmagy bu ugurda gysga wagtyň içinde ýurdumyzyň kuwwatly pudaklarynyň sanynyň artmagyna getirer.

Bu pudaklaryň dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň bank we ätiýaçlandyryş edaralary bilen bäsleşmäge mümkinçiligi bolarmy? diýen sowalyň gelip çykmagy örän mümkindir. Bu sowala bäsleşmäge doly mümkinçiligi bar diýip jogap bermek bolar. Bank we ätiýaçlandyryş edaralarymyz döwlet eýeçiligindedir. Döwlet eýeçiliginde bolmaklygy netijesinde daşary ýurtlarda açylan bölümlere zerur bolan serişdeleri yzygiderli geçirip durmaklyga mümkinçilik berýär. Ikinjiden, bu serişdeleriň döwlete degişli bolmaklygy çekilen serişdelere göterim tölenmezliginiň öňüni alýar. Üçünjiden, ösen ýurtlarda milli puluň hümmetsizlenmeginiň derejesi bank we ätiýaçlandyryş edaralarynyň berýän karzlarynyň üstüne goşulýar. Bu bolsa öz gezeginde edilýän maliýe hyzmatlarynyň göteriminiň derejesiniň artmagyna getirýär.

Bu ýerde ozaldan bar bolan halkara tejribesine hem ýüzlenmek bolar. Ozalky SSSR muňa mysal bolup biler. Onuň ýurtlarda bank we ätiýaçlandyryş guramalary açmagy (mysal üçin, Intergosstrah) we olary yzygiderli döwlet serişdeleri bilen goldap durmagy netijesinde ýurduň daşary ýurtlarda amala aşyrýan maliýe hyzmatlarynyň örüsi giňäpdi we günbataryň ösen döwletleri bilen bäsleşipdi.

### 10.5.2. Halkara syýahatçylyk

Milli ykdysadyýetiiň kuwwatly pudaklarynyň biri hem halkara syýahatçylyk pudagy bilen baglanyşyklydyr. Ýurdumyzda saglygyňy dikeldiş we dynç almak üçin tebigy şertleriň ýeterlik şertleriň bolmaklygy bu ugurdaky alnyp barylýan işleriň netijesinde bu pudagyň kuwwatly häsiýete eýe bolmaklygyna doly mümkinçilik berýär. Bu ugurda alnyp barylýan işleriň aýdyň mysaly bolup, Awaza milli syýahatçylyk zolagy çykyş edýär. Bu zolagy döredilmeginiň esasy maksatlarynyň biri hem milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak, raýatlarymyzyň durmuş-medeni ýagdaýyny ýokarlandyrmak bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda bu zolakda işleriň ýokary depginlerde alnyp barylmagy Awazanyň dünýä belli syýahatçylyk merkezleriniň birine öwrülmegine getirýär.

Milli ykdysadyýetimiziň halkara sýýahatçylyk pudagynyň kuwwatly pudaga öwrülmekdäki mümkinçiligi beýleki pudaklara garanyňda has ýokarydyr. Sebäbi maddy senagat, bank we ätiýaçlandyryş pudaklaryndaky halkara bäsleşigi örän ýokarydyr. Bu bäsleşik adamlaryň islegine görä däl-de, ykdysady, maliýe we tehnologik güýjüň hasabyna amala aşyrylýar. Emma, syýahatçylyk ykdysady güýjüň hasabyna däl-de, adamlaryň öz islegi boýunça alnyp barylýar. Ýagny haýsy syýahatçylyk merkezine gitmegi adamlaryň özi kesgitleýär. Şonuň üçin bu ýerde esasy mesele syýahatçylyk zolagyna gelýän adamlaryň islegini kanagatlandyrmak boýunça işleriň durmuşa ornaşdyrylmagydyr. Häzirki wagtda adamzadyň ýokary islegini kanagatlandyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar. Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynda, 2030-njy ýylda ýurdumyzda syýahatçylaryň umumy sanyny 122,4 müň adama ýetirmeklik göz öňünde tutulýar.

## 10.6. Türkmenistanyň halkara zähmet bölünişigindäki ornunyň geografiki ugry

Ýurduň halkara zähmet bölünişigindäki ornuna seljerme berlende onuň geografiki ugry hem wajyp ähmiýete eýedir. Halkara zähmet bölünişiginiň geografiki ugry halkara zähmet bölünişiginiň haýsy ýurtlar we sebitler bilen alnyp barylýandygyny kesgitleýär. HZB-niň geografiki ugruny kesgitlemek milli ykdysadyýetiň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň esasy döwletlerini kesgitlemekde möhüm ähmiýete eýedir.

Milli ykdysadyýetimiziň häzirki zähmet bölünişigine gatnaşýan tebigy gaz senagatymyzyň geografiki ugry bolup, tutuş Ýewraziýa yklymy çykyş edýär. Onuň şeýledigine tebigy gazyň eksport edilýän ugurlary çykyş edýär. Mälim bolşy ýaly tebigy gaz Aziýa, Ýewropa ýurtlaryna ugradylýar we onuň ugradylyşyny ýokarlandyrmagyň, ýurtlaryň sanynyň artdyrylmagy ugrunda iş alnyp barylýar.

Nebit senagatymyzyň geografiki ugry has giňdir. Onuň häzirki ugruna seredeniňde Ýewraziýa we Amerika yklymlaryna tarap uzaýar. Nebit senagatynyň çygrynyň tebigy gaza garanyňda has giň bolmaklygy nebit we nebit önümleriniň daşalyşy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi nebit we nebit önümleri geçiriji turbalar arkaly däl-de, gämiler, awtomobiller, uçarlar bilen daşalýar. Bu ýagdaý daşamaklygyň amatlylygyny, çaltlygyny üpjün edýär.

Dokma senagatymyzyň we halyçylygyň çygry has giňdir. Bu önümlerimiz tutuş dünýä giňişligini öz içine alýar. Onuň sebäbi bu önümlerimize bolan islegiň dünýäniň çar künjeginde ýüze çykýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Galyberse-de, bu önümleri satyn almagyň, daşamagyň, saklamagyň, üstaşyr geçirmegiň beýleki harytlara garanyňda has amatlydygy we çaltlygy olaryň geografiýasynyň tutuş dünýä hojalygyna nazarlanmagyna getirýär.

Çakyr önümçiligimiziň geografiýasy adatça bolşy ýaly, GDA we Ýewropa ýurtlaryna tarap uzaýar. Sebäbi häzirki wagtda çakyr önümleriniň dünýä boýunça iň köp sarp edilýän ýeri GDA we Ýewropa ýurtlary bolup çykyş edýär. Türkmen çakyr önümlerine ýokary islegiň bar bolan ýurtlary hem şu sebitde ýerleşýärler.

Dökün himiýa senagatymyzyň geografiki ugry bolup, esasan, Ýewraziýa yklymynda ýerleşen ýurtlar çykyş edýär.

Milli ykdysadyýetimiziň halkara zähmet bölünişigindäki geografiki ugrunyň ýokardaky sebitler bolup çykyş etmeginiň esasy sebäbi ozal bar bolan ykdysady gatnaşyklar we maýa goýumlar çykyş edýär. Milli ykdysadyýetimize goýulýan maýa goýumlaryň geografiýasy hem şu sebitlerde ýerleşen ýurtlar bolup çykyş edýär. Munuň özi milli ykdysadyýetimiziň senagat pudaklarynyň bu ýurtlaryň önümçilikleri bilen kooperirlenmegine, özara alyş-çalşygynyň ösmegine getirýär.

# XI bap DÜNÝÄ NYRHLARY WE TÜRKMENISTANYŇ EKSPORT KUWWATY

## 11.1. Dünýä bahasynyň emele gelşi

Dünýä bahasy–munuň özi çig mallara we önümçilik tehnologiýasynyň belli bir derejesini geçen ýarym fabirikatlara, haýsy hem bolsa bir döwlet ýa-da söwda biržasy arkaly bellenýän kesgitli bahadyr. Dünýä bahasynyň beýleki erkin baha-

lardan tapawudy erkin bahalary bazar kesgitleýän bolsa, dünýä bahasyny söwda biržasy ýa-da döwlet tarapyndan kesgitlenýär. Mysal üçin, nebitiň bahasyny London biržasy ýa-da OPEC tarapyndan bellense, tebigy gazyň bahasy Russiýa Federasiýasy tarapyndan kesgitlenýär. Bahalar bellenende, bazaryň sarp edijilik ýagdaýyndan ugur alynýar.

Dünýä bahasynyň ýene-de bir aýratynlygy taýýar önümleriň dünýä bahasy bolmaýar. Onuň hem sebäbi birmeňzeş taýýar harytlaryň birnäçe görnüşiniň we birnäçe bahasynyň bolmagydyr. Mysal üçin, ýeňil awtoulagyň dünýä bahasyny kesgitlemek mümkin däldir.

Hakykatdan hem dünýä bahasy diňe çig mallar we ýarym fabrikatlar boýunça hereket edýär. Munuň hem sebäbi çig malyň ýa-da ýarym fabrikatyň bahasynyň häli-şindi üýtgäp durmagy, önümçilige we sarp edijilere özüniň ýaramaz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, nebitiň bahasynyň üýtgäp durmagy, tutuş dünýä ykdysadyýetine täsir edýär. Aýratyn-da, bu ýaramaz täsir çig maly import edýän ösüp gelýän döwletler üçin has kyndyr. Sarp edijiligi ýokary bolan Günbataryň ösen ýurtlary üçin bu ýagdaý beýle çökder bolmasa-da, bahanyň häli-şindi üýtgemegi, ol ýurtlaryň hökümetlerini ynjalykdan gaçyrýar.

Dünýä bahasyna düşünje berlende, onuň geografiki aýratynlygyna üns bermeli. Ýagny çig maly öndürijiler, köplenç halatda, ösüp gelýän ýurtlar bolsa, olara baha kesýän ýurtlar bolup ösen ýurtlar çykyş edýär. Munuň sebäbi Günbataryň ösen ýurtlary tebigy baýlyklara garypdyr. Olar tebigy baýlyklara bolan islegini ösüp gelýän ýurtlardan import etmek arkaly kanagatlandyrýarlar.

Dünýä bahalarynyň ýene-de bir häsiýetli tarapyna seredeliň. Häzirki wagtda bütin dünýäde 200-den gowrak milli pullar hereket edýär. Emma dünýä bahasy esasan bir pulda, ýagny ABŞ-nyň pulunda kesgitlenýär. Amerikan dollarynyň bu ugurdaky dünýä agalygyny elinden almak konwertirlenýän pullaryň hiç birine, hatda ýewro hem başardanok.

Dünýä bazarynda dünýä bahasynyň emele gelmeginde halkara gymmat uly ähmiýete eýedir. Gymmat–munuň özi haryda siňdirilen jemgyýetçilik zähmetidir. Halkara gymmat bolsa, gymmatyň halkara derejesinde ýüze çykmasydyr. Bu halkara gymmatyň emele gelmeginde anyk bir milli hojalykda döreýän gymmat durýar diýmekdir.

Anyk bir harydy öndürmek üçin dürli hojalykda dürli gymmat emele gelýär. Anyk bir harydy öndürmek üçin gymmatyň şeýle köpdürli bolmagyna birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Ol ýagdaýlar önümçilige ylmy tehniki ösüşiň ornaşdyrylyş derejesinden, tebigy baýlyklarynda, zähmet öndürijiliginden ybaratdyr. Bu ýagdaýlar bir-biri bilen berk baglanyşykly bolup, olaryň hersi gymmata täsir edýär.

Aýry-aýry hojalyklarda anyk bir önümiň bir birligini öndürmek üçin harçlanylan zähmetiň derejesi birmeňzeş däldir. Sebäbi her bir ýurduň özüne mahsus bolan zähmet öndürijiligi bolýar. Munuň özi şol bir önümi öndürmek üçin zerur

bolan iş wagtynyň dürli-dürli bolmagyna getirýär. Her ýurtda şol bir önümi öndürmek üçin dürli zähmet öndürijiligi, dürli iş wagty şol bir önümiň dürli ýurtda dürli gymmata eýe bolmagyna getirýär. Munuň özi aýry-aýry ýurtlarda şol bir görnüşli önüm öndürmek üçin zerur bolan jemgyýetçilik zähmetiniň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Önüm öndürmek üçin zerur bolan jemgyýetçilik zähmeti milli gymmaty kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Diýmek, şol bir görnüşli önüm öndürmek üçin, dürli ýurtlarda dürli gymmat hereket edýär. Mysal üçin, Germaniýada 1 tonna kömrüň özüne düşýän bahasy 160 ýewro bolsa, bu görkeziji Awstraliýada 26 ýewro durýar. Emma, önümçiligiň barha halkaralaşýan häzirki şertlerinde, gymmat hem halkara düşünjesine eýe boldy. Ýagny bir ýurtdaky hereket edýän gymmat, halkara derejesinde zerur bolan jemgyýetçilik zähmeti hökmünde ykrar edilýär. Mysal üçin, ABŞ-nyň ekerançylykda, maldarçylykda, awtomobil, uçar, himiýa senagatlaryndaky zähmet öndürijiligi, wagt birligi boýunça ählumumy ykrar edilendir. Häzirki wagtda ABŞ-nyň ýokarda ady agzalyp geçilen pudaklarynyň zähmet öndürijiligi 100 göterim hasaplanyp, beýleki ýurtlaryňky oňa deňeşdirilýär.

Dürli ýurtlardaky dürli gymmat dünýä bazarynda alyş-çalyş edilen mahaly deňeşdirilýär. Has dogrusy, sarp edilen jemgyýetçilik zähmetiniň derejesi deňeşdirilýär. Bularyň içinden ortaça zähmet öndürijiligi saýlanyp alynýar. Bu ýerden dünýä bazarynda haryt alyş-çalşy bolan ýagdaýynda milli gymmatyň däl-de, halkara gymmatyň durýandygy gelip çykýar.

Halkara gymmat sarp edilen zähmet we wagt boýunça kesgitlenilýär. Ony bolsa harçlanyşy boýunça 3 topara bölmek bolýar:

1. Zähmetiň we wagtyň harçlanyşynyň ýokary derejesi.
2. Zähmetiň we wagtyň harçlanyşynyň ortaça derejesi.
3. Zähmetiň we wagtyň harçlanyşynyň pes derejesi.

Dünýä bazarynda bu derejeleriň içinde ortaça dereje halkara gymmat hökmünde ykrar edilýär. Munuň sebäbini aşakdaky mysal arkaly düşündirmek bolar.

Häzirki wagtda Yrakda we Saud Arabystanynda täze açylan guýularda nebitiň 1 tonnasynyň özüne düşýän bahasy 2 dollara deň. OPEC ýurtlarynda we Russiýada nebitiň 1 tonnasy 12 dollara düşýär. Angliýada bolsa nebitiň 1 tonnasynyň özüne düşýäň bahasy 55 dollara barabar (Angliýa nebiti Demirgazyk deňzinden çykarýar). Bu görkezijileriň içinde halkara gymmat 12 dollara deň diýip hasaplanylýar. Sebäbi ikinji derejä degişli ýurtlar dünýä bazarynda has köp nebiti eksport edýärler. Ikinjiden bolsa bu gymmat beýleki nebiti eksport etmän, ony öz içerki islegini kanagatlandyrmak üçin çykarýan ýurtlar üçin hem kabul ederliklidir. Olar öz çykdajylaryny ortaça derejä deňleşdirmeklige çalyşýarlar. Emma, birinji derejedäki çykdajylar bolsa köp ýurtlar üçin kabul ederlikli däldir. Sebäbi arap ýurtlary bu ýerde özleriniň tebigy artykmaçlyklaryndan peýdalanýarlar. Wagtyň geçmegi bilen täze guýulardaky nebit gorlary barha aşaklaýar we onuň gymmaty hem ortaça derejä ýakynlaşýar.

Diýmek halkara gymmaty, milli hojalyklarda emele gelýän gymmatlyklaryň ortaça derejesidir.

Käbir döwletlerde öndürilýän anyk bir önümiň gymmaty dünýä derejesine gabat gelip, iri möçberlerde öndürilýän hem bolsa, ol önüm eksport edilmän, öz içinde ýerlenýän bolsa, onda ol önüm dünýa bahasyny emele getirmäge gatnaşyp bilmeýär. Dünýä bahasynyň emele gelmegine milli hojalygyň gatnaşmagy üçin ol önümiň köpçülikleýin eksport edilmegi zerurdyr. Mysal üçin, Hytaý dünýäde bugdaýy iň köp öndürýän ýurt hem bolsa, ol bugdaýyň dünýä bahasyny kesgitläp bilmeýär. Sebäbi ol öz öndüren bugdaýyny ýurduň içinde sarp edýär. Emma Kanada öndüren bugdaýynyň 75–80 göterimini eksport etmek bilen, bugdaýyň dünýä bahasyny kesgitleýän ýurt bolmagynda galýar.

Dünýä bahalarynyň emele gelmeginde ýurtlaryň halkara zähmet ýöriteleşmesi hem uly täsir edýär. Halkara ýöriteleşmesi–munuň özi ýurduň dünýä bazarynda, belli bir harydy ýa-da hyzmaty öndürmeklige ýöriteleşmesidir. Halkara ýöriteleşmäniň dünýä bahasyny emele getirmäge gatnaşygy ýokarda belläp geçen iri eksport edýän ýurduň gatnaşygy bilen meňzeşdir. Has takygy, bularyň ikisi hem bir zatdyr. Sebäbi harydy eksport etmekligiň gözbaşynda halkara ýöriteleşme durýar. Daşyna haýsy hem bolsa bir harydy satmak bilen, şol önümi öndürmeklige halkara derejesinde ýöriteleşilmeýändigini bellemek gerek. Onuň üçin şol harydy satmakda dünýäde belli bir paýa eýe bolmaly. Bilermenler halkara ýöriteleşme diýip, hasaplanmak üçin, şol önümiň dünýä eksportynyň pesinden 1%-e eýe bolmalydygyny belleýärler. Bu düşünjäni aşakdaky formula arkaly hasaplamak bolar:

$$H_{ý} = \frac{Ý_s \text{ x } 100\%}{D_s},$$

bu ýerde $H_{ý}$ – halkara ýöriteleşme, ýurduň satany (eksporty);

$D_s$ – şol önümiň dünýä boýunça satylany.

## 11.2. Dünýä bahasyna täsir edýän ýagdaýlar

Dünýä bahalaryna döwlet ýa-da birža tarapyndan baha kesilýän hem bolsa, bu ýagdaý bahalaryň hemişelik, üýtgewsiz galýandygyny aňlatmaýar. Bahalar belli bir wagt geçenden soň üýtgeýär. Bu ýagdaýa ylmy-tehniki ösüş, tebigy, ykdysady, hümmetsizlenme, syýasy, harby we ş.m. dürli ýagdaýlar sebäp bolup biler. Bularyň hersi barada aýratynlykda durup geçeliň.

Häzirki zaman şertlerinde dünýä bahalarynyň üýtgemegine esasy täsir ediji bolup, ylmy-tehniki ösüş (mundan beýläk YTÖ) çykyş edýär. Bu ýagdaý iki ugur boýunça hereket edýär. Birinji tarapdan, YTÖ önümçilige ornaşan şertlerinde zähmet öndürijiligi we önümçiligiň netijeliligi ýokarlanýar. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy bolsa, haryda siňdirilýän zähmeti azaldýar. Bu bolsa öz gezeginde

harydyň bahasynyň arzanlamagyna getirýär. Mysal üçin, ABŞ-nyň awtomobil senagatynyň öňbaşçysy hasaplanýan Genri Forduň ilkinji ýasan awtoulaglarynyň bahasy şeýle bir gymmat bolupdyr welin, ony satyn almaga diňe barly adamlaryň gurby ýetipdir. Sebäbi awtoulaglar diňe «elde ýygnamak» usuly boýunça ýasalypdyr. Adamlaryň maşyna bolan höwesiniň ýokarydygyny, ýöne olaryň satyn alyp bilmeýändigini aňan Genri Ford dünýäde ilkinji bolup, awtomatiki esasda işleýän «konweýer» usulyny önümçilige ornaşdyrypdyr. Şonuň netijesinde ol awtomaşynyň özüne düşýän bahasyny onlarça esse pese gaçyrmagy başarypdyr. Diýmek, YTÖ-niň önümçilige ornaşmagy bahalaryň pese gaçmagyna getirýär. Emma, beýleki tarapdan harydyň hiliniň ýokarlanmagy sebäpli onuň bahasy ýokary galyp hem biler. Emma bu ýerde başga ýagdaýlar bolup geçýär, ýagny harydyň ulanyş möhleti artýar, onuň ulanyş çykdajylary peselýär. Bu bolsa öz gezeginde harydyň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Mysal üçin, mata dokaýjy stanogyň bahasy 10 müň dollar bolup, onuň hyzmat ediş möhleti 5 ýyl. Onuň ýyllyk önümçilik kuwwaty 7 müň metr mata deň. Önümçilige täze ornaşdyrylan stanogyň bahasy 15 müň dollar bolup, onuň ulanyş möhleti 10 ýyl. Onuň ýyllyk önümçilik kuwwaty 12 müň metr mata deň. Getirilen mysaldan görnüşi ýaly, täze stanogyň bahasy köne stanokdan gymmat. Emma onuň öndürijiligi we ulanyş möhleti öňküden ýokary. Ine şular ýaly hil görkezijiler täze stanogyň bahasyna täsir edýär.

Ýene-de bir mysala ýüzleneliň. 1941–1945-nji ýyllaryň urşy döwrüniň ýolagçy uçarlarynyň bahasyna seredeniňde, häzirki zaman uçarlarynyň bahasy onlarça esse gymmat. Emma häzirki zaman uçarlarynyň uçuş möhleti, onuň tizligi, alýan ýolagçy sany boýunça on esseden hem ýokary. Diýmek, YTÖ-niň netijesinde harytlaryň bahasy umuman alanyňda ýokarlanýan hem bolsa, hil görkezijileri bilen kesgitlenilende onuň bahasy peselýär.

YTÖ-niň ösüşi diňe senagat önüminiň bahasyna öz täsirini ýetirýär. Emma çig malyň dünýä bahasyna täsir edip bilmeýär. Mysal üçin, YTÖ her näçe ösdügiçe gazyň ýa-da altynyň we ş.m. harytlaryň dünýä bahasy entegem ýokarlanmagyny dowam etdirýär.

Dünýä bahalaryna täsir edýän ýagdaýlaryň biri hem hümmetsizlenmedir. Kagyz puluň hümmetsizlenmegi ähli pullar üçin, şol sanda dünýä pulunyň wezipesini ýerine ýetirýän pullara hem degişlidir. Häzirki wagtda dünýä bahalary amerikan dollarynda kesgitlenýär. Emma dollaryň hümmetsizlenme derejesi her ýyl ortaça hasap bilen 3–4 göterime barabardyr. Hümmetsizlenmede pul öz gymmatynyň belli bir bölegini ýitirýär. Ýitirilen gymmatyň öwezini dolmak üçin goşmaça baha goýulýar. Günbataryň ösen ýurtlarynda halkyň we beýleki şahsy taraplaryň süýşürintgilerine her ýyl hümmetsizlenme zerarly ýitirilen gymmatlyk döwlet tarapyndan tölenilýär. Önümçilikde bolsa harydyň bahasynyň üstüne goşmaça gymmat goýulýar. Munuň özi halkyň durmuş ýagdaýyny goramak üçin amala aşyrylýar. Emma, bu ýagdaý dünýä bahalarynyň ösmegine getirýär. Bu ýagdaý ykdysady taýdan ösen ýurtlar



8. Sargyt № 832

üçin ykdysady kanunalaýyklyk hem bolsa, ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysadyýeti üçin agyr zarbadyr. Sebäbi olaryň ykdysadyýeti bahalaryň ýokarlanmagyna entek taýýar däldir.

Dünýä bahalarynyň ösmegine tebigy ýagdaýlar hem özüniň uly täsirini ýetirýär. Tebigy ýagdaýlara köp zady mysal getirip bolar. Munuň özi düşnüklidir. Emma tebigy ýagdaýlar dünýä bahalaryna nähili täsir edýär. Muňa göz ýetirmek üçin anyk mysallara ýüzleneliň. Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda Norwegiýa Demirgazyk deňzinde tebigy gazyň uly gorlarynyň üstüni açdy. Munuň özi bu çig maly mätäçlik çekýän ýurtlara eksport etmeklige mümkinçilik berdi. Onlarça ýyllaryň dowamynda Norwegiýa Günbatar we Demirgazyk Ýewropa ýurtlaryna gazyň her 1000 kub metrini 100 dollardan, jemi möçberi her ýyl 100 milliard dollarlyk tebigy gazy satýardy. Emma, gazyň tebigy gorlary häzirki wagtda azaldy. Şonuň üçin hem norwegler gazyň satylyşyny her ýyl azaldyp başlady. Olar 2020-nji ýyla çenli satylýan gazyň möçberini 60 milliard kub metre çenli azaltjakdygyny habar berdiler. Bu ýagdaý Ýewropanyň gaza bolan isleginiň her ýyl artýan şertlerine ters gelýär. Şonuň netijesinde barha gytalýan bu önümiň nyrhy ýokarlanmak bilen bolýar.

Ýene-de bir mysala ýüzleneliň. 2007-nji ýylyň iýun aýynyň başynda Oman soltanlygynda bolup geçen güýçli harasat nebitiň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi. Sebäbi Oman soltanlygynyň esasy walýuta girdejisi nebit eksportyndan gelýärdi. Güýçli harasatyň netijesinde nebiti gazyp alýan desgalaryň ýykylmagy bilen, nebtiň daşary ýurtlara akdyrylmagy wagtlaýynça bes edildi. Bu hem öz gezeginde nebitiň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi.

Umuman alanyňda tebigy ýagdaýlar dünýä bahalarynyň ýokarlanmagyna özüniň düýpli täsirini ýetirýär. Bu ýagdaýa ýylyň gurak gelmegi, keselçilik we ş.m. ýagdaýlary hem goşmak bolar. Mysal üçin, 1990-njy ýyla çenli dünýäde bugdaýyň bir tonnasynyň bahasy 80 dollara hem ýetmeýärdi. Emma geçen asyryň 90-njy ýyllarynda bolan gurakçylyk bugdaýyň 1 tonnasynyň dünýä bahasynyň 200 (iki ýüz) dollara barmagyna getirdi.

Syýasy ýagdaýlaryň üýtgemegi hem dünýä bahalaryna öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, geçen asyryň 80-nji ýyllarynda öňki SSSR bilen ABŞ-nyň arasyndaky «Sowuk uruş» şeýle bir derejä bardy welin, beýleki döwletler hem ýaraglanmaga mejbur boldular. Şol döwürlerde birmeňzeş klasa degişli bolan amerikanlaryň F-16 we sowetleriň MIG-29 kysymly harby uçarlaryň bahasy islegiň artmagyndan peýdalanylyp, 30 million dollardan artyp, 45–50 milliona çenli ýokarlandyryldy.

Dünýä bahalarynyň ýokarlanmagyna harby hereketler hem ýeterlik täsir edýär. Mysal üçin, Yrak urşy başlamazynyň öňüsyrasy nebitiň 1 barreliniň bahasy 25 dollardan geçmeýärdi. (1 barrel iňlis ölçeg birligi bolup, 159 litre barabardyr). Yrak urşy başlanandan soňra nebitiň bahasy henize çenli görülmedik depginler bilen ösüp başlady. Şol döwürlerde nebitiň 1 barreliniň bahasy 85–110 dollara baran gezegi hem bolupdy. Bu ýerde iki ýagdaý bolup geçdi. Birinji ýagdaý dünýäde nebitiň

çykarylyşy pese gaçdy. Sebäbi Yrak OPEC guramasynyň agzasy bolup, iri nebit eksportirleýji ýurtlaryň biridi. Ikinji tarapdan nebitiň sarp edilişi ýokarlandy. Amerikanyň F-16 uçarlarynyň bary-ýogy 400 metr aralyga uçmagy üçin 1 gallon benzin gerek (1 gallon benzin bolsa 4,5 litre deň). Yrak urşunda diňe ABŞ tarapyndan 600-den gowrak harby uçarlaryň söweşe salynmagy benziniň harçlanyşyny ýokarlandyrypdy. Bu bolsa öz gezeginde nebitiň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi.

## 11.3. Dünýä bahasynyň kesgitlenilişi

Häzirki zaman dünýä bazaryna bahalaryň köp görnüşliligi mahsusdyr. Dünýä bazarynda bahalaryň köp görnüşiniň hereket etmegine birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Ol ýagdaýlara monopoliýalaryň baha syýasaty, döwletiň daşary söwda amallary, özara kömek bermek boýunça amallar, syýasy söwda amallary we pul bilen baglanyşykly amallar degişlidir.

Köpdürli bahalar diýip, bir görnüşli, birmeňzeş harytlaryň, ulagyň bir görnüşi bilen, import edilendäki bahalaryna düşünilýär.

Häzirki zaman şertlerinde bahalaryň aşakdaky derejeleri kesgitlenilýär.

1. Adaty täjirçilik amallarynyň bahalary.

Bu bahalar iki görnüşde tölenilýär:

a) erkin konwertirlenýän pulda.

b) konwertirlenmeýän ýa-da çäkli konwertirlenýän pulda.

2. Kliring ylalaşyklarynyň bahalary.

3. Kömek bermek üçin goýulýan bahalar.

Bu bahalaryň içinde dünýä bahasyny kesgitlemek üçin aşakdaky talaplary öwrenmeli.

*Birinjiden,* dünýä bahasy iri we yzygiderli alnyp barylýan söwda amallarynyň bahalarydyr. Tötänleýin ýa-da wagtlaýynça ýüze çykan amallaryň bahasy dünýä bahasy bolup bilmeýär. Şol sanda garşylyklaýyn we barter amallarynyň bahasy dünýä bahasyna degişli däldir.

*Ikinjiden,* töleg hökmany suratda erkin konwertirlenýän pulda bolmaly. Töleg çäkli ýa-da konwertirlenmeýän pulda tölense, onda bahalar ýokary galdyrylýar.

*Üçünjiden*, dünýä bahalary iri söwda merkezlerinde amala aşyrylýan eksport ýa-da import bahalary bolmalydyr.

Dünýä bahalaryny kesgitlemekde biržalaryň uly ähmiýeti bardyr. Has dogrusy, belli-belli harytlaryň dünýä bahasy biržalarda kesgitlenýär. Mysal üçin, alýuminiň bahasy Kanada biržasynda, kauçugyň bahasy Singapur biržasynda kesgitlenýär.

Ýöne dünýä bahasyny kesgitlemekde döwletiň orny hem ýokarydyr. Mysal üçin, Russiýanyň tebigy gaza goýýan bahasy dünýä bahasy hasaplanylýar. Sebäbi ol tebigy gazy iň iri eksport ediji ýurtdur.

Dünýä bahasyny kesgitlemekde ony iri eksport etmeklik ýa-da ony iri import etmeklik uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, Ýaponiýanyň polady satyn alýan bahasy dünýä bahasy hasaplanylýar. Sebäbi Ýaponiýa polady 100 göterim import edýär.

Emma, has köp öndürmeklik dünýä bahasyny kesgitlemegi aňlatmaýar. Mysal üçin, bugdaýy iň köp öndürýän ýurt Hytaýdyr. Emma, bugdaýyň dünýä bahasyny Kanada kesgitleýär. Sebäbi bu ýurt ony iri eksport edijidir.

Dünýä bahasyny kesgitlemegiň kyn ýeri, belli bir görnüşli, belli bir hilli harytlaryň bahasydyr. Sebäbi şol bir görnüşli önüme ony öndürijiler tarapyndan dürli bahalar goýulýar. Mysal üçin, şol bir öndürijilige eýe bolan agaç stanogynyň Angliýada ýasalandakydan Russiýada ýasalany 30 göterim arzandyr. Bu ýerde esasy zat, bir görnüşli harytlaryň ortaça dünýä bahasyny kesgitlemekdir.

Dünýä bahalarynyň hereketini we derejesini kesgitlemek üçin berilýän maglumatlaryň esasy çeşmelerini öwrenmek zerurdyr. Häzirki wagtda köpçülikleýin neşir edilýän bahalaryň aşakdaky görnüşleri hereket edýär:

1. Soralýan bahalar.
2. Daşary söwdanyň statistiki bahalary.
3. Birža bahalary.
4. Auksion bahalary.
5. Anyk söwda şertnamalarynyň bahalary.

Bu bahalaryň hersi barada aýratynlykda durup geçeliň. Soralýan bahalar gazetlerde, žurnallarda, telewideniýede we ş.m. köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýaýradylýan bahalardyr. Bu bahalar anyk amallaryň bahasy bolman, ol diňe alyjynyň isleýän bahasydyr. Emma şertnama baglaşylan halatynda, anyk bahalar soralýan bahalardan, köplenç pes bolup çykýar. Soralýan bahalary öwrenmeklik dünýä bazarynda ol ýa-da beýleki harydyň bahasynyň üýtgemelerini öwrenmek üçin zerur bolup durýar.

Daşary söwdanyň statistiki bahalary halkara söwda amallarynyň anyk bahasyny şöhlelendirýär. Daşary söwdanyň statistika bahalary aşakdaky 2 topara bölünýär:

1. Eksport harytlaryň bahalary.
2. Import harytlaryň bahalary.

Daşary söwdanyň statistiki bahalarynyň tapawudy birmeňzeş harytlaryň bahalaryny we mukdaryny aýry-aýrylykda görkezmän umumylykda görkezilmegidir. Mysal üçin, nebit önümleriniň her görnüşi barada däl-de, umumy nebit önümleriniň satylan ýa-da import edilen bahasy görkezilýär.

*Birža bahalary* – birža amallarynyň baglaşylan anyk bahalaryny görkezýär we dünýä bahasyny kesgitlemekde ynamdar çeşme hökmünde çykyş edýär.

*Auksion bahalary* – anyk auksion amallarynyň bahasyny görkezýär. Ýöne auksion «kim ýokary» bahalar boýunça işlänsoň, ahyrky bahalar dünýä bahasyndan has ýokary bolýar. Munuň üçin, köplenç halatda auksionda goýulýan deslapky bahadan ugur almaklyk maslahat berilýär.

*Anyk söwda amallarynyň bahalary* diýip iki tarapyň baglaşan şertnamasyndaky bahalara aýdylýar. Emma anyk söwda amallarynyň bahalary örän seýrek ýagdaýda ýaýradylýar. Şonuň üçin hem ol dünýä bahasyny kesgitlemekde ynamdar çeşme diýlip hasaplanylmaýar.

## 11.4. Dünýä bazarynda bahalaryň hereketi

Dünýä bahalary durnukly häsiýete eýe däldir. Olar hemişe üýtgäp durýarlar. (bahalaryň üýtgemeginiň sebäpleri ýokarda görkezilendir).

Dünýä bahalarynyň üýtgemegi aýratynda geçen asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap giň gerime eýe boldy. Bu ýagdaýa uruşdan soň dünýä ykdysadyýetiniň pajarlap ösmegi, ykdysadyýetleriň energiýa talap edijiliginiň ýokarlanmagy, monopoliýalaryň täsiri, syýasy ýagdaýlar, döwletiň daşary söwdany düzgünleşdirmeklige gatnaşyp başlamagy we ş. m. täsir etdi.

1941–1945-nji ýyllaryň urşy döwründe harytlaryň we çig mallaryň bahasy pesinden iki esseden hem gowrak ýokarlandy. Onuň esasy sebäbi bolup uruş döwründe gazylyp alynýan baýlyklaryň sarp edilişiniň ýokarlanmagy we tersine, olaryň gazylyp alnyşynyň pese gaçmagy çykyş edýär. Bu döwürde azyk önümlerine bolan isleg has hem ýokarlandy. Aýratynda, 1947-nji ýylda bolan agrar çökgünlik azyk önümleriniň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi. Emma oba hojalyk önümleri, aýratynda azyk önümleriniň bahasy 1950-nji ýyldan başlap birden pese düşdi. Munuň sebäbi eýýäm şol ýyllarda dünýä ýurtlarynyň agrar çökgünliginden çykmagydyr. Dünýä döwletleriniň köpüsi ilkinji nobatda azyk howpsuzlygyny gazanmak üçin agrar syýasat alyp bardylar.

1950-nji ýyldan başlap senagat önümleriniň bahasynyň ýokary galmak meýli ýüze çykdy. Bu döwür içinde azyk önümleriniň bahasy has hem pese gaçdy. Bu pese gaçyşlyk çig mallara hem öz täsirini ýetirdi. Gazylyp alynýan çig mallaryň 1960-njy ýyldaky bahalary 1950-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 10 göterim aşaklady.

Bahalaryň ýokary galmagy geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlady. Ýöne, soň bahalar üzül-kesil ýokarlanmady. 1970-nji ýyl bilen 1960-njy ýylyň bahalaryny deňeşdireniňde çig mallaryň bahasy 9,1 göterim, taýýar önümleriň bahasy 19,4 göterim ýokarlandy.

Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap, dünýä bahalarynyň hereketinde düýpli öwrülişik başlandy. Harytlaryň we çig mallaryň belli-belli görnüşleriniň bahasy aşa çalt depginler bilen ösüp başlady. 1973-nji ýyl bilen deňeşdireniňde azyk harytlaryňky 98,2%, oba hojalyk çig mallarynyň bahasy 104 %, mineral çig mallaryň bahasy 116% ýokarlandy. Umuman alanyňda dünýä bahalary deňeşdirilýän üç ýylyň dowamynda ortaça 103,7% ýokarlandy.

Bu ýyllarda dünýä bahasynyň ýokarlanmagynyň birnäçe sebäpleri bardyr. Birinjiden, şol ýyllarda kapitalistik ýurtlarda pul çökgünliginiň döremegidir. Has

dogrusy kapitalistik ýurtlaryň köpüsinde «dollar açlygy» ýüze çykypdy. Bu ýagdaý bolsa import edilýän harytlaryň bahasyny tölemekde uly kynçylyklary döretdi. Şol ýyllarda döwletler dürli walýuta kurslaryny girizipdiler. Mysal üçin, Fransiýa 1985-nji ýyla çenli 5 sany walýuta kursuny ulanypdy.

Şeýle sebäpleriň biri hem altynyň resmi däl kursunyň ýokarlanyp, dollaryň dewalwasiýa uçramagy hem çykyş edýär. Azyk harytlarynyň ýokarlanmagynyň sebäpleri bolup aşakdakylar çykyş edýär. Uruşdan soňky parahatçylyk ýyllarynda dünýä ilatynyň sany artyp başlady. Dürli keselleriň öňüniň alynmagy netijesinde adamlaryň ortaça ýaşy uzalypdy. Şeýle hem adamlaryň sarp edijiligi hem artypdy. Ýene-de bir sebäbi, köp döwletlerde entek tehniki medeniýet oba hojalygyna çuňňur ornaşdyrylmandy. Ine, şu sebäpler 1970–1973-nji ýyllarda ýokarda ady agzalan harytlaryň bahasynyň ýokary galmagyna getirdi. 1974-nji ýyl nebitiň bahasynyň üzül-kesil ýokary galmagy bilen başlandy. Bu ýagdaýyň özüne ýetik birnäçe sebäpleri bardyr. Birinjiden, 1960-njy ýylda döredilen OPEC (iňlisçe Organization of Petroleum Eksporting Countries, türkmençe Nebti eksport edýän döwletleriň guramasy) ýurtlary nebiti çykarmagy we ýerleşdirmegi öz ellerine aldylar. Şol wagtlara çenli iňlis we amerikan kompaniýalary nebiti çykarmagy we satmagy doly öz ellerinde saklaýardylar. Olar diňe bu ýurtlara tölegi we nebitiň girdejisiniň bir bölegini geçirýärdiler. Şol wagtlar günbataryň kompaniýalary 500 göterimden – 1000 göterime çenli, kä halatda bolsa 2000 göterime çenli peýda görýärdiler. Emma nebitli ýataklar millileşdirilenden soňra, olaryň peýdasy 50 göterime çenli pese gaçdy. Bu ýagdaý bilen ylalaşmak islemedik, kompaniýalar nebitiň bahasyny aşa ýokarlandyrdylar. Şeýle etmäge olaryň elinde ýene-de bir mümkinçilik saklanyp galypdy. Ol mümkinçilik bolsa nebiti daşamak meselesidi. OPEC guramasyna girýän ýurtlar nebiti çykarmagy we oňa baha kesmegi öz ellerine alan hem bolsalar, ony daşamakda ýene-de günbatarly kompaniýalara bagly bolupdy.

Nebit söwdasynda agalyk edýän monopoliýalar ony import edýän ýurtlara ýowuz düzgünler esasynda satyp başladylar. Munuň özi dürli kynçylyklara getirdi. Ilki bilen-ä, senagat harytlarynyň bahasy ýokarlanyp başlady. Köp ýurtlarda dollar gytçylygy ýüze çykdy. Halkyň durmuş ýagdaýyna ters täsir edýän kynçylyklar döredi. Energiýa çökgünliginiň ýüze çykmagynda syýasy ýagdaýlar hem öz täsirini ýetirdi. Ýagny Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynyň Ysraýyla we ol döwleti goldaýan Angliýanyň we ABŞ-nyň kompaniýalaryna girizen embargosy hem uly täsir etdi. Şol wagtlar tutuşlygyna arap ýurtlarynyň energetika gysyşyna duçar bolan Ysraýyla iňlis we amerikan kompaniýalarynyň kesen bahasyna razy bolmakdan başga alaç galmandy. Şol wagtlar özleriniň peýdasyny goýan maýasyndan her ýyl 50% peýda gazanýan kompaniýalar Ysraýylyň alaçsyzlygyndan peýdalanyp, peýdasynyň möçberini 500%-e çenli ýokarlandyrdylar.

Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda ýüze çykan energiýa çökgünliginiň esasy sebäpkäri OPEC ýurtlary däldir. Halkara bilermenleri bu ýagdaý öňki alýan

peýdalaryny ýitirmejek bolýan nebit monopoliýalaryň «işdämenliginiň» netijesinde ýüze çykdy, diýip nygtaýarlar. Sebäbi nebiti eksport edýän ýurtlar, ony taýýar önüm görnüşinde ahyrky alyja ýetirmeýärler. Olar ony alyp-satar kompaniýalara satýarlar. Nebitden taýýar önüm öndürip satýan kompaniýalaryň alýan peýdasy, ony çig görnüşinde satýan ýurtlaryňkydan birnäçe esse ýokary bolýar. Käbir hasaplamalara görä, 1 tonna nebitden alynýan taýýar önümleriň jemi bahasyny 100% diýip, hasap etsek, ony çig görnüşinde satýan ýurtlaryň peýdasy onuň 6–7%-ine deň, diýip hasaplaýarlar. Diýmek, bu ýerde esasy günäniň alyp-satýan kompaniýalaryň üstüne ýüklenilmegi hem esassyz däl. Mysal üçin, 1974–1975-nji ýyllar aralygynda nebitiň bahasy, takmynan, 4 esse ýokarlandy. Munuň özi ýangyjyň beýleki görnüşleriniň meselem, kömrüň we uranyň köp ulanylmagyna getirdi. Şol ýyllarda atom elektrik stansiýalary (AES) köp guruldy. Mysal üçin, Fransiýada edil häzirki günde hem ýurduň sarp edýän elektrik energiýasynyň 75%-i AES-lerde öndürilýär. Ýangyjyň beýleki görnüşlerine uly üns berlip başlanmagy bilen, kömrüň bahasy hem ýokarlanyp başlady. Sebäbi onuň sarp edilişi artypdy.

Nebitiň we nebit önümleriniň bahasynyň üzül-kesil ýokarlanmagy birnäçe ýurtlara täze energetiki syýasaty alyp barmaga iterdi. Bu syýasat, esasan, aşakdaky görkezilen ugurlar boýunça amala aşyryldy:

1) dürli energiýa tygşytlaýjy çäreler arkaly, energiýa sarp edilişini tygşytlamak. Mysal üçin, şol çökgünlik ýyllary ABŞ hökümeti «Karpuling» diýen çäräni ilata teklip etdi. (Karpuling–munuň özi bir awtomobili birnäçe adamyň ulanmagydyr);

2) ýerli önümçiligiň ýerli energiýa serişdeleriniň hasabyna ösdürilmegi. Mysal üçin, Germaniýa Awstraliýadan satyn alynýan kömür arzan hem bolsa, ony salgyt we baha syýasaty esasynda ýurda getirilmeginiň öňüni alýar;

3) energiýa tygşytlaýan enjamlary we tehnologiýany önümçilige we durmuş hojalygyna ornaşdyrmak;

4) energiýanyň täze çeşmelerini gözlemek. Energiýanyň täze çeşmelerini gözlemekde uly öňe gidişlikler gazanyldy. Mysal üçin, Aýda «Geliý-3» maddasynyň tapylmagy we ony lift usulynda, ýere düşürmek üçin edilen synanyşygyň şowly geçmegi muňa aýdyň mysaldyr.

Ösen ýurtlarda ýüze çykan energiýa çökgünligi 1980-nji ýylda ýeňlip geçildi. Diňe bir çökgünlikden üstün çykylman, ylymda we tehnikada uly öňe gidişlikler hem gazanyldy. Aýratyn-da, energetika pudaklarda uly ösüşler duýuldy. Mysal üçin, elektrik stansiýalarynda suwuk ýangyçdan gaty ýangyja, ýagny urana we kömre geçildi. Kiçi göwrümli we tygşytly awtoulaglar önümçilige köpçülikleýin girizildi. Önümçilik we durmuş maksatly binalaryň ýylylyk saklaýjylygy has gowulandyryldy. Önümçilige energiýa tygşytlaýjy enjamlar we tehnologiýalar ornaşdyryldy. Şu çäreleriň netijesinde ABŞ-da nebitiň sarp edilişi 1,5 esse, Ýaponiýada 2 esse pese gaçdy.

*11-nji tablisa*

**Ösen ýurtlarda dünýä bahalarynyň**
**1980–1990-njy ýyllar aralygyndaky hereketi**

| Harytlaryň we çig mallaryň atlary | 1980-nji ýyl = 100 göterime | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1981 | 1985 | 1986 | 1987 | 1988 | 1989 |
| Senagat harytlary, şol sanda: | 95 | 87 | 102 | 115 | 123 | 131 |
| Maşyn we ulag serişdeleri | 106 | 115 | 125 | 130 | 140 | 139 |
| Çig mallar, şol sanda: | 104 | 85 | 63 | 66 | 70 | 72 |
| Azyk önümleri | 89 | 66 | 74 | 75 | 87 | 87 |
| Bugdaý | 101 | 81 | 71 | 65 | 86 | 102 |
| Et | 90 | 68 | 82 | 92 | 101 | 100 |
| Şeker | 61 | 15 | 22 | 25 | 37 | 46 |
| Kofe | 81 | 81 | 114 | 64 | 67 | 56 |
| Azyklyk däl oba hojalyk çig mallary | 93 | 74 | 75 | 86 | 100 | 98 |
| Pagta | 92 | 75 | 61 | 79 | 77 | 88 |
| Tebigy kauçuk | 75 | 53 | 57 | 68 | 83 | 66 |
| Gazylyp alynýan baýlyklar | 112 | 94 | 57 | 59 | 59 | 62 |
| Nebit | 112 | 91 | 54 | 56 | 56 | 59 |
| Tebigy gaz | 137 | 170 | 99 | 75 | 68 | 72 |
| Kömür | 102 | 82 | 88 | 87 | 90 | 95 |
| Reňkli metallar | 88 | 71 | 70 | 85 | 130 | 125 |

**Çeşmesi: Ломакин В.К. Мировая экономика. Учебник для вузов. М. НИТИ. 2009.**

Emma, 1980-nji ýylda beýleki harytlaryň bahasy ýokarlanyp başlady. Bu harytlaryň hereketini öwrenmek üçin 11-nji tablisa ýüzleneliň.

Tablisadan görnüşi ýaly, nebitiň bahasy ýyllar boýy pese gaçýar. Tersine, käbir önümleriňki, mysal üçin, ulag serişdeleriniň, kömrüň, reňkli metallaryň bahasy ýokary galypdyr.

Nebitiň sarp edilişiniň çaklendirilmegi OPEC ýurtlaryny ynjalykdan gaçyrdy. Sebäbi olaryň girdejileriniň aglaba bölegi nebit satmakdan gelýärdi. Tablisadan görnüşi ýaly 1988-nji ýyla çenli nebitiň bahasy 2 esse pese gaçdy. Bu ýagdaýy aradan aýyrmak üçin bu ýurtlar nebitiň çykarylyşyny 2 esse azaltdylar, ýagny 1979-njy

ýylda nebitiň gazylyp alnyşy bir günde 31,5 mln. barrele deň bolan bolsa, 1985-nji ýylda onuň möçberi bir günde 16 mln. barrele barabar boldy. Emma, bu ýagdaý hem nebitiň bahasynyň ýokary galmagyna getirmedi. Munuň özi OPEC-iň nebitiň bahasyna edýän täsiriniň gowşandygyny görkezýär.

Tablisadan görnüşi ýaly, deňeşdirilýän döwürde bugdaýyň bahasy hem pese gaçýar. Emma, 1990-njy ýylda gurakçylyk zerarly ýüze çykan hasylsyzlyk bugdaýyň bahasynyň 2,5 esse ýokarlanmagyna getirdi. 1989-njy ýylyň maglumatlarynda bugdaýyň 1 tonnasy ABŞ-da we Kanada-da 80 dollara deň bolupdyr. Ýöne, 1990-njy ýyldan başlap bugdaýa bolan islegiň aşa ýokarlanmagy netijesinde, onuň bahasy 200 (iki ýüz) dollardan hem geçdi. Bu baha häzirki wagtda bolsa 400 dollara golaýlady.

11-nji tablisadan görnüşi ýaly, ulaglaryň we enjamlaryň bahasy deňeşdirilýän döwür içinde pesinden 31 göterim ýokarlanýar. Munuň sebäbini bir tarapdan dollaryň hümmetsizlenmegi, beýleki tarapdan bolsa senagat harytlarynda hil taýdan täze ösüşe geçilmegi bilen düşündirmek bolar.

Biziň ýokardaky aýdanlarymyz we getiren mysallarymyz diňe bazar ykdysadyýetli ýurtlar üçindir. Emma, şol wagtlar, ýagny geçen asyryň 1990-njy ýylyna çenli sosialistik ulgam hem hereket edýärdi. Şol wagtlar dünýä ykdysadyýetini 3 topara bölüp öwrenýärdiler:

- Kapitalistik ýurtlar.
- Sosialistik ýurtlar.
- Ösüp gelýän ýa-da üçünji ýurtlar.

Ýokardaky aýdanlarymyzyň köpüsi sosialistik ýurtlara degişli däldir. Sebäbi dünýä bahalaryny erkin bazarda, erkin nyrhlar kesgitleýärdi. Emma, bu ýurtlarda erkin bahalar hereket etmän, döwletiň kesgitlän monopol bahalary hereket edýärdi. Ikinjiden hem SSSR özüniň ägirt uly territoriýasynda ýerleşýän tebigy baýlyklary bilen sosialistik ýurtlary goldaýardy. Dogry, dünýä ykdysadyýetinde ýüze çykan energiýa çökgünligi bu ýurtlara hem täsir edip bilerdi. Ýöne SSSR Özara ykdysady kömek soweti (ÖYKS) bileleşmesine girýän ýurtlara kömek maksady bilen nebiti we gazy dünýä bahasyndan arzan berýärdi. Emma, beýleki kapitalistik döwletlere welin, dünýä bahasyndan satýardy. Ýöne SSSR hem eksport harytlarynyň bahasyny, dünýä bahasyndan ugur alyp kesgitleýärdi.

Umuman alanyňda, 1990-njy ýylda çig mallaryň we taýýar harytlaryň durnukly bahalary hereket etdi. Tebigy gazyň bahasy 1990-njy ýyla çenli pese gaçan hem bolsa, 1990-njy ýyldan başlap, onuň bahasy ýokary galyp başlady. Onuň özüne ýetik birnäçe sebäpleri bardyr. Gazyň bahasynyň ýokary galmagynyň ilkinji sebäbi SSSR-iň ýykylmagy bilen öňki soýuz respublikalar garaşsyzlygyny gazandylar. Bu respublikalar indi ozalkylary ýaly merkeze öz tebigy baýlyklaryny mugtuna bermek islemeýärdiler. Munuň özi tebigy ýagdaýdyr. Şeýlelikde, öňki SSSR-iň

iri gaz çykaryjy ýurtlary bolan Türkmenistan we Özbegistan gazy özbaşdak satyp başladylar. Bu döwletleriň ikisi hem tebigy gaz gorlaryna baý döwletlerdir. Öňki SSSR döwründe bu döwletleriň gazyny Orta Aziýa–Merkez diýlip atlandyrylýan gaz geçiriji arkaly akdyrylýardy. Bu geçiriji dünýäde iň iri gaz geçirijileriniň biri bolup, onuň uzynlygy 2100 kilometre, ýyllyk kuwwaty bolsa 100 milliard kubmetr gaza deňdir. Öňki SSSR-iň ýykylmagy bilen önümçilik gatnaşyklarynda düýpli üýtgeşmeler bolup geçdi. Ozalky döwletiň emlägi hususylaşdyrylyp başlandy. Bu ýagdaý gazyň bahasyna öz täsirini ýetirdi. Hususylaşdyrmagyň barşynda önümçilik gatnaşyklarynyň pese gaçmak meýli ýüze çykdy. Bu ýagdaý hususylaşdyrmak işleri çalt alnyp barylan ýurtlarda, hususan-da, Russiýada has äşgär ýüze çykypdy.

Russiýa tebigy gazyň gorlaryna iň baý döwlet bolup, ol tebigy gazy iň köp çykarýan we iň köp eksport edýän ýurtdyr. Russiýanyň tebigy gaz gorlarynyň möçberi 48,4 trillion kubmetre deňdir. Bu hem entek hemmesi däldir. Sebäbi Russiýa Federasiýasynyň territoriýasynyň şu güne çenli 40%-inde gözleg-barlag işleri geçirildi. Galan 60%-inde entäk deslapky barlag işleri hem geçirilenok. Munuň özi Russiýa tebigy gaz boýunça dünýä agalygyny ýöretmäge mümkinçilik berýär.

Şeýle hem Russiýa gaza ýiti mätäçlik çekýän Ýewropa ýurtlary bilen goňşuçylykda ýerleşýär. Munuň özi bu ýurda tebigy gazy ýerleşdirmeklige uly mümkinçilik berýär. Ýewropa ýurtlary bolsa özleriniň tebigy gaza bolan isleginiň agramly bölegini Russiýadan satyn alynýan gazyň hasabyna kanagatlandyrýarlar. Bu ýagdaýdan bolsa Russiýa ýerlikli peýdalanmaklygy başardy. Munuň özi beýleki bir tarapdan ykdysady mejburlykdan hem gelip çykýardy. Sebäbi SSSR-iň ýykylmagy bilen, onuň mirasdüşeri hasaplanýan Russiýa öňki Gündogar Ýewropadaky we Merkezi Aziýadaky bazarlaryny elinden gideripdi. Bu ýagdaý ýurda gelýän walýuta girdejileriniň azalmagyna we önümçiligiň pese gaçmagyna getirdi. Bu ýagdaý rus harytlarynyň günbatar ýurtlarynyň harytlary bilen bäsleşip bilmezliginden ýüze çykdy. Bu ýetmezçiligiň öwezini dolmak üçin esasy eksportlyk harytlaryň bahasy ýokary galdyryldy.

Bu ýerde ýene-de bir zady bellemeli. Russiýada, umuman, öňki SSSR-de önümçiligiň ekstensiw usuly hereket edýärdi. Munuň özi tebigy çig mallaryň bisarpa harçlanmagyna getirdi. Netijede, Russiýanyň Ýewropa bölegindäki nebit-gazly ýataklaryň gutarmagyna getirdi. Şonuň üçin hem olar ýurduň gündogaryna tarap süýşmeli boldular. Häzirki wagtda Russiýanyň çykarýan nebitdir gazynyň agramly bölegi Ural daglaryndan gündogarda, Sibirde çykarylýar. Sibir özüniň ýeke bir tebigy baýlyklary bilen çäklenmän, gazaply howa şertleri bilen hem tapawutlanýar. Gyşyň gelmegi bilen gazyň sarp edilişi ýokarlanýar. Gazyň sarp edilişi aýratynam şäher ýerlerinde, ýyladyş hojalyklarynda köp möçberde ulanylyp başlanýar. Russiýada tersine, gazyň çykarylyşy pese gaçýar. Sebäbi bu ýurduň gazynyň düzüminde parafin (şem) köp. Gazaply howa şertlerinde gazyň düzümindäki parafin goýulaşýar. Bu bolsa gazy sorup almakda we ony iteklemekde uly kynçylyklara

getirýär. Seredip otursaň bu ýerde garşylyklaýyn ýagdaý ýüze çykýar, ýagny gazyň sarp edilişi ýokarlanýar, tersine, onuň çykarylyşy bolsa pese gaçýar. Munuň özi gaz ýetmezçiligi zerarly bahalaryň ýokarlanmagyna getirýär.

Şeýle hem, barha gündogara süýşülmegi netijesinde gazy akdyrmagyň ýol harajatlarynyň artmagyna getirýär. Bu hem 1990-njy ýylda gazyň bahasynyň ýokary galmagyna getiren sebäpleriň biridir.

Tebigy gazyň bahasynyň ýokary galmagyna sebäp bolan ýagdaýlaryň ýene-de biri dünýä ykdysadyýetiniň barha ösýän şertlerinde kömrüň sarp edilişiniň aşa ýokarlanmagydyr. Bu ýagdaý soňlugy bilen ekologiýa çökgünligine getirdi. Sebäbi ýangyç hökmünde kömür ulanylanda, onuň 65 göterimi ýanýar. Galan 35 göterimi dürli gazlar bolup howa ýaýraýar. Aýratyn-da, ýanmadyk kömrüň düzüminde ugar gazy agdyklyk edýär. Bu bolsa ozon gatlagynyň deşilmegine we howanyň maýlamagyna getiren esasy sebäpleriň biridir. Şeýle hem, kömri iri şäherlerde ulanmak dürli hapaçylyga getirýär. Hut şu sebäpler zerarly kömrüň ulanylmagy azaldylyp, ekologiýa taýdan has arassa ýangyç bolan gazyň ulanylmagy artdyryldy. Mysal üçin, kömri iň köp ulanýan ýurtlaryň biri bolan ABŞ-nyň elektrik senagatynyň hökmürowany «General elektrik» özüniň ygtyýaryndaky kömür bilen işleýän elektrik stansiýalarynyň 95 göterimini gaz trubinasyna geçirdi. Şeýle ýagdaý Günbatar Ýewropa ýurtlarynda hem bolup geçdi. Mysal üçin, Italiýa elektrik stansiýalarynyň 60 göterimini, Angliýa 50 göterimini gaz trubina enjamy bilen işleýän stansiýa öwürdiler. Munuň özi gazyň bahasynyň gysga wagtyň içinde 2 essä golaý ýokarlanmagyna getirdi. Eger 1989-njy ýylda tebigy gazyň her 1000 kubmetriniň dünýä bahasy ABŞ-nyň 56 dollaryna deň bolan bolsa, bu görkeziji 2000-nji ýyla çenli 110 dollara barabar boldy.

Täze müňýyllykda tebigy gazyň bahasy has çalt depginler bilen ösüp başlady. Ýagny bary-ýogy 7 ýylyň içinde her 1000 kubmetriniň bahasy 110 dollardan 350 dollara çenli ýokarlandy. Tebigy gazyň bahasynyň ýokarlanmak meýli häzirki günlerde hem saklanýar. Munuň sebäbini käbir ykdysatçylar ykdysady sebäpleri nazara alman, diňe syýasy bähbit aramak üçin edilen iş hökmünde baha berýärler. Olar öz sözlerini aşakdaky deliller bilen subut etmeklige çalyşýarlar:

1. Ýewropanyň gaza bolan isleginiň artmagy.
2. Russiýanyň gaz satmaklygy doly döwlet gözegçiligine almagy.
3. Merkezi Aziýanyň gaz gorlaryna eýe bolan ýurtlary Türkmenistayň we Özbegistanyň Ýewropa ýurtlaryndan alysda ýerleşmegi.
4. Ýewropa ýurtlary üçin gaz satýan çeşmeleriň azalmagy.
5. Demirgazyk Afrikanyň iri gaz satýan ýurtlary bolan Alžiriň we Liwanyň ykdysady we syýasy taýdan durnuksyzlygy.

**Nebitiň dünýä bahalary.** Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda ýüze çykan nebit çökgünligi ýeňlip geçilensoň, dünýä bazarynda nebitiň bahasy belli bir derejede

durnuklaşdy. 80-nji ýyllaryň aýaklarynda, 90-njy ýyllaryň başlarynda nebitiň bir barreliniň bahasy 20 dollar töwereginde saklandy.

Emma, şol döwürde dünýäniň syýasy kartasynda uly üýtgeşmeler bolup geçdi. Gündogar Ýewropanyň, Merkezi Aziýanyň we Kawkaz ýurtlarynyň köpüsi özleriniň döwlet garaşsyzlygyny gazandylar. Munuň özi önümçilik gatnaşyklarynyň bozulmagyna getirdi. Önümçilik gatnaşyklarynyň bozulmagy belli bir derejede nebitiň bahasyna täsir etdi. Şeýlelikde täze müňýyllyga çenli onuň bahasy 25 dollara bardy. Nebitiň şu bahasy 2003-nji ýyla çenli dowam etdi. Emma, şol ýylyň güýzünden başlap, nebitiň bahasy aşa ýokary derejede ösüp başlady. Bilermenler nebitiň bahasynyň ýokarlanmagynyň birnäçe sebäbini şeýle düşündirýärler:

1) ABŞ–Yrak urşunyň başlanmagy;

2) Belli-belli ykdysadyýetleriň has güýçli depginde ösüp başlamagy;

3) Nebiti eksport edýän ýurtlaryň nebiti syýasy ýarag hökmünde ulanyp başlamagy.

Amerikan–Yrak urşy wagtynda nebitiň bir barreliniň bahasy iň ýokary derejä ýetdi. Ýagny şol ýyllarda bir barrel nebitiň bahasy 25 dollardan artyp, 75–80 dollara, kähalatlarda 100 dollardan geçen wagty hem boldy. Dünýä ykdysadyýeti şol güne çenli nebitiň bahasynyň şeýle çalt ösmegi bilen ýüzbe-ýüz bolmandy. Munuň şeýle boljakdygy halkara syýasy synçylar tarapyndan öňünden aýdylypdy. Sebäbi Yrak nebit gorlary boýunça dünýäde 2-nji orunda, ony satmak boýunça 5-nji orunda durýardy. Harby hereketler wagtynda nebiti köpçülikleýin çykaryp bolmajagy düşünükli. Şeýle hem yraklylaryň özleri-de nebit duşmanynyň eline düşmesin diýen pikir bilen buraw guýularyny, nebit ätiýaçlyklaryny ýok etdiler. Bir tarapdan nebitiň çykarylyşynyň pese gaçmagy, beýleki tarapdan bolsa, oňa bolan islegiň ýokary bolmagy ýüze çykdy.

Nebitiň bahasynyň ýokarlanmagynyň ýene-de bir sebäbi iri döwletleriň ykdysadyýetleriniň ösüşiniň çaltlaşmagydyr. Bu döwletlere Hytaý, Hindistan, Russiýa ýaly döwletler degişlidir. Bu ýurtlaryň ykdysady ösüşi çaltlaşdygyça energiýa bolan islegi hem şonça ýokarlanýar. Mysal üçin, soňky 10 ýyllyklarda Hytaýyň nebit sarp edijiligi birnäçe esse ýokarlandy. Hytaýyň nebite, umuman, beýleki energiýa serişdelerine bolan islegi hem ýokarlanýar. Edil şular ýaly ýagdaýlar beýleki uly döwletlerde hem bolup geçýär. Hytaýdyr, Hindistanyň içerki energiýa çeşmeleri ýeterlik däldir. Şonuň üçin olar nebiti import etmeli bolýarlar. Islegiň ýokarlanmagy baha öz täsirini ýetirýär.

Nebitiň bahasynyň ýokarlanmagynyň üçünji sebäbi bolup OPEC ýurtlarynyň nebiti syýasy ýarag hökmünde ulanýanlygy çykyş edýär. Bu ýurtlar syýasy oňuşmazlyk ýüze çykan wagty nebitiň satylyşyny togtadýarlar. Bu ýagdaý häli-şindi gaýtalanyp durýar. Saud Arabystanynyň Yrak urşy zerarly ABŞ-a we Angliýa nebit satmagy bes etmegi muňa mysal bolup biler.

XII bap

# HARYTLARYŇ HALKARA SÖWDASY

## 12.1. Halkara söwda halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamynda

Halkara söwdasy halkara ykdysady gatnaşyklaryň has ösen we iň gadymy görnüşidir. Ol gözbaşyny gadymdan, hususan-da, biziň eýýamymyzdan ozalky III–IV müňýyllyklardan alyp gaýdýar. Has takygy halkara söwda ilkinji milli döwletleriň (gadymy Müsür, Mesopotamiýa) emele gelmegi bilen ýüze çykypdyr. Bu döwürde halkara söwdasy serhetýaka alyş-çalyş häsiýetli bolupdyr. Halkara alyş-çalyşygyna dürli ýurtlardan önümleriň uly bolmadyk bölegi we geň-enaýy, täsin zatlar (süzükler, gymmat bahaly daşlar, bezeg şaýlary) gatnaşdyrylypdyr.

Bazar gatnaşyklarynyň emele gelmegi halkara söwdasynyň ösmegine güýçli itergi berdi. Bazar hojalygy ösdügiçe halkara söwdasynda düýpli üýtgeşmeler bolup geçýär. Halkara söwdasynyň barha ösmeginde ylmy-tehniki ösüşe (YTÖ) daýanýan halkara zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagy çykyş edýär. Häzirki wagtda YTÖ barha uly ähmiýete eýe bolýar. Onuň bilen baglanyşyklylykda halkara söwdasynyň ösüşi hem düýpli ilerleýär. Halkara söwdasynyň ösüşiniň esasy sebäbi bolup düýpli maýanyň halkara hereketi çykyş edýär. Eýýäm 100 ýyldan gowrak wagt bäri düýpli maýanyň halkara hereketi halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösüşindäki esasy meýil diýip hasap edilýär. Şeýle hem halkara söwdasynyň barha ösmeginde döwletleriň ähmiýeti ýokarlanýar.

XX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap belli-belli ykdysadyýetleriň kuwwatlanyp başlamagy aýry-aýry döwletleriň bazarlarynyň düýpli ösmegine getirdi. Bazarlaryň has ösmegi intergrasiýalara birleşen ýurtlarda söwda ykdysady, gümrük, administratiw päsgelçilikleriň peseldilen ýa-da doly aradan aýrylan ýurtlarynda has işjeň ýagdaýda bolup geçdi.

Häzirki zaman halkara söwdasynda elektron söwdasynyň (e-commerce, electronic commerce) ähmiýeti barha ýokarlanyp başlady. Elektron söwdasy harytlary, hyzmatlary ýerleşdirmekde, maliýe serişdelerini ondan-oňa geçirmekde häzirki zaman kompýuter ulgamlarynyň giňden peýdalanylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Halkara söwdasynyň ösmeginde transmilli kompaniýalar (TMK) görnükli orny eýeleýärler. TMK-lar ilki milli bazarda emele gelip, haryt eksportynyň we beýleki ýurtlarda öz önümçiliklerini açmak arkaly göwrümlerini barha giňeldýärler. Häzirki zaman halkara söwdasyna gatnaşýan TMK-laryň sany barha artýar. Olaryň sanynyň köpelmegi, bähbitleriň biri-birine gabat gelmezligi bäsleşik göreşini ýitileşdirýär. Munuň netijesinde TMK-lara berilýän döwlet goldawy barha ýokarlanýar.

Harytlaryň halkara söwdasy dünýäniň ähli sebitlerini öz içine almak bilen, onuň göwrümi barha ulalýar. Mysal üçin, dünýä söwdasynyň (dünýä eksportynyň jemi boýunça) 2006-njy ýyldaky göwrümi 17 trillion dollar bolan bolsa, 2010-njy ýylda bu görkeziji eksport we importyň jemi boýunça 30 trillion dollara barabar boldy.

Halkara söwda halkara ykdysady gatnaşyklaryň gadymy we adaty formasydyr. Ol häzirki wagtda-da halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamynda merkezi orny eýeleýär. Şol bir wagtyň özünde döwletleri we halklary birleşdirýän esasy baglanyşyk bolup halkara söwdasy çykyş edýär. Halkara söwda oňa gatnaşýanlaryň döwletleriň, integrasiýalaryň, kärhanalaryň, TMK-laryň, şahsy taraplaryň ykdysady bähbidi esasynda amala aşyrylýar. Ykdysady bähbitler hemişe biri-birine gabat gelmeýär. Şonuň üçin daşary ykdysady amallar içerki amallardan çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar.

Daşary söwdanyň netijeliligi ýa-da netijesizligi, milli ykdysady ulgamyň açyklygy ýa-da ýapyklygy döwletleriň we subýektleriň arasyndaky hemişe gapma-garşylykly ýagdaýa getirýän sebäpleriň biridir. Mysal üçin, liberal daşary syýasat ýöredýän döwletiň milli önümçilikleri daşyndan getirilýäň meňzeş harytlaryň netijesinde işlemekligini bes edýärler. Bu ýagdaý öz gezeginde işsizligiň ösmegine, döwletiň durmuş-ykdysady syýasatyna oňaýsyz täsirini ýetirýär.

Harytlaryň halkara söwdasynyň akymlary biri-birine garşylykly eksport, import, reeksport we reimport düşünjelerinden ybaratdyr. Eksport – harytlary ýurduň daşyna çykarmaklyga, import – daşyndan haryt getirmeklige aýdylýar (eksport we import italýan sözi bolup, eks – gitdi, gidýär, im – geldi, gelýär, port – deňiz duralgasy). Reeksport – ozal import edilen harydyň gaýtadan eksport edilmegine aýdylýar. Reeksport ýurduň daşary söwda gatnaşyklarynda uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, Taýwanyň reeksporty ýurduň jemi içerki önüminiň 120%-i hasaplanylýar. Bu ýagdaý ýurduň geografiki ýerleşişiniň amatlylygy bilen düşündirilýär. Reimport – eksport edilen harydyň yzyna import edilmegine düşünilýär.

Halkara söwdanyň göwrümine baha bermekde halkara söwdanyň bellenen baha we hakyky (real) göwrümi diýen düşünjeler ulanylýar. Nominal göwrüm gündelik bahalarda ABŞ-nyň dollarynda aňladylan halkara söwdasynyň gymmatydyr. Hakyky göwrüm saýlanyp alnan görkezijileriň kömegi bilen hemişelik bahalarda hasaplanan nominal gymmatdyr.

Halkara söwdasynyň nominal göwrümi dürli ýyllarda ýüze çykýan gyşarmalara garamazdan ösüş häsiýetine eýedir. Ol harytlaryň halkara söwdasynyň fiziki göwrüminiň ösüşini görkezýär. Ýöne halkara söwdasynyň fiziki göwrüminiň ösüşinden gymmat göwrüminiň ösüşi has ýokarydyr.

Eksportyň we importyň göwrümi hemme döwletde hakyky we gymmat görkezijilerinde hasaplanylýar. Gymmat görkezijisi ilki milli pulda hasaplanyp, halkara standartlaryna gabat getirmek üçin ABŞ-nyň dollaryna geçirilýär. Käbir

döwletlerde milli puluň hümmetsizlenme derejesi ýokary bolsa, onda eksportyň we importyň gymmat görkezijileri ABŞ-nyň dollarynda aňladylýar.

Halkara söwdasynda döwletiň daşary söwdasyny häsiýetlendirmekde başga-da birnäçe görkezijiler ulanylýar. Olara özara ýa-da ikitaraplaýyn söwda, halkara söwda, daşary söwda dolanyşygy görkezijiler degişlidir. Özara ýa-da ikitaraplaýyn söwda diýlip, iki sany döwletiň arasyndaky söwda gatnaşyklaryna düşünilýär, mysal üçin, Türkmenistanyň Russiýa bilen söwda gatnaşyklaryna düşünilýär. Döwletiň halkara söwdasy diýlip, onuň birnäçe döwletler, sebit ýa-da bir integrasiýa girýän ýurtlar bilen alyp barýan söwda gatnaşyklaryna düşünilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Ýewropa bileleşigi ýa-da Latyn Amerikasy ýurtlary bilen alyp barýan söwda gatnaşyklary muňa degişlidir. Daşary söwda dolanyşygy ýurduň eksportynyň we importynyň jeminden ybarat bolup, ol ähli söwda gatnaşyklary alnyp barlan döwletleri öz içine alýar. Daşary söwda dolanyşygy oňaýly ýa-da oňaýsyz galyndyly (ylmy dilde saldo) häsiýete eýedir. Eksportyň importdan ýokary bolmagy oňaýly, tersine, importyň eksportdan uly bolmagy oňaýsyz galyndyny emele getirýär. Ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsi üçin daşary söwdanyň onaýsyz galyndysy häsiýetlidir. Türkmenistanyň daşary söwdasy oňaýly galynda eýe bolup, eksport importdan 50% diýen ýaly ýokarydyr.

Eksporty dünýä bahalarynda hasaplamak, deňeşdirmek we halkara standartlaryna gabat getirmek üçin, haryt gümrük serhedinden geçende FOB bahalarynyň esasynda (free on board – Franko bort ...ýüklenip ugradylýan portuň ady) «Franko bort» adalgasy atlandyrylan ýüklenip ugradylýan portda haryt gäminiň tutalgasynyň üstünden geçende satyjynyň tabşyrygy ýerine ýetirendigini aňladýar. Bu bolsa şu pursatdan harydyň ähli çykdajylarynyň, ýitgisiniň ýa-da zeper ýetmesiniň töwekgelçilikleriniň alyjy tarapyndan çekilmelidigini aňladýar. FOB adalgasynyň şertleri boýunça satyja eksport etmek üçin harydy gümrük taýdan arassalamak borçnamasy ýüklenilýär. Importy CIF hasaplanylýar. CIF (Cost., insurance and freight) – Baha, ätiýaçlandyryş we fraht (...bellenen portuň ady). CIF, ýagny «Baha, ätiýaçlandyryş we fraht» adalgasy ýüklenip ugradylýan portda haryt gäminiň tutalgasynyň üstünden geçende satyjynyň tabşyrygyny ýerine ýetirendigini aňladýar. Satyjy görkezilen porta harydy getirmek üçin zerur bolan çykdajylary we frahty tölemäge borçludyr emma, haryt ýüklenip ugradylandan soň, harydyň ýitgisiniň we zeper ýetmesiniň töwekgelçilikleri, şeýle hem soň ýüze çykýan islendik goşmaça çykdajylar satyjydan alyja geçýär. CIF şertleri boýunça haryt daşalýan wagty ýüze çykýan ýitgileri we zeper ýetmeleri alyjynyň peýdasyna, deňiz ätiýaçlandyrmasyny amala aşyrmak borçlary satyjynyň üstüne ýüklenilýär. Dowamlylykda, satyjy ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaga we ätiýaçlandyryş töleglerini tölemäge borçludyr. Alyjy CIF adalganyň şertlerine laýyklykda satyjydan diňe iň az möçberde «öwezini dolma» töleg bilen ätiýaçlandyryşyň üpjün edilmeginiň talap edilýändigine üns bermelidir. Eger alyjy köp «öwezini dolma» tölegli ätiýaçlandyryşyň bolmagyna isleg bildirse,

ol bu barada satyjy bilen ýörite ylalaşmalydyr ýa-da goşmaça ätiýaçlandyryşy baglaşmak boýunça çäreleri özi görmelidir.

CIF adalganyň şertleri boýunça satyjynyň üstüne eksport etmek üçin harydy gümrük taýdan arassalamak boýunça borç ýüklenilýär.

Daşary söwdanyň konýukturasynyň ýagdaýyna baha berlende, onuň amatlydygy ýa-da amatsyzdygy seljerilende «söwda şertleri» diýen düşünje ulanylýar. Bu görkeziji eksport we import bahalaryň deňeşdirme indeksini özüne birleşdirýär. Eger eksport bahalar import bahalara garanyňda çalt ýokarlanyp we haýal peselýän bolsa, onda daşary söwdanyň şertleri amatly diýip hasap edilýär.

Umuman alanyňda daşary söwda islendik döwlet üçin bähbitlidir. Eksportyň ýokarlanmagy hemmetaraplaýyn amatlydyr. Importyň hasabyna bolsa özünde öndürilmeýän harytlary satyn almaga, wagty we puly tygşytlamaga mümkinçilik gazanylýar.

## 12.2. Harytlaryň halkara söwdasynyň düzümi we ösüşi

Halkara söwda hemişelik hereket edýän ulgam hökmünde XIX asyryň dördünji çärýeginde kemala gelip başlady. Bu döwür dünýä hojalygynyň gutarnykly emele gelip başlan wagty bilen baglanyşyklydyr. Şol döwürden bäri dünýä söwdasy ösüş taryhynda aşakdaky döwürleri başdan geçirdi.

1) Birinji jahan urşunyň başlamagyndan soňra 40 ýyla golaý wagtlap halkara söwdasy durnukly, yzygiderli ösüşe eýe bolup, bu döwür aralygynda dünýä haryt eksporty 3 esse ýokarlanýar;

2) Birinji we Ikinji jahan uruşlary aralygynda dünýä ykdysadyýeti düýpli ykdysady çokgünlige (1929–1933-nji ýyllar) duçar bolup, bu döwür aralygynda halkara söwdasynyň möçberi düýpli peselýär;

3) Ikinji jahan urşundan soňky döwür (häzirki wagty hem öz içine alýar) halkara söwdasynyň üzül-kesil ösüşi bilen tapawutlanýar.

Ikinji jahan urşundan soňky döwürde halkara söwdasy 37 esse ýokarlandy. Dünýä söwdasynyň has durnukly we ýokary ösüş derejesi 1950–1970-nji ýyllar hasaplanylýar. Bu aralykda onuň ýyllyk ösüş depgini ortaça 7%-e deň boldy. Bütindünýä söwda guramasynyň berýän maglumatlaryna görä, harytlaryň halkara eksportynyň möçberi 1980-nji ýylda 2034 milliard dollara, 1996-njy ýylda 5 trillion dollara, 2000-nji ýylda 6 trillion dollara, 2003-nji ýylda 7482 milliard dollara, 2006-njy ýylda 11,76 trillion dollara barabar boldy. Dünýä eksportynyň şeýle çalt ösüşi harytlaryň diňe bir fiziki göwrüminiň hasabyna bolman, ýangyç energiýa serişdeleriniň gymmatlamagy we dollaryň gymmatynyň üýtgemeginiň hasabyna hem bolup geçdi.

Dünýä söwdasynyň göwrüminiň ösüşi bilen bir hatarda onuň düzümi we geografiýasy hem üýtgeýär. Dünýä söwdasynyň düzümi diýip eksport edilýän haryt-

laryň görnüşine düşünilýär. Dünýä söwdasynyň düzüminde oba hojalyk, gazylyp alynýan çig mallar we ýangyç-energiýa serişdeleri entegem görnükli orun tutýan hem bolsa häzirki wagtda ýokary tehnologiýaly taýýar harytlaryň paýy barha ýokarlanýar. Geografiýanyň üýtgemegi ýurtlaryň integrasiýalarynyň arasyndaky söwda gatnaşyklarynyň möçberiniň üýtgemegi bilen baglanyşyklydyr. Halkara söwdasynyň geografiýasynyň üýtgemegi ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösüşiniň deň däldiginden gelip çykýar. Dünýä söwdasynyň geografiýasynyň üýtgeme meýline aşakdaky ýagdaýlar täsir edýär:

- Dünýä söwdasynyň 80%-iniň ösen döwletleriň paýyna düşmegi.
- Dünýä söwdasynyň 55%-iniň ösen döwletleriň özaralarynda alnyp barylmagy.
- Ösüp gelýän ýurtlaryň halkara söwdasyndaky ähmiýetiniň artyp başlamagy.
- Ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlaryň arasyndaky söwda gatnaşyklarynyň yzygiderli peselip başlamagy. Mysal üçin, 1995-nji ýylda geçiş häsiýetli ýurtlaryň daşary söwdasy dünýä söwdasynyň 3,5%-i bolan bolsa, 2000-nji ýylda bu görkeziji 2,5%-e barabar boldy.

Bütindünýä söwda guramasynyň berýän maglumatlaryna görä, dünýäniň esasy eksport ediji ýurtlary bolup ösen döwletler çykyş edýär. Olaryň arasynda ABŞ, Germaniýa, Ýaponiýa, Fransiýa, Angliýa, Italiýa, Kanada, Belgiýa öňdäki orunlary eýeleýärler. Ösen döwletleriň arasyndaky daşary söwdasy, hususan-da, eksporty boýunça öňdäki orny ABŞ eýeleýärdi. 2010-njy ýyldan başlap Hytaý eksport boýunça birinji orna geçdi. Hytaýyň ýyllyk eksportynyň möçberi 1 trillion dollardan hem geçýär.

Haryt importy boýunça ilkinji orunda ABŞ durýar. Onuň dünýä importyndaky paýy 16%-e, Germaniýanyň dünýä importyndaky paýy 7,7%-e, Hytaýyňky 6,3%-e, Britaniýanyňky 5,3%-e barabardyr.

Ösen döwletleriň arasynda daşary söwda galyndysynyň oňaýsyz galyndyly ýurdy diňe ABŞ-dyr. Onuň importy eksportyndan iki essä golaý ýokarydyr.

Dünýä söwdasynyň geogarfiki düzüminiň üýtgemegi halkara söwdasynyň haryt düzüminiň üýtgemegi bilen berk baglanyşyklydyr. Dünýä söwdasynyň düzüminiň üýtgemegi geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlady. Bu meýil häzirki wagtda hem dowam edýär. Halkara söwdasynyň haryt düzüminde çig mallaryň we oba hojalyk harytlarynyň paýy barha azalyp, taýýar harytlaryň, ýarym fabrikatlaryň möçberi barha ýokarlanýar. Bu ugurdaky üýtgemelere aşakdaky ýagdaýlar täsir edýär.

*1. Dünýä eksportynyň haryt düzüminde senagat önümleriniň, şol sanda ýokary tehnologiýaly harytlaryň möçberiniň üzül-kesil ýokarlanmagy.* Bütindünýä söwda guramasynyň 1990–2000-nji ýyllar aralygy boýunça berýän maglumatlaryna görä, senagat harytlarynyň dünýä eksporty 70,5%-den 74,9%-e çenli artypdyr. Görkezilýän döwürde telekommunikasiýa we ofis enjamlary 8,8%-den 15,2%-e çenli ýokarlanypdyr. Bu ýagdaýy senagat önümçiliginiň görnüşleriniň ylmy-teh-



9. Sargyt № 832

niki ösüşiň esasynda giňemegi we bütin dünýäde gaýtadan işleýän önümçiligiň harytlaryna bolan islegiň gyşarnyksyz ösmegi bilen düşündirmek bolar. Şeýle hem pudaklara goýulýan maýa goýumlarynyň ugrunyň üýtgemegi bu ýagdaýa ýiti täsir etdi. Iri kompaniýalaryň we döwletleriň ýokary tehnologiýaly, ylmy köp talap edýän (ylym siňňitli) pudaklara goýýan maýa goýumlarynyň möçberi üzül-kesil ýokarlandy.

2. *Dünýä eksportynyň düzüminde çig mal, ýangyç-energiýa gorlarynyň paýynyň azalyp başlamagy.* Mysal üçin, bu gorlar 1990-njy ýylda dünýä eksportynyň 14,3%-ini tutan bolsa 2000-nji ýylda onuň görkezijisi 13,1%-e çenli azaldy. Çig mal we ýangyç-energiýa serişdeleriniň dünýä eksportyndaky paýynyň pese düşmegine häli-şindi ýüze çykýan çökgünlikler, ösen ýurtlaryň energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmagy, galyndysyz tehnologiýalary ösdürmeklik barada alnyp barlan işler öz täsirini ýetirdi. Ýöne, soňky ýyllarda ýangyç-energetika gorlarynyň dünýä eksportyndaky paýynyň ýokarlanmak meýli dowam edýär. Bu ýagdaýy dünýä senagatynda himiýa we nebithimiýa senagatynyň barha ösmegi, ýurtlaryň energiýa howpsuzlygyna berýän ünsleriniň ýokarlanmagy, ýangyç-energiýa serişdeleriniň syýasy ýarag hökmünde ulanylyp başlanmagy, umumy dünýä hojalygynyň energiýa bolan isleginiň barha ýokarlanmagy bilen düşündirmek bolar.

3. *Dünýäniň haryt eksportynyň düzüminde agrar-senagat toplumyň harytlarynyň, şol sanda azyk önümleriniň möçberiniň pese düşmegi.* Eger 1960-njy ýylda olaryň dünýä eksportyndaky möçberi 17,5% bolan bolsa, 1990-njy ýylda 12,2%-e, 2000-nji ýylda 95%-e barabar boldy. Bu ýagdaý bilen ugurdaşlykda hyzmatlaryň, adam aňynyň netijesi bolan ygtyýarnamalaryň halkara söwdasy üzül-kesil ýokarlanyp başlady.

Bazar ykdysadyýetli ösen ýurtlar senagat harytlaryny esasy eksport edijiler bolmak bilen bir hatarda ýangyç we azyk önümlerini dünýä bazaryna ugratmakda ilkinji orunlarda durýarlar. Mysal hökmünde azyk önümleri, nebit, tebigy gaz, kömür, çig mal eksportynda Awstraliýa, ABŞ, Angliýa, Niderlandlar, Norwegiýa ýaly ýurtlary görkezmek bolar. Başgaça aýdylanda, ösen ýurtlar haryt segmentiniň ähli görnüşlerinde öňdeligi eýelemäge jan edýärler. Netijede, olaryň haryt düzümi bilen bir hatarda eksportynyň geografiýasy hem diwersifikasiýalaşdyrylýar. Ýöne, ösen ýurtlaryň dünýä haryt eksportyndaky esasy ünsi ýokary tehnologiýaly harytlara gönükdirilendir. Şonuň üçin bu ugurda ösen döwletleriň arasyndaky bäsleşik barha ýitileşýär.

Şol bir wagtyň özünde ösüp gelýän ýurtlaryň dünýäniň taýýar harytlarynyň eksportyndaky paýy artyp başlady. Ol döwletleriň, aýratyn-da çalt senagatlaşýan ýurtlaryň dünýä bazaryna ugradýan senagat harytlarynyň paýynyň barha ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

## 12.3. Halkara söwda amallarynyň kesgitlenilişi

Halkara zähmet bölünişiginiň esasy alamatlarynyň biri hem zähmetiň netijesiniň alyş-çalyş edilmegidir. Alyş-çalyş muzdly we muzdsuz esasda amala aşyrylýar. Halkara alyş-çalyş häzirki wagtda birinji görnüşde giňden ýaýrandyr. Muzdsuz esasda sowgat bermek, ynsanperwer kömekler, tejribäni alyş-çalyş etmek, daşky gurşawy goramak ýaly işlerde alnyp barylýar. Umuman, harytlaryň, hyzmatlaryň, adamyň döredijilikli işiniň netijeleri muzdly we muzdsuz esasda amala aşyrylyp bilner. Muzdly esasda alnyp barylýan halkara söwda amallaryna seredeliň.

Öndürilen önümleriň halkara derejesindäki alyş-çalşygy öz-özünden ýa-da tötänlikde bolup geçmeýär. Ol täjirçilik amallaryna öňünden pugta taýýarlanmaklygyň, harytlaryň tehniki şertleri bilen tanyşmaklygyň, kabul etmegiň, ylalaşyk baglaşmagyň we ony ýerine ýetirmegiň üsti arkaly amala aşyrylýar. Öňünden taýýarlyk işleri harydyň hili, bahasy, daşamagyň şertleri ýaly meseleleri öz içine alýar. Täjirçilik amallarynyň aýgytlaýjy bölegi geleşik baglaşmakdyr. Täjirçilik amallaryndaky geleşiklerde tehniki resminamalar, olaryň ýerine ýetirilmegi barada edilmeli işleriň ählisi kesgitlenilýär.

Täjirçilik amallarynyň tamamlaýjy bölegine harytlaryň daşalmagy, ambarlarda saklanmagy, gaplanmagy, ýüklenmegi, ätiýaçlandyrylmagy, hasaplaşygyň görnüşi, ýükleriň gümrük resminamalarynyň resmileşdirilişi, mahabat ýaly işler degişlidir. Bu agzalanlar *kömekçi amallar* diýilýär. Esasy amallar baha bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi bahanyň esasynda harydyň eýesi üýtgeýär. Harydyň eýesiniň bahanyň esasynda üýtgemegi halkara amallarynyň esasy bölegi diýip hasap edilýär.

Halkara täjirçilik amallarynyň esasy bölegi diýip hasap edilýän geleşik hukuk görnüşinde çykyş edýär. Ol başgaça dürli ýurtlarda ýerleşen kärhanalaryň harytlaryň we hyzmatlaryň halkara söwdasyny amala aşyrmak baradaky baglaşan şertnamasydyr. Dürli ýurtda ýerleşen kompaniýalaryň arasynda baglaşylan geleşik halkara diýip hasap edilýär. Emma, bir döwletiň çäginde ýerleşen, ýöne dürli ýurtlaryň kompaniýalarynyň ýa-da olaryň şahamçalarynyň, golçur kompaniýalarynyň arasyndaky baglaşylan şertnama halkara geleşik diýip hasaplanmaýar.

Geleşikleri üç topara bölýärler. Olara harytlaryň aluw-satuw geleşikleri, hyzmatlaryň aluw-satuw geleşikleri, döredijilik işiniň netijesi boýunça geleşikler degişlidir. Olardan has giň ýaýrany harytlaryň halkara aluw-satuwy baradaky geleşiklerdir.

## 12.4. Harytlaryň aluw-satuwy boýunça halkara söwda amallary

Maddy harytlaryň aluw-satuwy boýunça baglaşylýan halkara geleşikler dünýä söwdasynda adaty ýagdaýdyr. Ol kompaniýalaryň, guramalaryň daşary söwda işinde esasy orny eýeleýär. Geleşik boýunça satyjy ylalaşylan şertlere laýyklykda

bellenen möhletde harydyny satmaga, alyjy bolsa görkezilen pul serişdelerini tölemäge borçlanýar. Harytlaryň aluw-satuw geleşikleri birnäçe gornüşlere bölünýär.

Aluw-satuw geleşikleriniň giňden ýaýrany hökmünde adaty söwda-da dürli ýurtlaryň kontragentleriniň arasyndaky baglaşylýan eksport-import şertnamalary çykyş edýär. Eksport amallary harytlaryň milli serhetden daşyna çykarylmagyna we daşary ýurtly hyzmatdaşyň eýeciligine bermeklige düşünilýär. Tersine, import amallary daşyndan getirilen harytlary içerki bazarda satmaklyga niýetlenýär. Eksport-import amallary haryda eýelik edýänleriň göni ýa-da aralykçylaryň bolmagynda gytaklaýyn amala aşyrylyp bilner. Aralykçylar broker, diller (dellal), komissionerler, konsignatorlar, lomaý satyn alyjylar, söwda agentleri görnüşinde çykyş edip biler. Aralykçylar harytlary ýerleşdirmekde köpsanly wezipeleri öz üstüne alýarlar. Ol wezipelere daşary ýurtly hyzmatdaşy gözlemek, geleşikleri we resminamalary taýýarlamak, ulag-ekspeditor işleri, karz-maliýe üpjünçiligi, ätiýaçlandyrma, satuwdan soňky hyzmatlar, bazary öwrenmek, mahabat, gümrük resminamalary ýerine ýetirmek ýaly köpsanly işler degişlidir. Eksport-import amallaryndan başga-da, halkara ykdysady gatnaşyklaryň tejribesinde harytlary ýerleşdirmekde söwda öýleri, auksionlar, biržalar hereket edýär.

Reeksport we reimport amallary eksport-import amallaryndan tapawutlydyr. Reeksport ozalky import edilen harydy hiç hili gaýtdan işlemezden eksport edilmegine aýdylýar. Reeksport amallary dürli ýagdaýlarda amala aşyrylyp bilner. *Birinjiden*, reeksport haryt söwdasynyň dowamy bolup çykyş edýär. Satyjy harydy biržada ýa-da auksionda satmak üçin beýleki bir ýurtdan satyn alýar, ýöne ol haryt şol ýurtda öndürilmän ozal başga bir ýurtdan satyn alnan bolmagy mümkindir. *Ikinjiden*, reeksport kadaly haryt dolanyşygy bozulanda ýüze çykyp biler. Mysal üçin, alyjy import eden harydynyň bahasyny öz wagtynda berip bilmedik ýagdaýynda ol harydy üçünji ýurda satýar. Haryt üçünji ýurda satylan ýagdaýynda reeksport düşünjesine laýyk gelýär. Bu ýagdaýa mejbury reeksport edilýär. *Üçünjiden*, satyn alnan harytlar alyjynyň ýurduna getirilmezden üçünji ýurda satylyp bilner. Söwda kärhanalary şeýle amallardan gaça durýarlar. Sebäbi soňky alyjynyň peýdasy şeýle söwdada pese gaçýar. Galyberse-de, reeksporty amala aşyrýar kärhanalar harytlary daşamaklygyň, ätiýaçlandyrmagyň, karzlaşdyrmagyň hasabyna goşmaça girdeji gazanýarlar. *Dördünjiden*, reeksport amallary daşary ýurt kärhanalarynyň gatnaşmagynda alnyp barylýan iri gurluşyk obýektlerinde hem ýüze çykýar. Tejribäniň görkezişi ýaly daşary ýurtly ugradyjy üçünji ýurtdan satyn alan gurluşyk materiallaryny, enjamlaryny öz ýurduna getirmän, üçünji ýurda ugradýar (Mysal üçin, Türkiýäniň Türkmenistanda iş alyp barýan gurluşyk kompaniýasy Germaniýadan satyn alan enjamyny öz ýurduna eltmän, harydy satyn alan ýerinden göni Türkmenistana ugradýar). Düzgün bolşy ýaly ol haryt aralykçy kärhananyň degişli

ýurdunyň eksporty hasaplanmaýar. Ýöne, şeýle ýagdaý gümrük statistikasynda reeksport amaly hasap edilýär.

Reeksport amallary düzgün bolşy ýaly gaýtadan işlenilmäge degişli däldir. Ýöne, harydyň adyna, görnüşine zeper ýetirmezden käbir işler geçirilip bilner. Ol işlere täzeden gaplamak, ýörite marka (belgi) dakmak, konserwirlenen bankalara ýörite açarlary dakmak we ş.m. degişlidir. Eger harydyň gaýtadan işlenilmesi onuň eksport bahasynyň ýarysyna deň bolsa, onda söwdadaky ylalaşyga laýyklykda ol reeksport däl-de eksport amally diýip hasap edilýär.

Reimport amallar diýip ozal eksport edilen milli harytlaryň gaýtadan işlenilmezden yzyna getirilmegine aýdylýar. Olara zaýa çykan, daşary ýurtlaryň auksionlarynda ýa-da daşary ýurtly konsignatoryň ambarlarynda durup satylyp bilinmedik harytlar degişlidir.

# XIII bap DAŞARY SÖWDANYŇ DÖWLET TARAPYNDAN SAZLAŞDYRYLMAGY

## 13.1. Häzirki zaman daşary söwda syýasaty. Daşary söwda syýasatynda proteksionizm we liberalizm

Daşary ykdysady işiň barha erkinleşýändigine garamazdan daşary söwdany sazlamakda döwletiň orny saklanyp galýar. Döwlet daşary söwdany sazlamakdaky ornuny daşary söwda syýasaty arkaly alyp barýar. Daşary söwda syýasaty–munuň özi ýurduň dünýä ykdysady arenasynda ornuny, işjeňligini pugtalandyrmak üçin dünýä döwletleri, integrasiýalary bilen söwda işini ösdürmek we sazlamak boýunça alyp barýan işleriniň jemidir.

Döwletiň alyp barýan daşary söwda syýasatynyň üsti halkara ykdysady gatnaşyklaryň beýleki subýektleriniň üsti bilen ýetirilip bilner. Mysal üçin, Ýewropa Bileleşigine agza döwletlere «üçünji» ýurtlara umumy syýasat ýöretmekleri, TMK-laryň syýasaty, federatiw gurluşly döwletde federasiýanyň subýektleriniň syýasaty degişlidir. Ýöne bu subýektleriň daşary syýasaty döwletiň alyp barýan daşary syýasaty bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin döwletiň daşary syýasaty içerki we umumy ykdysady syýasat bilen berk baglanyşyklydyr.

Döwletiň daşary söwda syýasaty onuň strategiýasyndan, anyk usullardan we olary durmuşa geçirmegiň serişdeleriniň jeminden ybaratdyr.

Daşary söwda syýasatynyň strategiýasy, daşary söwdany ösdürmek, sazlamak boýunça ileri tutulýan meseleleriň kesgitlenmeginden we olaryň maksadyndan ybaratdyr. Şonuň üçin köp döwletler döwletiň dünýä ykdysadyýetindäki, dünýä söwdasyndaky, syýasatyndaky meseleleri anyk kesgitlemek üçin degişli kanunçylyk aktlary kabul edýärler. Mysal üçin, bu mesele ABŞ-nyň prezidentiniň her ýyl «ABŞ-nyň milli howpsuzlygy barada» we şol bir wagtyň özünde «ABŞ-nyň milli eksport strategiýasy» diýip atlandyrylýan has anyk resminama boýunça dokladynda seredilýär. Russiýa Federasiýasynda bu mesele «Russiýa Federasiýasynyň milli howpsuzlyk Konsepsiýasynda» we «Daşary söwda işinde döwlet sazlaşdyrmasynyň esaslary» atly resminamada has anyk seredilýär.

Islendik döwletiň daşary söwda syýasatynyň baş meselesi daşary söwda ulgamynda milli işewürligiň (şol sanda, üznüksiz önümçiligi giňeltmekden, ykdysady ösüşi, iş bilen meşgullygy ýokarlandyrmakdan we ş. m.) ösmegi üçin amatly şertleri döretmekden ybaratdyr.

Bulardan daşgary hem içerki milli ykdysadyýeti ösdürmek boýunça birnäçe ýagdaýlar hereket edýär. Olara milli ykdysadyýetiň halkaralaşmagyndan gelip çykýan (halkara bilelikdäki kärhanalar, TMK-laryň işi, integtasiýalara goşulyşmak, milli ykdysadyýetiň halkaralaşma meýli) ýagdaýlar degişlidir. Başga sözler bilen aýdanyňda, bu ýerde «göni we garşylykly» ulgam hereket edýär. Şonuň üçin daşary söwda syýasaty halkara bäsleşiginiň ýitileşmeginden gelip çykýan amatly we amatsyz meýilleri we olaryň netijelerini hasaba almalydyr.

Şeýle hem daşary söwda syýasaty ýurduň daşary syýasatynyň möhüm bölegi bolup durýar. Şonuň üçin dünýäniň bazar ykdysadyýetli ösen döwletleri ykdysady arenada häli-şindi hakyky we mümkin bolan bäsleşikde üstün çykmak üçin harby güýçleri ulanmaklyga çenli baryp ýetýärler. Emma, bu ýagdaý beýleki döwletleriň güýçli garşylyk görkezmegine getirýär.

Daşary söwdada proteksionizm we liberalizm diýip atlandyrylýan iki dürli garaýyş hereket edýär.

*Proteksionizm* döwletiň daşary söwda syýasaty hökmünde çykyş edip, ýerli öndürijileri daşary ýurtly bäsdeşlerden goramak maksady bilen alnyp barylýar. Şeýle hem by syýasata ýerli işewürleri belli bir döwletlerde, sebitlerde haryt segmentini anyk bir ugry boýunça goramaklyk hem goşulýar.

*Liberalizm* tersine, daşary söwdanyň we umuman daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösüşini bökdeýän päsgelçilikleriň aradan aýrylmagy ýa-da ýeňilleşdirilmegi ugrunda çykyş edýär.

Häzirki wagtda dünýä tejribesinde bu garaýyşlaryň ikisi-de arassa görnüşde gabat gelmeýär. Olar, köplenç, daşary söwda syýasatynda garyşyk ýagdaýda ulanylýar. Şeýle ýagdaýda döwletiň daşary söwda syýasaty düzüminde bu garaýyşlaryň elementlerini saklamak bilen alyp barýan syýasatynyň beýleki döwletiň

daşary ykdysady syýasatynda hem öz beýanyny tapmagy, garşylykly ýagdaýda jogap çärelerini görmek barada alada edýär.

Daşary söwda syýasatynyň taktiki jähtleri daşary söwda syýasatynyň serişdelerini, usullaryny saýlamak we olary ulanmak bilen baglanyşyklydyr.

Häzirki wagtda dünýäniň köp ýurtlarynda daşary söwdanyň köp görnüşli, giňişleýin gurallary hereket edýär. Olar ýurduň beýleki döwletler, integrasiýalar bilen gatnaşygynda daşary ykdysady gatnaşyklarynyň düzümini, ösüşini üpjün etmekde giňden ulanylýar. Bu ugurda beýleki döwletler bilen deňeşdireniňde has ýokary derejelere ýetmegi başaran ýurt ABŞ hasaplanylýar. ABŞ daşary ykdysady syýasatynyň we dünýäniň abraýly halkara guramalarynyň çäreleri arkaly (mysal üçin, Bütindünýä söwda guramasy) köp ýurtlaryň daşary söwda syýasatlarynyň liberallaşmagynda netijeli işleri alyp bardy we bu işler häzir hem dowam etdirilýär.

Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly daşary söwdanyň sazlaşdyrylmagynda we ösüşinde «garşylykly deňeçer baglylyk» düşünjesi ýüze çykýar. Belli bolşy ýaly döwletiň milli ykdysadyýetiniň ösüşiniň pesligi daşary söwdany sazlaşdyrmak boýunça ulanylýan gurallaryň sanynyň artmagyna getirýär. Mälim bolşy ýaly şeýle ýurtlarda ulanylýan bu gurallar özüniň ýowuzlygy bilen tapawutlanýar we dünýä söwdasyny ösdürmekde kynçylyk döredýär. Pes ykdysadyýetli döwletleriň köpüsi ykdysady ösüşi ýokarlananda we halkara bäsleşik ukyby artanda daşary söwda işini liberallaşdyrmaga ýykgyn edip başlaýarlar.

## 13.2. Daşary söwdany sazlaşdyrmagyň tarif we tarif däl usullary

Halkara alyş-çalşygyna ykdysady işiň täze-täze görnüşleriniň goşulmagy bilen döwletleriň daşary söwdany sazlaşdyrmakdaky çäreleri hemişe ösýär. Bu çäreleriň ulanylmagy, olaryň sanynyň artmagy milli ykdysadyýeti daşary bäsleşiklerden goramak, milli öndürijileriň dünýä bazaryndaky ornuny pugtalandyrmak maksady bilen baglanyşyklydyr.

Döwletiň daşary söwdany sazlaşdyrmakdaky gurallary (usullary) tarif we tarif däl toparlara bölünýär. Tarif we tarif däl toparlara bölmek ilkinji gezek 1960-njy ýylyň ahyrynda «Söwda we tarifler boýunça Baş ylalaşyk» (GAAT) Sekretariaty tarapyndan hödürlenildi. Bu ylalaşykda tarif däl çäklendirmeleriň ählisi «tariflerden başga hereketleriň islendigi halkara söwdanyň erkin akymyna päsgelçilik döredýär» diýip kesgitlenildi.

Häzirki wagta çenli döwletiň daşary söwdany sazlaşdyrmakdaky tarif däl gurallarynyň ýeke-täk (köpugurly) topary işlenilip düzülmedi we ylalaşylmady. Bütindünýä söwda guramasynyň, Halkara söwda palatasynyň, BMG-niň ösüş we söwda boýunça Konferensiýasynyň (united Nations Conference on Trade and

Dewelopment, UNCTAD), ABŞ-nyň Tarif komissiýasynyň hünärmenleri, alymlar bu meseläni öwrenýärler.

Häzirki wagtda döwletiň tarif sazlaşdyrmasyndan başga-da UNCTAD daşary söwdany sazlaşdyrmagyň tarif däl usullaryny aşakdaky toparlara bölýär:

1) paratarif usuly;

2) bahalara gözegçilik etmek çäreleri;

3) maliýe çäreleri;

4) mukdar gözegçilik çäresi;

5) awtomatiki ygtyýarlandyrmak çäresi;

6) monopoliýa çäresi;

7) tehniki çäreler.

Tarif usullary import harytlara kähalatlarda eksport harytlara salynýan (gümrük haky) paç bolup, bu çäre giňden ýaýran we häli-şindi ulanylýan usuldyr. Tarif usullarynda import gümrük tariflerine ähmiýetli orun degişlidir. Import gümrük tarifleri getirilýän harytlara salynýan gümrük paçlarynyň ulgamlaşdyrylan sanawy (nomenklaturasy) bolup, onda gümrük gymmatynyň, gümrük pajynyň usullaryndan, paçlara üýtgemeleri ýa-da ýatyrmalary girizmegiň mehanizminden, harydyň gelip çykyş ýurduny kesgitlemek düzgüninden ybaratdyr.

Import gümrük tarifleriniň esasy düzümi bolup aşakdakylar çykyş edýär:

- getirilýän harytlaryň ulgamlaşdyrylan sanawy (nomenklaturasy);
- getirilýän harytlara salynýan paçlaryň bahasyny kesgitlemegiň usullary;
- paçlara üýtgemeleri we ýatyrmagy girizmegiň mehanizmi;
- harydyň gelip çykýan ýurduny kesgitlemegiň düzgüni;
- gümrük ulgamynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň çäkleri.

Import gümrük tarifleri dürli ýurtlaryň kabul eden kanunçylyk aktlaryna we gümrük kodekslerine esaslanýar. Import gümrük tarifleri içerki salgyt ulgamy bilen bir hatarda döwletiň ykdysady durmuşyny we klimatyny sazlaýar.

Import gümrük tarifleriniň işjeň bölegi bolup daşary ýurtdan getirilýän harytlar gümrük serhedinden geçende oňa salynýan salgytlaryň derejesi çykyş edýär.

Gümrük paçlary harydyň hereketiniň ugruna laýyklykda import, eksport, tranzit ýaly görnüşlere bölünýär. Gümrük paçlaryny kesgitlemegiň usullaryna laýyklyklykda, ol degişlilikde aşakdakylara bölünýär:

- adwalor paçlary;
- ýörite paçlar;
- garyşyk paçlar.

Halkara söwdasynda adwalor paçlary has giňden ulanylyp, ol serhetden geçýän harydyň gymmatynyň belli bir göterimi derejesinde bellenilýär. Bu usulda import harydyň gymmatyny kesgitlemek möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki wagtda köp döwletlerde bu usul «Söwda we tarifler boýunça Baş ylalaşygyň» (GATT) «harytlaryň gümrük maksatly bahasyny kesgitlemegiň Ylalaşygy» esasynda sazlanylýar. Düzgün bolşy ýaly import gümrük paçlary harydyň gaýtadan işleniliş derejesine laýyklykda ýokarlanýar.

Import gümrük paçlary ulgamynda harydyň gelip çykyş ýurduny kesgitlemek düzgüni wajyp ähmiýete eýedir. Bu mesele dürli ýurtlarda dürli görnüşlerde alnyp barylýar. Bu meselede, esasan, harydy çykarýan ýurduň eksport harytlaryna salýan pajynyň derejesi öwrenilýär. Ösen ýurtlarda eksporty höweslendirmek maksady bilen köplenç, çykarylýan harytlardan paç alynmaýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly daşary söwdany sazlaşdyrmakda döwlet köpsanly tarif däl usullary ulanýar. Bu usullar daşary söwdany sazlaşdyrmak boýunça ykdysady (gümrük tariflerinden başga), administratiw, tehniki çäreleriň jeminden ybaratdyr. Ykdysady çäreler özüne gümrük gymmatyna gözegçiligi, pul gözegçiligi, maliýe çäreleri (subsidiýalar, sanksiýalar bilen baglanyşykly), şeýle hem gorag çärelerinden, ýagny paçlaryň aýratyn görnüşlerinden (antidemping, öwez tölegi, ýörite) we goşmaça gümrük salgydyny salmalary (aksizler, GGSS – goşulan gymmata salynýan salgyt, beýleki salgytlar) birleşdirýär. Administratiw çäreler özüne açyk we ýapyk görnüşde gadagan etmeleri (embargo), ygtyýarnamalaşdyrmakdan (awtomatiki we awtomatiki däl), kwota goýmakdan we eksporta gözegçilik etmekden ybaratdyr.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly UNCTAD döwletiň daşary söwdany tarif däl sazlaşdyrma işlerini ýedi sany görnüşe bölýär. Olara paratarif usuly, bahalara gözegçilik etmek çäresi, maliýe çäreleri, mukdar gözegçilik çäresi, awtomatiki ygtyýarlandyrmak çäresi, monopoliýa çäresi, tehniki çäreler degişlidir.

*Paratarif usullary* getirilýän harytlardan alynýan dürli töleglerden (gümrük pajyndan başga) ybaratdyr. Olara gümrük ýygymlary, ýörite maksatly ýygymlar, içerki salgytlar degişlidir. GGSS (goşulan gymmata salynýan salgyt), aksizler paratarif usulynyň häli-şindi ulanylýan görnüşidir.

GGSS (goşulan gymmata salynýan salgyt) (value added tax–VAT), aksizler (exsize tax, internal revenue tax) we beýleki paratarif tölegler döwletiň daşary söwdany sazlaşdyrmak işinde tarif däl çäreleriň hasabyna goşulýar. Bu çäreler ýerli öndürijini daşary ýurtly bäsdeşden goramaga we milli harytlaryň bäsleşik ukybyny ýokarlandyrmaklyga gönükdirilendir. Bu tölegler arkaly import harytlaryň bahalaryna täsir edilýär we ýerli harytlar daşary bäsdeşden goralýar.

Käbir döwletlerde paratarif tölegleriniň aýratyn görnüşleri hereket edýär. Olara, eksporty ösdürmek gaznasynyň ýygymlary (Awstriýa), daşky gurşawy goramak ýygymlary (Daniýa), plastik konteýnerlerde getirilýän harytlardan alynýan

ýygymlar (ekologiýa maksatlary boýunça Italiýada alynýar), ösümlik dünýäsini goramak üçin salgytlar (Şwesiýa), zir-zibillere garşy göreş ýygymlary (Finlýandiýa) degişlidir.

Paratarif usullary düzgün boýunça edil gümrük paçlary ýaly daşary söwdany sazlaşdyrmak bilen baglanyşykly däldir. Ýöne olaryň daşary söwdany sazlaşdyrmakdaky ähmiýeti örän ýokarydyr.

*Bahalara gözegçilik etmek çäreleri* – harytlaryň bahasynyň ýörite maksat bilen pese düşürilmegine (antidemping), döwletleriň eksporty subsidirlemek, eksportyň öwez tölegini tölemek (kompensasiýa) işleri netijesinde harytlaryň halkara bäsleşik ukybynyň emeli ýol bilen ýokary göterilmegine garşy işleri öz içine alýar.

Antidemping paçlar goşmaça paçlardan ybarat bolup, import edilýän harytlaryň bahalary birmeňzeş ýerli harytlaryň bahasyndan pes bolan ýagdaýynda milli öndürijiniň zyýana galmazlygy üçin ulanylýar. Halkara tejribesinde häzirki wagta çenli dempingiň umumy kabul edilen kesgitlemesi ýokdur. Demping işleri eksportýor döwlet tarapyndan öz-özünden ýa-da düşündirilmedik karar esasynda alnyp barylýar. Bu iş ykdysady ösüşiň dürli döwürlerinde bolup, onuň maksady daşary ýurtly öndürijini tozdurmakdan we bazary eýelemekden ybaratdyr.

Bütindünýä söwda guramasynyň çäklerinde kabul edilen Antidemping kodekse (GATT-iň VI maddasyny ulanmak barada Ylalaşyk –1994-nji ýyl) laýyklykda dempingi kesgitlemegiň usulyýetleri anyklaşdyrylyp, antidemping paçlary ulanmak ýuridki taýdan esaslandyrylýar. Antidemping paçlaryň derejesi her döwlet boýunça özbaşdak kesgitlenilip, onuň möçberi adaty bahalar bilen demping bahalaryň tapawudyna gabat gelmelidir. Antidemping paçlaryň maksady antidemping amallary puja çykarmakdan ybaratdyr. Antidemping paçlary öz-özünden girizilmeýär. Ol diňe getirilýän harytlaryň demping edilýändigi we onuň ýerli öndürijä howp salýandygy ýa-da howp salyp biljekdigi ýüze çykarylan halatynda ulanylýar.

Halkara tejribesinde ýurtlaryň arasynda demping işleriň örän köpsanlysy hasaba alyndy. Emma, olaryň köpüsi barlaglaryň barşynda tassyklanylmady. Döwletleriň arasynda demping barlaglar ýa-da demping aýyplamalar eksport-import amallaryna, olaryň maliýe netijelerine zyýan ýetirýär. Döwletleriň biri-birine bolan ynamyna şübhe döredýär. Demping işleri subut edilen ýagdaýynda import döwlete ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak maksady bilen antidemping paçlary girizýär.

Antidemping çärelere seljerme bermek maksady bilen 1995-nji ýylda geçirilen ýörite işleriň netijesinde onuň proteksionistik syýasatyň gizlin bir görnüşidigi ýüze çykaryldy. Demping diýlip hasaplanylan amallaryň köpüsiniň subut edilmezligi munuň aýdyň mysaly bolup durýar. Bu ýagdaý *«täze proteksionizm»* diýen düşünjäniň döremegine getirdi.

Käbir döwletleriň içerki önümçiligiň eksportyny goldamak boýunça alyp barýan işleri (mysal üçin, dotasiýalar, salgyt ýeňillikleri, gümrük ýeňillikleri) Bütindünýä söwda guramasynyň çäklerinde «subsidiýalar we öwez tölegi boýunça paçlar Ylalaşygynda» öz beýanyny tapdy. Ol ylalaşykda subsidiýalary we öwezini dolma paçlary ulanmagyň düzgüni girizildi. Oňa garamazdan antidemping çäreler we öwezini dolma paçlary «gizlin proteksionizmiň» bir guraly hökmünde häli-şindi ulanylýar.

Milli ykdysadyýetiň gowşak ýa-da bäsleşige ukypsyz pudaklaryny, hususan-da, agrar hojalygy goldamak maksady bilen üýtgeýän (скользящие) import ýygymlar (import edilen harytlaryň bahasyny ýerli harytlaryň bahasyna deňleşdirmek üçin) hem ulanylýar.

Maliýe çäreleri düzgün bolşy ýaly daşary söwda alyş-çalşygynda walýuta amallaryny kämilleşdirmek boýunça ulanylýan aýratyn düzgünler bilen baglanyşyklydyr.

Mukdar gözegçilik çäreleri (kwota goýmak) döwletleriň arasynda getirilýän we çykarylýan anyk harytlara mukdar taýdan çäklendirmeleri girizmek bilen baglanyşyklydyr. Bu çäreler häzirki wagtda dünýäniň ähli döwletleri tarapyndan ulanylýar. GATT-iň 1994-nji ýylda kabul edilen düzgünnamasyna laýyklykda daşary söwda-da mukdar çäklendirmeleri ulanmak garşylykly ýagdaýa, daşary söwdany dünýä boýunça sazlamakda kynçylykly ýagdaýa getirýär diýip hasaplanylýar. Bu düzgünnama laýyklykda bir tarapdan Bütindünýä söwda guramasyna girýän ýurtlar mukdar çäklendirmeleri peýdalanmaly däl. Beýleki tarapdan GATT-iň düzgünleri boýunça döwletler daşary söwdanyň töleg balansyny deňeçer saklamak maksady bilen mukdar çäklendirmeleri peýdalanyp biler diýip görkezilýär. GATT-iň 1994-nji ýyldaky düzgünnamasynda «hukuklary kemsitmezlik» maddasyna laýyklykda birnäçe döwletlere çäklendirme girizip bilýär diýip görkezilen. Şeýle hem ol madda-da ol ýa-da beýleki bir harydyň eksportyny we importyny gadagan etmeklige hukuk berilýär. Mysal üçin, içerki bazarda anyk bir harydyň ýetmezçiligi ýüze çykanda döwlet ol harydyň eksportyny gadagan edýär.

*Awtomatiki ygtyýarlandyrmak.* Bu çäräniň maksady anyk bir harydy getirmek we çykarmak boýunça degişli resminamanyň (ygtyýarnamanyň) talap edilýändigi bilen baglanyşyklydyr. Ygtyýarlandyrmanyň girizilmegi anyk bir harydyň söwdasyna gözegçiligiň (monitoring) ýola goýulmagyna getirýär. Umuman, ygtyýarnamalaşdyrmak gözegçiligi çäklendirme çäresi hökmünde çykyş etmeýär, ýöne ol zerur bolan ýagdaýynda çäklendirme girizmek işlerini ýeňilleşdirýär. Awtomatiki çäklendirmek häzirki wagtda dünýä döwletlerinde giňden ýaýrandyr. Şonuň üçin bütindünýä söwda guramasynyň çäklerinde «importy ygtyýarlandyrma proseduralary barada Ylalaşyk (ilkibaşda importy ygtyýarnamalaşdyrma boýunça Kodeks diýip atlandyryldy)» hereket edýär.

Bu ylalaşyk import ygtyýarnamalary ýeňilleşdirmeklige we bütewüleşdirmeklige gönükdirilendir. Onda awtomatiki ygtyýarnamalaşdyrmak (degişli ygtyýarnamany awtomatiki ýagdaýda bermek) mümkinçiligine hem seredilýär.

*Monopoliýa çäreleri.* Döwletler ýa-da iri kompaniýalar belli bir harytlara içerki we daşarky bazarlarda monopol agalygy ýola goýýarlar. Monopol bahalar bäsleşik esasynda hereket edýän bahalardan ýokary bolýar. Şonuň üçin monopol bahalardan gaça durulýar. Emma, iş ýüzünde ýaly käbir döwletleriň belli-belli harytlar boýunça döwlet monopoliýasy goldanylýar. Ol harytlara temmäki, alkogol, saglyk, farmasewtika, bugdaý, azyk önümleri degişlidir.

Käbir halatlarda monopoliýanyň şeýle görnüşi gizlin alnyp barylýar. Bu ýagdaý şol önümler döwlet kärhanalary tarapyndan öndürilende şeýle häsiýetli bolýar. Käbir ýagdaýlarda eksport we import amallary meýletin esasda merkezleşdirilýär. Mysal üçin, bu merkezleşme eksport we import amallary döwlet ätiýäçlandyryş guramasynyň üsti bilen ätiýaçlandyrylýar ýa-da milli ulag kompaniýalarynyň üsti bilen ýükler daşalýar.

Tarif däl çäreleriň bu görnüşi GATT-iň 1994-nji ýyldaky düzgünnamasynda aýratyn maddada getirilýär. Onda bu kärhanalaryň işi täjirçilik häsiýetli bolmasa, harydyň hili we bahasy bellenen standarta gabat gelmese, hukuklary äsgermeýän bolsa olaryň hereketiniň ýatyrylmagy talap edilýär. Şol bir wagtyň özünde döwletiň beýleki bir söwda kompaniýasyna şeýle kärhanalaryň önümlerini halkara täjirçilik işi esasynda beýleki ýurtlaryň kompaniýalary bilen geleşikleri baglaşmaga ygtyýar berilýär. Şonuň üçin Bütindünýä söwda guramasyna girýän döwletleriň käbirinde daşary söwdany erkinleşdirmek işi döwlet söwda kompaniýalarynyň üsti arkaly amala aşyrylýar. UNCTAD-yň import düzgüni boýunça maglumatnamasynyň maglumatlaryna laýyklykda Awstriýada temmäkiniň, alkogolyň, duzuň, Finlýandiýada alkogolyň, bugdaýyň, Islandiýada alkogolyň, elektrik enjamlarynyň, kommunikasiýa serişdeleriniň, temmäkiniň, ter önümleriň, Ýaponiýada alkogolyň, bugdaýyň, ösümlik ýagynyň, süýt külkesiniň, duzuň, ýüňüň, Meksikada süýt külkesiniň, Täze Zelandiýada gök önümleriň, Norwegiýada alkogolyň, bugdaýyň, farmasewtikanyň, Şwesiýada alkogolyň, Türkiýede alkogolyň, Fransiýada otluçöpüň, Gresiýada otluçöpüň, Şweýsariýada ösümlik ýagynyň we alkogolyň daşary söwdasy gös-göni döwlet söwda kompaniýalary tarapyndan alnyp barylýar.

*Tehniki päsgelçilikler* import edilýän harytlaryň howpsuzlygynyň milli standartlaryna we hiliň gabat gelmeýändigine gözegçilik etmek bilen baglanyşyklydyr. Ol harytlar aýry-aýry kategoriýalar (baha beriş ölçegleri) boýunça gümrük serhedinden geçirilýär.

Bütindünýä söwda guramasynyň çäklerinde «söwdada tehniki päsgelçilikler barada Ylalaşyk (Agreement on Technical Barriers to Trade, TBT)» hereket edýär. Bu ylalaşyk ähli döwletleri hökmany tehniki standartlaryň düzgünini (oňa harydy gaplamasy we markalamak boýunça talaplar hem goşulýar) kabul etmeklige ça-

gyrýar. Bu standartlary bellemegiň we peýdalanmagyň esasy maksady harytlaryň hiliniň, önümçilikleriň adama we daşky gurşawa zyýansyzlygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Şonuň üçin bu ylalaşyk döwletleriň ählisini tebigat, adam we önümçilik boýunça milli standartlaryň düzgünlerini kesgitlemeklige çagyrýar. Milli standartlar, olaryň kanunçylyk binýady biri-birinden tapawutlydyr. Kabul edilen ylalaşyk bu standartlaryň ýörelgeleriniň, mazmunynyň umumy bolmagy ugrunda hem işleri alyp barýar. Onuň üçin ýörite ýörelgeler işlenilip düzülendir.

Bu ýerde ylalaşyga laýyklykda döwletleriň şol bir görnüşli harytlary haýsy usul bilen öndürilýändigi möhüm ähmiýete eýedir. Sebäbi harydyň öndürilişiniň usuly harydyň hiline täsir edýär. Mysal üçin, haýsydyr bir döwlet polat listleriniň import edilmegini gadagan edýär. Beýleki tarapdan bolsa ol önüm içerki islegini kanagatlandyryp bilmeýär. Şeýle hem ýurduň ekologiýa talaplarynda harydyň hili barada gürrüň edilmeýän bolsa bu ylalaşygy ulanyp bolmaýar.

Bu ylalaşyga laýyklykda döwletler halkara standartlaryna esaslanýan milli normalary ulanmakçy bolsa bu barada BSG-niň Sekretariatyna habar bermelidir. Şeýle-de ol ylalaşykda «ynsaply tejribe Kodeksinde» milli standartlary ulanmak barada mümkinçilik berilýär. Bu kodeks düzgünnamanyň başynda getirilýär.

### ÖZ-ÖZÜŇI BARLAMAK BOÝUNÇA SORAG WE ÝUMUŞLAR

1. Daşary syýasat düşünjesine kesgitleme beriň.
2. Daşary söwda syýasatynyň häzirki zaman strategiýasy nämeden ybarat?
3. Proteksionizm we liberalizm garaýyşlara düşünje beriň we olaryň häzirki zaman söwda syýasatyndaky ornuny häsiýetlendiriň.
4. UNCTAD-niň klassifikasiýasy boýunça daşary söwdany sazlaşdyrmagyň tarif däl çärelerini atlandyryň.
5. Import gümrük tarifleriniň mazmunyny we düzümini häsiýetlendiriň.
6. Adwalor, ýörite we garyşyk paçlaryň tapawudyny düşündiriň.
7. Daşary söwdany sazlaşdyrmakda ulanylýan paratarif çäreleri düşündiriň.
8. Antidemping syýasatyň we antidemping paçlaryň häzirki zaman söwda syýasatyndaky ornuny häsiýetlendiriň.
9. Daşary söwdada monopoliýa çäreleriniň gizlin görnüşlerini häsiýetlendiriň.

# XIV bap DÜNÝÄ SÖWDASYNYŇ HALKARA SAZLAŞDYRYLMASY. BÜTINDÜNÝÄ SÖWDA GURAMASY

## 14.1. Dünýä söwdasynyň halkara sazlaşdyrylmasy

Döwlet sazlaşdyrmasyndan başga-da dünýä söwdasyny halkara derejesinde sazlaşdyrmak işiniň dürli görnüşleri we usullary barha giňäp başlady. Bu iş aýratyn-da XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap XXI asyrda barha giň gerime eýe boldy. Bu ýagdaý dürli ykdysady guramalara, integrasiýalara, bileleşiklere birleşmek arkaly amala aşyrylyp, dünýä söwdasyny tutuşlygyna diýen ýaly gurşap aldy.

Iri sebitleýin ykdysady we söwda toparlaryna Ýewropa Bileleşigini, Demirgazyk-amerikan erkin söwda ylalaşygyny, Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyny we beýlekileri mysal görkezmek bolar. Umuman, tutuş dünýä boýunça 150-ä golaý söwda, ykdysady integrasiýalar, toparlar, bileleşikler hereket edýär. Dünýä söwdasynyň erkinleşmek meýliniň dowam edýändigine garamazdan aýry-aýry döwletlerde we integrasiýalarda proteksionizm syýasatynyň görnüşleri hereket edýär. Integrasiýalar we söwda toparlary bir tarapdan özara ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň arasynda söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmak bilen halkara söwdanyň ösmegine itergi berýärler. Beýleki tarapdan, topara gatnaşmaýan ýurtlar üçin kesgitli päsgelçilikleri döredýärler. Bu gapma-garşylykly ýagdaý ozalky hereket edýän ulgamyň aradan aýrylmagyny we halkara söwdany dünýä derejesinde sazlaşdyrar ýaly täze bir düzgüniň girizilmegini talap edýär.

Dünýä döwletleriniň hemmesi milli, toparlaýyn, garyşyk bähbitlerinden boýun gaçyryp, ykdysady durmuşyň halkaralaşmak prosesine barha işjeň çekilip başladylar. Dünýä ykdysadyýetiniň kuwwatlanmagy barha güýçlenip başlady. Milli ykdysadyýetleriň käbir halatlarda dürli bähbitlerinden boýun gaçyrmagy we täze bähbitlere eýe bolmagyny gazanmak üçin halkara söwda ylalaşygyny köptaraplaýyn sazlaşdyrmak meselesini ýüze çykarýar. Bu ýagdaý aşakdaky meseleleriň çözülmegine getirýär:

• döwletleriň daşary söwda syýasatyndaky gapma-garşylyklary gowşatmak;

• aýry-aýry döwletleriň, ykdysady toparlaryň arasynda ylalaşygy ýola goýmak we halkara söwdasynyň kesgitli bir görnüşde alnyp barylmagyny gazanmak.

Häzirki wagtda köpsanly halkara guramalaryň, assosiasiýalaryň, özara ylalaşyklaryň, geňeşleriň bolmaklygy halkara söwdany dünýä möçberinde sazlaşdyrmakda uly kynçylyklary döredýär. Olara mysal hökmünde çig maly eksport we import edýän ýurtlaryň kakao boýunça (International Cocoa Organisation), kofe boýunca (International Coffee Organisation–ICO), tebigy kauçuk boýunça (Inter-

national Natural Rubber Organisation−INRO), şeker boýunça (International Sugar Organisation−ISO), nebit boýunça (nebti eksport edýän döwletleriň guramasy Organisation of the Petroleum Exporting Countries−OPEC) ylalaşyklaryny görkezmek bolar. Olardan başga-da döwletara assosiasiýalar ýa-da halkara geňeşler, şeýle hem mis, boksitler, demir magdany, simap, wolfram, olowa, kümüş, fosfatlar, tropiki agaçlar, deri, bugdaý, kokos önümleri, jüt, pagta, gara burç, çaý, banan, arahis, sitrus, et boýunça ekspertleriň halkara maslahat beriş guramalary hereket edýär.

BMG-niň çäklerinde dünýä söwdasyny sazlaşdyrmak üçin BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (United Nations Conferebce on Trade and Development−UNCTAD) we halkara söwdasynyň hukuklary boýunça BMG-niň Komissiýasy (United Nations Commission on International Trade Law−UNCITRAL), olar bilen bir wagtyň özünde Bütindünýä söwda guramasy (BSG), şeýle hem Halkara söwda merkezi (International Trade Center −UNCTAD ) hereket edýär. Olaryň içinde ähmiýetli orny BSG eýeleýär.

UNCTAD BMG-niň hemişelik guramasy hökmünde 1964-nji ýylda döredildi. Oňa BMG-niň ähli agzalary gatnaşýar. UNCTAD-niň esasy maksatlaryna aşakdakylar degişlidir:

• ykdysady ösüşi ýokarlandyrmak ( ylaýta-da ösüp gelýän ýurtlarda) üçin halkara söwdasynyň ösüşine ýardam bermek;

• halkara söwdasy bilen baglanyşykly maýa goýumlar, tehnologiýalar babatynda syýasaty we ýörelgeleri bellemek;

• BMG-niň ulgamynda hereket edýän beýleki guramalaryň halkara söwdasynda ýuze çykýan meseleleriň gatnaşmagyny, olaryň bu meselelere hemaýat etmeklerini gazanmak;

• söwdada köptaraply hukuk aktlarynyň gazanylmagy üçin zerur bolan gepleşikleri we çäreleri geçirmek;

• hökümetler we sebitleýin ykdysady toparlar bilen halkara söwdasyny bilelikde ösdürmek boýunça ylalaşyklary gazanmak.

UNCTAD-niň işiniň esasy ugruna aşakdakylar degişlidir:

• döwletleriň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklary we dünýä söwdasynyň ösmegi üçin ileri tutulýan ugurlary, ýörelgeleri işläp düzmek;

• çig mallaryň, söwda syýasatynyň, ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça çäreleri işläp düzmek;

• dünýä söwdasynyň ösmegi üçin, ekspertleriň, hökümet wekilleriniň, hökümetleriň we sebitleýin ykdysady toparlaryň arasynda dürli maslahatlary (konferensiýalary) geçirmek;

• işewür tejribedäki çäklendirmeleri sazlaşdyrmak.

UNCTAD-niň işiniň wajyp ugry köpsanly meselelere seljerme işlerini geçirmekden ybaratdyr. UNCTAD-niň 1996-njy ýylda geçirilen IX sessiýasynda bu işiň dört sany wajyp ugry kesgitlenildi we olar häzir hem ähmiýetini ýitirmeýär. Olara

ösüş we kuwwatlanma; maýa goýum, kärhalaryň we tehnologiýalaryň ösüşi; harytlaryň we hyzmatlaryň halkara söwdasy; hyzmat ulgamynda infrastrukturany ösdürmek.

UNCTAD pes derejede ösen dölwetler barada Doklad (Least Developed Countries Reports); UNCTAD-niň býulleteni (UNCTAD Bulletin); «Transmilli korporasiýalar» (Transnational Corporations), «Ylym we tehnologiýa şu günde» (Science and Technology Update), öňdebaryjy tehnologiýalary bahalandyrmak ulgamy boýunça Býulleten (Advanced Technology Assessment System Bulletin), deňiz ulagyna Syn (Reviev of Maritime Transport), çig mal harytlarynyň bahalary boýunça her aýlyk býulleten (Monthly Commodity Price Bulletin), UNCTAD-Rewýu (UNCTAD-Reviev) neşir edýär.

UNCTAD, şeýle hem halkara söwdasynyň ösmegi üçin ýurtlaryň hökümetleriniň arasynda dürli forumlary geçirýär.

## 14.2. Bütindünýä söwda guramasy we onuň halkara söwdasyny sazlaşdyrmakdaky ähmiýeti

Dünýä söwdasynyň 95%-den gowragyny özünde jemleýän, halkara söwdasyny ösdürmek boýunça dürli meseleler bilen esasy iş salyşýan halkara guramasy bolup BSG çykyş edýär. BSG-niň gözbaşynda söwda we tarifler boýunça Baş ylalaşyk (General Agreement on Tarifs and Trade GATT) diýip atlandyrylýan gurama durýar. Bu guramany döretmek barada 1947-nji ýylda Ženewa şäherinde gol çekilipdi. GATT agza döwletleriň halkara söwdany özara sazlamaklary boýunça köptaraply ylalaşyklary, ýörelgeleri, normalary, düzgünleri özünde jemleýär. Bu guramanyň halkara söwdany sazlamak boýunça diňe öz girizen düzgünlerinden başga-da döwletleriň tejribesini we milli sazlaşdyrmakda ulanylýan çäreleri hem öz içine alýanlygyny bellemek wajypdyr. Bu ýagdaý bolsa öz gezeginde dürli meseleleriň döremegine getirýärdi.

GATT we onuň mirasdüşeri bolup durýan BSG bu guramany giňeltdiler we onuň işini has kämilleşdirdiler. GATT ilki döredileninde onuň düzüminde 22 agza bar bolsa, 2013-nji ýylda onuň sany 159 döwlete ýetdi. Ozalky SSSR-iň düzümine giren respublikalaryň 10-sy (Ermenistan, Gruziýa, Gyrgyzystan, Latwiýa, Litwa, Estoniýa, Russiýa, Ukraina, Täjigistan) onuň agzasydyr. Hormatly Prezidentimiz 2013-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda Türkmenistanyň BSG agza bolmaklygyny öwrenmek we oňa milli ykdysadyýetimiz üçin amatly ýagdaýda girmegini gazanmak üçin ýörite topar döretmek barada Karar kabul etdi.

BSG-niň agzalarynyň sanynyň artmagy bilen oňa gatnaşýan döwletleriň arasynda söwda gatnaşyklarynyň möçberi hem ýokarlanýar. Eger 1948-nji ýylda GATT-niň agzalary dünýä eksportynyň 60,4%-ini amala aşyran bolsalar, häzirki

wagtda agza döwletler tarapyndan dünýä söwdasynyň 95%-den gowragy alnyp barylýar.

Halkara söwdasyny ösdürmek, GATT-ni kämilleşdirmek boýunça jemi 8 konferensiýa geçirildi. 1986–1994-nji ýyllar aralygynda Urugwaý konferensiýasynda GATT-niň esasynda BSG-ni döretmek barada karar kabul edildi.Täze ylalaşyklaryň kabul edilmegi netijesinde häzirki BSG emele geldi. Ol ylalaşyklara hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk (The General Agreement on Trade in Serwices – GAATS), intellektual eýeçiligiň söwdasynyň hukuk jähtleri boýunça Ylalaşyk, (The Agreement on Trade Related Aspects of Intellectual Property Rights – TRIPS), maýa goýum işleriniň söwda jähtleri barada Ylalaşyk (The Agreement on Trade Related Investment Measures –TRIMS) degişlidir.

Bu ylalaşyklardan söwdada tehniki päsgelçilikleri aradan aýyrmak baradaky Ylalaşyklar wajyp orny eýeleýär. Olara VI bölümi ulanmak boýunça Ylalaşyk (Antidemping kodeksi), VII bölümi ulanmak boýunça Ylalaşyk (harytlaryň gümrük gymmatynyň bahasy), jedelleri sazlaşdyrmak we düzgünleşdirmek boýunça Ylalaşyk we başga-da köpsanly ylalaşyklar goşuldy. 2007-nji ýylda täze goşulan hukuk resminamalarynyň jemi sany 56-a deň boldy. Bu ylalaşyklar ýurtlaryň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlygy täze derejelere çykarmaga mümkinçilik berýär. Şeýle ýagdaýda BSG GATT-den ylalaşyklaryň köpsanly ulgamlaşdyrylan toplumy bilen tapawutlanýar.

BSG-niň işiniň esasy ýörelgeleri bolup aşakdakylar çykyş edýär:

1. Has amatly düzgünleri döretmek.

2. Daşary söwdany sazlaşdyrmakda ulanylýan serişdeleriň hukuklylyk ýörelgesi (ýerli öndürijini daşary ýurtly bäsdeşden goramak üçin diňe bellenilen gümrük tarifleriniň girizilmegi. Oňa harydyň çäklendirmesi goşulmaýar).

3. Gümrük paçlaryny peseltmek we olaryň ýokary galmagynyň öňüni almak.

4. Agza döwletleriň arasyndaky söwdany sazlaşdyrmak boýunça maslahatlary bermek (döwletleriň arasyndaky ýüze çykýan jedelli ýagdaýlar diňe gepleşikler ýoly arkaly çözülmelidir).

5. Halkara söwdasynyň adalatly bäsleşik esasynda ösmegi.

6. Ösüp gelýän ýurtlara halkara söwdada ýeňillikleriň berilmegi.

7. Sebitleýin söwda ylalaşyklarynyň baglaşylmagy.

8. Dokma we geýimleriň halkara söwdasyny sazlaşdyrmak üçin aýratyn düzgünleriň bellenilmegi.

Bu düzgünler GATT-niň ýörelgelerinde bellige alnypdy we olaryň üstüne milli düzgünler hem goşulypdy.

GATT-niň esasynda agza döwletleriň arasynda erkin söwda we deňlik pikiri durmuşa geçirildi. Has amatly düzgün (Most Favoured Nation Treatment) ýörelgesi doly durmuşa ornaşdyryldy. Ýörelgäniň maksady agza döwletleriň daşary söwda



10. Sargyt № 832

deňligini we hukuklarynyň kemsidilmezligini ýola goýmakdan ybaratdyr. Bu ýörelgäniň esasynda agza döwletleriň arasyndaky gümrük paçlary üçünji ýurda garanyňda ýokary bolmaly däldir.

Has amatly düzgüniň düzgünnamasy eksport, import, üstaşyr, şeýle hem eksport-import amallarynyň halkara töleglerinde ulanylýar. Has amatly düzgün gümrük paçlarynda, dürli ýygymlarda we olar bilen baglanyşykly resmilikleriň düzgüninde peýdalanylýar. Şeýle hem has amatly düzgüniň düzgünnamasy agza döwletleriň içerki bazarlarynda harytlaryň aluw-satuwyny sazlaşdyrmak üçin salgytlarda, ýygymlarda, kanunlarda, hukuknamalarynda giňden ýaýrandyr.

GATT-niň has amatly düzgüni agza döwletlere ýörite ykdysady toparlary (integrasiýalary) döretmeklige ýol berýär. GATT-niň birinji neşirinde (1947-nji ýyl) döwletleriň koloniýalary bilen aýratyn ylalaşyklary baglaşmaga ygtyýar berýärdi. Koloniýaçylyk gurluşyň ýykylmagy bilen ýagdaý üýtgedi. Oňa laýyklykda ösüp gelýän ýurtlara senagat taýdan ösen ýurtlar bilen alyp barýan söwdasynda ýeňillikler bermek göz öňünde tutuldy, ýagny ösen döwletlerden satyn alynýan senagat harytlarynyň gümrük salgydy üýtgewsizligine galdyryldy.

GATT-niň ikinji hukuklylyk ýörelgesine hem düşündirişler berildi. Bu ýerde gürrüň daşary söwdany sazlaşdyrmakda döwletiň haýsy serişdeleri ulanmalydygy barada barýar. Bu ýörelgede daşary söwdany sazlaşdyrmakda diňe gümrük paçlaryny ulanmak bellenilýär. Daşary söwdany sazlamaklygyň beýleki görnüşlerini, usullaryny peýdalanmak bellenilmeýär (eger peýdalanylan halatynda hem wagtlaýyn häsiýete eýe bolup, onuň sebäbi düşündirilmelidir).

Mukdar çäklendirme, ýagny kwota goýmak, eksporty we importy ygtyýarnamalaşdyrmak barada GATT hiç hili maslahat bermeýär. Ýöne çäklendirmäniň möçberi kabul ederlikli bolanda bu ýagdaý göz öňünde tutulýar. Olara oba hojalyk önümçiligi, töleg balansynyň deňeçerliginiň bozulan ýagdaýy degişlidir.

Şeýle hem GATT döwletiň daşary söwdany sazlamakda önümçilige salgyt ýeňilliklerini bermek, eksporta salynýan gümrügi azaltmak ýaly çärelerine garşy çykýar. Bu çäreler agza döwletleriň hukuklary kemsidilýän ýagdaýynda ýol berilmeýär.

Ikinji ýörelgeden üçünji ýorelge gelip çykýar, ýagny gümrük salgydyny ýuwaş-ýuwaşdan azaltmak göz öňünde tutulýar. Eger 1940-njy ýylyň ahyrynda agza döwletleriň arasyndaky gümrük salgydynyň möçberi 40-60% bolan bolsa, 2006-njy ýylda bu görkeziji 3-5%-e barabar boldy.

Gümrük salgydyny agza döwletleriň arasynda pese düşürmek işi ilki iki ýurduň arasynda, soňra ylalaşyga gatnaşýanlaryň ählisiniň arasynda ýaýradyldy. GATT-niň işiniň soňky ýyllarynda (gümrük salgydynyň ymykly peseldilen we agzalaryň sanynyň artan wagty) gümrük salgydy agzalaryň arasynda ýörite düzülen sanaw esasynda ýola goýuldy. Bu sanaw döwletiň import edilen harytlardan gelýän girdejisiniň ýitgisini, eksportyndan gelýän girdejiniň hasabyna öwezini dolmak ýag-

daýynda göz öňünde tutuldy. Netijede, eglişik etmegiň deňeçerlik ýörelgesi emele geldi.

1970-nji ýyldan başlap agza döwletler tarif däl çäklendirmeleri çözmeklige başladylar. Onuň üçin ol ýa-da beýleki çäklendirmeleriň netijesinde ýurduň çeken zyýanynyň deňeçer gymmatynyň ýitgisiniň öwezini dolmaklygy gepleşikleriň barşynda çözmeklik bellenildi.

GATT-niň dördünji ýörelgesi gepleşiksiz ýa-da maslahatsyz birtaraplaýyn boýun gaçyrmagynyň öňüni almak bilen baglanyşyklydyr. Bu ýörelgä laýyklykda döwletler özara gepleşik bolmazdan erkin söwdany çäklendirmezlige borçlanýarlar.

GATT-niň çäklerinde jemi 8 konferensiýa geçirildi:

Şweýsariýanyň Ženewa şäheri, 1947-nji ýyl;

Fransiýanyň Annesi şäheri, 1949-njy ýyl;

Beýik Britaniýanyň Torki şäheri, 1950-nji ýyl;

Şweýsariýanyň Ženewa şäheri, 1956-njy ýyl;

Şweýsariýanyň Ženewa şäheri, 1960 – 1961-nji ýyllar;

Şweýsariýanyň Ženewa şäheri, 1964 – 1967-nji ýyllar;

Ýaponiýanyň Tokio şäheri, 1973 – 1979-njy ýyllar.

Urugwaýyň Punta del Este şäheri, soňra Şweýsariýanyň Ženewa şäheri, 1986 – 1994-nji ýyllar. (Oňa başgaça Urugwaý raunddy hem diýilýär).

Birinji bäş konferensiýada (1947, 1949, 1950, 1956, 1960–1961-nji ýyllar) gümrük paçlaryny peseltmek baradaky meselelere seredildi.

1964–1967-nji ýyllarda geçirilen konferensiýalaryň çäklerinde (Ženewa şäherinde, oňa başgaça Kennedi raundy hem diýilýär) gümrük salgydyny peseltmekden başga-da, ösüp gelýän ýurtlar üçin ýeňillikler we ilkinji gezek halkara antidemping kodeksi işlenilip düzüldi.

1973 – 1979-njy ýyllarda geçen Tokio konferensiýasynda adaty meselelerden başga-da, tarif däl sazlaşdyrma boýunça birnäçe ylalaşyklar baglaşyldy. Olara subsidiýalar we öwez tölegi (kompensasiýa) boýunça Kodeks; Antidemping kodeksiniň täze redaksiýasy; döwlet buýrmalary boýunça Kodeks we gümrük işlerini ýeňilleşdurmek boýunça Ylalaşyk; harytlary standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak meseleleri boýunça Ylalaşyk degişlidir.

1986–1994-nji ýyllarda geçirilen Urugwaý konferensiýasy möhüm ähmiýete eýe boldy. Onuň çäklerinde GATT-ni kämilleşdirmek boýunça düýpli kararlaryň birnäçesi kabul edildi:

BSG-ni döretmek boýunça ylalaşyga gol çekilmegi;

GATT-niň 1994-nji ýylda täze redaksiýasynyň kabul edilmegi bilen agza döwletler ylalaşyga laýyklykda bellenen grafige görä söwda päsgelçiliklerini aýyrmaga borçlandylar;

Hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk (GATC) işlenilip düzüldi we kabul edildi;

Intellektual eýeçiligiň söwdasynyň hukuk jähtleri boýunça Ylalaşyk (TRIPS) işlenilip düzüldi we kabul edildi;

GATT–1994-iň düzüm bölegi hökmünde maýa goýum işleriniň söwda jähtleri barada Ylalaşyk kabul edildi;

Fermerlere berilýän subsidiýalary (pul kömekleri) ýuwaş-ýuwaşdan azaltmak (ilkinji nobatda Ýewropa Bileleşigi ýurtlary) we azyk önümlerine salynýan gümrük paçlaryny peseltmek barada Ylalaşyga gol çekildi;

Kanuny we kanuny däl subsidiýalar düşünjesi girizildi. Oňa laýyklykda daşky gurşawy goramak we sebitleri ösdürmek boýunça goýberilýän subsidiýalar kanuny diýip hasap edildi;

Subsidiýalary kanuny diýip awtomatiki hasaplamak üçin täze görkeziji girizildi. Oňa laýyklykda subsidiýalar importyň 3%-ne ýa-da harytlaryň jeminiň 1%-ne deň bolanda kanuny diýip hasaplamak bellenildi.

BSG GATT-niň ähli düzgünnamalaryny saklamak bilen täze meseleleri çözmekligi hem üpjün edýär. GATT diňe harytlaryň erkin halkara söwdasyny üpjün etmek bilen baglanyşykly işleri alyp baran bolsa, BSG hyzmatlaryň intellektual eýeçiligiň, maýa goýumlaryň işini dünýä möçberinde sazlamak boýunça hem işleri alyp barýar. Şonuň üçin BSG-niň döredilmeginiň esasy maksady dünýä ykdysadyýetini ösdürmek üçin harytlaryň, hyzmatlaryň halkara erkin hereketini resmi taýdan üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

BSG-niň has amatly düzgün ýörelgesinden başga-da, milli düzgün ýörelgesi wajyp ähmiýete eýe bolup durýar. Milli düzgün daşyndan getirilýän harytlaryň, hyzmatlaryň getirilýän ýurdunda ulanylýan düzgünlere laýyklykda peýdalanylýar. Salgyt salmaklyk, harytlara gözegçilik etmek, daşamaklyk, ýerleşdirmeklik, sarp etmeklik boýunça BSG-niň agzalarynyň getirýän harytlary milli harytlara garanyňda kynçylykly ýagdaýa salýan ýörite düzgünleri peýdalanmaly däldirler. BSG-niň kararyna laýyklykda agza döwletler import harytlary üçin örän berk standartlary ýa-da milli harytlar üçin mejbury normalary (ýeňillikli salgytlar, subsidiýalar) ulanmaly däldirler.

Soňky ýyllarda BSG-niň çäklerinde agza ýurtlaryň ministrleriniň (adatça, agza döwletleriň söwda ministrleriniň) derejesinde konferensiýalar geçirilip başlandy. Ol duşuşyklar 1996-njy ýylda Singapurda, 1998-nji ýylda Ženewada, 1999-njy ýylda Sietlde geçirildi. Sietlde geçirilen duşusykda gepleşikleriň täze tapgyryna başlamak barada synanyşyk edildi. Ýöne ol bir tarapdan ABŞ-nyň, beýleki tarapdan ÝB-niň we ösüp gelýän ýurtlaryň ýiti gapma-garşylygy netijesinde şowsuz tamamlandy.

BSG-niň 2001-nji ýylda Doha şäherinde (Katar) geçirilen ministrleriň dördünji maslahatynda bu garşylygy ýumşatmak başartdy. Gapma-garşylygyň gowşamagy BSG-niň düzümine Hytaýyň we Taýwanyň kabul edilmegi bilen baglanyşyklydy. Dohada täze «Müňýyllygyň gepleşigi» ady bilen ministrleriň derejesinde täze gep-

leşigi işläp başlamagyň başlangyjy goýuldy. Täze gepleşigiň esaslary köptaraplaýyn söwda gepleşiklerini özünde jemleýän üç sany resminamada öz beýanyny tapdy. Olara ministrleriň Deklarasiýasy, gepleşigiň maksatnamasynyň mazmuny, intellektual eýeçiligiň söwdasynyň hukuk jähtleri we saglygy goraýyş bilen baglanyşykly Deklarasiýa degişlidir.

Gepleşikler agza döwletleriň arasynda açyk ýagdaýda alnyp barylýar. Şeýle hem döwletler bu işe gatnaşmak bilen öz göz öňünde tutýan niýetlerini we maksatlaryny açyk beýan edýärler. Gepleşikleriň netijesi boýunça diňe BSG agza döwletleriň arasynda deňhukuklylyk ýagdaýyna laýyklykda karar çykarylýar.

BSG-niň ministrler maslahaty dürli garşylykly ýagdaýlaryň ýüze çykýandygy bilen baglanyşyklydyr. 2003-nji ýylda Meksikanyň Kankun şäherinde geçen maslahat özüniň örän pes netijeli bolandygy bilen bellidir. Bu maslahatda ösüp gelýän ýurtlaryň, ösen ýurtlaryň, «Uly 20-lige» girýän döwletleriň arasyndaky ýiti garşylyklar zerarly öz maksadyna ýetip bilmedi. Bu garşylyk TMK-laryň ösüp gelýän ýurtlarda alyp barýan işleri we oba hojalygy bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, ABŞ, adatça dünýä söwdasyny erkinleşdirmek barada çykyş edýän-de bolsa, her ýylda pagta ekýän fermer hojalyklarynyň her birine 100 müň dollar subsidiýa goýberip, olaryň halkara bäsleşik ukybyny emeli ýol bilen ýokarlandyrýar. ÝB hem her ýylda grek we ispan pagtaçylary üçin 700 million ýewro barabar bolan subsidiýalary goýberýär. Şuňa meňzeş ýagdaýlar BSG-niň beýleki agzalarynyň arasynda häli-şindi ýüze çykýar.

BSG-niň 2007-nji ýylda Sýanganda (Gonkong) geçirilen maslahatynda aşakdaky üç karar kabul edildi:

2006-njy ýyldan soň pagtanyň eksport subsidiýasyny bes etmek;

2013-nji ýyldan başlap oba hojalyk önümlerini öndürijiler üçin eksport subsidiýalaryny bes etmek;

Ösen döwletlere bazarlarynyň 97%-ni pes ösen döwletler üçin açmaklyk.

Bu maslahata gatnaşanlaryň ählisini, aýratyn-da ösen ýurtlary gelnen hetije kanagatlandyrmady. Pes derejede ösen döwletler üçin içerki bazaryň 97%-niň açylmagy kabul ederliksiz ýagdaý diýip hasap edildi. Sebäbi pes derejede ösen döwletler näme öndürýän bolsa ählisini diýen ýaly ösen döwletlere eksport etmeklige mümkinçilik alýarlar. Onsuz hem ABŞ we ÝB subsidiýalaryň, import edilýän oba hojalyk harytlaryna salynýan gümrük tölegniň deň däldigi barada birek-birekden nägile bolýarlar.

Şeýle ýagdaýda häzirki wagtda BSG-niň agzalary köptaraplaýyn däl-de, sebitleýin esasda halkara söwdasyny ösdürmek boýunça täze ylalaşyklary baglaşmagyň ýollaryny gözleýärler.

Sebitleýin söwdany ösdürmek meýliniň ýokarlanmagyny onuň dünýä söwdasy üçin däl-de, bu topara gatnaşýan ýurtlaryň bähbidine gönükdirilenligi bilen

düşündirmek bolar. Şeýlelikde, *has amatly düzgün* ýörelgesi özüniň ornuny barha gowşadýar.

Sebitleýin söwdany ösdürmek jedelleri çözmek ulgamyny döretmezden mümkin däldir. Sebäbi sebit bilen dünýä ýurtlarynyň bähbidini gabat getirmek aňsat däldir. Şonuň üçin bu ulgam döredilmedik ýagdaýynda dünýä söwdasynyň ösmeginde bökdençlik döremegine getirip biler.

Eger ozal dünýä söwdasyny sazlamak işinde gepleşige esasy gatnaşyjylar bolup ABŞ, Kanada, Ýaponiýa, ÝB çykyş edýän bolsa XXI asyrda bu ýagdaý üýtgedi. Hytaýyň BSG kabul edilmegi bilen onuň bu guramanyň işine goşulyşmagy barha güýçlenip başlady. Bu ýagdaý Hytaýyň çalt ýokarlanýan ykdysadyýeti, eksporty we importy bilen baglanyşyklydyr.

BSG-niň işiniň aýratyn taraplarynyň bardygyny bellemeli. BSG gatnaşýan döwletiň ýokary bäsleşik ukyby bar bolsa, ol gurama gatnaşmaýan bäsleşik ukyby pes döwletiň bäsleşige ukyplylygyny has hem gowşadýar.

# XV bap HYZMATLARYŇ HALKARA SÖWDASY

## 15.1. Hyzmatlar häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde. Hyzmatlaryň klassifikasiýalary

Hyzmatlar (services) ilatyň giň islegini kanagatlandyrmagyň köp sanly görnüşini özünde jemleýär. UNCTAD we Dünýä banky tarapyndan işlenip düzülen «Hyzmatlaryň halkara üstaşyr işleriniň geçirilişini ýeňilleşdirme» atly býulleteninde hyzmatlara aşakdaky kesgitlemäni berýär: hyzmatlar institusional birlikleriň özara baglanyşykly hereketi netijesinde üýtgän, täze görnüşe gelen institusional birlikdir.

Bu berlen kesgitlemeden görnüşi ýaly ol adatdan daşary giň düşünjedir. Şonuň üçin oňa giň we dar manyda düşündiriş bermek zerurdyr. Giň manyda hyzmatlar adamyň alyp barýan täjirçilik işiniň köpugurly görnüşiniň toplumy bolup, ol toplumyň üsti arkaly adamlar bilen gatnaşyk saklaýar. Hyzmatlara dar manyda bir tarapyň beýleki bir tarapa hödürleýän anyk işleri, çäresi hökmünde düşünilýär.

Hyzmatlar ykdysadyýetiň «üçünji sektory» hasaplanyp, onuň paýyna dünýäniň jemi önüminiň 1/3 bölegi düşýär. Ol ABŞ-nyň we beýleki senagat taýdan ösen

ýurtlaryň jemi içerki önüminiň (JIÖ) agramly bölegini eýeleýär (JIÖ-niň, takmynan 70–80 %-i).

Hyzmatlar harytdan material aňlatmasy boýunça düýpli alamatlar boýunça tapawutlanýar:

1) mälim bolşy ýaly hyzmatlary görüp, duýup, göterip, süýşürip, dadyp we ş.m. bolmaýar. Bu aýratynlyklary üçin hyzmatlara köp halatda daşary söwdada göze görünmeýän «invisible» eksport we import hem diýilýär;

2) hyzmatlary öz çeşmesinden bölüp aýryp bolmaýar;

3) olaryň öndürilişi we sarp edilişi düzgün boýunça bölünmezdir;

4) hyzmatlaryň görnüşi, hili hemişe üýtgäp durýar we durnukly häsiýete eýe däldir.

Ylmy-tehniki ösüşiň hasabyna hyzmatlaryň sany, olaryň dünýä ykdysadyýetinde tutýan orny hemişe üýtgeýär. Bu üýtgemä halkara ykdysady gatnaşyklaryň barha ösmegi, dünýä döwletleriniň tölege ukyplylygynyň ösmegi hem täsir edýär. Hyzmatlar görnüşi boýunça birmeňzeş däldir. Şonuň üçin olary birnäçe klassifikasiýalara bölýärler.

BMG-niň Halkara standartlaşdyrylan senagat klassifikasiýasyna laýyklykda hyzmatlary aşakdaky klassifikasiýalara bölýärler:

– Jemagat hyzmatlary we gurluşyk;
– lomaý we bölek söwda, restoranlar we myhmanhanalar;
– daşamak, saklamak, aragatnaşyk, şeýle hem maliýe araçyllygy;
– goranmak we hökmany durmuş hyzmatlary;
– bilim, saglygy goraýyş we jemgyýetçilik işleri;
– beýleki jemagat, durmuş we şahsy hyzmatlar.

Bu klassifikasiýa laýyklykda öndürilýän hyzmatlaryň agramly bölegi ýurduň öz içinde sarp edilýär we halkara söwdanyň obýekti bolup bilmeýär.

Halkara pul gaznasy (HPG) rezidentleriň we rezident dälleriň arasyndaky töleg bilen baglanyşyklylykda hyzmatlary aşakdaky görnüşlere bölýär: 1) ulag; 2) syýahat etme; 3) aragatnaşyk; 4) gurluşyk; 5) ätiýaçlandyrma; 6) maliýe hyzmatlary; 7) kompýuter we maglumat hyzmatlary; 8) roýalti we kärende tölegleri; 9) beýleki telekeçilik-hyzmatlary; 10) şahsy, medeni we saglygy dikeldiş hyzmatlary; 11) hökümet hyzmatlary.

Önümçilik faktorynyň hereketi nukdaýnazaryndan hyzmatlary *faktorlaýyn (factor services)* we *faktorlaýyn däl (nonfactor services)* görnüşlere bölmek bolar. Faktorlaýyn hyzmatlar önümçilik faktory bolan maýa goýumynyň we işçi güýjüniň halkara hereketi bilen baglanyşyklydyr. Faktorlaýyn hyzmatlara ulag, syýahat we beýleki maliýe hyzmatlary degişlidir.

Häzirki wagtda halkara ykdysady gatnaşyklarda *söwdasy edilýän* we *söwdasy edilmeýän* hyzmatlar diýip bölege bölünensoň hyzmatlary kesgitlemeklige bolan çemeleşme üýtgedi. Hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyga (GATS) gol

çekilensoň hyzmatlar boýunça dürli soraglara nazary we amaly taýdan düşündiriş bermeklige täzeçe çemeleşmeler ýüze çykdy. Ozallar öndüriji bilen sarp edijiniň her biri gümrük serhediniň bir tarapynda bolup hyzmat serhetden geçirilende *söwdasy edilýän* we *söwdasy edilmeýän* hyzmatlaryň halkara söwdasy diýip hasap edilýärdi. Serhedüsti söwdasynyň şeýle görnüşine poçta we telekommunikasiýa hyzmatlary mysal bolup biler. Serhedüsti söwda gatnaşdyrylmaýan hyzmatlar söwdasy edilmeýän hyzmatlara degişli hasap edilýärdi.

GATS-niň düzgünnamasynyň taýýarlanýan wagty halkara hyzmatlara düşündiriş bermekde aşakdaky ýaly täzeçe çemeleşme usuly peýdalanyldy:

1. Öndüriji bilen sarp ediji gümrük serhediniň hersi bir gapdalynda bolmaly we hyzmat gümrük serhedinden geçmelidir.

2. Daşary ýurtly hyzmaty öndüriji hyzmaty daşary ýurtly alyja özi ýetirmelidir.

3. Daşary ýurtly hyzmaty alyjy hyzmatyň öndürilýän ýurdundan hyzmaty özi geçirmelidir.

4. Gümrük serhediniň üsti arkaly şahsy tarap geçende, (ýagny, beýleki bir döwletiň rezidenti), hyzmatlaryň halkara söwdasynyň ikinji we üçünji usullary ulanylmaly.

Netijede, halkara ykdysady gatnaşyklarda söwdasy edilýän hyzmatlara öndürilýän hyzmatlaryň köpüsi degişli edildi. Netijede, özi harytlaryň we hyzmatlaryň eksportyna we importyna täze düşünje bermek ýüze çykdy. Mysal üçin, daşary ýurtly gämide milli harydy eksport etmeklige «import gämide milli harydy eksport etmek» diýilýär. Şahsyýetiň daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde mugallymçylyk edip, girdejisini öz ýurduna ugratmagyna intellektual, bilim hyzmatlarynyň eksporty diýilýär. GATT-niň BSG-niň çäklerinde geçirilen halkara gepleşikleriniň barşynda hyzmatlar 12 sektora we 160 görnüşe bölünýär:

1) işewürlik hyzmatlary (46 sany pudaklaýyn görnüşli);
2) aragatnaşyk hyzmatlary (25 görnüşli);
3) gurluşyk we inžiniring hyzmatlary (5 görnüşli);
4) distribýutor hyzmatlary (5 görnüşli);
5) umumy bilim hyzmatlary (5 görnüşli);
6) daşky gurşawy goramak boýunça hyzmatlar (4 görnüşli);
7) ätiýaçlandyrmany goşmak bilen maliýe hyzmatlary (17 görnüşli);
8) saglygy goraýyş we durmuş hyzmatlary boýunça hyzmatlary (4 görnüşli);
9) syýahatçylyk we gezelenç hyzmatlary (4 görnüşli);
10) boş wagtlarda medeni we sport ugurlarynda guramaçylyk hyzmatlary (5 görnüşli);
11) ulag hyzmatlary (33 görnüşli);
12) gaýry hyzmatlar.

GATS hyzmatlaryň halkara söwdasyny olaryň eltilip berlişine laýyklykda aşakdaky usullar boýunça hem toparlara bölýär: 1) hyzmatlaryň serhedüsti söwdasy;

2) hyzmatyň sarp edijiniň ýurduna süýşmekligi; 3) hyzmatlaryň täjirçilik häsiýetli alnyp barylmagy; 4) şahsy taraplaryň wagtlaýynça hyzmatlary amala aşyrmak üçin beýleki ýurtlara gitmegi boýunça hem toparlara bölünýär. Hyzmatlaryň agramly bölegi häzirki wagtda 1-nji we 3-nji usulyň hasabyna alnyp barylýar.

HPG-niň Halkara maliýe statistikasy hyzmatlaryň üç topary boýunça neşirleri çap edýär. Olara 1) ulag hyzmatlary, 2) syýahatçylyk, 3) beýleki hususy hyzmatlar degişlidir.

## 15.2. Hyzmatlaryň halkara söwdasynyň düzümi we ösüşi

Hyzmatlaryň köp görnüşleri halkara söwdasynyň obýekti bolup biler. Hyzmatlaryň söwdasy haryt däl täjirçilik geleşikleri özünde jemleýär. Harytdan tapawutlylykda hyzmatlaryň eksportynyň ýa-da importynyň gümrük serhedini kesip geçmegi hökman däldir. Beýleki bir ýurtda hereket edýän rezident däl tarapyň amala aşyran hyzmatlary hem halkara diýlip hasaplanylýar. Harytlaryň eksportynyň we importynyň tölegleri ýaly hyzmatlaryň halkara söwdasynyň töleg balansy alnyp barylýar. «GATS-iň Biznes – ýolgörkezijisiniňiň (ýörite neşir)» bellige alşyna görä, hyzmaty öndüriji bilen sarp ediji (edara görnüşli ýa-da şahsy tarap bolmagyna garamazdan) hersi bir ýurtda ýerleşip, geleşigi alyp baran ýagdaýynda hyzmatlar halkara söwdasynyň predmeti diýip hasap edilýär.

Hyzmatlaryň halkara eksporty harytlaryň halkara eksportyndan has çalt ösýär. BSG-niň berýän maglumatlaryna görä, hyzmatlaryň eksporty 1980-nji ýylda 402 milliard dollar bolan bolsa, 2006-njy ýylda 2 trillion 710 milliard dollara barabar boldy. Häzirki wagtda dünýä söwdasynyň 18–20%-i hyzmatlaryň paýyna düşýär. Bilermenleriň hasaplamalaryna görä, ýakyn ýyllarda bu görkezijiniň 30% bolmagyna garaşylýar.

Halkara söwdasynyň çalt depginler bilen ösmeginiň sebäplerini aşakdaky ýagdaýlar bilen häsiýetlendirmek bolar:

• YTÖ-iň halkara zähmet bölünişiginiň has çuňlaşmagyna getirmegi netijesinde önümçilikleriň we hyzmatlaryň görnüşiniň köpelmegi;

• milli ykdysadyýetleriň açyklyk derejesiniň barha ýokarlanmagy;

• dünýä ilatynyň hyzmatlara bolan isleginiň artmagy;

• ilki öňdebaryjy döwletleriň, olardan soň beýleki ýurtlaryň «maglumat jemgyýetine» geçip başlamagy bilen maglumat hyzmatlaryna bolan islegiň ýokarlanmagy;

• harydy ýerlemekligiň hyzmatlar bilen baglanyşygynyň artmagy.

Tutuşlygyna alanyňda, hyzmatlaryň halkara söwdasyndaky göwrümi harytlaryňkydan pesdir. Onuň sebäbi aşakdakylardyr:

1. Hyzmatlaryň esasy bölegi (aýratyn-da döwlet guramalary tarapyndan alnyp barylýan hyzmatlar) ýurduň içinde ýerlenilýär. (Bu ýagdaýy aýry-aýry ýurtlaryň JIÖ-de hyzmatlaryň tutýan paýyndan hem görmek bolýar).

2. Hyzmatlaryň söwdasy öz ösüşinde tehniki enjamlaşdyrmagyň ýokarlanmagyny talap edýär. Bu derejä bolsa (aýratyn-da telekommunikasiýa, maglumat, ulag, syýahatçylyk hyzmatlary) soňky onýyllyklarda ýetmek başartdy.

3. Hyzmatlaryň halkara söwdasyny erkinleşdirmekde harytlaryň söwdasyna garanyňda has ýokary üstünliklere ýetildi. Sebäbi BSG, ilkinji nobatda, harytlaryň halkara söwdasyna degişli bolupdy. Şonuň üçin hyzmatlar halkara sazlaşdyrmanyň daşynda galypdy.

Häzirki zaman dünýä söwdasynda hyzmatlaryň eksportynyň we importynyň çalt depginler bilen artmagy mahsusdyr. BSG-niň bilermenleriniň hasaplamalaryna görä, hyzmatlaryň resmi taýdan çap edilýän mukdary olaryň hakyky möçberinden pesdir. Bu ýagdaýyň sebäpleri bolup aşakdakylar çykyş edýär:

• daşary ýurtlarda bolan syýahatçylaryň öz harajatlaryny peseldip görkezmegi;

• hyzmatlar, köplenç halatda, daşary ýurtlarda ýerlenýän harydyň bir bölegi bolup, ol harydyň gymmatynyň bir bölegini eýeleýär, şeýle ýagdaýda haryt bilen hyzmatyň bahasyny biri-birinden aýyrmak örän çylşyrymlaşýar we harydyň umumy bahasy hökmünde hasaba alynýar;

• hyzmatlar TMK-laryň kärhanaiçre alyş-çalşygynyň uly bölegini tutýar. Kärhanaiçre bahalar bolsa adaty bahalardan pes bolup, hyzmatlaryň bahasynyň peselmegine getirýär;

• daşary ýurtlaryň ykdysadyýetine goýlan maýa goýumlardan alynýan girdejiniň gaýtadan maýa goýum hökmünde ulanylmagy netijesinde bank we ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň derejesi pese düşýär.

Umuman alanyňda, dünýä söwdasynyň doly hasabyny ýöretmek halkara statistikasynyň henize çenli çözülmedik meseleleriniň biri bolmagynda galýar.

Hyzmatlaryň eksportynyň düzüminde geçen asyryň 80-nji ýyllaryna çenli ulag hyzmatlary agdyklyk eden bolsa, soňky onýyllyklarda «beýleki hususy hyzmatlar» we syýahatçylyk hyzmatlary has çalt ösüp başlady. Häzirki wagtda olaryň paýy umumy hyzmatlaryň 45%-ine barabardyr. «Beýleki hususy hyzmatlara» maliýe, maglumat, kommunikasiýa, maslahat beriş hyzmatlary degişlidir.

Hyzmatlaryň düzümi bilen bir hatarda onuň geografiýasy hem üýtgeýär. Hyzmatlaryň halkara söwdasynyň agramly bölegi ösen ýurtlaryň arasynda alnyp barylýan bolsa, soňky üç onýyllyk bäri çalt ösýän we beýleki ösüp gelýän ýurtlaryň hasabyna olaryň paýy barha peselýär. Dünýä döwletleriniň arasynda beýlekilerden üzül-kesil tapawut bilen ilkinji orunda ABŞ durýar. BSG-niň berýän maglumatlaryna görä, 2006-njy ýylda bu ýurduň paýyna dünýä haryt eksportynyň 14,3%-i, importynyň 11,7%-i düşüpdir. ABŞ halkara hyzmatlarynyň agramly bölegini TMK-laryň üsti arkaly amala aşyrýar. ABŞ, adatça, harytlaryň halkara söwdasy

boýunça oňaýsyz galynda eýe hem bolsa, hyzmatlaryň halkara söwdasy boýunça oňaýly galynda eýedir. Hyzmatlaryň eksporty boýunça ABŞ-dan soňra Angliýa, Germaniýa, Fransiýa, Ýaponiýa gelýär. ABŞ-dan tapawutlylykda Germaniýanyň, Ýaponiýanyň, Kanadanyň we Hytaýyň hyzmat importyndan hyzmat eksporty has ýokarydyr. Ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsiniň daşary söwdasynda hyzmatlar oňaýsyz galynda eýedir.

Hyzmatlaryň eksportyna milli ykdysadyýetiň ýöriteleşen ugry hökmünde hem seretmek bolar. Ösen döwletlerde şeýle ýöriteleşme maliýe, maglumat, telekommunikasiýa, tehnologiýa, bilim, saglygy goraýyş ugurlary boýunça alnyp barylýar. Käbir ösüp gelýän ýurtlar ýöriteleşen hyzmatlary boýunça, mysal üçin, syýahatçylykda–Müsür, Tailand, Türkiýe, ulaglarda – Müsür, Panama, ýörite maliýe hyzmatlary boýunça Karib deňzindäki we Ýuwaş ummanyndaky ada döwletler tapawutlanýarlar.

## 15.3. Hyzmatlaryň söwdasynyň döwlet we halkara derejesinde sazlaşdyrmagy

Hyzmatlaryň halkara söwdasynyň ösmedik, göwrüminiň kiçi, görnüşiniň az, esasy hyzmatlary amala aşyryjylar bolup kiçi we orta ululykdaky kärhanalaryň çykyş edýän wagty, ony sazlamak meselesi häzirkisi ýaly ýiti häsiýete eýe däldi. Hyzmatlaryň halkara söwdasynyň birden çalt ösüp başlamagy, onuň görnüşiniň köpelmegi ýagdaýy üýtgetdi. Şeýle hem, halkara hyzmatlary amala aşyrmaga TMK-laryň goşulyp başlamagy netijesinde hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşleri boýunça serhetleriň doly açylmagyna getirdi. Netijede, TMK-lar bilen hökümetleriň arasynda garşylykly ýagdaý emele geldi. Bu garşylyk ylaýta-da, maliýe, tehnologiýa we maglumat ugurlarynda has ýiti häsiyete eýe boldy. Bu ýagdaýlar bilen baglanyşyklylykda hyzmatlaryň söwdasyny döwlet we halkara derejede sazlaşdyrmak döwrebap meseleleriň birine öwrüldi.

Umuman alanyňda, häzirki zaman şertlerinde beýleki ýurtlaryň baglaşýan ikitaraplaýyn şertnamasy bu ugurdaky işde esasy orny eýeleýär. Döwletiň hyzmatlaryň halkara söwdasyny sazlamak we gözegçilikde saklamak üçin alyp barýan işleri aşakdaky maksatlary yzarlaýar:

1) Hyzmatlar islendik döwletiň durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.

2) Döwlet öz raýatlarynyň – hyzmatlary sarp edijileriniň we öndürijileriniň bähbitlerini (ýagny, hyzmat ulgamynda sap bolmadyk bäsleşikden, jemgyýetçilik ahlagyny we tertibini goramak) goramaga borçludyr.

3) Döwletler halkara hyzmatlardan gelýän pul akymlary arkaly töleg balansynyň öwezini dolýarlar.

4) Döwletler proteksionizmi ulanyp milli öndürijileri goramaly, beýleki tarapdan proteksionizmden daşlaşmaly. Şeýle hem hyzmat ulgamynda baha we antimonopol syýasaty amala aşyrmaly.

Döwletleriň hyzmatlaryň halkara söwdasyny sazlamaklygyna aşakdakylar hem goşulýar:

• gümrük gözegçiliginiň dürli görnüşi;

• daşary ýurt kärhanalarynyň işini çäklendirmegiň dürli görnüşi;

• hyzmatlaryň bahasyna (ýa-da tariflerine) gözegçilik;

• döwletiň öz içinde standartlaryň ulgamyny peýdalanmak;

• hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak.

Käbir döwletlerde daşary ýurt kärhanalarynyň işini çäklendirmeklige aşakdaky çäreler hem goşulýar:

• harytlaryň, hyzmatlaryň, maýa goýumyň, işçi güýjüniň we maglumatlaryň ählisine çäklendirme girizmek;

• göni maýa goýumlary çäklendirmek (şol sanda hyzmat ulgamyna);

• daşary ýurt kärhanalaryna hyzmatlaryň kesgitli görnüşini amala aşyrmagy gadagan etmek;

• ýerli kärhanalar tarapyndan amala aşyrmaga mümkinçilik bolan ugurlarda daşary ýurt kärhalarynyň işini gadagan etmek;

• daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan amala aşyrylýan maliýe, buhgalter hasabatlary ýaly işlerde çäklendirme girizmek.

Döwletleriň hyzmatlaryň halkara söwdasyny sazlaşdyrmak boýunça alyp barýan işleriniň normatiw-hukuk aktlary hyzmatlaryň halkara söwdasynyň düzgünlerine gabat gelmelidir.

Ýeterlik wagtyň dowamynda hyzmatlaryň halkara söwdasy döwletleriň arasynda ýa-da döwlet bilen daşary ýurt kärhanasynyň arasynda ikitaraplaýyn esasda sazlanylyp gelindi. Wagtyň geçmegi bilen hyzmatlaryň halkara söwdasyny sazlamagyň köptaraplaýyn we sebitleýin görnüşleri emele geldi.

Dünýäniň hyzmatlar bazarynyň belli-belli segmentlerinde ýöriteleşdirilen halkara guramalar birwagtdan bäri hereket edýär. Olara mysal hökmünde Halkara raýat awiasiýa guramasy (International Civil Aviation Organization – IKAO), Bütindünýä syýahatçylyk guramasy (World Tourist Organization – WTO), Halkara deňiz guramasy (International Maritime Organization – IMO). IKAO-nyň çäklerinde uçarlaryň, uçarmanlaryň, uçuşlaryň, aerodromlaryň ulanylyşyny bir düzgüne getirmek amala aşyrylýar. Bütindünýä syýahatçylyk guramasy myhmanhanalaryň, restoranlaryň, hyzmatlaryň standartyny, normasyny kesgitleýär. IMO deňziň, güne ýanmaklygyň howpsuzlygy ýaly meselelere seredýär.

Hyzmatlaryň halkara söwdasyny sebitleýin derejede sazlamaklygyň üstünlikli mysaly hökmünde ÝB çykyş edýär. Köp ýyllaryň dowamynda alnyp barlan tutanýerli zähmetiň netijesinde integrasiýa gatnaşýan ýurtlaryň arasynda hyzmatlaryň

çäklendirmesi aradan aýryldy we üçünji ýurtlara ýörite düzgünler girizildi. Şeýle düzgünleri kabul etmek boýunça NAFTA hem hereket edýär. Emma, sebitleýin sazlaşdyrma möçber taýdan dünýä boýunça sazlaşdyrmadan kiçidir. Häzirki wagtda hyzmatlaryň halkara söwdasyny köptaraplaýyn ýa-da dünýä boýunça sazlaşdyrmakda BSG-niň düzüminde hereket edýän GATS-iň döredilmegi arkaly bu ugurda uly öňegidişlik gazanyldy.

## 15.4. Hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk

Hyzmatlary halkara derejede sazlamak işi XXI asyrda giň gerim bilen ösüp başlady. Bu ugurda Urugwaý Konferensiýasynda baglaşylan ylalaşyklaryň netijesinde hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk (General Agreement on Trade in Services – GATS) döredildi.

Hyzmatlaryň halkara söwdasyny sazlamak boýunça baglaşylan aktlaryň sanyna intellektual eýeçiligiň söwdasynyň hukuk jähtleri boýunça Ylalaşyk, (The Agreement on Trade Related Aspects of Intellectual Property Rights–TRIPS), maýa goýum işleriniň söwda jähtleri barada Ylalaşyk (The Agreement on Trade Related Investment Measures–TRIMS) degişlidir.

GATS ilki döredilende deňhukuklylyk ýörelgesine esaslanman, sap bäsleşik we ylalaşylan düzgün esasynda hereket edýärdi. Häzirki wagtda bolsa GATS 35 maddany, 6 bölümi we goşundylary özünde jemleýär.

GATS hyzmatlaryň söwdasynyň aşakdaky jähtlerine hem seredýär: peýdalanmak we kesgitlemek ulgamy; umumy borçnamalar we düzgünnamalar (has amatly düzgün, äşgärlik, ösüp barýan döwletleriň gatnaşyş derejesi, ykdysady integrasiýalara gatnaşygynyň hasaby, içerki sazlaşdyrma, gorag çärelerini ulanmak mümkinçiligi, umumy kadadan çykmalar, subsidiýalar); ýörite borçnamalar (bazara girmeklige we salmaklyga hukuk, milli düzgün, goşmaça borçnamalar); ýuwaş-ýuwaşdan erkinleşmek (ýörite borçnamalar boýunça gepleşikler, ýörite borçnamalaryň we institusional üýtgemeleriň sanawy, maslahat bermeler, jedelleri sazlamak we kararlary ýerine ýetirmek, hyzmatlaryň söwdasy boýunça Geňeş); jemleýji düzgünnamalar. Goşundylarda maliýe hyzmatlara, olaryň klassifikasiýasyna, GATS-iň umumy düzgünlerinden we borçnamalaryndan aýrylmak baradaky meselelere aýratyn seredilýär.

GATS-iň umumy hem-de ýörite düzgünleri sazlamak we borçnamalar bölümi has giň bölümdir. Umuman, GATS hyzmatlaryň ähli görnüşini öz içine alýar. Ýöne onuň düzümine harydy ugratmak boýunça hökümet dolandyryş wezipeleri girmeýär. GATS tarapyndan sazlaşdyrylýan hyzmatlar diýip ol (hyzmat) serhedi kesip geçýän ýa-da beýleki bir ýurduň içinde hereket edýän rezident däl tarapyndan ýerine ýetirilen işlere aýdylýar.

GATS öz işinde hyzmatlaryň aşakdaky görnüşlerine seredýär: 1) umumy, döwletler tarapyndan şertsiz esasda kabul edilýän; 2) ýörite ol ýa-da beýleki döwletiň bazaryna girmegiň anyk şertleri degişli. Umumy borçnamalara – ilkinji nobatda birek-biregiň bazaryna aralaşmagyň deňhukuklylyk ýagdaýyna esaslanýan has amatly düzgün ýagdaýy degişlidir. Ýöne, bu ýerde bazara girmekligiň anyk şertleri kesgitlenilen däldir. GATS has amatly düzgüniň şertsiz kabul etmelidigine garamazdan sebitleýin integrasiýalara gatnaşýan ýa-da beýleki bir ýurduň öňünde borçnamasy bar döwlete bu düzgünden aýrylmaklyga ýol açýar.

Ýörite borçnamalar ilkinji nobatda daşary ýurtly hyzmaty öndürijä beýleki bir ýurduň bazaryna girmeklige rugsat berilýändigi ýa-da berilmeýändigi bilen baglanyşyklydyr. Ikinji borçnamada döwlet milli düzgünlere laýyklykda daşary ýurtly hyzmaty öndürijiniň ýurduň içine gelmegi gadagan edip biler. Gadagan edilen hyzmatlar kesgitli möhletli, ýörelgeli bolmalydyr we olaryň sany mümkin boldugyça azaldylmalydyr. Çäklendirme dürli görnüşlerde amala aşyrylyp bilner. Olara hyzmatlaryň möçberini çäklendirmek, amallary çäklendirmek, bu ugurda işleýän daşary ýurtly şahsy taraplaryň sanyny azaltmak we ş.m. degişlidir. Hyzmaty ugradyjy kompaniýadan ýörite ýazylan hukuk formasy talap edilip bilner. Ondan başga-da, belli-belli pudaklara çekilýän daşary ýurt maýa goýumlary, kärhanalary, döwletleri çäklendirilip bilner. GATS-iň agzasy bolan döwlete ýörite çäklendirmeleriň sanawyna girizilmedik hyzmatlara ýokardaky çäreleri ulanmaklyga ýol berilmeýär.

Döwletiň GATS-e agza bolmagy derrew içerki bazary daşary ýurtly öndüriji üçin açmaklygy aňlatmaýar. Entek agzalyga girmezden ozal milli ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlarynda ýokary ösüşi gazanmak üçin dürli gepleşikleri geçirmek we bu meseläni çözmek bolar. Mysal üçin, Russiýa BSG agza bolmazdan öň ABŞ-dan satyn alynýan harytlary we hyzmatlary çäklendirmegi başardy. Bazary has erkinleşdirmek işi mundan beýläk geçiriljek köptaraplaýyn gepleşiklere bagly bolup durýar.

Döwletler içerki bazar üçin amatly hyzmatlary erkinleşdirip, beýleki ugurlarda çäklendirmeleri ulanýarlar. Bu ýagdaý GATS-e agza döwletleriň hemmesi tarapyndan ýöredilýär. Sebäbi milli bazaryň ýokary derejede erkinleşdirilmegi ösen döwletler we olaryň TMK-lary üçin örän amatly ýagdaýy döredýär.

Hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşlerine hemme bazarda deň derejede erkinlik berlen däldir. Dünýä boýunça has açyk pudaga syýahatçylyk degişlidir. Geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap telekommunikasiýa, maglumat hyzmatlary, bazarlarynyň erkinleşdirilmegi olaryň okgunly ösmegine getirdi. Maýa goýum bazarynyň ösmegi ätiýaçlandyrma we karzlaşdyrma hyzmatlarynyň bahasynyň arzanlamagyna getirdi.

Häzirki wagtda ýurdumyzda hyzmatlar pudagyny dünýä derejesinde ösdürmeklik Türkmenistanyň BSG/GATS agza bolmaklygy bilen öwrenilmeli esasy

meseleleriň biri bolmagynda galýar. Bu meseleleriň öwrenilmegi we olaryň hojalygymyz üçin bähbitli tarapa gönükdirilmegi, milli ykdysadyýetimiziň mundan beýläk hem okgunly ösmeginde, onuň dünýä hojalygyna amatly ýagdaýda goşulyşmagyna dörän mümkinçilikleriň ýene-de biri bolar.

# XVI bap DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ ÖSÜŞINDE HYZMATLARYŇ ORNY WE ÄHMIÝETI

## 16.1. Halkara hyzmatlaryň dünýä ykdysadyýetinde tutýan orny

Ylmy-tehniki ösüşde we önümçilikde bolup geçen çuň üýtgeşmeler XX asyryň ikinji ýarymynda maddy däl önümçilik toplumynyň ösüş depginlerini çaltlaşdyrdy. Işiň maddy däl görnüşleriniň ösmegi ýurtlaryň köpüsiniň we tutuş dünýä hojalygynyň ykdysady düzümini güýçli özgertdi.

Hyzmatlar toplumy dünýä hojalygynyň maddy däl önümçiliginiň iň esasy we wajyp pudaklarynyň biri hasaplanýar.

Hyzmatlaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) Önümçilik ulgamy bilen bagly bolan hyzmatlar. Bu hyzmatlar maddy häsiýete eýe bolanlygy üçin olara bu bölümde seredilmeýär.

2) Bu topardaky hyzmatlar gönüden-göni adama ýa-da ony gurşap alýan şertlere gönükdirilendir. Hyzmatlaryň bu görnüşi maddy önümçilik bilen bagly däl. Olaryň öndürilişi sarp edilişi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu hyzmatlaryň döredilişi sarp edilişi bilen gabat gelýär. Hyzmatlaryň bu görnüşi maddy däl häsiýete eýe.

Soňky wagtlarda hyzmatlar ulgamy öz ösüşini ýokary tizlik bilen alyp barýar. Özem hyzmatlar diňe bir maddy däl önümçilikde däl-de, eýsem dünýäniň häzirki zaman ykdysadyýetinde hem tiz ösýän ulgamdyr. Hyzmatlar ulgamy ilatyň ýaşaýyş, durmuş, hojalyk işlerini amala aşyrmak üçin döredilýän şertlerdir.

Häzirki wagtda dünýäde hyzmatlaryň (Bütindünýä söwda guramasynyň klassifikasiýasyna laýyklykda) 160 sanysy tapawutlandyrylýar.

Hyzmatlar ulgamynyň ösüş depginini ykdysady häsiýetli birnäçe uzakmöhletleýin ýagdaýlar kesgitleýär. XX asyryň 70-nji ýyllarynda ösen döwletlerde ilatyň durmuş üpjünçilikden dynç alyş isleglerini kanagatlandyrmaga geçmegi bu ýagdaýlaryň içinde uly ähmiýete eýe boldy. Ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanma-

gynyň netijesinde sarp ediş harajatlaryň düzüminde hyzmatlara siňdirilýän harajatlaryň paýy ýokarlanýar. Hususan-da, ýokary derejeli hyzmatlara (saglygy goraýyş, bilim, syýahatçylyk we beýleki rekreasion hyzmatlar, maliýe hyzmatlary we amallary) bolan isleg has ýokary depginler bilen ösýär. Ýaşaýyş-durmuş hyzmatlara bolan goşmaça isleg XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäniň köp döwletlerinde bolup geçen şäherleşme (urbanizasiýa) prosesi bilen düşündirilýär. Ösen döwletlerde, täze industrial ýurtlarda we geçiş häsiýetli döwletlerde zenanlaryň jemgyýetçilik önümçiligine köpçülikleýin çekilmegi hyzmatlaryň ösüş depginini has-da ösdürdi.

Önümçiligi üpjün edýän hyzmatlara bolan islegiň ösüş depgini hem ýokarlandy. Önümçilikde däp bolan ulag we aragatnaşyk hyzmatlaryna edilýän harajatlaryň üsti marketing, mahabat, informasion we kompýuter, ätiýaçlandyryş we ş.m. hyzmatlara siňdirilen harajatlar bilen ýetirildi. XX asyryň soňky çärýeginde ösen döwletlerde hyzmatlaryň ösüşi önümçilik islegleriniň ýokarlanmagy bilen bagly bolup, bu proses öz gezeginde hyzmatlaryň düzüminde önümçilik we paýlaýyş hyzmatlaryň paýynyň ýokary bolmagyna getirdi. XX asyryň 60-80-nji ýyllarynda ýaşaýyş-durmuş hyzmatlarynyň ösüş depginleri beýleki hyzmatlar bilen deňeşdirilende ýokary boldy. Emma soňky 20 ýylda döwletiň düzgünleşdiriş ähmiýetiniň peselmegi we döwlet býujetiniň durmuş harajatlaryna edýän çykdajylarynyň azalmagy bilen bu hyzmatlaryň ösüş depginleri peseldi.

Hyzmatlaryň beýleki görnüşleriniň ösüş depginleri orta derejede bolmagynda galýar. Eger dünýäniň käbir ýurtlarynyň umumy hojalyk işlerinde ulagyň we söwdanyň hereketi güýçlenýän bolsa beýleki ýurtlarda olaryň hereketi durnukly bolmagynda galýar ýa-da peselýär.

Hojalykda ulanylýan tehnikanyň, tiz taýýarlanýan azyk önümleriniň, hojalyk himiýasynyň we ş.m. giňden yaýramagy we üznüksiz täzelenmegi hyzmatlaryň hojalyk mümkinçiliklerini görnetin çäklendirýär.

XX asyryň soňky çärýeginde we XXI asyryň başlarynda hyzmatlaryň ylym pudaklarynyň, ýagny informasion, kompýuter we beýleki işewür we hünärmen hyzmatlaryň ähmiýeti ýokarlanyp başlady. Innowasion senagat pudaklary bilen birlikde bu hyzmatlar ösen döwletleriň ykdysadyýetinde ýokary depginlere eýedir.

Hyzmatlaryň ösüş depgininiň ýokarlanmagy dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýetindäki käbir meseleleri çözmäge mümkinçilik berýär. Birinjiden, üçünji bölegiň pudaklarynyň serişdeleri, çig maly we energiýany peýdalanyşynyň udel agramynda peselme bolup geçdi. Bu görkeziji boýunça üçünji bölek maddy önümçilikden 4 esse yzda barýar. Ikinjiden, hyzmatlar ulgamy pudagy ýokary zähmet siňdirijiligi bilen tapawutlanýar we ykdysadyýetde iş bilen meşgullanmagyň ýokary derejesini saklamaga ýardam berýär. Şeýle-de bu ulgam maddy önümçiligiň pudaklarynda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynyň netijesinde boşap galýan artykmaç işçi güýjüni iş bilen üpjün etmäge mümkinçilik döredýär. Üçünjiden, hyzmatlar ulgamynyň ösüşiniň ýokarlanmagy daşky gurşawyň hapalanşynyň peselmegine

getirýär. Dördünjiden, üçünji bölegiň ösüşi düzümleýin çökgünlige düşen senagat zolaklaryny çökgünlik ýagdaýdan çykarmaga ýardam berýär.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda dünýäniň köp ýurtlarynda daşary ykdysady aragatnaşyklaryň erkinleşdirilmegi hyzmat ulgamy üçin örän wajyp boldy. Dünýäde hyzmatlaryň eksporty ýyl-ýyldan ýokarlanýar, onda düzüm üýtgeşmeleri hem bolup geçýär. Ulag hyzmatlarynyň paýy ýuwaş-ýuwaşdan pese gaçýar. Halkara syýahatçylyk hyzmatlarynyň udel agramy ösmegini dowam etdirýär. Ýöne häzirki wagtda esasy orun informasion, hususy we döwlet hünärmen hyzmatlaryna (ätiýaçlandyryş, mahabat, buhgalter we audit işi, menejment we s.m.) degişlidir.

Hyzmatlaryň halkara söwdasyny harytlaryň halkara söwdasy bilen deňeşdireniňde birnäçe häsiýetli aýratynlyklar ýüze çykýar:

– hyzmatlar içerki kanun çykaryjylyk namalara lalaýyklykda, degişlilikde döwlet serhedinde däl-de içinde düzgünleşdirilýär;

– hyzmatlar saklamaga degişli däl. Olar bir wagtda hem öndürilýär hem sarp edilýär. Şonuň üçin hyzmatlaryň köp görnüşleri öndürijileriň we sarp edijileriň arasyndaky göni şertnamalara esaslanýar;

– hyzmatlaryň önümçiligi we ýerlenişi maddy önümçilik we söwda ulgamlaryndan tapawutlylykda döwlet tarapyndan uly goragdan peýdalanýar. Ulag, aragatnaşyk, maliýe we ätiýaçlandyryş hyzmatlary, ylym, bilim, saglygy goraýyş köp ýurtlarda doly ýa-da bölekleýin döwlet eýeçiliginde ýa-da onuň berk gözegçiliginde saklanýar;

– hyzmatlaryň halkara söwdasy harytlaryň söwdasy bilen ysnyşykly baglanyşykda bolup, oňa güýçli täsir edýär. Mysal üçin, hyzmatlar tehniki, informasion we dürli konsultasion hyzmatlaryň uly göwrümini talap edýän ylym bilen baglanyşykly harytlaryň söwdasyna uly täsir edýär;

– harytlardan tapawutlylykda hyzmatlaryň hemme görnüşleri söwda predmeti bolup bilmeýär. Hususy sarp edilişe degişli hyzmatlar halka hojalyk aýlanyşyga çekilip bilmeýär. Hyzmatlaryň halkara söwdasynda syýahatçylygyň, saglygy goraýşyň, bilimiň, sungatyň we medeniýetiň uly geljegi bar.

Halkara bazarlarynda haryt bolçulygynyň döredilýän, bäsleşigiň güýçlenýän şertlerinde işewürlikde gerek bolan hyzmatlar, hususan-da menejment, audit, inžiniring, lizing, franҫaýzing, we ş.m.wajyp ähmiýete eýe boldular.

Hyzmatlaryň häzirkizaman halkara bazary dolandyryş (menejment) işine ýardam bermekde hyzmatlaryň giň göwrümini hödürleýär. Hyzmatlaryň eksport-import amallarynyň predmeti bolup şeýle-de aň-bilim işiniň netijeleriniň, ýagny ygtyýarnamalaryň, nou-haularyň, patentleriň, EHM-iň maksatnamalarynyň we ş.m. söwdasy çykyş edýär. Bu ýagdaýda oýlap tapyşlary ulanmak, şeýle-de olaryň geljekde öndüriljek önümiň özara bähbitli ýerlenişi bilen bagly bolan önümçiligi bilelikde ornaşdyrmak boýunça satyn alyja hukuk bermek geleşiklerini baglaşmak göz öňünde tutulýar.



11. Sargyt № 832

## 16.2. Hyzmatlaryň söwdasynyň ösüş depginleri, haryt we geografiki düzümi

Hyzmat ulgamynyň halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň çekilmegi bu ulgamyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri bolup durýar. Hyzmatlaryň halkara söwdasy öz düzümi boýunça dürli-dürlüligi bilen tapawutlanýar. Eksport amallarynyň paýynyň ep-esli bölegi syýahatçylyk (26,3%) we ulag (21,1%) hyzmatlaryna degişlidir. Hyzmatlar ulgamynyň düzümi köpdürlüligi bilen tapawutlanýan hem bolsa, onuň dürli bölekleriniň ösüşine birnäçe umumy kanunalaýyklyklar täsir edýär.

*Birinjiden*, harytlardan tapawulylykda, hyzmatlary alyş-çalyş edýän ulgam döwletiň orny has ýokarydyr. Milli bazary daşary ýurt basleşiginden goramak maksady bilen döwlet birnäçe söwda päsgelçiliklerini belleýär, şeýle-de, köplenç, hyzmatlary öndüriji ýa-da sarp ediji hökmünde çykyş edýär. Däp boýunça dünýäniň köp ýurtlarynda telearagatnaşyk, ulag, maliýe we ätiýaçlandyryş işi, ylym we bilim, lukmançylyk hyzmatlary döwlet gözegçiliginde bolýar, hyzmatlaryň bu pudaklaryndaky edaralaryň köpüsi bolsa döwlet eýeçiligindedir.

*Ikinjiden*, harytlar bilen baglanyşykly eksport-import amallaryndan tapawutlylykda hyzmatlary halkara bazara ýetirmek göni maýa goýumlaryň hereketi bilen, ýagny daşary ýurduň çäginde hyzmatlary ýerine ýetirýän we daşary ýurt maýasynyň esasynda gözegçilik edilýän kärhanalary döretmek bilen has ysnyşyklydyr. Daşary ýurt sarp edijilerine hyzmatlary hödürlemegiň esasy usuly bolup täjirçilik gatnaşygy çykyş edýär. Harytlar ulgamy bilen deňeşdireniňde hyzmatlar ulgamyna daşary ýurt maýa goýumlarynyň goýluşynyň göwrüminiň ösüşiniň öňe gitmesi hyzmatlaryň dürli böleklerinde kanunçylygyň erkinleşmegi bilen şertlenendir.

Galyberse-de, hyzmatlaryň halkara alyş-çalyşy, köplenç ýagdaýda, ýurtlaryň arasynda fiziki şahsy taraplaryň, ýagny hyzmatlary öndüriji ýa-da sarp edijileriň erkin ýerlerini üýtgetmeklerini talap edýär. Şonuň üçin onuň ösüşine wiza düzgünleriniň kadalary, hünär talaplary we ş.m. düýpli täsir edýär.

Hyzmatlaryň eksportyndan gelýän gowuşmalaryň we olaryň importyna çykýan çykdajylaryň geografik paýlanyşy öz gyradeňsizligi bilen tapawutlanýar. Hyzmatlary eksport we import etmekde Ýewropa Bileleşigi birinji orunda barýar. Ikinji orunda ABŞ, üçünji orunda soňky birnäçe ýyl Ýaponiýa bolan hem bolsa 2009-njy ýylyň görkezijilerine görä Hytaý onuň ornuna geçmegi başardy. Alty sany öňdebaryjy döwletlere – ABŞ, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Fransiýa, Hytaý we Ýaponiýa halkara bazarda satylýan hyzmatlaryň ähli görnüşleriniň eksportynyň 39,8%-i, importynyň bolsa 37,7%-i degişlidir. Merkezi, Günorta Amerikanyň, Afrikanyň, Ýakyn Gündogaryň we GDA-nyň ýurtlarynyň halkara hyzmatlaryň eksportyndaky we importyndaky paýy bary-ýogy, degişlilikde 10,4% we 15,5%-e deň.

Hyzmatlaryň dünýä eksportynda ösüp gelýän döwletleriň orny harytlaryň eksportyndaky ýaly olaryň ykdysady ösüşiniň we daşary ýurt maýasynyň akymynyň ýagdaýyna görä pugtalanýar. Hytaýdan daşgary bu ýagdaý, esasan, häzirki wagtda öňdebaryjy ykdysadyýetli döwletlere degişli edilýän Singapur, Koreýa Respublikasy, Taýwan döwletlerine häsiýetlidir. Emma şonda-da, ösüp gelýän ýurtlaryň umumy gazanan görkezijileriniň jemini jemläp alanyňda ösen ýurtlaryň hyzmatlarynyň eksportynyň göwrüminden kän yzda barýar.

Hytaý bilen bilelikde ösüp gelýän döwletleriň köpüsine hyzmatlaryň halkara söwdasynda oňaýsyz galyndy häsiýetlidir. Elbetde bu ýagdaý olaryň käbiriniň hyzmatlar boýunça iri eksportýor döwletdigi baradaky hakykaty aradan aýyrmaýar. Mysal üçin, Hindistanyň maglumat-aragatnaşyk, kompýuter we beýleki işewür hyzmatlary ýerine ýetirmekde ýöriteleşýändigi, Şanhaýyň we Hytaýyň birnäçe beýleki şäherleriniň iri maliýe merkezleridigi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Ownuk ada döwletleriň köpüsine eksport girdejileriniň esasy bölegi syýahatçylygyň hasabyna gowuşýar.

Geçiş ykdysadyýetli birnäçe döwletler hyzmatlaryň käbir görnüşlerini eksport etmekde üstünlik gazandylar. Umuman alanyňda bu topara degişli döwletleriň dünýä ykdysadyýetine gatnaşygynyň udel agramynyň we olaryň hyzmatlarynyň dünýä eksportyna gowşak gatnaşygynyň arasyndaky deňölçegsizlik harytlaryň eksportyna garanyňda has ýokarydyr. Hyzmatlaryň eksportynyň ösüş depginleriniň dünýäde iň ýokarydygyna (ýylda 13 %) garamazdan, häzirki wagt GDA döwletleriniň bu görkeziji boýunça paýy bary-ýogy 2%-e deň. Hususan-da, bu ýurtlaryň daşary ýurtlaryň hyzmatlar ulgamyna goýýan maýa goýumlary ujypsyzdyr. GDA ýurtlarynyň syýahatçylyk, ulag we ylmy köp talap edýän hyzmatlaryň birnäçe gürnüşleriniň eksportyny ösdürmek üçin kuwwatly çeşmeleriniň barlygyna garamazdan söwdanyň ilerlemegine maddy-tehniki binýadyň gowşaklygy we düzgünleşdiriji binýadyň ýetmezçilikleri päsgel berýär. Bu ýerde, şeýle-de geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň hyzmatlar ulgamynyň ýokary derejede ösýändigini we ösüp gelýän ýurtlardaky düýpli söwda çäklendirmeler geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň hyzmatlarynyň eksportynyň giňelmegine päsgel berýär. Bu meseläni çözmekde mümkin bolan ýollaryň biri daşary ýurtlarda özara kärhanalar ulgamyny döretmek bolup biler.

Hyzmatlar ulgamynyň pudaklarynyň kysymdaş däldigi sebäpli olar üçin bazar jemlenmesiniň dürli derejeleri häsiýetlidir. Syýahatçylykda, işewür, bilim, lukmançylyk, rekreasion we hyzmatlaryň beýleki birnäçe pudaklarynda kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üstünlikli hereket edýärler. Şol bir wagtda hyzmatlaryň maýa talap edýän görnüşlerini (telearagatnaşyk, energetika, maliýe, gurluşyk, ulag) öndürmek iri maýa goýumlaryň goýulmagyny talap edýär.

XVII bap

# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINDE ÄTIÝAÇLANDYRYŞ HYZMATLARY

## 17.1. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň düýp mazmuny we görnüşleri

***Daşary ykdysady aragatnaşyklarda ätiýaçlandyryş işi*** – bu özleriniň ätiýaçlandyryş tölegleriniň esasynda döredilen pul gaznalarynyň hasabyna döwlet eýeçiliginiň emläk bähbitlerini, hojalyk subýektlerini we raýatlary kesgitli wakalar (ätiýaçlandyryş ýagdaýlary) ýüze çykanda goraglylygy üpjün edýän halkara ykdysady gatnaşyklardyr.

Ätiýaçlandyryş sylagy ***(tölegi)*** – bu ätiýaçlandyryş polisine laýyklykda ätiýaçlandyrylýan adamlaryň ätiýaçlandyrýan adama ätiýaçlandyrmak üçin hökmany ýagdaýda töleýän tölegidir.

Ätiýaçlandyryş polisi (fransuz police, italýan polizza sözünden-dil haty) – bu ätiýaçlandyrýan tarapyň ätiýaçlandyryş şahadatnamasy hökmünde berýän ýazmaça ätiýaçlandyryş ylalaşygydyr.

Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ätiýaçlandyrylmasyna ***polisaklaýjy (***ätiýaçlandyrylýan) – bu kanuna ýa-da ikitaraplaýyn geleşige (ätiýaçlandyryş ylalaşygy) laýyklykda ätiýaçlandyryşa gyzyklanma bildirýän, ätiýaçlandyryş tölegini töleýän we ätiýaçlandyrýan bilen kesgitli ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryna gatnaşýan hojalyk subýekt ýa-da raýatdyr.

Polisaklaýjy diýip ätiýaçlandyrýan tarap bilen ätiýaçlandyryş ylalaşygyny baglaşan ýa-da kanuna laýyklykda ätiýaçlandyrylýan tarap hasap edilýär.

Ylalaşyk baglaşylanda polisaklaýjy ätiýaçlandyrýan tarapa özüne belli bolan daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ätiýaçlandyryş töwekgelçiliklerine baha bermekde wajyp hasap edilýän ähli ýagdaýlar barada, şeýle-de ätiýaçlandyryşyň berlen obýekti boýunça öň baglaşylan we häzirki wagt baglaşylýan ätiýaçlandyryş ylalaşyklary barada habar etmegi hökmandyr. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda polisaklaýjy ätiýaçlandyrylan emläge ýetirilýän zeperiň öňüni almak we ony boldugyndan peseltmek üçin gerek bolan işleri ýerine ýetirmäge borçludyr.

Daşary ykdysady aragatnaşyklar ätiýaçlandyrma işine gatnaşýan ikinji tarap – bu ätiýaçlandyryjydyr. Ätiýaçlandyryjy–bu ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmak üçin döredilen hojalyk ediji subýekt bolup, ol ätiýaçlandyryş işini alyp barýar we ätiýaçlandyryş gaznasynyň döredilmegine we çykdajylaryna seredýär.

Daşary ykdysady aragatnaşyklary ätiýaçlandyrmak – bu daşary ykdysady töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmak diýmekdir.

Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ätiýaçlandyrylmasy şahsy, emläk, jogapkärçilik ätiýaçlandyrmalary öz içine alýar *(12-nji tablisa seret)*.

Şahsy ätiýaçlandyrma raýatlaryň ätiýaçlandyryş goraglylygyny amala aşyrmagy aňladýar.

***Emläk ätiýaçlandyrmada*** ätiýaçlandyryş gatnaşyklary bolup emlägiň dürli görnüşleri we emläk bähbitleri çykyş edýär. Emläk ätiýaçlandyrmasynyň ykdysady manysy ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmak bolup durýar.

***Jogapkärçilik ätiýaçlandyrmasynda*** ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň obýekti bolup ätiýaçlandyrylýan tarapdan haýsy hem bolsa bir hereketiň ýa-da hereketsizligiň netijesinde üçünji şahsy we edara görnüşli taraplaryň öňünde ýüze çykýan jogapkärçilik çykyş edýär.

Ätiýaçlandyrylýan tarap we ätiýaçlandyryş töleginiň ululygy diňe ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan wagtynda, ýagny üçünji tarapa zyýan ýetirilen halatynda kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş meýletin we hökmany görnüşlerde amala aşyrylyp bilner.

***Meýletin ätiýaçlandyryş*** ätiýaçlandyryş guramalary bilen ätiýaçlandyrylýan tarapyň arasynda şertnama esasynda amala aşyrylyp bilner.

***Hökmany ätiýaçlandyryş*** – bu ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryjynyň we ätiýaçlandyrylýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak meselelerini çözmekde özbaşdak däldiklerini aňladýar. Hökmany ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryjyda şertnamany baglaşmak, ätiýaçlandyrylýanda bolsa ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň degişli möçberini öz üstüne almak borjy ýüze çykýar.

Atiýaçlandyrmagyň köp görnüşleriniň ýuridiki taýdan baglaşylmagy meýletindir. Ýöne, haryt eltmeleri, syýahatçylyk hyzmatlary, gurluşyk we äkitmek boýunça işler, ol ýa-da beýleki emlägi kärendesine bermek boýunça ylalaşyklaryň häsiýeti, düzgüne görä ätiýaçlandyrmagy geleşigiň hökmany bölümi görnüşinde göz öňünde tutýar. Degişli şertnamalaryň düzümine baglylykda ätiýaçlandyryş boýunça çykdajylary taraplaryň islendigi çekip biler, şahsy bähbitlerden we milli ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň bähbitlerinden ugur alyp, ol ätiýaçlandyryş kompaniýasyny we ätiýaçlandyryşyň şertlerini saýlap alýar.

Ätiýaçlandyryş borjy diýlip, ätiýaçlandyrylýan hökmünde ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak borjuna düşünilýär.

Ätiýaçlandyryş brokerleri ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmaga ygtyýarnamasy bolan ätiýaçlandyryş guramalary bilen polisaklaýjylaryň şertnamalary esasynda öz wezipelerini amala aşyrýan garaşsyz dellallardyr. Hakykatdan hem ätiýaçlandyryş brokeri ätiýaçlandyrylýanyň hem, ätiýaçlandyryş guramalarynyň hem gaýtadan ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri boýunça ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş guramalarynyň arasyndaky bähbitlere wekilçilik edip biler.

Gaýtadan ätiýaçlandyryş amallaryny geçirmegiň kanuny bellenen tertibe laýyklykda, ätiýaçlandyryş guramasynyň kesgitlenen kadalardan artyk kabul eden

borçnamalary esasynda gaýtadan ätiýaçlandyryjylarda üsti ýapylmadyk töwekgelçilik bar bolsa daşary ýurt ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş kärhanalarynda (ätiýaçlandyryş brokerlerinde) gaýtadan ätiýaçlandyrylmaga degişli bolýar. Öz serişdeleri we öz üstüne alynýan jogapkärçilik mynasybetiniň kadasy kanun tarapyndan bellenilendir.

Gaýtadan ätiýaçlandyryjy bilen gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda ätiýaçlandyrylýanyň öňünde doly jogäpkär bolup durýar. Ätiýaçlandyrma ýagdaýynyň ýüze çykan mahalynda gaýtadan ätiýaçlandyryjy gaýtadan ätiýaçlandyryş boýunça özüne kabul eden borçnamalarynyň möçberinde jogapkärçilik çekýär.

Gaýtadan ätiýaçlandyryjy göni ätiýaçlandyryjyny gaýtadan ätiýaçlandyryş örtgüsi bolmazdan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyrylanlara tölegleri amala aşyrmaly bolan ýagdaýynda çekip biljek maliýe ýitgilerinden goraýar. Ondan başga-da, gaýtadan ätiýaçlandyryş arkaly ätiýaçlandyrylan tarapa iň gysga möhletde has netijeli gorag kepillendirilýär.

Gaýtadan ätiýaçlandyrmanyň ykdysady tebigaty gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň kesgitli şertlerde belli bir töleg esasynda ätiýaçlandyrylan töwekgelçilige gatnaşmagyndan ybaratdyr. Ol ätiýaçlandyrma ýagdaýy ýüze çykan mahalynda göni ätiýaçlandyryjynyň zeperiniň öwezini dolmak bilen bagly ýitgilerini ýapmaga borçludyr.

Gaýtadan ätiýaçlandyryşyň häzirki zaman dünýä ätiýaçlandyryş ulgamynyň iş tejribesiniň ähmiýetiniň möhümligini ätiýaçlandyryşyň barha artýan möçberi bilen subut etmek bolýar. Gaýtadan ätiýaçlandyryş şu wezipeleri ýerine ýetirýär:

– göni ätiýaçlandyryjylar ätiýaçlandyrma töwekgelçilikleriniň kabul edilmegi üçin goşmaça maliýe serişdelerini berýärler;

– ätiýaçlandyrmaga kabul edilen töwekgelçiligi ikilenç gaýtadan paýlaýar;

– göni ätiýaçlandyryjynyň tölemäge ukyplylyk görkezijileriniň ýokary bolmagyna täsir edýär;

– ätiýaçlandyrma ýagdaýy ýüze çykan mahalynda göni ätiýäçlandyryjynyň çekýän zyýanyny çalt düzgünleşdirmek üçin ygtybarly aktiwleri berýär.

Gaýtadan ätiýaçlandyryşyň sanalyp geçilen esasy wezipeleri onuň maliýe mazmunyny açyp görkezýär. Gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasy özbaşdak şertnamadyr, emma onuň baglaşylmagy göni ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrylýanyň arasynda göni ätiýaçlandyryş şertnamasy, şonuň ýaly-da onuň tarapynda ätiýaçlandyryş boýunça amala aşyrylýan iş ýok mahalynda mümkin däldir. Gaýtadan ätiýaçlandyryşyň özbaşdak hyzmat hökmünde bahasy bardyr, ol gaýtadan ätiýaçlandyryşyň belli bir görnüşlerine bolan hyrydarlygyň we onuň hödürlenişiniň netijesinde emele gelýär hem-de ätiýaçlandyryşyň formasyna we görnüşine bagly bolup durýar. Köplenç halatda gaýtadan ätiýaçlandyryş baglaşylýan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça tarifleriň ep-esli aşak düşmegine mümkinçilik berýär.

*12-nji tablisa*

**Daşary ykdysady aragatnaşyklary ätiýaçlandyrmagyň toparlara bölünişi**

- Şahsy ätiýaçlandyrma
  - Ýolagçylary ätiýaçlandyrma
  - Syýahatçylaryň ömrüni we saglygyny ätiýaçlanyrma
  - Syýahatçy-laryň saglyk ätiýaçlan-dyrmasy
  - Syýahatçylary dynç alyş wagty ýaramaz howadan ätiýaçlandyrma
- Emläk ätiýaçlandyrmasy
  - Daşary söwda işini ätiýaçlandyrma
  - Ulag arkaly ýükleri daşamagy ätiýaçlandyrma
    - Deňiz
    - Derýa
    - Demir ýol
    - Awtomobil
    - Howa
  - Maliýe töwekgel-çiliklerini ätiýaç-landyrma
    - Ýaramaz howa bolan ýagdaýyny ätiýaçlandyrma
    - Delkrederi ätiýaçlandyrma
    - Depozitleri ätiýaçlandyrma
    - Walýuta töwek-gelçiliklerini äti-ýaçlandyrma
  - Daşary ýurt maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrma
    - Maýa goýujylaryň aşakdaky töwek-gelliklerden ätiýaç-landyrylmagy:
    - Walýuta geçirimleri
    - Ekspropriasiýa
    - Uruş
    - Jemgyýetçilik bidüzgün-çiliklikleri
    - Maýa goýulan ýurduň hökümeti tarapyn-dan şertnamanyň şertleriniň bozulmagy
- Jogapkärçilik ätiýaçlandyrmasy
  - Awtoulag eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmagy
  - Karzy üzmänligi üçin karz alyjynyň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmagy
  - Ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri (ussatlyk boýunça jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmak, ekologiýa töwekgelçillikleri)
  - Ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri gurluşyk-gurnama işleri, halkara sergileri we ş.m.)

## 17.2. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň aýratyn görnüşleriniň düzümi

Syýahatçylaryň, daşary söwda ýükleriniň (ýük ýa-da ulag) daşalmagynyň, walýuta töwekgelçilikleriniň, daşary ýurt maýa goýumlarynyň, awtoulag eýeleriniň jogapkärçilikleriniň, karz alyjynyň karzy üzmedik ýagdaýyndaky jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmagy daşary ykdysady aragatnaşyklary ätiýaçlandyrmagyň has giň ýaýran görnüşlerine degişli edilýär.

### 17.2.1. Syýahatçylaryň saglyk ätiýaçlandyrmasy

Syýahatçylyk ätiýaçlandyrmasy adatça syýahatçylaryň şu aşakdaky çykdajylaryny ýapýar:

- saglyk;
- hassahana;
- tiz kömek ulagy bilen äkitmegi;
- derman satyn almak;
- betbagtçylyk ýa-da duýdansyz ýarawsyzlyk esasynda kesellänlere seretmek;
- daşary ýurtda merhum bolan ýagdaýynda jesedini äkitmek;
- zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda ýarawsyzy öz ýurduna ugratmak.

Eger ätiýaçlandyrylýan adamyň ýaşy 65-den geçen bolsa, töleg iki esse köpelýär, 70 ýaşdan geçen adamlar ätiýaçlandyrylmaýar. Ätiýaçlandyrma saglyk barlagsyz geçirilýär.

Saglyk çykdajylary ätiýaçlandyrylan ýagdaýynda diňe betbagtçylyk ýa-da duýdansyz ýarawsyzlyk esasynda ýüze çykan gyssagly gaýragoýulmaýan saglyk çykdajylaryň öwez tölegi tölenilýär. Şeýle polisler bilen özüňi bejertmek maksatly syýahata gidip bolmaýar, bu polis boýunça syýahata çenli belli bolan hroniki keselleriň bejergisi tölenmeýär.

Käbir ätiýaçlandyryş kompaniýalary öz müşderilerine saglyk ätiýaçlandyrmasyna goşmaça ätiýaçlandyrmagyň heläkçilikli waka, raýat jogapkärçiligi, syýahata gitmegi ýatyrmak bilen baglanyşykly maliýe töwekgelçiligi we beýleki görnüşlerini hödürleýär.

Eger hyzmatlaryň polis boýunça üpjün edilişini halkara hyzmat gullugy ýerine ýetirýän bolsa, ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda polisiň eýesine diňe onda görkezilen telefona jaň etmegi ýeterlikdir. Oňa bir dessine kömek bermek bilen çäklenmän, eýsem nätanyş ýerde, ýüze çykan ýagdaý boýunça gerekli maslahatlar beriler. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyrylýanyň saglyk hyzmatlary boýunça hemme çykdajylary ätiýaçlandyryjynyň hasabyna tölenilýär.

Häzirki wagtda GDA girýän döwletleriň köpüsiniň ätiýaçlandyryş kompaniýalary daşary ýurtlara gidýän syýahatçylara jogapkärçiligiň örän pes derejesi bolan polisleri hödürleýärler, bu bolsa daşary ýurtlardaky saglyk hyzmatlarynyň

bahalaryna laýyk gelmeýär, şeýle hem hödürlenýän polislere daşary ýurduň abraýly ätiýaçlandyryş edaralary gatnaşmaýarlar. Kärhana tarapyndan hödürlenýän pes tarifler, bu edaranyň telekeçilik jemgyýetinde üstünlige eýedigini aňlatmaýar.

Saglyk ätiýaçlandyrmasynyň esasy aýratynlygy, ätiýaçlandyryşyň bu görnüşinde baha bäsleşigi bolmaly däldir, polisiň arzanladylmagy, esasan, ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň hiliniň pes bolmagy ýa-da jogapkärçilik derejesiniň pes bolmagy arkaly gazanylýar. Şunuň ýaly polisi satyn alan polisaklaýjy zerur ýagdaýda diňe bir lukmançylyk kömegi bilen üpjün edilmegi howp astyna salman, eýsem ilçihanada wiza alyp bilmezligi hem mümkindir.

Şonuň üçin ätiýaçlandyryş polisi saýlanyp alnanda, onuň diňe bir bahasyndan ugur alynman, ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň hiline-de seredilmelidir.

Ätiýaçlandyryş polisi saýlanylyp alnanda esasy üns berilmeli zatlar – bu jogapkärçiligiň çäkliliginiň derejesi, üpjün edilýän saglyk hyzmatlarynyň sanawy, franşizanyň bolmagy we daşary ýurt ätiýaçlandyryş ýa-da hyzmat ediş kärhanalarynyň bolmagydyr.

### 17.2.2. Ýaramaz howa ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyrma

Ýaramaz howa ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyrma täjirçilik howpuny ätiýaçlandyrmak üçin niýetlenendir.

Ätiýaçlandyrmagyň obýekti bolup, mysal üçin, stadionlarda we beýleki açyk meýdançalarda uly aýdym-saz-sport çäreleri geçirilende ähli ýerleriň doly bolmagy çykyş edýär we çäräni guraýjynyň ony guramak üçin eden çykdajylaryny ödemelidir. Guraýjy üçin ýaramaz howa ätiýajy hökmünde ýaramaz howa (ýagyş, gar, sowuk howa we ş.m.) bolup biler. Sebäbi ýaramaz howanyň netijesinde tomaşaçylaryň bolmazlygy ýa-da artistleriň we çärä gatnaşyjy beýleki adamlaryň çykyş edip bilmezligi mümkin, netijede geçirilmeli medeni ýa-da sport çäresi ýatyrylýar.

Ýaramaz howa ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyryş polisi esasynda ätiýaçlandyryjy guraýja ätiýaçlandyryş polisinde bellenilen howa şertleri sebäpli geçirilmedik çäräniň öwez tölegini töläp bermegi boýun alýar.

### 17.2.3. Delkredere atiýaçlandyrmasy

***Delkredere*** (italýança *del creadere* – ynam) – bu komissioneriň komitentiň öňünde ylalaşygy ýerine ýetirmek üçin, komissioneriň üçünji tarap bilen baglaşan tabşyrygydyr. Komissioner delkredere üçin aýratyn sylag alýar. Üçünji tarap ylalaşyk boýunça borçlaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, delkredere jogapkärçiligini boýun alan broker ýa-da agent beýleki tarapyň çykdajylarynyň öwezini dolýar. Delkredere şertleri taraplara täjirçilik howpuny ep-esli peseltmäge ýa-da doly ara-

dan aýyrmaga mümkinçilik berýär, sebäbi broker ýa-da agent ýerli bazar boýunça bilim tejribesini ulanyp geleşigiň üstünlikli geçmegini üpjün edip biler.

**Delkredere ätiýaçlandyrmasy** – bu içerki we daşary ýurt buýrujylary harytlar we hyzmatlar bilen üpjün etmekde gysga möhletli debit bergileri boýunça ýüze çykjak töwekgelçiliklerden 180 günüň dowamynda goramagy göz öňünde tutýan ätiýaçlandyryş şertnamasydyr. Delkredere ätiýaçlandyrmasy harytlar getirilip, bahasy boýunça hasap berlenden we olar satyn alyjy tarapyndan doly kabul edilenden soň başlanýar. Satyn alyjynyň töläp bilijilik ukyby bolmadyk ýagdaýynda polisaklaýja debet bergiler boýunça ýitgileriň öwezi tölenýär.

## 17.2.4. Depozitleri ätiýaçlandyrmak

**Depozitleri ätiýaçlandyrmak** banklar tarapyndan amala aşyrylýan ätiýaçlandyrmagyň bir görnüşidir, bu ätiýaçlandyrma laýyklykda banklaryň bankrotlyk ýagdaýyna düşen halatynda, olarda maliýe serişdeleri saklaýan müşderilere pullaryň doly gaýtarylyp berilmegi kepillendirilýär. Depozitleri ätiýaçlandyrmak meýletin görnüşde amala aşyrylýar.

## 17.2.5. Walýuta töwekgelçiliklerine garşy ätiýaçlandyrma

**Walýuta töwekgelçilikleri** (puluň hümmetiniň üýtgemegi netijesinde ýüze çykan çykdajylar) girdeýji eksport edijiniň hasabyna gelende başlanýar. Daşary ykdysady şertnamalarda walýutanyň baha walýutasy we töleg walýutasy diýen iki görnüşi kesgitlenilýär.

**Baha walýutasy** – bu harydyň (hyzmatyň) bahasy kesgitlenende ýa-da berilýän halkara karzynyň jemi aňladylanda ulanylýan walýutadyr.

**Töleg walýutasy** – bu harydyň (hyzmatyň) bahasynyň hakykat ýüzünde tölenilýän ýa-da karzy ýapmak üçin ulanylýan walýutadyr. Bu walýutalar biri-biri bilen gabat gelip hem gelmän hem biler.

Walýuta töwekgelçilikleri daşary söwda amallarynyň ýerine ýetirilen döwründe töleg walýutasy bilen eksport edijiniň ulanýan ýa-da oňa gelýän serişdeleriň walýutasynyň hümmet gatnaşygy üýtgände ýüze çykýar. Walýuta töwekgelçilikleriniň ululygy walýutanyň satyn alyjylyk ukybynyň ýitmegi bilen baglydyr, şonuň üçin ol geleşik baglanyşylan we töleg tölenen seneleriň arasynyň uzaklygyna gös-göni baglydyr.

Eksport edijiniň (satyjynyň) hümmet ýitgileri töleg walýutasynyň hümmeti pese düşmänkä şertnama baglanyşylanda ýüze çykýar, netijede eksport edijiniň alan girdejisiniň milli puldaky möçberi az çykýar.

Import edijі (satyn alyjy) bolsa baha kesgitlenen walýutanyň hümmeti galanda ýitgi çeker, netijede ol harydy (hyzmaty) satyn almak üçin milli pulda has köp çykdajy etmeli bolýar.

Walýuta töwekgelçilikleriniň derejesini aşakdaky iki usuly ulanyp peseldip bolar:

– baha kesgitlemekde walýutany dogry saýlap almak;

– şertnamalar boýunça walýuta pozisiýasyny düzgünleşdirmek.

Daşary ykdysady şertnamanyň baha walýutasynyň dogry saýlanyp alynma usulynyň manysy walýutanyň hümmetiniň üýtgemegi berlen edara üçin amatly bolar ýaly baha bellemek üçin laýyk walýutany saýlap bilmekdedir. Eksport ediji üçin şunuň ýaly walýuta hökmünde «güýçli» walýuta, ýagny şertnamanyň möhletiniň hereket ediş döwründe hümmeti galyp biljek walýuta çykyş edýär. Import edijä bolsa «gowşak», ýagny şertnamanyň möhletiniň hereket ediş döwründe hümmeti pese gaçyp biljek walýuta amatlydyr. Ýöne walýutanyň hümmetiniň üýtgemegini diňe 70 % töweregi bilen çaklamak mümkindir. Ondan başga-da şertnama baglaşylanda hemişe walýutany saýlap almak mümkinçiligi bolmaýar, sebäbi oňa gatnaşyjylaryň bu meselede pikirleri garşylykly bolup biler. Şonuň üçin bir tarap walýutany saýlap alsa, ol beýleki tarapa ylalaşygyň beýleki bölümi boýunça (bahasy, karz, üpjün etme we ş.m.) eglişik etmeli bolar. Bu bolsa hemişe mümkin hem bolmaýar, peýdaly hem däldir. Baglaşylan daşary ykdysady şertnamalar boýunça walýuta pozisiýasyny düzgünleşdirmek usulyny dürli ýurtlardan bolan hyzmatdaşlar bilen köpsanly daşary ykdysady şertnamalary baglanyşýan hojalyk ediji subýektler ulanyp bilerler.

Bu usulyň manysy baglaşylan şertnamalar boýunça töleg talaplarynyň we borçlarynyň düzgünleriniň deňagramlylygyny üpjün etmekdedir. Deňagramlylygy iki usul bilen ýola goýup bolýar:

a) eksporta we importa bir wagtda şertnama baglanyşylanda, bu şertnamalaryň bir gyzyl pulda baglaşylmagyny we tölegleriň möhletiniň bir döwürde amala aşyrylmagyny berjaý etmelidir. Bu ýagdaýda eksport boýunça gyzyl pullaryň hümmetiniň üýtgemeginiň netijesinde ýüze çykan çykdajylar import boýunça gelen girdejiniň hasabyna (we tersine) ýapylýar.

b) eger hojalyk ediji subýekt daşary ykdysady işiň diňe bir görnüşine ýöriteleşen bolsa, onda walýutanyň düzüminiň köpugurlylygy maksada laýykdyr, ýagny şertnamalar baglaşylanda hümmetiniň tersine üýtgemäge meýilleri bolan birnäçe walýutalary ulanmakdyr.

**Walýuta töwekgelçiliklerine garşy ätiýaçlandyrmada iki usul ulanylýar:**

1. Walýuta boýunça bellikler.
2. Forward amallary.

*Walýuta boýunça bellikler* şertnamanyň düzümine ýörite girizilýän şertdir, oňa laýyklykda töleg walýutasynyň hümmetiniň walýuta boýunça bellige göra üýtgän möçberiniň tölegiň jeminiň üstüne tölenilmegini şertlendirýär.

Walýuta boýunça bellikler degişli bolan tölegleri walýuta haryt bazarlarynyň üýtgemeleri bilen baglanyşdyrýar. Bu walýuta töwekgelçiliklerine garşy ätiýaçlandyrmagyň has giň ýaýran görnüşidir.

Walýuta belliklerini şu aşakdaky ýaly bölýärler:

– gytaklaýyn;
– göni;
– köpsanly walýutaly (multiwalýutaly);
– eksport edijiniň peýdasyna bir taraply;
– indeksli.

**Gytaklaýyn walýuta belligi** harydyň bahasy halkara hasaplaşyklarda has giň ulanylýan pul birlikleriniň birinde kesgitlenende ulanylýar (ABŞ dollary, ýapon iýenasy we başgalar), tölegler bolsa başga pul birliginde, adatça milli pulda amala aşyrylýar. Şunuň ýaly belligiň mazmuny, takmynan şeýle bolup biler: «Baha ABŞ-nyň dollarynda, töleg ýapon iýenasynda amala aşyrylýar. Eger tölegiň öň ýanynda dollaryň hümmeti ýapon iýenasyna görä, şertnama baglaşylan gündäki hümmetinden üýtgese, degişlilikde harydyň bahasy we tölegiň jemi hem üýtgeýär».

Göni walýuta bellikleri bahanyň we tölegiň walýutasy gabat gelende ulanylýar, ýöne şertnamada bellenilen tölegiň jemi töleg gyzyl pulunyň «bellik gyzyl puly» diýip atlandyrylýan beýleki has durnukly gyzyl pula, degişlilikde hümmetiniň üýtgemegine baglaşdyrylýar. Göni gyzyl pul belligi töleg gyzyl pulunyň satyn alyjylyk hümmetiniň öňki derejesinde saklanyp galmagyna niýetlenendir.

Şonuň ýaly belligiň kesgitlemesi şeýle bolup biler: Harydyň bahasy we tölegi ABŞ-nyň dollarynda. Eger töleg gününe Nýu-Ýorkuň gyzyl pul bazarynda dollaryň hümmeti ýapon iýenine degişlilikde ylalaşyk baglaşylan günündäkä görä pes bolsa, onda dollarda harydyň bahasy we töleg jemi, degişlilikde ýokarlandyrylýar.

Multigyzyl pul bellikleri – bu töleg gyzyl pulunyň üýtgemegine proporsional bolan töleg jeminiň takyklanmagyna esaslanan belliklerdir, ýöne ulanylanda bir gyzyl pul ulanylman birnäçe saýlanan gyzyl pullar ulanylýar we olaryň hümmeti kesgitli usulyýet esasynda orta ululygy boýunça hasaplanylýar. Mysal üçin, gyzyl pul toplumynyň her biriniň hümmetiniň deslapky derejesinden orta arifmetik göterim gyşarmasy ýa-da saýlanylan gyzyl pul toparynyň hasaplanan orta arifmetik hümmetiniň üýtgeme esasynda hasaplanylýar.

Ýöne ýokarda agzalyp geçilen bellikleriň hiç biri hem gyzyl pul howplaryndan doly gorap bilmeýär. Latyn Amerikanyň bir topar döwletleriniň kanunçylyklary gyzyl pul bellikleriniň ulanylmagy polis gadagan edýär. Ondan başga-da ylalaşyga gyzyl pul belligini girizmek üçin daşary ýurt kompaniýalary ýerli edaralarda başga goşmaçalar, mysal üçin, baha boýunça eglişikleri soraýarlar.

Şeýle hem eksport edijiniň haýryna bir taraplaýyn bellik ulanylyp bilner. Mysal üçin, baha gyzyl pulunyň hümmeti kesgitlenen çäklerden çykyp biljek ýagdaýyna ylalaşykda ylalaşyk bahasynyň täzeden seredilme belligi goşulyp bilner.

Satyjynyň (eksport edijiniň) haýryna şunuň ýaly birtaraplaýyn belligiň girizilmegi hem onuň gyzyklanmasyny doly üpjün edip bilmeýär, sebäbi onuň kesgitlemesi taraplaryň ylalaşygyna bagly edilýän bahanyň mümkin bolan ulalmagynyň göwrümini kesgitlemeýär. Bu ýagdaýda bahanyň mümkin bolan üýtgeme çägini görkezmek arkaly belligi girizmek amatlydyr. Şunuň ýaly şert haryda islegiň ýok bolan ýagdaýynda eksport edijä amatlydyr, sebäbi ol hemişe satyn alyjy tapyp biler.

Indeks bellikleri boýunça tölegiň jemi bahalaryň indekslerine baglydyr. Indeks bellikleri ulanylanda şu aşakdaky ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr.

*Birinjiden,* bahalaryň indeksi ortalaşdyrylan häsiýete eýedir we olaryň üýtgemegi berlen harydyň bazardaky hakyky ýagdaýyny görkezmeýär ýa-da harydyň bahasynyň üýtgemeginiň hakyky şekilini bermän, onuň umumy ýagdaýyny görkezýär.

*Ikinjiden,* bahalaryň indeksiniň has amatlysyny saýlap almak örän çylşyrymlydyr, sebäbi bahalaryň indeksini hem milli statistika edaralary, hem dürli halkara guramalary çap edýär. Şol nukdaý nazardan milli statistika edaralary tarapyndan çap edilýän bahalar adatça import edijiniň gyzyl pulunyň satyn alyjylyk güýjüni has anyk görkezýär.

Daşary ykdysady ylalaşyklar boýunça hasaplaşyklar üçünji ýurtlaryň pul birliklerinde, has köp ulanylýan gyzyl pullarda göz öňünde tutulan bolsa, halkara guramalar tarapyndan çap edilýän indeksleri ulanmak maksada laýykdyr. Öndürmegiň we getirmegiň uzak wagty bilen bagly harytlar satylanda gyzyl pul ýitgileriniň öňüni almak üçin mümkin bolan usullaryň biri hökmünde baha gyzyl pulunyň hümmetiniň ýa-da satyn alyjylyk ukybynyň gaçma depginine laýyklykda bahany takyklama usulyny ulanyp bolar, ýagny hasaplaşyklar üçin hödürlenilýän gyzyl puluň hümmetine proporsional bahanyň galma depgini amala aşyrylýar.

Ätiýaçlandyrmada forward amallary forward öwezi dolunmagy, ýagny baha howpuň garşysyna ätiýaçlandyrmagy aňladýar.

Forward öwezini dolma amallary gyssagly ylalaşyklar arkaly amala aşyrylýar. Bu ylalaşyk satyn alyjy ýa-da satyjy tarapyndan gyzyl pul hümmetiniň duýdansyz üýtgemeleriniň öňüni almak üçin baglaşylýar.

Forward amalynyň manysy şulardan durýar. Täjirçilik ylalaşygyna gol çekilende eksport ediji ylalaşyk boýunça tölegleriň, takmynan kadasyny bilip, öz banky bilen öňünden kesgitlenen forward hümmeti boýunça geljekki pul geçirimlerini geçirip bermegi boýunça ylalaşyk baglaşýar.

Şeýlelik bilen eksport ediji öňünden milli pulda öz girdeýjisini hasaplap, şoňa görä ylalaşygynyň bahasyny kesgitläp bilýär. Elbetde, bu degişli töleglerde depozitler boýunça bankara bazarynda göterimli goýumlaryň tapawutlaryna baglydyr. Forward amallary wekillenen banklar tarapyndan amala aşyrylýar.

## 17.2.6. Daşary ýurt maýa goýumlarynyň ätiýaçlandyrmasy

**Daşary ýurt maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrma** hyzmatlaryny Maýa goýumlaryny kepillendirmek boýunça halkara gullugy (MGKHG) amala aşyrýar. Ol dünýä bankynyň agzasy bolup durýar we 1988-nji ýylyň 12-nji aprelinde esaslandy.

MGKHG-niň maksady ösüp gelýän ýurtlary daşary ýurt maýa goýumlary boýunça şu aşakdaky ugurlarda ugrukdyrmak bolup durýar:

– gyzyl puly geçirmek, elinden almak, uruş, raýat gozgolaňlary we maýa goýumy goýlan ýurduň hökümeti tarapyndan ylalaşygyň bozulmagy bilen bagly howplaryň garşysyna maýa goýum goýujylara kepillikleri bermek;

– ösüp gelýän ýurtlara, şeýle hem şol ýurtlary maýa goýuma amatly etmek üçin işleýän gullugyň agzalaryna maslahatlar bermek.

**Gyzyl puly geçirmek bilen bagly howplary** ätiýaçlandyrma maýa goýujynyň ýerli pulda alan serişdelerini daşary ýurda çykarmak üçin gyzyl pula öwrülip bilmezliginiň çykdajylaryndan goraýar. Maýa goýum goýujy gyzyl pul çalşygy boýunça çeken çykdajylarynyň öwezini dolar. Bu çykdajylar ösüp gelýän ýurduň hökümetiniň hereketsizligi, gyzyl puly çalyşmakda kanunlaryň üýtgemegi we beýleki sebäplere görä hem bolup biler. Ätiýaçlandyrmanyň bu görnüşi ýerli puluň dewolwasiýasyny ýapyp biler.

**Elinden alynmagy bilen bagly howplardan ätiýaçlandyrma** maýa goýum goýujynyň ätiýaçlandyran serişdesini hökümetiň hereketi netijesinde bölekleýin ýa-da doly ýitirmesinden goraýar. Şeýle hem ätiýaçlandyrmanyň bu görnüşi milleşdirmekden, elinden almakdan we «gizlin» elinden almadan – hökümetiň yzly-yzyna çykarýan namalary boýunça elinden almadan goraýar.

Ätiýaçlandyrmany çäkli görnüşde, mysal üçin, kesgitli pul bölegini ýa-da esasy serişdeleri elinden alnan ýagdaýlarda hem edip bolar. Ätiýaçlandyryş hukugy peseldilmeýän çärelere ýöredilmeýär, ýagny hökümet kanunçylyk çäginden çykman öz işlerini ýerine ýetirýän ýagdaýlary bilen görýän çäreleri üçin degişli däldir.

Maýa goýumy doly elinden alnanda, mysal üçin, pul serişdeleri ýa-da esasy gorlar bölekleýin elinden alnanda MGKHG ätiýaçlandyrylan maýa goýumlaryň bellenen bahalaryny töleýär. Ätiýaçlandyryş barlaglaryň halkara birleşmesi (ÄBHB) pul serişdeleriniň ätiýaçlandyrylan bölegini ýa-da bellenen bahasyny töleýär.

**Ylalaşygyň şertlerini bozmak bilen bagly howplary ätiýaçlandyrma** maýa goýujyny maýa goýýan ösüp gelýän ýurduň hökümeti ylalaşygy bozan ýa-da ýerine ýetirmedik ýagdaýynda goraýar. Bu ýagdaýlarda ejir çeken tarap arbitraždan ýitgileriniň bolandygy boýunça tassyknama almalydyr. Eger arbitražda görkezilen döwürde tarap ýitgileriniň öwezini dolmasa, onda MGKHG şol ýitgileriň öwezini dolýar.

MGKHG özüniň islendik agzasynyň ÄBHB-i agzasy bolan islendik ösüp gelýän ýurda islendik maýa goýumlaryň göwrümini giňeltmäge, taslamany täzelemäge we serişdelerini üýtgetmäge ýa-da hususylaşdyrylan döwlet emlägini satyn almaga niýetlenen goşmaça maýa goýumlaryny ätiýaçlandyryp berýär.

Maýa goýum serişdesi islendik görnüşde bolup biler (esasy serişde, maýa goýumy ýa-da esasy serişdäniň eýesi tarapyndan 3 ýyla çenli möhlet bilen berilýän maýa goýum kepilligi), taslama bilen bagly bolmadyk müşderiler üçin karzlar şol taslamadaky esasy serişdeler bilen bilelikde ätiýaçlandyrylyp bilner. Ätiýaçlandyrma maýa goýumlarynyň beýleki görnüşlerini hem öz içine alyp biler.

## 17.2.7. Awtoulag eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmasy

Awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň jogapkärçiligini ätiýaçlandyrma obýekti hökmünde ýol-ulag hadysasy bolan ýagdaýynda beýleki adamlara mümkin bolup ýetiren zyýanyna raýat jogapkärçiligi bolup durýar. Yetirilen maddy zyýany we ejir çeken raýatlaryň beýleki çykdajylary ätiýaçlandyrylyş kompaniýasy tarapyndan tölenmelidir.

Ätiýaçlandyrylmanyň bu görnüşi boýunça döwülen ulagy we beýleki maddy serişdeleri dikeltmek bilen bagly maddy çykdajylar, ýarawsyzlyga uçran raýatlaryň bejergisi, iýmitlendirilişiň gowulandyrylmagy, hünärini üýtgetmegi, ýarawsyzlyk ýa-da ölümi netijesinde maşgala eklenjiniň öweziniň dolunmagy, şol sanda çagalaryna ýa-da ýakyn hossaryna ömürlik pensiýa tölenýär.

Halkara tejribeliginde awtoulaglaryň eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmasy «ýaşyl karta» ady bilen bellidir.

**Ýaşyl karta** – awtoulag eýesiniň raýat jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyrylmasynyň halkara ylalaşyklar ulgamydyr. Bu ada ol ätiýaçlandyrylyş polisiň reňki we şekili üçin eýe boldy.

«Ýaşyl karta» 1949-njy ýylda esaslandyryldy. Ol 32 döwletleriň çäklerinde ulag serişdeleriniň erkin hereket etmegini kepillendirýär. Zyýan ýetirme bilen bagly jogapkärçilik göwrümi adatça şol ýurtda hereket edýän hökmany awtoraýat ätiýaçlandyrylma kanuny bilen dolandyrylýar.

Ýewropa ýurtlarynyň hemmesinde diýen ýaly awtoraýat ätiýaçlandyrylmasy hökmanydyr. Şonuň ýaly döwletler ýaşyl karta ulgamyna birigýärler.

1997-nji ýylda «ýaşyl kartanyň» Ýewropa bölümçesine täze agzalaryň kabul ediş düzgünleri üýtgedildi. Islendik ýurt «ýaşyl karta» ulgamyna hökmany awtoraýat kanunçylygy bolmasa-da, ýöne hemme beýleki talaplary ýerine ýetirse girip biler. Şonuň ýaly agzalara «tranzit agzalar» diýlip, olaryň hukuklary we agzalyk möhleti çäkli bolýar (iki ýyl). Olar diňe degişli kanuny kabul edenden soň doly hukukly agza bolýarlar.

## 17.2.8. Ekologiýa howplaryny ätiýaçlandyrma

Ekologiýa howplaryny ätiýaçlandyrma ätiýaçlandyryjynyň daşky gurşawy hapalama howpy bilen bagly howplaryna jogapkärçiligi öz içine alýar. Şolar ýaly howplara, mysal üçin, tankerlerden nebit önümleriniň akyp çykmagy we olaryň suwlary we kenar ýakalary hapalamagy; ýadro energiýasyny parahatçylyk maksatlary bilen ulanylanda üçünji taraplara ýadro zaýýanyny ýetirilenligi üçin jogapkärçilik ätiýaçlandyrylmasy; ýerasty suwlaryny, ýeri we howany hapalanlygy üçin jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmasy; dag senagatynyň netijesindäki zyýanlar üçin jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmasy degişlidir.

Ekologiýa howplary ätiýaçlandyrylmak ol ýa-da beýleki döwletde hereket edýän tebigaty goraýyş kanunçylygyň kadalaryna esaslanýar. Bu ätiýaçlandyrylmanyň maksady polis saklaýjynyň günäsi zerarly üçünji tarapyň çeken ýitgileriniň öwezini dolmakdyr.

Käwagtlar ekologiýa howplar boýunça jogapkärçilik polisi saklaýjynyň daşky gurşawy hapalamak boýunça ulanýan enjamlarynyň daşky gurşawa howpludygy subut edilse (günäniň derejesine bagly bolmazdan ýitginiň öwezini dolmagy hökmanydyr diýen ýörelge ýörände), günäsi bolmadyk ýagdaýynda hem bolup biler. Bu ol ýa-da beýleki döwletiň milli ekologik kanunalaýyklygynyň aýratynlyklary bilen baglydyr. Şol bir wagtda ätiýaçlandyryjylar, adatça öwezini dolma töleglerine diňe haýsy hem bolsa bir betbagtçylygyň netijesi bilen bagly daşky gurşawyň hapalanma ýagdaýlaryny goşýarlar, polis saklaýjynyň öňünden niýet eden hereketleri bilen bagly boljak meýilleşdirilen zyňyndylary we çykdajylary göz öňüne tutmaýarlar.

Ekologiýa howplary ätiýaçlandyrmak bir gezek ätiýaçlandyrma hadysasy boýunça örän uly tölegleriň tölenmegi bilen bagly bolup biler. Şonuň üçin seýrek bolmadyk halda onuň şertlerinde halkara konwensiýalarynda we ylalaşyklarda kesgitlenen tölegleriň çäkli töleglerini agzap geçýärler.

## 17.3. Halkara ätiýaçlandyryş institutlary

**Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ätiýaçlandyrylyşy** dürli halkara ätiýaçlandyrylyş amallaryny geçirmek arkaly amala aşyrylýar.

**Halkara ätiýaçlandyryş amallary** – ätiýaçlandyryş gaznasyny durmuşa ornaşdyrmak boýunça dürli ýurtlaryň milli ykdysadyýetleriniň arasyndaky hojalyk gatnaşyklarynyň jemidir.

Halkara ätiýaçlandyrylyş amallaryny guramaçylyk-hukuk görnüşi boýunça şu aşakdakylara bölmek bolar:

**Göni halkara ylalaşyk amallary** – ýurduň polis saklaýjysy ätiýaçlandyrma ylalaşygyny beýleki ýurduň ätiýaçlandyryjysy bilen baglaşyp bilýär. Şunuň ýaly

amallary daşary ýurtly ätiýaçlandyryjynyň özüniň we onuň wekilleriniň üsti bilen amala aşyryp bolýar.

**Göni ätiýaçlandyrmalar** – ätiýaçlandyrma ylalaşyklary ätiýaçlandyryjynyň daşary ýurtdaky wekilleriniň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu amallar milli ätiýaçlandyrylma bazary ýok mahaly, kesgitli maliýe-täjirçilik artykmaçlyklar (has pes tarifler, öwezini dolmagyň uly göwrümi we ş.m.), ýuridiki borçlar bolanda (daşary ykdysady ylalaşyklara, degişlilikde SIF şertlerinde), eksport ediji import edijiniň bellän daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýasynda ätiýaçlandyryljakdygyny boýun alanda amala aşyrylýar.

**Araçy ätiýaçlandyrmalar** – ätiýaçlandyryş ylalaşyklary özbaşdak daşary ýurt ýuridiki ätiýaçlandyrylyş kompaniýalary, ýagny golçur ätiýaçlandyryş kärhanalary tarapyndan baglaşylýar.

**Täzeden ätiýaçlandyrylmak** – bu ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy bolmak bilen, oňa laýyklykda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş howplaryny öz boýnuna alyp, olar boýunça jogapkärçiligiň bir bölegini ylalaşylan şertlerde beýleki ätiýaçlandyryjylara berýär we şonluk bilen ätiýaçlandyryş amallarynyň maliýe durnuklylygyny üpjün edýär, ätiýaçlandyrmagyň deňagramly bukjasyny döredýär.

Täzeden ätiýaçlandyrma özbaşyna bir ätiýaçlandyryjy (täzeden ätiýaçlandyryjy) tarapyndan beýleki ätiýaçlandyryjyny ylalaşykda kesgitlenen şertlerde borçlaryň hemme ýa-da belli bir bölegini ýerine ýetirmek howpuny ätiýaçlandyrmakdyr.

Halkara ätiýaçlandyryş bazarynda beýleki ätiýaçlandyryş ýa-da täzeden ätiýaçlandyryş kärhanalaryna howplary doly geçirmek üçin, köplenç, frontirleme ýa-da fronting (iňlisçe front – öňe çykma) ulanýarlar.

FRONTING – bu bir kärhana tarapyndan ylalaşyk baglaşyp, onuň howpuny bolsa üçünji tarapa bermeklikdir, bu ýagdaýda, köplenç, müşderi üçünji tarapyň kimdigini bilmän galýar. Başgaça aýdylanda, fronting diýmek beýleki ätiýaçlandyryş kärhanalaryna, köplenç, olaryň gyzyklanmasy boýunça doly ýa-da bölekleýin geçirmek maksady bilen howplary ätiýaçlandyrmagy boýun almakdyr.

Bu amal ätiýaçlandyryjy dürli sebäplere görä bazara girip bilmedik ýagdaýynda amala aşyrylýar. Şonda ätiýaçlandyryjy kesgitli sylag üçin ýerli ätiýaçlandyryş kompaniýasyna ätiýaçlandyryş polisini resmileşdirmek üçin ýüz tutýar, soňra bolsa onuň hemme howplaryny we ýygyndylaryny öz hasabyna geçirýär.

Beýleki ätiýaçlandyryjynyň haýyşy boýunça ätiýaçlandyryş polisini berýän ätiýaçlandyryjy kärhana 100% howplaryň haýyş bilen ýüzlenýän kärhana geçiriljegini göz öňüne tutanda frontirleýji, ätiýaçlandyrylyş polisiň özi bolsa FRONT POLIS diýip atlandyrylýar.

Ätiýaçlandyrylyş kompaniýalary front polisi resmileşdirmäge örän oýlap tapyjylykly gatnaşýarlar, sebäbi mümkin bolan närazyçylyklarda polisi beren edara jogapkär bolmaly bolýar.



12. Sargyt № 832

Halkara ätiýaçlandyryş bazarynda halkara ätiýaçlandyryş institutlarynyň köpüsi: assosiasiýalar, býurolar, toparlar, birleşmeler, guramalar, komitetler, federasiýalar *(13-nji tablisa)* hereket edýär.

**Halkara ätiýaçlandyryş institutlarynyň häsiýetnamasy**

*13-nji tablisa*

| **Institutyň ady** | **Döredilen ýyly** | **Baş kabulhanasynyň ýerleşýän ýeri** | **Ýerine ýetirýän maksatlary, wezipeleri we beýleki häsiýetnamalar** |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Aktuariýleriň halkara guramasy | 1895 | Brýussel | Birnäçe ýurtlaryň aktuariýleriniň milli birleşmeleriniň halkara hyzmatdaşlygyny we alyp barýan işleriniň ugrukdyrmasyny amala aşyrmak. Ätiýaçlandyryş matematikasynda alnyp barylýan ylmy barlaglara ýardam bermek. |
| Özara ätiýaçlandyryş jemgyýetçilik guramalarynyň halkara birleşmesi | 1963 | Amsterdam | Dürli ýurtlaryň özara ätiýaçlandyryş jemgyýetçilik guramalarynyň alyp barýan işlerini ugrukdyrmak, özara tejribe we maglumat alyş-çalşygy bilen meşgullanmak (26 döwletden 200-den gowrak jemgyýetçilik guramalary); halkara guramalarda öz agzalarynyň bähbitlerini goramak. |
| Ätiýaçlandyryş boýunça halkara birleşmesi | 1946 | Sýurih | Atiýaçlandyryş, karz meselelerini öwrenmek, birleşmesiniň agzalarynyň bähbitlerini goramak, tejribe we maglumat alyş-çalşygy, gysga möhletleýin (3 aýdan 12 aýa çenli) eksport karzlaryny ätiýaçlandyrýan kompaniýalaryň arasyndaky aragatnaşyklary amala aşyrmak. Ýörite resminamalarda karzlary ätiýaçlandyrýan ikinji halkara birleşme diýlip atlandyrylýar (bularyň birinjisi Parižde 1928–1939-njy ýyllar aralykda hereket edipdi). |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Tankerleriň eýeleriniň hapalanma ýagdaýynda jogapkärçiligini çäklendirmek boýunça Halkara federasiýasy (tankerleri ätiýaçlandyrmak boýunça halkara birleşmesi) | 1969 | London | Tankeriň eýelerini suwa dökülen nebitiň hapalaryny arassalamak bilen baglanyşykly çykdajylary ätiýaçlandyryş tölegleri bilen öwezini dolmaga itermek. Kenarýakalary hapalanmakdan goramak. |
| Ätiýaçlandyryş hukugy boýunça halkara birleşmesi | 1962 | | Ätiýaçlandyryş işiniň ösüşiniň ylmy-tejribe meselelerini öwrenmek. Nutuklary çap etmek, gurultaýlaryň we maslahatlaryň geçirilmegi. Ýewropa Bileleşigi ýurtlarynda ätiýaçlandyryşyň ýeke-täk bazaryny emele getirmek. |
| Ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş araçylarynyň halkara birleşmesi | 1937 | Pariž | Ätiýaçlandyryş bazarynyň araçylarynyň arasynda halkara gatnaşyklara we maglumat alyş-çalşyna ýardam bermek. Ätiýaçlandyrmada marketing we beýleki meseleler boýunça barlag işlerini alyp barmak. |
| Ätiýaçlandyryş barlaglary boýunça halkara assosiasiýasy | 1973 | Ženewa | Ätiýaçlandyryş boýunça ylmy barlaglardaky çaklamalara ýardam bermek, ätiýaçlandyrma boýunça ylmy bilimleri ýaýratmak. Ätiýaçlandyryjy hünäriniň jemgyýetçilik abraýynyň ösüşine ýardam bermek. Ýörite ylmy maksatnamalary guramak we gözegçilik etmek. |
| Niderlandlaryň halkara topary | 1963 | Gaaga | Niderlandlaryň iň iri ätiýaçlandyryş holdingi. Dünýäniň 5 yklymynyň 24 ýurdunda ätiýaçlandyryş boýunça öz golçur kärhanalary bar. Ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşlerini ýerine ýetirýär. |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Halkara söwda palatasy | 1919 | | Söwdada we ätiýaçlandyryşda erkin söwda we hususy telekeçilige ýardam berýär. Hökümet we döwlet derejelerinde hökümetiň wezipelerini ýerine ýetirmek boýunça täjirlere iş ýüzünde kömek berýär. |
| Kooperatiw ätiýaçlandyryşyň halkara federasiýasy | | | 37 ýurduň ätiýaçlandyryş kooperatiw guramalaryny birleşdirýär. Olaryň arasynda maglumat, hünarmen alyş-çalyşlaryny amala aşyrmak boýunça ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş ugrunda halkara hyzmatdaşlyga giňden ýardam berýär. |
| «Ýaşyl kartanyň» halkara býurosy | 1949 | London | «Ýaşyl karta» milli býurolaryň işini ugrukdyrmak. Serhetden geçilende şahsy we edara görnüşli taraplarda ätiýaçlandyryşyň bardygyny barlamak we beýlekiler. |
| Maýyplary we keselli adamlary ätiýaçlandyrmak boýunça halkara guramasy | 1927 | | Gowşak saglykly we keselli adamlaryň ömrüni ätiýaçlandyrmagyň statistiki we maliýe meseleleri boýunça tejribe alyş-çalşygy. |
| Töwekgelçiligi seljermek boýunça halkara guramasy | 1981 | ABŞ | Ylmy-tejribe işiň dürli ugurlaryndaky çözgütleri optimallaşdyrmak maksady üçin töwekgelçiligi seljermegiň usulyýetini peýdalanmak. Töwekgelçiligi peseltmekligiň usullaryny işläp taýýarlaýar. |
| Halkara ätiýaçlandyryş guramasy | 1965 | ABŞ | Ätiýaçlandyryşyň meseleleri boýunça bilim we ylmy maksatnamalary amala aşyrmakda ýardam bermek. Ätiýaçlandyryş maglumatlaryny alyş-çalyş etmek. Neşirýat işi. |
| Aktuariýleriň halkara kongresi | | | Birnäçe ýurtlaryň aktuariý-hünärmenleriniň halkara birleşiginden ybarat. Bu ugurda birinji kongres 1895-nji ýylda Belgiýada, soňky kongres 1988-nji ýylda Helsinkide bolup geçdi. |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Halkara deňiz komiteti | 1897 | Antwerpen | Bu ugur boýunça gabat gelýän halkara ylalaşyklaryň taslamalaryny taýýarlamagyň esasynda halkara deňiz we söwda hukuklaryny we iş tejribesini bir nusga getirmek, deňiz daşamalarynda deňiz ätiýaçlandyryşyň, gämileri bellige almagyň, demerej we dispaç boýunça gatnaşyklaryň düzgünlerini işläp taýýarlamak we ş.m. |
| Awiasiýa ätiýaçlandyryşy boýunça halkara bileleşigi | 1934 | London | Awiasiýa ätiýaçlandyryşy bilen meşgullanýan ätiýaçlandyryş kärhanalary birleşdirýär. Maglumatlary alyş-çalyş etmekde ýardam bermek we ş.m. |
| Deňiz ätiýaçlandyryşy boýunça halkara bileleşigi | 1874 | Sýurih (1946-njy ýyldan bäri) | Wekilhana deňiz ätiýaçlandyryşyny ösdürmek we bähbitleri goramak. Deňiz ätiýaçlandyryşyň bähbitlerini goramak we ösdürmek, deňiz işini ätiýaçlandyrmagyň halkara syýasatyny emele getirmek we ş.m. |
| Maýa goýumlaryny we karzlaryny ätiýaçlandyryjylaryň halkara bileleşigi | 1934 | Bern, sekretariaty Parižde ýerleşýär | Halkara söwdasyny karzlaşdyrmagyň ylalaşylan şertlerini ulanmak, eksport karzlaryny kepillendirmek, möhleti bilen 1 ýyldan 5 ýyla çenli berilýän eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmak boýunça tejribe we maglumat alyş-çalşygyny üpjün etmek. |
| Tehniki töwekgelçilikleri ätiýaçlandyryjylaryň halkara bileleşigi | 1968 | Mýunhen | Tehniki (gurluşyk-gurnama, maşynlaryň näsazlygy, döwülmegi, işe girizilenden soňky kepillik boýunça jogapkärçilik) töwekgelçilikleri amala aşyrýan ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň arasynda maglumat we tejribe alyş-çalşygyny üpjün etmek. |

Dünýäniň ätiýaçlandyryş bazarynyň umumy göwrümi häzirki wagtda, takmynan 4 trillion dollardan hem geçýändir. Bu ululyk her ýylda tölenýän ätiýaçlandyryş tölegleriniň jemidir. Dünýäniň ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň bazarynda dürli göwrümli kärhanalar hereket edýär. Ýöne olaryň köpüsi transmilli korporasiýalardyr. Käbir ätiýaçlandyryş kärhana bolsa golçur transmilli korporasiýalaryna hyzmat etmek üçin döredilýär.

XVIII bap

# HALKARA SYÝAHATÇYLYK

## 18.1. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň ykdysady esasy we toparlara bölünişi

Syýahatçylyk pudagy dünýä ykdysadyýetinde uly orny eýeleýär. Köplenç halatlarda, syýahatçylyk dürli ýurtlarda ýurduň tutuş milli ykdysadyýetini sagdynlaşdyrmaga güýçli täsir edýändigi bellidir. Köp ýurtlarda syýahatçylyk jemi içerki önümi emele getirmekde, goşmaça iş orunlaryny döretmekde we ilaty iş bilen üpjün etmekde, daşary söwda balansynyň işjeňleşmeginde uly orny eýeleýär.

Syýahatçylyk (fransuzça – *tourisme tour* – gezelenç, ýola düşmek) jemgyýetiň ösüşiniň önümi hökmünde ýüze çykdy. Syýahatçylyk – bu lezzet, bilesigelijilik islegini kanagatlandyrmakdyr *(14-nji tablisa)*.

Syýahatçylygyň takyk kesgitlemesi aşakdaky ykdysady hasaplamalara esaslanmalydyr:

– syýahatçylyk adamyň dürli syýahatçylyk nokatlaryna süýşmeginiň netijesidir;

– syýahatçylyk mydama kesgitlenen nokada syýahat etmek we şol ýerde saklanmak ýaly iki sany bölegi öz içine alýar;

– syýahat etmek syýahatçylaryň hemişelik ýaşaýan ýurdundan (sebitinden) gitmegini aňladýar;

– syýahatçylyk – bu syýahatçynyň wagtlaýyn syýahatçylyk ugry boýunça hereket etmegini, şeýle-de onuň belli bir wagtdan soň öz hemişelik ýasaýan ýerine gaýdyp gelmegini aňladýar;

syýahatçylyk – bu peýda almak bilen bagly bolan işi özünde jemlemeýän syýahatdyr.

Syýahatçylygyň BMG tarapyndan kabul edilen häzirki zaman kesgitlemesine laýyklykda, **syýahatçylyk** – bu adamynyň hemişelik ýaşaýan ýerinden başga bir ýere gidip, saglygyny we beden taýdan ösüşini berkitmegine täsir edýän işjeň dynç alyşdyr.

Syýahatçylyk – bu dynç alyş, bejeriş, medeni, ylmy we işewür duşuşyklara gatnaşmak syýahaty bilen bagly bolan lezzetdir.

Syýahatçylyga bolan islegi ýüze çykarýan sebäpleri **aň-bilim, sebitleýin, ykdysady** diýen üç sany esasy topara bölmek bolýar.

**Aň-bilim** toparyna taryhy; medeni, hojalyk we tebigy-howa gymmatlyklara bolan gyzyklanma degişlidir.

Taryhy-medeni gymmatlyklara taryhy we arheologik ýadygärlikleri, muzeýleri, çeperçilik galereýalary, teatrlary we beýleki obýektleri degişli etmek bolar.

Tebigy-klimat gymmatlyklara ýaramly klimat şertleri degişli etmek bolar. Bejeriş we sagaldyş etraplar-syýahatçylary esasy özüne çekýän sebäpleriň biri bolup durýar.

Hojalyk gymmatlyklara hojalygy ýöretmegiň özboluşly aýratynlyklara eýe bolan görnüşlerini degişli etmek bolar.

**Sebitleýin** topara syýahatçylary sebite çekmäge sebäp boljak şol sebitdäki wakalary degişli etmek bolar. Muňa şüweleňler, sergiler, kinofestiwallar we ş.m. mysal bolup biler.

**Ykdysady** topara syýahatçylygyň ýaşaýyş-durmuş şertleri degişli edilýär. Muňa hyzmatlar ulgamyny, ulag ulgamyny, bölek satuw we iýmit kärhanalar ulgamyny, şol sanda daşary ýurt syýahatçylary üçin (harytlary pes bahadan satýan) dükanlary degişli etmek bolar.

Syýahat etmegiň maksadyna laýyklykda syýahatçylygyň: rekreasion, bejeriş, öwreniş, işewür, dini, etniki, üstaşyr görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Syýahatçylygyň görnüşleri syýahatçylar üçin syýahaty guramak we olara hyzmat etmek esasynda tapawutlandyrylýar. Häzirki wagt syýahatçylygyň şahsy we toparlaýyn görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**Şahsy syýahatçylyk** – bu bir adamdan bäş adam aralykdaky şahslaryň syýahaty bolup, olara şahsy häsiýete eýe bolan hyzmat hödürlenilýär.

**Toparlaýyn syýahatçylyk** – bu alty we ondan köp adamlaryň bir ugur we hemmeler üçin deň şertlerde syýahat etmegidir.

**Syýahatçylyk serişdeleri** – bu syýahatçylaryň rekreasion, medeni, dini, öwreniş we beýleki isleglerini kanagatlandyryp biljek tebigy-klimatiki, taryhy, durmuş-medeni, ylmy, senagat we beýleki obýektleriň jemidir.

**Syýahatçylyk pudagy** – bu syýahatçylyk hyzmatlaryny öndürmäge, paýlamaga, alyş-çalyş etmäge we sarp etmäge, syýahatçylyk serişdelerini özleşdirmäge we peýdalanmaga, şeýle-de syýahatçylygyň maddy-tehniki binýadyny emele getirmäge ýardam berýän maddy we maddy däl önümçilik birlikleriniň jemidir.

Syýahatçylyk pudagy syýahatçylyk işlerini amala aşyrýan myhmanhanalary, ulag serişdelerini, jemgyýetçilik-iýmit obýektlerini, dynç alyş obýektlerini we serişdelerini, aň-bilim, işewür, sagaldyş, sport we beýleki maksatly obýektleri, şeýle-de gezelenç hyzmatlaryny we gid-terjimeçileriň hyzmatlaryny hödürleýän guramalaryň jemini özünde jemleýär.

**Syýahatçylyk sebiti** – bu syýahatçylary kabul etmek üçin syýahatçylyk serişdeleri we şertleri bar bolan, şeýle-de syýahatçylaryň dürli isleglerini kanagatlandyrmak üçin gerek bolan hyzmatlaryň kesgitli toplumyny hödürleýän geografiki çäkdir.

## Syýahatçylygyň klassifikasiýasy

*14-nji tablisa*

| SYÝAHATÇYLYK | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Syýahatyň maksady boýunça | Maliýeleşdirmegiň çeşmeleri boýunça | Syýahatçylaryň sany boýunça | Syýahatçylaryň ýaş derejelerine göra | Syýahatçylyk akymlarynyň depgini boýunça | Syýahatyň dowam ediş wagty boýunça | Ulanylýan ulag serişdeleri boýunça | Gurnamagyň usuly boýunça | Syýahatyň uzaklygy boýunça |
| şypahana | täjirçilik | şahsy | çagalar | möwsümleýin | gysga möhletli | demir ýollary | gurnalan | ýakyn |
| işewür | durmuş | toparlaýyn | ýaşlar | bütin ýyl dowam edýän | uzak möhletli | howa ýollary | guralmadyk | uzak |
| gezelenç | | | orta ýaşly şahslar | | | awtomobil ýollary | | |
| dini | | | orta ýaşdan uly şahslar | | | awtobus | | |
| etniki | | | garyşyk | | | gämi | | |
| beýleki | | | | | | tigir | | |
| | | | | | | Ulagyň beýleki görnüşleri | | |

Syýahatçylyk sebitine şäherden başlap birnäçe ýurtlaryň bütewi toplumy hem degişli edilýär. Ähli zat syýahatçylygyň şahsy isleglerine we syýahatçylygyň maksadyna baglydyr. Şonuň üçin «syýahatçylyk sebiti» düşünjesiniň düýp esasyny has giňişleýin açmak maksady bilen onuň düzümi: mega- (dünýä ykdysadyýeti), makro- (ýurt), mezo- (milli syýahatçylyk-rekreasion zolaklar), mikro- (ülke, welaýat, şäher) derejelere bölünýär.

Bütindünýä söwda guramasy dünýäni alty sany syýahatçylyk (makroderejede) sebitine bölýär. Olar:

– Ýewropa – bu sebite ähli Ýewropa ýurtlary, şol sanda, ähli öňki SSSR ýurtlary we Ortaýer deňziniň gündogar ýurtlary;

– Amerika – bu sebite Demirgazyk, Günorta, Merkezi Amerika ýurtlary, ada ýurtlar we Karib basseýniniň çäkleri;

– Aziýa-Ýuwaş umman – bu sebite Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary, Awstraliýa we Okeaniýa ýurtlary;

– Ýakyn Gündogar – bu sebite Günbatar we Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary, Müsür we Liwiýa girýär.

– Syýahatçylyk bazary – bu syýahatçylyk-gezelenç hyzmatlarynyň pula we yzyna puluň syýahatçylyk-gezelenç hyzmatlaryna öwrülmek prosesini özünde jemleýän bütindünýä hojalyk aragatnaşyklar ulgamydyr.

**Syýahatçylyk bazary** – bu syýahatçylyk hyzmatlarynyň satylyşy-satyn alnyşy bilen baglanyşykly şertnamalaryň baglaşylýan ýeridir, syýahatçylyk hyzmatlaryny ýerlemek üçin gerek bolan durmuş-ýaşaýyş-ykdysady şertleridir.

**Syýahatçylyk önümi** – syýahatçylyk hyzmatlaryny we harytlaryny sarp etmeklige ýardam berýän syýahatçylyk hyzmatlarynyň, işleriň tertipleşdirilen jemidir.

Syýahatçylyk hyzmatlaryny öndürijiler bolup, syýahatçylyk isleglerini kanagatlandyrmak we peýda almak maksady bilen işleýän syýahatçylyk kärhanalary çykyş edýärler.

**Syýahatçy** – bu syýahatçylyk hyzmatlaryny satyn alyjydyr.

**Syýahatçylyk infrastrukturasy** – bu syýahatçynyň dynç alşyny doly derejede üpjün edýän suw, lagym, gaz geçirijiler, awtoýollar, awtoduralgalar, demir ýollar, demir ýol we howa menzilleri, bejeriş-şypa beriji merkezler, medeni-dynç alyş toplumlary ýaly ýerüsti we ýerasty desgalaryň jemidir.

**Syýahatçylyk hyzmaty** – bu syýahatçylyk hyzmatlaryny ýerine ýetirýän ulgamda syýahatçynyň syýahatçylyk islegleriniň üpjün edilmegine we kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen hereketleriň jemidir.

**Syýahatçylygyň resmiligi** – bu syýahatçylyk gezelençlerini guramakda, resmileşdirmekde we ýerine ýetirmekde hökman berjaý edilýän, kanuny taýdan we bellenilen tertip boýunça zerur bolan düzgünler, şertler we hereketlerdir.

**Halkara syýahatçylyk** – bu syýahatçylyk maksatlary bilen bir ýurduň ýaşaýjylarynyň beýleki ýurda syýahat etmegini we ol ýerde bolmagyny guramak bilen bagly bolan işiň görnüşidir. Döwlet çäklerinden geçilende syýahatçylar tarapyndan pasport, wiza, walýuta, gümrük we arassaçylyk-epidemiologiki resminamalaryň alynmagyň berjaý edilmegi halkara syýahatçylygy içerki syýahatçylykdan tapawutlandyrýar.

Syýahatçylygy haryt hökmünde eksportirläp we importirläp bolýar.

**Syýahatçylyk importy** – bu ýurda beýleki ýurtdan syýahatçylyk duýgulary bilen birlikde syýahatçynyň pul serişdelerini getirmegini aňladýar.

**Syýahatçylyk eksporty** – bu bir ýurtdan beýleki ýurda sýahatçylyk duýgulary bilen birlikde syýahatçynyň pul serişdelerini alyp gitmegini aňladýar.

Syýahatçylyk eksporty we importy syýahatçylyk bazarynda satylýar.

Syýahatçylygyň we syýahatçylyk bazarynyň ösmeginiň uly ykdysady manysy bar. Ol umumy ykdysady meseleleri çözmekde uly ähmiýete eýedir. Syýahatçylygyň ösmegi hojalygyň beýleki pudaklarynyň hem çalt depginde ösmegini talap edýär.

## 18.2. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň dünýä bazary

Syýahatçylyk hyzmatlarynyň dünýä bazarynyň düzümi *15-nji tablisada* berlen.

Tablisadan görnüşi ýaly dünýäniň ähli ýurtlary hökmünde berlen syýahatçylyk hyzmatlarynyň bazary öz içinde:

– ýurtlaryň toparlary hökmünde berlen syýahatçylygyň sebitleýin bazarlary;

– aýratyn ýurtlaryň milli syýahatçylyk bazarlary;

– aýratyn ýurtlaryň syýahatçylyk-rekreasion zolaklarynyň çäklerindäki syýahatçylyk hyzmatlarynyň sebitleýin bazarlary özünde jemleýär.

Bular öz gezeginde her görnüşiň aşagynda esasylary görkezilen bir topar görkezijilerden ybaratdyr. Bu görkezijileriň esasynda dünýä syýahatçylygynyň ösüş meýiller ýüze çykarylýar we geljege çaklama berilýär.

*15-nji tablisa*

**Syýahatçylyk hyzmatlarynyň dünýä bazarynyň barlagynyň düzümi we ugry**

**Dünýäniň syýahatçylyk bazary**

Fiziki we gymmat göwrümi; depgini; ösüşe täsir edýän ýagdaýlar; halkara düzgünleşdirme we ş.m.

↓

**Dünýä ykdysadyýetinde syýahatçylygyň sebitleýin bazarlary**

| Ýewropa | Amerika | Afrika | Günorta Aziýa | Ýakyn Gündogar | Günorta-Gündogar Aziýa we Ýuwaş umman |
|---|---|---|---|---|---|

Syýahatçylyk akymlaryny ýerleşdirme, olaryň ösüş depgini; meýilleri; sebitiçre we sebitara syýahatçylyk; özüne çekijiligiň sebäpleri we ş.m.

↓

**Syýahatçylygyň milli bazarlary**

Syýahatçylygyň gelme we gitme akymlarynyň gatnaşygy, milli kanunçylyk, syýahatçylyk serişdeleri, maddy-tehniki binýady, bahasy we ş.m.

↓ Fransiýa | ABŞ | Türkmenistan | Italiýa | Ispaniýa | Beýleki ýurtlar

↓

**Milli syýahatçylyk bazarynyň sebitleýin bölekleri**

Syýahatçylygyň gelme we gitme deňagramlylygy, depgini, syýahatçylyk serişdeleri, sebitleýin syýahatçylygyň milli kanunlary, maddy-tehniki binýady we ş.m.

↓ Aşgabat | Ahal | Balkan | Mary | Lebap | Daşoguz

↓

**Yerli bazar**

Tebigy-geografiki ýagdaýynyň aýratynlyklary, gezelenç üçin ähmiýetliligi, halkara syýahatçylygy ösdürmegiň meýilleri, syýahatçylyk pudagyny ösdürmekligiň güýçli we gowşak, şeýle-de howply taraplarynyň, mümkinçilikleriniň anyklanylmagy, ýerli syýahatçylyk toplumyna degişli milli kanunlar we ş.m.

↓

**«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy**

Halkara syýahatçylygyň geografiýasyna dünýäniň ol ýa-da beýleki sebitleriniň syýahatçylar üçin özüne çekijilik sebäpleri düýpli täsir edýär *(16-njy tablisa)*.

*16-njy tablisa*

| Sebit we sebite degişli | Özüne çekijiligiň esasy faktorlary |
|---|---|
| Ýewropa sebiti | - taryhy we medeniýet ýadygärlikleriniň bolçulygy;<br>- dag-lyža we balneologiki şypahanalaryň köplügi;<br>- hyzmat etmegiň ýokary derejesi;<br>- ýokary derejede ösen infrastrukturasy;<br>- syýahatçylyk resmileşdirmekligiň ýeňilleşdirilmegi;<br>- birnäçe her dürli syýahatlaryň bolmagy, şol sanda, bir döwletden artyk döwletlere gezelençler. Bu sebitde, degişlilikde gymmat bolmadyk, bahasy 150 ýewro golaý syýahatlar hereket edýär. |
| Ortaýer deňzi sebitine degişli | - ýakymly klimat;<br>- ýyly suwly deňiz;<br>- subtropiki ösümlikler;<br>- deňziň ýakasyndaky dynç alyşy öwreniş we/ýa-da bejeriş syýahaty bilen bilelikde alyp barmaga bolan mümkinçilik;<br>- ösen zyýarat syýahatçylygy;<br>- salgyt salnyş ulgamynyň amatlylygy;<br>- häzirkizaman bank ulgamy. |
| Gündogar Aziýa sebitine degişli | - ýewropalylaryňkydan düýpli tapawutlanýan medeniýeti;<br>- baý taryhy;<br>- birnäçe klimatiki guşaklyklar;<br>- täsin haýwanat we ösümlik dünýäsi;<br>- üýtgeşik aşhana. |
| Günorta Aziýa sebiti | - dürli haýwanat we ösümlik dünýäsi;<br>- gyşda kenar dynç alşa bolan mümkinçilik;<br>- dünýäde iň uly daglar- Gimalaý;<br>- elektronikanyň, durmuş tehnikasynyň, geýimleriň, iýmitiň we köp hyzmatlaryň bahasynyň pesligi. |

Islendik ýurduň syýahatçylyk hyzmatlary turoperatorlar, syýahatçylyk agentleri, myhmanhana hyzmatlarynyň ulgamlary, ulag şereketleri, şeýle hem daşary ýurt syýahatçylaryna hyzmat edýän ownuk we orta telekeçiler tarapyndan üpjün edilýär.

Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň maglumatlaryna göra, syýahatçylyk biznesinde zähmet çekýän bir adam ykdysadyýetiň beýleki (ulag, söwda we ş.m.)

pudaklarynda 5 ýerden 9 ýere çenli iş ýerini döredip bilýär, hususan-da, hünäri orta we pes derejeli işgärleri iş bilen üpjün etmäge ýardam edýär. Şeýle-de, syýahatçylyk ýurtlaryň arasyndaky syýasat we medeni gatnaşyklara hem görnetin täsir edýär.

Halkara syýahatçylygy diýen düşünje islendik adamyň iki we ondan hem köp ýurtlara syýahat etmegini we şol adamyň (başga bir ýurda baranyň) dynç almak, telekeçilik ýa-da başga maksatlar üçin hemişe ýaşaýan ýeriniň çäginden daşarda azyndan 24 sagatlap, ýöne 1 ýyldan geçmeýän wagtlap bolan halatlaryny aňladýar. Şonda daşary ýurtda bolmaklygyň esasy sebäbi barlan ýurtdaky çeşmeden tölenýän işiň amala aşyrylmagyndan ybarat bolmaly däldir. Galyberse-de, 1993-nji ýylda BMG-niň Statistiki topary we Bütindünýä syýahatçylyk guramasy tarapyndan bilelikde kabul edilen kesgitlemä laýyklykda, başga ýurtlardan gelýänler syýahatçylara we gezelenç edýänlere (ekskursantlara) bölünýär.[1] Başga ýurtdan gelen azyndan bir gije ýerli myhmanhanada ýa-da ýaşamak üçin niýetlenen başga ýerde bolanda, halkara syýahatçy bolup durýar, şeýle bolmadyk ýagdaýda ol halkara ekskursant hasaplanýar.

Statistika bilen bagly maksatlar üçin «halkara syýahatçylygy» diýen madda daşary ýurda syýahatçylyk edýän adamlar tarapyndan alnan harytlaryň we olara edilen hyzmatlaryň ählisiniň bahasy, şol sanda ýaşaýyş, iýmitlenmek, sowgatlar, gezelençler, ýerli ulaglar we ş.m. üçin edilen harajatlar goşulýar. «Halkara syýahatçylygy» diýen madda syýahatçylaryň halkara ulaglaryna münmek üçin çykaran harajatlary goşulmaýar.

Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň klassifikatory syýahatçylyk bilen baglanyşykly hyzmatlary 4 topara bölýär:

a) myhmanhana we restoran hyzmatlary;

b) syýahatçylyk agentlikleriniň we syýahatçylyk operatorlarynyň hyzmatlary;

ç) ýolbelet hyzmatlary;

d) beýleki hyzmatlar.

Halkara syýahatçylygyň statistikasynyň çäginde 2 esasy görkeziji seljerilýär:

1) Syýahatçylaryň daşary ýurtlary görmäge baranlarynyň (ekskursant degişli däl) sany;

2) Syýahatçylyk hyzmatlarynyň söwdasynyň göwrümi.

BMG-niň ýanyndaky Bütindünýä Syýahatçylyk guramasynyň maglumatlaryna laýyklykda, 2012-nji ýylda dünýä boýunça syýahatçylaryň sany 1,035 milliard, 2013-nji ýylda 1,087 milliard adama ýetdi. Amerikanyň syýahatçylyk Birleşmesinde her 35 sany daşary ýurtly myhman ABŞ-da bir iş ýeriniň döredilmegini üpjün edýär diýip belleýär. Syýahatçylyk gezelençleriniň sanynyň ösüşi hem örän ynandyryjylyklydyr. Soňky 20 ýylyň dowamynda dünýäde daşary ýurtlara edilýän gezelençleriň sany iki esse ýokarlandy *(17-nji tablisa)*.

[1]Statistical Abstract 2009. Tourism// Department of Census and Statistics.

*17-nji tablisa*

**Halkara syýahatçylygynda syýahatçylaryň sany (million hasabynda)**

| Ýyllar | Syýahatçylaryň sany |
|---|---|
| 1995 | 529 |
| 1996 | 562 |
| 1997 | 588 |
| 1998 | 604 |
| 1999 | 626 |
| 2000 | 677 |
| 2001 | 676 |
| 2002 | 696 |
| 2003 | 690 |
| 2004 | 762 |
| 2005 | 807 |
| 2006 | 853 |
| 2007 | 908 |
| 2008 | 927 |
| 2009 | 891 |
| 2010 | 949 |
| 2011 | 995 |
| 2012 | 1035 |
| 2013 | 1087 |
| 2014 | 1130* |

**UNWTO-nyň çaklamalary**
**http://www.mkt.unwto.org/ru/barometr UNWTO World Tourism Barometr.**

Syýahatçylyk we gezelenç boýunça Bütindünýä guramasynyň maglumatlaryna laýyklykda, 2012-nji ýylda dünýäniň syýahatçylyk pudagynda göni we gytaklaýyn iş bilen meşgullanýanlary goşmak bilen, 69 million täze iş orunlary döredildi. Bu görkezijiniň 80%-i Aziýa, Latyn Amerikasyna, Afrika, we Ýakyn Gündogar

ýurtlarynyň paýyna düşýär. Bu iş ýerleriniň ählisi hem döwletiň goldawynyň esasynda däl-de, telekeçilik başlangyçlarynyň netijesinde döredi. Ýokarda bellenilen guramanyň maglumatlaryna görä, syýahatçylaryň daşary ýurtlarda sarp eden pullarynyň ýyllyk artyşy 6,6%-e, dünýäniň JIÖ-ne syýahatçylygyň ýyllyk goşýan goşandy bolsa 4,2%-e deň. ABŞ-da 2021-nji ýylda syýahatçylykdan gelýän girdeji astronomiki derejelere ýeter, ýagny 1,789 milliard dollar bolar diýip çaklanylýar. Şeýlelikde, syýahatçylyk köp pudakly toplum bolmak bilen, dünýä ykdysadyýetiniň çökgünlik ýagdaýyna garamazdan, durnukly ösüşe eýedir.

Bütindünýä Syýahatçylyk guramasynyň (BSG) çaklamalaryna görä, syýahatçylyk industriýasynyň ösüşi XXI asyrda ýokary depginler bilen öser, 2020-nji ýylda halkara syýahatçylykda görmäge gelýänleriň sany 1,6 milliard adama ýeter. Hojalygyň berlen pudagy dünýäniň ösen we ösüp gelýän ýurtlarynyň köpüsi üçin fundamental esas bolup çykyş edýär. BSG-niň maglumatlaryna laýyklykda, onuň dünýäniň JIÖ-sine goşýan goşandy 10,9% bolup, 3,5 trillion dollara deň bolar. Syýahatçylygyň ösüş depginleri, walýuta gowuşmalarynyň uly göwrümi ykdysadyýetiň dürli ýaýrawyna işjeň täsir edýär.

Syýahatçylyk pudagyna dünýäniň jemi içerki önüminiň 6%-i, maýalaryň 7%-i, sarp edijilik çykdajylarynyň 11%-i, her 16-njy iş ýeri düşýär. Syýahatçylyk we gezelenç industriýasy dünýäniň köp ýurtlarynda iş orunlarynyň ep-esli böleginiň bolmagyna getirýär we dünýä boýunça gönüden-göni 200 million adamyň iş bilen meşgul bolmagyny aňladýar. Syýahatçylyk we gezelenç halkara maýa goýumlarynyň 11%-ini üpjün edýär we döwlet gaznalaryna salgyt gowuşmalary hökmünde 302 milliard dollar girdeji getirýär.

Syýahatçylygy ýokary derejede ösen ýurtlar bu pudagyň geljekde hem yzygiderli ösmegine gyzyklanma bildirýärler we milli syýahatçylyk öneminiň has-da ilerlemegine köp harajatlary, mysal üçin, Ysraýyl 200 million dollar, Ispaniýa 150 million dollara golaý, ABŞ we Hytaý 70 million dollar, Fransiýa 60 million dollar sarp edýärler. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň harajatlarynyň esasy bölegi, mysal üçin, Fransiýa 99%, Ispaniýa 50% mahabat bilen baglanyşykly işlere sarp edilýär. BSG-niň berýän maglumatlaryna laýyklykda, dünýä syýahatçylarynyň esasy bölegi Fransiýa tarap gönügýär. Bu ýurda gelýän 4 syýahatça ortaça syýahatçylyk maksat bilen ýurtdan çykýan 1 fransuz raýaty düşýär.

Dynç alyş döwri syýahatçy tarapyndan sarp edilen ähli serişdeleriň 90%-iniň dynç alyş ýerlerinde galýandygyny bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda syýahatçylygyň ösüşi täze iş orunlarynyň döredilmegini şertlendirýär. Syýahatçylyk toplumyna hyzmatlaryň halkara söwdasynyň 35%-i düşýär. Syýahatçylyk işi iň zähmet siňňitli işleriň biri hasaplanýar we ilatyň iş bilen üpjünçiligini sazlaýjy bolup çykyş edýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, dünýäde zähmet çekýän her 16-njy adam bu pudak bilen göni ýa-da gytaklaýyn arabaglanyşyklydyr *(18-nji tablisa)*.

*18-nji tablisa*

**Multiplikatiw täsiri hasaba almak bilen, ýurduň jemi içerki önüminde syýahatçylykdan gelýän girdejileriň paýy, %-de**

| Orny | Ýurt | Syýahatçylykdan gelýän girdejileriň paýy, %-de |
|---|---|---|
| 1 | Malta | 19,3 |
| 2 | Kipr | 16 |
| 3 | Gresiýa | 15,5 |
| 4 | Ispaniýa | 15,3 |
| 5 | Awstriýa | 12,5 |
| 6 | Beýik Britaniýa | 9,7 |
| 7 | Fransiýa | 9,7 |
| 8 | Italiýa | 9,3 |
| - | - | - |
| | Russiýa | 6,5 |
| - | - | - |
| | Gazagystan | 1,8 |

**http://www.altyn-orda.kz/news/kazaxstanskie-novosti/vse-flagi-v-gosti-k-nam-kazaxi-namereny-razvivat-turism.../**

BSG-niň maglumatlaryna göra, 2010–2012-nji ýyllarda halkara syýahatçylykdan gelen girdejiler ABŞ-da 128,6 milliard dollara barabar bolup, ol bu görkeziji boýunça öňbaşçy boldy *(19-njy tablisa)*.

*19-njy tablisa*

**2010–2012-nji ýyllarda dünýä ýurtlaryna giriş syýahatçylygyndan gelen girdejiler**

| Dünýädäki orny | Ýurtlar | Ýyllar boýunça girdejiler, mlrd dollar | | |
|---|---|---|---|---|
| | | 2010 | 2011 | 2012 |
| 1 | ABŞ | 103,5 | 116,1 | 128,6 |
| 2 | Ispaniýa | 52,5 | 59,9 | 55,9 |
| 3 | Fransiýa | 46,9 | 54,5 | 53,7 |
| 4 | Hytaý | 45,8 | 48,5 | 50,0 |
| - | - | - | - | - |
| 16 | Hindistan | 14,5 | 17,7 | 18,0 |
| - | - | - | - | - |
| 28 | Russiýa | 8,8 | 11,3 | 11,2 |
| - | - | - | - | - |
| 89 | Gazagystan | 1 | 1 | 1 |

**http://dtxtq4w60xqpw.cloudfront.net/sites/all/files/pdf/2_dohody_ot_mezhdunarodnogo_turisma_doll.ssha_mlrd.pdf**

Globallaşma halkara syýahatçylyk akymynyň ýokarlanmagynda möhüm orna eýedir. Harytlaryň halkara söwdasynyň we daşary ýurt maýa goýumlarynyň göwrüminiň ýokarlanmagy, ýurtlaryň özara ykdysady garaşlylygynyň güýçlenmegi, işewürlik saparlarynyň geriminiň giňemegine ýardam etdi, bu bolsa, öz nobatynda arassa rekreasion syýahatçylygyň ösmegine itergi berdi. Syýahatçylygyň bu görnüşiniň ösmegine sarp edijileriň girdejileriniň ýokarlanmagy, dünýädäki syýasy dartgynlygyň belli bir derejede peselmegi we beýleki ýagdaýlar uly täsirini ýetirdi. Ylaýtada, ilatyň bilim derejesiniň ýokarlanmagy syýahatçylygyň täze görnüşleri bilen gyzyklanmaga höwes döretdi, bu bolsa öz gezeginde ösüp gelýän döwletleriň dünýä bazarynda öz ornuny eýelemäge mümkinçilik döretdi. Keniýanyň, Kosta-Rikanyň, Dominikan respublikasynyň, Indoneziýanyň we beýleki döwletleriň seýrek duş gelýän tebigy mümkinçilikleri, bu döwletlere ekologik syýahatçylygy üstünlikli ösdürmäge mümkinçilik döretdi.

Emma dünýä syýahatçylyk bazarynda soňky onýyllykda köpsanly täze gatnaşyjy döwletler dörese-de, syýahatçylyk hyzmatlaryny eksport edijileriň hemmesi globallaşmagyň ösüşiniň artykmaçlyklaryndan deň derejede peýdalanyp bilmediler. Daşary ýurt syýahatçylary üçin ýurduň özüne çekijilik derejesi şu aşakdaky esasy ýagdaýlaryň birnäçesine baglydyr:

1. *Dünýä bahalaryna garanyňda içerki bahalaryň derejesi.* Ýurtda bahalaryň derejesi näçe pes bolsa (ilkinji nobatda, syýahatçylyk hyzmatlarynda), şonça-da beýleki deň şertlere garanyňda dünýä syýahatçylyk bazarynda bu ýurda bolan isleg (reýting) has ýokary bolýar. Ýokarlandyrylan alyş-çalyş hümmeti geliş syýahatçylyk akymyny saklaýar.

2. *Syýahatçylyk hyzmatlarynyň hili we köpdürlüligi.* Syýahatçylyk hyzmatlarynyň toplumlaýyn bolýanlygy sebäpli, onuň her bir düzüm bölegi sarp edijini kanagatlandyrmak derejesine güýçli täsirini ýetirýär. Ilkinji nobatda, syýahatçylyk hyzmatynyň hili şol ýurduň infrastrukturasynyň ösüş derejesi bilen kesgitlenilýär. «Syýahatçylyk infrastrukturasy» diýen düşünje myhmanhana, telearagatnaşyk, ulag, habar beriş, şeýle hem dynç alyş toplumyny (ýörite syýahatçylar üçin niýetlenen sport we beýleki işler bilen meşgullanmak üçin binalaryň we desgalaryň, enjamlaryň bar bolmagy) öz içine alýar. Syýahatçylara hyzmat edýän ýolbeletleriň, terjimeçileriň, sport türgenleriniň, myhmanhana işiniň hünärmenleriniň, hyzmat edýän işgärleriň taýýarlyk derejesi hem möhüm ähmiýete eýedir.

3. *Howa gatnawlaryny guramak.* Ýurduň dünýä syýahatçylyk bazaryndaky bäsleşige ukyplylygy howa gatnawlarynyň bahasyna, yzygiderliligine, howpsuzlygyna we howa ulagy arkaly edilýän beýleki hyzmatlara baglydyr. Ylalaýta-da, käbir ýurtlarda syýahatçylygyň ösüşinde ýüze çykýan meseleleriň biri hem olaryň howa menzilleriniň sertifikasiýasynyň pes bolmagydyr. Şeýlelikde, döwletiň syýahatçylyk we ulag ulgamy boýunça ýöredilýän syýasaty utgaşdyrylan bolmalydyr.



13. Sargyt № 832

4. *Wiza düzgünleri.* Giriş wizalarynyň berliş ýagdaýynyň çylşyrymlaşdyrylmagy syýahatçylyk hyzmatlarynyň eksportynyň ösmegine päsgel berýär, ýagny olaryň dünýä bazaryna çykarylmagy, esasan, daşary ýurtda sarp etmek arkaly amala aşyrylýar.

5. *Ýurduň abraýy.* Tebigy betbagtçylyk, antropogen hadysalar, jenaýatçylygyň, ýokanç keselleriň ýokary derejesi we beýlekiler ýurda gelýän syýahatçylaryň akymyna ýaramaz täsir edip, kähalatlarda bolsa bu akymyň doly kesilmegine hem getirip bilýär.

Ýokarda agzalyp geçilen ýagdaýlaryň seljerilmegi syýahatçylyk infrastrukturasynyň hili babatda, ökde hünärli işgärleri taýýarlamakda, şeýle hem syýahatçylaryň howa gatnaw hyzmatyny guramakda ösen ýurtlaryň artykmaçlygynyň bardygyny görkezýär. Olaryň dünýä syýahatçylyk bazaryndaky abraýy ösüp gelýän döwletlere we geçiş ykdysadyýetli ýurtlara garanyňda ýokarydyr. Ösüp gelýän ýurtlarda we geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda syýahatçylyk infrastrukturasyna maýa goýumlaryny goýmak we işgärleri taýýarlamak üçin ýeterlik derejede maliýe serişdeleri ýok. Munuň özi daşary ýurtly syýahatçylar üçin bu ýurtlara bolan özüne çekijiligiň derejesini peseldýär. Şol bir wagtyň özünde ösüp gelýän ýurtlardaky syýahatçylyk hyzmatlarynyň bahasy arzan bolýar. Mundan başga-da, bu döwletlerde giriş wizasynyň düzgünleşdirilmegi, adatça, kän bir berk bolmaýar (meselem, wiza talaby bütinleý ýok diýen ýaly ýa-da wiza serhet barlagyndan geçilýän pursadynda berilýär). Bu belli bir derejede syýahatçylygy has-da höweslendirýär.

Indi dünýä syýahatçylyk işewürligine hyzmat edijiler nukdaýnazaryndan seredip geçeliň. Bazaryň düzüminiň aýratyn böleklerinde, ýagny syýahatçylyk operatorçylygynda we myhmanhana ulgamynda iri transmilli korporasiýalar agalyk edýärler. Beýleki bölekler üçin, tersine, bileleşmäniň pes derejesi häsiýetlidir. Restoranlar we syýahatçylyk agentlikleri köp halatda kiçi we orta işewürligiň wekillerine degişlidir.

Dünýä syýahatçylyk bazarynda esasy hereket edijiler syýahatçylyk operatorlarydyr. Olar bukja görnüşinde biri-biri bilen özara baglanyşykly hyzmatlaryň tutuş bir ulgamyny öz içine alýan (myhmanhana ýerleşdirmek, gezelenç maksatnamasy, ulag we iýmiti guramak we ş.m.) syýahatçylyk önümini döredýärler, syýahatyň bahasyny we ony durmuşa geçirmegiň şertlerini (şol sanda, bahasyny peseltmek syýasatyny) kesgitleýärler. Soňra şeýle paketler sarp edijilere gönüden-göni ýa-da syýahatçylyk operatorynyň dellalçylyk etmeginde satylýar. Lomaý satyjylar diýlip atlandyrylýan syýahatçylyk operatorlaryndan tapawutlylykda syýahatçylyk wekillikleri syýahatçylyk bazarynda bölek söwda görnüşini emele getirýärler. Adatça, olar tölenilýän komission pul hakyna syýahatçylyk operatorlary tarapyndan döredilen bukjalary ýerlemek işleri bilen meşgullanýarlar. Mundan başga-da, syýahatçylyk agentleri syýahatçylar üçin howa peteklerini satyn almak, olara zerur maglumatlary bermek we ş.m. bilen meşgullanýarlar.

Syýahatçylyk operatorlarynyň hyzmatlaryň bütindünýä bazarynda edýän hyzmatlaryna oligopoliýa alamatlary mahsus bolup, bu ulgamdaky iri üpjün edijiler ösen döwletlerde, ylalaýta-da Ýewropada ýerleşýärler. Käbir syýahatçylyk operatorlary (hususan-da, bütindünýä bazarynyň öňdebaryjylary – TUI Travel we Thomas Cook Group) dürli döwletlerde myhmanhanalaryň toplumyna eýeçilik edýärler, olaryň öz awiakompaniýalary we beýleki ulag kompaniýalary bar.

Köp halatlarda ösüp gelýän döwletlerdäki hyzmatlary üpjün edijiler (olaryň köpüsi kiçi we orta kärhanalar) öňdebaryjy ykdysadyýetli ýurtlaryň syýahatçylyk operatorlary bilen şertnama baglaşmak arkaly bütindünýä bazaryna girip bilýärler. Has uly gepleşikleri geçirmek güýjüne eýe bolan syýahatçylyk operatorlary şertnamalara otaglary peseldilen bahadan we girew tölegini bermezden ätiýaçda saklamak, şeýle hem syýahatçylyk paketleri ýerlenilmedik ýagdaýlary bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri kontragentleriň üstüne ýüklemek hakyndaky bentleri goşup bilýärler. Bu bolsa ösüp gelýän döwletlerde syýahatçylyk işiniň ösüşine ýaramaz täsir edýär.

Myhmanhana işewürlik ulgamynda iri myhmanhana toplumlary agdyklyk edýär. Olaryň aglabasy dolulygyna ýa-da bölekleýin Françaýzing şertnamasynyň esasynda düzülýär, galanlary holding gurluşyna girýär. Iri myhmanhana toplumlarynyň biri bolan Best Western International 80 ýurtda 4000 myhmanhanany özünde jemleýär. Şeýle hem öňdebaryjylaryň hatarynda Inter Continental Hotels Group, Marriott International, Starwood Hotels & Resorts Worldwide we başgalar bar.

Maşgala görnüşindäki özbaşdak oteller we myhmanhanalar hem giňden ýaýran, ýöne olaryň ähmiýeti peselmegini dowam edýär. Dünýä boýunça myhmanhana ýerleriniň 45%-e golaýy Günbatar Ýewropa, 35%-i Amerika we Karib basseýniniň döwletlerine degişlidir.

1995-nji ýylda 15 sany iri myhmanhana kompaniýalary Pegasus Systems (2000-nji ýyldan başlady) adyny alan ähli gatnaşyjylar üçin umumy bolan myhmanhanalarda ýerleri ätiýaçda saklamak ulgamyny döretdiler.[1] Myhmanhana ulgamynda möhüm maglumat ulgamy bolmak bilen, Pegasus Solutions şol bir wagtda howa peteklerini ätiýaçda saklamak bilen meşgullanýan global kompýuter ulgamynyň düzümine hem girýär. Ätiýaçda saklamagyň kompýuter ulgamy iri awiaýükdaşaýjylar tarapyndan 1970-nji ýylda petekleri ätiýaçda saklamak prosesini awtomatlaşdyrmak maksady bilen döredilen ulgamdyr. Netijede, bu ulgam giňelip howa ulaglary bilen baglanyşykly hyzmatlaryň aglabasyny (maglumatlary gorap saklamak we täzeden işlemek, petekleri bermek, marketing we beýlekileri) öz içine alýar. Ätiýaçda saklamagyň häzirkizaman kompýuter ulgamy howa arkaly ýük daşamaklyga dahylly bolmadyk syýahatçylyk hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini hem hödürleýär: olaryň arasynda syýahatçylyk gezelençleriniň paketlerini döretmek, myhmanha-

[1] Pegasus Solutions Overview// Pegasus Solutions

nalarda ýerleri ätiýaçda saklamak, syýahatçylar tarapyndan awtomobilleri kärendä almak we ş.m. bar. Häzirki wagtda şeýle ulgamlar «Global paýlaýjy ulgamlar» (global distribution systems – GDS) ady bilen meşhurdyr. Olaryň iň irileri şulardyr:

1) Amadeus (esaslandyryjylar–Air France, Iberia, Lufthansa, SAS);
2) Sabre (American Airlines);
3) Galileo (United Airlines);
4) Worldspan (Delta, Northwest, Trans World Airlines).

Ýokarda agzalan ulgamlaryň awiakompaniýalar tarapyndan döredilendigini aýratyn bellemek gerek. Häzirki wagtda bular syýahatçylyk işewürliginiň wekilleri, şol sanda on-laýnyň üsti bilen amallary amala aşyrýan Expedia, Travelocity we Orbitz agentlikler, şeýle-de köpsanly myhmanhanalar tarapyndan ulanylýar. Şeýle ulgamlaryň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek üpjün edijiler üçin hyzmatlaryň käbir görnüşlerinde ol ýa-da başga bazarda täjirçilik gatnaşygyny etmezden, olaryň iş netijeliligini ýokarlandyrýar.

Paýlamagyň global ulgamynyň peýdalanylmagynyň getirýän girdejilerine garamazdan, ösüp gelýän döwletler olary syýahatçylyk bazaryna girmäge böwet diýip hasaplaýarlar. Günorta-Gündogar Aziýanyň depginli ösüp gelýän döwletlerinde Abacus, Günorta Amerikada bolsa KIU – özbaşdak global paýlaýjy ulgamy döredilen hem bolsa, beýleki döwletler şeýle ulgamlary döretmegiň hötdesinden gelip bilmediler. Munuň netijesinde, olar milli syýahatçylyk hyzmatlaryny üpjün etmek ýa-da däp bolan ýerli ätiýaçda saklamak ulgamyny ulanmaga ýa-da ýokarlandyrylan bahalar boýunça global paýlaýjy ulgamlarynyň haýsy hem bolsa birine girip, hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin töleg tölemäge mejbur bolýarlar. Şeýle-de bolsa Afrikanyň köp ýurtlary agzalan ulgamlaryň hyzmatlaryndan hakykatda monopoliýa şertlerine esaslanyp peýdalanyp bilýärler. Mundan başga-da, köpsanly ösüp gelýän döwletler (hususan-da, ösüş derejesi pes bolan ýurtlar) syýahatçylyk üçin özüne çekijiligi pes hasaplanylýandygy sebäpli global paýlaýjy ulgamlarda gowşak görkezilendir. Bu bolsa olaryň syýahatçylyk önüminiň elýeterlilik derejesini peseldýär we bütindünýä bazarynda olaryň bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna päsgel berýär.

Şeýlelikde, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşinde syýahatçylygyň ornuna we ähmiýetine seredilip, şu aşakdaky netijelere gelmek bolýar:

– syýahatçylyk pudagy hojalygyň dürli pudaklary tarapyndan hödürlenilýän hyzmatlary sarp etmek bilen multiplikatiw netijäni berýär.

– syýahatçylyk infrastrukturasynyň hili babatda, ökde hünärli işgärleri taýýarlamakda, şeýle hem syýahatçylaryň howa gatnaw hyzmatyny guramakda ösen ýurtlaryň artykmaçlygy bardyr.

– syýahatçylyk pudagy dünýä ykdysadyýetinde möhüm orny eýeläp, ýurtlaryň aglabasynyň jemi içerki önüminiň saldamly bölegini emele getirmekde, goşmaça

iş orunlaryny döretmekde, ilaty iş ýerleri bilen üpjün etmekde, daşary söwda balansynyň işjeňleşmeginde onuň ähmiýeti uludyr.

## 18.3. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň halkara derejede düzgünleşdirilişi

Islendik ykdysady ulgam ýaly, syýahatçylyk hem toplumlaýyn düzgünleşdirilmegi talap edýär. Häzirki wagt bu wezipäni halkara we milli derejelerde hereket edýän köpsanly syýahatçylyk guramalar ýerine ýetirýär. Dürli görnüşli halkara syýahatçylyk guramalary döretmek işi XX asyryň 20-nji ýyllarynda başlandy. Bu ýagdaý halkara syýahatçylyk gatnaşyklarynyň üznüksiz ösüşi bilen şertlenendir. Olaryň (işiň göwrümi, ulgamy we ugry boýunça) aşakdaky birnäçe görnüşleri tapawutlandyrylýar:

– dünýä derejesindäki umumy häsiýetli;
– dünýä derejesindäki pudaklaýyn häsiýetli;
– sebit derejesindäki umumy we pudaklaýyn häsiýetli;
– ýöriteleşdirilen;
– üýtgeşik.

Dünýä derejesindäki umumy häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň esasy maksady we wezipeleri bütin dünýäde syýahatçylygyň ösüşiniň esasy ugurlaryny emele getirmekden, syýahatçylyk ulgamynyň syýasatyny kesgitlemekden, bu guramalaryň agza ýurtlarynyň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy üpjün etmekden, şeýle-de olara ýurduň syýahatçylyk industriýasynyň ösüşinde ýüze çykýan meseleleri çözmekde ýardam bermekden ybarat bolup durýar.

Dünýä derejesindäki umumy häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalaryna Bütindünýä syýahatçylyk guramasy (WTO), Syýahatçylyk we gezelenç boýunça bütindünýä bileleşigi, Dünýä syýahatçylygynyň halkara birleşigi, Halkara syýahatçylyk bileleşigi, Halkara syýahatçylyk alýansy we birnäçe beýleki guramalar degişlidir.

Häzirki wagt WTO syýahatçylyk we gezelenç ulgamynda öňdebaryjy halkara guramadyr. Onuň hataryna 139 ýurt şeýle-de 350 sany goşulyşan agzalar bolan ýerli hökümet organlary, syýahatçylyk birleşikleri we hususy kompaniýalary, şol sanda, awiakompaniýalar, myhmanhanalar toplumlary we syýahatçylyk operatorlar girýär. Bu guramanyň baş kabulhanasy Madridde (Ispaniýa) ýerleşýär.

Dünýä derejesindäki pudaklaýyn häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalaryna Howa ulagynyň halkara birleşigi, Deňizüsti ýolagçy gatnatmaklygyň halkara birleşigi, Halkara myhmanhana birleşigi, myhmanhanalaryň, restoranlaryň milli birleşikleriniň halkara birleşmesi we başgalar degişlidir.

Bu guramalaryň esasy wezipeleri öz pudagynda hyzmat etmekde ýeke-täk ýörelgeleriň, kadalaryň, we hil standartlaryň işlenip düzülmeginden we ornaşdyrylmagyndan, hünärmenleri taýýarlamakdan, şeýle-de ösüşi bökdeýän zerur meseleleri çözmekden, pudagyň guramalarynyň we kompaniýalarynyň özara we syýahatçylyk toplumynyň beýleki pudaklarynyň guramalary we kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň ösüşini we koordinasiýasyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Sebit derejesindäki umumy häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň sanawyna Ýewropanyň syýahatçylyk boýunça komissiýasy, Ýewropa syýahatçylyk topary, Ýewropa Bileleşigindäki halkara syýahatçylyk alýansynyň agzalarynyň býuro guramalary, Aziýa we Ýuwaş umman ýurtlarynyň syýahatçylyk assosiasiýasy, Gündogar Aziýa ýurtlarynyň syýahatçylyk assosiasiýasy, ASEAN-yň agza ýurtlarynyň syýahatçylyk birleşikleriniň federasiýasy, Amerikanyň syýahatçylyk industriýasynyň birleşigi, Latyn Amerikasynyň syýahatçylyk guramalarynyň konfederasiýasy, Karibiň syýahatçylyk guramasy, Arap syýahatçylyk bileleşigi, Panafrika syýahatçylyk guramasy, Afrikanyň syýahat birleşigi girýär.

Olaryň esasy maksady syýahatçylyk hyzmatlarynyň ýeke-täk ýörelgeleriniň, kadalaryniň we hil standartlarynyň işlenip düzülmegi, giriş syýahatçylygyň ýokarlanmagy, sebitde syýahatçylygy ösdürmek boýunça ýöriteleşdirilen maksatnamalaryň maliýeleşdirilmegi, syýahatçylyk toplumynyň ähli bölekleriniň we kompaniýalarynyň tagallalarynyň birleşmegine we sazlaşdyrylmagyna ýardam bermegi özünde jemleýän wezipeleri çözmekden ybaratdyr.

Sebit derejesindäki pudaklaýyn häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň maksatlary we wezipeleri sebit derejesindäki umumy häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň maksatlaryna we wezipelerine çalymdaş bolup, olaryň alyp barýan işleriniň esasy aýratynlygy, bu işleriň öz sebitinde saýlanyp alnan pudagyň we pudaklaýyn guramalaryň ösüşine ýardam bermäge gönükdirilmegidir.

Sebit derejesindäki pudaklaýyn häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalaryna Ýewropa awiakompaniýalarynyň birleşigi, Aziýa awiakompaniýalarynyň birleşigi, Afrika awiakompaniýalarynyň assosiasiýasy, Aziýa-Awstraliýanyň myhmanhana we restoran birleşigi, Amerikanara myhmanhana birleşigi, Arap myhmanhana bileleşigi, Ýewropa Bileleşigindäki we Ýewropa ykdysady zolagyndaky myhmanhalaryň, restoranlaryň, kafeleriň we şunuň ýaly edaralaryň milli birleşikleriniň konfederasiýasy, Ýewropanyň moteller federasiýasy we beýleki guramalar degişlidir.

Ýöriteleşdirilen halkara syýahatçylyk guramalar öz işlerini syýahatçylyk biznesiniň ýa-da syýahatçylygyň görnüşleriniň aýratyn bölümlerinde alyp barýarlar. Olaryň düzümine syýahatçylyk operatorlarynyň halkara federasiýasy, syýahatçylyk gulluklarynyň bütindünýä federasiýasy, syýahatçylyk gulluklarynyň birleşikleriniň bütindünýä federasiýasy, syýahatçylyk we gezelenç programmalaryny gurnaýjylaryň halkara birleşigi, syýahatçylyk eskorty (ýanyň bilen gitme) boýunça gidleriň halkara birleşigi, işewürlik maksatly syýahatçylyk boýunça halkara asso-

siasiýa, durmuş syýahatçylygy boýunça guramalaryň halkara federasiýasy, durmuş syýahatçylygy boýunça halkara federasiýa, ýaşlaryň syýahatçylygy we alyş-çalyş boýunça halkara býuro, talyplaryň syýahatçylygy boýunça halkara konfederasiýa, ýaşlaryň syýahatçylyk guramalarynyň halkara federasiýasy, kemping (awtoturistler üçin düşelge ýeri guramak) we karawaning boýunça halkara federasiýa, atçylyk-sport syýahatçylygyň halkara federasiýasy, syýahatçylyk söwda ýarmarkalarynyň Ýewropa birleşigi we başgalar girýär.

Ýöriteleşdirilen halkara syýahatçylyk guramalary (alyp barýan işlerine baglylykda) üç görnüşe bölünýär:

1) ýerine ýetirýän işleriniň esasy ulgamy syýahatçylyk maglumat ulgamy bolan guramalar. Mysal üçin, syýahatçylyk meselelerini beýan edýän žurnalistleriň we ýazyjylaryň halkara federasiýasy, metbugat wekilleriniň-gastronomiýa, üzümçilik we syýahatçylyk boýunça bilermenleriň halkara federasiýasy, medeniýet we syýahatçylyk ulgamyndaky resminamalar we maglumatlar bilen meşgullanýan halkara birleşigi;

2) ýokary derejeli syýahatçylyk bilimini düzgünleşdirýän guramalar. Olara syýahatçylyk ugry boýunça ýokary derejeli bilim bermek bilen meşgullanýan bütindünýä birleşigi, myhmanhana mekdepleriniň uçurymlarynyň halkara birleşigi degişlidir;

3) syýahatçylyk boýunça ylmy barlaglary geçirmek bilen meşgullanýan guramalar. Olara syýahatçylyk we syýahat etme ugrunda barlag geçirmek boýunça assosiasiýa, syýahatçylyk ugrundaky ylmy işgärleriň halkara birleşigi we başgalar degişlidir.

Ähli derejelerdäki halkara syýahatçylyk guramalary syýahatçylyk işleriniň düzgünleşdirilişini ýöriteleşdirilen resminamalar arkaly alyp barýarlar. Olaryň esasy maksadyna syýahatçylyk işini çäklendirmäge, bütewi nusga getirmäge we çäklendirmäge gönükdirilen dürli kanuny aktlar we resmi resminamalar degişlidir.

Halkara syýahatçylyk işini düzgüleşdirýän esasy resminamalar şu aşakdakylardan ybarat:

– syýahatçylygyň gümrük üpjünçiligi boýunça Konwensiýa (1954 ý.);

– syýahatçylar üçin gümrük ýeňillikleri baradaky Konwensiýa we syýahatçylyk bilen baglanyşykly maglumatlary özünde jemleýän resminamalary gümrükden geçirmek baradaky Konwensiýanyň beýany (1959 ý.);

– BMG-niň 1963-nji ýyldaky halkara syýahatçylyk we syýahat baradaky Maslahaty. Syýahatçylygyň ösüşi (Umumy rezolýusiýa);

– gümrük düzgünlerini ýönekeýleşdirmek we ylalaşmak baradaky 1973-nji ýyldaky Kiotadaky halkara maslahaty;

– syýahatçylyk gezelençlerini ýönekeýleşdirmek boýunça Budapeşt konwensiýasy (1976 ý.);

– myhmanhana eýeleri we syýahatçylyk wekilleri bilen şertnama baglaşmak boýunça halkara myhmanhana konwensiýasy (1979 ý.);

– dünýä syýahatçylygy boýunça Manil deklarasiýasy (1980 ý.);

– halkara myhmanhana düzgünleri (1981 ý.);

– Akapulko resminamasy (1982 ý.)

– syýahatçylyk Hartiýasy we syýahatçynyň Kodeksi (1985 ý.);

– Gaaganyň syýahatçylyk boýunça deklarasiýasy (1989 ý.);

– toparlara bölünişi ülňüleriň esasynda myhmanhana toparlara bölünişiniň ölçegleriniň sebitara ylalaşmasy (1989 ý.);

– Ýewropanyň ykdysady bileleleşik sowetiniň «ähli zady öz içine alýan syýahatlar, dynç alyş rugsatlary we gezelençler baradaky» direktiwasy (1990 ý.);

– syýahatçylyk gulluklary birleşiginiň bütindünýä federasiýasynyň we myhmanhanalaryň halkara birleşiginiň myhmanhanalarynyň we syýahatçylyk gulluklarynyň gatnaşygy boýunça kodeks (1991 ý.);

– syýahatçylyk boýunça deklarasiýa (1994 ý.);

– hyzmatlaryň halkara söwdasy boýunça Baş ylalaşyk (1994 ý.);

– syýahatçylygyň durmuş täsiri boýunça Manil deklarasiýasy (1997 ý.);

– syýahatçylykda bütindünýä etika kodeksi (1999 ý.).

Halkara syýahatçylyk işini düzgünleşdirmek prosesi ýurtlaryň halkara konwensiýalara, kodekslere, deklarasiýalara we ylalaşyklara goşulmagy; hökümetara ylalaşyklara we maksatnamalara gatnaşmagy; halkara syýahatçylyk kanunlarynyň milli resminamalarda hasaba alynmagy esasynda amala aşyrylýar.

## 18.4. Türkmenistanyň syýahatçylyk pudagynyň ösüşiniň seljermesi

Türkmenistan halkara syýahatçylygynyň ähmiýetini doly ykrar etmek bilen, bu ugurda durmuşa geçirýän özgertmelerine toplumlaýyn çemeleşýär. Syýahatçylyk pudagy diňe bir kanunçylyk taýdan üpjün etmek bilen çäklenilmän, eýsem, onuň kämil derejede işlemegi üçin zerur bolan infrastrukturasynyň emele getirilmegi, pudagyň ýokary hünärli hünärmenler bilen üpjün edilmegi yzygiderli ýokarlandyrylýar. Bularyň hemmesi hem ýurdumyzda syýahatçylygyň ösýändigini aýdyň görkezýär.

Türkmenistanda syýahatçylyk toplumy we oňa degişli hyzmatlar ýaňy ösüş ýoluna başlady. Bu ugurda ýurdumyzyň ösüşini üpjün etjek mümkinçilikleriň örän ýokarydygy hemmämize bellidir.

Syýahatçylyk toplumy baradaky maglumatlaryň seljermesiniň netijesinde 2013-nji ýylda Türkmenistana gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany 8711 adama, Türkmenistandan daşary ýurda giden syýahatçylaryň sanynyň bolsa 68533 adama deň bolandygy kesgitlenildi.

2008–2013-nji ýyllar aralygynda daşary ýurda giden we daşary ýurtdan gelen syýahatçylaryň geliş-gidişiniň ösüş depgini boýunça Türkmenistandan daşary ýurda gidýän syýahatçylaryň sany daşary ýurtdan gelýän syýahatçylaryň sanyndan ýokary bolup durýar *(20-nji tablisa)*.

*20-nji tablisa*

**Syýahatçylyk maksady bilen Türkmenistana gelen daşary ýurt raýatlarynyň we Türkmenistandan giden raýatlaryň sany**

| Ýyllar | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Türkmenistana gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany | 9676 | 7474 | 9631 | 8697 | 7709 | 8711 |
| Türkmenistandan başga ýurtlara giden syýahatçylaryň sany | 43194 | 39034 | 42142 | 50259 | 64741 | 68533 |

**Çeşmesi: Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri – 2014, sah. 291–293.**

Syýahatçylyk maksady bilen Türkmenistana has köp gelip-giden raýatlaryň ýurtlary kesgitlenende Türkmenistana syýahatçylaryň geliş akymy boýunça Eýran, Germaniýa, ABŞ döwletleriniň görkezijileri ýokary boldy *(21-nji tablisa)*.

*21-nji tablisa*

**2008–2013-nji ýyllarda Türkmenistana köp gelip-giden syýahatçylaryň ýurtlary**

| Ýurtlar/ýyllar | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Jemi** | **9777** | **7628** | **9631** | **8697** | **7709** | **8711** |
| Eýran | 2355 | 2391 | 3397 | 3874 | 2001 | 1692 |
| Ýaponiýa | 508 | 344 | 388 | 253 | 386 | 676 |
| Fransiýa | 232 | 315 | 230 | 212 | 392 | 409 |
| Italiýa | 595 | 412 | 392 | 277 | 345 | 287 |
| Niderlandlar | 439 | 296 | 238 | 245 | 145 | 183 |
| ABŞ | 663 | 535 | 660 | 531 | 755 | 897 |
| Germaniýa | 1576 | 1392 | 1277 | 1143 | 1038 | 1321 |
| Beýleki ýurtlar | 3313 | 1803 | 2799 | 2080 | 2612 | 3097 |

**Çeşmesi: Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri – 2014, sah. 292**

Türkmenistanly syýahatçylaryň köp gidýän ýurtlarynyň seljermesinden syýahatçylaryň aglaba böleginiň Russiýa, Ukraina, BAE, Hytaý döwletlerine gidýändigi belli boldy *(22-nji tablisa)*.

*22-nji tablisa*

**2008–2013-nji ýyllarda türkmenistanly syýahatçylaryň köp gidip-gelen ýurtlary**

| Ýurtlar | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Jemi** | **46003** | **39643** | **42142** | **50259** | **64741** | **68533** |
| Russiýa | 16936 | 11083 | 11239 | 11766 | 13061 | 13421 |
| Ukraina | 2199 | 2622 | 3264 | 4603 | 6859 | 8613 |
| BAE | 18751 | 15018 | 15854 | 22279 | 30833 | 34090 |
| Eýran | 569 | 405 | 487 | 728 | 2890 | 217 |
| Hytaý | 5447 | 7624 | 8467 | 7852 | 7471 | 8337 |
| Beýleki ýurtlar | 2101 | 2891 | 2831 | 3031 | 3627 | 3855 |

**Çeşmesi: Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri– 2014, sah. 293**

Gezelenç ulaglarynyň islendik görnüşleriniň ulanylyş mümkinçilikleri, ilki bilen olaryň howpsuzlygy we rahatlygy bilen kesgitlenilýär. Şol bir wagtda howa, gury ýer ýa-da suw ulaglarynyň ulanyş şertleri bilen kesgitlenilýän syýahatçylygyň ösüş ugurlary adaty ýa-da tebigy, şeýle hem emeli guralýan görnüşleri bilen tapawutlanýarlar. Türkmenistanyň şertlerine laýyklykda, ulagyň görnüşlerini şu aşakdaky toparlar boýunça häsiýetlendirip bolar *(23-nji tablisa)*.

*23-nji tablisa*



Belli bolşy ýaly, ýurdumyzda syýahatçylyk hyzmatlary Bütindünýä we hatda Merkezi Aziýa sebiti (aýratyn hem, myhmanhana, restoran, ulag hyzmatlary) bilen deňeşdirilende gymmat däldir, daşary ýurtly raýatlaryň Türkmenistanda bolmagynyň orta bahasy beýleki ýurtlara garalanda örän elýeterli derejededir. Bu ýagdaý Türkmenistanyň syýahatçylyk toplumynda hormatly Prezidentimiziň hemaýat bermeginde düýpli özgerişleriň amala aşyrylýandygy bilen baglydyr.

Türkmenistanda syýahatçylyk hyzmatlarynyň eksporty hyzmatlaryň eksportynyň düzüminde geljegi örän uly ugurdyr. Tebigy-klimatik we medeni-taryhy şertleri boýunça, durmuş-ykdysady taýdan köpugurly bolan Türkmenistanda syýahatçylygyň ekologiki, sport, taryhy, bejeriş-saglyk we beýleki görnüşleri üçin amatly mümkinçilikleri döredilýär.

# XIX bap MAGLUMATLARYŇ WE TEHNOLOGIÝALARYŇ HALKARA ALYŞ-ÇALŞYGY

## 19.1. Maglumat we tehnologiýa halkara ykdysady gatnaşyklaryň aýratyn obýektidir

XXI asyrda dünýä ykdysadyýetinde we halkara ykdysady gatnaşyklarda düýpli üýtgeşmeler bolup geçdi. Milli kompaniýalaryň we TMK-laryň arasyndaky çuňňur tehniki bilimlere, döredijilik çemeleşmä, ideýalara, intellektual zähmete esaslanýan halkara bäsleşigiň netijesinde öndürijileriň arasyndaky garşylyk örän güýçlendi. Öňümçilikdäki üstünligiň esasy sebäbi bolup innowasiýa çykyş edýär. Söwda gatnaşyjylar bolsa elektron özara gatnaşygy makul bilýärler. Dünýä bileleşigi maglumat tehnologiýalarynyň örän çalt ösmeginiň esasynda barha global we maglumat häsiýete eýe bolýar. Bilime, intellektual zähmete esaslanýan maglumatlaryň we tehnologiýalaryň ähmiýetiniň ýokarlanmagy milli hökümetleri, halkara guramalary öz strategiki wezipelerine täzeden seretmeklige, täze programmalary, forumlary döretmeklige, býujete üýtgeşmeler girizmeklige, statistiki hasabyň usulyýetini üýtgetmeklige iterýär.

Tehnologiýalara we maglumatlara nazaryýet taýdan önümçilik sebäbi – intellektual serişde hökmünde seretmek bolar. Kärhananyň balansynda intellektual serişdeler material däl aktiwler hökmünde hasaba alynýar. Hukuk nukdaýnazaryndan olara intellektual hususy eýeçilik diýilýär.

Halkara tehnologik alyş-çalşygyň predmeti bolup, adamyň aňynyň anyk maksada ýetmek üçin hojalyk durmuşynda gazanan usullary, täzelikleri, tejribesi degişlidir. Hojalyk işi – tehnologiýanyň hereket edýän gurşawydyr. Tehnologiýa adalgasy grekleriň *techne* sözünden gelip çykyp, ussatlyk, ezberlik, başarnyk diýmekligi aňladýar. Umuman, tehnologiýa – haýsy hem bolsa bir anyk işi etmegiň ussatlygyny, başarnygyny aňladýar. Senagat tehnologiýasy diýip inžener-tehnologlar tarapyndan işlenip düzülen, işçiler toplumy esasynda amala aşyrylan anyk bir detalyň ýa-da ýygnamanyň yzygiderligine we düzümine düşünilýär. Tehnologiýa hemişe hojalyk wezipesini çözmeklige gönükdirilýär *(24-nji tablisa)*.

*24-nji tablisa*




Bilim, täzelikler, tejribe, tehnologiýa adamzadyň hojalyk işiniň aýrylmaz bölegidir. Olar hojalyk işinden daşary, enjamlarsyz, ýörite taýýarlanan hünärmenlersiz hereket edip bilmeýär. Olar biri-birine baglydyrlar. Ýöne olary biri-birinden emele geliş we hojalyk işine geçirilişi boýunça dilden ýa-da hat üstünden bölýärler.

Tehnologiýalaryň halkara söwdasy diýip, dürli ýurtlarda ýerleşen subýektleriň arasynda birmeňzeş hojalyk işinde anyk peýdalanmak maksady bilen alnyp barylýan alyş-çalşyga aýdylýar. Tehnologiýany peýdalanmagyň maksady özüne mahsus bolan görkezilen hildäki, dolandyryş we marketing häsiýetli, maliýe amally harytlary öndürmekden ybaratdyr.

Hojalyk tejribesinde tehnologiýalary göterijilere kesgitli wezipäni çözmek üçin bu ugurdaky düşünjäni, tejribäni, täzelikleri ele alan hünärmenler, ezber hünärmenler bilen üpjün edilen oýlap tapyşlara berilýän ygtyýarnamalar we patentler, tehniki resminamalar, ýöriteleşdirilen edebiýat, islendik taýýar haryt we ýarymfabrikatlar degişlidir.

Halkara ykdysady gatnaşyklarda tehnologiýalar aşakdaky usullar boýunça, ýagny ýazuw arkaly (daşary ýurt ygtyýarnama edarasynyň ygtyýarnamany satyn alan pursadyndan başlap, ygtyýarnamalary satyn almak boýunça baglaşan şertnamasy, çap etme işleri), elektron torlar boýunça (Internet, telewideniýe), dilden (ylmy dilde werbal ýa-da werbalnyý diýilýär we maslahatlarda, simpoziumlarda umuman hünärmenleriň, alymlaryň islendik dilden aýdýan zatlary), görmek arkaly

(ylmy dilde wizual diýilýär we sergilere düşünilýär), ulag serişdeleri arkaly (tehniki görnüşleri, resminamalar) amala aşyrylýar.

Tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygy tölegli (tölegli, barter) we tölegsiz esasda alnyp barylýar. Tölegsiz görnüşde (senagat syry bolan patentleşdirilmedik tehnologiýalar. Olar ygtyýarnamalar şertnamasy arkaly geçirilýär. Şeýle geçiriliş umumy şertnamalaryň 50%-ne barabardyr) nou–hau-laryň geçirilişi üçin şertnamalaryň baglaşylmagy göz öňünde tutulmaýar we tehnologiýalar bilen tanyşlyk maslahatlaryň simpoziumlaryň üsti arkaly amala aşyrylýar. Umuman, intellektual döreýiş çylşyrymly işdir. Ol ýa-da beýleki döwletde täze tehnologiýanyň döremegi onuň daşary ýurda taýýar görnüşde satylmagyny aňlatmaýar. Täze tehnologiýany oýlap tapan alymlaryň daşary ýurtly kärdeşlerine ýalňyş ýa-da garyşyk maglumatlary berýändikleri halkara söwdasynda häli-şindi gabat gelýär.

Tehnologiýalaryň resmileşdirilmedik halkara alyş-çalşygynyň göwrüminiň ýokary bolmagyna intellektual eýeçiligi goramak boýunça kanunçylygyň ösüşiniň kämillik derejesiniň entek pesligi, ösüp gelýän ýurtlarda bu işiň gözegçiliginiň gowşaklygy täsir edýär. Beýleki tarapdan internetiň üsti bilen halkara alyş-çalşygyň ösmegi tehniki usullar, ýagny web-kontent arkaly bu gatnaşyklara gözegçilik etmeklige mümkinçilik döreýär. Bu ýagdaý bolsa daşary ýurtlara satylýan tehnologiýalaryň olaryň eýesi bilen aýrylmazlygyny, bütewüligini üpjün edýär.

Ideýalaryň ogurlanmagyndan başga-da tehnologik talaplaryň berjaý edilmegi tehnologiýalaryň halkara söwdasynyň meseleleriniň biridir. Tehnologik talaplaryň berjaý edilmezligi önümçilik we dolandyryş amallarynyň netijesiniň peselmegine, energiýa sarp edişiň ýokarlanmagyna, enjamyň döwülmegine, harajatlaryň artmagyna, galyndylaryň ýokarlanmagyna getirip biler. Şeýle ýagdaýda tehnologiýany satýan döwletler goşmaça renta gazanýarlar. Olar täze enjamlary satmak, önümçiligi, dolandyryşy tehnologiýa laýyk dolandyrmak hyzmatlary amala aşyrmak arkaly goşmaça girdeji gazanýarlar. Dünýä ykdysadyýetinde ösen döwletler tehnologiýalary netto-eksportýorlar, ösüp gelýän döwletler netto-importýorlar bolup çykyş edýärler.

Dünýä ykdysadyýetinde we halkara ykdysady gatnaşyklarda häzirki etapda tehnologik ösüşiniň aýratynlygy bolup, olaryň ykdysady we hukuk taýdan aýrabaşgalaşmagynyň has işjeňleşmegi çykyş edýär. Bu hereket tehnologik aýlanyşygyň özbaşdaklaşmagyna täze tehnologiýalaryň döremegine, satyn alnan tehnologiýalaryň kämilleşdirilmeginiň çaltlaşmagyna getirýär.

**Dünýä hojalygynda maglumatlaryň alyş-çalşygy.** Maglumatlar tehnologiýa garanyňda has ýönekeý önüm bolup, olar hojalyk işine göni ornaşdyrylmaýar. Olar ykdysady we hojalyk meselelerini çözmeýär. Ýöne maglumatlar ykdysady peýda gazanmakda we hojalyk meselelerini çözmekde peýdalanylyp bilner. Mazmuny boýunça maglumatlaryň halkara alyş-çalşygyna statistiki, buhgalteriýa, analiz, hukuk, ylmy, kompýuter, saglygy goraýyş, güýmenje, tomaşa etmek üçin maglu-

matlar gatnaşdyrylýar. Sanalan maglumatlaryň görnüşleri häzirki wagtda hojalyk işinde giňden ulanylýanlarydyr. Emma, hojalyk we täjirçilik işine islendik maglumat gatnaşdyrylyp bilner. Bu işlere maglumatlaryň gatnaşdyrylmagy islegiň we teklibiň esasynda emele gelýär. Maglumatlar hem tehnologiýalar ýaly tölegli we tölegsiz görnüşde halkara alyş-çalşygyna gatnaşdyrylýarlar. Maglumat alyş-çalşygynda, köplenç barter usuly peýdalanylýar. Mysal üçin, telewizion kompaniýasy neşirýatyň çap edýän haýsydyr bir maglumatyny taraplaryň ikisiniň hem bähbidi üçin sähelçe gonorara efire goýberýär ýa-da neşirýatyň haýyşy boýunça efirden aýyrýar. Maglumatlaryň halkara göwrüminiň uly bölegi, köplenç, tölegsiz esasda amala aşyrylýar. Emma, işewür häsiýetli maglumatlaryň bahalary emele gelýär we olaryň gymmaty barha ýokarlanýar. Şeýle hem maglumatlaryň kesgitli bölegi legal däl (gadagan edilen) ýollar arkaly alnyp barylýar. Ol maglumatlara içalyçylyk ýoly arkaly alnan senagat , döwlet emeldarlaryny (ýokary wezipeli adamlary) satyn almak arkaly ele alnan döwletiň ykdysady, syýasy, maliýe, goranyş, howpsuzlyk we ş. m. bilen bagly maglumatlar degişlidir.

Maglumatlardan alynýan peýda aýratyn-da harytlaryň söwdasy, harytlaryň bahasy bilen baglanyşykly maglumatlaryň halkara alyş-çalşygy olaryň, ýagny maglumatlaryň gaýtadan işleniliş derejesine, wagtyna hem bagly bolup, olar näçe göwnejaý işlenilse olardan alynýan peýda ýokary bolýar. Şonuň üçin ýokary derejede seljerilen, hili ýokary maglumatlaryň ilkinji gezek berilýän, doly işlenilmedik maglumatlardan bahasynyň ýokary bolýandygy düşnüklidir. Käbir ýagdaýlarda doly işlenilmedik maglumatlar işlenilen maglumatlara garanyňda has öň berilýändigi üçin onuň bahasy gysga wagtlyk ýokary bolup biler. Dünýäniň maglumat bazarynyň aýry-aýry segmentlerinde döwletiň we ýöriteleşdirilen guramalaryň maglumatlary monopol ýa-da has ýokary bahadan satylýan maglumatlara degişlidir.

Maglumat bäsleşigini ýokarlandyrmakda Internetiň möhüm ähmiýeti bardyr. Internet tory maglumat taýýarlamaýar, ol diňe berlen maglumatlary köpçülige elýeterli edýär. Häzirki wagtda köpsanly kompaniýalar Internetde web-hökümetlerini we işewürlik ugruny açyp görkezýän saýtlaryny girizýärler. Özara hasaplaşyklary Internetiň üsti bilen amala aşyrmak barha giň gerime eýe bolýar. Oňa elektron täjirçilik we elektron işewürlik (e-commerce, e-business) diýilýär. Elektron täjirçilik we elektron işewürlik halkara bazaryna gatnaşýan maýa goýumyň, harytlaryň, hyzmatlaryň, işçi güýjüniň üstüni doldurmaýar, olaryň sanyny köpeltmeýär. Elektron söwda diňe olaryň özara baglanyşygynyň çaltlaşmagyna, işewürligi ýola goýmak üçin goşmaça mümkinçilikleriň döremegine getirýär.

Bir döwletden beýleki döwlete geçýän maglumat önümlerini maglumat harytlary we maglumat hyzmatlary diýip iki topara bölmek bolar. Maglumat harytlara döwürleýin metbugat (gazet, žurnal, býulleten, hasabat), kitaplar we beýleki neşirler (kalendar, bukja, karta), programma üpjünçiligi, mahabat, reýting, radio, telewideniýe, saz, çeperçilik önümleri degişlidir. Maglumat hyzmatlary maglumat

harytlaryny taýýarlamak, döretmek, gaýtadan işlemek, çap we mahabat hyzmatlary, programma, internet hyzmatlaryny özünde jemleýär.

Internet tory arkaly ýerleşdirilýän elektron görnüşli maglumat önümleri toparlara (klassifikasiýalara bölmekde belli bir kynçylyklar döreýär. Ol kynçylyk halkara söwdasynyň düzgünlerine laýyklykda elektron söwdasyny haryt ýa-da hyzmat diýip klassifikasiýa bölmeklik seljerme we tejribe taýdan örän çylşyrymlydyr. Elektron önümleri klassifikasiýalara bölmekligiň meseleleri Bütindünýä söwda guramasynyň talap edýän gaýragoýulmasyz wajyp ugurlarynyň biri bolup durýar. BSG-niň agzalarynyň gelen netijesine laýyklykda elektron söwda GATS-niň däl-de, GATT-niň düzgünlerine laýyklykda ýaýradylýandygy üçin ony maglumat harydy diýip kabul etmeklik karar edildi.

Maglumat önümleri beýleki önümlere garanyňda aşakdaky birnäçe düýpli aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar:

– bu önümleriň gymmaty maglumat, bilim, medeni, tomaşa düzümli bolup, olar şol ölçegde ýaýradylmaýar. Şeýle önümler bikanun önümçilige goýberilmekden, kämilleşdirilmekden, ýaýradylmakdan goralýar;

– maglumat düzümli şeýle önümleri dürli görnüşlerde ýaýratmak ýa-da alyş-çalyş etmek mümkindir. Mysal üçin, çeper film kinoteatrlarda, telewideniýede görkezilip bilner ýa-da onuň diskini we kassetasyny satyn alyp bolar. Programma üpjünçiligini Internetden we ýörite dükanlardan satyn almak bolar. Gazetleri ýörite kiosklardan ýa-da on-laýn düzgüninde bellenen salga ýetirmek mümkindir.

Ösen döwletleriň maglumat bazarlary has giňdir, sygymlydyr. Bu döwletler ahyrky taýýar maglumat önümleri bolan programma üpjünçiligini, ylmy-bilimleri, standartlary, hili esasy öndürijiler bolup durýarlar. Ösüp gelýän ýurtlar, köplenç halatda, maglumat çig mallary, ýarym fabrikatlary ösen döwletlere ugradyjylar bolup çykyş edýärler. Maglumat çig malyna we ýarym fabrikatlaryna, mysal üçin, kompýuter programmasynyň aýry-aýry modullary, ylmy-tehniki pikirler degişlidir.

Ösen döwletler ösüp gelýän ýurtlara garanyňda maglumatlaryň hili, ynamlylygy, gaýtadan işlenilişi, özleşdirilişi, durmuşa ornaşdyrylyş derejesi boýunça has öňdedir. Bu ýagdaý ösüp gelýän ýurtlarda döwlet edaralarynyň, institutlarynyň ýeterlik ösmezligi, alnyp barylýan syýasat, könelişen maglumatlaryň täzeleniş, alyş-çalyş ediliş tizliginiň pesligi, olaryň yzygiderli däldigi (mysal üçin, bazaryň ýagdaýy baradaky maglumatlar), hukuk çäklendirmeler we býurokratik päsgelçilikler bilen düşündirilýär. Ösüp gelýän ýurtlaryň maglumat yzagalaklygynyň esasy sebäbi bolup, olaryň däpleri, adatlary, mentaliteti, ilatyň aň, bilim derejesiniň ýetmezçilik etmegi, şeýle hem ýokary hilli gymmatly häzirki zaman maglumatlaryň bu döwletler üçin elýetersiz bolmagy, olaryň täzelikleri ulanmaklyga taýýar däldigi çykyş edýär. Bu sebäpler öz gezeginde ykdysady ösüşiň derejesinde öz beýanyny tapýar.

Bütindünýä bankynyň dünýäniň ösüşi boýunça berýän hasabatynda ykdysady ösüşiň derejesine üç ýagdaýyň ýiti täsir edýändigi bellenilýär. Olara bilimlilik (ýokary bilim göz öňünde tutulýar), ykdysadyýetiň açyklygy, ösen aragatnaşyk infrastrukturasy degişlidir. Ykdysadyýetiň açyklygynyň ýokarlanmagy daşary ýurt tehnologiýalaryny peýdalanmak mümkinçiligini ýokarlandyrýar. Daşary gatnaşyklar beýleki ýurtlaryň işewür tejribesini öwrenmeklige mümkinçilik berýär. Ýokary bilimlilik derejesiniň ilatyň täze bilimlerine bolan höwesini artdyrýandygyny tejribe görkezýär. Telefon torlarynyň gürlügi ýa-da her 100 adama düşýän telefonyň möçberi (häzirki wagtda bu görkezijiniň üstüne mobil telefony hem goşuldy) gerek bolan maglumaty öz wagtynda ýokary hilde almaklyga uly mümkinçilikleri açýar. Yzygiderli ykdysady ösüşiň ýokary derejesiniň hasaba alnan ýurtlarynda bilimliligiň, ykdysady açyklygyň, aragatnaşygyň hem çalt ösýändigini tejribe görkezýär.

**Halkara alyş-çalşygyna gatnaşdyrylýan pudaklaýyn tehnologiýalaryň görnüşleri.** Mazmun taýdan dünýä ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryndaky her bir pudak öz tehnologiýalaryny ulanýarlar. Oba hojalygynda ýeriň hasyllylygyny, maldarçylygyň önümliligini ýokarlandyrýan oba hojalyk tehnologiýalary ulanylýar. Önümçilikde taýýarlamaklygyň, ýygnamaklygyň, täzelemekligiň netijeliligini ýokarlandyrýan senagat tehnologiýalary peýdalanylýar. Dolandyryşda kärhananyň işine gözegçilik edýän, onuň düzümlerini amatly ýagdaýa getirýän shemalar ulanylýar. Guramaçylyk we dolandyryş tehnologiýalary diňe bir telekeçilik ulgamynda däl-de, döwleti dolandyrmak işlerinde hem giňden peýdalanylýar. Hyzmat ulgamy bolsa özüniň hyzmat tehnologiýalaryny hödürleýär. Bank, maýa goýum, ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyrmak maliýe tehnologiýalary diýip hasaplanylýar. Söwda-aralykçy kompaniýalarynyň ýerleşdiriş tehnologiýalaryna marketing tehnologiýalary diýilýär. Marketing tehnologiýalary bazaryň segmentini çalt we anyk öwrenip, haýsy önümi näçe möçberde kim üçin öndürmelidigini kesgitleýär. Maglumat tehnologiýalarynyň (MT) aýratynlygy bu klassifikasiýalaryň globallaşma şertlerinde ykdysadyýeti öňe alyp gitmeklige edýän täsiri bilen kesgitlenilýär. MT gözlegde, ýygnamakda, gaýtadan işlemekde peýdalanylýar.

**Tehnologiýalaryň milli ykdysadyýete ähmiýetlilik derejesi boýunça klassifikasiýalary.** Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy (YHÖG) önümçiligiň, pudagyň häsiýetine laýyklykda tehnologiýalary dört topara bölýär. Ol toparlara halkara alyş-çalşygyna gatnaşdyrylýan tehnologiýalaryň hil tarapy hem täsir edýär. Ýokary tehnologiýalara aerokosmos, farmasewtika, ofis, kompýuter, tele-radio, kommunikasiýa, saglygy goraýyşda ulanylýan takyk enjamlar senagatynda ulanylýan tehnologiýalar degişlidir. Ortadan ýokary tehnologiýalar elektrotehniki, maşyn gurluşygynda, gämi gurluşykda, ulaglarda, dwigatellerde, himiýa senagatynda ulanylýan tehnologiýalar degişlidir. Ortadan pes tehnologiýalara ýadro ýangyjy, hebit-himiýa önümlerini arassalamak, kauçuk, plastmassa, metal we taýýar metal önümçiliginde (maşyn gurluşygy degişli däl) ulanylýan tehnologiýalar degişlidir.

Galyndylary gaýtadan işlemek we ýok etmek, kagyz-sellýuloza, azyk, temmäki, dokma, deri senagatlarynda ulanylýan tehnologiýalara pes tehnologiýalar diýilýär.

BMG tarapyndan tehnologiýalar üç topara bölünýär. Olara ýokary, orta, pes tehnologiýalar diýilýär. BMG-niň ýokary we pes tehnologiýalarynyň düzümi biri-birine gabat gelýär. Emma, awtomobil, enjam, himiýa (farmasewtika goşulmaýar), polat senagatynda ulanylýan tehnologiýalary BMG orta tehnologiýalar diýip hasaplasa, YHÖG olary ortadan ýokary we ortadan pes tehnologiýalara bölýär.

## 19.2. Halkara ykdysady gatnaşyklarda maglumatlaryň we tehnologiýalaryň alyş-çalşygynyň orny we görnüşleri

**Tehnologiýa töleg balansy.** Döwletleriň tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygyndaky ornuna göz ýetirmekde tehnologiýa töleg balans (TTB) ähmiýetli orny eýeleýär. TTB tehnologiýalary oýlap tapmak üçin goýberilen serişdeleri, oýlap tapmalary, tehnologiýalaryň satuwyndan gelýän girdejileri özünde jemleýär. Şonuň üçin tehnologiýalaryň geçirilişi dört sany kategoriýa boýunça hasaplanylýar:

- patentlerden, ygytyýarnamalardan ýa-da nou-hau-lardan ybarat tehniki bilimleriň satuwy;
- satuw, ygtyýarnamalaşdyrmak, dizaýnyň françaşaýzingi, söwda markasy, görnüşler;
- tehniki häsiýetli hyzmatlary, şol sanda tejribe-konstruktor, tehniki kömek işleri;
- pudaklaýyn ylmy-barlag işleri.

TTB ýurduň beýleki döwletler bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyny toplumlaýyn bahalandyrmaga mümkinçilik berýär. Ýöne bu görkezijiniň düýpli ýetmezçiligi bar. Baha görnüşinde hasaplanylýan, eksport we import edilýän tehnologiýalaryň milli ykdysadyýetiň ösüşindäki ähmiýetini kesgitläp bolmaýar. Şeýle hem ýurduň TTB-niň oňaýsyz galynda eýe bolmagy onuň tehnologiki ösüş boýunça bäsleşige ukypsyzdygyny aňlatmaýar. Şeýle ýagdaý import edilýän tehnologiýalaryň sany artanda ýa-da olaryň eksport edilýän tehnologiýalarynyň möçberi peselende ýüze çykýar. Döwlet TTB-niň işine seljerme berlende ol ýurduň transmilli korporasiýalarynyň daşary ýurtlardaky ýerleşýän bölümleriniň hem satýan tehnologiýalarynyň möçberini goşmaça maglumat çeşmesi hökmünde kesgitlemelidir. Umuman alanyňda, ýurduň TTB-niň ýokary bolmagy, köplenç halatda onuň tehnologiki taýdan ösüşini kesgitleýär.

Soňky ýyllarda ösen we täze industrial ýurtlarda tehnologiýalaryň satuwyndan gelýän girdejiler yzygiderli ýokarlanýar. Emma, bu ýagdaý hemme ösen döwletlere mahsus däldir. Mysal üçin, ABŞ-dan we Ýaponiýadan tapawutlylykda ÝB-de tehnologiýa töleg balansy oňaýsyz galynda eýedir. Şol bir wagtyň özünde ozal



14. Sargyt № 832

tehnologiýalary diňe import edýän Ýaponiýa indi tehnologiýalary diňe eksport edýän ýurda öwrüldi. Eger 1990-njy ýylda ýurduň tehnologiýa importynyň oňaýsyz galyndysy JIÖ-niň 0,01%-ine barabar bolan bolsa, 1999-njy ýyldan soň eksport edilen tehnologiýalaryň oňaýly galyndysy JIÖ-niň 0,11%-ine deň boldy we ol sanyň ýokarlanmak meýli hemişe saklanyp galýar.

Tehnologiýalaryň we maglumatlaryň dünýä hojalygyndaky alyş-çalşygy dürli görnüşli bolup, olar aşakdaky formalarda amala aşyrylýar:

– ylym we tehnologiýa ulgamynda halkara kooperirlenme;
– oýlap tapyşlaryň, tehniki maglumatlaryň, patentler, ygtyýarnamalar, şertnamalar, ugrukdyryjy resminamalar görnüşinde ýaýradylmagy;
– halkara tehniki kömek;
– harytlaryň halkara söwdasynyň tehnologiki ugrukdyrmasy;
– daşary ýurtly müşderilere professional, tehniki, maglumat, inžiniring, maslahat bermek, ofşor programmirleme hyzmatlaryny amala aşyrmak;
– adam baýlygyny hasaplap çykarmak ýa-da daşary ýurtlara ýokary taýýarlykly kadrlary ugratmak;
– TMK-laryň halkara önümçiliginiň, göni maýa goýumlarynyň, mahabat, reýting bäsleşikleriniň maglumat-tehnologiki üpjünçiligi;
– hünärmenleriň daşary ýurtlarda okamagy, syýahatçylyk we beýlekiler;
– milli teleradio, neşir kompaniýalarynyň daşary ýurtlarda çykyş etmegi;
– daşary ýurt maglumatlarynyň arhiw, kitaphana bazalaryny emele getirmek.

Bu formalaryň alyş-çalşygy hem öz gezeginde statistiki hasaby, bahasy, hukuk sazlaşdyrmasy, maglumat-tehnologiki düzümi boýunça açyk we ýapyk maglumat-tehnologiki toparlara bölünýärler. Statistikanyň hasaba alyp bilmeýän ýapyk maglumat-tehnologiki alyş-çalşygy halkara söwdasynyň esasy predmeti däl-de, halkara söwdasynda gatnaşdyrylýan esasy obýektleriň ugrukdyryjysy (mysal ücin, çylşyrymly tehnikanyň satylmagy, alymyň daşary ýurda gitmegi, göni maýa goýumlar) bolup çykyş edýär. Açyk görnüşli tehnologiýalar ygtyýarnamalar, patentler, halkara kooperirlenme, tehniki kömek görnüşinde alnyp barylýar.

**Alyş-çalşygyň esasy görnüşleriniň häsiýetnamalary.** Ylym we tehnologiýa ulgamynda halkara kooperirlenme ýyl-ýyldan ýokarlanýar. Açyk çap edilýän ylmy maglumatlar dürli ýurtlaryň alymlarynyň bilelikde alyp baran işleriniň netijesi bolup çykyş edýär. Häzirki günde dünýädäki ylmy publikasiýalryň üçden bir bölegi, patentleriň 10%-i köpmilletli alymlaryň toparlarynyň, halkara kooperirlenmäniň netijesidir.

Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň (YHÖG) bilermenleriniň pikirine görä, milli ylmyň halkaralaşmagynyň esasy sebäplerine döwletiň ululygy, tehnologiki üpjünçilik, sebitleýin ylmy-barlag işleriniň biri-birine golaýlygy, dil ýagdaýy, pudaklaýyn ýöriteleşme, daşary ýurtly kompaniýalaryň bolmaklygy

degişlidir. Milli ylymyň ýokary derejede halkaralaşmagyna içerki serişdeleri çäkli bolan kiçi ýewropa döwletlerine mahsus häsiýetdir. Belgiýanyň, Daniýanyň, Awstriýanyň ylmy publikasiýalarynyň 40%-den gowragy bilelikde ýazylan işlerdir. Lýuksemburgda daşary ýurtlylaryň oýlap tapyşlaryna berilýän patentleriň 60%-i, Polşada we Slowakiýada 50%-i bilelikdäki hyzmatdaşlygyň netijesidir. GDA ýurtlarynda hem ylmy-tehniki kooperirlenme ýokarydyr. Bu ugurdaky kooperirlenme diňe Ýaponiýa üçin häsiýetli ýagdaý däldir. Ýaponiýada oýlap tapyşlara berilýän patentleriň umumy möçberinde daşary ýurtlylaryň paýy 2%-den geçmeýär.

Patentleşdirmek we ygtyýarnamalaşdyrmak HYG-niň aýratyn görnüşi däl-de, maglumatlaryň-tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygyny ýazgy görnüşinde daşary ýurtlara çykarmaklygyň hukuk üpjünçiligidir. Dünýäniň köp döwletlerinde tehnologiýa diňe senagat häsiýetli däl-de, patent kanunçylygy esasynda patentleşdirilen islendik üstünlik degişlidir. Mysal üçin, hojalygy guramak we dolandyrmak tehnologiýalary ýa-da hyzmatlar senagat häsiýetine eýe däldir. Olar patentleşdirilmäge degişli däl diýip hasap edilýär. Sebäbi olaryň köpüsi patentleşdirilmedik, ygtyýarnamalaşdyrylmadyk ýagdaýda dürli ylmy neşirlerde çap edilýär. Ýöne tehnologiýalary ýazgy görnüşinde resmileşdirip satmaklyk örän wajypdyr. Diňe şeýle edilende olaryň gymmatyny kesgitlemek mümkindir. Maglumat-tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygyny HYG-niň tapawutly ýeri olaryň bir eýeçilikden beýleki eýeçilige geçmegini, ony ulanmaga, saklamaga gazanýan hukugydyr.

*Halkara tehniki kömek* (ýardam) ösen döwletleriň ösüp gelýän ýa-da geçiş häsiýetli ýurtlara iki we köptaraplaýyn, döwlet we hususy esasda berýän tehniki, tehnologiki ýardamydyr. Tehniki kömek ykdysady, maliýe, ynsanperwer ýardam hökmünde yzyna gaýdyp bermezlik ýa-da ýeňillikli şertlerde berilýär. Kömegiň bu görnüşiniň berilýän beýleki ýardamlardan tapawudy kömek alýan ýurtda ýüze çykan tebigy, harby, ilatyň durmuş şertlerini, zähmet öndürijiligi, ykdysady ösüşi ýokarlandyrmak ýagdaýy bolanda berilýär. Ösen döwletleriň ösüp gelýän döwletlere berilýän ýardam bilen gyzyklanmagynyň sebäbi daşary bazarlarda öz TMK-larynyň orunlaryny berkitmek arkaly goşmaça girdeji gazanmakdan ybaratdyr. Umuman alanyňda, tehniki kömek ykdysady diplomatiýanyň usullarynyň biri hasaplanýar.

Halkara tehniki ýardamy ýörite toparlary guramagy (staff missions); ekspertleriň gysga möhletli daşary ýurtlara gitmegini, daşary ýurtly maslahatçylaryň hemişelik esasda işlemegini; senagat we beýleki obýektleriň guramaçylyk hilini, tehnologiki grantlary (peşgeş) bermekligi (ýagny tehnologiýanyň özüni bermek); hünärmenleri öz ýerinde ýa-da daşary ýurtlaryň okuw merkezlerinde okatmagy, satyn alynýan tehnologiýalary maliýeleşdirmegi ýa-da maliýeleşdirmeklige gatnaşmaklaryny özüne birleşdirýär.

Tehniki ýardamyň agramly bölegi halkara ykdysady guramalar bolan Halkara pul gaznasynyň (HPG), Bütindünýä bankynyň (BB), Ykdysady hyzmatdaşlyk we

ösüş guramasynyň (YHÖG) üsti arkaly berilýär. Bu guramalaryň hersi tehniki ýardamlary öz hereket edýän ugry boýunça bermeklige ýykgyn edýärler. Mysal üçin, HPG agza döwletleriň arasynda halkara standartlary, kodeksleri, maliýe, salgyt ulgamlarynda, statistika, maliýe merkezlerine gelýän gelip çykyşy şübheli pullary aklamak boýunça alnyp barylýan işlere garşy göreşýär. Şonuň üçin, HPG tehniki kömekleriniň, karzlaşdyrma maksatnamalarynyň özara bileleşmeklerine ýykgyn edýär. Bu sepgide ýetmek üçin tehniki kömekleri berýän dürli guramalaryň işini düzgünleşdirýän iki sany maksatnama işlenilip düzüldi.

Halkara tehniki ýardamlar hususy guramalar tarapyndan hem berilýär. Mysal üçin, «Tehniki ýardamyň meýletinçileri» (Volunteers in Technical Assistance, VITA) diýip atlandyrylýan 1959-njy ýylda inženerler, alymlar tarapyndan döredilen täjirçilik däl gurama bu iş bilen meşgullanýar. Ol guramanyň baş kabulhanasy ABŞ-da ýerleşýär. Gurama daşary ýurtlaryň milli institutlaryna ylmy-tehniki maglumatlaryň elýeterli bolmagy barada iş alyp barýar.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlara Ýewropa ykdysady bileleşigi tarapyndan berilýän tehniki ýardamlaryň esasy bölegi TASIS maksatnamasynyň üsti arkaly amala aşyrylýar. TASIS maksatnamasy boýunça durmuş ulgamda, ekologiýa meselesinde kärhanalaryň durkunyň täzelenişinde, kiçi we orta ululykdaky kärhanalara ýardam bermekde, ulag, maliýe, bank ulgamlarynda maliýe kömegi berilýär. TASIS maksatnamasynyň çäklerinde ýörite maksatly Tempus maksatnamasy hereket edýär. Bu maksatnama bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmeklige niýetlenýär. BISTRO maksatnamasyna laýyklykda 100 müň ýewrodan köp bolmadyk möçberde tehniki ýardamlar gysga möhletli karzlaryň esasynda berilýär.

Tehnologiýa – harytlaryň halkara söwdasy bilen bilelikde alnyp barylýan önüm bolup, aýratyn-da ýokary tehnologiýaly harytlaryň söwdasy ähmiýetli orna eýedir. Şeýle önümi peýdalanmaga alyjyny tapmak, onuň bilen işleşmek belli bir kynçylyklary döredýär. Ol kynçylyklara alyjynyň hünärmenleri taýýarlamak, satylan tehnologiýa, enjamlar, montaž işleri we ş. m. üçin soňky hyzmatlary alyp barmak degişlidir. Bu işler üçin goşmaça ylalaşyklar baglaşylýar. Ýöne satyjy hem goşmaça ylalaşyklaryň baglaşylmagy bilen gyzyklanýar. Sebäbi goşmaça ylalaşyklaryň netijesinde şertnamanyň bahasy ýokarlanýar.

Ösen döwletlerde tehnologiýalaryň jemi söwdasynyň içinde ýokary tehnologiýalar 40%-i, orta tehhnologiýalar 25%-i tutýar. Bu ortaça görkeziji bolup, ol dürli ýurtlar boýunça alanyňda birmeňzeş däldir. Mysal üçin, Ýaponiýada we Irlandiýada eksport edilýän tehnologiýalaryň 80%-i ösen tehnologiýalara degişli bolsa, Täze Zelandiýada hem-de Islandiýada bu görkeziji 20%-e deňdir. Ýokary tehnologiýalaryň eksporty boýunça soňky ýyllarda ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda Islandiýa we Wengriýa has öňe saýlanyp başladylar. Bu iki döwletiň ýokary tehnologiýalaryň eksporty boýunça öňe saýlanmagyny olaryň düýpli ylmy-tehniki açyşlara üns

berýändigi bilen däl-de, olaryň ykdysadyýetiniň daşary ýurt tehnologiýalaryna baglylygy, kompaniýalaryň eksporta nazarlanýan önümçilige ýykgyn edýändigi bilen düşündirmek bolar. Olaryň ikisi hem ABŞ-dan köpsanly detallary satyn alyp, olary gaýtadan ýygnamaklyga we eksport etmeklige uly üns berýärler.

Häzirki zaman ýokary tehnologiýaly önümleriň içinde farmasewtika, teleradio, kommunikasiýa enjamlarynyň söwdasy has çalt depgin bilen ösýär.

**Ofşor programmirlemesi halkara maglumat-tehnologiki kooperirlenmäniň täze görnüşdir.** «Ofşor», «ofşor programmirlemesi» ýaly adalgalaryň ulanylýandygyna garamazdan, bu düşünjäniň adaty ofşor telekeçiligi ýaly daşary ýurt işewürligi bilen düýbünden baglanyşygy ýokdur. Tersine, ofşor programmirlemesi ýerli softweer kompaniýalarynyň *(softweer iňlis dilinde software – programma üpjünçiligi diýmekligi aňladyp, kompýuter programmalaryny gaýtadan işleýän, kämilleşdirýän, şeýle hem aýry-aýry programma modullaryny düzýän, maglumat-tehniki peýdalanyjylar üçin täze programmalary işleýän ýerli kompaniýalara aýdylýar)* daşary ýurt bazarlaryna programma üpjünçiligini eksport etmeklige nazarlanmagydyr. Döwletleriň köpüsinde bu pudak goldanylýar. Onuň üçin ýeňillikli şertler döredilýär. Ol şertlere eksport pajynyň peseldilmegi ýa-da aýrylmagy, ýörite tehnoparklaryň döredilmegi degişlidir.

Ofşor programmirlemesi–halkara autsorsingiň bir çeşmesi bolup (iňlis dilinde out source – daşarky çeşme diýmekligi aňladýar), daşary ýurtly kompaniýalara dürli hyzmatlary edip bermeklige aýdylýar.

Ofşor programmalaryny iri sarp edijiler ABŞ we Günbatar Ýewropadyr. Eksport edijiler bolup ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlar çykyş edýär. Bu ugurdaky öňbaşçylyk orun hindi programmaçylaryna degişlidir. Şeýle hem kuwwatly kompýuter programma merkezleri bolup, Taýwan, Singapur, Malaýziýa, Irlandiýa, Braziliýa we Russiýa çykyş edýärler.

Ofşor programmirleme eksport we import edýän ýurtlar üçin artykmaçlyklara hem-de oňaýsyzlyklara eýedir. Ofşor programmasyny import edýän ýurtlar öz kompaniýalarynyň taýýarlaýan önümlerinden hil taýdan deň, emma bahasy pes önümleri satyn alýarlar we harajatlaryny peseldýärler. Programmalary satyn alyjylar arzan programmalary ýa-da programma modullaryny soňra pes harajatlar bilen ýygnaýarlar we olary bütewi programma hökmünde ýene-de ösüp gelýän ýurtlara satýarlar.

Bu hyzmatdaşlygyň başga-da birnäçe artykmaçlyklary bardyr. Mysal üçin, amerikan kompaniýalary özlerinde hünärmen ýetmezçilik eden ýagdaýynda ofşor merkezlerine ýüz tutýarlar. Maglumat tehnologiýalary boýunça Amerikan assosiasiýasynyň berýän maglumatlaryna görä, soňky ýyllarda professional kompýuterçileriň iş orunlarynyň milliona golaýy hünärmenlersiz boş durýar. Bu ýagdaýyň ikinji sebäbi iri kompaniýalar bolan *Microsoft, Sun* dünýä boýunça has gowy hünärmenleri özüne jemleýärler. Beýleki ownuk kärhanalary bolsa taýýarlygy kän

bir ýokary bolmadyk hünärmenleriň işi hem kanagatlandyrýar. Üçünji sebäbi bolup amerikan uniwersitetleriniň uçurymlary ozalky programmalar bilen işlemek islemeýär. Netijede, programmalary gysga wagtyň içinde täzeläp durmaly bolýar. Şonuň üçin dünýä belli Microsoft Windows programmalarynyň her ýyl diýen ýaly täze görnüşleri işlenilýär. Programmalaryň täzelenýändigine garamazdan olaryň esasy düzüm bölegi saklanyp galýar. Şonuň üçin ösen ýurtlar özleri üçin ol diýen täzelik bolmadyk kämilleşdirme işlerine ofşor merkezlerini çekýärler.

Ofşor işewürligini eksport edýän ýurtlar üçin bu hyzmatdaşlyk täze iş orunlarynyň döremegine, býujete gelýän serişdeleriň artmagyna, walýuta serişdeleriniň köpelmegine getirýär. Emma, ofşor işewürliginde ýaşyryn ykdysadyýet hem giňden ýaýrandyr. Programmaçylaryň köpüsi hiç ýerde hasaba alynman, döwlete salgydyny tölemän, daşary ýurtly kärhanalaryň buýurmalaryny öý şertlerinde ýerine ýetirýärler.

Ofşor işewürliginiň beýleki artykmaçlygy uly maýa goýumlary bolmazdan ony eksport edýän ýurduň ylmy-tehniki gurbatyny ýokarlandyrýar. Bu işewürligi ösdürmek üçin diňe kompýuterleriň bolmagy ýeterlikdir.

Programma üpjünçiligi boýunça ýokary sepgitlere ýetmekligi başaran ýurtlaryň biri hem Hindistandyr. Bu ýurtda 2004-nji ýylyň mart aýyndan 2005-nji ýylyň mart aýyna çenli 17,2 milliard dollarlyk programma önümi eksport edildi. Hindistanda 1250 sany ofşor kompaniýalary bolup, olardan has bellilerine *InfoSys, Wipro, Aptech* degişlidir.

Häzirki wagtda bu işewürlikde 250 müň adam zähmet çekip, ony 2,2 milliona ýetirmeklik göz öňünde tutulýar. Şeýle hem iş bilen umumy görkezijisiniň 8%-ini bu işewürlikde ornaşdyrmaklyk, her ýylda programma önümleriniň 50 milliard dollarlygyny eksport etmeklik bellenilýär. Fortune žurnalynyň bahalandyrmagyna görä, dünýäniň iri 500 kompaniýasynyň 185-si kompýuter programma üpjünçiligini Hindistana buýurýarlar. Hindi programmaçylarynyň bu üstünligi döwlet goldawynyň esasynda ýetildi. Hindistanyň diňe iňlis dilinde okadylýan tehniki kollejleri her ýyl 75 müň hünärmeni taýýarlaýarlar. Ondan başga-da, maglumat-telekommunikasiýa infrastrukturasyny ösdürmek üçin uly maýa goýumlar goýulýar. Hindistanyň daşary ýurtlara eksport edýän programma önümleriniň 80%-ini maglumat-tehnologiýalary, taslama, tehniki goldaw ýaly işler tutýar. Halkara ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň we kooperirlenmegiň alternatiw görnüşi bolup, ýokary hünär taýýarlykly hünärmenleriň migrasiýasyýasy çykyş edýär. Oňa başgaça adam maýasynyň çykarylmagy ýa-da aň ýitgisi (iňlisçe – brain drain) diýilýär we ýokary taýýarlykly hünärmenleriň, alymlaryň ýurduň daşyna hemişelik ýa-da wagtlaýynça çykmaklygyny aňladýar.

Aň we maglumatyň halkara alyş-çalşygynyň bu görnüşiniň getirýän netijesini anyk ölçemek belli kynçylyklary döredýär. Käbir ýurtlaryň statistikasy şeýle maglumatlary bermeýär. Daşary ýurtlara giden alymlaryň, inženerleriň köpüsiniň eden

işleri belli bir wagta çenli ýa-da hemişelik belli bolman galýar. Köp alymlaryň, hünärmenleriň alyp barýan işleri ösen ýurtlarda ozal üsti açylan ýa-da entek zerurlygy ýüze çykmaýan işlerdir. Şeýle hem olar haýsydyr bir ylmy meseläni doly däl-de, bölekleýin ýerine ýetirýärler. Soňky wagtlarda Bütindünýä banky, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy hem-de beýleki halkara guramalar tarapyndan adam maýasynyň netijesiniň ýörite statistikasyny ýöretmeklige çalyşýarlar.

## 19.3. Halkara maglumat-tehnologiki alyş-çalşygyň üpjünçiliginiň we ony goramagyň görnüşleri

Häzirki zaman tehnologiýalaryň, maglumatlaryň halkara alyş-çalşygyny hukuk, maliýe, institusional, maýa goýum, we amallaýyn üpjünçiligi bolmazdan amala aşyrmak mümkin däldir. Şonuň üçin dünýä ykdysadyýetinde tehnologiýalaryň, maglumatlaryň halkara alyş-çalşygyny netijeli alyp barmak üçin aşakda esasy şertleriň ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

**1-nji blok – hukuk:** daşary ýurtlara çykarylýan intellektual eýeçiligiň ähli görnüşlerini hukuk taýdan goramaklygy;

**2-nji blok – maliýe:** daşary ýurtlardan satyn alynýan tehnologiýalary, maglumatlary, ylmy-barlag işleri, ätiýaçlandyrmak, karzlaşdyrmak boýunça maliýeleşdirmegiň netijeli shemasy;

**3-nji blok – institusional:** tehnologiýalaryň we maglumatlaryň halkara alyş-çalşygyny milli we halkara guramalaryň üsti bilen sazlaşdyrmagy;

**4-nji blok – maýa goýum:** daşary ýurtlara maglumatlary, tehnologiýalary, gaýtadan işlemeleri, kämilleşdirilen tehnologiýalary çykarmak ýa-da gymmatlygyň düzüminiň artdyrylmagy;

**5-nji blok – amallaýyn:** geçirilýän tehnologiýalaryň, maglumatlaryň şertnamasynyň şertlerini, satyn alnan tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmaklyk, maglumat-tehnologik alyş-çalşygyň özara düşünişilmekligi, tehniki resminamalaryň doly we takyk ýerine ýetirilmegi.

Maglumatlaryň we tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygyny goramaklygyň hukuk ulgamy ýerli we daşary ýurtly edara görnüşli we şahsy taraplaryň intellektual eýeçiligini, intellektual zähmetini ol ýa-da beýleki ýurtlarda goramak maksady bilen baglaşylýar. Tehnologiýa we maglumat ykdysady düşünje bolup, intellektual eýeçilik intellektual zähmetiň esasy obýekti bolup çykyş edýär. Ykdysady tarapdan intellektual eýeçilik material däl, duýulmaýan, hojalyk birlikleri üçin anyk gymmaty, bahasy bolmadyk aktiwler diýip hasaplanylýar. Bu aktiwlere kim eýeçilik edýän bolsa, onuň bähbidi üçin peýdalanmaga, ýaýratmaga haky bardyr.

Tehnologiýalaryň we maglumatlaryň hemişe öz eýesi bolýar (alym, inžener, konstruktor, oýlap tapyjy, programmaçy, žurnalist, ýazyjy) ýa-da olar köpçülikleýin ýerine ýetirilýär *(islendik maglumatyň hukuk goragy bolmaýar. Ol diňe adamyň*

*intellektual, döredijilikli işiniň netijesi bolmalydyr).* Köpçülikleýin ýerine ýetirilen intellektual iş emläkleýin we emläkleýin däl ýagdaýda awtorlaryň arasynda paýlanylýar. Emläkleýin däl ýagdaýyň ykdysady mazmuny bolman, ol diňe awtorlaryň hukugynyň özgelere berilmeýändiginiň hukuk esasy bolup çykyş edýär. Emläkleýin ýagdaý intellektual esasda döredilen obýekti täjirçilik maksatly peýdalanmaga rugsat berýär, ýagny, oýlanyp tapylan önümi patentleşdirmek, olary içerki we daşarky bazarlarda peýdalanmak degişlidir. Bu işleri amala aşyrmak üçin intellektual eýeçiligiň ýerleşýän döwletiniň, onuň eýesiniň razylygy gerekdir.

Daşary ýurtlarda intellektual zähmeti goramaklyk her döwletiň milli kanunçylygy esasynda kesgitlenilýär. Bir döwletde hasaba alnan intellektual eýeçiligiň beýleki bir ýurtda ykrar edilmegi üçin ýurtlaryň arasynda ylalaşyk gazanylmagy zerurdyr. Häzirki wagtda intellektual eýeçiligi dünýä boýunça goramak boýunça halkara ylalaşyklary baglaşmak işi alnyp barylýar. Bu iş eýýäm ýüz ýyldan gowrak wagt bäri dowam edýär. Käbir ugurlar boýunça halkara ylalaşyklar hem hereket edýär. Olara senagat eýeçiligini goramak boýunça Konwensiýa (köpsanly üstüni doldurmalar, üýtgemeler bilen 1883-nji ýylyň 20-nji marty, Pariž), patent kooperasiýasy barada Şertnama (1970-nji ýylyň 19-njy iýuny, Waşington), belgileriň halkara belligi barada Madrid ylalaşygy (köpsanly üstüni doldurmalar, üýtgemeler bilen 1891-nji ýylyň 14-nji apreli, Madrid), ýewropa patentini bermek barada Konwensiýa (1973-nji ýyl, Mýunhen), GDA ýurtlary üçin Ýewraziýa patent konwensiýasy (1994-nji ýylyň 9-njy sentýabry, Moskwa) we beýlekiler degişlidir.

Intellektual eýeçilik senagat eýeçiligini (oýlap tapyşlar, peýdaly modeller, senagat görnüşleri, haryt, hyzmat belgileri, kärhananyň ady, ýerleşýän ýeri), edebiýat, çeper, material we material däl görnüşdäki ylmy önümler (kitaplar, žiwopis, grafika, çeper foto önümçiligi, saz, poeziýa, artistleriň ýerine ýetiren işleri), integral mikroshemalaryň topologiýasy, şeýle hem köpçülikleýin maglumat serişdeleriniň önümlerini (çap etmek, radio, telewideniýe), maglumatlary saklamagyň we gaýtadan işlemegiň elektron ulgamlaryny özüne birleşdirýär.

Intellektual eýeçiligi hukuk taýdan goramak daşary ýurda degişli tehnologiýa beýleki ýurtda kabul edilip, oňa şertnama esasynda ygtyýarnama, patent berlenden soň güýje girýär. Bu ulgam intellektual eýeçiligi halkara alyş-çalşygy bolup duran pursadynda gorap bilmeýär. Şonuň üçin bu proses çalt bolup geçmelidir we satylýan ýurduň hukuk esaslaryna gabat gelmelidir. Halkara ykdysady gatnaşyklarda tehnikalaryň alyş-çalşygynyň bu görnüşi harytlaryň söwdasyna däl-de, hyzmatlaryň söwdasyna çalymdaşdyr. Tehnikalaryň halkara daşamasy çylşyrymly, dowamly bolup, söwdanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we ol ýörite şertnama arkaly berkidilýär. Intellektual eýeçiligiň daşalýan wagty ýüze çykyp biljek dürli ýagdaýlar şertnamanyň ýörite bölüminde berkidilýär. Bu ýagdaýda tehnikalaryň daşarky görnüşini gizlin saklamak, daşaýjy kompaniýanyň jogapkärçiligine goşulýar. Şeýle hem senagat tehnologiýalarynyň beýleki ýurda geçirilmegi ýörite hünärmenleriň

taýýarlanmagyny, ýerli önümçiligiň täze tehnologiýanyň doly ornaşdyrylmagy üçin hünärmenleriň taýýarlanmagyny talap edýär we bu mesele şertnamanyň düzümine girizilýär. Munuň özi intellektual eýeçiligiň tehnologiki resminamalarynyň, önümçiligi taýýarlamagyň ýeke-täk ulgamyna girizilýär.

Goramaklygyň hukuk ulgamy intellektual eýeçiligiň görnüşlerine baglylykda aşakdakylary özüne birleşdirýär:

- *daşary ýurtlarda tehnologiýalary we beýleki senagat eýeçiliginiň obýektlerini patentli goramak hukugy* (enjamlar, zatlar, mikroorganizmleriň ştamplary, ösümlikleriň we haýwanlaryň öýjükleriniň medeniýeti);
- ýerli awtorlaryň daşary ýurtlarda çeper we ylmy önümleriniň *awtorlyk hukuklaryny goramak*;
- daşary ýurtlarda bilelikde ýerine ýetirilen çeper önümleriň, ýazgylaryň, fonogrammalaryň *garyşyk hukugyny goramak*;
- *haryt we hyzmat belgilerini* daşary ýurtly kärhanalaryň peýdalanmagyndan goramak hukugy;
- material göterijilerde hasaba alnan *integral mikroshemalaryň topologiýasyny goramak hukugy*;
- daşary ýurtlarda ýörite kanunçylyk arkaly goralmaýan *intellektual eýeçiligiň beýleki görnüşlerini* (EHM üçin programmalar, ösümlikleriň täze görnüşleri) *goramak hukugy*;

  şeýle hem:
- ýerli edara we şahsy görnüşli taraplara degişli intellektual eýeçiligi peýdalanýan daşary ýurtlular üçin *ygtyýarnamalaýyn goramak hukugy*;
- ýerli kompaniýany daşary ýurt bazarynda daşary ýurtly kompaniýanyň berýän ýalan, galp, toslama maglumatlaryndan goramak üçin *arassa däl bäsleşikden goramak hukugy*;
- ýerli şahsy we edara görnüşli taraplaryň täjirçilik amallarynyň syrlaryny goramak üçin *täjirçilik we bank syrlaryny goramak hukugy*.

Oýlap tapyşlary patentleşdirmekligiň esasy maksady daşary ýurtlara eksport edilen harytlary, maýa goýumlary peýdalanýanlar üçin amatly şertleri döretmekden ybaratdyr. Patent oýlap tapanyň, ony peýdalanýanyň tehniki we täjirçilik üstünligini aňlatmaýar. Ol diňe ony peýdalanýan üçin kanuny şert we kanuny däl ýol bilen peýdalanmakçy bolýana päsgelçilik döredýär. Patentleşdirmek işi oýlap tapyjyda mundan beýläk ylmy barlaglary alyp barmaklyga gyzyklanma döredýär. Patent oýlap tapyja belli bir möhletiň dowamynda monopol hukuk berýär. Onuň möhleti döwletlerde dürli bolup, ortaça 20 ýyl diýip hasaplanýar. Üçünji tarapa peýdalanmak üçin berilýän ygtyýarnamalar barlag taslamalary üçin çykarylan harajatlary onlarça, ýüzlerçe gezek ödäp bilýär.

Häzirki wagtda dünýä boýunça 5,5 milliondan gowrak dürli oýlap tapyşlara patentler berlen. Her ýylda 600 müň patent berilýär. Ýöne, bu san oýlanyp tapylan açyşlardan has köpdür. Sebäbi oýlap tapyjylar birnäçe ýurtda oýlap tapyşlaryny hasaba aldyrýarlar. Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasynyň (IEBG) berýän maglumatlaryna görä, halkara uniwersal patentleriň bir ýyldaky sany ortaça 135 müňden geçmeýär.

IEBG-niň berýän maglumatlaryna görä, patent talaplary, aýratynda Braziliýa, Koreýa, Hindistan, Hytaý, Meksika ýaly ýurtlarda has çalt ösýär. Dünýä boýunça berilýän patentleriň 75%-i bäş sany döwletiň paýyna düşýär. Ol döwletlere ABŞ, Ýaponiýa, Koreýa, Hytaý we Ýewropa patent edaralary degişlidir.

ABŞ-da berilýän patentleriň 44,6%-i rezident dälleriň paýyna düşýär. Munuň özi bu döwletiň daşary ýurtlardaky oýlap tapyşlara berýän ünsünden gelip çykýar. Onuň sebäbi bolup dünýädäki oýlap tapyşlary ilkinji bolup ele almak, beýleki ýurtlaryň alymlaryny özüňe çekmek üçin alnyp barylýan syýasat çykyş edýär. Rezident dällere berilýän patentler Angliýada, Germaniýada, Fransiýada hem barha köpelýär.

**Intellektual eýeçiligiň obýektini peýdalanyjyny goramagyň ygtyýarnama hukugy.** Dünýä ykdysadyýetiniň maglumat-tehnologiki taýdan ösmeginde, hojalyk birlikleriniň ylmy-tehniki açyşlary özara peýdalanmak boýunça ýetilen üstünlikleriň biri-de intellektual zähmeti ykdysady-hukuk taýdan ulanmaga mümkinçilik berýän ygtyýarnamalaryň halkara söwdasy bilen baglanyşyklydyr. Ygtyýarnamalaryň dünýä bazaryndaky söwdasynyň möçberi 500 milliard dollardan hem geçýär. Dünýäniň iri korporasiýalary ygtyýarnamalaryň yzygiderli söwdasyndan her ýylda ýüzlerçe million dollardan gowrak girdeji gazanýarlar. Mysal üçin, IBM korporasiýasy ABŞ-da her ýylda 3000 müň sany patent alýar we olaryň satuwyndan ortaça 500 million dollar girdeji gazanýar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde intellektual eýeçiligi goramaklygy döwletiň telekeçiligi höweslendirmek üçin geçirýän çäreleri bilen baglanyşdyrmaly däl. Döwlet diňe intellektual eýeçiligi ýurt üçin has wajyp, howpsuzlyk bilen baglanyşykly ygtyýarnamalary öz gözegçiligi astynda saklaýar. Sebäbi birinjiden, ygtyýarnamalar döwlete däl-de, hususy, şahsy taraplara degişlidir. Ikinjiden, ygtyýarnamalar täjirçilik geleşikleri esasynda amala aşyrylýar we ol bazar konýukturasynyň şertlerine baglydyr. Üçünjiden, ygtyýarnamalar intellektual eýeçiligiň özboluşly aýratynlygyny peýdalanmak üçin berilýär. Ygtyýarnamalar we şertnamalar intellektual eýeçiligiň monopoliýasyny aradan aýyrýar we onuň oýlap tapyjysyny material, ruhy taýdan höweslendirýär. Umuman alanyňda, ygtyýarnamalaryň söwdasy beýleki tarapa intellektual eýeçiligi monopol ulanmaga mümkinçilik berýär.

Ygtyýarnamalar ony dörediji we satyn alyjyny, kanuny esasda gazanylýan girdejini hukuk taýdan goraýar. Ygtyýarnamalary, patentleri berýän institutlar bolmazdan jemgyýetiň ykdysady we intellektual gurbatyny kadaly ösdürip bolmaýar. Onuň üçin döredilen üstünlikleri kanuny bir tarapyň oýlap tapmagy, kämilleşdirmegi we beýleki tarapyň talabalaýyk peýdalanmagy zerurdyr. Zähmet bölünişiginiň

bazar mehanizmi bu meseläni şeýle yzygiderlilikde kesgitleýär, ýagny bir tarap oýlap tapýar, beýleki tarap maliýeleşdirýär, üçünji tarap durmuşa ornaşdyrýar. Netijede, ykdysady ösüşiň derejesi ýokarlanýar, ykdysadyýet sagdynlaşýar. Bu ýagdaý aýratynda, senagat häsiýetli ygtyýarnamalaryň söwdasynda has aýdyň duýulýar.

Ygtyýarnamalaryň halkara söwdasynda ygtyýarnama eýesine *lisenziar,* ony peýdalanyja *lisenziat* diýilýär.

**Ygtyýarnamalaryň görnüşleri.** Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly amalyýetde ygtyýarnamalaryň dürli görnüşleri gabat gelýär. Ygtyýarnamalaryň belli bir görnüşi eýesinde galýar (de-fakto) ýa-da eýesini üýtgedýär (de-ýure). Şeýle ygtyýarnamalara aşakdakylar degişlidir:

- doly ygtyýarnamalarda satyn alyjy ygtyýarnamany tutuşlygyna satyn alýar. Şeýlelikde, ygtyýarnamany satyjy oňa bolan ähli hukugyny ýitirýär we ol hukuga satyn alyjy eýe bolýar;
- aýratyn ygtyýarnamalarda satyn alyjy diňe kesgitlenen (çäkde) we möhletde ygtyýarnamany peýdalanmaga hukuklydyr. Satyjynyň ygtyýarnamany beýleki bir ýerde bar bolan islegli satyja ulanmaga bermäge hukugy bardyr;
- aýratyn däl ýa-da ýönekeý ygtyýarnamalarda satyjynyň we alyjynyň şol bir ygtyýarnamany dürli satmaga we peýdalanmaga hukuklary bardyr. Umuman, ygtyýarnamalaryň bu görnüşinde eýeçilik hukugy iki tarapda hem saklanýar;
- açyk ygtyýarnamalarda patent edarasy şol bir ygtyýarnamany islendik islegli tarapa peýdalanmaga hukuk berýär;
- subygtyýarnama (sublisenziýa) diýip satyn alyjynyň ygtyýarnamany ýa-da onuň belli bir bölegini üçünji tarapyň peýdalanmaklygyna bermegine aýdylýar.

Ygtyýarnama işinde berilýän ygtyýarnamalaryň mazmun taýdan eýeçilik we beýleki aýratynlyklaryna laýyklykda aşakdaky görnüşleri hereket edýär:

**Patentli/patentsiz** – ýörite edara tarapyndan patentleşdirilen ýa-da patentleşdirilmedik ygtyýarnamalar. Patentleşdirilmedik ygtyýarnamalar, esasan, senagat syryny saklaýan ygtyýarnamalara berilmeýär. Olar, köplenç, döwlet ähmiýetli tehnologiýalar boýunça alnyp barylýar. Mysal üçin, ýokary harby senagat toplumyndaky ygtyýarnamalar;

**arassa/ugurdaş** – ygtyýarnamanyň arassa görňüşde berilmegi ýa-da onuň ýany bilen ugurdaş harytlaryň, ýagny enjamlaryň, hyzmatlaryň we ş.m. berilmegi.

**Maliýeleşdirmegiň we hasaplaşygyň görnüşleri.** Halkara maglumat-tehnologiki alyş-çalyşda intellektual eýeçilik bilen hasaplaşmaklygyň birnäçe görnüşleri hereket edýär. Olara roýalti, pauşal we garyşyk tölegler degişlidir.

*Roýalti* – bu maglumatlaryň we tehnologiýalaryň halkara söwdasynda giňden ýaýran tölegiň görnüşidir. Oňa başgaça intellektual serişdäni peýdalananyň üçin tölenilýän töleg hem diýilýär. Roýalti ygtyýarnama diýip şertnama esasynda satyn alyjynyň tehnologiýadan netijeli peýdalanyşyna baglylykda alan peýdasynyň bir

bölegini yzygiderli geçirip durmagyna aýdylýar. Roýaltiniň derejesi satyn almak üçin çykarylan çykdajy bilen satuwdan girýän girdejiniň tapawudy esasynda kesgitlenýär. Şeýle hem roýaltiniň derejesi goýberilýän önümiň göwrümine, ygtyýarnamanyň möhletine baglydyr. Töleg derejesi doly ygtyýarnamalarda 30% we ondan hem ýokary, ýalňyz ygtyýarnamalarda 20%, ýalňyz däl ygtyýarnamalarda 10%-den geçmeýär. Şertnamada baglaşylan ylalaşyga laýyklykda önüm goýberilýänçä ýa-da goýberilenden soň hem roýaltiniň derejesi üýtgedilip bilner. Bu ýagdaýa satyn alyjynyň tehnologiýany netijeli ulanyp bilşi, bazaryň ýagdaýy täsir edýär.

*Pauşal töleg* diýip ygtyýarnamany satyjynyň ozaldan kesgitlän bahalaryny bir wagtyň özünde tölemegine aýdylýar. Tölegler döwürlere bölünýär. Pauşal tölegiň möçberi roýaltiniň möçberinden geçmeýär.

*Garyşyk töleg* diýip şol bir wagtyň özünde pauşal we roýaltini ulanmaklyga aýdylýar. Tölegiň bu görnüşi onçakly ýaýran däldir. Garyşyk görnüşde alyjy ilki pauşal, soňra royalti boýunça töläp başlaýar.

Maglumatlaryň, tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygy karzlaşdyrmany we ätiýaçlandyrmany özüne birleşdirýär. Döwlet ýörite döredilen banklaryň üsti bilen ygtyýarnamalaryň daşary ýurtlara satylyşyny höweslendirýär. Bu iş döwletiň bähbidinden gelip çykýar. Ygtyýarnamalaryň karzlaşdyrylmagy bir tarapdan ýurduň intellektual gurbatyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berse, beýleki tarapdan enjamlaryň, stanoklaryň eksportyny höweslendirýär. Netijede, döwlet özüne hemişelik bazar edinýär ýa-da täze bazary ele alýar.

Maglumatlaryň, tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygynda ätiýaçlandyrma işi hem barha giň gerime eýe bolýar. Aýratyn-da gymmat bahaly enjamlaryň, stanoklaryň halkara alyş-çalşygynda ätiýaçlandyrma işi barha giňeýär.

**Innowasiýa maglumatlaryň we tehnologiýalaryň hil derejesini ýokarlandyrmagyň usuly hökmünde.** Mälim bolşy ösen döwletler ösüp gelýän ýurtlara ozal ulanylan, köneleşen tehnologiýalary geçirýärler. Satylan tehnologiýa ösüp gelýän ýurtlar üçin peýdaly bolup biler. Emma, ösen ýurtlaryň TMK-lary, köplenç halatda, önümçilik tehnologiýasyny ösüp gelýän ýurtlara geçirip, öndürilen önümi ýene-de yzyna import edýärler. Şonuň üçin häzirki wagtda maglumatlaryň, tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygy ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda deňeçer ýaýraýar diýip aýdyp bolar. Şeýlelikde tehnologiýany satýanlaryň we satyn alýanlaryň özboluşly baglylygy emele gelýär. Bu baglylyk globallaşma şertlerinde barha ösýär. Onuň üçin ýurduň maýa goýum gurbatyny ýokarlandyrmak zerurdyr.

Maýa goýum işiniň birnäçe görnüşleri hereket edýär. Olara modernizasiýa, täzelikçilik, öňürtilemek, pioner ýaly görnüşler degişlidir. Modernizasiýa – bu ozal hereket edýän enjamlary, tehnologiýalary täze ideýalaryň üsti arkaly täzelemeklikdir. Täzelikçilik ozal hereket edýän enjama meňzeş bolan täze gurluşlaryň önümçilige ornaşdyrylmagydyr. Bu ýagdaý, köplenç, import edilen enjamyň ýerli enjam bilen çalşyrylmagynda bolup geçýär. Öňürtilemek – bu ozal ulanylmadyk

tehnologiýany ilkinji bolup ulanylmaklykdyr. Pioner – bu önümçiligiň tutuşlaýyn täzelenmekligidir.

Maglumatlaryň we tehnologiýalaryň ösüşine ilkinji bolup täsir edýän ýagdaýlaryň biri hem olaryň halkara alyş-çalşygydyr. Diňe halkara alyş-çalşygy dünýä ykdysadyýetiniň sazlaşykly ösüşini üpjün edip bilýän ýeke-täk serişdedir.

# XX bap TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SÖWDASY

## 20.1. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary söwdanyň orny. Türkmenistanyň daşary söwda syýasatynyň emele gelmegi

Halkara ykdysady gatnaşyklaryň adaty we gadymy görnüşi bolan daşary söwda ulgamynyň özbaşdak subýektleriniň biri-de Türkmenistandyr. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda üç sany wajyp meseläni çözmek zerurlygy ýüze çykypdy. Ol meseleleriň ilkinjisi merkezleşdirilen meýilnamalaşdyrylýan ykdysadyýetden bazar gatnaşyklaryna geçmek, ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna ulgamlaýyn transformasiýasyny ýola goýmakdan ybaratdy. Ikinjisi, milli ykdysadyýetimiziň dünýä bazaryndaky halkara bäsleşige ukyplylygyny gazanmakdy. Üçünjiden, milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna amatly ýagdaýda goşulmagyny makro, mikro we institusional derejelerde üpjün etmekden ybaratdy.

Bu meseleleri birbada çözmek ýeňil iş däldi. Özgertmeleriň netijeliligi, olaryň arasynyň belli bir wagtyň dowamynda üzülmegi, ozalky hojalyk gatnaşyklarynyň bozulmagy, ýola goýlan gatnaşyklaryň dowamsyzlygy milli ykdysadyýetimiziň öňünde dürli kynçylyklary ýüze çykarýardy. Emma, bu kynçylyklara garamazdan milli hojalygymyz öz daşary ykdysady gatnaşyklaryndaky öňünde duran meseleleri üstünlikli çözmekde aýgytly hereketini dowam etdirdi.

Harytlaryň halkara söwdasy bilen bir hatarda ykdysady gatnaşyklaryň beýleki görnüşleri bolan hyzmatlar, tehnologiýalar, maýa goýum ýurduň ykdysadyýetiniň düzümine, pul dolanyşygynyň durnuklylygyna, býujet serişdeleriniň emele gelmegine düýpli täsir edýär.

Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşini iki topara bölmek bolar. Olaryň birinjisi 1991–2007-nji ýyllar aralygy bolup, bu döwürde daşary söwdanyň ýzy-

giderli pese gaçyşy, eksportyň durnuksyz ösüşi häsiýetlidir. Ikinji döwür 2007-nji ýyldan häzirki döwür aralygyny öz içine alýar. Bu döwre daşary söwdanyň okgunly, durnukly ösüşi häsiýetlidir.

Umuman alanyňda, Türkmenistanyň daşary söwdasy hemişe oňaýly galynda eýe bolmagy bilen tapawutlanýar. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda hem ozalky hojalyk gatnaşyklarynyň bozulandygyna, dünýä hojalygynda amatsyz konýukturanyň dowam edýändigine garamazdan ýurdumyzyň daşary söwdasy hemişe oňaýly galynda eýe bolupdy. Munuň özi milli ykdysadyýetimiziň eksport gurbatynyň ýokary häsiýete eýedigi bilen düşündirilýär.

Türkmenistanyň daşary söwdasy döwlet býujetiniň girdeji çeşmelerini emele getirmekde hem möhüm ähmiýete eýedir. Ol girdejilere eksport edilýän harytlardan gelýän umumy we salgyt girdejileri, gümrük tarifleri, gümrük ýygymlary, import edilen harytlara salynýan salgytlar, aksizler (goşmaça tölegler) degişlidir. Mysal üçin, 2012-nji ýylda aksizlerden gelen girdejiniň möçberi 1 303.0 million manada deň bolup ol döwlet býujetiniň 6.2%-ine barabar boldy.

Türkmenistanyň daşary söwdasynyň esasy meseleleriniň biri hem milli önüm öndürijileri goramak bilen bir hatarda içerki we daşarky bäsleşik ulgamyny döretmekden ybaratdyr. Şu nukdaýnazardan importyň ýerini çalyşýan önümçiligi döretmek, eksporta nazarlanýan önümçiligi emele getirmek bilen bir hatarda milli sarp edijileriň hukugyny goramak esasy meseleleriň biri bolup durýar. Şeýle hem daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda bilelikdäki we özbaşdak kärhanalaryň döredilmegine uly üns berilýär. Ondan başga-da, eksporta ugradylýan ýerli çig maly we ýarymfabrikatlary has çuňňur işlemeklige uly üns berilýär.

Daşary söwda syýasatymyzyň esasy meseleleriniň biri hem Türkmenistanyň dünýä söwdasyna deňhukukly gatnaşmagyny, milli harytlary we hyzmatlary dürli döwletleriň, toparlaryň, integrasiýalaryň döredýän dürli päsgelçiliklerinden goramakdan ybaratdyr.

Islendik milli ykdysadyýet daşary söwda bilen baglanyşyklydyr. Ýurduň dünýä hojalygyndaky orny onuň daşary söwdasynyň möçberi bilen kesgitlenilýär. Eger ýurduň daşary söwdasy näçe uly bolsa, onda ol dünýä hojalygyna şonça integrirlenen we tersine, daşary söwda näçe pes bolsa, şonça hem baglanyşyk gowşakdyr.

Eksportyň ýokarlanmagy milli ykdysadyýetiň ösüşine oňaýly täsir edýär. Sebäbi eksport edilen harytlar ilki milli hojalykda öndürilýär we soňra ýurduň daşyna iberilýär. Başgaça aýdanymyzda eksport edilen harytlar jemi içerki önümiň bir bölegidir. Şonuň üçin JIÖ-niň eksportlyk bölegi artýan bolsa, onda ol durnukly ykdysady şertlerde jemi içerki önümiň hem ösüşini üpjün edýär. Şu nukdaýnazardan seredenimizde Türkmenistanyň milli hojalygy dünýä ykdysadyýetine örän çalt goşulyşýan döwlet diýip aýdyp bolar. Eksportymyzyň importymyzdan has ýokary bolmagy, ýurdumyzyň ykdysadyýeti üçin amatly şertleri döredýär. Daşary söwdamyzyň oňaýly bolmagy, ykdysadyýetimiz üçin zerur bolan daşary ýurt walýu-

tasynyň yzygiderli gelip durmagyny üpjün edýär. Daşary söwdamyzyň ýylsaýyn ösmegi bir tarapdan ykdysadyýetimiziň barha pugtalanýandygyny we halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýynyň barha gowulanýandygyny alamatlandyrsa, beýleki tarapdan milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna goşulyşmagynyň barha çaltlaşýandygyny görkezýär.

Ýurdumyzyň daşary söwdasynyň ösüşi, dünýäniň söwdasynyň ösüşinden has çaltdyr. Halkara bilermenleri dünýä söwdasynyň her ýyl 2–3 göterim depgin bilen ösýändigini belleýärler. Bu ösüş dünýä döwletleriniň daşary söwdasynyň jemi arkaly kesgitlenilýär. Diýmek, şu görkeziji arkaly deňeşdirenimizde ýurdumyzyň daşary söwdasynyň dünýä söwdasyndan onlarça esse artykdygyny görüp bolýar. Dünýä söwdasynyň artyşy her ýyl 2–3 göterime deň bolsa, ýurdumyzyň daşary söwdasynyň artyşy 2011-nji ýylyň üç aýynyň jemine laýyklykda 50 göterime barabar boldy. Bu deňeşdirme milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna goşulyşmak we ondaky ornuny barha giňeltmek prosesiniň çalt depginler bilen bolup geçýändigini subut edýär.

Ýurdumyzyň importynyň ýyllar boýunça artmagy guwandyryjy görkezijileriň biridir. Import edilen harytlar ýurtda jemgyýetçilik zähmetini, wagty we harajatlary tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Harajatlaryň tygşytlanmagy ýurdumyzyň satyn alyjylyk ukybynyň ýokarlanmagyna getirýär. Ikinji tarapdan alanyňda importyň yzygiderli ösüşi ösen döwletlere mahsus häsiýetdir. Sebäbi ykdysady we durmuş ýagdaýy näçe ýokarlandygyça halkyň sarp edijiligi hem ýokarlanýar. Şonuň üçin eksportymyz bilen bir hatarda importymyzyň hem ýylsaýyn yzygiderli ösmegi ykdysady kanunalaýyklykdyr. Bu görkezijileriň ikisi hem birleşip milli ykdysadyýetimiziň ösüşine, onuň dünýä hojalygyndaky ornunyň giňemegine hem-de pugtalanmagyna we halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýynyň ýokarlanmagyna alyp barýar. Şonuň üçin ýurdumyzyň daşary söwdasy döwlet işiniň ähli ugurlarynda wajyp ähmiýete eýe bolup durýar.

Bu wajyplyk Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň uzak ýyllar üçin milli Maksatnamasynda hem öz beýanyny tapýar. 2030-njy ýyla çenli ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň möçberini 64582,9 milliard, eksportyny 39890,6 milliard, importyny 24692,3 milliard, aratapawudyň oňaýly galyndysynyň 15198,3 milliard amerikan dollaryna ýetirmeklik göz öňünde tutulýar.

## 20.2. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşi

Türkmenistan 1992-nji ýyla çenli daşary söwdany özbaşdak däl-de, ozalky soýuz respublikalar bilen bilelikde amala aşyryp geldi. Ozalky soýuz respublikalaryň biri-birine ugradýan harytlary daşary söwda degişli diýip hasap edilmeýärdi. Galyberse-de, umumy eksportda respublikalaryň paýy aýratyn görkezilmeýärdi. Munuň özi respublikalaryň eksport gurbatyny açyp görkezmekde uly kynçylyk-

lary döredýärdi. Sebäbi Türkmenistanyň her ýylda merkeze ugradýan tebigy gazynyň möçberi 80 milliard kubmetrden hem geçýärdi. Galyberse-de, ýokary hili, inçe süýümli pagtanyň her ýylda millionlarça tonnasy, dürli himiki dökünleriň, garakölüniň we başga-da köp görnüşli harytlaryň ozalky soýuzyň senagatlaşan respublikalaryna ugradylýandygyny hiç ýerde eksportyň hasabyna alynmaýardy. Ol diňe ýurduň içerki söwdasy hökmünde hasaplanylýardy. Emma hakykat ýüzünde ýurdumyzdan ugradylýan tebigy gazyň agramly bölegi Ýewropa ýurtlaryna eksport edilýärdi.

Ozalky soýuz döwründe Türkmenistanyň merkeze ugradýan önümleriniň görnüşi şol durşuna galdy. Munuň özi ýurdumyzyň ozalky soýuzyň diňe çig mal öndürýän respublika öwrülmegine getirdi. Bu ýagdaý ozalky soýuz dargaýança dowam etdi.

1992-nji ýyldan başlap Türkmenistan dünýä hojalygyna özbaşdak, garaşsyz subýekt hökmünde gatnaşyp başlady. Şeýlelikde, ýurdumyz özbaşdak daşary ykdysady syýasatyny ýöredip başlady. Bu döwür daşary ykdysady syýasatymyzyň emele gelip başlan ýyllarydyr. Ol ýyllarda ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklary birnäçe kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz boldy. Muňa soýuz döwründe emele gelen ykdysady ulgamyň bozulmagy, ozalky respublikalaryň özbaşdak daşary syýasaty ýöredip başlamaklary, milli walýutalaryň girizilmegi, milletara dawa-jenjeller, özara uruşlar, hususylaşdyrmagyň netijesinde önümçilikleriň pese gaçmagy, daşary gatnaşyklarda ileri tutulýan syýasatyň ugrunyň üýtgemegi, daşary ýurt walýutasynyň ýiti ýetmezçilik etmegi we ş.m. başga-da birnäçe sebäpler degişlidir. Bu sebäpler ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynda, hususan-da, eksportymyzda öz beýanyny tapdy *(25-nji tablisa)*.

**Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ýyllar 1992–2006-njy aralygyndaky ösüşi (ABŞ-nyň million dollarynda)**

*25-nji tablisa*

| Görkezijiler / Ýyllar | Daşary söwda dolanyşygy | Eksport | Import | Saldo | 1992-nji ýyl bilen deňeşdirilende |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1992 | 938,1 | 908,4 | 29,7 | + 878,7 | 100,0 |
| 1993 | 1556,0 | 1054,5 | 501,5 | + 553 | 165,8 |
| 1994 | 3612,9 | 2145,1 | 1467,8 | + 677,3 | 385,1 |
| 1995 | 3244,7 | 1880,7 | 1364,0 | + 516,7 | 345,8 |

*25-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 1996 | 3008,9 | 1688,6 | 1320,3 | + 368,3 | 320,7 |
| 1997 | 1980,2 | 750,3 | 1229,9 | - 479,6 | 211,0 |
| 1998 | 1576,0 | 598,1 | 977,9 | - 379,8 | 167,9 |
| 1999 | 2470,6 | 1142,2 | 1328,4 | - 186,2 | 263,3 |
| 2000 | 4288,4 | 2500,9 | 1785,5 | + 715,4 | 456,8 |
| 2001 | 4968,5 | 2620,0 | 2348,5 | + 271,5 | 529,6 |
| 2002 | 4975,0 | 2855,6 | 2119,4 | + 736,2 | 530,3 |
| 2003 | 6144,0 | 3632,0 | 2512,0 | + 1120,0 | 654,9 |
| 2004 | 7190,0 | 3870,0 | 3320,0 | +550 | 766,4 |
| 2005 | 8577,4 | 4939,0 | 3638,4 | +1300,6 | 914,3 |
| 2006 | 10014,1 | 6724,1 | 3290,0 | +3434,1 | 1067,1 |

**Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2009 ý.**

Tablisadan görnüşi ýaly 1992-nji ýyldan 1997-nji ýyla çenli ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň yzygiderli ösüşe eýe bolandygyny görmek bolýar. Aýratyn bellemeli zatlaryň biri hem eksportymyzyň importdan ýokary bolmaklygydyr. Emma, 1997-nji, 1998-nji, 1999-njy ýyllarda daşary söwdamyzda import eksportdan agdyklyk edýär. Bu ýagdaýy daşary ýurtlara, hususan-da, Ukraina ugradylýan tebigy gazyň eksportynyň bes edilmegi bilen düşündirmek bolar. Umuman alanyňda, 1997-nji, 1998-nji, 1999-njy ýyllarda daşary söwda dolanyşygymyzyň geçen döwürlere garanyňda ösendigini görmek bolýar. Mysal üçin, 1997-nji ýylda daşary söwda dolanyşygymyz 1980,2 million amerikan dollaryna deň bolan bolsa, 1999-njy ýylda onuň möçberi 2470,6 million amerikan dollaryna barabar bolupdyr. Ýöne, bu ösüş eksportyň däl-de, importyň hasabyna bolup geçýär. 1999-njy ýylda ýurdumyzyň daşary söwdasynyň oňaýsyz galyndysy 186,2 million amerikan dollaryna deň bolupdy.

Türkmenistanyň daşary söwdasynyň okgunly ösüşi, eksportyň importdan hemişe agdyklyk edip başlamaklygy 2007-nji ýyldan başlaýar. Ykdysadyýetimiziň



15. Sargyt № 832

ähli pudaklaryny gurşap alan döwrebap özgertmeler daşary gatnaşyklarymyzyň ösüşinde öz beýanyny tapdy (*26-njy tablisa)*.

*26-njy tablisa*

**Türkmenistanyň daşary söwdasynyň 1992-2012-nji ýyllar aralygyndaky ösüşi. (ABŞ-nyň million dollarynda)**

| Görkezijiler / Ýyllar | Daşary söwda dolanyşygy | Eksport | Import | Saldo | 1992-nji ýyl bilen deňeşdirilende |
|---|---|---|---|---|---|
| 1992 | 938,1 | 908,4 | 29,7 | + 878,7 | 100,0 |
| 1993 | 1556,0 | 1054,5 | 501,5 | + 553 | 165,8 |
| 1994 | 3612,9 | 2145,1 | 1467,8 | + 677,3 | 385,1 |
| 1995 | 3244,7 | 1880,7 | 1364,0 | + 516,7 | 345,8 |
| 1996 | 3008,9 | 1688,6 | 1320,3 | + 368,3 | 320,7 |
| 1997 | 1980,2 | 750,3 | 1229,9 | - 479,6 | 211,0 |
| 1998 | 1576,0 | 598,1 | 977,9 | - 379,8 | 167,9 |
| 1999 | 2470,6 | 1142,2 | 1328,4 | - 186,2 | 263,3 |
| 2000 | 4288,4 | 2500,9 | 1785,5 | + 715,4 | 456,8 |
| 2001 | 4968,5 | 2620,0 | 2348,5 | + 271,5 | 529,6 |
| 2002 | 4975,0 | 2855,6 | 2119,4 | + 736,2 | 530,3 |
| 2003 | 6144,0 | 3632,0 | 2512,0 | + 1120,0 | 654,9 |
| 2004 | 7190,0 | 3870,0 | 3320,0 | +550 | 766,4 |
| 2005 | 8577,4 | 4939,0 | 3638,4 | +1300,6 | 914,3 |
| 2006 | 10014,1 | 6724,1 | 3290,0 | +3434,1 | 1067,1 |
| 2007 | 13374,1 | 8932,1 | 4442,0 | +4490,1 | 1422,6 |
| 2008 | 17651,9 | 11944,7 | 5707, 2 | +6237,5 | 1881,6 |
| 2009 | 18315,3 | 9322,9 | 8992,4 | +330,5 | 1952,3 |
| 2010 | 17882,8 | 9679,2 | 8203,6 | + 1475,6 | 1906,2 |
| 2011 | 28111,8 | 16751,0 | 11360,8 | + 5390,2 | 2996,7 |
| 2012 | 34124,8 | 19986,6 | 14138,2 | + 5848,4 | 3637,7 |

**Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2013 ý.**

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly ýurdumyzyň daşary söwdasy 2007-nji ýyldan başlap okgunly ösüşi başlanýar. Eger 1992-nji ýyl bilen 2012-nji ýyly deňeşdireniňde daşary söwdamyzyň ösüşi 3637,7 %, 2006-njy ýyl bilen 2012-nji ýyly deňeşdireniňde bu görkeziji 34 esse ýokarlanypdyr. Şeýle ýokary derejedäki ösüşi durmuşa ornaşdyrylan özgertmeleriň netijesi diýip düşündirmek bolar.

Ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň 2007–2012-nji ýyllar aralygyndaky ösüşini umumylaşdyrylan görnüşde 27-nji tablisanyň kömegi arkaly häsiýetlendirmek bolar.

*27-nji tablisa*

**Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynyň 2007–2012-nji ýyllar aralygyndaky ösüşi (ABŞ-nyň million dollarynda)**

| | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Daşary söwda dolanyşygy** | 13374,1 | 17651,9 | 18315,3 | 17882,8 | 28111,8 | 34124,8 |
| **Eksport** | 8932,1 | 11944,7 | 9322,9 | 9679,2 | 16751,0 | 19986,6 |
| **Import** | 4442,0 | 5707, 2 | 8992,4 | 8203,6 | 11360,8 | 14138,2 |
| **Tapawut** | +4490,1 | +6237,5 | +330,5 | + 1475,6 | + 5390,2 | + 5848,4 |

**Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2013 ý.**

Ýurdumyzyň daşary söwdasynyň, hususan-da, eksportynyň okgunly ösmegi jemi içerki önümiň çalt artmagyna, jemi içerki önümiň adam başyna düşüşiniň ýokarlanmagyna, altyn pul ätiýaçlygynyň köpelmegine, milli walýutanyň hümmetiniň durnukly saklanmagyna, ýurdumyzyň özbaşdak ykdysady syýasaty ýöretmekligine, ilatyň durmuş-medeni ýagdaýynyň ösdürilmegi üçin örän uly maksatnamalaryň kabul edilmegine mümkinçilik berýär.

## 20.3. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň geografik düzümi

Ýurdumyzyň geografik taýdan Ýewraziýanyň merkezinde ýerleşmegi dünýä döwletleri bilen ykdysady gatnaşyklary alyp barmakda örän uly mümkinçilik döredýär. Ýewropanyň we Aziýanyň çatrygynda ýerleşmegi daşary söwdany ösdürmekde, ýükleriň üstaşyr daşalmasynda möhüm ähmiýetli ýurda öwürýär. Ýurduň tutýan meýdanynyň ululygy gury ýer arkaly dört sany, Hazar deňzi arkaly bäş döwlet bilen serhetleşmäge mümkinçilik berýär. Gury ýer we suw ýollarynyň çatrygynda ýerleşmegi Ýewropada we Aziýada ýerleşen döwletler bilen dürli gatnaşyklary ösdürmeklige uly mümkinçilikleri açýar.

2007–2012-nji ýyllar aralygy ýurdumyzyň daşary söwdasynyň geografiýasynda örän uly ösüşleriň bolmaklygy bilen tapawutlanýar. Eger Türkmenistan 2006-njy ýylda 90-a golaý döwlet bilen diplomatiki gatnaşyklary ýola goýan bolsa 2012-nji ýylda bu görkeziji 124-e ýetdi. 2006-njy ýylda Türkmenistan 60-dan gowrak ýurt bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny alyp baran bolsa, 2012-nji ýylda bu görkeziji 103-e ýetdi.

Umuman alanyňda, deňeşdirilýän döwürde Türkmenistanyň daşary söwdasynyň geografiýasynda iki ýagdaý emele geldi. Olaryň birinjisine, täze döwletler bilen gatnaşyklary ýola goýmak; ikinjisine, ozalky ykdysady gatnaşyklar alnyp barylýan ýurtlar bilen hojalyk-maliýe işlerini has çuňlaşdyrmak degişlidir. Daşary söwdamyzyň geografiýasynyň giňemegini we çuňlaşmagyny 28-nji tablisanyň kömegi arkaly häsiýetlendireliň.

*28-nji tablisa*

**Türkmenistanyň daşary söwdasynyň esasy ýurtlar boýunça paýlanylyşy**

| Ýurtlar | Eksport | | | | | | Import | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 |
| **Jemi** | 8932,1 | 11944,7 | 9322,9 | 9679,2 | 16751,0 | 19986,6 | 4442,0 | 5707,2 | 8992,4 | 8203,6 | 11360,8 | 14138,2 |
| Awstriýa | — | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 40,1 | 41,2 | 19,6 | 22,1 | 28,0 | 37,1 |
| ABŞ | 160,0 | 9,3 | 6,3 | 5,7 | 5,5 | 9,7 | 317,2 | 130,9 | 339,8 | 51,7 | 413,6 | **138,8** |
| Azerbaýjan | 80,9 | 474,1 | 22,8 | 12,3 | 20,0 | 26,9 | 17,2 | 27,5 | 37,7 | 31,9 | 41,8 | **68,8** |
| Belarus | 3,5 | 4,0 | 2,9 | 4,0 | 4,0 | 100,4 | 86,7 | 61,8 | 71,3 | 75,4 | 206,3 | **295,0** |
| Belgiýa | 2,9 | 1,7 | 0,9 | 2,0 | 1,8 | 1,8 | 76,3 | 39,5 | 24,4 | 22,3 | 21,8 | **17,5** |
| Bermud adalary | — | 0,0 | 0,0 | 0,0 | 0,2 | 0,0 | — | — | — | — | — | — |
| Beýik Britaniýa | 43,2 | 21,2 | 38,6 | 76,1 | 60,3 | 208,4 | 31,6 | 46,2 | 67,7 | 157,5 | 205,8 | **228,4** |
| BAE | 7,6 | 9,3 | 10,8 | 17,8 | 26,2 | 18,3 | 446,9 | 577,8 | 665,3 | 735,3 | 868,5 | **1404,8** |
| Ermenistan | 2,8 | 9,3 | 3,8 | 29,5 | 25,3 | 19,9 | 2,0 | 2,4 | 1,5 | 3,0 | 2,3 | 9,4 |
| Eýran | 1703,0 | 2738,5 | 2952,7 | 3184,3 | 4091,7 | 2829,5 | 192,3 | 237,0 | 472,4 | 696,1 | 662,9 | 883,6 |
| Fransiýa | 1,7 | 1,6 | 0,4 | 92,1 | 0,8 | 0,6 | 97,0 | 153,8 | 182,3 | 342,8 | 228,5 | 295,7 |
| Gazagystan | 21,3 | 39,2 | 16,2 | 17,0 | 13,4 | 8,5 | 49,5 | 254,9 | 168,2 | 125,7 | 152,2 | 215,5 |
| Germaniýa | 12,9 | 24,5 | 0,1 | 12,8 | 9,3 | 3,5 | 180,2 | 201,2 | 225,7 | 326,6 | 420,5 | 468,9 |
| Gibraltar | 45,3 | 14,6 | 27,2 | 28,7 | 19,5 | 16,7 | 74,6 | 34,0 | 32,2 | 15,5 | 5,5 | 2,6 |
| Gruziýa | 94,8 | 53,4 | 461,7 | 651,8 | 869,1 | 668,2 | 12,4 | 8,5 | 21,5 | 42,5 | 17,2 | 21,7 |
| Gyrgyzystan | 6,6 | 4,8 | 1,0 | 6,5 | 16,7 | 2,4 | 5,7 | 6,2 | 7,0 | 8,1 | 10,9 | 11,4 |
| Hindistan | 16,2 | 2,5 | 2,8 | 0,4 | 3,1 | 1,1 | 76,2 | 70,0 | 85,9 | 53,3 | 65,5 | 188,9 |
| Hytaý | 21,0 | 27,7 | 14,6 | 979,5 | 4061,2 | 7427,6 | 439,5 | 794,9 | 1637,6 | 943,4 | 1103,3 | 1571,2 |
| Italiýa | 994,6 | 1414,1 | 400,7 | 517,6 | 2246,2 | 2638,3 | 10,7 | 110,6 | 76,0 | 78,7 | 49,1 | 189,4 |
| Kipr | — | 8,5 | — | — | — | 0,4 | — | 7,7 | 11,0 | 33,6 | 119,3 | 120,3 |

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Koreýa | — | — | 0,1 | 11,5 | 1,2 | 0,2 | 52,4 | 22,6 | 65,7 | 45,8 | 481,8 | 433,9 |
| Latwiýa | 52,3 | 67,6 | 14,6 | 33,3 | 64,3 | 108,9 | 7,6 | 29,1 | 105,4 | 45,9 | 61,5 | 70,5 |
| Lýuksem-burg | — | — | — | 0,0 | — | 0,1 | 0,4 | 0,3 | 0,4 | 5,1 | 4,9 | 4,3 |
| Niderlandlar | 0,0 | 1,7 | 8,6 | 2,8 | 59,3 | 85,8 | 27,6 | 47,6 | 66,5 | 56,6 | 63,4 | 100,6 |
| Owganys-tan | 214,1 | 199,1 | 277,2 | 357,9 | 448,3 | 633,5 | 3,1 | 5,5 | 1,7 | 9,7 | 8,8 | 11,8 |
| Özbegistan | 10,9 | 16,2 | 63,1 | 155,1 | 333,0 | 272,7 | 58,0 | 76,5 | 108,3 | 112,2 | 172,2 | 169,6 |
| Pakistan | 6,0 | 2,6 | 3,3 | 7,4 | 22,7 | 21,7 | 11,4 | 11,2 | 11,0 | 25,8 | 27,1 | 13,9 |
| Polşa | 0,1 | 0,0 | 0,7 | 2,6 | 0,2 | 0,9 | 28,6 | 15,3 | 18,4 | 21,8 | 20,0 | 40,3 |
| Rumyniýa | 5,2 | 63,6 | 3,0 | — | — | 0,0 | 15,5 | 15,0 | 16,8 | 6,4 | 13,1 | 13,7 |
| Russiýa | 4361,3 | 6018,5 | 4353,0 | 2454,0 | 3421,9 | 3981,6 | 491,7 | 891,3 | 1196,2 | 766,4 | 894,4 | 1317,4 |
| Singapur | 17,6 | 15,1 | 30,2 | 109,5 | 126,0 | 63,5 | 17,3 | 10,7 | 12,7 | 5,6 | 70,3 | 34,0 |
| Slowakiýa | — | — | — | — | — | — | 1,4 | 1,7 | 2,8 | 1,4 | 4,9 | 4,4 |
| Şwesiýa | 1,6 | 0,0 | 0,1 | 0,0 | — | — | 5,9 | 8,8 | 6,8 | 7,0 | 2,2 | 2,8 |
| Şweýsariýa | 87,8 | 54,9 | 48,7 | 110,4 | 58,5 | 47,6 | 38,2 | 85,5 | 41,7 | 46,7 | 140,4 | 76,6 |
| Türkiýe | 501,0 | 222,5 | 224,1 | 452,1 | 302,5 | 322,3 | 795,5 | 632,7 | 2053,5 | 2469,1 | 3348,1 | 3134,5 |
| Ukraina | 64,3 | 117,7 | 27,8 | 47,4 | 19,0 | 26,7 | 264,1 | 352,4 | 448,0 | 274,5 | 289,5 | 678,7 |
| Yrak | 244,3 | 129,0 | 189,8 | 83,3 | 102,1 | 185,1 | — | — | — | — | — | 0,3 |
| Wengriýa | 0,7 | 0,2 | — | — | — | — | 15,9 | 9,2 | 55,0 | 58,3 | 12,3 | 11,3 |
| Wirgin adalary | 14,0 | 51,8 | 41,9 | 43,5 | 47,7 | 54,2 | 3,3 | 12,6 | 25,8 | 20,0 | 16,8 | 47,2 |
| Ysraýyl | 0,6 | 0,5 | 0,6 | 0,3 | 0,0 | — | 0,8 | 3,4 | 3,1 | 13,0 | 8,4 | 1,6 |
| Ýaponiýa | — | 0,1 | 0,0 | — | 0,4 | 0,1 | 94,7 | 103,2 | 29,5 | 16,5 | 43,4 | 389,4 |
| Beýlekiler | 132,0 | 125,3 | 72,6 | 170,0 | 270,2 | 199,5 | 352,5 | 566,5 | 576,0 | 430,3 | 1054,3 | 1412,4 |

**Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2013 ý.**

Tablisadan görnüşi ýaly ýurdumyzyň daşary söwdasynyň esasy geografiýasy dünýäniň öndebaryjy ýurtlaryndan ybarat bolup durýar. Bu ýurtlar daşary söwdamyzda möhüm ähmiýete eýedir. Eksportyň we importyň agramly bölegi tablisada getirilen döwletler bilen alnyp barylýar.

Maglumatlardan görnüşi ýaly ýurdumyzyň daşary söwda gatnaşyklarynda ilkinji orunlary eýeleýän döwletler öz orunlaryny çalyşýarlar. Mysal üçin, 2007, 2008, 2009, 2010-njy ýyllarda eksportymyzda ilkinji orun Russiýa Federasiýasynyň paýyna düşýän bolsa 2011, 2012-nji ýyllarda ilkinji orna Hytaý geçýär. Emma, deňeşdirilýän döwürde importymyzda ilkinji orny eýeleýän Türkiýe birnäçe ýyllaryň dowamynda öz ornuny saklaýar.

Türkmenistanyň daşary söwdasynyň geografiýasynda döwletleri dürli toparlara bölmek bolar. Olara ýakynda ýa-da goňşuçylykda we alysda ýerleşýän ýurtlar diýip aýdyp bolar. Ýakynda ýa-da goňşuçylykda ýerleşýän ýurtlara Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA), Merkezi Aziýa, Hytaý, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna (AHG) girýän ýurtlary görkezmek bolar. Alysda ýerleşýän ýurtlara Ýewropa Bileleşigi (ÝB), Ýakyn Gündogar, Demirgazyk Amerika we Aziýa-Ýuwaş umman döwletleri degişlidir.

Türkmenistanyň daşary söwdasynyň geografiýasy hemişe ösmäge meýillidir. Hormatly Prezidentimiziň döwlet işiniň esasy ugurlarynyň biri diýip daşary ýurtlar bilen dürli gatnaşyklary ýola goýmak baradaky goýan wezipesi ýurdumyzyň daşary söwdasynyň yzygiderli giňeýändigine şaýatlyk edýär.

## 20.4. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň haryt düzümi

Türkmenistanyň eksportynyň we importynyň haryt düzümi içerki we daşarky isleglerden peýdalanýar. Eksportyň düzüminde, esasan, tebigy artykmaçlyklarymyz bolan gazyp alynýan, ýeňil senagatyň önümleri tutýan bolsa, importymyzyň düzüminiň agramly bölegini özümizde öndürilende wagty we harajady köp talap edýän önümçilik harytlary eýeleýär.

29-njy tablisadan görnüşi ýaly ýurdumyzyň eksportynda ilkinji orunda tebigy gaz, nebit önümleri, nebit, pagta süýümi gelýär. Mälim bolşy ýaly, tebigy gaz ýurdumyzyň esasy eksportlyk harydy bolup durýar. Onuň eksportdaky orny ýylsaýyn ýokarlanýar. Mysal üçin, 2010-njy ýylda tebigy gaz ýurdumyzyň eksportynyň 52,9%-ni tutan bolsa, 2011-nji ýylda 64,6%-ni, 2012-nji ýylda 66,8%-ni eýeledi. Munuň özi ýurdumyzyň dünýäniň energiýa bazaryndaky ornuny barha pugtalandyrýandygyny aňladýar. Umuman alanyňda, ýurdumyzyň eksportynyň haryt düzümi bir durkuny saklaýar.

*29-njy tablisa*

**Türkmenistanyň eksportynyň haryt düzümi**

| | 2010 | | | 2011 | | | 2012 | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Mukdary | ABŞ-nyň mln. dollary | Jemine görä, %-de | Mukdary | ABŞ-nyň mln. dollary | Jemine görä, %-de | Mukdary | ABŞ-nyň mln. dollary | Jemine görä, %-de |
| Jemi | X | 9679,2 | 100,0 | X | 16751,0 | 100,0 | X | 19986,6 | 100,0 |
| şolardan; | | | | | | | | | |
| tebigy gaz, mlrd kub metr | 22,6 | 5118,3 | 52,9 | 38,5 | 10823,5 | 64,6 | 40,6 | 13358,8 | 66,8 |
| pagta süýümi, müň tonna | 240,0 | 447,1 | 4,6 | 88,3 | 260,9 | 1,6 | 177,1 | 302,8 | 1,5 |
| nebit önümler, mln. t. | 3,7 | 1982,0 | 20,5 | 3,6 | 2720,1 | 16,2 | 3,8 | 2892,3 | 14,5 |
| nebit, mln.t | 1,9 | 1040,7 | 10,8 | 2,9 | 1975,7 | 11,8 | 3,1 | 2351,9 | 11,8 |
| elektrik energiýasy mlrd. kWt/sag | 2,1 | 55,7 | 0,6 | 2,5 | 71,7 | 0,4 | 2,7 | 76,3 | 0,4 |
| nah matalar, mln. kub metr | 109,1 | 53,9 | 0,6 | 63,9 | 44,6 | 0,3 | 63.9 | 46,5 | 0,2 |
| halylar we beýleki haly örtgüler, müň kub metr | 3,0 | 0,5 | 0,0 | 3,4 | 0,5 | 0,0 | 1,5 | 0,2 | 0,0 |
| | | | | | | | | | |

**Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2013 ý.**

*30-njy tablisa*

**Türkmenistanyň importynyň haryt düzümi**

| | 2010 | | 2011 | | 2012 | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | **ABŞ-nyň mln. dollary** | **Jemine görä, %-de** | **ABŞ-nyň mln. dollary** | **Jemine görä, %-de** | **ABŞ-nyň mln. dollary** | **Jemine görä, %-de** |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| **Jemi** | **8203,6** | **100,0** | **11360,8** | **100,0** | **14138,2** | **100,0** |
| şolardan | | | | | | |
| mal önümleri | 90,6 | 1,1 | 114,4 | 1,0 | 191,4 | 1,4 |
| ösümlik önümleri | 210,4 | 2,6 | 319,3 | 2,8 | 341,8 | 2,4 |
| mal we ösümlik ýaglary we mesge | 42,0 | 0,5 | 43,8 | 0,4 | 46,6 | 0,3 |
| taýýar iýmit önümleri; alkogolly we alkogolsyz içgiler, sirke, temmäki we onuň deregini tutujylar | 256,5 | 3,1 | 341,1 | 3,0 | 377,2 | 2,7 |
| mineral önümler | 278,0 | 3,4 | 279,6 | 2,5 | 329,7 | 2,3 |
| himiýa we onuň bilen baglanyşykly senagat pudaklarynyň önümleri | 543,3 | 6,6 | 624,7 | 5,5 | 779,9 | 5,5 |

*30-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Plastmassalar we olardan edilen önümler; kauçuk we rezin önümleri | 424,9 | 5,2 | 513,3 | 4,5 | 632,5 | 4,5 |
| gön çig maly, gön, sütükli deriler | 7,3 | 0,1 | 7,4 | 0,1 | 7,6 | 0,1 |
| agaç we agaç önümleri; kagyz | 192,5 | 2,3 | 227,9 | 2,0 | 278,3 | 2,0 |
| dokma we dokma önümleri | 138,0 | 1,7 | 153,6 | 1,4 | 197,3 | 1,4 |
| aýakgap, baş geýimleri, saýawanlar | 26,5 | 0,3 | 30,4 | 0,3 | 41,7 | 0,3 |
| daş, gips, sement önümleri, aýna | 484,3 | 5,9 | 644,9 | 5,7 | 511,0 | 3,6 |
| dür, gymmat bahaly ýa- -da ýarym gymmat bahaly daşlar | 3,1 | 0,0 | 7,5 | 0,1 | 7,0 | 0,0 |
| gymmat bahaly däl metallar we olardan edilen önümler | 1657,7 | 20,2 | 2390,7 | 21,0 | 3685,5 | 26,1 |

*30-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| maşynlar, enjamlar we mehanizmler | 2390,2 | 29,1 | 3108,5 | 27,4 | 4065,4 | 28,8 |
| ulag serişdeleri | 680,6 | 8,3 | 1011,4 | 8,9 | 917,1 | 6,5 |
| optiki enjamlar; sagatlar, saz gurallary | 158,2 | 1,9 | 222,3 | 2,0 | 213,1 | 1,5 |
| dürli senagat harytlary | 421,2 | 5,1 | 491,3 | 4,3 | 529,4 | 3,7 |

**Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2013 ý.**

30-njy tablisadan görnüşi ýaly ýurdumyzyň importynyň düzüminde ilkinji orunda maşynlar, enjamlar we mehanizmler; ikinji orunda gymmat bahaly däl metallar we olardan edilen önümler; üçünji orny ulag serişdeleri eýeleýär. Importymyzda ilkinji orunlary eýeleýän bu harytlar guwandyryjy görkezijileriň buşlukçysy bolup çykyş edýär. Maşynlar, enjamlar we mehanizmler senagatymyzyň çalt depginler bilen ösýändigini, onuň modernizasiýalaşýandygyny aňlatsa, gymmat bahaly däl metallar we olardan edilen önümler gurluşyk işleriniň ösüşini açyp görkezýär. Importymyzda ulag serişdeleriniň ýylsaýyn ýokarlanmagy halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýynyň ösýändigini, ilatymyzyň satyn alyp bilijilik ukybynyň ýokarlanýandygynyň beýany bolup çykyş edýär.

## 20.5. Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň döwlet kadalaşdyrylyşy

Daşary ykdysady işiň (DYI) döwlet kadalaşdyrylyşy – bu milli ykdysadyýetiň bähbitlerine DYI kämilleşdirmäge ýardam berýän kanunçylyk, ýerine ýetirijilik we gözegçilik häsiýetli çäreleriň ulgamydyr. DYI-ni döwlet kadalaşdyryşynyň maksady ähli derejelerde daşary ykdysady işiň netijeliligini üpjün edýän hukuk, ykdysady we guramaçylyk şertlerini döretmekden ybaratdyr.

Daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşy milli ykdysadyýetiň beýleki ulgamlarynyň kadalaşdyrylyşy bilen deňeşdireniňde, özüniň özboluşlylygyna eýedir, ol her bir döwletiň dünýä söwdasynyň halkara kadalaryny we ýörelgelerini hasaba almagynyň zerurlygy bilen şertlendirilýär. Döwlet kadalaşdyrylyşynyň çäreleri, bir tarapdan, milli eksporty giňeltmegiň we halkara kooperasiýalarynyň görnüşlerini

ösdürmegiň islegi bilen, beýleki tarapdan, halkara guramalarynyň düzgünleri bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanda DYI-ni kadalaşdyrmagyň predmeti bolup şu aşakdakylar durýar:

– milli bähbitleriň goragy;

– milli eksport edijileri höweslendirmek;

– dünýä bazarlarynda milli eksport edijileriň ornuny pugtalandyrmak üçin guramaçylyk çärelerini amala aşyrmak;

– milli ykdysadyýete daşary ýurt maýasyny çekmek, milli ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumlarynyň artyşyna ýardam bermek üçin şertleri döretmek.

Umumy görnüşde DYI-ni kadalaşdyrmagyň usullaryny iki topara bölmek bolar:

– amala aşyrylýan halkara amallary üçin pul ýygymlaryny kesgitlemäge esaslanýan tarifler; importa we eksporta gümrük paçlary;

– mukdar görnüşini kabul edýän tarif däl ýa-da gymmatlyklaryň hereketiniň baha çäklendirmesi-kwotirlemek, eksport çäklendirmeleri, eksport subsidiýalary, demping, halkara kartelleri, ykdysady jerime.

Milli döwlet daşary söwda syýasaty daşary söwda işiniň gümrük tarif (import we eksport gümrük tarifleriniň ulanylmagy) we tarif däl kadalaşdyrylyşynyň (hususan-da, ygtyýarlaşdyrmak) kömegi arkaly amala aşyrylýar.

**Kadalaşdyryşyň tarif usullary.** Söwda syýasatynyň we içerki bazaryň harytlarynyň dünýä bazary bilen özara gatnaşygy halatynda döwlet kadalaşdyrylyşynyň guraly bolup gümrük tarifi çykyş edýär.

Gümrük tarifi – bu gümrük serhediniň üstünde geçirilýän harytlara we dünýä tejribesinde kabul edilen harytlaryň klassifikasiýanyň ulgamy esasynda DYI-niň nomenklaturasyna laýyklykda ulgamlaşdyrylan harytlaryň ulanylýan gümrük ýygygymlarynyň möçberleriniň umumy jemi. Gümrük tarifini ulanmagyň maksatlary şu aşakylardan ýbarat bolup durýar:

– importyň haryt gurluşyny kadalaşdyrmak;

– eksport bilen importyň, walýuta girdejileri bilen çykdajylaryň (kadaly) gatnaşygyny saklamak;

– strategik ösüşe laýyklykda önümçiligiň we sarp edilýän harytlaryň gurluşyny üýtgetmek üçin şertleri döretmek;

– daşary ýurt bäsleşiginiň ýaramaz täsirinden ykdysadyýeti goramak;

– Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine netijeli goşulyşmagy üçin şertleri üpjün etmek.

Täsir usullary daşary ykdysady işe täsir etmäge hem, býujeti emele getirmegiň goşmaça çeşmesi bolmaga hem mümkinçilik berýär. Eksport we import amallarynyň tarif kadalaşdyrylyşynyň manysy 31-nji tablisada görkezilýär.

*31-nji tablisa*

| Ady | Manysy | Ýöretmegiň maksady | Içerki bazara täsiri |
|---|---|---|---|
| Importa gümrük pajy | Gümrük gullugynyň gözegçiligi bilen getirilýän gymmatlyklardan alynýan döwlet pul ýygymy | Içerki bazary daşary ýurtly önüm iberijileriň bäsleşiginden goramak | Harydyň içerki bahasy galýar we dünýä bahasyndan ýokary bolmagy mümkin |
| Eksporta gümrük tarifi | Gümrük gullugynyň gözegçiligi bilen äkidilýän gymmatlyklardan alynýan döwlet pul ýygymy | Eksportyň köplüginiň, býujetiň üstüniň ýetirilmeginiň hasabyna içerki bazarda sarp edilişi belli bir derejede saklamak, ýetmezçiligin (defisitiň) öňüni almak | Dünýä derejesinde önümiň içerki bahasyny saklamak, ýetmezçilikden (defisitden) başga |

Gümrük tarifleri gümrük pajy salynýan harytlaryň we paçlaryň ululygynyň sanawyny özünde jemleýär. Gümrük paçlary – bu ýurduň serhedinden geçirilýän harytlardan, gymmatlyklardan, emläkden gümrük edaralary tarapyndan alynýan döwlet pul ýygymlary (salgytlar). Gümrük paçlary kadalaşdyryjy, hasaba alyş we höweslendiriş wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Gümrük tarifleri, adatça, milli derejede ulanylýar. Ýöne käbir halatlarda birnäçe ýurt söwda-ykdysady topara birleşenlerinde we özleriniň gümrük birleşigini döredenlerinde tarif daşary söwdany kadalaşdyrmagyň umumy guralyna öwrülýär, ähli gatnaşyjy ýurtlar üçin olaryň üçünji ýurtlar bilen söwda gatnaşyklarynda bitewi bolup durýar.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda ösen ýurtlarda gümrük tarifiniň möçberi diýseň pes bolup, harydyň bahasynyň 6%-ine golaýdy. Tarif möçberleri çig mal harytlaryna görä pesdir we ol milli senagaty goramak maksady bilen harytlaryň gaýtadan işleniş derejesiniň ýokarlanmagy bilen artýar.

Daşary ykdysady işi kadalaşdyrmagyň admunistratiw çäreleriniň hatarynda ygtyýarlandyrmak giňden ulanylýar. Bu eksport we import harytlaryna döwlet edaralary tarapyndan berilýän ýazmaça rugsatlaryň ulgamydyr. Ygtyýarlandyrmagyň ýoly bilen daşary söwda dolanyşygynyň mukdar kadalaşdyrylyşy amala aşyrylýar. Ygtyýarlandyrma harytlaryň iberilişiniň we töleg balanslarynyň deňagramlylygy, içerki bazarda islegi we teklibi kadalaşdyrmak, söwda gepleşiklerinde özara peýdalylygyň şertleşigini gazanmak maksatlarynda, şeýle hem daşary ýurtlaryň kemsidiji hereketlerine jogap çäreleriniň maksady bilen ulanylýar.

Daşary ykdysady, hususan-da, söwda gatnaşyklarynyň döwlet kadalaşdyryşynda ykdysady usullar möhüm ähmiýete eýedir. Daşary söwdany ösdürmegiň we

milli häkimiýetiň durnuklylygyny pugtalandyrmagyň esaslary hökmünde eksporty höweslendirmäge esasy üns berilýär.

Olar kepillendirilen girdejini almak maksady bilen önümçilik bahalary bilen eksport bahalarynyň arasyndaky tapawudy ýapmaga býujetden berilýän goşmaça puly kompaniýalara töleg görnüşinde eksport önümçiligini gös-göni maliýeleşdirmegiň ýoly bilen amala aşyrylar.

Eksport önümçiligini gytaklaýyn maliýeleşdirmek ýeňillikli salgyt salmagyň we karzlaşdyrmagyň ýoly bilen geçirilýär. Eksport edijilere salgydy peseltmek dürli usullar arkaly amala aşyrylýar. Kompaniýalardan eksportyň we olaryň önümçiliginiň paýyna baglylykda salgytlary gös-göni peseltmek, aýratyn hem, ABŞ-da giňden ulanylýar. Ýurtlaryň köpüsinde salgyt salynmakdan alnan girdejini eksport önümçiligini ösdürmegiň ätiýaçlyk gaznasyna geçirmäge kompaniýalaryň hukugy göz öňünde tutulandyr. Ýeňillikleriň dürli görnüşliliginiň biri bolup, salgyt karzy – eksportdan alynýan peýdanyň salgytlarynyň töleginiň möhletini uzaltmak hyzmat edýär.

Eksporty karzlaşdyrmak höweslendirmegiň giňden ýaýran görnüşleriniň biridir. Döwlet banklary kompaniýalara eksport önümçiligini ösdürmäge milli we erkin konwertirlenilýän walýutada ortaça möhletli (5 ýyla çenli) we uzak möhletli (25–30 ýyla çenli) karzlary berýär. Karzlar durnukly möçberler boýunça amatly şertlerde berilýär. Eksport edijileriň karz möçberlerini peseltmek üçin hökümet hususy banklara ýörite dotasiýalary (goşmaça pullary) berýär.

Gytaklaýyn maliýeleşdirmekde çig malyň importy halatynda tölenilen eksport paçlaryny gaýtaryp bermek, şeýle hem eksport kompaniýalaryna ýokarlandyrylan bahalar boýunça döwlet buýurmalaryny bermek ýaly usullar ulanylýar.

Eksporty ätiýaçlandyrmak ugry boýunça eksport edijileri goldamak işi alnyp barylýar. Içerki ätiýaçlandyrma hökümet tarapyndan amala aşyrylýar. Ol bank serişdeleriniň hasabyna eksport önümçiligini ösdürmäge iri maýa goýumlarynyň goýlan halatynda töwekgelçilikleriň belli bir bölegini ýapýar. Mysal üçin, geljegi bar bolan eksport işläp taýýarlamalary özleşdirýän «töwekgelçilikli kärhanalara» düýpli maýa goýumlar ätiýaçlandyrylýar. Daşary ätiýaçlandyryş halatynda döwlet eksport bilen baglanyşykly syýasy we täjirçilik töwekgelçilikleriň belli bir bölegini öz üstüne alýar.

Karz töwekgelçiliginiň ätiýaçlandyrmasynyň milli ulgamy häzirki wagtda senagat taýdan ösen ýurtlaryň ählisinde we ösüp barýan ýurtlaryň birnäçesinde döredildi. Olarda esasy orny döwlet ätiýaçlandyryş edaralary oýnaýarlar, hususy edaralar kömekçi wezipelerini ýerine ýetirýärler.

Eksport karzlarynyň döwlet ätiýaçlandyrmasy eksporty karzlaşdyrmagyň möçberlerini we geografiýasyny kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýän daşary söwda syýasatynyň gurallarynyň biri hökmünde peýdalanylýar. Şunuň bilen birlikde birnäçe döwletiň daşary bergilerinde emele gelen çökgünlik özi bilen ätiýaçlan-

dyryjylaryň ep-esli ýitgi çekmegine getirmegi, olary amallaryny has töwekgelçilikli bazarlara öwürmäge we şol guralyň çäkliligini görkezmäge mejbur etdi.

Daşary söwda işiniň gümrük-tarif kadalaşdyrylyşy Türkmenistanda ileri tutulýan gural bolmagynda galýar. Häzirki wagtda daşary söwdanyň kadalaşdyrylyşyny üpjün edýän belli bir kanunçylyk binýady emele geldi: köpsanly tarifler bar (Türkmenistanyň DYI TN 9 belgili kodlaýyn gurluşy), Gümrük kodeksi (1993 ý.), «Gümrük gullugy hakynda» Kanun (2008 ý.), daşary ykdysady işi bilen meşgullanýan edara görnüşli we şahsy taraplary hasaba almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnama Kabul edildi, gümrük paçlarynyň möçberine yzygiderli gaýtadan garalyp durulýar we ş.m.

Gümrük serhediniň üstünden harytlaryň we ulag serişdeleriniň geçmeginiň bellenilen degişli gümrük düzgüni arkaly daşary söwda alyş-çalşygyny (eksportyň we importyň möçberi, gurluşy we şertleri) kadalaşdyrmak boýunça maksada gönükdirilen döwlet işini Türkmenistanyň gümrük syýasaty özünde jemleýär. Onuň maksady gümrük gözegçiliginiň we gümrük territoriýasynda haryt alyş-çalşy kadalaşdyrmagyň gurallarynyň has netijeli peýdalanylmagyny, milli bazary goramak boýunça söwda-syýasy wezipeleri durmuşa geçirmäge gatnaşmagy, ykdysadyýetiň ösüşi höweslendirmegi, Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň esasy wezipeleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam bermegi üpjün etmekde jemlenýär.

Şunda gümrük syýasatynyň döwletiň umumy strategiýasy bilen, ýagny esasy uzak möhletleýin maksatlary we durmuş-ykdysady wezipeleri kesgitlemek, öňde goýlan wezipelere ýetmek üçin hereketiň ugruny we zerur bolan serişdeleri paýlamagy tassyklamak bilen jebis baglanyşyklydygyny bellemek gerek. Şol bir wagtda strategiki wezipeleri durmuşa geçirmegiň düzümleýin bölegi we taktiki guraly bolup durmak bilen gümrük syýasaty ykdysady strategiýa öz täsirni ýetirýär. Şeýlelik bilen, gümrük syýasaty milli ykdysadyýeti goramak üçin, şeýle hem netijeli ykdysadyýete goşulyşmagy mundan beýläk-de artdyrmak we çuňlaşdyrmak maksady bilen onuň gurluşynda özgertmeleriň geçirilmegine ýardam bermelidir.

Türkmenistanyň gümrük ulgamy döwletiň ykdysady özbaşdaklylygyny we howpsuzlygyny, içerki bazary, ýurtda söwdany we senagaty goramagyň baý tejribesine eýedir. Bu strategiki çäreleriň amala aşyrylmagy ýurtda geçirilýän gümrük syýasaty bilen mydama aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Gümrük syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy serişdeleri (gurallary) bolup gümrük paçlary, ýygymlary (tarif ýa-da ykdysady kadalaşdyryş), gümrük resmileşdirilmegi we gümrük gözegçiligi, daşary söwdanyň ygtyýarlandyrylmagynyň we kwotalaşdyrylmagynyň tejribesi bilen baglanyşykly dürli görnüşli gümrük çäklendirmeleri we ýönekeýleşdirmeleri (tarif däl ýa-da administratiw kadalaşdyryş) durýar.

Häzirki wagtda gümrük işlerini resmileşdirmegiň we gümrük gözegçiliginiň kadalaşdyrylmagynyň tertibi, esasan, Türkmenistanyň Gümrük kodeksi, şeýle

hem gümrük paçlaryny tölemek boýunça Düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar. Şu Düzgünnama laýyklykda, gümrük paçlarynyň adwalor, ýörite we kombinirlenilen görnüşleri ulanylýar:

– adwalor paçlary – salgyt salnan harydyň gümrük bahasyna göterimlerde hasaplanylýar;

– ýörite – salgyt salynýan harydyň birligi üçin bellenilen möçberde hasaplanylýar;

– kombinirlenilen – gümrük salgydynyň iki görnüşini hem utgaşdyrýar.

Özünde gümrük resmileşdirilişini we gümrük tölegleriniň tölenmegini jemleýän gümrük arassalaýşy Türkmenistanyň Gümrük kodeksine we gümrük paçlarynyň tölegi boýunça Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar. Ýurtdan çykarylan halatynda özleriniň sanlaryna garamazdan tikin önümleri, trikotaž önümleri, köwüş, mata, alkogolly we alkogolsyz içgiler, tele-wideo-audio we radio enjamlary, ýeňil awtomobiller, mineral suwlar, halylar we haly önümleri, gök we bakja önümleri gümrük paçlaryny tölemekden boşadylýar. Ýurda getirilen halatynda özleriniň sanyna garamazdan etleriň ähli görnüşleri, ösümlik ýagy, günebakar ýagy, şeker, ýumurtga, otluçöp, un we däne gümrük paçlaryny tölemekden boşadylýar. Mundan başga hem, 2009-njy ýylyň awgustynda kabul edilen «Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçilige degişli hojalygy ýörediji subýektler gümrük ýygymlarynyň töleginden boşadylýarlar.

Häzirki wagtda gümrük paçlaryndan alynýan döwlet girdejisi o diýen uly däldir. Döwlet býujetiniň girdejilerinde olaryň paýy 5%-e golaýdyr. «Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň herekete girizilmegi bilen baglanyşyklylykda kiçi we orta telekeçilige degişli hojalygy ýörediji subýektlere gümrük ýeňillikleri berilýär. Türkmenistanyň çägine girmäge rugsat berilýändigi we onuň çäginden üstaşyr boýunça tranzit bilen geçýändigi üçin ulagyň görnüşine we onuň ýük göterijiligine baglylykda ABŞ-nyň 15 dollaryndan 150 dollaryna çenli ýygymlar alynýar. Türkmenistanda bolmak möhletiniň 15 gününe çenli ulag serişdeleriniň eýelerinden üçünji tarapyň öňünde raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrmasy üçin ulagyň görnüşlerine baglylykda ABŞ-nyň 20 dollaryndan 150 dollaryna çenli ýygym alynýar. Üstaşyr ýükleriň gümrük resmileşdirmesi üçin, Türkmenistan ilkinji girilýän ýurt bolan halatynda ABŞ-nyň 10–15 dollary möçberinde ýygymlar alynýar. Ulag serişdeleriniň dezinfeksiýasy boýunça işler geçirilende ulaglaryň görnüşlerine baglylykda ABŞ-nyň 1 dollaryndan 5 dollaryna çenli ýygymlar alynýar. Türkmenistanyň çäginden geçýän we karantin astynda durýan ýükleriň gözden geçirilendigi üçin her ulagdan ABŞ-nyň 5 dollary alynýar. Ulag serişdelerini ponton köprülerinden geçirmek boýunça hyzmat üçin ulag serişde-

leriniň görnüşine baglylykda ABŞ-nyň 10 dollaryndan 80 dollaryna çenli ýygym alynýar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşy eksport-import amallarynyň deňagramlylygynyň, şeýle hem eksport edijileri höweslendirmegiň we milli bähbitleri goramagyň amatly şertlerini döretmäge gönükdirilendir.

**ÖZ–ÖZÜŇI BARLAMAK ÜÇIN SORAGLAR**

1. Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmekde daşary söwdanyň nähili orny we ähmiýeti bar?
2. 1992 – 2012-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň daşary söwdasynyň (eksportynyň, importynyň, daşary söwda galyndysynyň) ösüşi nähili?
3. Türkmenistanyň eksportynyň düzümini kämilleşdirmek barada nähili wezipeler bar?
4. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň geografiýasynyň üýtgeýşi nähili?
5. Türkmenistanyň esasy hyzmatdaş ýurtlary haýsylar?
6. Türkmenistanyň importynyň düzümini nämeler düzýär?
7. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň kanunçylyk esaslary haýsylar?
8. Türkmenistanyň Gümrük gullugynyň ýerine ýetirýän wezipeleri haýsylar?
9. Türkmenistanyň daşary söwdany sazlamakda ulanýan maliýe usullary haýsylar?
10. Türkmenistanyň integrasiýalar bilen hyzmatdaşlygy nähili ýola goýulýar?

# XXI bap MAÝA GOÝUMYŇ HALKARA HEREKETI

## 21.1. Daşary ýurtlara maýa çykarmaklygyň mazmuny, sebäpleri we onuň esasy görnüşleri

XX–XXI asyrlarda dünýä ykdysadyýetiniň kuwwatlanyp başlamagynyň esasy sebäpleriniň biri hem maýa goýumyň döwletleriň arasyndaky hereketiniň çaltlanyp başlamagy bilen baglanyşyklydyr. Maýa goýumyň halkara hereketi önümçilik faktory bolup onuň milli ykdysadyýetiň aýlanyşygyndan çykyp, beýleki bir ykdysa-

dyýete goşulmagy bilen baglanyşyklydyr. Diýmek, maýa goýumyň halkara hereketi munuň özi maýa goýumyň belli bir böleginiň milli dolanyşykdan çykyp, beýleki bir ýurduň dolanyşygyna goşulyşmagydyr.

Maýa goýumyň halkara hereketiniň önümçilik faktory bolup çykyş edýändigine garamazdan oňa harydyň halkara alyş-çalşygy bilen bir zat hökmünde garamak bolmaz. Haryt daşary ýurtlara çykarylanda ondaky bar bolan goşmaça gymmat haryt ýerlenenden soň diňe bir gezek alynýar. Maýa goýumyň bolsa goşmaça gymmaty birnäçe gezek, yzygiderli almak maksady bilen çykarylýar. Diýmek, maýa goýum-munuň özi goşmaça gymmat getirýän we möçberini barha ulaldýan gymmatlykdyr.

Maýa goýum daşary ýurtlara çykarylmagynyň barha işjeň häsiýete eýe bolmagy häzirki zaman dünýä ykdysadyýetiniň häsiýetli alamatlarynyň biridir. Eýýäm XX asyryň başlarynda maýa goýumyň halkara hereketi haryt eksportynyň möçberinden öňe geçdi we bu ugurdaky ornuny barha berkidýär. Onuň şeýle bolmagynyň esasy sebäbi hem önümçilik bilen baglanyşyklydyr. Mazmun taýdan bu ýagdaý şeýle bolup geçýär, ýagny bir ýurt beýleki ýurda harytlary ýerlemek we hyzmaty amala aşyrmak bilen meşgullanman, harytlary we hyzmatlary öndürmekligi we ýerlemekligi ol ýurduň öz içinde ýola goýýar.

Maýa goýum çykarmaklygyň ahyrky maksady ondan telekeçilik peýdasyny ýa-da ssuda göterimini almak bilen baglanyşyklydyr. Bu iş täze bazarlary özleşdirmek we ozalky bazarda ornuňy giňeltmek arkaly amala aşyrylýar.

Halkara statistikasynyň görkezişi ýaly maýa goýumyň milli ykdysadyýetdäki ähmiýeti barha ýokarlanýar. Munuň özi milli ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumyny çekmek işiniň ösdürilmegini döwletleriň öňünde esasy meseleleriň birine öwürýär.

Harytlaryň eksportynyň we importynyň halkara söwdasynyň jemini emele getirişi ýaly maýa goýumyň çykarylyşynyň we getirilişiniň jemi maýa goýumyň halkara hereketiniň jemini emele getirýär. Milli maýa goýumyň bir böleginiň telekeçilik ýa-da ssuda görnüşinde daşary ýurtlara ýerleşdirilmegi ýa-da onuň milli ykdysadyýete çekilmegi durnukly ykdysady ösüşi emele getirmek bilen baglanyşyklydyr.

Maýa goýumyň milli döwletden daşary çykarylmagynyň sebäpleri dürli görnüşlidir. Adaty marksistik mekdep bu ýagdaýy maýa goýumyň deňeşdirme artykmaçlygynyň emele gelmegi bilen düşündirýär. Emma, bu düşünjeden başga-da birnäçe sebäpler ýüze çykýar, ýagny monopoliýalar hemişe öz ýurdunda göwnejaý peýdany gazanyp bilmeýärler. Beýleki bir ykdysadyýetde bolsa şeýle mümkinçilik uludyr. Bu bolsa maýa goýumyň daşary ýurtlara çykmaklygynyň esasy sebäbidir diýip aýtmaga esas berýär. Umuman, maýa goýumyň halkara hereketiniň esasy maksady alynýan peýdanyň möçberini artdyrmak bilen baglanyşyklydyr. Şol bir wagtyň özünde hem dünýäde ylmy-tehniki ösüşiň çalt ýokarlanmagy önümçiligiň möçberiniň üzül-kesil ýokarlanmagyna getirdi. Senagat taýdan ösen ýurtlarda kiçi,



16. Sargyt № 832

orta we iri kärhanalaryň arasyndaky milli bazardaky maýa goýum meselesi barha çylşyrymlaşýar. Iri kärhanalar milli bazarda kiçi we orta ululykdaky kärhanalara garanyňda bäsleşige has ukyplydyr. Bu ukyp milli ykdysadyýetiň kiçi we orta ululykdaky kärhanalarynyň hereketini bökdeýär. Şonuň üçin döwletler tarapyndan iri kompaniýalaryň serişdeleriniň daşary ýurtlara çykarylyşyny goldamak syýasaty alnyp barylýar. Bu ýagdaý belli bir derejede syýasy maksatlary hem yzarlaýar.

Maýa goýumyň daşary ýurda çykarylmagynyň sebäpleriniň biri hem tygşytlama meselesi bilen baglanyşyklydyr. Beýleki ýurtlarda jemlenen arzan işçi güýji, tebigy baýlyklary peýdalanmak meselesi iri kompaniýalaryň daşary bazarlara çykmak meýlini has güýçlendirýär. Bu meýil iri kompaniýalaryň dünýä bazaryndaky hereketiniň has işjeňleşmegine getirýär. Iri kompaniýa bolup, ol hem ýapyk häsiýete eýe bolsa, onda kompaniýanyň hereketini bökdeýär we bäsleşikdäki ornuny ýitirýär diýip hasaplanylýar.

Milli bazarda import harytlara döredilýän tarif we tarif däl çäklendirmeler maýa goýumynyň halkara hereketiniň ösmegine goşmaça şert döredýär. Önümçiligiň beýleki milli ykdysadyýete geçirilmegi dürli çäklendirmelerden sowulmaga mümkinçilik döredýär. Bu mümkinçilik kuwwatlaşma şertlerinde has uly ähmiýete eýe bolýar. Iri kompaniýalar öz işini tutuş dünýä hojalygy boýunça alyp barmaklyga çalyşýarlar. Şonuň üçin olaryň önümçilikleriniň beýleki ykdysadyýetlere geçirmek işi barha güýçlenýär. Beýleki bir tarapdan iri kompaniýalaryň käbiri tutuş dünýä hojalygynda hereket etmeklige ymtylýar, emma önümçiligini öz ýurdunda galdyrýar.

Şeýle hem maýa goýumyň beýleki bir milli ykdysadyýete goşulmagy bilen ol ýurduň milli ykdysadyýeti barada goşmaça maglumatlary almaga, ykdysady we syýasy töwekgelçilikleriň derejesini pese gaçyrmaga mümkinçilik berýär. Ondan başga-da, döwlet maýa goýumynyň eksporty milli bähbitleri üpjün etmeklik üçin alnyp barylýar. Şol bir wagtyň özünde beýleki bir ýurtda öz ähmiýetini ýokarlandyrmak, syýasy täsiriňi güýçlendirmek maksatlary hem yzarlanylýar.

Döwlet maýa goýumynyň eksporty beýleki ýurtda hereket edýän düzgüni goldamak, milli ykdysady nusgany beýleki ýurda geçirmek ýaly işlerde hem ähmiýetli orny eýeleýär. Döwlet maýa goýumyny import edýän ýurt ony eksport edýän ýurda hoşniýetli garaýyşda bolsa, maýa goýumyň akymy yzygiderli dowam edýär, zerur bolsa güýçlendirilýär. Tersine, şeýle maýa goýuma gyýa göz bilen seredilýän bolsa onda döwlet maýa goýumynyň akymy çäklendirilýär ýa-da tutuşlaýyn bes edilýär.

Harytlaryň daşary söwdasynda bolşy ýaly maýa goýumyň eksporty beýleki ýurt üçin import bolup durýar. Maýa goýumyň importy öz gezeginde dürli häsiýetlidir. Hususy kompaniýalar daşary maýa goýumyny çekmek, bilelikdäki kärhanalary döretmek arkaly täze tehnologiýalary ele almak, öňdebaryjy dolandyryjylyk tejribäni özleşdirmek, tanymal haryt belgilerini ulanmak arkaly milli we daşary bazarlarda öz orunlaryny berkitmeklige ymtylýarlar. Döwlet daşary ýurt maýa

goýumyny import etmek bilen ýokary ykdysady ösüşi gazanmaklyga, milli ykdysadyýetde täze özgertmeleri geçirmeklige ýykgyn edýär.

Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly maýa goýum has amatly şert döredilen ykdysadyýetlere ymtylýar. Daşary ýurt maýa goýumy üçin döredilen amatlylyklara ýa-da şertlere (başgaça maýa goýum klimaty) ykdysady, syýasy, hukuk, durmuş-medeni, kanunçylyk ýaly işler degişlidir. Amatly maýa goýum şertleri goýulýan maýa goýumyň töwekgelçilik derejesini peseltmäge, peýdanyň möçberini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Şeýle ýagdaýda maýa goýumyň halkara herketiniň birnäçe sebäpleri bolup biler. Häzirki wagtda onuň täze sebäpleri ýüze çykyp başlady. Ösen döwletlerde ilatyň tebigy artyşynyň pese gaçmagy, ýurduň ilatynyň barha garramagy ol ýurtlaryň daşary bazarlara maýa goýum çykarylyşyny artdyrmaga mejbur edýär. Ösüp gelýän ýurtlarda ilatyň ýaş düzüminde garry diýip hasaplanylýan adamlaryň azlygy, tebigy artyşyň ýokarylygy ösen döwletleriň maýa goýumy peýdalanmak boýunça bu ýurtlara goýýan maýasynyň barha ýokarlanmagyna getirýän esasy sebäpleriniň biridir.

Maýa goýum serhetden daşyna telekeçilik we ssuda görnüşinde çykarylýar. Telekeçilik maýa goýumy daşary ýurt maýa goýumlary hökmünde amala aşyrylýar we kärhananyň hojalyk işine gözegçilik etmeklige hukuk berýär. Ondan gelýän girdejä telekeçilik peýdasy diýilýär. Ssuda maýa goýumy portfel maýa goýumlary hökmünde gymmat kagyzlar (paýnamalar, obligasiýalar) görnüşinde amala aşyrylýar we kärhananyň işine gözegçilik etmeklige mümkinçilik bermeýär. Portfel maýa goýumlarda maýa goýujy kärhananyň işine gatnaşmaýar we girdejini diwidend görnüşinde alýar. Göni we portfel maýa goýumlar daşary ýurt serişdelerine edilýän gözegçiligiň görnüsleridir.

Ssuda maýa goýumynyň anyk görnüşine daşary ýurt banklarynda goýlan zaýmlar we karzlar, goýum serişdeleri hem degişlidir. Ssuda maýa goýumy başgaça halkara karzy hökmünde çykyş edýär. Ol hem edil bank karzy ýaly maksatlylyk, möhletlilik, töleglilik, gaýdyp bermeklik ýaly ýörelgelere esaslanýar. Halkara karzynyň bank karzyndan tapawudy girew goýulmaýanlygydyr. Halkara karzynyň girewiniň ýerine özara şertnamalar, halkara ylalaşyklary çykyş edýär.

Ssuda we telekeçilik maýa goýumy goýumyň dowamlylygy boýunça gysga, orta, uzak möhletli goýumlara bölünýär. Gysga möhletli karzlara 1 ýyla çenli, orta möhletli karzlara 5–7 ýyla çenli, uzak möhletli karzlara 5–7 we ondan ýokary möhletli karzlar.

Göni maýa goýumlar daşary ýurtlarda täze kärhanalary gurmak, bilelikdäki kärhanalary döretmek, ozaldan hereket edýän kärhanany tutuşlygyna ýa-da bölekleýin satyn almak arkaly amala aşyrylýar. HPG-niň kesgitlemegine görä, daşary ýurtly maýadar kärhananyň esaslyk gaznasynyň 25%-den az bolmadyk bölegine gözegçilik edýän bolsa, onda ol göni maýa goýum diýip hasap edilýär. Emma

maýa goýumy has köp çykarýan ýurtlar bolan ABŞ-nyň, ÝB-iň we Ýaponiýanyň tejribesiniň görkezişi ýaly daşary ýurtly maýadar kärhananyň esaslyk gaznasynyň 10%-den az bolmadyk bölegine gözegçilik edýän bolsa göni maýa goýumy diýip hasaplanylýar.

Daşary ýurt maýa goýumy gelip çykyş çeşmesi ýa-da eýeçiligi boýunça iki topara bölünýär. Olara döwlet we hususy maýa goýumlar degişlidir. Käbir edebiýatda olary üç bölege bölýärler. Ol garyşyk eýeçilikdäki maýa goýum diýip atlandyrylýar. Emma, garyşyk eýeçilikdäki maýa goýum hem öz gezeginde hususy we döwlet maýasyndan ybaratdyr. Şonuň üçin maýa goýumyň gelip çykyş çeşmesiniň ýa-da eýeçiliginiň iki görnüşi bar diýip hasaplamaklyk dogrudyr.

Hususy maýa goýum belli bolşy ýaly edara görnüşli we hususy taraplaryň maýalarydyr. Döwlet maýa goýumy býujetiň we döwlete degişli gaznalaryň, kärhanalaryň serişdeleridir. Olar döwlet karzlaryndan, ssudalaryndan, grantlardan (peşgeş sowgat), kömeklerden ybaratdyr. Oňa başgaça resmi maýa goýum hem diýilýär. Sebäbi onuň daşary ýurtlara çykarylyşy döwletara ylalaşyklaryň we şertnamalaryň üsti arkaly alnyp barylýar. Emma, hususy maýa goýumyň daşary ýurtlara çykarylmagy üçin döwletara ylalaşyklar we şertnamalar zerur däldir. Ol diňe hususy taraplaryň arasyndaky gelnen ylalaşyga laýyklykda alnyp barylýar.

Daşary ýurda maýa goýum çykarmak bilen ozal çykarylan maýa goýumdan alnan peýdanyň şol ýurtda täzeden maýa goýum hökmünde ulanylmagy mazmun taýdan birmeňzeş däldir. Maýa goýumyň ýurduň içine getirilmegine maýa goýum importy diýilýär, ozal getirilen maýa goýumdan alnan peýdanyň ýurduň içinde gaýtadan maýa goýum hökmünde ulanylmagyna daşary ýurt maýa goýumlary diýilýär. Maýa goýum goýmak arkaly alnan peýdanyň, diwidendiň gaýtadan maýa goýum hökmünde ulanylmagy maýa goýumyň halkara hereketine degişli edilmeýär we onuň düzümine goşulmaýar.

## 21.2. Göni maýa goýumlarynyň dünýä hojalygyndaky orny we häsiýeti

Dürli sebäplere görä, (şol sanda ýokarda bellenip geçilenler hem) maýa goýumlar dünýä ykdysadyýetinde örän möhüm orny eýeleýär. Ykdysady nukdaýnazardan we kärhananyň garaýşyndan ugur alyp, göni maýa goýumlary:

- özi üçin durnuklylygy we beýleki ýurtlaryň bazaryna girmegi üpjün etmeklige;
- milli bazarda merkezi ýerleşen we dünýäniň dürli döwletlerinde bölümleri hereket edýän halkara korporasiýalary döretmek hem-de önümçiligiň halkaralaşmagynyň üstüni maýa goýumyň halkaralaşmagy bilen ýetirmeklige;
- döwletara gatnaşyklaryň üsti arkaly bähbitlerini sebitleýin we dünýä derejesinde üpjün etmeklige;

- halkara maýa goýumlary döwletara hyzmatdaşlygyň wajyp faktory hökmünde kabul edip, maýa goýumy import edýän ýurduň içerki işlerine gatyşmazlyga, hyzmatdaşlygy deňlik esasynda alyp barmaklyga, ýurduň milli däp-dessurlaryna hormat goýmaklyga, zähmetkeşleriň hukugyny goramaklyga ýykgyn edýär.

Göni maýa goýumlara dar we giň manyda düşünje berilýär. Dar manydaky düşünje Ösen ýurtlaryň ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (ÖYHG) maýa goýumyň hereketini liberallaşdyrmak baradaky Kodeksiniň esasy usulyýetlerine laýyklykda kesgitlenýär. Bu Kodeksde maýa goýumyň halkara hereketi we serişdeler ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak we kärhana gözegçiligi ýola goýmak üçin alnyp barylýar. Şeýle çemeleşmede maýa goýujy anyk bir döwletde rezident we beýleki bir döwletde rezident däl bolup çykyş edýär. Bu düşünjelerde göni maýa goýumlary diýip kärhanany döretmeklige, giňeltmeklige we ony doly ele almaklyga düşünilýär. Emma, şeýle çemeleşme köp döwletler tarapyndan düýpli nägileliklerіň döremegine getirýär.

Giň manydaky düşünje Bütindünýä banky we Köptaraplaýyn maýa goýum kepilligi agentliginiň (KMGKA) kesgitlemegine görä, göni maýa goýumlara ikitaraplaýyn kepillikli ylalaşyklar hem häsiýetlidir. Şeýle çemeleşmede göni daşary ýurt maýa goýumlaryna diňe bir maýa goýumyň hereketi degişli bolman, aktiwleriň beýleki görnüşleri, ýagny emläk we emläkleýin hukugyň dürli görnüşleri, paýdarlar görnüşli bolmadyk maýa goýumlar, dolandyryş ylalaşyklary, françaýzing, ygtyýarnama geleşikleri, önümi paýlaşmak, subşertnamalar hem degişlidir.

Göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň görnüşlerine we usullaryna dürli düşünje bermeklik düýpli meseleleriň döremegine getirýär (mysal üçin, NAGTA bilen ASEAN-yň arasyndaky esasy düşünjeleriň gabat gelmezligi) we anyk kararlara çözgüt tapmakda kynçylyk döredýär. Bu ýagdaý bolsa öz gezeginde halkara maýa goýum işinde, ykdysady diplomatiýa gepleşiklerinde öz beýanyny tapýar.

Göni maýa goýumlaryň dünýä boýunça möçberi çalt artýar. 1980-nji ýylda onuň möçberi 450 milliard dollar bolan bolsa, 1990-njy ýylda 1,7 trillion dollara, 2004-nji ýylda 9,7 trillion dollardan gowrak boldy.

Göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň göwrüminiň çalt artmagy hojalyklarda onuň deňeşdirme artykmaçlygynyň ýüze çykmagy ýaly bolup görünse-de, bu iş düýpgöter şeýle görnüşe eýe däldir. Göni maýa goýumlaryň artmagyny milli bazardaky çäklendirmeleriň köpelmegi, onuň peýdalanyşynyň pese gaçmagy, beýleki bir ykdysadyýetde peýdanyň normasynyň ýokarlanmagy ýaly sebäpler bilen düşündirmek bolar. Ondan başga-da, TMK-laryň işi dünýä hojalygynda düýpli üýtgeşmeleriň bolmagyna getirdi. TMK-lar diňe bir maýa goýumy eksport etmek bilen çäklenmän, önümçiligi hem beýleki ýurtlara geçirip başladylar. Munuň özi dünýä hojalygynyň ösmegine, maýa goýum bäsleşiginiň ýüze çykmagyna getirdi.

TMK-lar we oňa meňzeş hojalyk birlikleri dünýä hojalygynyň kuwwatly düzüm bölegi bolup çykyş edýär. YUNKTAD-niň (World Inwestment report) berýän maglumatlaryna görä, şol ýylda TMK-laryň sany 70 müňe deň bolup, olaryň daşary ýurtlardaky bölümleriniň sany 690 müňe ýetipdir. Şol döwürde TMK-laryň göni maýa goýumlarynyň möçberi 11 trillion dollara golaý bolup, dünýä boýunça satuw işleriniň möçberi 19 trilliona golaý amerikan dollaryna barabar bolupdyr. Bu san döwletara söwdanyň möçberinden iki esse ýokarydyr. Getirilen sanlar dünýä hojalygynda TMK-laryň örän uly ähmiýete eýedigini tassyklaýar.

Göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň göwrüminiň ýokarlanmagyna başga-da birnäçe sebäpler täsir edýär. Olara dünýä hojalygynyň düzümleýin üýtgemegi, döwletleriň milli ykdysadyýeti sazlamaklyga dürli derejelerde gatyşyp başlamagy degişlidir. Netijede, dünýä hojalygyna işjeň gatnaşýan täze döwletler ýüze çykyp başlady. Olara Hytaý, Meksika, Koreýa, Singapur, Braziliýa, Hindistan, Russiýa ýaly döwletler degişlidir.

Syýasy garaýyşdan göni maýa goýumlar boýunça döreýän soraglary aşakdaky görnüşlere bölmek bolar:

1. Göni daşary ýurt maýa goýum düşünjesiniň giňemegi:

– dolandyrmaga bolan hukuk alamatynyň giňemegi, dolandyrmak hukugynyň ýeke-täk görnüşe geçmeginiň alamatlarynyň çaltlaşmagy;

– bazar gatnaşyklarynyň düzüminiň kämilleşmegi, dürli döwletleriň kärhanalarynyň uzak möhletli ylalaşyk esasynda bähbitli gatnaşyklary ýola goýmagy, gözegçilik düşünjesiniň has çeýe «dolandyryşa düýpli täsir ediş derejesi» diýen adalga bilen çalşyrylmagy.

Göni maýa goýumlaryna berilýän düşünjeleriň şeýle giňemegi esasy maýa goýujylaryň bähbidini yzarlaýan ösen döwletleri belli bir standartlara gelmeklige iterýär.

2. Häzirki zaman göni maýa goýumlarynyň ähmiýeti we ýagdaýy halkara ylalaşyklar esasynda berkidilýär. Gürrüň bu ýerde ikitaraplaýyn maýa goýum ylalaşyklary, sebitleýin, halkara maýa goýum ylalaşyklary, maýa goýumlara ikitaraplaýyn salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky ylalaşyklar hakda barýar. Bu resminamalarda milli maýa goýum syýasatynyň esasy soraglar boýunça düşündirişleri anyklaşdyrylýar we ylalaşylýar we şol sanda:

– «Maýa goýum» (aktiwleriň ähli görnüşleri – «all kind of asset», ösüp gelýän ýurtlarda esasy çeşme bank serişdeleri bolup çykyş edýär we gazna biržalaryna esaslanmaýar, «maýa goýumlaryň ähli görnüşi» «all kind of investment» ösen ýurtlaryň esasy çeşmesi bolup gazna biržalary çykyş edýär), şeýle hem «maýa goýujy» (ösen ýurtlarda maýadar serhedi kesenden soň hem ol rezident hasaplanylýar, emma, ösüp gelýän ýurtlarda maýadar serhetden geçenden soň rezident däl hasaplanylýar) düşünjelerini kesgitlemek;

– milli ykdysadyýete girmek meselesini ( «girmäge hukuk» – «the right of entry» ýa-da «ygtyýar hukugy» – «the right of admission», birinji ýagdaýda artykmaçlyk ösen ýurtlaryň tarapynda, ikinji ýagdaýda artykmaçlyk ösüp gelýän ýurtlarda) kesgitlemekden ybaratdyr.

Düşündiriş talap edýän soraglar belli bir derejede maýa goýumlaryň möçberine, görnüşine, şertlerine, hukugyna, maýany import edýän ýurduň hukuk ýagdaýyna, jedelleri çözmegiň kanunçylyk ýagdaýyna, şeýle hem «ýurisdiksiýa», ýagny jedelleri sazlamagyň hukuk taraplaryna hem baglydyr.

Ýurduň dünýä ykdysadyýetindäki tutýan orny, bazarlaryň gaýtadan paýlanylmagy, ykdysady täsiri hem aýratyn ähmiýete eýedir. Mysal üçin, ABŞ özüniň ykdysady, syýasy güýji arkaly we ozalky boýun alan borçnamasy boýunça jedelli meseleleri, köplenç, öz peýdasyna çözmeklige ymtylýar. Bu ýagdaý beýleki ýurtlaryň, ilkinji nobatda ÝB ýurtlarynyň düýpli nägileligine alyp barýar. Emma, şeýle nägileliklere garamazdan halkara maýa goýum işinde syýasy güýje daýanmak meselesi entek aradan aýrylmaýar. Sebäbi syýasy ýagdaý hem ykdysady ýagdaýa baglydyr. Galyberse-de, maýa goýujylaryň özleri hem şeýle syýasy güýjüň bolmagyny isleýärler. Onuň şeýle bolmagyna birinjiden, maýa goýujylar dürli ýagdaýlar ýüze çykan ýagdaýynda öz maýalaryny yzyna gaýdyp almak we bazara bäsleşiksiz girmäge ymtylýarlar. Ikinjiden (aýratynda, ösüp gelýän ýurtlaryň islegi), maýa goýumçylaryň deňhukukly, bazar bäsleşigi esasynda iş alyp barmaklygyny isleýärler. Üçünjiden, standartlaşdyrylmadyk üýtgeşmeleriň bolmagy hem öňe sürülýär. Standartlaşdyrylmadyk üýtgeşmeler ulanylmaýan mümkinçilikleriň herekete getirilmegine şert döreder diýip hasaplanylýar.

Bu meselede daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekligiň indeksini hasaplamak maslahat berilýär. Emma, bu görkeziji başga-da birnäçe görkezijileriň toplumyndan ybaratdyr. Olara çekilen anyk maýa goýumlaryň möçberi, maýa goýumlaryň adam başyna düşüşi, maýa goýumlaryň gatnaşmagynda öndürilýän önümiň möcberi, onuň jemi içerki önümde tutýan orny, adam ösüşiniň indeksi ýaly görkezijiler degişlidir.

Umuman alanyňda maýa goýumyň görkezijileri gös-göni daşary ýurt maýa goýumlary bilen baglanyşykly bolup, ol serişdeler ýurduň ykdysady gurbatyny ýokarlandyrmaga, dünýä hojalygyndaky ornuny giňeltmäge hyzmat etmelidir.

## 21.3. Göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi we onuň ýurtlaryň arasynda paýlanylyşy

Ýurtlaryň maýa goýum ukyby, olaryň maýany çekmek mümkinçiligi birmeňzeş däldir. Şonuň üçin dünýäniň maliýe serişdeleriniň ýurtlaryň arasyndaky paýlanylyşy gyradeň däldir. Bu ýagdaý düzüm taýdan şeýle görnüşe eýedi:

– aýry-aýry döwletler we sebitler boýunça göni maýa goýumlaryň jeminiň absolýut we deňeşdirip boljak möçberi;

– her ýylky üýtgemeleriň hereketi;

– üýtgemeleriň sebäbi we meýilleri.

Birinjä laýyklykda ýurtlaryň ählisi göni maýa goýumlary eksport we import edijiler bolup durýar. 32-nji tablisanyň görkezijilerine laýyklykda göni maýa goýumlaryň sebitler boýunça paýlanylyşy aşakdaky ýagdaýa eýedir.

*32-nji tablisa*

**Göni maýa goýumlaryň sebitler boýunça geografiki paýlanylyşy 2005-nji ýyl**

| Sebitler | Daşary ýurtdan çekilenler | Daşary ýurda goýlanlar |
|---|---|---|
| Dünýä boýunça | 10 130 mln. dollar | 10 672 mln. dollar |
| Ösen ýurtlar | 7 117 mln. dollar | 9 272 mln. dollar |
| Ýewropa | 4 731 mln. dollar | 6 244 mln. dollar |
| Ýewropa Bileleşigi | 4 499 mln. dollar | 5 475 mln. dollar |
| Demirgazyk Amerika | 1 983 mln. dollar | 2 451 mln. dollar |
| Beýleki ösen ýurtlar | 434 mln. dollar | 159 mln. dollar |
| Ösüp gelýän ýurtlar | 2757 mln. dollar | 1 274 mln. dollar |
| Afrika | 264 mln. dollar | 54 mln. dollar |
| Latyn Amerikasy we Karib basseýni ýurtlary | 937 mln. dollar | 345 mln. dollar |
| Aziýa | 1 555 mln. dollar | 874 mln. dollar |
| Günorta-Gündogar Ýewropa we GDA ýurtlary | 256 mln. dollar | 126 mln. dollar |

**Çeşmesi: World inwestment Report. N.Y. – Genewa, 2006**

Tablisadan görnüşi ýaly, maýa goýumlaryň sebitler boýunça paýlanylyşy ozalky görnüşini üýtgetmeýär. Göni maýa goýumlaryň sebit boýunça paýlanylyşynda öňdeligi Günbatar Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlary eýeleýär.

Soňky onýyllyklarda ösüp gelýän ýurtlaryň içinden hem maýa eksport edýän ýurtlar ýüze çykyp başlady. Olara çalt senagatlaşýan we tebigy baýlyklary eksport edýän döwletler degişlidir. Çalt senagatlaşýan ýurtlara Koreýa, Singapur, Malaýziýa, Meksika, Hytaý, Hindistan, Russiýa, tebigy baýlyklary eksport edýän döwletlere Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirlikleri, Kuweýt we ş.m. degişlidir. Çalt senagatlaşýan ýurtlaryň arasyndaky maýa goýum ukyby has ýokary döwletler diýip, Hytaý we Russiýa hasaplanylýar. Tebigy baýlygy (hususan-da, nebti) eksport edýän ýurtlaryň maýa goýumy durnuksyz diýip hasaplanylýar. Sebäbi olaryň goýumlary nebitden gelýän girdejilere baglydyr.

Umuman, göni maýa goýumlaryň sebitler boýunça paýlanylyşynda üýtgeşiklik bolmasa-da, onuň ýurtlar boýunça paýlanylyşy ýylsaýyn üytgeýär. Onuň şeýledigine göz ýetirmek üçin 33-nji tablisanyň maglumatlaryna ýüzleneliň.

*33-nji tablisa*

**Göni maýa goýumlarynyň ýurtlaryň arasyndaky paýlanyşy, (2005-nji ýyl)**

| T/№ | Döwletler | Çekilen GMG, mlrd. amerikan dollarynda | Çykarylan GMG, mlrd. amerikan dollarynda |
|---|---|---|---|
| 1 | ABŞ | 1626 | 2051 |
| 2 | Beýik Britaniýa | 817 | 1238 |
| 3 | Fransiýa | 601 | 853 |
| 4 | Sýangan (Gonkong) | 533 | 470 |
| 5 | Germaniýa | 503 | 967 |
| 6 | Kipr | 492 | 386 |
| 7 | Niderlandlar | 463 | 641 |
| 8 | Ispaniýa | 368 | 381 |
| 9 | Kanada | 357 | 399 |
| 10 | HHR | 318 | 46 |
| 11 | Italiýa | 220 | 293 |
| 12 | Irlandiýa | 211 | 118 |
| 13 | Awstraliýa | 210 | 159 |
| 14 | Meksika | 209 | 28 |
| 15 | Braziliýa | 201 | 72 |
| 16 | Singapur | 187 | 111 |
| 17 | Şwesiýa | 172 | 203 |
| 18 | Şweýsariýa | 172 | 395 |
| 19 | Russiýa Federasiýasy | 132 | 120 |
| 20 | Bermud adalary | 102 | 6 |
| 21 | Ýaponiýa | 101 | 387 |
| 22 | Daniýa | 102 | 118 |

**Çeşmesi: World inwestment Report. N.Y. – Genewa, 2006**

Görnüşi ýaly göni maýa goýumlaryň ýurtlaryň arasyndaky paýlanylyşy gyradeň däldir. Maýany iri eksport edýän döwletler şol bir wagtyň özünde import edijiler bolup durýar. Maýa eksport edijileriň arasynda ösüp gelýän ýurtlaryň çykyp başlandygyna garamazdan olaryň umumy eksportdaky paýy ösen döwletlere garanyňda entek ujypsyzlygyna galýar. Munuň özi ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň, olaryň

halkara zähmet bölünişiginiň ösen döwletlere garanyňda göwşak bolmagyna getirýär.

Göni maýa goýumlaryň döwletler boýunça paýlanylyşynda dünýäni üç merkeze bölmek bolar. Olara ABŞ, ÝB, Ýaponiýa degişlidir. Bu üç merkez dünýäniň maýa goýumlarynyň 4/5 bölegini eksport edýärler.

Göni maýa goýumlar, esasan, TMK-lar tarapyndan amala aşyrylýar. Göni maýa goýumlaryň 9/10 bölegi TMK-lar tarapyndan goýulýar. Dünýä boýunça TMK-laryň agramly bölegi ýene-de ösen ýurtlaryň paýyna düşýär.

## 21.4. Maýa goýumlaryň olary kabul edýän ýurduň ykdysadyýetine täsiri

Maýa goýumlaryň görnüşleri ony kabul edýän ýurduň ykdysadyýetine dürli täsir edýär. GMG olary kabul edýän ýurda ykdysady artykmaçlyklary berip olaryň düzüm böleklerine aşakdakylar degişldir:

- maliýeleşdirmegiň durnukly çeşmesi;
- tehnologiýalary geçirmek, dolandyryş täzelikleri, söwda markalary, patentler we ygtyýarnamalar;
- eksporty diwersifikasiýalaşdyrmagyň mümkinçilikleri;
- pudaklarda goşmaça gymmatyň artmagyna getirýän ýokary hünärli işçi güýjüniň artykmaçlyklary;
- daşary bazarlar bilen baglanyşygyň güýçlenmegi;
- GMG kabul edýän ýurduň bäsleşik ukybynyň ösmegine berýän ýardamy.

Dünýä ykdysady edebiýatynda GMG-niň kabul edýän ýurduň ykdysadyýetine edýän täsirini ýüze çykarmagyň iki sany çemeleşmesi bar. Birinji çemeleşmede daşary söwdanyň adaty nazaryýeti ýaly göni we portfel maýa goýumlaryň material-zatlaýyn görnuşi bilen kesgitlenilýär. Şeýle nusganyň esasy şerti bolup GMG zähmet önüminiň çägini ýokarlandyrýar, maýa goýum önüminiň çägini peseldýär.

Ikinji çemeleşme senagat guramaçylyk nazaryýeti bilen baglanyşykly bolup, maýa goýumlaryň daşary netijeliliginiň göni we gytaklaýyn täsirine ýykgyn edýär. Şonuň üçin bu nazaryýetiň tarapdarlary kärhananyň näme üçin şol bir harydyň öz ýurdunda däl-de, beýleki ýurtda önümçiligini ýola goýýandygyna göz ýetirmek isleýärler. Olaryň pikiriçe, GMG ony kabul edýän ýurduň ykdysady ösüşini zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň we eksporty artdyrmagyň hasabyna üpjün edýär. Emma, GMG ilki bilen ýurtda döredilen maýa goýum şertlerine baglylygy ilkinji orunda durýan baha beriş ölçegi bolup çykyş edýänligini aradan aýryp bolmaýar.

TMK-laryň köpsanly nazaryýetleri daşary ýurt önümçiligi bilen söwda özara baglanyşykly diýen pikire esaslanýarlar. Daşary ýurt maýa goýumlary özi bilen tehnologiýany hem ornaşdyrmaga meýil edýär. Tehnologiýanyň ýerli kärhana geçirilmegi bar bolan serişdeleri netijeli ulanmaga mümkinçilik berýär. Dogry, teh-

nologiýalaryň geçirilmegi hemişe netijeli bolup durmaýar. Ol goşmaça bäsleşigi döredýär ýa-da onuň kadaly ulanylmazlygy maliýe ýitgilerine getirýär. Ýöne tehnologiýalar, köplenç halatda, ýurduň bäsleşik ukybynyň ösmegine ýardam berýär.

Tehnologiýalaryň maýa goýumlar bilen ugurdaş geçirilmeginiň netijeliligini üç görnüşe bölmek bolar:

- aç-açan ýa-da görkezme netijeliligi–milli kärhanalar geçirilen tehnologiýalary bolşy-bolşy ýaly ornaşdyrýarlar;
- işçi güýjüniň akgynlygy –TMK-lar täze tehnologiýalary geçirmek bilen ýerli işçileriň hünär derejesini hem ýokarlandyrmaga kömek edýärler;
- daşary ýurt we milli kärhanalaryň arasyndaky önümçilik we beýleki baglanyşyklaryň ýola goýulmagy we giňemegi TMK-laryň islegi bilen bolup geçýär. Sebäbi iri kompaniýalar ýerli hyzmaty, önümçiligi ele alýarlar.

Umuman alanyňda, GMG ugurdaş tehnologiýalar, dolandyryş täzelikler geçirmek bilen bir hatarda beýleki ýurduň önümçilik usullarynyň täzelenmegine ýardam berýär. Ýöne, GMG akymlaryny höweslendirmezden täze tehnologiýalara eýe bolmak aňsat däldir. Sebäbi tehnologiýanyň göni özüni satyn almak gymmatdyr, ikinjiden, ösen ýurtlar tehnologiýalary ösüp gelýän hem-de geçiş häsiýetli ýurtlara satmak hem islemeýärler. Şonuň üçin GMG ýerli kompaniýalara maýa goýmak bilen bir hatarda olaryň tehnologiýasyny hem täzeleýärler. Bu ýerde täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylýan ýurdunda olaryň çalt ornaşdyrylmagy, özleşdirilmegi zerurdyr. Tehniki üstünlikler näçe çalt ornaşdyrylsa, onda ol derrew ýurduň daşary gatnaşyklarynda öz beýanyny tapýar. Bu ýagdaý belli bir derejede TMK-lar üçin amatsyz ýagdaýy döredýär. Sebäbi täze tehnologiýa eýe bolan daşary ýurt kärhanalary bäsleşik göreşini alyp barýarlar.

Daşary ýurt maýa goýumlary olary kabul edýän ýurtda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna hem täsir edýärler. Emma bu garaýyş hemişe dogry bolup çykmaýar. Sebäbi kärhanalarda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin uly möçberdäki daşary ýurt maýa goýumlary zerur bolup hem durmaýar.

Daşary ýurt maýa goýumlary ýokary taýýarlykly işçi güýjüne bolan islegiň artmagyna getirýär. Ýokary taýýarlykly işçi güýje zähmete tölenilýän hakyň ösmegine getirýär. Bu ýagdaý zähmetkeşleriň durmuş-medeni ýagdaýynyň ösmegine getirýär, emma beýleki tarapdan harydyň bäsleşik ukybynyň we kärhananyň peýdasynyň pese düşmegine alyp barýar. Şeýle hem, TMK-lar, esasan, aralyk önümleriň önümçiligini höweslendirýärler. Ýerli kärhanalar bolsa TMK-lar tarapyndan isleg bildirilýän şeýle önümçilikleri döretmeklige mejbur bolýarlar. Bu ýagdaý özünde şeýle önümçilikleriň ýok ýurdy üçin has ähmiýetlidir.

GMG-niň olary kabul edýän ýurtda döredýän oňaýlylyklary bilen bir hatarda dürli oňaýsyzlyklar hem ýüze çykýar. Olaryň ilkinjileriň biri daşary ýurt TMK-larynyň ýerli öndürijini bäsleşik göreşinden gysyp çykarýanlygydyr. Ýöne bu ýagdaý hemişelik däldir. TMK-laryň getirýän ösen tehnologiýasy ýerli önümçi-

ligiň derrew bäsleşik ukyplylygyny ýokarlandyrýar. Şeýle hem GMG olary kabul edýän ýurtda pesinden 1,52 esse ulalýar. Munuň özi ýurduň jemi maýa goýum işiniň ösmegine alyp barýar.

GMG olary kabul edýän ýurduň düýpli maýa goýumlar gaznasynyň ýokarlanmagynyň hasabyna ykdysady ösüşini üpjün edýär. Munuň özi täze maýa goýumlaryň çekilmegine şert döredýär (crowd-in). Beýleki tarapdan daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberiniň ýokarlanmagy ýerli maýany gysyp çykarýar (crowd-out).

GMG hemişe daşary ýurt maýasyny çekmekligiň ekwiwalenti bolup durmaýar. Mysal üçin, daşary ýurt maýa goýumlary dürli maliýe-ykdysady çökgünlikler döwründe ýa-da has amatly maýa goýum mümkinçilikleri dörän halatynda öz maýa goýumlaryny yzyna alýarlar. Munuň özi ýurtda maýa goýum ýetmezçiliginiň ýüze çykmagyna getirýär. Sebäbi, käbir TMK-laryň daşary ýurt maýa goýumlary milli bazardaky maýa goýumlaryndan has ýokarydyr. Bu ýagdaý aýratyn-da, ösen döwletleriň TMK-laryna mahsus häsiýetdir. Şonuň üçin ösen ýurtlaryň maýa goýum syýasaty ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysady ösüşine örän düýpli täsir edýändir.

GMG-leriň ýurtlarda toplanyşy birmeňzeş däldir. Ol milli maýa goýum syýasatyna, maýa goýumlaryň görnüşlerine, milli kompaniýalaryň bäsleşik ukybyna hem baglydyr.

Umuman alanyňda, daşary ýurt maýa goýumlarynyň milli ykdysadyýete edýän oňaýly täsirini aşakdaky ugurlar boýunça kesgitlemek bolar.

1. TMK-laryň golçur kärhanalary, şahamçalary ýurduň ykdysadyýetiniň maýa goýum gaznasynyň, zähmet öndürijiliginiň, iş bilen üpjünçiliginiň ösmegine getirýär.

2. Tehnologiýalar, dolandyryş we marketing täzelikler işe ornaşdyrylýar.

3. Eksportyň bazarlarynyň giňemegine sebäp bolýar. Sebäbi TMK-lar bir ýurtda öndürilen harydy beýleki bir ýurda ugradýarlar.

4. TMK-lar beýleki ýurtlardaky maýa goýum töwekgelçiliklerini öz üstüne alýarlar. Eger kärhana düşewüntsiz bolsa girdejiler yzyna alynýar, maýa goýum bolsa alynýan peýdanyň hasabyna ödelýär.

GMG-leriň oňaýsyz täsirleriniň ugurlaryna aşakdakylar degişlidir.

Ýerli kompaniýalaryň milli önümçilikdäki gözegçiliginiň ýitirilmegine we umumylykda milli ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklardaky gözegçiligiň ýitirilmegine sebäp bolýar.

GMG-ler milli öndürijini arassa bolmadyk bäsleşik esasynda, mysal üçin, dempingiň ulanylmak bilen önümçilikden gysyp çykarýar.

GMG-ler birden yzyna serpigen ýagdaýynda ýurduň töleg ukyplylygyna ýaramaz täsir edýär.

Uzak ýyllara niýetlenip goýlan maýa goýumlar wagtyň geçmegi bilen başdaky goýlan möçberinden birnäçe esse ulalýar. Munuň özi ýurduň milli baýlygynyň beýleki bir ýurda yzygiderli akmagyna getirýär.

Daşary ýurt maýa goýumynyň beýleki bir wajyp görnüşi bolan portfel maýa goýumlar hem olary çekýän ýurduň ykdysadyýetine dürli täsir edýär. Portfel maýa goýumlar ykdysadyýeti maliýeleşdirmegiň bir görnüşi bolup, daşary ýurt kärhanasynyň ol ýa-da beýleki bir pudakdaky ähmiýeti görkezmeýär. Portfel goýumlary daşary ýurt kärhanalary bilen bir hatarda milli kompaniýalar hem amala aşyryp bilerler. Umuman alanyňda, portfel maýa goýumlar milli kärhanalaryň bäsleşik ukybyny ýokarlandyrmaga, bar bolan serişdeleriň  göwrümini ulaltmaga mümkinçilik berýär diýip hasaplanylýar. Şeýle portfel maýa goýumlara wençur maýa goýumy, milli we halkara bazarlardaky ilkinji paýnamalar, korporatiw obligasiýalar, gönüden-göni maýa goýumlary maliýeleşdirmek degişlidir. Onuň beýleki görnüşine daşary ýurt paýnamalaryny, hökümetiň obligasiýalaryny, deriwatiwlerini satyn almak arkaly ýurduň ykdysady netijeliligine, sarp edişiň ýokarlanmagyna güýçli täsir etmek degişlidir.

Portfel maýa goýumlar aktiwleriň, material gymmatlyklaryň hasabyna hem ykdysady ösüşe oňaýly täsir edýär.

Rezidentleriň portfel aktiwleriniň satyn alynmagy bankyň likwidliligini ýokarlandyrýar we bank karzlaşdyrmasyny giňeldýär. Içerki maýa goýum çekmeleri hemişe gowy görkeziji bolup çykyş etmeýär. Karzlaryň ýokarlanmagy maliýe peýdakeşligiň ösmegine (spekulýasiýa), hümmetsizlenmegiň ýokarlanmagyna getirýär.

Ondan başga-da, daşary ýurt portfel maýa goýumlar milli bazaryň likwidliligini ýokarlandyrýar. Munuň özi milli ykdysadyýetiň ösmegine amatly şert döredýär. Olar maliýe infrastrukturasynyň berkemegine, maliýe aralykçylaryň giňemegine, töwekgelçilikli maýa goýumyň möçberiniň artmagyna, täze kärhanalaryň döremegine ýardam berýär.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň milli ykdysadyýete edýän oňaýsyz täsirine aşakdakylary görkezmek bolar:

– töwekgelçilikleri import ediji öz üstüne alýan bolsa, alynýan girdejiden çykarylýan harajatlaryň möçberi has ýokary bolup biler.
– portfel maýa goýum akymlarynyň durnuksyzlygy olaryň milli ykdysadyýete edýän güýçli oňaýsyz täsiridir.

## 21.5. Milli ykdysadyýetiň maýa goýumy özüne çekijiligi, onuň şertleri we olaryň kesgitlenilişi

Göni we portfel maýa goýumlary ýurtlaryň özüne çekijiligi toparlar boýunça tapawutlandyrylsa-da, olaryň birnäçe umumylyklary bardyr. Döwletiň maýa goýum özüne çekijiligine Jorj Danning tarapyndan işlenilip düzülen «eklektiki paradigma» diýip at alan OLI konsepsiýasy boýunça baha berilýär. Bu konsepsiýa üç düzüm bölekden (ownership-specifik advantages; location-specific-variables;

internalization advantage – OLI) ybaratdyr. Bu konsepsiýa aşakdaky işleriň ýerine ýetirilmegini öňde goýýar:

– ösen hususy hukuk, hususy tehnologiýa, dolandyryşda artykmaçlyk berýän dolandyryş täzelikler;

– döwletdäki ýerli artykmaçlyklar, ýagny sarp edişi uly bazar, ösen infrastruktura, pes harajatly önümçilik, ýokary öndürijilikli zähmet we işçi güýjüniň gymmaty;

– kärhanaiçre baglanyşygyň maksimal artykmaçlygy we garaşsyz maýadarlaryň bäsleşigi.

Birinji we üçünji şertler kärhananyň spesifikasyny häsiýetlendirýär, ikinji şert ýurduň tutuşlygyna aýratynlygyny açyp görkezýär. Eger kabul edýän ýurt birinji artykmaçlyga eýe bolsa, onda daşary ýurt maýa goýumy milli bazar ygtyýarnamalary we patentler arkaly girmek isleýär. Ýurtda birinji we üçünji artykmaçlyklar jemlenen bolsa, onda ikinji şerti göz öňünde tutmak bilen bu ýurt maýa goýmaklyga imrindiriji ýurt diýip hasap edilýär.

Döwletleriň syýasy we ykdysady garaýyşlary dürlüdir. Şonuň üçin döwletleriň maýa goýumy özüne çekijiligi üç sany uly şerti özüne birleşdirýär. Olara makroykdysady sazlaşdyrmagyň hukuk düzgüni we şol sanda maýa goýumlary höweslendirilmegine ýardam berýän çäreler, döwletde döredilen telekeçilik şertleri (klimat) degişlidir.

Döwletiň maýa goýum özüne çekijiliginiň wajyp taryhy şerti bolup, ol ýurduň tebigy serişdelere baýlygy çykyş edýär. Häzirki wagta çenli TMK-lar ösüp gelýän ýurtlaryň gazyp alýan senagatyna GMG arkaly paýdarlar däl ylalaşyk esasynda maýa goýmaklygyny dowam edýärler.

Daşary ýurtlarda geçirilen köpsanly soraşmalaryň netijesine görä, ýurduň maýa goýum özüne çekijiliginiň esasy şertleriniň biri bolup, milli bazaryň sarp edijiliginiň ululygy, jemi içerki önümiň ösüşi, onuň adam başyna düşüşiniň ortaça görkezijisi çykyş edýär. Sarp edijiligi ýokary we iri bazar kärhana uly möçberlerdäki önümçiligi ýola goýmaga mümkinçilik berýär.

Makroykdysady şertlere syýasy durnuklylyk, milli puluň hümmeti we onuň üýtgeýşi hem degişlidir.

Daşary ýurt maýa goýum özüne çekijilige ýurtda döredilen amatly we hukuk şertler, daşary ýurt eýeçiliginiň millileşdirilmejekdigi baradaky döwlet kepilligi, döwlet dolandyryşyň görnüşi degişlidir. Üçünji toparyň şertlerine maýa goýum, telekeçilik şertler, salgyt ulgamy, önümçilik harajatlarynyň derejesi, tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň elýeterliligi degişlidir.

Häzirki zaman dünýä ykdysadyýeti liberallaşan we globallaşan diýip hasap edilýär. Şeýle şertlerde kärhanalar infrastrukturanyň işewürlik medeniýetiň, hususylaşdyrmagyň ösen maksatnamalaryny göz öňünde tutup, özleri üçin has amatly maýa goýumlary goýmak isleýärler. Görkezilen adaty däl şertler aýratyn-da, ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlaryň ykdysadyýetine maýa goýum işlerinde has wajyp ähmiýete eýedir. Mysal üçin, Çehiýanyň, Wengriýanyň, Sloweniýanyň tejribesi iri döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak, GMG goýumlary höweslendirmek üçin strategiki pudaklary daşary ýurt maýa goýumlary üçin açmak bilen haryt eksportyny we onuň düzümini giňeltmekden ybarat bolupdy.

Döwletiň maýa goýum özüne çekijiligi portfel maýa goýumlarda has toplumlaýyn bolup, ol ýurtdaky telekeçilik şertlere, ykdysadyýetiň aýratynlyklaryna baglydyr. Geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap portfel maýa goýumlaryň ösmegine, esasan, aşakdaky ýagdaýlaryň täsir edendigi bellenilmelidir:

- maliýe bazarlarynyň liberallaşmagy we globallaşmagy netijesinde maýa goýum erkin hereketiniň az harajatlar bilen üpjün edilmegi;
- ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsinde makroykdysady ýagdaýyň gowulanmagy;
- süýşürintgileriň institutlaşdyrylmagy we aktiwleriň dolandyrylyşynyň professionallaşmagy (bilelikdäki hedžirleme gaznalaryň we beýleki maýa goýum kompaniýalarynyň üsti arkaly) maliýe geleşikleriniň täjirçilik banklarynyň amallaryna garanyňda harajatlarynyň pes bolmagyna;
- aragatnaşyk we kommunikasiýa tehnologiýalaryndaky ösüşiň serişdeleriň bir ýerden beýleki ýere geçirilmesini çaltlandyrmagy.

Döwletiň maýa goýumy özüne çekijiliginiň makroykdysady ýagdaýyny ykdysady we hukuk toparlaryna bölmek bolar. Ykdysady ýagdaýlar kabul edýän ýurduň ykdysadyýetiniň umumy ýagdaýyny şöhlelendirýär. Bu toparyň ýagdaýlaryna jemi içerki önümiň ýokary ösüşi, durnukly walýuta kursy, walýuta ätiýaçlyklaryň möçberi, milli bank ulgamynyň ýagdaýy, paýnamalar we obligasiýalar bazarynyň likwidliligi, göterim derejeleri degişlidir.

Kabul edýän ýurduň hukuk ýagdaýy maýa goýumlary çekmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ol döwletiň maýa goýumlaryny çekmek baradaky döredilen mümkinçiliklerini açyp görkezýär. Ol ýagdaýlara maýa goýumyň erkin hereketiniň üpjün edilişi, maýa goýumlara salynýan salgydyň möçberi, jedelleri sazlaşdyrmagyň çalt we netijeli mehanizmi, daşary ýurt maýa goýumlaryny, täjirçilik syrlaryny goramaklygyň derejesi, buhgalteriýa hasabynyň aýratynlygy degişlidir. Aýratyn bellemeli zat hem bu ýagdaýlary aýry-aýrylykda däl-de, umumylykda hasaba almalydyr.

## 21.6. Ösüşe resmi kömek

Daşary ýurtlara serişde çykarmak ösen döwletleriň ösüp gelýän ýurtlaryň durmuş-ykdysady yzagalaklygyny ýeňip geçmek üçin berýän maliýe, tehniki ýardamy bilen hem baglanyşyklydyr. Bu ýardama ösüşe resmi kömek (ÖRK) diýip atlandyrylýar. Şonuň üçin «ösüşiň resmi maliýeleşdirilmesi» we «ösüşe resmi kömek» düşünjeleri tapawutlandyrylýar. Birinji düşünje has giň manyda bolup, ol ikinji düşünjäni döwlet eksport subsidiýalaryny hem öz içine alýar.

Maliýe kömegi sowgatlary, zaýmlary, karzlary, subsidiýalary özüne birleşdirýär. «Ösüşe resmi kömek» diýip köphalatlarda maýa goýumyň telekeçilik we ssuda görnüşinde ondan-oňa geçirilmegine düşünilýär. Tehniki kömek–önümçilik tejribesiniň, ylmy-tehniki düşünjeleriň ýeňillikli ýa-da yzyna gaýdyp bermesiz şertlerde geçirilmegine aýdylýar. Bu maksatlar bilen ösüp gelýän ýurtlar özlerinde professional-tehniki okuwlary guraýan merkezleri, barlaghanalary we kitaphanalary enjamlaşdyrýarlar. Düzgün bolşy ýaly kömegiň bu görnüşinde ösen döwlet ýardam alýan ýurda hünärmenleri, we talyp haklaryny ugradýar.

Ösüp gelýän ýurtlar maliýe, tehniki kömeklerden başga-da, azyk kömegini hem alýarlar. Azyk kömegi dürli adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda berilýär.

ÖRK-nyň serişdeleri aşakdaky baha beriş ölçegleri kanagatlandyrmalydyr:

1) ykdysadyýeti ösdürmek maksadyna gönükdirmek;

2) 25%-den az bolmadyk grant elementi saklamak. Grant-element bellenilen gymmat bilen berginiň berilmeli wagtyndaky gymmatyň tapawudydyr.

ÖRK alýan ýurtlaryň ykdysadyýetinde şeýle kömekler garşylykly ýagdaýy ýüze çykarýar. Bir tarapdan maliýeleşdirmegiň akymlary milli ykdysadyýeti düzümleýin üýtgetmäge, ykdysady ösüşi çaltlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Beýleki tarapdan, pudaklaryň käbirinde höweslendirmegiň pese düşmegine getirýär. Mysal üçin, azyk kömekleri oba hojalyk önümçiliginiň ösüşine oňaýsyz täsirini ýetirýär. Şyle hem kömek görnüşinde berilýän serişdeleriň ilatyň has mätäç gatlagyna ýetmeýän ýagdaýlary hem seýrek bolmaýar.

## 21.7. Maliýe serişdeleriň kuwwatlanmagy

Maliýe serişdeler dünýäniň ykdysady serişdeleriniň içinde has kuwwatlysydyr. Maliýe serişdeleriniň has netijeliliginiň sebäbi onuň çalt hereket etmäge ukyplylygydyr.

Maliýe serişdeleriniň netijeliligi milli hojalykda oňaýly we oňaýsyz netijelere getirýär. Oňaýly tarapyna maliýe serişdeleriniň ýetmezçiliginiň azalmagy, ýurduň töleg balansynyň ýokarlanmagy, täze önümçilikleriň, iş orunlarynyň döremegi, bäsleşigiň ösmegi, maliýe hyzmatlaryň arzanlamagy degişlidir.

Oňaýsyz tarapyna milli maliýe bazarynyň durnuksyzlanmagy degişlidir. Maýa goýumyň halkara hereketi netijesinde milli maliýe bazaryň halkara maliýe bazary bilen baglanyşygy güýçlenýär. Netijede, dünýä bazarynda ýüze çykan çökgünlik milli bazara täsirini ýetirýär. Ikinjiden, peýdakeşlik häsiýetli maliýe serişdeleri ýokarlanýar. Şeýle maksatly serişdeler az wagtdan yzyna çekilýär we ýene-de maliýe ýetmezçiliginiň döremegine getirýär. Üçünjiden, milli hökümetleriň maliýe syýasatyny gowşadýar. Sebäbi daşary ýurt maýasynyň bähbidi bilen hökümetiň bähbidi hemişe gabat gelip durmaýar. Dördünjiden, artykmaç ýeňillikler döredilen daşary ýurt maýasy bäsleşikde ýerli maýadan üstün çykýar we onuň ösüşini bökdeýär.

Maliýe serişdeleriniň halkara hereketine has işjeň gatnaşýan subýektleriň biri TMK-dyr. TMK-laryň paýyna dünýä walýuta we deriwatiwler bazarynyň $^{1}/_{3}$ bölegi düşýär. Walýuta bazaryndaky amallary täjirçilik banklary öz bähbitleri üçin hem geçirýär. Ýöne, olar ilkinji nobatda müşderileri bolan TMK-laryň görkezmesini ýerine ýetýärler.

TMK-lar, köplenç, göni maýa goýumlary ulanýarlar. Bu maýa goýumlar uzak möhletli maksatlary öz içine alýar. Iri hojalyk birlikleri ägirt uly serişdeleri bir ýurda ýa-da sebite goýman, dünýäniň dürli künjeginde goýmaga ymtylýarlar. Bu meýil ýurtlaryň arasynda maýa goýum ýagdaýy kadalaşdyrýar. TMK-lar köp ýyllyk taslamalary maliýeleşdirýärler. Şonuň üçin olara durnukly milli hojalyk zerurdyr.

Maýa goýumyň çalt hereket etmeginde transmilli banklar (TMB) uly ähmiýete eýedir. TMK-lar TMB-leriň müşderileridir. Hakykatdan hem TMK-lar mümkinçilik bolsa öz hasaplaryny TMB-de açýarlar. Olary birleşdirýän bähbit peýdakeşlikdir. Karz göterimleriň, paýnamalaryň kotirowkasynyň, walýuta kursunyň üýtgemegine maliýe görkezijileri diýilýär. Maliýe görkezijilerini wagtlaýynça üýtgetmek üçin ýüz milliardlarça serişdeler gerek. Maliýe görkezijileriniň özara dilleşilip, wagtlaýynça üýtgedilmegi netijesinde TMK-lar, TMB-ler uly peýda gazanýarlar. Şeýle edilip gazanylan serişdelere peýdakeşlik (spekulýasiýa) diýilýär. Peýdakeşlikde TMK-lar we TMB-ler diňe öz bähbidine araýarlar.

Tejribeden belli bolşy ýaly dünýä maliýe bazarynda ozalky laýyk bolup geçýän ýagdaýlary peýdakeşlikden tapawutlandyrmak kyn. Günorta-Gündogar Aziýada geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ahyrynda ýüze çykan maliýe çökgünligi gös-göni TMK-laryň we TMB-leriň peýdakeşlik işiniň netijesi diýip hasap edilýär.

Dünýä maliýe bazarynyň çalt kuwwatlaşmagyna garamazdan milli ykdysadyýetleriň maliýe özbaşdaklygy saklanyp galýar. Bu özbaşdaklyk maýa goýumyň halkara hereketinde we walýuta-hasaplaşyk işlerinde has güýçli ýüze çykýar. Aýratynda milli bazarlaryň bank, ätiýaçlandyryş hyzmatlary, karz bazary, paýnamalar bazary daşary ýurt maýasy üçin çäklendirilendir. Munuň düýp sebäbi şeýle döwletleriň atlary tutulan bazarlarynyň gowşak ösenligi bilen düşündirilýär.



17. Sargyt № 832

HSG-niň 1999-njy ýylda köptaraplaýyn ylalaşygyna laýyklykda 100 sany ösüp barýan döwlet maliýe, karz, ätiýaçlandyryş, paýnamalar bazaryndaky çäklendirmeleri ýuwaş-ýuwaşdan aýyrmaga borçlandylar. Şeýle borçnamalar bolsa milli bazaryň daşary ýurt maýa goýum üçin açylmagyna getirýär.

Maliýe serişdeleriň kuwwatlanmagy dünýä ykdysadyýetine oňaýsyz täsirini hem ýetirýär. Kuwwatlanmada milli maliýe bazarlaryň baglylygy güýçlenýär. Baglanyşygyň netijesinde bir bazarda ýüze çykan çökgünlikler beýleki bir bazara täsirini ýetirýär. Mysal üçin, ABŞ-da ýüze çykan maliýe çökgünligi dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine öz oňaýsyz täsirini ýetirdi.

Maliýe çökgünlikleri walýuta, bank we ulgamlaýyn görnüşde bolup, onuň sebäpleri köpsanlydyr. Olara döwletiň alyp barýan makroykdysady syýasaty, daşarky karzlaryň netijesiz peýdalanylmagy, bergileriň köpelmegi, alyş-çalyş kursunyň nädogry bellenilmegi, milli maliýe ulgamynyň gowşaklygy çykyş edýär.

Häzirki wagtda maliýe çökgünlikleriň öňüni almak üçin birnäçe teklipler, başlangyçlar, işler öňe sürülýär. Bu işlere dünýäniň täze maliýe keşbi diýilýär. Dünýäniň täze maliýe keşbiniň esasy maksady maliýe çökgünlikleri öňünden çaklamakdan, olaryň gaýdyp döremezliginiň öňüni almakdan ybaratdyr.

## 21.8. Maýa goýumyň ýitgisi ýa-da gaçmagy. «Hapa pullary» aklamaklyga garşy göreş

Maýa goýumyň daşary ýurtlara çykarylyşynyň dürli sebäpleriniň içinde maýa goýumyň «ýitgisi» ýa-da «gaçmagy» düşünjelerini tapawutlandyrmaly. Bu düşünje maýa goýumyň gelip çykyş çeşmesiniň aýdyňlygy bilen baglanyşyklydyr. Gelip çýkyş çeşmesi gümürtik, şübheli pullar, köplenç, daşary ýurtlara çykmaklyga meýillidir. Emma, maýa goýumyň daşary ýurtlara çykmak meýliniň ýokarylygy diňe bir onuň gelip çykyş çeşmesiniň gümürtikligi bilen däl-de, ýurtdaky syýasy, ykdysady, töwekgelçilik bilen baglanyşyklydyr. Şeýle hem maýa goýumyň ilkibaşdaky toplanyşynyň häsiýetli aýratynlyklaryny hem hasaba almalydyr. Bu ýagdaý geçiş häsiýetli ýurtlaryň köpüsine mahsus häsiýetdir. Şonuň üçin kanuny bolmadyk ýol bilen toplanan pullaryň daşary ýurda çykarylmagy, olaryň yzyna dolanmazlygynyň sebäbi olaryň hereket edýän normatiw düzgüne laýyk gelmeýänligi bilen baglanyşyklydyr.

Maýa goýumyň hakyky däl (legal däl) ýa-da ýarym hakyky (ýarym legal) görnüşinde yitgisine aşakdakylar degişlidir:

– ýaşyrynlyk, eksportyň walýuta girdejisini bellenilen wagtynda geçirip bolmaýanlygy, doly ýa-da bölekleýin geçirip bolmaýanlyk;
– fors-mažor we beýleki ýagdaýlara duwlanyp, walýuta girdejileriň yzyna gaýtarylmazlygy;

– galp import şertnamalary we import hakuçlaryň üzülmezligi;
– gelejekde import ediljek haryt üçin hakuçlaryň düşündirilmedik ýa-da düşnüksiz esasda geçirilmegi;
– emeli ýol bilen eksport harydyň bahasynyň peseldilmegi we import edilýän harydyň bahasynyň ýokarlandyrylmagy;
– deň bolmadyk ekwiwalent esasynda barter (haryda-haryt bermek) geleşikleri baglaşmak. Bu geleşiklerde eksport bahalary peseldilýär we import bahalar ýokarlandyrylýar.
– daşary ýurt kärhanalaryň bank hasabyna edilmedik hyzmaty galp şertnama arkaly edildi diýip pul serişdelerini geçirmek;
– daşary ýurt bankyndan karz almak üçin ätiýaçlandyrma depozitini girizmek (emma, hakykat ýüzünde karz alynmaýar);
– gümrük gözegçilik işlerini geçmän milli harytlary eksport etmek, gaçgak ýoly bilen eksport etmek;
– hususy taraplaryň daşary ýurt walýutalaryny kanuny däl ýol bilen çykarmak;
– hususy taraplaryň walýutalaryny karz kartoçkalrynyň üsti arkaly çykarmak.

Ýokardaky bellenip geçilenlerden başga-da ýurduň ykdysady ýagdaýyna baglylykda goşmaça sebäpler hem bolup biler. Olara aşakdakylar degişlidir:

**Serişde ýitgisi.** Tebigy serişdelere baý bolan döwletlere mahsus ýagdaý bolup, tebigy baýlyklar kanuny däl ýol bilen daşary ýurtlara çykarylýar.

**Önümçilik maýa goýymynyň ýitgisi.** Bu ýagdaýda ýerli kompaniýanyň çig maly taýýar haryda öwürmek, tehnologik yzygiderligiň agramly bölegi öz elinde jemlenen hem bolsa, ol täze tehnologiýany ornaşdyrýan diýen ada duwlanyp daşary ýurt kompaniýasynyň eline berilýär. Daşary ýurt kompaniýasy ýerli çig maly arzan bahadan alyp, ony öz haýryna eksport edýär. Önümçiligiň şeýle guralmagyna ylmy dilde «tolling» diýilýär.

**Intellektual maýa goýumyň ýitgisi.** Oňa başgaça «akyl ýitgisi» (iňlişçe brain-drain) hem diýilýär. Ýitginiň bu görnüşinde akyl zähmetini çekýän, ýurduň görnükli alymlarynyň, inženerleriniň, konstruktorlarynyň daşary ýurda gitmekligi bilen baglanyşyklydyr. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda bu ýagdaý geçiş häsiýetli ýurtlarda has ýiti ýüze çykdy.

Häzirki wagtda, «hapa pullary» aklamak üçin alnyp barylýan işlere garşy dünýä ýurtlarynyň köpüsinde düýpli çäreler alnyp barylýar. Onuň düýp sebäbinde, hapa pullaryň köpüsiniň jenaýatçylykly ýollar bilen gazanylmagy, olaryň möçberiniň barha ulalmagy, şeýle ýol bilen gazanylan pullar arkaly terrorçylygyň maliýeleşdirilmesiniň artmagy çykyş edýär. «Hapa pullar», esasan, gelip çykyşy soralmaýan ýewropa ýurtlarynyň banklarynda (mysal üçin, Şweýsariýanyň, Belgiýanyň banklarynda), ofşor zolaklarynda dürli ýollar arkaly aklanylýar. Häzirki wagtda banklarda pullaryň gelip çykyşyny görkezmek, hasaplardaky pullaryň kime

degişlidigini anyklamak üçin BMG we terrorçylyga garşy dünýä boýunça göreş alyp barýan döwletler tarapyndan bu hereketiň kanunçylyk binýadyny döretmek boýunça çäreler alnyp barylýar.

## 21.9. Daşary bergidarlyk

Ssuda maýa goýumy, maliýe kömegi, täjirçilik maksady bilen berlen karzlar wagty dolansoň yzyna gaýtarylmalydyr. Bergileriň bir bölegini döwlet edaralary, bir bölegini hususy kompaniýalar peýdalansa-da, ol tutuşlygyna döwlet bergidarlygy diýip hasaplanylýar. Sebäbi hususy kompaniýalara döwlet kepilligi astynda karz berilýär.

Wagtynda tölenmedik bergiler barha ösýär. Täze alnan karzlar ozalky bergileri tölemekde ulanylýar. Şeýle ýagdaý ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsinde hereket edýär. Ozalky sosialistik ýurtlaryň köpüsinde eksporty importdan ýokary bolsa-da, eksportdan gelen serişdeler içerki hojalyk maksatlary üçin ulanylýar. Şeýlelikde agyr bergidarlyk ýüze çykýar.

HPG häzirki wagtda 54 sany döwleti wagty ýeten bergileri berip bilmeýän ýurtlar hasaplaýar. Olaryň içinde 29 döwletiň ýagdaýynyň has agyrdygy bellenilýär. Daşarky bergileriň möçberi JIÖ-niň 80%-ne ýetse ýa-da ondan ýokary bolsa agyr bergidarlyk diýilýär. Agyr bergidarlyk netijesinde ýurtlar daşarky bergileri we halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýarlar. Şeýle ýagdaýa defolt diýilýär. 1875-nji ýylda Türkiýe, 1876-njy ýylda Peru we Müsür, 1983-nji ýylda Gresiýa, 1889-njy we 1914-nji ýyllarda Braziliýa, 1917-nji ýylda Russiýa defolt edildi. Häzirki wagtda algydarlar we bergidarlar ýagdaýyň defolta çenli ösmeginden ätiýaç edýärler.

Bergileri bermäge döwletiň mümkinçiligi bolsa-da, ony bermekden ýüz öwürmeklige tehniki defolt diýilýär. 2012-nji ýylda ABŞ-da tehniki defolt etmek barada mesele ýüze çykdy. Ýöne, ýagdaýy tehniki defolta çenli ýetirmediler.

Daşarky bergileriň netijeli, işjeň dolandyrylmagyna daşarky bergileriň dolandyrylmagy diýilýär. Daşarky bergileri dolandyrmak birnäçe çäreleri öz içine alýar. Olara ykdysady, syýasy, durmuş, milli howpsuzlyk ýaly çäreler degişlidir.

Karz serişdeleriniň ýeňledilmegine, wagtynyň uzaldylmagyna, göterimiň peseldilmegine, bergileriň ýeňilleşdirilmegine ylmy dilde restrukturizasiýa diýilýär. Restrukturizasiýa geçen asyryň 70-nji ýyllarynda ulanylyp başlandy. Sebäbi karz şertler ýumşadylmasa, bergidaryň doly tozjakdygy, algydar bolsa öz serişdelerinden doly mahrum boljakdygy belli boldy. Netijede, karz şertleri ýumşadyldy. Ozaldan galan bergiler geçildi.

# XXII bap
# MAÝA GOÝUMYŇ HEREKETINIŇ HALKARA SAZLAŞDYRYLMASY

## 22.1. Maýa goýumyň halkara hereketiniň döwlet sazlaşdyrylmasy

Häzirki döwürde maýa goýumyň halkara hereketini sazlaşdyrmagyň iki görnüşi bar. Olara maýa goýumyň hereketiniň döwlet we halkara sazlaşdyrmasy degişlidir. Soňky ýyllarda maýa goýumyň hereketini sazlamaga döwlet goşulyşmasy barha ýokarlanýar. Döwlet bu işe goşulyşmak bilen: 1) sazlaşdyryjy; 2) gözegçilik ediji; 3) höweslendiriji wezipeleri ýerine ýetirýär.

Döwletiň maýa goýumyň hereketini sazlaşdyrmaga goşulyşmasy gapma-garşylykly ýagdaýy emele getirýär. Birinjiden, döwlet maýa goýumyň milli ykdysadyýete goşulmagyny bökdeýän päsgelçilikleri aradan aýyrýar, ikinjiden, milli maýadarlary höweslendirmek maksady bilen daşary ýurt maýasyny çäklendirýär. Çäklendirme işi ýerli maýadary goldamak maksady bilen alnyp barylýar. Bu ýagdaý maýa goýýan we ony kabul edýän ýurtlaryň bähbitleriniň çapraz gelmegine alyp barýar.

Adatça, döwletler eksport edilýän maýa goýumyň möçberini import edilýän maýa goýumyň möçberinden pes bolmagy ugrunda iş alyp barýarlar. YNKTAD-niň «2001-nji ýylda dünýä maýa goýumlary baradaky Dokladynda» 1991-nji we 2000-nji ýyllar aralygynda göni maýa goýumlarynyň milli düzgünine 1185 sany üýtgeme girizilip, olaryň 1121 sanysy ýa-da 95%-i daşary ýurt göni maýa goýumlary üçin amatly şertleri döretmekden ybaratdyr diýip bellenilýär. Şeýle üýtgemeler soňky ýyllarda girizilip, kämilleşdirilip durulýar. Mysal üçin, 2001-nji ýylda bu düzgüne 208 üýtgeme girizilip, onuň 194 sanysy gös-göni daşary ýurt maýa goýumlary bilen baglanyşyklydyr. Bu iş häzirki wagtda hem dowam etdirilýär.

Maýa goýumyň halkara hereketinde häzirki wagtda döwletleriň arasynda ikitaraplaýyn maýa goýmak we ikitaraplaýyn salgyt salmak işlerinden gaça durmaklyga çalyşýarlar. YNKTAD-niň «2001-nji ýylda dünýä maýa goýumlary baradaky Dokladynyň» «Ösüş maksatly göni daşary ýurt maýa goýumlar syýasaty: milli we halkara jähtleri» atly bölüminde 2002-nji ýylda 76 sany döwletiň 82 sany ikitaraplaýyn maýa goýmak şertnamasyna, 64 sany döwletiň 68 sany ikitaraplaýyn salgyt salmagy aradan aýyrmak barada şertnama gol çekendikleri aýdylýar. Köp döwletler sebitiçre göni maýa goýumlary höweslendirmek boýunça işlere üns berýärler. Mysal üçin, Aziýa–Ýuwaş umman sebiti ýurtlary 45 sany özara göni maýa goýumlary höweslendirmek we sebite girmeýän ýurtlaryň 10-sy bilen özara göni maýa goýmaklyk barada şertnamalar baglaşdylar.

Söwda-maýa goýum ylalaşyklarynyň sany hem barha ösýär. Söwda baradaky ylalaşyklaryň köpüsinde maýa goýumlary höweslendirmeklige seredilýär. Olar söwda ylalaşyklaryna göni ýa-da gytaklaýyn täsir edýärler. Şeýle ylalaşyklar aýratynda, ÝB bilen Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň arasynda has giňden ýaýrandyr.

Maýa goýumyň halkara hereketiniň döwlet sazlaşdyrmasynyň esasy bolup, kanunlar we onuň esasynda kabul edilýän administratiw çäreler çykyş edýär. Häzirki wagtda ösen ýurtlaryň köpüsinde daşary ýurt maýa goýumlary barada kanunlar ýa-da kodeksler hereket etmeýär. Ol döwletlere ABŞ, Fransiýa, Germaniýa, Angliýa degişlidir. Beýleki döwletleriň köpüsinde ýörite milli kanunlar ýa-da kodeksler kabul edilýär. Onuň maksady daşary ýurt maýa goýumlarynyň milli ykdysadyýete çekilişini höweslendirmekden ybaratdyr. Ýokardaky ady agzalan döwletlerde bolsa maýa goýum ýeterlik ýa-da artykmajy bilen toplanandyr. Şonuň üçin bu döwletler daşary ýurt maýa goýumlarynyň milli ykdysadyýete çekilişini höweslendirmeklige beýle ýiti garamaýarlar.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň milli ykdysadyýete çekilişini sazlaşdyrmagyň esasy ýoly maýa goýumy kabul edýän ýurtda döredilen şertleriň ony eksport edýän döwletiňkiden pes bolmazlygy bilen baglanyşyklydyr. Diýmek, milli hojalykda döredilen ykdysady şertler daşary ýurtlarda döredilen şertlerden pes bolmaly däldir.

Daşary ýurt maýa goýumyny milli ykdysadyýete çekmek diňe bir hojalyk ýeňillikler bilen çäklenmeýär. Bu iş syýasy we täjirçilik töwekgelçilikler bilen utgaşyp gidýär. Şonuň üçin daşary ýurt maýa goýumyny kabul edýän döwlet goşmaça ýeňillikleri döredýär. Ol ýeňilliklere aşakdakylar degişlidir:

- gaýtadan maliýeleşdirme işlerinde salgyt ýeňilliklerini girizmek;
- başlangyç maýa goýum taslamalaryna gatnaşýan daşary ýurt hünärmenleriniň aýlyk haklaryna we sylaglaryna salgyt ýeňilliklerini bermek ýa-da düýbünden boşatmak;
- daşary ýurtlardan getirilýän eksporta nazarlanýan önümçilige niýetlenen, ýurduň içinde öndürilmeýän enjamlary bölekleýin ýa-da doly, wagtlaýynça ýa-da hemişelik gümrük salgydyndan boşatmak.

Döwletleriň köpüsinde «atam ylalaşygy» diýen düşünje hem bar. Onuň manysy, daşary ýurtly maýa goýujy bellenen wagtyň dowamynda borçnamasyny ýerine ýetirip bilmese, onda kabul edýän ýurt maýadara kömek etmegiň ýerine has ýowuz şertleri dakýar. Mysal üçin, gurluşyk işlerinde binanyň sähelçe kemçiligi üçin daşary ýurtlynyň ähli eden işi püçege çykýar ýa-da ol öz işini täzeden etmeli bolýar, emma, wagtynda ýetişmänligi üçin jerime töleýär.

Ösen döwletlerde daşary ýurt maýa goýumy üçin artykmaç ýeňillikler döredilmeýär. Olar bazar ykdysadyýetiniň maýa goýum şertleri boýunça işleýärler. Daşary ýurt maýa goýumy üçin artykmaç ýeňillikler ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlarda has köp döredilýär.

Maýa goýumyň halkara hereketini sazlamakda ony diňe bir kabul edýän ýurt *(host countries)* däl-de, onuň çykýan ýurdy hem ähmiýetli orna eýedir. Göni maýa goýumlary eksport ýa-da import edýän döwletler tarapyndan goldamagyň aşakdaky görnüşleri hereket edýär:

1. *Döwlet kepilligini bermek.* Ol kepillik maýa goýumy eksport we import edýän döwletler tarapyndan berilýär. Maýa goýumyň eksporty bilen gyzyklanýan döwlet milli maýa goýuma dürli ýagdaýlarda, mysal üçin, tebigy betbagtçylyklar, peýda alyp bolmajak halatlarda, millileşdirme işleri geçirilende, walýutany konwertasiýa etmek mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýlarda doly ýa-da bölekleýin gaýtarmak kepilligini döredýär. Bu iş ätiýaçlandyrmagyň, döwlet serişdeleriniň, ýörite gaznalaryň hasabyna amala aşyrylýar. Kabul edýän ýurt goýlan maýa goýumyň yzyna dolanyp bilijiligini, peýdanyň erkin çykarylmagyna kepillik geçýär.

Goýlan maýa goýumlaryň kepilligi köplenç halatda döwletleriň arasynda baglaşylan ikitaraplaýyn şertnama we sebitleýin ylalaşyklaryň esasynda amala aşyrylýar. Häzirki wagtda köp döwletler şeýle şertnamalara gatnaşýarlar.

Maýa goýumlara köptaraplaýyn esasda kepillik bermek bilen 1988-nji ýylda Halkara ösüş we özgerdiş bankynyň ýolbaşçylygy esasynda döredilen «Maýa goýumlaryň kepilligi boýunça köptaraplaýyn agentlik» meşgullanýar.

2. *Daşary ýurt maýa goýumyny ätiýaçlandyrmak.* Ol döwlet we hususy ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Onuň maksady maýa goýumlary ätiýaçlandyrmakdan ybaratdyr. Ätiýaçlandyrma möçberi adatça, umumy maýa goýumyň 1%-ne deňdir. Ätiýaçlandyryjy edaralar diňe göni maýa goýumlary ätiýaçlandyrýarlar. Bu iş bilen ýörite döredilen edaralar meşgullanýarlar. Mysal üçin, ABŞ-da daşary ýurt maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrmak bilen ýörite döredilen «maýa goýumlara kepillik we ätiýaçlandyrma» döwlet korporasiýasy iş alyp barýar.

3. *Maýa goýum jedellerini sazlaşdyrmak.* Bu iş maýa goýumyny import edýän ýurduň milli kanunçylygy, maýa goýumyny eksport edýän ýurduň milli kanunçylygy ýa-da halkara kazyýetiň esasynda sazlaşdyrylýar ýa-da çözülýär.

4. *Ikitaraplaýyn salgyt salmaklygy aradan aýyrmak.* Bu görnüş aşakdaky maksatlary yzarlaýar. Kompaniýa bir wagtyň özünde birnäçe ýurtda iş alyp barýar diýeliň. Kompaniýanyň ýerleşýän ýurdy we onuň iş alyp barýan döwleti peýdany özi almak isleýär. Şonuň üçin şeýle kompaniýalar diňe şol ýurtdaky edýän işinden salgyt töleýär.

Bu ýerden şeýle kanunalaýyklyk ýüze çykýar: döwletiň ykdysady gatnaşyklary näçe ýokarlandygyça onuň ikitaraplaýyn salgyt salmazlyk bilen gyzyklanmasy şonça hem ýokarlanýar.

5. *Administratiw we syýasy goldaw.* Maýa goýumynyň gelip çykýan ýurdy adatça, göni maýa goýumlaryny höweslendirýärler. Maýa goýumy çykarýan ýurduň hökümeti beýleki ýurtlaryň hökümetleri bilen daşary ýurt maýa goýumlary

amatly şertleri döretmek barada ylalaşyklary gazanýarlar. Bu iş bilen ilçiler, söwda wekilleri iş alyp barýarlar.

Dünýäniň köp ýurdunda maýa goýumlaryny sylaglama boýunça ýörite gulluklar hereket edýär. Şeýle hem maýa goýumlary höweslendirmek boýunça Bütindünýä assosiasiýasy döredildi. 1995-nji ýylda dünýä boýunça şeýle gulluklaryň sany 100-e ýetdi.

## 22.2. Maýa goýumynyň halkara hereketiniň (halkara-hukuk) sazlaşdyrylmasy

Maýa goýumyň halkara hereketi düzgün bolşy ýaly iki we köptaraplaýyn döwletara maýa goýum ylalaşyklaryny baglaşmak arkaly amala aşyrylýar. Ikitaraplaýyn ylalaşyklarda aşakdaky düzgünnamalar hasaba alynýar:

– daşary ýurtly maýadarlar üçin milli düzgün barada;
– daşary ýurt maýasyny millileşdirmekden, maýa goýumyň, peýdanyň we diwidendiň yzyna gaýdyp barmaklygy (repatriasiýa) barada;
– jedelleri çözmekligiň düzgünleri barada;
– syýasy töwekgelçilikler ýagdaýynda ýitgini ätiýaçlandyrmak barada;

Häzirki wagtda ikitaraplaýyn maýa goýumlar barada ylalaşyk dünýäniň köp döwletleri tarapyndan alnyp barylýar. Munuň özi dünýäniň ähli ýurtlary üçin ýeke-täk düzginiň, tertibiň zerurlygyny ýüze çykarýar.

Häzirki wagtda maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça köptaraplaýyn ylalaşyklar (konwensiýa) hereket edýär. Olara ilkinji nobatda 1965-nji ýylda geçirilen Waşington, 1985-nji ýylda geçirilen Seul konwensiýalary degişlidir. Waşington konwensiýasynda «Hususy maýa goýujylar bilen olary kabul edýän döwletleriň arasyndaky jedelli maýa goýumlary aýdyňlaşdyrmak barada» jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrýan Halkara merkez *(International Center for the Settlement Inwestment Disputes)* döredildi. Seul konwensiýasynyň esasynda «Maýa goýumlara kepillik boýunça köptaraplaýyn agentlik» *(Multilateral Inwestment Guarentee Agency)* döredildi.

Sebitleýin ykdysady, integrasion bileleşikler, birleşen toparlarda maýa goýumyň halkara hereketi düýpli erkinleşdirildi. Mysal üçin, ÝB-de «dört erkinlik», ýagny harytlaryň, hyzmatlaryň, işçi güýjüniň we maýa goýumyň erkin hereketi 28 sany döwletiň arasynda üpjün edildi. Şeýle mysaly Demirgazyk Amerikan erkin söwda baradaky ylalaşykda we integrasiýalarda görmek bolýar.

Maýa goýumyň halkara hereketiniň hukuk sazlaşdyrylmasy Bütindünýä söwda guramasynyň düzümine söwda bilen baglanyşykly maýa goýum işleri baradaky Ylalaşyk girizilenden soň ol dünýä ähmiýetli işe öwrüldi.

## 22.3. Söwda bilen baglanyşykly maýa goýum işleri baradaky Ylalaşyk

Urugwaý gepleşiginiň dowamynda BSG-niň düýbüni tutmak barada birnäçe ylalaşyklar gazanyldy. Ol ylalaşyklaryň biri hem daşary ýurt maýa goýumlary bilen baglanyşyklydyr. Bu gepleşigiň çäginde ýörite işlenilip düzülen ylalaşykda daşary ýurt maýa goýumlary üçin döredilen milli düzgüniň daşary ýurtlarda hem gazanylmagy göz öňünde tutulýardy. Emma, ösüp gelýän ýurtlar bu ylalaşyga gyýa göz bilen seretdiler. Netijede, söwda bilen baglanyşykly maýa goýum işleri baradaky Ylalaşyk *(TRIMS – The Agreement on Trade Related Inwestment Measures)* döredildi. Şeýle ýagdaýda bu ylalaşykda maýa goýum işleri diňe harytlaryň söwdasy bilen baglanyşdyryldy.

TRIMS Ylalaşygynyň esasy maksady daşary ýurt maýa goýujylary beýleki ýurtlaryň çäginde goramakdan ybaratdyr. Ylalaşygyň adyndan belli bolşy ýaly ylalaşyklar BSG-niň agza döwletleriniň arasynda baglaşylýar. GATT–1994-iň III maddasyna laýyklykda milli düzgündäki ýeňillikleri daşary ýurtlarda hem bermeklik we IX maddasyna laýyklykda söwda işlerinde mukdar çäklendirmeleri girizmek göz öňünde tutulmaýar. TRIMS-iň gollanmasynda söwda bilen baglanyşykly maýa goýum işleriniň sanawy diňe şekilli ýagdaýa (illýustratiw) eýe bolup, ol tükeniksiz ýagdaýa eýedir. Bu ýagdaý GATT-niň ýokarda görkezilen normalaryna laýyklykda şäriksiz diýip görkezilýär. Tükeniksiz düşünjesi maýa goýum we söwda işleriniň yzygiderli, çäklendirilmeýän ýagdaýa eýedigini aňladýar. Şeýle ýagdaýda maýa goýum we söwda işleri yzygiderli giňelýär. Şonuň üçin her bir döwlet bu aýratynlyklary BSG girmezden öň hasaba almalydyr.

TRIMS-iň ýolbermesiz diýip hasaplaýan işleriniň esasylaryna seredip geçeliň. Ol aşakdaky talaplardan ybaratdyr:

1. Içerki mukdar çäklendirme – daşary ýurt maýa goýumyny çeken kärhananyň öndürýän harydyny milli haryt diýip hasaplamaly.
2. Daşary ýurt maýa goýumyny çeken kärhana ýurduň walýuta ýagdaýyna seretmezden zerur bolan materiallary erkin import etmeli.
3. Öndürilen harydyň belli bir bölegi ýurduň içerki ýagdaýyna garamazdan eksporta ugradylmaly.

Bu talaplardan başga-da ýolberilmesiz ýagdaýlaryň düzümine ýene-de birnäçe talaplar goşulýar. Olara senagat önüminiň görnüşlerini sazlaşdyrmagyň direktiwasy, daşary ýurt maýa goýumynyň kärhanadaky paýy; işgär syýasaty (daşary ýurt maýasyny çekýän kärhana diňe ýerli işgärleri däl-de, maýanyň çykýan ýurdunyň şeýle hem onuň golçur we şahamçalarynyň ýerleşýän ýurdundan hem işgärleri getirmäge borçlanýar); pul geçirimleriniň çäklendirmesi; önümçilik işi üçin ygtyýarnamalary satyn almak, eksport we ş.m. degişlidir.

TRIMS Ylalaşygyndaky bu ýagdaýdan gyşarmaklyga diňe ösüp gelýän ýurtlara ygtyýar berilýär (GATT–1994-e laýyklykda). TRIMS Ylalaşygy BSG agza döwletlerde ilatyň saglygy, daşky gurşawy goramak, milli howpsuzlyk, töleg balansynyň ýagdaýy ýaly meselelere päsgelçilik döretmeýär. Bu ylalaşyk şertleriň ýoýulmagyna, tehnologiýalaryň, nou–hau-laryň berilmegini göz öňünde tutmaýar.

TRIMS Ylalaşygyndaky talaplara milli kanunçylykdaky düzgünler biri-birine gabat gelmedik ýagdaýynda bu çaprazlyklar düzedilmelidir. Ol gabat gelmezlikleri ösen döwletler 2 ýylyň, ösüp gelýän döwletler 5 ýylyň, has ösen döwletler 8 ýylyň dowamynda aradan aýyrmalydyrlar.

TRIMS Ylalaşygynda göni maýa goýumlary köptaraplaýyn sazlaşdyrmagyň ýeke-täk şertleri hökman ýerine ýetirilmelidir. Emma, bu şertler hemişe ýerine ýetirilip durulmaýar. Aýratyn-da, bu ýagdaý geçiş häsiýetli ýurtlarda güýçli duýulýar. Bu ýurtlar, köplenç halatda, proteksionizm syýasatyny ýöretmekde BSG-niň tankydyna duçar bolýarlar.

TRIMS Ylalaşygyny BSG agza döwletleriň hemmesi ýerine ýetirmeli hem bolsa göni maýa goýumlary iki we köptaraplaýyn sazlaşdyrmak boýunça döwletler, sebitler we sebitiçre ylalaşyklar hem barha giňeýär.

## ÖZ-ÖZÜŇI BARLAMAK BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Maýa goýumyň halkara hereketini sazlamak bilen döwlet haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?

2. Milli kanunçylykda göni daşary ýurt maýasyny höweslendirmek we ony çäklendirmek boýunça nähili işler geçirilýär?

3. Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekýän ýurtlaryň milli kanunçylyk, normatiw-hukuk, aktlarynyň aýartynlyklaryny görkeziň.

4. Dürli döwletlerde daşary ýurt maýasy üçin berilýän ýeňillikleriň aýartynlyklaryny görkeziň.

5. Dürli döwletlerde «atam ylalaşygy» diýip atlandyrylýan düşünjäniň ulanylyş aýratynlyklaryny we sebäplerini görkeziň.

6. Maýa goýumy eksport we import edýän ýurtlarda göni maýa goýumlary höweslendirmegiň mysallaryny görkeziň.

7. Halkara ösüş we özgerdiş bankynyň ýolbaşçylygynda köptaraplaýyn esasda maýa goýumlara kepillik boýunça haýsy gurama hereket edýär?

8. ABŞ-da daşary ýurt maýa goýumlara kepillik boýunça haýsy gurama hereket edýär?

9. Ikitaraplaýyn maýa goýum ylalaşygy, esasan, haýsy düzgünnama esaslanýar?

XXIII bap

# ERKIN YKDYSADY ZOLAKLAR

## 23.1. Erkin ykdysady zolaklary döretmegiň mazmuny we maksatlary

Erkin ykdysady zolaklar (EYZ) halkara ykdysady integrasiýanyň esasy formasynyň we dünýä hojalygynyň wajyp institutlarynyň biridir. EYZ milli çägiň belli bir bölegi bolup, ol daşary ýurt tehnologiýalary, maýa goýumlary üçin daşary söwda, gümrük, maýa goýum, walýuta-maliýe, gümrük, hojalyk işlerini höweslendirýän (önümçilik-täjirçilik, telekeçilik) aýratyn şertler döredilen kesgitli bölünip berlen ýerdir. EYZ döredilende bar bolan tebigy serişdeleri, amatly şertleri halkara hyzmatdaşlygyň esasynda hojalygyň ösüşini çaltlandyrmak strategiýasyny amala aşyrmakdan ybaratdyr. Bu iş biri-biri bilen baglanyşykly ykdysady, durmuş, önümçilik we ylmy-tehniki maksatlary çözmeklige mümkinçilik döredýär.

*EYZ-iň ykdysady maksatlaryna* daşary ýurt we milli maýa goýumy; daşary söwda we tutuşlaýyn daşary ykdysady iş; milli önümçiligiň bäsleşige ukyplylygyny; ykdysady netijeliligi; eksporty; býujete gelýän walýuta serişdelerini ýokarlandyrmak; importy rasionalizasiýalaşdyrmak ýaly işler degişlidir.

*Durmuş maksatlar* aşakdaky wezipeleri çözmeklige gönükdirilendir: täze iş orunlaryny döretmek; dünýä tejribesini öwrenmek bilen işçileriň hünär taýýarlygyny artdyrmak; häzirki zaman menejer hünärmenleri emele getirmek; ilatyň maddy-hal ýagdaýyny we durmuş derejesini ýokarlandyrmak; durmuş we durmuş infrastrukturasyny çaltlandyrmak.

*Önümçilik we ylmy-tehniki maksatlara:* milli we daşary ýurt tehnikasynyň we tehnologiýasynyň akymy; YBTKI-niň netijeleriniň ornaşdyrmasyny çaltlandyrmak; ylmy-tehniki hünärmenleri jemlemek; maddy-maliýe serişdeleriň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek; bar bolan kuwwatlyklary doly peýdalanmak, hususan-da, önümçiligiň konwersiýasy (bir önümçilikden beýleki bir önümçilige geçmek, mysal üçin, tank öndürýän zawody traktor öndürýän zawoda öwürmek), önümçilik-ulag infrastrukturasyny ösdürmek ýaly işler degişlidir.

EYZ-iň dürli görnüşleriniň döredilmegi ykdysadyýeti milli we sebitleýin derejede ösdürmäge mümkinçilik döredýär. Häzirki wagtda tutuş dünýä boýunça 2000-den gowrak EYZ bolup, onuň 1000-den gowragy ösüp gelýän ýurtlaryň paýyna düşýär. BMG-niň TMK-lar boýunça Merkeziniň berýän maglumatyna görä, şeýle zolaklarda 3 million töweregi adam zähmet çekip, olaryň daşary söwda

dolanyşygy 1,2 trillion dollardan geçýär. Şonuň üçin EYZ-iň sany örän çalt artýar. 1981-nji ýyldan häzirki wagta çenli olaryň sanynyň 10 esse artmagy EYZ-iň dünýäniň wajyp institutlarynyň birine öwrülendigini tassyklaýar.

Serişdeleriň çäkli ýa-da ýetmezçilik edýän şertlerinde EYZ milli hojalygy dünýä ykdysadyýetine goşmakda netijeli gurallaryň biri bolup çykyş edýär. Olar daşary ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmäge, häzirki zaman tehnikalary we tehnologiýalary çalt ornaşdyrmaga, maksatly önümçilikleri we degişli infrastrukturany döretmäge, maliýeleşdirmegiň, innowasiýanyň aýratyn usullaryny, görnüşlerini ulanmaklyga nazarlanandyr. Olar ýurduň çäginiň aýratyn bir bölegi hökmünde çykyş edýän hem bolsa tutuş milli ykdysadyýeti dünýä hojalygyna goşulyşmak prosesi çaltlandyryjy katalizator hökmünde hereket edýärler. Şol bir wagtyň özünde EYZ ýurduň beýleki çäginden administratiw, ykdysady, gümrük, salgyt-maliýe düzgünleri arkaly tapawutlanýar. EYZ-iň bu alamaty 1973-nji ýylda Kiota konwensiýasynyň resminamalarynda ylalaşyk esasynda resmi taýdan kesgitlenildi.

EYZ özüniň ösüş taryhynda söwda şäherleri, gämi duralgalaryndan häzirki wagtyň innowasiýa parklaryndan ylmy barlag merkezlerine çenli ösdi. Olar häzirki wagtda dünýäniň hemme ýurtlarynda diýen ýaly hereket edýär. EYZ-iň ähmiýeti, orny, görnüşi düýpli üýtgedi we olar dünýä hojalygynyň aýrylmaz institutlarynyň birine öwrüldi. EYZ-i kesgitli alamatlary boýunça birnäçe görnüşlere bölmek bolar:

- çözýän meseleleriniň derejesi boýunça: ammar, üstaşyr, erkin gämi duralgalary; senagat we eksport; ylmy-tehnologiki zolaklar; tehnopolisler we tehnoparklar; innowasiýa merkezleri; ylmy-ornaşdyrma toplumlar; köpugurly EYZ;
- meýdany boýunça: anyk (kärhana, ammar, terminal); territoriýa-masştablaýyn (senagat-eksport, senagat-önümçilik zolaklar, tehnopark); aýratyn iri sebitler;
- hojalyk ýöriteleşmesiniň ugry we gurşawy boýunça: pudaklaýyn kärhana, artykmaçly pudaklaýyn ugur; sektorlaýyn (gazyp alma, gaýtadan işleme, hyzmat); wezipeleýin (bank, täjirçilik işi);
- gatnaşýan taraplar we ýerleşiş aýratynlyklar: halkara, serhetýaka.

Zolaklaryň görnüşleri we aýratynlyklary EYZ-iň ýörelgeleýin häsiýetnamasy we wezipesi astynda birleşýär. Ol ýörelgeleýin häsiýetnamalara we wezipelere ýeňillikli salgyt-maliýe, daşary söwda we gümrük, maýa goýum düzgünleri degişlidir. EYZ-i döretmekligiň maksady ýeňillikli şertleri belli bir kesgitli ýerde ornaşdyrmak däl-de, durmuş, ykdysady, durmuş meseleleri çözmekden ybaratdyr. Başgaça aýdylanda, esasy zat serişde tapmak däl-de, maksatdyr. EYZ ykdysady ösüşi çaltlandyrmakda, milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyna netijeli goşulmagyny gazanmakda ykrar edilen usullaryň biridir.

## 23.2. Erkin ykdysady zolaklaryň esasy görnüşleri

Zolaklaryň anyk görnüşleri olaryň aýratyn meselelerine, wezipelerine, hojalyk işleriniň aýratynlyklaryna, işiň häsiýetine we göwrümine baglydyr. Hünärmenler EYZ-iň 30-dan az bolmadyk görnüşleriniň bardygyny aýdýarlar. 34-nji tablisada EYZ-iň görnüşleri getirilýär.

*34-nji tablisa*

**Erkin ykdysady zolaklaryň görnüşleri**




EYZ-iň ilkinji we ýönekeý görnüşi bolup, söwda-ammar zolaklary çykyş edýär. Bu görnüş aluw-satuw, daşamak, harytlary eksport etmek üçin gaýtadan işlemek, ýükleri saklamak ýaly işleri öz içine alýar. Olar gümrük salgytlaryndan, paçlaryndan we ýygymlaryndan boşadylýar. Ýöne bu zolaklar döwlet sazlaşdyrma

çäreleriniň esasynda hereket edýär. Şeýle zolaklar dünýä bazary bilen gatnaşyklary ýeňilleşdirýär. Bu tejribe ilkinji gezek 1950-nji ýylda Irlandiýanyň Şennon howa menzilinde ulanyldy. Bu zolakda daşary söwda zolagy has giň ähmiýete eýedir. Olar 1930-njy ýylda ABŞ-da ulanylyp başlandy. Soňra erkin gümrük we erkin paçlar ady bilen Wengriýada, ozalky Ýugoslawiýada, Bolgariýada harytlaryň hilini ýokarlandyrmak, modernizasiýalaşdyrmak üçin ulanylyp başlandy. Olaryň arasynda paçsyz bölekleýin söwda zolaklary (*duty free*) has giňden ýaýrandyr. Olar, esasan, howa menzillerinde, gämi duralgalarynda ulanylýar. Häzirki wagtda dünýä ýurtlarynyň halkara howa menzilleriniň köpüsinde şeýle zolaklar hereket edýär.

Erkin gämi duralgalarynda gämilere ýükleri düşürmek, ýüklemek, harytlary biržanyň ammarlarynda saklamak, gämileri abatlamak işleri alnyp barylýar. Erkin gämi duralgalary adatça, iri deňiz ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän şäherlerde döredilýär. Şeýle gämi duralgalarynyň üsti arkaly importyň ýerini çalyşýan, eksporta nazarlanýan önümçilik kemala getirilýär. Käbir halatlarda olar ýurduň çäginden daşynda ýerleşýän adalarda döredilýär we ýörite administratiw tertipde dolandyrylýar. Mysal üçin, Braziliýanyň adalarynyň birinde döredilen «Manaus» erkin gämi duralgasynyň meýdany 3,6 million inedördül metre deň bolup, ol dünýäniň islendik erkin gämi duralgasyndan uludyr.

Şeýle zolaklaryň köp ýurtlaryň ykdysadyýetine oňaýly täsir edýändigi aýratyn bellenilmelidir. Mysal üçin, Taýwanyň reeksporty ýurduň jemi içerki önüminden 120 % uludyr.

Erkin zolaklaryň halkara ulag ýollarynyň çatrygynda ýerleşmegi, ulag-aragatnaşygyň ösen ýerlerinde ýerleşmegi, olaryň ösmegi üçin ähmiýetli orny eýeleýär. Halkara ulag ýollaryndan sowa ýerleşen erkin zolaklarda hernäçe ýeňillik döredilse-de, halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmaklygyň kyndygy tejribede bellidir. Şonuň üçin erkin zolaklar halkara, üstaşyr ulag ýollaryna golaý ýerlerde ýerleşdirilýär.

Erkin zolaklaryň hemmesi ilki döredilende importyň ornuny çalyşýan, eksporta nazarlanýan önümçiligi göz öňünde tutmaýar. Şeýle zolaklar milli we daşary ýurt maýasyny çekmekde, halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrmakda, milli hojalygyň ösüşinde, onuň dünýä ykdysadyýetine goşulmagyny üpjün etmekde düýpli orun eýelemeýär. Şonuň üçin söwda-ammar zolaklar ýuwaş-ýuwaşdan erkin-senagat, eksport-önümçilik, senagat-önümçilik zolaklara öwrülýärler. ABŞ-da daşary söwda zolaklarynyň çäginde ýygnama, çig maly ilkinji gezek gaýtadan işleýän zolaklar döredilip başlandy. Adatça, şeýle zolaklar import edilýän harytlaryň ýarym fabrikatlaryny, ätiýaçlyk şaýlaryny ýygnamak bilen meşgullanýar. Munuň özi import edilýän harydyň bahasynyň pese düşmegine, iş orunlarynyň artmagyna getirýär.

Erkin zolaklar her hili atlandyrylýar. Mysal üçin, Bolgariýa we Wengriýada *bilelikdäki telekeçilik zolaklary,* Angliýada *telekeçilik zolaklar,* ABŞ-da *erkin telekeçilik zolaklary,* Hytaýda ýörite ykdysady zolaklar diýip atlandyrylýar. Bu

zolaklar milli we dünýä hojalygyň arasyndaky gatnaşyklaryň täze derejelere çykmagynda, milli hojalygyň halkaralaşmagynda hil hem-de düzüm taýdan ösmegine alyp barýar.

Erkin zolaklara gatnaşýan taraplar aşakdaky artykmaçlyklara eýe bolýarlar:

– önümçiligiň halkara ýagdaýy esasynda döwletleriň arasyndaky harytlaryň we hyzmatlaryň hereketi has netijeli alnyp barylýar;
– özara gatnaşyklaryň wajyp ähmiýeti bolup durmuş we ekologiýa gurşawy çykyş edýär;
– daşary ýurtly maýadar daşary söwda, gümrük, salgyt düzgünlerinden goşmaça bähbitler gazanýar;
– daşary ýurtly maýadar şol döwletde alyp barýan işlerini durmuşa geçirmekde, öz mümkinçiligine baha bermekde anyk şertleri gazanýar.
– daşary ýurtly gatnaşyjy diňe maksatlaýyn taslamalarda çäklendirilýär (tehnologiýalar, maşynlar, enjamlar, materiallar), emma, binalary enjamlaşdyrmakda oňa hiç hili çäklendirme goýulmaýar;
– erkin zolaklarda ýokary taýýarlykly hünärmenleri arzan bahadan çekmeklige mümkinçilik ýokary bolýar;
– gündelik, administratiw soraglar düýpli ýeňilleşdirilýär;
– maýa goýum şertleri zolakdan daşyndaky şertlerden has amatlydyr.

Erkin zolaklaryň ähmiýetini ýokarlandyrmak, daşary ýurt maýa goýumlarynyň goýluşyny artdyrmak, ýokary tehnologiýaly önümçiligi döretmek üçin ýurtlarda ykdysady-hukuk we durmuş taýdan has ýokary şertler döredilýär. Olar ilkinji nobatda salgyt we maliýe ulgamy bilen baglanyşyklydyr. Ýurtlaryň köpüsinde 5–7–10 ýyla çenli ýokary tehnologiýaly pudaklar salgytlardan boşadylýar. Mysal üçin, Malaýziýada 5–7 ýyl, Koreýada 5 ýyl doly, soňky 3 ýyl 50%, Şri-Lankada 2–10 ýyl aralygynda doly salgytdan boşadylýar. Ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlarda aşakdaky goşmaça ýeňillikler berilýär:

– hakyky sektoryň kärhanalary üçin getirilýän komplektleýji enjamlardan alynýan gümrük paçlary we ýygymlaryny ýatyrmak;
– YBTKI we işçi kadrlary taýýarlamak boýunça edilen çykdajylary peýdadan aýyrmak;
– walýuta karzlaryny pes göterimlerde erkin almak;
– daşary ýurt walýutasynyň dolanyşyga goşulmagyna ygtyýar bermek;
– esasy maýa goýumyň amortizasiýasyny çaltlandyrmak;
– ýeriň we binalaryň kärende tölegini peseltmek;
– ýeňillikli ulag tarifleri.

Onuň üstesinede olar eksport paçlaryndan, emläk salgytlaryndan, käbir ýerli we sebitleýin salgytlardan boşadylýar.

Döwletleriň köpüsinde erkin zolaklarda hereket edýän kärhanalar girdeji salgytlardan boşadylýar. Munuň üçin amatly maýa goýum we telekeçilik klimat döredilýär. Ondan başga-da, erkin zolaklara çekilýän milli we daşary ýurt maýalary üçin köpsanly ýeňillikler döredilýär. Ol ýeňillikler ýurduň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan pudaklarynda has köp hereket edýär.

BMG-niň senagat ösüşi boýunça Guramasynyň (UNIDO) hödürnamasyndaky ylalaşyk boýunça erkin ykdysady zolaklarda gazyp alyjy senagata maýa goýmak boýunça şertleri üç topara bölýärler. Has ýokary ýeňillik *birinji topara* – ýygnama önümçiligi, ýagny ýokary hünärli işçi güýjüni talap edýän radioelektronika, takyk mehanika, kompýuter tehnologiýasy pudaklary degişlidir. Ikinji toparda döredilen ýeňillikler birinji topara garanyňda pesräk bolup, olara el zähmetini köp talap edýän dokma, tikinçilik önümçilikleri degişlidir. Has pes şertler üçünji toparda jemlenip, olara ýerli işçi güýjüni köp çekýän, iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrýan gazyp alýan, çig maly ilkinji gezek gaýtadan işleýän senagat degişlidir.

Birinji we ikinji topara degişli erkin zolaklar, esasan, Malaýziýa, Singapur, Taýwan, Meksika ýaly ýurtlarda hereket edýär. Onuň sebäbi bu ýurtlarda arzan işçi güýjüniň has köp jemlenmegi bilen düşündirýärler.

Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Gündogary öwreniş institutynyň bilermen hasaplamalaryna görä, EYZ-niň 1 kwadrat kilometrine ortaça 25–50 million amerikan dollarynyň talap edilýändigini we her bir goýlan daşary ýurt maýasynyň 1 dollarynyň 25%-niň infrastruktura harajatlaryna gönükdirilýändigini belleýärler. Adatça, infrastruktura harajatlary üçin zerur bolan serişdeler halkara guramalarynyň berýän ýeňillikli karzlarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

Soňky ýyllarda EYZ ylmy-tehnologiki, ylmy-barlag nazarlanyşly, tehniki täzelikleri arzanladýan, ornaşdyrylyşyny çaltlandyrýan, önümçiligi diwersifisirleýär, ýokary taýýarlykly hünärmenleri taýýarlaýan tehniki-ornaşdyrma, ylmy, tehnologiki, işewür zolaklar köpelip başlady. Olara ABŞ-da tehnoparklar, Ýaponiýada tehnopolisler diýip atlandyrylýar. Ýöne olaryň anyk bir ady entek kabul edilen däldir. Bu zolaklaryň alyp barýan işlerini aşakdaky görnüşlere bölmek bolar:

– ylmy-barlag parky – senagat kärhanalarynyň ýanynda döredilen ylmy-tehniki, tejribe – konstruktorçylyk işlerini alyp barýan guramalardyr. Mysal üçin, Boston EYZ-däki 700-e golaý kärhanalaryň 2/3 bölegi kompýuter tehnikasy boýunça ylmy-barlag, tejribe-konstruktorçylyk işlerini alyp barýarlar. Şeýle park ilkinji gezek Angliýanyň Kembrij uniwersitetinde döredilipdi. Häzirki wagtda ÝB-de, ABŞ-da, Ýaponiýada şeýle parklaryň 450-den gowragy hereket edýär.
– hususy ylmy park – iri çäkleýin birleşme bolup, onuň düzüminde ylmy köp talap edýän dürli ululykdaky kärhanalar ýerli ylmy-barlag edaralarynyň oýlap tapan taslamalaryny önümçilige ornaşdyrýarlar. Mysal üçin, Stenford uniwersitetiniň

ýanynda döredilen «Silikon jülgesi» belli «Maýkrosoft» we «Intel» kompaniýalaryna täze tehnologiýalary hödürleýärler. Bu kompaniýalar kompýuter we hasaplaýjy tehnikalaryň dünýä boýunça 1/5 bölegini öndürýärler.

Innowasiýa merkezleri–territorial taýdan uly bolmadyk EYZ bolup, olarda kiçi we orta ululykdaky kärhanalar gönüden-göni täze tehnologiýalary işläp düzmek we önümçilige ornaşdyrmak işleri bilen meşgullanýarlar. Şeýle zolaklar, esasan hem, ösen ýurtlarda örän köp bolup, olar ýurduň ylmy-tehniki ösüşiniň esasy hereketlendiriji güýji hasaplanylýar.

Erkin zolaklaryň indiki görnüşine işiň köpugurly görnüşini alyp barýan toplumlaýyn EYZ degişlidir. Olar ýörite ykdysady zolaklar ady bilen Hytaýda has ýörgünlidir. Bu zolaklaryň öňünde milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesini ýokarlandyrmak, bazar şertlerinde dünýä tejribesini özleşdirmek meselesi goýulýar. Şeýle zolaklar Hytaýda 1980-nji ýylda döredilip başlandy. Olar gysga wagtyň içinde netijesini berdi. Häzirki wagtda Hytaýyň umumy eksportynyň 40%-den gowragy bu zolaklaryň paýyna düşýär. Hytaýyň tejribesinde EYZ-iň her gektaryna ortaça, 17–18 million amerikan dollarynyň harajat edilendigini görmek bolýar.

## 23.3. Ofşor zolaklary we ofşor işewürligi, olaryň dünýä ykdysadyýetindäki orny we ähmiýeti

Dünýä ykdysadyýetiniň has globallaşan ulgamy bolup maliýe globallaşmasy çykyş edýär. Maliýe serişdeleriniň globallaşmagy ofşor merkezleriniň ýa-da ofşor zolaklaryň ýüze çykmagyna getirdi. Ofşor zolagy ýa-da ofşor maliýe merkezi diýip territoriýanyň ýa-da döwletiň öz kanunçylygynda girdeji gazanmak maksady bilen beýleki ýurtlaryň hojalyk birlikleriniň işini öz içinde hasaba almaklygyna düşünilýär. Onuň üçin bu zolaklarda rezident dälleriň, edara görnüşli we şahsy taraplaryň ykdysady işini erkinleşdirýän şertler döredilýär. Başgaça aýdylanda, daşary ýurtlarda hasaba alnan kompaniýalar dürli geleşikleri bu ýurtlarda amala aşyrýarlar. Netijede, bu zolaklar beýleki ýurtlaryň serişdelerini aýlamaklyga mümkinçilik alýarlar. Ofşor kompaniýasynyň ýerli edara görnüşli we şahsy tarap bilen geleşik baglaşmaga haky ýokdur.

Düzgün bolşy ýaly, ofşor kompaniýalary diňe kagyz ýüzünde hereket edýär. Onda kompaniýanyň ähli formal alamatlary – kompaniýanyň eýesi, direktory (menejeri), resminamalary hasaba alyjy toplumlar hereket edýär. Şeýle ýagdaýda bu kompaniýa maliýe amallaryny alyp barmakda, salgytlary peseltmekde oňaýly gural bolup çykyş edýär. Şeýle görnüşli ofşor kompaniýalary öz amallaryny ofşor zolagynyň daşynda alyp barýarlar. Emma daşary söwda, maýa goýum we beýleki işler ofşor zolagynda hasaba alynýar:

Ofşor kompaniýalaryny aşakdaky görnüşlere bölmek bolar:



18. Sargyt № 832

1. *Holding görnüşli kompaniýalar:*
- operatiw-holding kompaniýalar;
- gozgalmaýan emläk boýunça kompaniýalar;
- intellektual eýeçiligiň obýektine eýelik etmek boýunça kompaniýalar;

2. *Söwda-aralykçy kärhanalar*:
- eksport-import;
- satyn alýan we distribýutor;
- 3. *Maliýe profilli kompaniýalar*:
- ofşor banklar;
- maliýe aralykçy kompaniýalar;
- ätiýaçlandyryjy kompaniýalar.

Soňky ýyllarda ofşorlaryň özarasynda maýa goýum häsiýetli kompaniýalar, halkara trastlar giňden ýaýrap başlady.

Ofşor firmalary ofşor zolaklarynda ýa-da ýörite ofşor maliýe merkezlerinde döredilýär we olar şol ýerlerde hereket edýärler. Ol kompaniýalara aşakdaky aýratynlyklar mahsusdyr:

- hasaba alyş işleriniň ýokary derejede ýeňilleşdirilmegi (kärhananyň eýesiniň kimdiginiň gizlenilmegi; onuň kimdiginiň diňe jenaýatçylykly ýagdaý ýüze çykanda aýan edilmegi)
- peýdadan alynýan salgydyň 1–2%-den geçmezligi. Kähalatlarda, bu salgyt hem girdejiniň möçberine garamazdan 150–1000 dollar aralykdaky ýygym bilen hem çalşyrylýar. Oňa girdejileriň daşyna çykarylmagyndan alynýan ýygymlar (diwidendler, bank göterimleri, royalty tölegleri) degişlidir.
- daşary ýurt maýadarlary üçin gümrük paçlarynyň we ýygymlarynyň bolmazlygy;
- walýuta çäklendirmeleriň bolmazlygy;
- bank we täjirçilik syrlarynyň ýokary derejede bolmaklygy;
- döwlet tarapyndan hususy işewürlige wepalylyk ýörelgeleriniň ýokary derejede alnyp barylmagy.

Ofşor zolaklardaky salgyt ýeňillikleri biri-birinden tapawutlanmaýar diýen ýalydyr. Bu ýeňillikler diňe bir daşary ýurt kompaniýalaryna däl-de, ýerli kärhanalar üçin hem mahsusdyr.

Ofşor zolaklary bolup döwletiň ttutuş çägi ýa-da onuň bir bölegi çykyş edýär. Ada döwletleri tutuşlaýyn ofşor zolaklarydyr. Ofşor maliýe merkezleri başgaça, dünýä maliýe merkezlerine düşünilýär.

Häzirki wagtda dünýä boýunça 60 töweregi ofşor zolaklary bar diýip hasaplanylýar. Olarda 1,5 million kompaniýa hereket edýär. Käbir maglumatlara görä, bu zolaklardaky aktiwleriň möçberi 6 trillion dollara çenli baryp ýetýär. Ofşor zolak-

larda dünýäniň iri banklarynyň şahamçalary ýa-da golçur düzümleri hereket edýändir.

Şeýle hem bu zolaklarda ätiýaçlandyrma işewürligi hem ösendir. Mysal üçin, Bermud adalarynda 1,5 müň ätiýaçlandyryjy kompaniýa hasaba alnandyr.

Bar bolan maglumatlara görä, ofşor zolaklarynda dünýäniň pul massasynyň ýarysyna golaýy, hususy maýa goýum maýa goýumynyň 20%-i we banklaryň daşary aktiwleriniň şonçarak bölegi aýlanýar.

2000-nji ýylyň maý aýynda «Uly–7-lik» ýurtlarynyň maliýe ministrleriniň we merkezi banklarynyň goldaw bermeginde maliýe durnuklylyk Forumy döredildi. Bu Forumyň öňünde global ykdysadyýeti ösdürmekde ulgamlaýyn töwekgelçilikleri kesgitlemek üçin maliýe institutlarynyň düzgünini, standartlaryny hem-de reýtingini döretmek esasy mesele edilip goýuldy. Onuň reýtingine laýyklykda birinji topara Gonkong, Singapur, Lýuksemburg, Şweýsariýa, Dublin, Gernsi adasy, Men we Jersi; ikinji topara: Andorra, Bahreýn, Barbados, Bermudlar, Gibraltar, Labua (Malaýziýa), Makao, Malta, Monako; üçünji topara Angilýa, Antigua we Barbuda, Aruba, Beliz, Britan Wirjin adalary, Kaýmanlar adasy, Kuka adasy, Kosta-Rika, Kipr, Liwan, Lihtenşteýn, Marşallar adasy, Mawrikiý, Nauru, Antil adalary (Niderlandlar), Niue adasy, Sent-Kits we Nweýs adasy, Sent-Lýusiýa, Sent-Winsent we Grenadiny, Samoa, Seýşeller, Bagamlar, Terks we Kaýkos, Wanuatu girýär.

Umuman, ofşor zolaklarynyň özüne çekijiliginiň esasy sebäbi bolup resident däller üçin ýokary derejedäki salgyt ýeňillikleri çykyş edýär. Şonuň üçin olara salgyt gaçybatalgalary (salgyt gawanalary) hökmünde seredilýär.

Ykdysadyýetleriň globallaşmagynyň esasy netijeleriniň biri hem döwletiň salgyt edaralarynyň salgyt ýygnama meseleleriniň ýitileşmegi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin köp kompaniýalaryň baş kabulhanalarynyň ofşor zolaklaryna geçirilmeginiň maksady salgytdan gaçmak bilen baglanyşyklydyr. YHÖG-niň (Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş Guramasy) berýän maglumatlaryna görä, salgyt gaçybatalgalaryndaky baglaşylan geleşikleriň sany üzül-kesil ýokarlanypdyr. Munuň özi ofşor zolaklarynyň salgytdan gaçmagy isleýänleriň eý görýän ýerine öwrülmegine getirdi. Baglaşylan geleşiklerden gelýän girdejiler bu zolaklaryň esasy çeşmesidir. Şonuň üçin ofşor zolaklary ýa-da merkezleri köp ýyllaryň dowamynda döwletler bilen ykdysady we hukuk taýdan hyzmatdaşlyk etmekden boýun gaçyryp geldiler.

Bu ýagdaý YHÖG girýän ýurtlaryň 2000-nji ýylda «Heläkleýji salgyt bäsleşigi» atly tema boýunça geçirilen maslahatynda 35 sany ofşor zolaklaryň ynsapsyz salgyt syýasatyny ýoredýändikleri, olaryň halkara söwdasyna we maýa goýumlaryna düýpli ýitgi çekdirýändigi bellenildi. Bu 35 sany zolak ykdysadyýetlerini açyklaşdyrmaklary, döwletler bilen ykdysady we hukuk taýdan hyzmatdaşlyk etmekleri talap edildi. Garşylyklaýyn ýagdaýda YHÖG girýän ýurtlar tarapyndan bu zolaklara sanksiýa giriziljekdigi duýduryldy.

Ofşor zolaklaryň bu herekete gyýa göz bilen seredendikleri düşnüklidir. Emma, salgytdan gaçmak maksady bilen edilýän işleriň möçberi ägirt uly sanlara baryp ýetenden soň, olar YHÖG ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk etmeklige mejbur boldular.

Birnäçe ofşor zolaklar dünýäniň iri işewürleri bilen hyzmatdaşlyk bolmasa hususy işewürligi ösdürip bilmejekdiklerine göz ýetirdiler. Mysal üçin, Bagamlar adasynyň Merkezi banky dünýäniň maliýe merkezlerinde hereket edýän bank gözegçiliginiň hukuk düzgünlerini ilkinji bolup girizdiler. Ondan başga-da Bagamlar ABŞ, Kanada, Angliýa bilen özara hukuk hyzmatdaşlyk, dünýäniň 70 sany ýurdy bilen jenaýatkärleri birek-birege bermek barada ylalaşyga gol çekişdiler. Munuň üçin olar 1999-njy ýylda «hapa pullary» aklamaklyga garşy kanun kabul etdiler. Şeýle ýagdaý beýleki ofşor zolaklarynda hem ýüze çykyp başlady. Bu ýagdaý 2001-nji ýylda ABŞ-daky ýüze çykan terrorçylykly wakadan soň has hem güýçlendi.

Häzirki wagtda ofşor zolaklarynyň işi, olaryň dünýä hojalygyndaky ähmiýeti birmeňzeş däldir. Sebäbi olaryň gapma-garşylykly ýagdaýy hakyky ýagdaýa baha bermeklige mümkinçilik bermeýär. Ofşor zolaklary bir wagtyň özünde globallaşma şertlerinde ykdysadyýetlerini barha erkinleşdirýärler. Beýleki tarapdan entek hem «hapa pullary» aklamaklygy dowam etdirýärler.

Ofşor zolaklarynyň dünýä ykdysadyýetinde, hususan-da ösüp gelýän ýurtlarda has çalt ösmegi ösen döwletleri ofşor işewürligini sazlaşdyrýan ýörite kanunçylyk, normatiw-hukuk aktlary kabul etmeklige mejbur edýär. Bu kanunçylyk, normatiw-hukuk aktlarynyň agramly böleginiň ara alyp maslahatlaşma işleri 2000-nji ýylda Londonda geçirilen «Ofşor–2000» ady bilen geçirilen maslahatda seredildi.

BMG hem salgyt gawanalarynyndaky ýüze çykýan soraglara öz nutuklarynda seredip başlady. Bu nutuklarda ofşor zolaklaryna şeýle zerurlyklary ýerine ýetirmek maslahat berilýär:

– bütewüleşdiriji we pes derejede sazlaşdyryjy standartlary kabul etmek;
– özgertmeleri özbaşdak alyp barýanlara kömek bermek;
– ofşor zolaklarynyň hyzmatlaryndan peýdalanýan kompaniýalara we hususy taraplara ýokardaky görkezilen talaplary ýerine ýetirmedik ýagdaýynda salgyt salmak;
– ofşor zolaklarynyň salgyt gawanalarynyň işine gözegçilik etmek;
– halkara maliýe geleşikleriň bank syrlaryny aýyrmak, eger ofşor zolaklary bu talaby ýerine ýetirmese sanksiýa ulanmak;
– ofşor zolaklaryndaky hasaba alnan geleşikler, olaryň soňky eýeleri (benefisiar) baradaky maglumatlary bermek;
– ofşor zolaklaryndaky bank işlerine gözegçilik etmek üçin halkara tejribesi bolan hünärmeni baş direktor edip bellemek.

2000-nji ýylyň noýabrynda ÝB islendik ýol bilen toplanan serişdeleri bank syrlaryna çenli açmaklyk barada biragyzdan karar kabul edildi. Şonuň üçin Ýewropada ýerleşýän ofşor zolaklaryna kanunçylyk, hukuk namalaryny ÝB-niň düzgünnanamalaryna laýyk getirmeklik talap edildi. Bu talaplaryň ahyrky maksady «hapa pullaryň» aklanmagyna garşy göreşmekden ybaratdyr.

Ofşor zolaklaryny düzgüne salmakda «hapa pullary» aklamaklyga garşy Halkara topary *(Finanscial Action Task Forse on Moneý Laundering – FATF)* ähmiýetli orny eýeleýär. Bu garaşsyz gurama 1989-njy ýylda «Uly 7-ligiň» nobatdaky maslahatynda döredildi. Ondan başga-da döwletleriň arasynda ýörite baglaşylan ylalaşyklar hem bu herekete garşy göreş alyp barýarlar. Oňa mysal hökmünde Ýewropa komissiýasy we Pars aýlagyndaky arap ýurtlarynyň hyzmatdaşlygyny görkezmek bolar.

1990-njy ýylda *FATF* esasy wezipesini ýerine ýetirmek üçin 40 sany hödürnamany işläp düzdi. 1996-njy ýylda bu hödürnamalara «hapa pullary» aklamaklyga garşy göreşdäki meseleleri çözmek üçin täzeden seredildi. Oňa laýyklykda *FATF* görkezilen hödürnamalaryň üsti bilen ofşor zolaklarynyň işine hemişelik gözegçilik edýär we HPG we BB bilen hyzmatdaşlygy amala aşyrýar.

2001-nji ýylda ABŞ-da bolup geçen terrorçylykly wakadan soň *FATF*-niň hödürnamalaryna ýörite düzgünler girizildi we ähli ofşor zolaklaryň olary ýerine ýetirmekleri talap edildi. Olara:

- BMG-niň ähli resminamalaryny gyssagly ýagdaýda makullamak;
- maliýe terrorçylygy diýen düşünje girizmeklik we ony jenaýatçylykly terrorçylykly hereket diýip hasap etmeklik;
- terrorçylaryň hasaplaryny doňdurmak ýa-da olary döwletiň haýryna geçirmek;
- terrorçylyk bilen arasy bolmagy mümkin diýlip hasap edilýän şübheli geleşikler barada habar bermek;
- maliýe terrorçylygyna garşy berk göreş alyp barmak üçin döwlet edaralaryny we halkara guramalaryny maglumat bilen ýeterlik üpjün etmek;
- terrorçylyk ýol bilen çekilen we ol maksada gönükdirilýän serişdeleri yzyna gaýtarmak barada *FATF*-niň ähli agzalarynyň çäre geçirmekleri;
- «hapa pullary» aklamaklyga garşy göreşde pul geçirim ulgamlarynyň işine gözegçilik etmek;
- elektron pul geçirimlerini has kämilleşdirmek;
- guramalaryň, aýratyn-da täjirçilik däl guramalaryň terrorçylyk maksatlar bilen maliýe serişdelerini ulanmajakdyklaryna kepil geçmeklik.

Umuman, soňky ýyllarda ofşor zolaklarynyň işine gözegçilik barha güýçlenýär. Emma, bu işlere garamazdan ada döwletlerinde öz girdejileriniň esasy çeşmesi bolan «hapa» pullary aklamaklyk entekler hem dowam edýär.

XXIV bap

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINDE ERKIN YKDYSADY ZOLAKLAR

## 24.1. Erkin ykdysady zolaklaryň mazmuny, görnüşleri

Halkara zähmet bölünişigine girýän döwletleriň sanynyň artmagy, olaryň dünýä hojalygynda alyp barýan gatnaşyklarynyň ösmegi, açyk ykdysadyýetiň esasy ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegi, eksport ýöriteleşmesiniň agdyklyk etmegi, erkin ykdysady zolak (EYZ) ady bilen tanalýan hojalygy guramagyň täze görnüşiniň ýüze çykmagyna we onuň giňden ýaýramagyna getirdi. EYZ-leriň döredilmeginiň maksady milli hojalyklaryň halkara zähmet bölünişigine has çuňňur girişmek, ýokary hilli önümler bilen içerki bazarlary doldurmak, milli önümçilige has ösen we täze ylmy-tehniki innowasiýalary girizmek, işliligi ýokarlandyrmak, «ösüş polýusyny» döretmegiň kömegi bilen sebitleýin syýasatyň meselelerini çözmek bolup durýar.

Gecen asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrlarynda 60-njy ýyllarynyň başlarynda döräp başlan erkin ykdysady zomalaryň (olaryň käbir görnüşleriniň has öňräk ýüze çykanlary hem bar) sanynyň soňra has köpelmegi geň görerlik däldir. Dürli çeşmelerde getirilýän anyk san bahalary barada aýdanyňda, olar biri-birinden güýçli tapawutlanýarlar.

Käbir edebiýatlarda geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalaryna çenli EYZ-leriň sany 1000, 1200, 2000, hatda 4000-e ýetdi diýip bellenýär. Erkin ykdysady zolaklaryň dünýä ykdysadyýetinde tutýan ornuna baha bermekde bu görkezijiler biri-birinden az tapawutlanýar. Erkin ykdysady zolaklaryň dünýä ykdysadyýetiniň haryt dolanyşygyndaky paýy 1960-njy ýylda 8% bolanlygyndan 1985-nji ýylda 20%-e çenli we 90-njy ýyllaryň ahyrynda bolsa 30%-e çenli ösdi diýlip hasaplanylýar.

San bahalardaky ýalňyşlyk ilkinji nobatda erkin ykdysady zolak diýlen düşünjä milli we daşary ýurt edebiýatlarynda anyk kesgitleme berilmändigi bilen düşündirilýär.

**Daşary we içerki maýa goýumlary özüne çekmek üçin daşary ýurt we milli telekeçiler üçin döwlet tarapyndan aýratyn** ýeňillikli şertler döredilen ýurduň **çäginiň bir bölegine EYZ diýilýär.** Bu şertlere söwda amallaryny amala aşyrmaklyk üçin aýratyn ýeňillikler, salgyt ýeňillikleri, maliýe ýeňillikleri we beýlekiler degişlidir.

EYZ-leri döretmekde çäkleýin we wezipeleýin çemeleşmeden peýdalanylýar. Birinji çemeleşmä laýyklykda diňe ýörite ylalaşylan kesgitli çäkde ýerleşýän kärhanalar we guramalar ýeňillikli şertlerden peýdalanyp bilýärler. Ikinji ýagdaý-

da bu şertler telekeçilik işiniň takyk görnüşleri üçin berilýär we ýerleşýän ýerine garamazdan işleriň bu görnüşleri bilen meşgullanýan kärhanalar olardan peýdalanyp bilýärler. Bu iki çemeleşmäniň haýsy hem bolsa birini saýlamak döwletiň EYZ-i döretmek arkaly nähili wezipeleri çözmegi maksat edinýändigi bilen baglanyşyklydyr. Çäkleýin çemeleşme haýsy hem bolsa bir sebiti, wezipeleýin çemeleşme bolsa kesgitli pudagy ösdürmek meselesini çözmäge ýardam berýär. Durmuşda EYZ-i döretmekligiň çäkleýin çemeleşmesi agdyklyk edýär.

Ýörite ykdysady zolaklaryň çäklerinde daşary ýurt maýadarlaryna berilýän ýeňillikleri dört sany esasy topara bölmek bolýar:

*1. Daşary söwda ýeňillikleri.* Daşary söwda amallaryny amala aşyrmaklygyň ýönekeýleşdirilen tertibini, şeýle-de eksport-import paçlarynyň peseldilmegini ýa-da doly ýatyrylmagyny göz öňünde tutýar.

*2. Maliýe ýeňillikleri.* Muňa jemagat hyzmatlaryna pes bahalaryň kegitlenilmegi, ýere we önümçilik jaýlaryna tölenilýän kärende tölegiň peseldilmegi, ýeňillikli döwlet karzlarynyň berilmegi degişlidir.

*3.* Fiskal ýeňillikler toparyna peýda, girdejä, emläge salynýan salgytlaryň peseldilmeginiň ýa-da ýatyrylmagynyň hasabyna daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny höweslendirmek degişlidir.

*4.* Dolandyryş ýeňillikler kärhanalary hasaba almaklygyň, raýatlaryň gelişiniň we gidişiniň, kärhanalary hasaba almak bilen baglanyşykly dürli hyzmatlary ýerine ýetirmekligiň ýenilleşdirilen tertibini ýola goýmak bilen baglanyşyklydyr.

EYZ-i döretmekligiň esasy maksadyna laýyklykda ýeňillikler dürli utgaşmada ulanylyp bilner.

EYZ-leriň döredilmegi dürli maksatlary yzarlap bilýär. Çekilen daşary ýurt maýa goýumlary ilki bilen eksporta niýetlenen harytlaryň önümçiligi üçin ulanylýar. Şeýle önümçilikler, adatça, iň täze tehnologiýalaryň esasynda ösýärler. EYZ-leriň käbiri zolagyň çäginde daşary ýurt syýahatçylygyny ösdürmek maksady bilen döredilýär.

EYZ-leriň köpüsi örän kiçi çäklerde ýerleşip, olar, köplenç, «nokat» obýektlerine degişli edilýär, emma olaryň arasynda has giň we meýdany boýunça ululary hem bardyr. Amatly ykdysady-geografik ýerde ýerleşmegi EYZ-leriň döremeginiň esasy şertleriniň biri bolup, «nokatlaýyn» uly bolmadyk EYZ üçin bu ilki bilen halkara gämi duralgalary ýa-da howa menzilleri bilen goňşuçylykda ýerleşmekdir.

## 24.2. Erkin ykdysady zolaklary ýöretmegiň dünýä tejribesi

Köp häsiýetleriniň meňzeşdigine garamazdan, ösen günbatar ýurtlaryň, ösüp gelýän ýurtlaryň we geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň erkin ykdysady zolaklarynda käbir tapawutlar bar.

Şeýle zolaklaryň günbatar ýurtlaryna ýaýramaklygy olaryň halkara zähmet bölünişigine we dünýä hojalyk aragatnaşyklaryna, dürli häsiýetli birleşik toparlara işeňňir gatnaşmagyndan, şeýle hem olaryň ykdysadyýetiniň postindustrial häsiýetliliginden gelip çykýar. Bu ýurtlarda EYZ-leriň ähli görnüşleriniň duş gelýändigi geň görerlik däldir.

Günbatar Ýewropada san taýdan erkin söwda zolaklary agdyklyk edýär. Olar bu sebitde eýýäm XIX asyrda peýda bolup başladylar, käbirleriniň dörän wagty bolsa ondan hem irki wagta gabat gelýär. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalaryna çenli olaryň sany 150-ä ýetdi. Ilkibaşda şeýle zolaklar deňiz duralgalarynda döräp başladylar. Germaniýanyň (Gamburg, Bremen, Bremerhafen, Kil, Emden, Kukshafen), Daniýanyň (Kopengagen), Finlýandiýanyň (Helsinki, Turku), Gresiýanyň (Pireý, Saloniki), şeýle-de derýa duralgalaryndaky we demir ýol duralgalaryndaky iri erkin söwda zolaklary (ESZ) hem hemme kişä bellidir.

Ýöne, Ýewropanyň we dünýäniň ESZ-niň iň täze taryhy ýoly geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrynda Irlandiýanyň Şennon howa menzili bilen baglanyşyklydyr. Şennon howa menzili Irlandiýanyň günbatar çäginde ýerleşip, transatlantik ugurlaryna hyzmat edýän uçarlary ýangyç bilen üpjün edýärdi. Ýöne, öňdebaryjy awiakompaniýalaryň ýangyç talap etmän, başlangyç ýangyç bilen bellenen nokada çenli uçýan uçarlara geçmekligi, Şennon howa menziliniň ýagdaýyny peseltdi we ol ýapylmagyň bäri ýanynda durdy. 1959-njy ýylda ýurduň hökümeti Şennon howa menzilini Erkin telekeçiligiň halkara zolagyna öwürmek niýetiniň bardygyny aýtdy. Bu aksiýa örän şowly boldy. Daşary ýurt maýa goýumy bu ýerde az wagtyň içinde 1000-lerçe täze iş orunlaryny döretdi, işsizligiň aradan aýrylmagyna getirdi we sebite ykdysady abadanlygy we asudalygy gaýtaryp berdi. Häzirki döwürde Şennonda elektron enjamlary, buraw işleri üçin enjamlar, önümçilik almazlar, we beýleki önümler öndürilýär. Onuň bir ýylky girdejisi 1 milliard dollardan geçdi we Şennony ösýän şäherleriň birine öwürdi.

Erkin söwda zolaklaryndan başga-da, Günbatar Ýewropada ylmy-tehniki zolaklar, işewürligiň ofşor merkezleri giň ýaýrandyr. Käbir ýurtlarda, mysal üçin, Beýik Britaniýada EYZ-ler döwletiň alyp barýan sebitleýin syýasaty boýunça depressiw dogrulary galdyrmak üçin döredildi. Günbatar Ýewropada EYZ-leri döretmegiň geljegi YB-de goşulyşma prosesleriň çuňlaşmagy bilen baglanyşyklydyr.

ABŞ-da hem erkin söwda zolaklary has giňden ýaýrandyr. Bu ýerde olar geçen asyryň 30-njy ýyllarynyň ortalarynda döredilip başlandy. ESZ-leriň döredilmeginiň esasy sebäbi ykdysady çökgünligi ýeňip geçmek bilen baglanyşykly boldy. Indi gämi duralgaly şäherlerde we demir ýol ugurlarynda ýerleşen şeýle zolaklaryň birnäçe ýüze ýetendigi bellidir. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda ýurtda içerki bazara gönükdirilen Erkin telekeçiligiň zolaklary hem döräp başlady. Şeýle-de ylmy-tehniki zolaklar hem giňden ýaýrandyr.

Ýaponiýada uzak wagtyň dowamynda tehnopolislere we tehnoparklara uly üns berilýärdi, ýöne geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başlarynda bu ýurduň hökümeti tarapyndan eksporty höweslendirmek we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek ugrunda uly işler ýerine ýetirildi. Şeýle maksatlar üçin deňiz duralgalarynda we halkara howa menzillerinde erkin daşary söwda zolaklary döredilip başlandy.

Ösüp gelýän ýurtlarda ilkinji erkin ykdysady zolaklar geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalarynda ýüze çykyp başlady. Başda olar az sanlydy, ýöne soňra olar çalt depginde köpelip, 90-njy ýyllaryň ortalaryna çenli bu ýurtlaryň EYZ-leriniň sany ösen ýurtlaryň EYZ-niň sany bilen deňleşdi. Öndürilen önümiň hemmesini diýen ýaly daşyna çykarýan eksport önümçilik zolaklary Latyn Amerikasynda, Aziýa ýurtlarynda, Afrikada has köp ýaýrandyr. Köp halatlarda şeýle zolaklar «anklaw» häsiýetine eýe bolup, «ýurduň içinde özbolușly ýurdy» emele getirýärler. Bu ýagdaý uly transmilli korporasiýalaryň we dürli golçur kärhanalaryň zolaklardaky kärhanalaryň eýeleri bolup çykyş edýändigi bilen düşündirilýär. Olar öz gezeginde bu zolaklara her dürli detallar, ýarym fabrikatlar getirýärler we arzan zähmet güýjüne esaslanyp taýýar önümleri ýygnaýarlar we olary eksporta ugradýarlar. Şonuň üçin hem käbir ykdysatçylar bu zolaklaryň adynyň erkin zolak däl-de, ýörite zolak bolmalydygyny nygtaýarlar. Bu zolaklaryň esasy ugry elektron senagata ugrukdyrylandyr. Bu kärhanada önümçilik zolagynyň işçi güýjüniň 3/5 bölegine çenlisi işleýändir. Şunda uly çykdajylar talap etmeýän we köpçülik tarapyndan uly islegden peýdalanýan (kompýuterler, aragatnaşyk serişdeleri, elekron sagatlar we ş.m.) önümleri öndürýän kärhanalar agdyklyk edýär. Maýa goýumlar we iş bilen meşgullanýanlaryň sany boýunça öňdäki hatarlarda tikinçilik, dokma senagaty hem-de sport inwentarynyň önümçiligi durýar.

Ösüp gelýän ýurtlaryň eksport önümçilik zolaklarynyň aglabasy täze industrial ýurtlarda ýerleşýär. Olaryň has netijeli we örän görnüklileri Koreýa respublikasynda (Masan), Taýwan adasyndaky (Gaosýun), Malaýziýadaky (Pinang), Filippinlerdäki (Bagio), Singapurdaky (Djurong) ykdysady zolaklarydyr. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalaryna olaryň sany 100-e golaýlady. Şuňa meňzeş zolaklar, şeýle-de Hindistanda, Indoneziýada, Pakistanda, Taýlandda, Siriýada we Iordaniýada bardyr. Eksport önümçilik zolaklaryndan başga-da Aziýanyň ösüp barýan ýurtlarynda EYZ-leriň başga görnüşleri hem duş gelýär. Singapuryň we BAE-niň Dubaý şäherinde ýerleşýän halkara howa menzillerinde dünýäde iň uly merkezler ýerleşendir. Ýöne, ýörite ykdysady zolaklaryň döredilmegine has işjeň gatnaşan ýurtlaryň biri Hytaýdyr.

Maksatnamaly hojalygy bolan bu ýurtda olar tejribe bazar meýdançalary bolup hyzmat edýärler. Hytaýda EYZ-leriň döremegi XX asyryň 70-nji ýyllarynda başlandy we öz ösüş ýolunda birnäçe tapgyrlary başdan geçirdi. Häzirki wagtda 5 sany ýörite ykdysady zolaklara (Şençžene, Çžuhaýa, Şantoua, Semene we Haýnan adasyna ýurduň ykdysadyýetine goýulýan) daşary ýurt maýa goýumlarynyň

esasy bölegi düşýär. Mundan başga-da geçen asyryň 80-nji ýyllarynda Hytaýyň 14 sany kenarýaka şäherleri açyklyk derejesini aldylar. XX asyryň 90-njy ýyllarynda bolsa Şanhaýda Pudun ykdysady etraby döredildi. Hytaýyň hökümeti bu etraba ykdysadyýetiň açyklygyny ýokarlandyrmakda wajyp orun berýär.

Latyn Amerikasy ýurtlary erkin ykdysady zolaklarynyň sany boýunça diňe Aziýa ýurtlaryndan yza galýar. Ilkibaşda bu sebitde erkin söwda zolaklary döredildi, ýöne soňra eksport-önümçilik zolaklary agdyklyk edip başlady. Soňra bolsa her dürli ofşor merkezleri giňden ýaýrap başlady. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň käbirlerinde EYZ-leriň sany azdyr, olar kesgitli bir ugur boýunça şol ýurduň hökümeti tarapyndan döredilýär. Amazonkadaky 3,6 mln. km$^2$ meýdany tutýan «Manaus» zolagyny örän iri we toplumlaýyn zolaga mysal edip getirmek mümkindir. Dürli görnüşli EYZ-ler Çilide, Kolumbiýada, Urugwaýda we Merkezi Amerikanyň käbir ýurtlarynda we Karib deňziniň adalarynda hereket edýär.

Erkin ykdysady zolaklar Afrikada örän selçeň ýaýrandyr. 1-nji nobatda olaryň azlygy serişdeleriň ýetmezçiligi hem-de infasktrukturanyň yza galaklygy bilen düşündirilýär. Bu ýerde eksport-önümçilik zolaklary agdyklyk edýär. Olaryň has görnüklilerine Müsüriň, Tunisiň, Mawrikiý adasynyň zolaklaryny degişli edip bolar.

Ösüp gelýän döwletlerde erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegi bilen baglanyşykly hereketleriň şowsuz bolan ýagdaýlary hem boldy. Ilkinji nobatda olaryň şowsuzlygy syýasy durnuksyzlyk we birnäçe ykdysady we dolandyryş sebäplere bagly boldy. Edil şu sebäpler üçin Liberiýada, Senegalda, Şri-Lankada, Gwatemalada döredilen ykdysady zolaklar işini bes etdiler.

Eksport – önümçilik zolaklary ösüp gelýän ýurtlarda has köp ýaýrandyr. Şeýle ýagdaýda ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsinde EYZ-ler döwlet tarapyndan öňünden hasaplanan 20 ýa-da 30 ýyllyk döwre niýetlenen ykdysady ösüşi amala aşyrýan esasy ýörelge bolup durýar. Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly şeýle strategiýa öz-özüni dolulygyna ödeýär.

Esasan içerki bazara ugrukdyrylan ösen ýurtlardaky EYZ-lerdan tapawutlylykda ösüp gelýän ýurtlardaky EYZ mydama daşary bazara ugrukdyrylandyr. Sebäbi eksportyň ýokarlanmagy netijesinde olar öz öňünde duran meseleleri çözüp bilýärler we halkara gatnaşyklary netijeli amala aşyrmak üçin gerek bolan erkin konwertirlenýän walýutany alyp bilýärler.

Ösüp gelýän ýurtlaryň EYZ-leri özüne çekilýän maýa goýum çeşmeleriniň düzümi boýunça tapawutlanýarlar. Eger bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda bu, köplenç, içerki hususy maýa goýum serişdeleri bolsa, onda ösüp gelýän ýurtlarda bu daşary ýurduň hususy maýa goýum serişdeleridir. Ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysady zolaklarynda çykdajylaryň düzümi şeýleräk görnüşde guralandyr: göni býujet goýumlar 2-3%, ýerli býujetden göni maliýeleşdirme 12-15 %, ýeňillikli döwlet

karzy 30-35%, telekeçilik düzüm bölekleriň we daşary ýurt maýa goýumlaryň hasabyna maliýeleşdirmek 47-56%.

Äpet uly ykdysady böküşi amala aşyran Koreýa döwletiniň tejribesi örän gyzyklydyr. Herson welaýatynyň tutýan meýdanyna deň bolan meýdany tutýan, 45 mln. ilatly, peýdaly gazylyp alynýan serişdelere garyp, arryk ýerli we daglyk relýefli bu döwlet ykdysady taýdan yza galak döwletden ösen maşyn-gurluşyk senagatly industrial döwlete öwrüldi. Mysal üçin, Koreýa respublikasy eýýäm 1989-njy ýylda esasy bölegi daşary ýurtlara, has hem ösen ýurtlara eksport edilýän awtomobilleriň 1 mln-dan gowragyny öndürýärdi. Şonda diňe ABŞ-a eksport edilýän awtomobilleriň sany 400000-e ýetdi. Elektronika, pribor gurluşygy, gämi gurluşygy ýokary depginler bilen ösdi.

Soňky ýyllarda ýokary ykdysady ösüşi bilen tapawutlanýan döwlet Malaýziýadyr. Ol günorta gündogar Aziýada ýerleşip, meýdany 333 müň km$^2$-e deňdir, çalt ösýän ilatly, dünýäde tebigy kauçugy we galaýyny iň köp öndürýän döwletdir. Ýurduň açyk ykdysadyýet syýasatyny kabul etmegi bu ýerde eksport senagat zolaklaryň döredilmegine ýardam etdi. Olar, esasan, görnükli infrastruktura eýe bolan şäherleriň golaýynda döredilýärdi. 1971-nji ýylda döwlet kanun çykaryjy maslahaty ösüş korporasiýasyny Pinanga şäherinde (Pinang adasyndaky port şäher, galaýy eretme, kauçugy gaýtadan işleme, azyk senagaty) döretmek barada karar kabul etdi. Soňra bu ýerde 3 sany erkin önümçilik zolaklary (EÖZ) döredilýär. Telekeçileriň, şol sanda daşary ýurt telekeçileriniň erkin ykdysady zolagyna bolan gyzyklanmasyny Malaýziýada hereket edýän ýokary salgyt derejelerine garamazdan EYZ-de dürli görnüşli ýeňillikleriň hereket edýändigi bilen düşündirse bolar. Ilkibaşda daşary ýurt kärhana salgytdan 5 ýyl möhlet bilen boşadylýar. Bu möhlet dolandan soň kompaniýa öz maýa goýumlarynyň göwrümine laýyklykda goşmaça ýeňillikler berilýär. Bu ýurduň EYZ-niň esasy aýratynlygy hem onuň ýerli ykdysadyýet bilen özara baglylygydyr.

Braziliýada ýerleşýän Manaus erkin zolagyna 3,6 mln km$^2$ ýer bölünip berilýär. Bu EYZ-iň esasy maksady senagat pudaklarynyň, esasan hem, ylym bilen bagly häzirki zaman pudaklarynyň ösüşine ýardam bermek bolup durýar.

Manaus zolagy ýokary depginler bilen ösdi we öz gezeginde tutuş Braziliýanyň ykdysadyýetiniň aýaga galmagyna getirdi. EYZ-iň işine 30 sany çig mal we ýangyç-energetika pudaklary gatnaşýarlar. Bu pudagyň önümleriniň 45 %-i eksport edilýär, galan bölegi ýurtda sarp edilýär.

EYZ-leri Hindistanda döretmek bilen bagly tejribe şowsuz boldy. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda ýurduň çäginde 8 sany EYZ hereket edýärdi. Olar erkin söwda zolagy ady bilen belli bolsa-da, hakykat ýüzünde eksport önümçilik zolaklarynyň işini alyp bardylar. Olaryň çäginde ýerleşýän önümçilik kärhanalary eksport üçin önüm öndürýärler, şol sebäpli eksport önümler üçin gerekli bolan enjamlary, gurallary we çig mallary paçsyz import etmek rugsat berilýär.

Daşary ýurt we milli maýa goýum serişdeleriniň zolakdaky we zolakdan daşardaky işleýişleri deň diýen ýalydyr. Ýokarda agzalan gümrük paçsyz importdan başga-da olara dürli içerki salgyt ýeňillikleri berilýär. Mysal üçin, Hindistanyň hökümeti 5 ýyldan az hereket edýän kärhanalary 5 ýylyň dowamynda peýda salynýan salgytdan boşadýar. Şeýlelikde birnäçe sebäpleriň jemi (ESZ-iň ýerleşýän ýeriniň ýalňyş saýlanylmagy, eksport önümçiliginde milli baýlyk mümkinçilikleriniň ýeterlik derejede ulanylmazlygy, amatsyz maýa goýum klimaty we beýleki sebäpler) köp babatda ESZ-leriň Hindistanyň eksportynyň ösüşine kän bir täsir edip bilmändigini düşündirýär. Zolakda öndürilen köp eksport önümleri ýeterlik derejede bäsleşige ukyply bolmady, olaryň esasy bölegi Russiýa eksport edilýär.

EYZ-ler Afrikada: Liberiýada, Senegalda, Müsürde, Tunisde, Mawritaniýada; Aziýada: Malaýziýada, Gwatemalada, Filippinde, Şri-Lankada, Taýlandda, Taýwanda, Iordaniýada, Siriýada; Latyn Amerikasynda: Braziliýada, Çilide, Kolumbiýada, Meksikada, Salwadorda, Gondurasda, Ýamaýkada şowly hereket edýärler.

Erkin ykdysady zolaklar geçiş ykdysadyýetli döwletlerde hem belli bir derejede ösüş gazandylar. Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň içinde ilkinji bolup geçen asyryň 60-njy ýyllarynda EYZ döredenler Ýugoslawiýa we Wengriýadyr. Soňra olar beýleki döwletlerde hem döredildi. Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň bazar ykdysadyýetine geçmegi bilen bu ýurtlar üçin EYZ-iň ähmiýeti hem has ýokarlandy. Olaryň arasynda eksport önümçilik zolaklary agdyklyk edýär. Bu zolaklar Rumyniýada, Wengriýada, Bolgariýada döwlet esasynda, Polşada paýdarlar jemgyýeti görnüşinde döredilýär. Russiýada EYZ, geçen asyryň 80-nji ýyllarynda döredilip başlandy we 90-njy ýyllaryň ortalaryna çenli resmi ykrar edilen zolaklaryň sany onlarça esse köpeldi.

## 24.3. Türkmenistandaky erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary

Türkmenistanda erkin ykdysady zolaklar bilen baglanyşykly işleriň başy 1992-nji ýylda başlady. Şol ýylyň 14-nji dekabrynda ýurdumyzyň Halk maslahatynda bu meselä seredildi we erkin ykdysady zolaklaryň 7 sanysyny döretmek hakynda karar kabul edildi. Olar Hazar – Ekerem, Baharly – Serdar, Aşgabat – Abadan, Aşgabat – Änew, Mary – Baýramaly, Daşoguz – Aeroport, Türkmenabat – Seýdi zolaklarydyr. Şeýle-de 1995-nji ýylyň 5-nji martynda Aşgabat- Aeroport, 1995-nji ýylyň 14-nji iýunynda «Güneşli Türkmenistan», 1996-njy ýylyň maýynda Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynda erkin ykdysady zolaklary döretmek hakynda karar kabul edildi. Ýokarda agzalanlar bilen birlikde Türkmenistanyň 1995-nji ýylyň 16-njy maýyndaky «Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň meseleleri» hakyndaky kararyna laýyklykda Türkmenistanyň käbir dokma kärhanalaryna erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy diýlen dereje berildi. Şeýle-de syýahatçyly-

gy ösdürmek maksady bilen hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň iýun aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmek barada karar kabul etdi.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «Häzirki wagtda daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalar öz işinde ýurdumyzda hereket edýän kämil kanunlara, kadalaşdyryjy namalara, gözükdirmelere esaslanýarlar. Bu resminamalar kärhanalaryň dürs, netijeli işlemegini, şeýle-de önümçiligiň ähli ugurlaryny we mehanizmlerini dolandyrmagy üpjün etmegiň ýol-ugurlaryny kesgitleýär. Şeýle wajyp ähmiýetli resminamalaryň arasynda: «Maýa goýum işi hakynda», «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Daşary ýurt konsessiýalary hakynda», «Telekeçilik işi hakynda», «Uglewodorod serişdeleri hakynda», «Hususy önüm öndürijileri döwlet tarapyndan goldamak we höweslendirmek», «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak», «Syýahatçylyk hakynda», «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ätiýaçlandyrmak hakynda», «Daşary ykdysady iş hakynda», «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakynda» Türkmenistanyň kanunlary, «Ýer hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny, Salgyt kodeksi we beýlekiler bar. Olarda daşary ýurt maýa serişdelerini telekeçilik işiniň obýektlerine goýmagyň tertibi, taraplaryň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi, şeýle-de salgyt salmagyň düzgünleri, möçberi we olary tölemegiň möhletleri we ş.m. anyk bellenilýär. Ýurtda ileri tutulýan ugurlar boýunça telekeçiligi ýeňillikli şertlerde uzakmöhletleýin maliýeleşdirmek işi ýola goýuldy. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň kanuny kabul edildi» diýip bellenilýär.

Diýmek, ýakynda redaktirlenen we goşmaçalar girizilen degişli kanunlar ýurdumyzyň erkin ykdysady zolaklarynda iş bilen meşgul bolmagyň hukuk binýadynyň berk bolmagyny esaslandyrdy.

Türkmenistanyň «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky» kanunyna erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda kärhanalary döretmek we ýatyrmak, hojalyk subýektleriniň hukuklaryny we bähbitlerini kepillendirmek bilen bagly üýtgeşmeler, şeýle-de olaryň işleriniň esasy ýörelgelerini, gümrük düzgünleriniň pul we walýuta aýlanyşygynyň aýratynlyklaryny, bahany emele getirmekligiň meselelerini we ş.m. özünde jemleýän üýtgeşmeler girizildi. Kanunda daşary ýurt maýa goýumly kärhanalaryň goraglylygyny üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň ETYZ-de hojalyk ediji subýektleriň ähli hukuklarynyň we kanunçylyk bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillendirmek berk kesgitlenendir.

Erkin ykdysady zolaklaryň çäklerinde öz işini amala aşyrýan daşary ýurt maýadarlary we daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen düzgüne görä, maýa goýum taslamalaryň özüni ödeýşiniň möhletine baglylykda ýer bölеklerini kärendä almaga hukuklary bardyr. Olar şeýle-de, maslahat beriş we hasaba alyş ýygymlaryň, ylalaşyklaryň hasaba alyş birža ýygymlaryň, ygtyýarnama almak we ony täzeden hasaba almak boýunça döwlet ýygymlaryň,

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan düzgünlere we şertlere görä, ýer bölekleriň tölegleriden, Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen döwlet býujetine degişli däl gaznalara peýdadan alynýan ýygymlaryň töleginden boşadylýar.

Bu hakda hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «Daşary ýurt maýasy bolan kärhanalar ýörite ygtyýarnama almasyz öz önümi bolan harytlary (işleri, hyzmatlary) daşary ýurt bazarlaryna çykarmaga we özüniň harajatlary üçin zerur bolan önümleri (işleri, hyzmatlary) daşary ýurt bazarlaryndan getirmäge hukugy bardyr. Erkin ykdysady zolagyň çäklerinde desgalaryň gurluşygyny we ulanylyşyny amala aşyrýan daşary ýurtly maýadarlar, daşary ýurt maýasy bolan kärhanalar, şeýle-de olaryň potratçylary we kömekçi potratçylary tarapyndan Türkmenistana getirilýän enjamlar we serişdeler üçin sertifikasiýa hyzmatlaryna salynýan tölegler alynmaýar» diýip belleýär.

Bu zolaklarda telekeçilige we daşary ýurt maýasyny çekmeklige giň ýol açylýar. Erkin ykdysady zolaklarda dürli görnüşdäki kärhanalara kanun taýdan gadagan edilmedik hojalyk işiniň islendik görnüşi bilen meşgul bolmaga hukuk berilýär. Bu zolaklarda tutuşlygyna daşary ýurt maýadarlaryna degişli kärhanalary gurmaga-da mümkinçilik döredilýär. Işiň tiz ýola düşüp gitmegi üçin kärhanalary açmakda, hojalyk işlerini amala aşyrmakda döwlet tarapyndan ýeňillikler berilýär. Kärhanalar, telekeçiler 3 ýyla çenli suwy, elektrik energiýasyny, gazy ýeňillikli bahadan satyn alýarlar.

Erkin ykdysady zolaklary döretmek maksatnamasynyň çäklerinde kiçi işewürlige hem ýardam etmek bellenildi. Oňa laýyklykda sebitleýin ösüşiň döwlet-täjirçilik gaznalary özleriniň işini guramak isleýän şahsy taraplara, paýdarlar toparlaryna karzlary berýär. Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda ýerleşýän kärhanalaryň alyp barjak hojalyk gatnaşyklary şertnama esasynda gurulýar.

Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynyň çäklerinde aýratyn gümrük düzgüni hereket edýär. Bu düzgün zolagyň çäklerine getirilýän harytlary, emläkleri we zolagyň çäklerinden çykarylýan harytlary we emläkleri gümrük paçlaryny tölemekden boşatmagy göz öňünde tutýar.

Erkin telekeçiligiň zolaklarynyň ösüş strategiýasy kesgitlenilende ähli ýagdaýlarda esasy mesele daşary ýurt maýa goýum serişdelerini çekmekde we bilelikdäki kärhanalary döretmekde daşary ýurt kärhanalaryny höweslendirmegiň usullary bilen bagly bolup durýar. Dürli ýurtlarda bu ugurda hukuk, ykdysady, dolandyryş häsiýetli çäreler toplumy peýdalanylýar. Hukuk çäreleri babatynda aýdylanda bolsa, olar daşary ýurt maýa goýumlaryň hukuk kepilnamasyny üpjün etmelidirler. Daşary ýurt maýa goýumlaryň goraglylygynyň döwlet kepilnamasy Türkmenistanyň «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» kanunynda berkidilendir.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekligiň ykdysady çärelerine aşakdakylary degişli etmek bolar:

– import edilýän enjamlary, çig maly we önümçiligiň beýleki bölekleri gümrük paçlaryndan doly ýa-da bölekleýin boşatmak;
– peýda salynýan salgydy ýeňletmek. Bu babatda Hytaýyň tejribesi örän gyzyklydyr. Ol ýerde bilelikdäki we daşary ýurt kärhanalary birnäçe ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Döwlet kärhanalary bilen deňeşdireniňde bilelikdäki kärhanalara has az salgyt salynýar. Eger daşary ýurt kärhanasy aýratyn ykdysady zolakda ýerleşen bolsa oňa bary-ýogy 15 % salgyt salynýar.
– girdeji salgydyndan doly ýa-da bölekleýin boşatmak;
– erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryna ýurduň beýleki sebitlerinden getirilen ähli enjamlara, çig mallara eksport ýeňillikleri we höweslendirmeleri girizmek;
– eksportyň ýeňillikli şertlerini döretmek;
– ýerli salgytlardan boşatmak ya-da ýeňillikli salgyt salmak;
– daşary ýurt maýa goýumlarynyň islendik görnüşine rugsat bermek;
– ýeňillikli eksport we import ygtyýarnamalaşdyrylmagy;
– peýdany erkin alyp gitmek. Bu ýagdaý daşary ýurt maýa goýum serişdeleriniň kadaly hereket etmeginiň möhüm şertidir;
– milli walýutanyň doly ýa-da bölekleýin konwertasiya edilmegini üpjün edýän aýratyn walýuta düzgünini girizmek;
– çaltlaşdyrylan amortizasiýa;
– häzirki zaman bazar infrastrkturasyny döretmek;
– daşary ýurt we gatyşyk kärhanalara döwlet karzlaryny bermek.

Ýurdumyzdaky erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň her haýsysyna aýratynlykda seredip geçeliň:

**Aşgabat-Abadan eksport-senagat zolagy** – Aşgabat-Abadan demir ýolunyň demirgazygynda ýerleşen ýoluň bölegi (ini 5 *km*, uzynlygy 30 *km*). Zolakda alnyp barylýan işler, esasan, gurluşyk senagaty, agrar senagat önümlerini gaýtadan işlemek, ylym we energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek bilen baglanyşyklydyr.

**Mary-Baýramaly ykdysady zolagy** – Baýramaly we Mary şäherleriniň arasyndaky awtomobil bölegi (ini 5 km, uzynlygy 25 km). Ösdürilýän pudaklar: agrarsenagat önümlerini gaýtadan işlemek, oba hojalyk maşyngurluşygy, energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek.

**Hazar-Ekerem zolagy** – Hazar ýarymada, Hazardan Ekereme çenli Hazar deňziniň kenarýakasy (ini kesgitlenmedik, deňziň kenarýakasynyň boýy boýunça uzynlygy 150 km). Ileri tutulyp ösdürilýän pudaklar: nebit-himiýa senagaty, balykçylyk, syýahatçylyk pudagy.

**1. Daşoguz-aeroport** – Daşoguz şäherinden Daşoguz howa menziline çenli ýoluň ini 5 *km*, uzynlygy 12 *km* bolan zolagy. Ileri tutulýan pudaklar: oba hojalyk

önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek, zähmet siňňitli senagat önümçiligi, halkyň sarp edýän önümlerini öndürmek, syýahatçylyk.

**2. Seýdi-Türkmenabat** – Seýdi-Türkmenabat awtomobil ýolunyň ini 1 *km*, uzynlygy 105 km bolan zolagy. Ileri tululýan pudaklar: ýeňil we azyk senagaty, dürli enjamlaryň gurluşygy we maşyn gurluşygy.

**3. Baharly-Serdar** – Baharly-Serdar ýolunyň boýuna demirgazykdan we günortadan ini 3 *km*, uzynlygy 125 *km* zolagy. Ösdürilýän pudaklar: agrosenagat önümlerini gaýtadan işlemek, gurluşyk senagaty, rekreasiýa, milli hünärmentçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek.

**4. Aşgabat-Änew** – awtomobil ýolunyň Aşgabatdan Änewe çenli ini 5 kilometre deň bolan demir ýoldan demirgazykda ýerleşýän zolagy. Ösdürilýän pudaklar: agrosenagat önümlerini gaýtadan işlemek, ylym, energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek.

**5. Aşgabat-Aeroport** – halkara howa menziliniň çägi. Ileri tutulýan pudaklar: syýahatçylyk, söwda, dürli hyzmatlary ýerine ýetirmek.

**6. Güneşli Türkmenistan** – Ak bugdaý etrabynyň Magtymguly adyndaky daýhan birleşiginiň 5 ga meýdany;

**7. Ahal welaýatynyň Sarahs etraby.** Sarahs etrabynyň Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasy bilen döwlet serhediniň uzaboýuna 2 km bölegi.

**8. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy.** Türkmenbaşy şäherinden 20 kilometrlikde, Hazar deňziniň demirgazyk-gündogar kenarynda ýerleşýän şäherçe. Häzirki wagtda Awazanyň meýdany 1,700 gektar möçberinde kesgitlenildi. Şeýle hem ilkinji nobatda gurluşygy alnyp barylmaly 90 sany ýer ülüşleriň sanawy we möçberi tassyklanyldy. Ösdürilýän pudaklar: syýahatçylyk, dürli hyzmatlary ýerine ýetirmek.

# XXV bap IŞÇI GÜÝJÜNIŇ HALKARA MIGRASIÝASY

## 25.1. Zähmet migrasiýasy halkara ykdysady gatnaşyklaryň aýratyn görnüşidir

Hojalyk işiniň halkaralaşmagy, adamyň durmuş-medeni ýagdaýynyň demokratiýalaşmagy, milletara, döwletara dawalaryň ýitileşmegi, halkara terrorçylygyň ösmegi, tebigy we tehnogen betbagtçylyklaryň sanynyň ýokarlanmagy ilatyň

bir ýerden beýleki ýere süýşmegini artdyrdy. Dünýä jemgyýetçiligi bu ýagdaýy ýaňy-ýakynlara çenli beýle bir güýçli duýup barmaýardy. Emma, migrasiýanyň sanynyň üzül-kesil ýokarlanmagy, onuň oňaýly we oňaýsyz täsirleriniň çalt ýüze çykyp başlamagy bu meseläni diňe bir milli derejede däl-de, dünýä möçberinde sazlamak wezipesini öňde goýdy.

XXI asyryň başlarynda işçi güýjüniň halkara migrasiýasy örän uly möçberlere baryp ýetdi. Bu ýagdaý önümçilik sebäpleriniň halkara hereketiniň üzül-kesil ýokarlanmagy bilen düşündirilýär. Häzirki wagtda zähmet migrasiýasynyň halkara hereketine dünýäniň ähli ýurtlary çekilendir. BMG-niň berýän maglumatyna görä, bu san 1990-njy ýylda 154 million, 2000-nji ýylda 175 million adama barabar bolup, ol 1970-nji ýyl bilen deňeşdireniňde iki esse ýokarlanypdyr. Häzirki wagtda dünýä ilatynyň, takmynan 3%-i migrantlardyr. Migrantlaryň ýarysyndan gowragy ösüp gelýän ýurtlardan bolup, olaryň 2/3 bölegi senagat taýdan ösen döwletlere gidýärler. Mysal üçin, ÝB-de 56 million, Demirgazyk Amerikada 41 million migrant bar diýip hasap edilýär.

Migrantlaryň sany ýylboýy ýokarlanýar. Barlaglaryň netijesine görä, 1965–1985-nji ýyllar aralygynda dünýä boýunça 30 million migrant hasaba alnypdyr. Başgaça aýdylanda, munuň özi her ýylda 1,5 million adamyň ondan-oňa süýşendigini aňladýar. Eger 1970-nji ýylda 39 sany döwlet migrant kabul eden bolsa 1995-nji ýylda 67 ýurda, 2000-nji ýylda olaryň sany 72 döwlete ýetdi. Işçi güýjüni şol bir wagtyň özünde eksport hem-de import edýän ýurtlaryň sany üzül-kesil ýokarlandy. Işleýänleriň sanynyň üstüne migrantyň maşgala agzalary hem goşulanda onuň möçberi 3–4 esse ýokarlanýar. Netijede, işçi güýjüniň migrasiýasy dünýä ykdysadyýetinde görnükli orny eýeläp başlady.

Migrasiýa – latyn sözünden gelip çykyp, *göçüp gelmek, göçüp gitme, ýerini üýtgetme* diýen manylary berýär. Bu söz bilen diňe ilatyň däl-de haýwanlaryň, maýa goýum serişdesiniň, toprakdaky himiki elementleriň süýşmekleri hem aňladylýar. Ilatyň migrasiýasy – munuň özi adamlaryň bir ýerden beýleki bir ýere hemişelik ýa-da wagtlaýynça süýşmeklerine düşünilýär. Aýry-aýrylykda migrasiýa emmigrasiýa we immigrasiýa akymlaryna bölünýär. Ýurduň daşyna gidýänlere emmigrasiýa, gelýänlere immigrasiýa diýilýär. Emmigrasiýa bilen immigrasiýanyň tapawudy arassa migrasiýany, olaryň jemi bolsa migrasiýanyň jemi möçberini görkezýär. Olardan başga-da *reemmigrasiýa* we *reimmigrasiýa* düşünjeler hem bar. Reemmigrasiýa diýip, bir ýurda giden adamyň ol ýurtdan beýleki bir ýurda geçip gitmegine aýdylýar. Mysal üçin, Germaniýa iş gözläp giden adamyň Belgiýa geçip gitmekligine reemmigrasiýa diýilýär. Reimmigrasiýa bolsa onuň tersinedir. Mysal üçin, Türkiýeden Gazagystana iş gözläp gelen adamyň yzyna barman, göni Türkmenistana iş gözläp gelmekligine reimmigrasiýa diýilýär.

Migrasiýanyň geografiki ugry boýunça içerki we daşarky görnüşleri tapawutlandyrylýar. Içerki migrasiýa ýurduň territoriýasynyň çäginde bolup geçýän ilatyň



19. Sargyt № 832

ondan-oňa süýşmegidir. Ýurduň içindäki migrasiýa sebitleriň ösüşi, ykdysadyýetiň möwsümleýinligi, durmuş ýagdaýlar bilen baglanyşyklydyr. Daşary migrasiýa döwletara, sebitara, sebitiçre, yklymara (kontinentara), yklymiçre degişlidir.

Adamlaryň bir ýerden beýleki ýere köpçülikleýin süýşmekleri täze dörän hadysalaryň biri däldir. Ol gözbaşyny gadym döwürlerden alyp gaýdýar. Mysal üçin, adamzat taryhyndaky basybalyjylykly ýörişler ilatyň köpçülikleýin gaçyp gitmegine, käbir halklaryň we halkyýetleriň ýitip gitmegine, täze milletleriň döremegine getirdi.

Ilatyň migrasiýasynyň uzak möhletliligini aşakdakylara bölmek bolar:

– hemişelik ýa-da yzyna gaýdyp gelmeýän (hemişelik migrasiýa daşary migrasiýada yklymara, içerki migrasiýada obadan şähere göçülende ýüze çykýar);
– wagtlaýyn (düzgün bolşy ýaly yklymiçre migrasiýa);
– möwsümleýin (mysal üçin, çarwalaryň ondan-oňa süýşmekleri. Möwsümleýin migrasiýa ýurduň içinde we daşynda hem bolup bilýär. Mysal üçin, Russiýanyň sowuk ýerlerinde gurluşyk işlerini alyp barmakda kynçylyk döredýär. Şonuň üçin az wagtlyk maýyl günlerde bu ýerlere ýurduň içinden we daşyndan köp mukdarda işçi güýji çekilýär);
– maýatnikleýin (her günde ýaşaýan ýeriňden daşyna gidip gelmeklik. Mysal üçin, Ahal welaýatynyň obasyndan gatnap Aşgabatda işlenilmegi. Daşary migrasiýanyň maýatnik görnüşi ÝB-de giňden ýaýrandyr. Meselem, Belgiýanyň raýatynyň her gün Fransiýa gatnap işlemegi).

Migrasiýa hukuk derejesine laýyklykda legal däl (hakyky däl, kanuny däl) we legal (hakyky, kanuny) migrasiýa bölünýär. Legal däl migrant diýip beýleki ýurduň çägine kanuny däl ýol bilen aralaşan, öz işini kanuny däl ýol bilen alyp barýan şahsy tarapa düşünilýär. Wiza möhleti dolan, ýöne yzyna dolanmadyk, wagtynda şol ýurduň migrasiýa gulluklaryna ýüzlenmedik adamlar hem legal däl migrantlara degişlidir.

Migrasiýany durmuş, etniki, ýaş, jyns alamatlary boýunça birnäçe toparlara bölýärler. Mysal üçin, BMG-niň toparlara bölmesine laýyklykda zähmetkeş migrasiýa diýip, zähmete ukyply ilatyň hakyna tutma iş bilen meşgullanmak üçin bir ýyldan az bolmadyk möhlet bilen daşary ýurtlarda bolmaklygyna aýdylýar.

Zähmet serişdeleri bazary beýleki serişdeleriň bazary bilen hemişe gabat gelip durmaýar. Zähmet beýleki harytlardan tapawutlylykda ol saklanmaga degişli däldir. Ol beýleki harytlaryň önümçilik sebäbi hökmünde çykyş edip, sosial gatnaşyklaryň çylşyrymly toplumy bilen baglanyşyklydyr. Işçiniň hünär derejesi önümçiligiň, ýekebara we kollektiwleýin zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna getirýär. Şeýle hem ýokary hünär taýýarlyk höweslendirmegiň we imrindirmegiň esasy usuly bolup çykyş edýär. Zähmet bazary islegiň we teklibiň kanuny esasynda hereket edip özboluşly bazardyr. Ol bazara esasy sazlaýjylar bolan makro we mikro ykdysady

görkezijiler bilen bir hatarda durmuş, psihologiki faktorlar hem täsir edýär. Şol bir wagtyň özünde zähmet bazaryna döwlet, korporasiýalar, kärdeşler arkalaşyklary, zähmetiň halkara guramasy (ZHG) düýpli täsir edýär.

Zähmet bazary kapitalistik şertlerde wezipeleýin-guramaçylyk we düzüm taýdan aşakdaky düzüm bölekleri özüne birleşdirýär: iş bilen üpjünçilik babatyndaky döwlet syýasaty, işgär taýýarlamak, hakyna tutmak, şertnama, täzeden taýýarlamak, işsizleri goldamak, zähmet biržasy, hukuk ulgamy.

Halkara zähmet bazarynyň emele gelmegi halkara zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagyna getirýär. Onuň ösmegi önümçiligiň iki sany esasy sebäbi bolan zähmet we maýa goýum bilen baglanyşyklydyr. Maýa goýum baran ýurdunda işçi güýjüne bolan islegi döredýär. Bu isleg diňe bir ýerli zähmete däl-de, deňeşdirilende artykmaçlykly (mysal üçin, zähmet düzgün-nyzamyny pugta berjaý edýän, hak tölegi pes) zähmete hem islegi ýokarlandyrýar. Şeýle isleg maýa goýum daşary ýurtlarda uly önümçiligi ýola goýanda ýüze çykýar.

Migrasiýanyň ösüşini, adatça, üç sany uly tolkuna bölýärler. Gadymy migrasiýa diýip at alan birinji tolkun XIX asyryň üçden iki bölegini öz içine alýar. Bu aralyga, esasan, senagatda zähmet çekýän işçileriň migrasiýasy häsiýetlidir. Ikinji tolkun XIX asyryň ahyrlaryndan XX asyryň 30-njy ýyllaryny öz içine alýar. Oňa täze migrasiýa diýilýär. Bu aralyga, esasan, daýhanlaryň migrasiýasy häsiýetlidir. Migrasiýanyň üçünji tolkuny Ikinji jahan urşundan soň başlandy. Bu döwürde ösüp gelýän ýurtlardan ösen döwletlere tarap birwagtyň özünde hünär derejesi pes işçiler we ýokary taýýarlykly hühärmenleriň, «akyl ýitgisiniň» uly akymy emele geldi.

Adamlaryň bir ýurtdan beýleki ýurda gitmekligine birnäçe ýagdaýlar sebäp bolup bilýär. Olaryň ilkinji sebäpleriniň biri işsizlikdir. Ösen ýurtlarda işsizligiň möçberi ortaça 5–10% derejede saklanýar. Ösüp gelýän ýurtlarda bu görkeziji 30–40%, çökgünlik şertlerinde bu görkezijiler has hem ýokarlanýar. Işsizligiň esasy görkezijileri bolup aşakdakylar çykyş edýär:

– friksion–işçileriň hünär, ýaş, sebitleýin ýagdaýlar bilen baglanyşyklylykda ondan-oňa süýşmekleridir. Olar ozalky iş ýerlerini taşlap täze işe gidýänlerdir. Işsizligiň bu görnüşiniň esasy alamaty meýletinlik we uzak möhletsizligidir;
– düzümleýin–tehnikanyň, tehnologiýanyň, önümçiligiň we islegiň düzüminiň üýtgemeginiň netijesi bolup çykyş edýär. Bu görnüş uzakmöhletli häsiýete eýe bolup, ol goşmaça harajatlary we käbir ýagdaýlarda ýaşaýan ýeriňi üýtgetmeklige hem getirýär;
– tapgyrlaýyn (siklleýin)–ol bazar ykdysadyýetinde üznüksiz önümçiligiň gyradeň bolmadyk häsiýeti bilen baglanyşyklydyr. Tapgyrlaýyn migrasiýa çökgünlik şertlerinde ulalýar, ykdysadyýet we önümçilik çökgünlikden çykdygyça peselýär. Işsizligiň şeýle görnüşi aýratynda önümçilik usuly üýtgedilende, ýagny ylmy-tehniki ösüşiň esasynda guramaçylygyň we tehnologiýanyň täze görnüşine geçilende ýüze çykýar.

Zähmet hakynyň gyradeň bolmazlygy zähmetkeş migrasiýanyň esasy sebäpleriniň biridir. Şol bir görnüşli önümçilikde zähmet çekýänleriň alýan zähmet haklary birmeňzeş däldir. Mysal üçin, awtomobil önümçiliginde zähmet çekýän meksikan işçisiniň aýlyk haky amerikan işçisiniňkiden 10 esse diýen ýaly pesdir. Munuň özi ýurduň durmuş-ykdysady, ylmy-tehniki ösüşi bilen baglanyşyklydyr.

Durmuş-ykdysady sebäplerden başga-da syýasy, harby ýagdaýlar halkara migrasiýa güýçli täsir edýär. BMG-niň bosgunlar baradaky halkara komitetiniň maglumatyna görä, 2010-njy ýylda dünýä boýunça 80 milliondan gowrak bosgun bolup, onuň 60 milliona golaýy musulman ýurtlaryndan gaçan adamlardyr.

Soňky ýyllarda legal däl migrantlaryň sany artyp başlady. Hytaýlylar – Russiýada, ABŞ-da, alžirliler – Fransiýada, pakistanlylar – Angliýada kanuny däl ýol bilen has köpelip başladylar. Legal däl migrasiýa telekeçilere iň pes hak tölenýän, hiç hili hukuksyz işçi güýjüni peýdalanmak arkaly örän ýokary peýda almaklyga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin ösen ýurtlaryň migrasiýa gulluklary ösüp gelýän ýurtlardan gelýän legal däl migrasiýanyň öňüni alyp bilmeýärler.

## 25.2. Halkara migrasiýanyň esasy merkezleri

Migrasiýanyň taryhyndan belli bolşy ýaly adamlaryň ilkinji köpçülikleýin süýşmegi zorluk häsiýetine eýe bolupdyr. Bu ýagdaý XVII–XIX asyrlarda gul söwdasynyň ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin 1650–1850-nji ýyllar aralygynda Afrikanyň ilaty 22% azalypdyr.

Adamlaryň köpçülikleýin erkin migrasiýasy XIX–XX asyrlarda ýewropalylaryň Amerika yklymyna süýşmegi bilen başlanýar. XIX asyrda Ýewropadan Amerika jemi 30 million adam göçüp gidýär. Birinji jahan urşuna çenli ýene-de 19 million adam Ýewropadan Amerika gidýär. 1914–1918-nji ýyllar aralygynda migrasiýanyň arasy üzülýär. 1918–1939-njy ýyllar aralygynda 9 million adam okeanyň aňyrsyna hemişelik ýaşamaga gidýär. Ikinji jahan urşy migrasiýanyň arasynyň üzülmegine getirýär. Ondan soň bu hereket täzeden janlanyp başlaýar.

Migrantlaryň esasy akymy ösen kapitalistik ýurtlara tarap ugur alýarlar. Olara ilkinji nobatda ABŞ, Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, ÝB ýurtlary degişlidir. Ozallar migrasiýa yklymara häsiýete eýe bolsa, indi onuň yklymiçre görnüşi barha giňeýär. Şol bir wagtyň özünde immigrasiýa köp ýurtlaryň ilatynyň ösüşiniň esasy çeşmesi bolup çykyş edýär.

Dünýä migrasiýasynyň esasy ojagy bolup ÝB çykyş edýär. Günbatar Ýewropada migrasiýanyň esasy ojaklary Germaniýa, Fransiýa, Angliýa, Belgiýa, Şweýsariýadyr. Umuman alanyňda, Ýewropa ýurtlarynda ilatyň tebigy artyşynyň peselmegi ýa-da togtamagy olaryň immigrasiýa bolan isleginiň hemişe ösmegine getirýär. Käbir ýurtlar gös-göni immigrasiýanyň hasabyna ilatyň sanynyň şol bir möçberini

saklamaga mümkinçilik alýarlar. Şeýle ýurtlara Germaniýa, Baltika döwletleri we beýlekiler degişlidir.

Migrantlaryň ikinji merkezi Ýakyn Gündogar ýurtlary hasaplanylýar. 1970-nji ýylda bu ýurtlarda iri nebit ýataklarynyň açylmagy işçi güýjüne bolan islegiň birden ösmegine getirdi. Dünýäniň bu sebitine 1990-njy ýyllarda dürli ýurtlardan gelen işçileriň sany 4,5 million adama ýetip, ýerli işçileriň sany 2 milliona hem ýetmeýärdi.

Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň käbirinde immigrantlar örän uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, BAE-de zähmet çekýänleriň – 97%-i, Kuweýtde – 86,5%-i, Saud Arabystanynda – 40%-i migrantlardyr.

Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň içinde migrasiýanyň esasy merkezleriniň biri hem Ysraýyldyr. Diňe 1989–1994-nji ýyllar aralygynda GDA ýurtlaryndan 500 müň adam göçüp geldi. Bu ýurda gelýän migrantlar aýratyn görnüşe eýedir.

Migrasiýanyň häzirki zaman üçünji merkezi bolup, ABŞ çykyş edýär. Taryhy taýdan bu ýurduň işçi güýji serişdesiniň emele gelmeginde immigrasiýanyň ähmiýeti örän uludyr. Häzirki wagtda daşary ýurtly işçiler umumy işçi güýjüniň 5%-ine eýedir. Ikinji jahan urşundan soň ABŞ-nyň immigrasiýasyny birnäçe döwürlere bölmek bolar. Birinji döwür Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan ABŞ-a 6,6 million adamyň gelmegi bilen başlanýar. Ikinji döwür 1965-nji ýylda Aziýa we Latyn Amerikasy ýurtlary üçin täze migrasiýa kanunynyň kabul edilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu kanuna 1993-nji ýylda girizilen üýtgeşmelere laýyklykda Irlandiýadan, Polşadan, Italiýadan, şeýle hem Argentinadan gelýän immigrantlara has ähmiýet berlip başlandy.

Halkara migrasiýasynyň üçünji merkezi bolup, Awstraliýa çykyş edýär. Bu döwlet her ýyl 200 müňe golaý işçi güýjüni kabul edýär. Awstraliýa hem edil ABŞ ýaly immigrantlaryň uýgunlaşmagy ugrunda alada edýär. Şonuň üçin bu ýurt Ýewropa ýurtlaryndan, hususan-da, Russiýadan barýan immigrantlara örän uly ähmiýet berýär. Şeýle hem Awstraliýada ýurtda işewürligi ösdürmek üçin ykdysadyýete maýa goýýan taraplara uly ýeňillikler döredilýär.

Aziýa – Ýuwaş umman sebiti – Bruneý, Ýaponiýa, Sýangan (ozalky Gonkong), Malaýziýa, Singapur, Koreýa, Taýwan, Pakistan ýaly ýurtlar halkara migrasiýanyň bäşinji merkezi bolup çykyş edýärler. Mysal üçin, soňky ýyllarda Ýaponiýa hem işçi güýjüni kabul edip başlady. Şol bir wagtyň özünde Ýaponiýa göni maýa goýumlar bilen bilelikde ýokary hünär taýýarlykly hünärmenleri eksport edip başlady. Migrasiýanyň bu görnüşine professionallaryň üstaşyr migrasiýasy diýilýär.

Pakistanyň migrasiýasy Ýaponiýanyňkydan düýpgöter başgaçadyr. Bu ýurt ýokary taýýarlykly işçi güýjüni import, hünär taýýarlygy pes işçileri eksport edýär.

Latyn Amerikasy işçi güýjüni çekmegiň altynjy merkezi bolup çykyş edýär. Argentina we Wenesuela Latyn Amerikasynda immigrantlaryň esasy ojagy hökmünde bellidir. Ýöne olaryň immigrasiýasy aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Sebäbi Argentina, Boliwiýa, Braziliýa, Wenesuela, Çili we Paragwaý ýörite maksatnama

esasynda gündogar ýewropalylary we ozalky SSSR-iň düzümine giren respublikalardan gelýän migrantlary subsidirleýärler. Sebäbi olar nebitçilere, inžener-himikler, fermerlere ýiti mätäçlik çekýärler.

Afrika yklymynda migrasiýanyň merkezi bolup çykyş edýän döwlet Günorta Afrika Respublikasydyr (GAR). Ol dünýäniň ýedinji migrasiýa merkezi hasaplanýar. Günorta Afrika Respublikasyna goňşuçylykda ýerleşýän döwletlerden hünär derejesi pes ýa-da bolmadyk işçiler gelýärler. Ýurduň özi bolsa ozalky soýuz döwründe taýýarlanan hünärmenleri köpçülikleýin çekmek maksady bilen ýörite maksatnama arkaly olary goldaýar.

## 25.3. Migrasiýanyň oňaýly we oňaýsyz taraplary

Halkara zähmet migrasiýasy köpölçegli obýektiw proses bolup, onuň esasynda ykdysady we ykdysadyýetden daşary sebäpler ýatyr. Işçi güýjüniň migrasiýasy olary eksport we import edýän ýurtlara oňaýly we oňaýsyz täsir edýär. Ilkinji nobatda işçi güýjüni eksport edýän ýurduň artykmaçlyklaryna seredeliň. Işçi güýjüniň eksporty ony daşary ýurtlara çykarýan ýurduň artykmaçlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Işsizligiň peselmegine we onuň üçin durmuş harajatlarynyň peselmegine;

2. Daşary ýurda giden raýatlar hünär tejribesini artdyrmaga mümkinçilik alýarlar. Şeýle hem olar alýan girdejileriniň bir bölegini öz ýurduna ugradýarlar. Daşary ýurt walýutasynda ugradylan pullar ýurduň töleg balansynyň gowulanmagyna getirýär.

3. Emmigrantlar, köplenç halatda, milli ykdysadyýete maýa goýujylar bolup çykyş edýärler. Bu iş önümçiligi, ýeri, gozgalmaýan emlägi, gymmat bahaly kagyzlary satyn almak arkaly amala aşyrylýar.

4. Emmigrantlaryň bir bölegi telekeçilik işini ýola goýmaga mümkinçilik berýän pul serişdesi bilen yzyna dolanyp gelýärler. Netijede, ösüp gelýän ýurt telekeçilik işini janlandyrmaga goşmaça mümkinçilik alýar.

5. Işçi güýjüni eksport edýän döwlet bu işi amala aşyrýan aralykçy kärhanalaryň peýdasyna salmak arkaly býujetiň çeşmelerini köpeldýär.

6. Işçi güýjüni eksport edýän döwlet olary import edýän ýurduň üznüksiz önümçiliginde işleýän zähmetkeşlerinden gelýän girdejileriň bir bölegini bilime, durmuş ulgamyna gönükdirmäge mümkinçilik gazanýarlar.

Bu aýdylanlardan başga-da, işçi güýjüni eksport edýän döwletiň býujetine geçirilýän göni salgytlary gazanýar. Mysal üçin, Türkiýede ýaş emmigrantlar gullukdan wagtlaýynça boşadylandyklary üçin töleg töleýärler. Umuman alanyňda, işçi güýjüniň eksporty milli ykdysadyýet üçin ähmiýetli orna eýedir.

Zähmet migrasiýasynyň oňaýsyz taraplaryna aşakdakylar degişlidir:

1. Zähmet çekmäge ukyply ilat daşary ýurtlaryň jemi içerki önümini ösdürmeklige gatnaşýarlar.

2. Daşary ýurtlara bäsleşige ukyply ilatyň ýaş gatlagy, telekeçilik gurbaty bolan ilat gidýär. Ýurduň telekeçilik ukybynyň gitmegi ykdysadyýetiň ösmegini bökdeýär. Aýratyn-da, akyl zähmetini çekýän adamlaryň gitmegi ýurduň uly ýitgi çekmegine getirýär.

3. Ýaş ilatyň, hususan-da, erkekleriň gitmekleri ýurduň demografiýa ýagdaýyna oňaýsyz täsir edýär

Işçi güýjüni import edýän ýurtlar birnäçe artykmaçlyklara eýe bolýarlar:

1. Deňeşdirilende arzan, hiç hili durmuş-ykdysady goldawlary talap etmeýän işçi güýjüne eýe bolýarlar.

2. Ýerli işgärleri taýýarlamak, gaýtadan okatmak üçin harajat çykarmaýarlar. Mysal üçin, ABŞ ýurda çekilen bir alym-gumanitardan 230 müň dollar, jemgyýetçilik ylymlary alymyndan 235 mün, inženerden 253 müň, lukmandan 646 müň dollar arassa peýda görýär. Netijede, umumy utuş onlarça milliard dollara ýetýär. Immigrantlaryň akymyny ulanmak netijesinde Kanadanyň alýan girdejisi, ösýän döwletlere berýän kömeginiň möçberinden 7 esse köpdür.

3. Immigrantlar baran ýurdunda harytlaryň we hyzmatlaryň sarp edilişiniň ösmegine, netijede jemi içerki ösüşiniň artmagyna şert döredýärler.

Işçi güýjüniň importynyň oňaýsyz taraplaryna aşakdakylar degişlidir:

1. Ýerli ilat bilen immigrantlaryň arasynda häli-şindi oňşuksyzlyklar ýüze çykýar.

2. Ýerli işçileriň aýlyk haklarynyň we beýleki durmuş-ykdysady goldawlarynyň ösüşiniň bökdelmegine, sosial dartgynlyklaryň artmagyna getirýär.

3. Häli-şindi düzgün bozulmalar ýüze çykýar.

Umuman, işçi güýjüni halkara hereketi harytlaryň, hyzmatlaryň, maýa goýumyň erkinleşmegi bilen bir hatarda onuň hem halkaralaşmagy barha güýçlenýär. Munuň özi dünýäniň zähmet bazarynyň barha globallaşmagyna, onuň garyşmagynyň güýçlenmegine getirýär.

## 25.4. Döwletleriň immigrasiýa syýasaty

Işçi güýjüni import edýän döwletler içerki islegi daşyndan gelýän zähmet serişdeleri arkaly kanagatlandyrmak üçin hil we mukdar taýdan dürli sazlaşdyryjy çäreleri alyp barýarlar. Bu çäreler ýurduň immigrasiýa syýasatyny emele getirýär.

Işçi güýjüni mukdar taýdan sazlamak işinde ilkinji gural bolup *immigrasion paý (kwota)* çykyş edýär. Immigrasion kwota her ýyl importýor döwletiň hökümeti tarapyndan tassyklanýar. Kwota kesgitlenende çekilýän zähmetiň ýurdunyň ykdysady, syýasy ýagdaýy, ýaş, jyns we bilim derejesi we düzümler göz öňünde tutulýar.

Immigrasion kwota immigrantlaryň kesgitli proporsiýalary arkaly dürli baha beriş ölçegleri esasynda paýlanyp bilner. Mysal üçin, ABŞ-da 1995-nji ýyldaky

kwota paýlamasynda ýurda gelýänleriň 71%-niň ABŞ-da garyndaşynyň bolmaklygy, 20%-niň hünär taýýarlygy ýokary bolanlaryň, 9%-niň umumy migrantlar bolmaklygy göz öňünde tutulypdyr. 1996-njy ýyldaky immigrasiýa baradaky täze kanunda kwotanyň möçberi artdyrylan hem bolsa, migrantlaryň hil düzümi baradaky baha beriş ölçegleriniň talaplary has kynlaşdyrylypdyr.

Zähmet migrantlarynyň hil düzümi birnäçe usullar arkaly sazlaşdyrylýar. Olara ilkinji nobatda ýaşyň, alan ýokary bilimiň, belli bir ugurda eden ýa-da alyp barýan işiň, sosial ýagdaýyň ýaly usullar degişlidir. Sosial ýagdaý immigrasiýada ýokary ähmiýete eýedir. Mysal üçin, köp ýurtlarda ýurduň ykdysadyýetine maýa goýmak isleýän, ýa-da banklara pul goýan migrantyň raýatlyk almak işi beýlekilere garanyňda has ýokarydyr. Ýaş düzümi hem uly ähmiýete eýedir. Immigrantlary kabul etmek syýasatynda ýaşlar möhüm orny tutýar.

Immigrasiýanyň milliligi–hil alamaty bolup, immigrantlary kabul edýän döwlet umumy milliligi saklamak üçin ýöredilýär. Mysal üçin, ABŞ-da akýagyz ilatyň sanyny saklamak we ony köpeltmek üçin ýewropalylara aýratyn ähmiýet berýär.

Işçi güýjüniň hiline başga-da birnäçe talaplar bildirilýär:

– migrantyň saglyk ýagdaýynyň gowy bolmagy (mysal üçin, ABŞ we Skandinaw ýurtlary şeýle syýasat ýöredýärler);
– hünärine, kärine degişli goşmaça talaplar (mysal üçin, daşary ýurtly migrant programmaçy ABŞ-nyň kompýuter ulgamy bilen tanyş bolmalydyr);
– şahsylyk we psihologik çäklendirmeler. Mysal üçin, GAR-yň raýatlygyny almak üçin «mylakatly häsiýete» eýe bolmalydyr. ABŞ-da soňky ýyllarda totalitar görnüşli diýip hasap edilýän partiýalara degişli adamlara çäklendirmeler girizildi.

Hil alamata başga-da birnäçe talaplar girizilip bilner. Olara ýaş, maşgala, zähmet sertifikaty, hünär taýýarlygy, ylym ugrundan alyp barýan işi, ylmy gurbaty, adamyň durnuklylygy, syýasy garaýyşlary degişlidir. Döwletleriň immigrasiýa syýasatynda işewürlere aýratyn üns berilýär.

Immigrasiýa syýasatynyň esasy maksatlarynyň biri hem gözegçilik edilmeýän işçi güýjünden ýerli işçileri goramak bilen baglanyşyklydyr. Immigrantlaryň akymynyň yzygiderli köpelmegi ýerli işçileriň işsiz galmagyna, olaryň hökümete bolan ynamynyň gaçmagyna, döwletleriň işsizlere töleýän kömek pullarynyň artmagyna, milletara dawalaryň tutaşmagyna alyp barýar.

## 25.5. Döwletleriň emmigrasiýa syýasaty

Halkara zähmet guramasy döwletleriň emmigrasiýa syýasatyna şeýle kesgitleýär: işçi güýjüniň eksporty – işsizligi azaltmaga, walýuta serişdeleriniň gelmegine, eksport-import amallarynyň deňeçerleşmegine, işçileriň ýokary durmuş derejelerine barmagyna, bilimini, hünärini artdyrmaga mümkinçilik bermelidir.

Häzirki zaman zähmet migrasiýasy dürli serişdeler we usullar arkaly milli ykdysadyýetiň ösüşine ýardam berýär. Umuman, döwletleriň emmigrasiýa syýasaty aşakdaky maksatlary yzarlaýar:

– döwletiň bähbitlerini goramak – köp ýurtlar emmigrasiýany işçi güýjüniň erkinligi, adam hukuklarynyň ýokary tutulýandygy hökmünde häsiýetlendirýärler;
– emmigrantlaryň gazançlarynyň bir bölegi ýurduň walýuta ätiýaçlygynyň, töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmakda ulanylýar;
– daşary ýurtlara giden migrantlary goramak maksady bilen iki we köptaraplaýyn şertnamalar baglaşylýar. Emmigrantlaryň giden ýurdunda ýörite wekil, mysal üçin, ilçihanalara zähmet attaşesini belläp, şertnamalaryň, borçnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär.
– döwletiň emmigrasiýa syýasatynda migrantlary goramak çäreleriniň esasynda işçi güýjüni ygtyýarnamalaşdyrmak işi alnyp barylýar. Belli bir möhlet bilen daşary ýurda giden işçi bildirilýän talaplary ýerine ýetirmese, onda oňa ygtyýarnama berilmeýär;
– emmigrasiýa syýasatynda iki tarapyň hem bähbitlerini goramak göz öňünde tutulýar.

Türkmenistan hem häzirki wagtda işçi güýjüniň halkara migrasiýasyna işjeň goşulýar. Türkmenistanyň migrasiýa baradaky syýasaty «Migrasiýa baradaky» kanun arkaly sazlanylýar.

# XXVI bap
# WALÝUTA KURSY

## 26.1. Walýuta kursy barada düşünje. Altyn we karz-kagyz pullaryň alyş-çalşygynyň gymmat deňeçerligi (proporsiýasy)

Halkara alyş-çalşygynda hasaplaşyk-töleg üpjünçiligi wajyp ähmiýete eýedir. Bu herekete bir ýurduň pul birliginiň beýleki ýurduň pul birligine deňeçerlik esasda çalşylmagy degişlidir. Bu deňeçerlige walýuta kursy diýilýär. Walýuta kursy haryda (mysal üçin, altyn, kümüş), haýsy hem bir walýuta ýa-da walýutalar topary esasynda baha kesmekdir.

Walýuta kursy gymmatyň emele gelmeginde, jemgyýetiň ykdysady-tehnologiki taýdan ösmeginde möhüm orun eýeleýär. Walýuta kursunyň haryt deňeçerligi

häzirki wagtda düýbünden hereket etmeýär. Walýutalaryň gymmaty, onuň beýleki walýuta deňeçerligi dünýä walýutasynda aňladylýar. Häzirki wagtda dünýä ýurtlarynyň milli walýutalarynyň kursy, esasan, ABŞ-nyň dollarynda aňladylýar.

Walýuta kursy milli pul birliginiň çäklendirmesini ýeňip geçmekde hem möhüm ähmiýete eýedir. Bir walýutanyň beýleki walýuta garanyňda üýtgemegi bütewüleşdirilen (unifisirlenen) halkara deňeşdirmäniň baha beriş ölçegi bolup çykyş edýär. Ol baha beriş ölçegleri harytlaryň, hyzmatlaryň bahasy, zähmet hakyny we beýleki gymmatlyklary halkara derejesinde deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Bu görkezijileri hasaplamak bilen eksport-import amallaryň netijeliligine, daşary ýurt maýa goýumlarynyň maksadalaýyklygyna, ol ýa-da beýleki pudagyň bähbitliligine, milli ykdysadyýetiň HZB-e gatnaşygynyň derejesine göz ýetirmäge mümkinçilik döreýär.

Pul birlikleriniň deňeçerligi ýa-da walýuta kursunyň esasynda söwda-senagat palatalarynyň, maliýe kompaniýalarynyň, merkezi banklaryň, halkara ykdysady guramalaryň, walýutalaryň alyş-çalşygynyň, daşary söwdanyň, pul-karz serişdeleriň, daşary ýurt maýa goýumlaryň, uzakmöhletli maliýe gymmatlyklarynyň hereketine yzygiderli gözegçilik edilýär.

Halkara ykdysady gatnaşyklarda daşary walýuta kursy diýip, bir walýutanyň beýleki walýutada hasaplanmasyna aýdylýar. Ýöne, walýutalaryň biri-birinde aňladylmasy obýektiw ykdysady esaslarda bolmalydyr. Walýuta kursunyň obýektiw kesgitlenilmegi daşary ykdysady gatnaşyklary, milli ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygyny artdyrmaga mümkinçilik berýär.

**Altyn walýuta kursunyň emele gelmegi.** Altyn walýuta kursy şertlerinde milli walýutanyň kursy altynda aňladylýar. Şeýle kurs ilkinji gezek 1816-njy ýylda Beýik Britaniýada ýola goýuldy. Ol kursa laýyklykda 4,2474 funt sterling 1 troýsk unsiýa diýlip kesgitlenildi. Netijede, 1 funt sterling 7, 3229 gram arassa altyna deň boldy. 1873-nji ýylda ABŞ-da altyn walýuta kursy dikeldildi. Altynyň dollar bahasy 20,67 dollar 1 troýsk unsiýa diýlip kesgitlenildi. Şeýle ýagdaýda 1 dollar 1,5047 gram arassa altyna deň diýip kesgitlenildi.

Köp döwletleriň hökümeti kesgitlenen altyn kursy esasynda walýutalary özara alyş-çalyş edip başladylar. Şol wagtlarda iňlis funt sterlingi bilen amerikan dollarynyň kursy şeýle ýagdaýda kesgitlenilýärdi:

$$1\, f.s. = \frac{20{,}67 \textit{ amerikan dollary} / 1 \textit{ troýsk unsiýa}}{4{,}2474 \textit{ f. st.} / 1 \textit{ troýsk unsiýa}} = 4{,}8665\ \$.$$

Degişlilikde, 1 amerikan dollary 0,2055 funt sterlinge deň diýip hasaplanyldy. Birinji jahan urşuna çenli 9 rubl 46 köpük 1 funt sterlinge, 1 rubl 94 köpük 1 amerikan dollaryna deň diýip hasaplanylýardy.

Altyn walýuta gory ýokary bolan döwletlerde kurs uzak wagtlap hereket etdi we olaryň halkara alyş-çalşygy hem altyn walýuta gory az ýurtlara garanyňda has köpdür. Altyn gory az döwletlerde milli walýutanyň kursy häli-şindi üýtgedildi.

Altyn standartynyň düzgüni boýunça altyn diňe içerki hasaplaşykda däl-de, halkara gatnaşyklarda hem erkin ýagdaýda peýdalanylýardy. Eger importýor döwlet tölegi serhetden daşyna çykarmakçy bolsa, onda merkezi banklaryň ýa-da kursy kesgitleýän beýleki döwlet edaralarynyň üsti arkaly olaryň milli walýutasynyň kursuny tassyklaýan resminamany alýar. Alnan resminama laýyklykda iki walýutanyň kursy hasaplanyp, ol ýurduň walýutasy alynýardy. Bu ýerde altyn standartyň esasynda iki walýutanyň kursy birek-birege deňeşdirilýärdi. Ýöne bu ýerde kurslaryň sähelçe üýtgemegi bolup geçýär. Eksport edilende walýutanyň altyn standarty peseldilýär, import edilende ýokarlandyrylýar. Import kursuň ýokary bolmagy goşmaça harajatlaryň ýüze çykýanlygy bilen düşündirilýär. Walýutanyň altyn standartynyň üýtgäp durýan aralygyna ***altyn nokat*** diýilýär.

Altyn standarty wagtynda halkara tölegler amatly bolany üçin daşary ýurt wekselleriňde (geçirilýän tratta) alnyp barylýardy. Şonuň üçin şol wagtky altyn standarty kursa weksel kursy hem diýilýärdi. Halkara karz pullarynyň beýleki görnüşleriniň ösmegi bilen çek, banknot, poçta, telegraf we elektron gecirijiler ulanylyp başlandy.

Döwletleriň arasyndaky pullaryň barmagy we yzyna gaýtmagy ykdysady gatnaşyklar bilen kesgitlenilýärdi. Mälim bolşy ýaly halkara borçnamalar ahyry üzülişmäge degişlidir. Şonuň üçin islendik döwletiň halkara bergidarlygy aýry-aýry döwletler we tutuş dünýä boýunça hasaplanylýardy. Halkara algydarlyk we bergidarlyk ýurduň töleg balansynyň ýagdaýyny şöhlelendirýärdi. Amatly töleg balansy şertlerinde ýurda gelýän pullar çykarylýan pullardan agdyklyk edip weksel kursy saklanýardy. Tersine, cykarylýan pullar agdyklyk edende milli walýuta bolan isleg we onuň weksel kursy aşak düşýärdi. Weksel kursunyň altyn nokadyň arasyndaky hereketi, altyny daşary ýurda ibermek zerurlygynyň ýüze çykmagy, halkara amallaryny alyp barýan banklaryň daşary ýurt walýutasyny satyn almagyny bes etmegi ýaly ýagdaýlar ýüze çykanda wekseller ýerli bazara pes bahadan hödürlenilýär. Käbir ýagdaýlarda olaryň bahasy ýokary galýança (passiw töleg balansy şertlerinde) saklanylýar.

**Karz-kagyz pullaryň alyş-çalşygynyň gymmat deňeçerligi (proporsiýasy).** Birinji jahan urşundan soň altyn walýuta standarty dolanyşykdan aýrylyp, walýuta kurslary giňäp başlady. Walýutalary indi altyna däl-de, biri-birine çalşylmak meýli ýokarlandy. Indi milli walýutalaryň kursy altynda däl-de, bir walýutany beýleki bir walýutada aňlatmak güýçlenip başlady. Şeýle walýutalara iňlis funt sterlingi, fransuz franky, amerikan dollary degişlidir. ABŞ-nyň dollary bu ornuny geçen asyryň 70-nji ýyllaryna çenli giňden ulandy. Netijede, altyn walýuta standarty doly aradan aýryldy.

Walýuta kursunyň emele gelmegi walýutanyň satyn alyjylyk pariteti diýen täze düşünjäniň ýüze çykmagyna getirdi. Bu pikiri öňe süren şwed ykdysadyýetçisi Gerbert Kassel hasaplanylýar. Onuň ýörelgesine görä, bir ýurduň pul birliginiň milli bazardaky satyn alyjylyk ukyby beýleki ýurduň ýa-da dünýä pulunyň wezipesini ýerine ýetirýän ýurduň pul birliginiň satyn alyp bilijilik ukyby birmeňzeş däldir. Bu ýagdaýa zähmet haky, harytlaryň, hyzmatlaryň bahasy düýpli täsir edýär. Şeýlelikde, şol bir harydyň we hyzmatyň bahasy her ýurtda dürli-dürli bolýar. Munuň özi milli walýutalaryň satyn alyp bilijilik ukybynyň üýtgemegine getirýär.

## 26.2. Kurs emele getiriji ýagdaýlar

Halkara töleg serişdesi hökmünde ulanylýan walýutanyň kursuna adaty bolşy ýaly pul massasynyň ösüşi, hümmetsizlenmegiň derejesi, karzyň bahasy, umumy töleg balansynyň ýagdaýy täsir edýär.

Pul massasynyň nagt we nagt däl görnüşde ösmegi hakyky önümçiligiň, walýuta kursunyň peselmegine getirýär. Beýleki tarapdan milli walýutanyň kursunyň peselmegi eksport edijiler üçin bähbitlidir. Daşary ýurtlara satylan harydyň şol bir bahasy milli walýuta geçirilende has köp girdeji alynýar. Goşmaça alnan girdejiler, köplenç, býujet ýetmezçiliginiň öwezini dolmakda peýdalanylýar. Umuman, milli walýutanyň kursunyň uly bolmadyk möçberde peselmegi eksportyň artmagyna, milli ykdysadyýetiň sagdynlaşmagyna getirýär diýip hasaplanylýar. Şonuň üçin köp döwletler wagtal-wagtal emeli usul bilen milli walýutanyň kursuny peseldýärler. Munuň özi döwletleriň arasynda köpsanly jedelli meseleleriň ýuze çykmagyna getirýär.

Dünýä ykdysadyýetiniň esasy meseleleriniň biri hem hümmetsizlenme bilen baglanyşyklydyr. Hümmetsizlenme islendik milli walýutada ýüze çykýar. Hümmetsizlenmegiň yzygiderli häsiýete eýe bolmagy, hümmetsizlenme derejesiniň ýokary bolmagy ykdysadyýete, sosial ýagdaýa düýpli täsir edýär. Sebäbi hümmetsizlenme harytlaryň, hyzmatlaryň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Hümmetsizlenmegiň derejesiniň ösüşi bilen pensiýalaryň, aýlyk haklaryň ösüşiniň derejesiniň deň bolmazlygy netijesinde ýurtda ykdysady we sosial deňeçerlik bozulýar.

Hümmetsizlenme ykdysadyýete köpugurly täsir edýän ýagdaýdyr. Ol karz serişdeleriniň hem göteriminiň ösmegine alyp barýar. Ýokary hümmetsizlenme derejesi ilatdan we kärhanalardan çekilen serişdeleriň üstüne has ýokary goýum goýmaklyga getirýär. Munuň özi ilata we kärhanalara berilýän serişdeleriň hem göteriminiň ösmegine getirýär. Ýokary göterim derejesi öz gezeginde karz alnyşyny pese gaçyrýar. Beýleki tarapdan banklaryň çekilen serişdelere goýýan ýokary göterimi daşary ýurtlardan gelýän serişdeleriň artmagyna getirýär. Emma, banklaryň ýokary göterim derejesi uzak möhletli häsiýete eýe däldir.

Walýutanyň kursuna täsir edýän ýagdaýlaryň biri hem ýurduň töleg balansydyr. Töleg balansynyň oňaýly bolmagy milli walýutanyň kursuna oňaýly täsir edýär. Sebäbi milli walýutany daşary ýurt walýuta çalyşmak üçin ýeterlik mümkinçilik bolýar. Şonuň üçin töleg balansynyň oňaýly bolmagy milli walýutanyň kursunyň saklanmagyna alyp barýar. Eger töleg balansy oňaýsyz bolsa, onda ýurtda daşary ýurt walýutasynyň ýetmezçiligini ýüze çykarýar. Walýutalaryň biri-birine erkin çalşylmasy çäklendirilýär. Munuň özi ilatyň howsala düşmegine hem getirýär. Netijede, öňem az walýutanyň satyn alnyşy has köpelýär. Bu hem öz gezeginde ýene-de milli walýutanyň kursunyň has peselmegine getirýär.

Töleg balansynyň oňaýsyz galynda eýe bolmagy milli walýutanyň kursunyň hemişe peselip durmagyna getirmeýär. Sebäbi ýurduň töleg balansy diňe harytlaryň eksporty we importy bilen baglanyşyklydyr. Emma, töleg balansynyň ýagdaýyna başga-da birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Olara milli kompaniýalaryň daşary ýurtlardaky alyp barýan dürli hyzmatlary, ulaglaryň üstaşyr geçirilmesi, halkara syýahatçylyk, daşary ýurt göni we portfel maýa goýumlar, halkara karzlar degişlidir. Olar ýurduň töleg balansynyň ýetmezçiliginiň öwezini dolýar.

## 26.3. Walýuta kursunyň düzgünleri

Walýuta kursy bellenen we ýüzýän görnüşde hereket edýär. Bellenen kurs diýip, milli edaralar tarapyndan kesgitlenen, anyk kursa aýdylýar. Oňa başgaça resmi kurs hem diýilýär. Resmi kurs ykdysadyýetiň, töleg balansynyň ýagdaýy, halkara guramalar bilen ylalaşygyň esasynda bellenýär. Ýüzýän kursa başgaça bazar kursy hem diýilýär. Ol erkin ýagdaýda islegiň we teklibiň esasynda emele gelýär. Adatça, resmi kurs bilen ýüzýän kursuň arasy uly tapawuda eýedir.

Altyn standartda bellenen paritetlik kesgitlenen kursuň ýeke-täk we tebigy mehanizmi bolup çykyş edýär. Ol erkin ýagdaýda döwlet we hususy taraplaryň islendik walýuta çalşylmagyny üpjün edýär.

Karz-kagyz pul dolanyşygyna geçilende islendik aýlanýan walýuta bilen ýapyk walýutalaryň kursy kesgitlenilýär. Ýapyk ykdysadyýetli döwletler resmi kurs bilen bir hatarda daşary söwdany hem, mysal üçin, daşary ýurt walýutasynyň bellenen kursda we möçberde satmagy döwlet gözegçiliginde saklaýar we bazar gatnaşyklarynyň ösmegine böwet basýar. Bu ýagdaý ykdysadyýete döwletiň goşulyşmasynyň güýçli ýurtlarynda alnyp barylýar.

Bellenen kurslar, adatça, ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlarda alnyp barylýar. Bazar gatnaşyklarynyň ösen ýurtlarynda erkin ýa-da ýüzýän kurslar hereket edýär. Käbir ýurtlarda kurslar çalt ýokarlanýar. Onuň sebäbi bolup birnäçe ykdysady ýagdaýlar çykyş edýär. Latyn Amerikasy ýurtlary köp ýyllaryň dowamynda «dollarlaşdylar», ýagny içerki we daşarky töleg serişdesi hökmünde dollary ulandylar. Soňra ABŞ-dan «gaçmak» syýasatyna eýerildi we netijede, bu ýurtlarda dol-

lar gytçylygy ýüze çykdy. Günorta-Gündogar Aziýada esasy çig mallaryň import edilmegi, işsizligiň we hümmetsizlenmegiň ýokary bolmagy kurslara öz täsirini ýetirdi. ABŞ-nyň dünýä pulunyň wezipesini ýerine ýetirmegi köp walýutalaryň kursunyň oňa deňeşdirilmegine getirdi. Netijede, dollar dünýäniň dürli walýutalaryna güýçli täsir edip başlady.

ABŞ-nyň senatynyň Bank komissiýasy «dollarlaşmagyň» üç görnüşiniň bardygyny belleýärler. Olara resmi, resmi däl, ýarym resmi dollarlaşma diýilýär.

**Resmi däl «dollarlaşma»** – diýip, dollaryň resmi däl töleg serişdesi hökmünde ýurduň içinde ykrar edilmeýän hem bolsa ilatyň öz maliýe serişdelerini dollarda ýygnamaklygyna aýdylýar.

Ýarym resmi «dollarlaşma» – bu milli walýuta bilen dollaryň bilelikde alnyp barylmagy. Bu ýagdaýda içerki aýlyk haklary, salgytlar, pensiýalar milli walýutada paýlanylýar, emma daşary şertnamalar dollarda baglaşylýar.

**Resmi «dollarlaşma»** – bu milli pul birligi hökmünde diňe ABŞ-nyň dollarynyň peýdalanylmagy. Şeýle döwletlere mysal hökmünde, dollarda Panamany, rublda Günorta Osetiýany, Abhaziýany görkezmek bolar.

«Dollarlaşmanyň» oňaýsyz taraplaryna aşakdakylar degişlidir:

1. Özbaşdak, garaşsyz pul-karz syýasatyny ýöretmek mümkinçiligi bolmaýar. Ol diňe ABŞ-nyň pul-karz syýasatyna bagly bolup durýar.

2. Ozalky ulanylýan milli walýutadaky döwlet algylaryndan galan puluň köýmegi. Mysal üçin, ozalky ulanylýan puly dollara öwrülende 3 sente barabar bolsa, onda galan 97 senti ABŞ-a äkidilýär we bu ýerde utuşy diňe ABŞ görýär.

3. Milli merkezi bankyň bank çökgünligi şertlerinde özbaşdak syýasat alyp baryp bilmezligi.

4. ABŞ-nyň dollaryna doly geçilmegi bilen kompýuterleri, hasaplaýjy maşynlary, kassa apparatlary birwagtyň özünde täzeden programmalaşdyrmak bilen baglanyşykly çykdajylaryň ýüze çykmagy.

«Dollarlaşmagyň» milli ykdysadyýete edýän oňaýly täsiri:

1. Walýutalary öwürmek, halkara tölegler däki, dürli görnüşdäki söwda we maliýe harajatlaryň aradan aýrylmagy.

2. Hümmetsizlenmegiň ABŞ-daky ýaly derejede saklanmagy.

3. Töleg balansynyň ýetmezçiliginiň aradan aýrylmagy, býujet düzgüniniň berkidilmegi.

4. Dollary peýdalanýan ýurtlar bilen hyzmatdaşlygyň has berkemegi.

# XXVII bap

# DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ TRANSMILLI KORPORASIÝALARY

## 27.1. Transmilli korporasiýalar dünýä ykdysadyýetiniň subýektidir

Transmilli korporasiýalar (TMK) baş (atalyk) kompaniýalardan we olaryň daşary ýurtlarda ýerleşen bölüm golçur (doçerniý), üzňeleşen (assosirlenen) görnüşdäki şahamçalardan (filial) ybaratdyr. Daşary ýurtlarda ýerleşen şahamçalaryň harytlary we hyzmatlary öndürmeklerine TMK-laryň halkara önümçiligi diýilýär. ÝNKTAD tarapyndan «Dünýä maýa goýumlary barada hasabat» (World Inwesment Report) atly her ýyllyk neşiriniň 2004-nji ýyldaky sanynda bellenilişi ýaly TMK-laryň daşary ýurtlardaky bölümlerinde 37 million adam işläp, dünýä söwdasynyň 33%-i, DJÖ-niň 10%-i öndürilipdir. TMK-laryň dünýä hojalygyndaky paýy barha artýar. 2004-nji ýylda DJÖ-niň 10%-i TMK-laryň paýyna düşen bolsa, bu görkeziji 1990-njy ýylda 6%-e deň bolupdy.

TMK-lara seljerme berlende «transmillileşme indeksi» diýen düşünje ulanylýar. Bu düşünje iki görnüşde çykyş edýär. Birinjisi, kompaniýanyň transmilleşme indeksi, ikinjisi döwletleriň transmilleşme indeksi.

Kompaniýanyň transmilleşme indeksi ol ýa-da beýleki TMK-nyň haryt we hyzmat önümçiliginiň daşary ýurtlara düşýän böleginiň derejesini görkezýär. Ol görkeziji aşakda görkezilen üç sany ululygyň jemi boýunça hasaplanylýar:

– TMK-nyň umumy aktiwleriniň jeminde daşary ýurt aktiwleriniň paýy.

– Korporasiýanyň umumy satuw işleriniň jeminde daşary ýurt satuw işleriniň paýy;

– TMK-nyň umumy işgärleriniň jeminde daşary ýurtlardaky işgärleriniň paýy.

Dünýäniň iň iri 100 sany TMK-synyň transmillileşme indeksi 2003-nji ýylda 56%-e barabar bolupdyr. Kiçi we orta ululykdaky döwletleriň kompaniýalarynda bu görkeziji has ýokarydyr. Mysal üçin, Angliýanyň «Wodafon» telekommunikasiýa kompaniýasynda bu görkeziji 85%-e deňdir. Bu kompaniýanyň umumy aktiwleriniň jemi 263 milliard dollar bolup, onuň satuw işleriniň jemi 60 milliard dollar bolup, onuň 50 milliardy, işgärleriniň umumy sany 67 müň adam bolup, onuň 47 müň adamy daşary ýurtlarda ýerleşen bölümleriniň paýyna düşüpdir. Geçirilen barlaglaryň netijesine görä, ösen döwletleriň TMK-da bu görkeziji ýokarydyr. Ösüp gelýän döwletleriň TMK-synda bu görkeziji ortaça  48%-e barabardyr. Ýöne, ösüp gelýän döwletleriň TMK-larynyň arasynda «transmillileşdirme indeksiniň» ýokary

görkezijisine eýe bolan kompaniýalar hem bar. Mysal üçin, Meksikanyň «Siemens» kompaniýasynda bu görkeziji 69%-e deňdir.

Döwletleriň transmillileşme indeksi ol ýa-da beýleki ýurduň milli hojalygyna daşary ýurt TMK-larynyň gatnaşyş derejesini bahalandyrýar. Bu görkeziji aşakda dört sany ululygyň jemi boýunça hasaplanylýar:

– Döwlet maýa goýumlarynyň jeminde daşary ýurt maýa goýumlarynyň paýy;

– Döwletiň ähli süýşürintgileriniň JIÖ-e bolan gatnaşygynda daşary ýurt göni maýa goýumlarynyň paýy;

– JIÖ-niň jeminde daşary ýurt TMK-larynyň paýy;

– Bu bölümlerde işleýänleriň ýurt boýunça ähli işleýänleriň jemindäki paýy.

Döwletleriň «transmillileşme indeksi» çäk taýdan kiçi, öşen döwletlerde has ýokarydyr. Mysal üçin, bu görkeziji Gonkongda (Sýungan) 82%-e Belgiýa we Lýuksemburgda 77%-e, Irlandiýada 69%-e, Singapurda 60%-e deňdir. Emma, iri döwletlerde bu görkeziji pesdir. Mysal üçin, Kanadanyň we Ispaniýanyň transmillileşme derejesi 21%-e, Russiýa Federasiýasynyňky 19%-e, ABŞ-nyňky 8%-e, Ýaponiýada 1%-e barabardyr.

Häzirki zaman dünýä hojalygynda TMK-laryň maýa goýumlylygy barha ýokarlanýar. TMK-laryň maýa goýumy eksport etmegi, ony kabul edýän we çykarýan ýurtlaryna dürli täsir edýär.

Adatça, TMK-lar göni maýa goýumlary ulanýarlar. Munuň özi karz maýadan tapawutlylykda import edýän ýurdy göterim töleginden halas edýär. Göni maýa goýumlar ony kabul edýän ýurtda maýa goýumyň emele gelmegine oňaýly täsir edýär. TMK-lar daşary ýurda maýa goýmak bilen diňe şol ýurduň içerki isleglerini kanagatlandyrmaga däl-de, eksporta nazarlanýan önümçiligi hem ýola goýýarlar. Häzirki wagtda Hytaýyň eksportynyň ýarysyna golaýy TMK-laryň bu ýurtdaky bölümleriniň paýyna düşýär. Şeýle ýagdaý beýleki döwletlere hem mahsusdyr. Mysal üçin, Singapuryň ösmeginde daşary ýurt maýa goýumlary bilen telekeçilik tejribesi düýpli täsir etdi.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny import etmegiň oňaýsyz taraplary hem bar. Maýa goýumyň häsiýetine laýyklykda ol çalt oýlanýan ýerine we pudagyna goýulýar. Bu ýagdaý öz gezeginde ýurduň dürli sebitleriniň we pudaklarynyň gyradeň ösmegine getirýär.

TMK-laryň göni maýa goýumlary ony çykarýan ýurda oňaýly täsir edýär. Amerikan ykdysadyýetçileriň hasaplamalarynyň görkezişi ýaly ýurduň daşyna çykarylan 1 milliard dollar ABŞ-dan 0,43 milliard dollarlyk harydyň ýa-da hyzmatyň eksport edilmegine we 1,6-1,7 müň iş orunlarynyň döremegine getirýär.

Emma TMK-laryň göni maýa goýum eksporty ony çykarýan ýurt üçin hemişe ykdysady ösüşi, täze iş orunlary, eksportyň ýokarlanmagyny üpjün edip durmaýar. Serişdäniň eksporty ony çykarýan ýurduň ykdysady ösüşine oňaýsyz täsir edýän wagtlary hem seýrek däldir. Aýratynda serişdäniň öz ýurdundan «gaçmagy» ykdysady we sosial taýdan ösüşi haýalladýar. Serişdeleriň öz ýurdundan gaçmagynyň esasy sebäpleri bolup, maýa goýum şertleriniň ýeterlik bolmazlygy we serişdäniň gelip çykyş çeşmesiniň gümürtikligi çykyş edýär.

Umuman, TMK-laryň, göni maýa goýumlary ýurtda serişde artykmaç toplananda amatly hasap edilýär. Şonuň üçin TMK-laryň göni maýa goýum eksporty döwlet tarapyndan sazlaşdyrylmalydyr.

TMK-laryň görnüşleri transmilli korporasiýalaryň baş kompaniýasy we onuň daşary ýurtlardaky bölümlerini özüne birleşdirýär. Baş kompaniýa TMK-nyň haýsy döwlete degişlidigini görkezýär. Baş kompaniýa daşary ýurtlardaky şahamçalarynyň paýnamalarynyň 10%-den az bolmadyk bölegine eýeçilik edip, onuň üsti bilen işine gözegçiligi üpjün edýär.

Baş we çet ýurt serişdeleri bilen şärikli döredilen kärhanalara TMK-laryň daşary ýurt şahamçalary diýilýär. Bu şahamçalar bölüm, golçur, assosirlenen kompaniýalar görnüşinde çykyş edýärler:

Bölüm (branch, division) kabul edýän ýurtda baş kompaniýa doly degişli bolan ýa-da şäherde döredilen kärhana bolup, ol özbaşdak edara görnüşli tarap bolup çykyş etmeýär;

Golçur kärhana – baş kompaniýa paýnamalaryň ýarysyndan gowragyna eýelik edip, bu kärhana ony kabul edýän ýurtda özbaşdak edara görnüşli tarap hökmünde hasaba alynýar;

Assosirlenen (associate) kompaniýa – baş kompaniýa kärhananyň paýnamalarynyň 10%-den az bolmadyk we 50%-den köp bolmadyk bölegine eýeçilik edip ol özbaşdak edara görnüşli tarap görnüşinde çykyş edýär.

TMK-lar milletlilik nukdaýnazaryndan birmilletli we köpmilletli görnüşde çykyş edýär. Birmilletli TMK bir döwletiň gatnaşmagynda döredilýär we dünýä boýunça hereket edýär. Köpmilletli kompaniýa birnäçe döwletleriň maýa goýum serişdeleriniň gatnaşmagynda döredilýär. Ilkinji köpmilletli kompaniýa bolan «Ýunilewer» 1929-njy ýylda Gollandiýanyň «Margarin Ýuni» we Angliýanyň «Lewel Brazers» kärhanalarynyň birleşmekleri arklay döredildi. Häzirki wagtda kompaniýanyň 60-a golaý döwletde 500-den gowrak şahamçalary hereket edýär. Köpmilletli kompaniýalar, esasan, ýewropaly kärhanalara degişlidir. Köpmilletli kompaniýalar ilkinji bolup şu sebitde ýüze çykdy.

Dünýä boýunça hereket etmek nukdaýnazaryndan alanyňda TMK-laryň işini sebitleýin we düýpli häsiýete bölmek bolar. Sebitleýin TMK-lara mysal hökmünde



20. Sargyt № 832

«IKEA» kompaniýasyny görkezmek bolar. Bu kompaniýanyň önümçilik we täjirçilik işiniň 80%-i ýewropa bazaryna düşýär. Bu kompaniýanyň ýörelgesi bolup az harajatly önümçilik, öndürijiden alyja gysga ýol, bäsleşige ukyply bahalar çykyş edýär.

Şonuň üçin bu kompaniýanyň senagat kärhanalarynyň 70%-i Gündogar Ýewropanyň tokaý serişdelerine baý döwletlerinde ýerleşýär. Bu döwletlerdäki kärhanalar «Swedwud» golçur kompaniýasynyň gözegçiliginde işlerini alyp barýarlar. Daşary ýurtlarda ýerleşen şahamçalar çig maldan taýýar önüme çenli ähli önümçilik tehnologiýasyny geçýärler. Olaryň esasy aýratynlygy harydyň ýokary hilini üpjün etmek üçin ýeke-täk tehnologiýany ulanýanlyklarydyr. «IKEA» kompaniýasynyň düzümine girýän ähli kärhanalaryň işini sazlaşdyrmak, gönükdirmek gözegçilik etmek baş kompaniýanyň Gollandiýada we Şwesiýada ýerleşen bölümleri tarapyndan amala aşyrylýar.

TMK-laryň başga bir görnüşine kuwwatly TMK-lar diýilýär. Olara birnäçe häsiýetli aýratynlyklar mahsusdyr. Ol aýratynlyklara aşakdakylar degişlidir:

– Harydy we hyzmaty ýerleşdiriş işlerini dünýäniň iri bazarlary bolan Demirgazyk Amerikada, Ýewropada we Aziýa ýerleşdirmekleri;

– Diňe bir bazar üçin däl-de, tutuş dünýä üçin haryt öndürmekleri;

– Esasan haryt öndürmeklige ýöriteleşmekleri degişlidir.

Olara aşakdaky gurluşlar häsiýetlidir:

- Daşary ýurt çig malyny elýeterli bahadan satyn alyp, önümçiligiň artykmaçlygyny üpjün etmek;
- Çet ýurt bazaryndaky ýerleşdiriş işlerini, daşary ýurtdaky şahamçalarynyň üsti arkaly berkitmek;
- Senagat kärhanalaryny önümçilik we ýerleşdiriş harajatlarynyň pes bolan ýurtlarynda ornaşdyrmak.

Kuwwatly TMK mysal hökmünde ýaponlaryň «Toýota» awtomobil gurluşyk kärhanasyny görkezmek bolar. Bu kompaniýanyň Ýaponiýada 12 we dünýäniň 26 ýurdunda 50-ä golaý zawodlary hereket edýär. Daşary ýurtlardaky kärhanalar awtomobili 100% ýygnamak esasynda işleri alyp barýarlar. Awtomobiliň ähli şaýlary Ýaponiýada öndürilýär we daşary ýurtlarda ýerleşen zawodlaryna eksport edilýär.

## 27.2. TMK-laryň guramaçylyk düzümi

TMK-lary dolandyrmagyň esasy zwenosy bolup baş kompaniýanyň stab-kwartirasy çykyş edýär. Ştab-kwartiranyň döredilmegi ýurtlardaky şahamçalaryň işini netijeli guramaga mümkinçilik berýär. Baş kompaniýa TMK-ny dolandyrmak üçin

üç ugry peýdalanýar. Olara etnomerkez, ýarymmerkez we geomerkez ugurlary degişlidir.

Etnomerkez ugry, adatça, daşary ýurtlardaky şahamçalary ştab-kwartiuranyň üsti bilen berk gözegçilikde saklamak, işi merkezleşdirilen esasda alyp barmak üçin, saýlanyp alynýar. Bu ýagdaýda baş kompaniýa şahamçalary öz iş ýörediş usuly boýunça dolandyrýar, öz toplan tejribesini ornaşdyrýar. Ýerleşýän ýurdunyň ykdysady, syýasy we medeni ýagdaýyny inkär edýär.

Şeýle görnüşli şahamçalar, adatça çig maly gazyp almak we ugratmak ýaly ugurlarda ulanylýar. Mysal üçin, GAR-yň «De Birs konsolideýted maýns» korporasiýasynyň Bostwanedäki almaz gazyp alýan «Debswana daýmond KO» şahamçasy etnomerkez dolandyryş ugra degişlidir.

Ýarymmerkez ugrunda baş kompaniýa daşary ýurtlarda ýerleşen şahamçalarynda ýerli ykdysady, syýasy, medeni ýagdaýlary öwrenmäge ýykgyn edýär. Ýerli tejribe giňden peýdalanylýar. Ýerli hünärmenleriň ýolbaşçy işe çekilişi höweslendirilýär. Şeýle TKM-laryň biri Hytaýyň taýýar egin-eşikleri öndürýän «Liend Fangyň Ltd» kompaniýasydyr. Bu kompaniýanyň Hindistanda, Bangladeşdäki, Pakistandaky, Şri-Lankadaky bölümlerinde 5 müňden gowrak adam zähmet çekip, onuň ýyllyk dolanyşygy 4 milliard dollardan hem geçýär.

Geomerkez ugurda TMK-lar diňe bir öz ýurdunyň däl-de, umumy bähbide gulluk edýärler. Baş kompaniýa daşary ýurtlardaky şahamçalarynda dünýä tejribesini, halkara standartlary ulanyp, ýolbaşçy işlere öz işinden oňat baş çykarýan, abraýly ýerli hünärmenleri çekmeklige çalyşýar.

TMK-lar dolandyryş işlerine hemişe bir ugur boýunça alyp barmaýarlar. Olaryň dolandyryş ugry üýtgäp durýar. Adatça, etnomerkez sebitleýin, geomerkez ugur kuwwatly TMK-lar tarapyndan ulanylýar.

TMK-laryň dolandyryş guramaçylygy pudaklaýyn ýöriteleşmä baglylykda birnäçe ýörelgelere esaslanýar.

1. Korporasiýalaryň geografiki ugur boýunça birgörnüşli önüm öndürmeklige ýöriteleşmekleri döwletleýin (sebitleýin) ýörelgä, esaslanýar. Dolandyryşyň şeýle düzümi Şweýsariýanyň «Nestle» korporasiýasyna azyk önümlerini öndürmekligiň we ýerleşdirmekligiň ýeke-täk tehnologiýasyna geçmekligine mümkinçilik berýär.

*35-nji tablisa*

**«Nestle» korporasiýasynyň geografiki ýörelge boýunça dolandyryş düzüminiň shemasy**




**Bellik: (A, B, Ç-önümiň görnüşleri)**

2. Önümçiligiň we ýerleşdirmekligiň haryt boýunça ýöriteleşmesinde önümçilik jähti esasy orny eýeleýär. Şeýle ýörelgelere esaslanýan korporasiýalar köpgörnüşli önümleriň dürli görnüşlerini öndürmeklige ýöriteleşýärler. Dolandyryş düzüminiň şeýle ýörelgesi amerikan «Jeneral elektrik» korporasiýasynyň dünýäde iň iri, köpugurly kompaniýalaryň biri bolmagyna getirdi. Kompaniýa dürli sebitler üçin köp görnüşli önümleriň dürli görnüşlerini öndürýär. Ol awiahereketlendiriji, senagat plastmassalary, yşyklandyryjy enjamlary, energetiki gurluşlar, lukmançylyk we demirýol tehnikalary we başga-da köp görnüşli önümleri öndürýär. «Jeneral elektrik» korporasiýasynyň telekeçilik işiniň jogapkärçiligi onuň daşary ýurtdaky

şahamçasynyň boýnuna ýüklenilýär. Bu işler ýörite bellenen menejer tarapyndan alnyp barylýar. Şahamçalar ýerli şertlere laýyk gelýän önümçiligi ýola goýýarlar.

*36-njy tablisa*

**«Jeneral elektrik» korporasiýasynyň haryt ýörelgesi boýunça dolandyryş düzümi (A, B, Ç-sebitleýin we döwletleýin şahamçalar)**




**Bellik: (A, B, Ç-sebitleýin we döwletleýin şahamçalar)**

3. Korporasiýalar üçin önümleriň assortimentiniň örän giň diwersifikasiýasynyň guramaçylyk düzümi matrisa häsiýete eýedir. Dolandyryşyň şeýle shemasy matrisanyň üç sany üýtgeme görnüşinde seredilýär. Shema laýyklykda baş

kompaniýa daşary ýurtlardaky şahamçalaryna üç ugur boýunça menejerleri belleýär. Olara önümiň görnüşi; sebitleýin ugur; wezipeleýin dolandyryş boýunça (maliýe, ýerlikli, YBTKI) ugurlar degişlidir. Bu ýörelge TMK-lary dolandyrmagyň nusgawy görnüşinden (ýokardan-aşaklygyna) düýpli tapawutlanýar. TMK-laryň ýolbaşçylarynyň pikirine görä matrisalaýyn dolandyryş düzümi baş kompaniýanyň merkezleşdirilen häkimligini gowşadýar.

*2-nji surat*

**Baş kompaniýalaryň daşary ýurtlardaky şahamçalaryny matrisalaýyn ýörelge boýunça dolandyryş shemasy**




4. Telekeçilik işiniň barha çylşyrymlaşmagy şahamçalaryň özbaşdak hereket etmegine getirýär. Dolandyryşyň şeýle görnüşine özbaşdak işewürlik diýilýär. Bu görnüşi ilkinji bolup ulanan amerikan «Westinganzelektrik» korporasiýasydyr. Onuň düzümine girýän daşary ýurtdaky kompaniýalaryň 18-iniň hersiniň ýyllyk dolanyşygy 4 milliard dollardan gowrakdyr.

«Özbaşdak işewürlik» ýörelgesine esaslanýan kompaniýalar garaşsyz hojalyk birlikleridir. Olar alyp barýan işleriniň ählisinde doly jogapkärçiligi öz üstüne alýarlar. Daşary ýurtdaky şahamçalaryň «özbaşdak işewürlik» hukugyna eýe bolmagy, olaryň ýokary derejede netijeli işlemegine getirýär.

5. Soňky ýyllarda ýokary tehnologiýaly önümçilige ýöriteleşýän TMK-lar autsorsing işini giňden peýdalanyp başladylar. Baş kompaniýanyň ozalky alyp barýan işleri bolan ylmy barlaglar, innowasiýa, marketing, ýerleşdiriş, önümçiligi guramak ýaly işler garaşsyz kärhanalara, beýleki TMK-laryň şahamçalaryna geçirilip başlandy.

Autsorsing işi kärhanany dolandyrmagyň guramaçylyk düzümine garaşly däldir. Autsorsing işi, esasan, önümçiligi guramak we ýüki ugratmak işlerinde amatlydyr. Emma, bu görnüşiň hem ýetmezçiligi bardyr, ýagny baş kompaniýa önümiň hiline ünsli gözegçiligi ýola goýup bilmeýär.

## 27.3. TMK-laryň häzirki zaman strategiýasy

Köp döwletleriň TMK-lary strategiýasyny hemişe üýtgedýärler. Korporasiýalaryň strategiýasynyň üýtgemegine iki ýörelge täsir edýär. Olaryň, birinjisine, täze bazarlary özleşdirmek, ikinjisine, täze hyzmatdaşlary tapmak degişlidir.

Käbir TMK-lar diňe bir görnüşli haryt bazarynda liderligi saklamaga jan edýärler. Bu meýil harydyň hiline örän pugta gözegçilik we satylanyndan soňky, hyzmatlar bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, «Boing» korporasiýasynyň 90%-i awiatehnikalaryň paýyna düşýär.

TMK-laryň bäsleşige ukyplylygy ylmy-tehniki täzelikleri, innowasiýany ulanmaklary bilen baglanyşyklydyr. Munuň üçin TMK-lar önümçilik tehnologiýasynyň ýeke-täk eýesi bolmalydyr. Mysal üçin, «Intel» korporasiýasy kompýuterler üçin öndürilýän şaýlaryň ýokary tehnologiýaly, çylşyrymly böleklerini ABŞ-da, Irlandiýada, Ysraýylda ýerleşýän zawodlarynda, öndürýän tehnologiýasy çylşyrymly bolmadyk, ýönekeý detallary Malaýziýada, Filippinlerde, Hytaýda ýerleşýän zawodlarynda öndürýär.

TMK-lar baran ýurdunyň hökümetiniň syýasaty bilen öz strategiýasyny ýokary derejede gabat getirmäge çalyşýarlar. TMK-lar önümçilik we dolandyryş tejribesini ýerli hünärmenleriň taýýarlygyny ýokarlandyrmak boýunça okuwlary guranda, önümçilik tehnologiýasyny ýerli kärhanalara geçirende iki tarapyň bähbitleri gabat gelýär. Mysal üçin, «Motorolla» korporasiýasy Hytaýda elektronika ulgamy bilen baglanyşykly 18 sany YBTKY merkezini ýola goýdy. Bu merkezler «Motorollanyň» Hytaýda öndürýän harytlarynyň bäsleşik ukybyny ýokarlandyrmak bilen bir hatarda hytaýly kärhanalaryň hem täze tehnologiýalary ele almagyna mümkinçilik berýär.

Soňky ýyllarda TMK-laryň maýa goýum strategiýasynda transserhet goşulyp-garylma meýli ýüze çykdy. Netijede, maýa goýumlar milliligini ýitirip başlady. Şeýle strategiýa örän netijeli bolup çykdy. 1980-nji ýyldan şu asyryň başlaryna çenli TMK-laryň maýa goýum işjeňligi 7 esse ýokarlandy.

TMK-laryň häzirki zaman strategiýalarynyň biri halkara strategik hyzmatdaşlygy giňeltmek, has-da dürli döwletleriň korporasiýalary bilen birleşip, alýanslary döretmekdir. Şeýle birleşmeleriň sany 5 müňe golaýdyr. Döredilen alýanslaryň maksady, ylmy gurbaty birleşdirmek, YTP-niň gazananlaryny önümçlige çalt ornaşdyrmakda bahalaryň we töwekgelçiligiň derejesini peseltmekden ybaratdyr.

## 27.4. TMK-laryň häzirki zaman taktikasy

Baş kompaniýa daşary ýurtlardaky şahamçalarynyň işini meýilnamalaşdyrma, seljerme we gözegçiligiň üsti arkaly dolandyrýar.

Meýilnamalaşdyrma baş kompaniýa bilen şahamçanyň bilelikde gatnaşmagynda düzülýär we tassyklanýar. Meýilnama şahamçalaryň bir ýylda etmeli işleriniň jemi bolup çykyş edýär. Meýilnama satuwyň göwrümi, şahamçanyň ýerli bazardaky paýy ýaly möhüm görkezijileri özünde jemleýär.

Baş kompaniýa daşary ýurtdaky şahamçalaryň işine seljermäni buhgalteriýa we beýleki hasabatlaryň üsti arkaly amala aşyrýar. Şahamçanyň ulylygyna baglylykda dürli hasabatlar ştab-kwartira gümrük, hepdelik, aýlyk, çärýeklik, ýarym ýyllyk we ýyllyk ugradylýar.

Daşary ýurtdaky şahamçalara köptaraplaýyn gözegçilik edilýär. Gözegçiligiň derejesi öz ýurdundaky şahamçalardan has ýokarydyr. Baş kompaniýa daşary ýurtdaky şahamçalaryň maliýe, ýerleşdiriş, satyn alyş, YBTKI işlerine ýokary derejede, harytlaryň we hyzmatlaryň görnüşleri, marketing ýaly işlerine pesräk derejede gözegçilik edýär.

TMK-laryň daşary ýurtdaky şahamçalara bäş ballyk ulgam boýunça gözegçilik edýär. Gözegçiligiň ballyk ortaça işgärler üçin –3,3, maliýe – 3,4,2, ýerleşdiriş we satyn alyş – 2,95, YBTKI – 2,8, önümçilik – 2,4, marketing – 2,3, balla deňdir.

Gözegçiligiň derejesinden görnüşi ýaly baş kompaniýa şahamçalaryň işgär we maliýe ýagdaýyna has güýçli gözegçilik edýär. Onuň esasy maksady maliye serişdelerini merkezleşdirmek bilen baglanyşyklydyr.

TMK-laryň umumy işinde özbaşdaklyga ýykgyn edilýän hem bolsa, onuň maliýe serişdelerini merkezleşdirmek meýli hem barha güýçlenýär. Bu ýagdaý birnäçe sebäplerden gelip çykýar. Ol sebäplere aşakdakylar degişlidir.

– Maliýe serişdeleriniň merkezleşdirilmegi TMK-lara serişdeleri bir ýere jemlemeklerine, gerekli ugra gönükdirmeklerine, pes göterim bilen beýleki şahamça karz bermekligine mümkinçilik berýär;
– TMK-laryň öz içindäki maliýe amallarynyň ýitgi töwekgelçiliginiň peselmegine getirýär, ýagny şahamçalaryň biri-birine bergidar bolmagy, başga bir kompaniýa bagly bolanyndan amatlydyr.

TMK-laryň öz içindäki pul akymlary hem merkezleşdirilýär. Pul akymlarynyň kärhanaiçre guramaçylygy aşakdaky çemeleşmeler arkaly alnyp barylýar:

– Şahamçalar gelip gowuşýan pullar we tölegler barada gündelik maglumat ugradýarlar;
– Bu maglumatlaryň esasynda her şahamçanyň maliýe ýagdaýyna baha berilýär. Munuň özi karz serişdeleriniň çekilişini pese düşürmäge mümkinçilik berýär;

– Şahamçalar artykmaç serişdelerini baş kompaniýanyň hasabyna geçirmäge borçludyr. Bu ýagdaý TMK-nyň aýlanyşyk maýasynyň rejeli peýdalanmagyna alyp barýar;
– Şahamçalaryň merkezleşdirilen serişdeleri olara girdeji getirilýär. Netijede, serişdeleriň merkezleşdirilmegi bilen şahamça hem gyzyklanýar;

Şahamçalar pesinden bir aý öňünden gerek bolan pul serişdeleri barada baş kompaniýany habarly edýärler. Munuň özi baş kompaniýanyň maliýe serişdelerini gerekli ugra gönükdirmek barada belli bir karara gelmegine mümkinçilik berýär.

– Eger şahamçanyň ýerleşýän ýurdunyň walýuta kanunçylygy pul akymlarynyň merkezleşdirilişine goşulyşýan (mysal üçin, daşary ýurtdan karz almagy çäklendirýän bolsa) ýa-da serhetden daşyna çykarylýan peýda salgyt salýan bolsa, onda TMK-lar bu ýagdaýdan sypmak üçin aşakdaky usullary peýdalanýarlar;

– şahamçanyň baş kompaniýanyň adyndan harytlaryň, hyzmatlaryň bahasynyň ýokarlandyrmagy ýa-da peseltmegi;

– kärhanaiçre karzlaryň ýokary göterim (şahamçadan puly alyp gaçmak üçin) ýa-da pes göterim bilen berilmegi (şahamçany subsidirlemek üçin);

– kärhanaiçre ätiýaçlandyrma şahamçanyň puluny almak üçin alnyp barylýan usullaryň biridir. Munuň üçin baş kompaniýalar özleriniň ofşor zolagyny (iňlisçe captive insurance company) döredýär. Ätiýaçlandyryş kompaniýa has köp pul almak üçin şahamçalaryň emlägini we alyp barýan işlerini mümkin boldugyça ätiýaçlandyrmaga çalyşýar.

Walýuta töwekgelçilikleri (esasan, walýuta kursy bilen baglanyşykly) TMK-laryň strategiýasynda we taktikasynda möhüm orny eýeleýär. Töwekgelçilikler üç görnüşde bolup, maliýe hasabatlarynyň konsolidasiýasynda, şertnamalarda we ykdysady amallarda ýüze çykýar.

Maliýe hasabatynyň jebisleşme töwekgelçiligi baş kompaniýa bilen şahamçanyň öz işlerini dürli walýutada alyp barýandyklary bilen baglanyşyklydyr. Walýutalaryň kursunyň üýtgemegi utuşa ýa-da ýitgi çekilmegine getirýär. Şonuň üçin baş kompaniýa umumy maliýe hasabatyny düzende birnäçe usullardan peýdalanýar. Olara hasabatyň düzülen wagtyndaky kurs, ýylyň başyndaky kurs we ş.m. degişlidir.

Walýuta töwekgelçiligi ylalaşygyň baglaşylan we tölegiň tölenen wagtynyň arasyndaky kurs üýtgemesi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle walýuta töwekgelçilikleri gysga häsiýetli bolup, ony peseltmek üçin birnäçe usullar peýdalanylýar. Olaryň ilkinjisi walýuta ledžirowaniýesidir. Ol ylalaşyga laýyklykda ozalky kurs boýunça tölenilýär. Ilkinji usul şertnamada görkezilen walýuta kursy, üçünji amallary ýeke-täk walýutada alyp barmak, dördünji usul bolsa şahamçalaryň özbaşdak töleg işlerini azaldyp, baş kompaniýa tarapyndan tölemeklik degişlidir.

Ykdysady amallardaky walýuta töwekgelçiligi ýurduň maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy, milli walýutanyň gymmatynyň gaçmagy bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaý daşary ýurt maýasynyň çekilişini höweslendirse-de, söwda amallarynda kynçylyk döredýär. Ýokardaky görkezilen usullar hem bu ýagdaýy ýumşadyp bilmeýär.

Daşary ýurtdaky şahamçalar ykdysady amallarynda üç görnüşli amallary ulanýarlar. Olara ýerli, dünýä we geçirilýän bahalar degişlidir. Ýerli bahalar şahamça öz hereket edýän ýurdunda harytlary we hyzmatlaryň ýerleşdirende ulanylýar. Dünýä bahalary daşary amallarda peýdalanylýar. Geçirilýän bahalar TMK-lar tarapyndan sazlaşdyrylýan bahalar bolup, ol kompaniýanyň bir kärhanasyndan beýleki kärhanasyna harytlar satylanda peýdalanylýar. Olara, esasan, ýarymfabrikatlar, ýagny aralyk harytlaryň bahalary degişlidir. Netijede, TMK-laryň öz içerki bazary emele gelýär. Içerki bazar baş kompaniýa tarapyndan sazlaşdyrylyp, onuň düzümine girýän önümçilikler halkaralaşýar. Şeýle halkaralaşan önümçilikleriň arasynda geçirilýän bahalar hereket edýär. Ykdysadyýetleriň açyklyk salgyt derejesiniň dürli bolmagy, TMK-laryň geçirilýän bahalarynyň harajatlarynyň ýokarlanmagyna, netijede harytlaryň bahasynyň artmagyna getirýär. Şonuň üçin, TMK-lar öz düýpli bazaryny emele getirýärler. Bu bazaryň düzümindäki kärhanalar dünýä bahasyndan däl-de, içerki bahalar boýunça alyş-çalyş edýärler. Geçirilýän bahalar TMK-lara aşakdaky artykmaçlyklary döredýär:

– **Bäsleşik üçin pes bahalary döretmek.** Haýsy bazarda bäsleşik has güýçli bolsa TMK-lar şahamçalaryň üsti bilen harytlaryň bahalarynyň peseldilmegini gazanýarlar.

– **Täze şahamçalary goldamak.** Ugradylýan harydy pes, yzyna satyn alynýan harydy ýokary bahalardan satyn alýar;

– **Gümrük salgytlarynyň möçberi.** Şahamçalara ugradylýan we olardan getirilýän harytlar köp mukdardaky gümrük salgytlary arkaly, harytdan alynýan gümrük serişdelerini tygşytlaýar;

– **Pul serişdelerini geçirmek.** Dürli ýurtda dürli bahalaryň hereket etmegi bilen haýsy ýurtda has artykmaç ykdysady amallar dörese, baş kompaniýa şahamça goşmaça serişdeleri goýberýär.

– **TMK-laryň çärelerinde pes salgytlaryň tölenilmegi.** Munuň üçin TMK--lar peýda pes salgyt salynýan döwletlerde we sebitde söwda geleşigini baglaşýarlar.

Ösen döwletlerde salgyt kanunçylygy arkaly geçirilýän bahalara güýçli gözegçilik ýola goýulýar. Olaryň dünýä bahalary bilen gabat gelmegi ugrunda iş alyp barýarlar. Ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlarda getirilýän we çykarylýan harytlara ýokary gümrük salgytlary bellenilýär. Munuň özi aralyk harytlaryň bahasynyň ýokarlanmagyna mümkinçilik döredýär. Ösen ýurtlaryň daşary ykdysady gatnaşyklary liberal häsiýete eýedir. Şonuň üçin geçirilýän bahalara salgyt salmagyň halkara tejribesi özleşdirilýär.

XXVIII bap

# DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ INTEGRASIÝALARY

## 28.1. Integrasiýalar dünýä hojalygynyň subýektidir

Dünýä hojalygynyň wajyp subýektleriniň biri hem integrasiýalardyr. Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG) maglumatlaryna görä geçen asyryň ahyrlarynda hereket edýän sebitleýin söwda-ykdysady ylalaşyklaryň 134 sanysy hasaba alnypdyr. Olaryň 90 sanysy 1995-nji ýyldan soň döredilipdir. BSG-niň baha bermegine görä, dünýäniň jemi önüminiň (DJÖ) 90 göterimi, dünýä söwdasynyň hem şonça möçberi intigrasiýalaryň paýyna düşüpdir. Getirilen sanlardan görnüşi ýaly dünýä hojalygynda integrasiýalaryň örän uly paýy bardyr. Bu goşulyşan hojalyklaryň dünýä söwdasyndaky, dünýäniň jemi önümdäki ähmiýetiniň uludygyny görkezýär.

Birnäçe integrasiýalar sebitleýin we tutuş dünýä boýunça hereket edýärler. Belli bolşy ýaly olara Ýewropa Birleleşigi (ÝB), Demirgazyk Amerika erkin söwda zolagy (NAFTA), Günorta konus döwletleriniň umumy bazary (MERKOSUR) ýaly integrasiýalar degişlidir. Şol bir wagtyň özünde beýleki goşulyşan birlikleriň dünýä hojalygyndaky paýy ýokarlanýar. Olara Aziýa – Ýuwaş Umman ykdysady hyzmatdaşlygy (AÝUYH) we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) ýaly birleşikler degişlidir.

Integrasiýalar döredileninden soň has kämilleşmek üçin birnäçe basgançaklary geçýärler. Ol basgançaklara etap, döwür, dereje diýip at berilýär. Ýöne islendik integrasiýa basgançaklaryň hemmesini geçýär ýa-da hökman geçmeli diýip aýdyp bolmaz. Käbir integrasiýalar beýleki bir integrasiýa garanyňda ir döredilen bolsa-da ösüşiň belli bir basgançagynda saklanýar. Beýleki bir integrasiýa gysga wagtyň içinde basgançaklaryň köpüsiniň üstünden geçýär. Integrasiýalaryň ösüş derejesiniň birmeňzeş bolmazlygy milli ykdysadyýetleriň ösüş derejesiniň deň däldiginden gelip çykýar. Integrasiýalar häzirki ýeten derejesiniň tejribesi boýunça alty basgançaga bölünýär.

Onuň *birinji basgançagy* ýeňillikli ýa-da artykmaçlykly (preferensial) söwda ylalaşygydyr. Bu ylalaşykda döwletler biri-birine ýakynlaşmakda ýeňillikli söwdany alyp barmak üçin ilkinji ädimi ädýärler.

*Ikinji basgançak* erkin söwda zolagynyň döredilmegidir. Erkin söwda zolaklarynda harytlaryň we hyzmatlaryň erkin söwdasynda gümrük tarifleri doly aýrylýar. Üçünji döwletler bilen söwda edilende milli tarifler saklanyp galýar. Umuman, birinji we ikinji basgançak ykdysady integrasiýalaryň ýönekeý ýa-da ilkinji formasy bolup çykyş edýär.

Integrasiýanyň *üçünji basgançagy* gümrük bileleşigidir. Bu ylalaşykda döwletler özara söwda gümrük tariflerini doly ýatyrýar we üçünji ýurtlar üçin ýeke-täk gümrük tariflerini we tarif däl sazlaşdyrmany (import harytlara çäk goýmak), hili bir standarta getirmek, garşylyklaýyn haryt almak, harydyň sanitar-gigiýeniki ýagdaýy ulanylýar. Gümrük bileleşiginiň tejribesinden belli bolşy ýaly bu ylalaşyga gatnaşýan döwletlerde daşary ýurt maýa goýujylar üçin amatly şert döreýär. Sebäbi daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda öndürilýän harytlar we hyzmatlar birnäçe döwletiň arasynda erkin hereket edýär. Ýöne gümrük bileleşiginiň çylşyrymly taraplary hem bar. Döwletler gümrük tariflerinden örän uly girdeji alýar we ýerli harydy daşary ýurt harydyndan goramakda hem gümrük tarifleri döwletiň guraly hökmünde çykyş edýär. Şol bir wagtyň özünde üçünji ýurtlardan getirilýän harytlardan alynýan gümrükden gelýän girdejileri özara paýlaşmakda mesele ýüze çykýar. Umuman, gümrük bileleşigi ylalaşykly daşary söwda syýasatyny alyp barmakda, bu bileleşige gatnaşýan ýurtlaryň arasynda döwlet edaralarynyň gatnaşmagynda ugrukdyryjy kämil ulgamyň döredilmegini talap edýär.

Integrasiýanyň ***dördünji*** basgançagy gümrük bileleşiginiň düzgünleri esasynda umumy bazaryň emele getirilmegidir. Bu etapda harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň we işçi güýjüniň özara erkin hereketi üpjün edilýär. Oňa başgaça dört erkinlik diýilýär.

Umumy bazaryň barha ösmegi integrasiýalaryň bäşinji basgançagy bolan ykdysady we walýuta bileleşigine gelmäge şert döredýär. Bu basgançakda ýeke-täk ykdysady, walýuta, býujet, pul-karz syýasaty alnyp barylýar. Ýeke-täk walýuta geçilýär, milletleriň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrýan edaralar döredilýär.

*Altynjy basgançaga* syýasy bileleşik diýilýär. Dünýä hojalygynda entek şeýle integrasiýa ýok. Ýöne ykdysady we walýuta bileleşigi soňlugy bilen şeýle bileleşige getirip biler. Bu basgançakda agza döwletler ýeke-täk raýatlygy, umumy howpsuzlyk we daşary syýasaty ýöredip bilerler. Syýasy bileleşigiň emele gelmegi bilen agza döwletleriň arasynda bilim medeni, hukuk gatnaşyklary barha çuňlaşýar. Netijede ähli ugurlarda hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar.

## 28.2. Ykdysady integrasiýalaryň nazaryýeti

Dünýä hojalygynda uly ähmiýete eýe bolsa-da, integrasiýalaryň umumy nazaryýet esaslary entek doly döredilenok. Şonuň üçin integrasiýalara häsiýetlendirme bermekde birnäçe ykdysady mekdebiň wekilleriniň garaýyşlary hereket edýär.

Integrasiýalaryň mazmuny barada ilkinji ýüze çykan liberal bazar mekdebidir. Onuň wekilleri integrasiýalary diňe bazar güýçleriniň hereketiniň netijesi diýip hasap edýärler. Olar ykdysadyýet diňe bazar gatnaşyklary esasynda hereket edende integrasiýalar tebigy ýagdaýda hem emele gelip biler diýip pikir edýärler.

Şeýle garaýşyň wekilleri bazar ykdysadyýeti şertlerinde milli hojalygy ösdürmek üçin integrasiýalar zerur diýip kesgitleýärler. Ýöne olar integrasiýalary döretmekde döwletiň ähmiýetini tankytlaýarlar. Integrasiýalara döwletiň edaralarynyň gatnaşyp başlamagy bilen integrasiýalaryň tebigy görnüşi goýlup başlar diýen pikir bu mekdebiň wekilleriniň bu mesele barada esasy garaýşy bolup durýar.

Häzirki zaman dünýä hojalygynda garyşyk ykdysadyýetli integrasiýalaryň bolmagy, hususan-da Ýewropa sebitinde goşulyşmagyň kämil derejesine çykylmagy liberal bazar mekdebiniň wekilleri bilen ylalaşmazlyga getirýär. Şonuň üçin integrasiýa häsiýetnama bermekde garyşyk garaýyş ýüze çykýar. Bu mekdebiň garaýşyna görä integrasiýalarda bazar ykdysadyýeti hem döwletiň ähmiýeti hem zerur diýip hasap edýärler.

Keýnsiançylyk ugruň dirižizm mekdebiniň wekilleri, aýratynda Nobel baýragynyň laureaty gollandiýaly ykdysatçy Ýan Tikbergen integrasiýalary emele getirmekde esasy roly döwletiň oýnaýandygyny nygtaýar.

Ol integrasiýalarda hususyýetçiler gatnaşýan hem bolsa integrasiýanyň düzümini emele getirmekde döwlet syýasatynyň we döwlet edaralarynyň (institutlaryň) ähmiýetini birinji orna çykarýar. Alym integrasiýa gatnaşýan döwletleriň hemmesi üçin amatly bolan ykdysady we sosial kanunçylygyň döredilmegi bilen baglanyşykly diýip hasap edýär.

Umuman alanymyzda integrasiýa häsiýetnama bermekde dürli mekdebiň wekilleriniň garaýşyny tutuşlygyna dogry ýa-da tutuşlygyna ýalňyş diýip aýtmak bolmaz. Köpleriň garaýşy dirižinizm mekdebiniňki bilen gabat gelýär. Sebäbi häzirki zaman integrasiýalaryň taryhyna seredeniňde hem döwletleriň gatnaşmagy esasynda şeýle goşulyşmalar döredildi. Ykdysadyýetiň tebigy sazlaşýan ýagdaýynda ykdysady integrasiýalar döräp bilmegi mümkin. Emma, bir kompaniýanyň ýa-da bir hususyýetçiniň bähbidini tutuş bir halkyň ýa-da döwletiň bähbidine deň goýmak hem maksadalaýyk däl. Şol bir wagtyň özünde integrasiýalar diňe bazar ykdysadyýeti şertlerinde emele gelýär diýen düşünje bilen hem ylalaşmak kyn. Çünki, ozalky sosialistik ýurtlaryň Özara Ykdysady Kömek Soweti atly integrasiýany döretmekleri olaryň garaýşyny inkär edýär. Şonuň üçin hem köpler integrasiýalary döretmekde esasy roly döwlete degişli diýen garaýyş bilen ylalaşýar.

## 28.3. Integrasiýalaryň walýuta jähtleri

Walýuta integrasiýasy – munuň özi integrasiýa gatnaşýan döwletleriň milli walýuta ulgamlarynyň ösüp, bir bütewi walýuta ulgamyny emele getirmegidir. Walýuta integrasiýasynyň emele gelmegi ykdysady integrasiýalary emele getirmegiň möhüm meseleleriniň biridir. Ykdysady integrasiýalar ýaly walýuta integrasiýasy hem döwletleriň syýasatynyň netijesidir. Şol bir wagtyň özünde bütewi walýuta ulgamyna geçmek ykdysady taýdan hem amatlydyr. Ýagny walýuta

ulgamynyň sagdynlaşmagy, halkara hasaplaşyklaryň ýeňilleşmegi, walýuta kurslarynyň aradan aýrylmagy, erkin konwertirlenýän durnukly walýuta geçilmegi milli ykdysadyýeti we ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde örän amatlydyr.

Döwletleriň özara walýuta bileleşigini döretmekleri soňky iki asyrda ýüze çykan zat däldir. Ol gözbaşyny irki wagtlardan alyp gaýdýar. 1392-nji ýylda döredilen Ganzeý walýuta bileleşigi, 1857-nji ýylda baglaşylan Awstro-german moneta bileleşigi, 1865-nji ýylda ylalaşylan Latyn walýuta bileleşigi ýa-da 1872-nji döredilen Skandinaw walýuta bileleşigi we başgalar muňa mysal bolup biler. Bileleşige azyndan iki döwlet gatnaşýar. Döwletleriň haýsy hem bolsa biriniň walýutasy gymmatyň ölçeg birligi hökmünde saýlanyp alynýar. Saýlanyp alnan walýuta maýa toplaýyş we alyş-çalyş serişdesi bolup çykyş edýär. Walýuta bileleşigine gatnaşmaýan döwletler öz walýuta kurslaryny saýlanyp alnan walýuta bilen gatnaşyk arkaly alyp barýarlar.

Köp ýagdaýlarda walýuta bileleşiginde haýsy döwletiň walýutasy halkara töleg serişdesi hökmünde ulanylýan bolsa, şol walýuta hem esasy walýuta hökmünde saýlanyp alynýar. Mysal üçin, häzirki wagtda şeýle mehanizm ABŞ bilen beýleki käbir döwletleriň arasynda hereket edýär. Käbir ýagdaýlarda bir walýuta däl-de döwlet edaralary tarapyndan sazlaşdyrylan garyşyk walýuta ulanylýar. Häzirki wagtda şeýle walýuta bileleşigi Günbatar we Merkezi Afrikanyň on dört döwletiniň arasynda hereket edýär. Bu bileleşige afrikan-frank zolagy diýilýär. Ýewropa walýuta Bileleşigi ýurtlarynyň gatnaşmagynda otuz ýurdy öz içine alýan Ýewropa walýuta Bileleşigi häzirki güne çenli baglaşylan walýuta bileleşikleriniň iň kämili hasap edilýär.

Walýuta hyzmatdaşlygynyň taryhyna seljerme berlende walýuta integrasiýalaryň döredilmegi üçin döwletleriň birnäçe basgançagy geçýändigini görmek bolýar. Ilki bilen agza döwletleriň köptaraply töleg ulgamy döredilýär. Bu ulgam kliring bahalary we karzlaşdyrma ýaly meseleleri hem öz içine alýar. Soňra agza döwletler milli walýutalaryň durnuklylygyny üpjün edýän kurs mehanizmini işläp düzýärler. Iň soňky basgançak bolsa walýuta bilelelesiginiň döredilmegi, ýagny ýeke-täk walýutanyň girizilmegidir.

Ýeke-täk walýutanyň girizilmegi örän çylşyrymly we jedelli meseledir. Täze walýuta bilen ozalky hereket edýän walýutanyň kurslarynyň nähili esasda kesgitlenmegi, täze walýutanyň artykmaçlygyny we ýetmezçiligini kesgitlemek ýeterlik kynçylyklary döredýär. Bu kynçylyklary çözmek üçin ÝB ýurtlary Mandell tarapyndan işlenen walýuta zolagynyň amatly nazaryýeti esasynda hereket etdiler. Bu nazaryýet bellenen we ýüzýän walýuta kurslarynyň ýetmezçilikleri we artykmaçylyklary baradadyr.

Nazaryýete laýyklykda bellenen walýuta kursy kesgitli döwletleriň arasynda ulanylmagy netijeli bolup biler. Onuň üçin döwletler «amatly kriteriýalar (baha beriş ölçegleri)» boýunça hereket etmelidir. Ol kriteriýalara bolsa aşakdakylar degişlidir.

– makroykdysady şoguň (şok) paýynyň ýokary bolmagy–integrasiýa girýän ýurtlaryň käbirinde makroykdysady görkezijileriň oňaýsyzlygynyň ýokary, beýleki döwletlerde makroykdysady görkezijileriň durnukly bolmagy:

– içerki bahalaryň we zähmet haklarynyň çeýeligi–bahalar we zähmet haklary islege we teklibe görä çeýe hereket edip bilýän bolsa, beýleki ykdysadyýetde ýüze çykan oňaýsyzlyklaryň (işsizlik, hümmetsizlenme we ş.m.) täsiri azalýar:

– önümçilik ýagdaýlaryň ýokary mobilligi–bu ýagdaýda esasy üns zähmete we maýa goýuma berilýär. Bu iki ýagdaý herekete getirilen ýagdaýda dürli kynçylyklaryň bolmagyna garamazdan bäsleşige ukyply, eksporta nazarlanan harytlary öndürmeklige ukyply bolýar;

– agza döwletleriň ykdysadyýetiniň özara açyklyk derejesiniň ýokary bolmagy – ýerli baha bilen beýleki hojalykdaky baha tapawudynyň az bolmagyny göz öňunde tutýar.

– makroykdysady syýasatyň makroykdysady derejede sazlanylmagy – walýuta zolak girýän ýurtlaryň bellenen kurs boýunça bir syýasaty alyp barmaklygy. Çünki, walýuta zolak girýän ýurtlaryň birinde walýuta kynçylygy ýüze çyksa beýleki döwletlere täsir edýär:

– fiskal derejesiniň ýokary bolmagy – ugrukdyrylan salgyt-býujet syýasatynyň alnyp barylmagy, agza döwletleriň arasynda býujet ýetmezçiliginiň öňuni alýar:

– ykdysadyýetiň diwersifikasiýasynyň ýokary derejesi–harytlaryň görnüşleriniň köp bolmagy ykdysady gatnaşyklara oňaýly täsir edýär;

– sebitleýin söwdanyň ýokary derejesi – agza döwletler mümkin boldugyça özara söwdany ösdürmeklige üns bermeli:

– baha çäreleri–bahalaryň umumylygyny saklamak üçin alnyp barylýan çäreler:

– aýlanyşyk we töleg serişdeleri – özara diňe bir walýutanyň töleg serişdesi bolmagy we halkara töleg harajatlarynyň azalmagy:

– süýşürintgiler serişdesi – agza döwletlerde walýuta töwekgeçilikleriň pes bolmagy ilatyň artykmaç serişdeleriniň gelejek üçin toplanmagyna mümkinçilik berýär.

Ine, şu ýokarda bellenip geçilen baha beriş ölçegler (kriteriýalar) Mandell tarapyndan işlenen walýuta zolagynyň amatly nazaryýeti diýlip atlandyrylan nazaryýetiň esasy mazmunyny düzýär.

## 28.4. Dünýäniň iri integrasiýalary

Häzirki hereket edýän integrasiýalaryň içinde iň kämili Ýewropa Bileleşigidir. Ol Günbatar, Merkezi, Demirgazyk we Gündogar Ýewropa ýurtlaryny öz içine alýar. Bu döwletler häzirki wagtda integrasiýanyň iň ýokary basgançagy bolan syýasy bileleşiginiň öň ýanyndadyr.

ÝB-iň döräp başlan pursady 1950-nji ýylyň maý aýynyň 9-y diýip hasap edilýär. Şol senede Fransiýanyň, GFR-iň daşary işler ministrleri kömür we polat önümçiligini umumy golastyna almak barada beýanat berýärler. Şonuň netijesinde 1951-nji ýylda gol çekilen we 1952-nji ýylda güýje girizilen Pariž ylalaşygy esasynda Ýewropanyň kömür we polat birleşigi döredilýär. Ol özüne alty sany Ýewropa ýurduny birleşdirýär. Olara Belgiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg, GFR, Fransiýa we Italiýa degişlidir. 1957-nji ýylda Ýewropa ykdysady bileleşigi we Ýewropanyň atom energiýasy boýunça bileleşigi döredilýär. Netijede, sebitiň garylyp-gatyşmagy ýokary derejede bolup geçýär. Şonuň netijesinde bolsa 1992-nji ýylda baglaşylan Maastriht şertnamasynyň esasynda 1994-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Ýewropa Ykdysady Bileleşigi Ýewropa Bileleşigi diýlip atlandyrylyp başlanýar.

Ýewropadaky integrasion ösüş iki ugur boýunça – giňelmek we çuňlaşmak esasynda bolup geçdi. Giňelmek ugry boýunça alanyňda ozalky alty agzalarynyň üstüne 1973-nji ýylda Beýik Britaniýa, Daniýa, Irlandiýa, 1981-nji ýylda Gresiýa, 1986-njy ýylda Ispaniýa, Portugaliýa, 1995-nji ýylda Finlýandiýa, Awstriýa, Şwesiýa girdi we olaryň sany on bäşe ýetdi. 2004-nji ýylda integrasiýanyň düzümine birbada on döwlet goşuldy. Olara Latwiýa, Litwa, Estoniýa, Polşa, Çehiýa, Wengriýa, Sloweniýa, Slowakiýa, Malta we Kipr degişlidir. 2007-nji ýyla geçilen gijede Bolgariýanyň we Rumyniýanyň girmegi bilen onuň sany 27 döwlete ýetdi.

ÝB-iň döredilmegi birnäçe sebäpler bilen şertlenendir. Birinji uly bolmadyk bu sebitde köp döwletleriň ýerleşmegi, ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmäge mümkinçilik döredýärdi. Şeýle mümkinçilikden ilkinji nobatda günbatar Ýewropa ýurtlary peýdalanmak isleýärdiler.

*Ikinjiden* yzly-yzyna turan jahan uruşlary Ýewropada bolupdy. Geljekde şeýle uruşlaryň gaýtalanmazlygy, ondan sapak almagy we ýeke-täk Ýewropa medeniýetini gorap saklamak, ony ösdürmek meselesi ýüze çykypdy.

*Üçünjiden*, geçen asyryň 90-njy ýyllaryna çenli Ýewropa döwletleri iki sany biri-birine garşy bolan jemgyýetçilik gurluşyň täsirine düşüpdi. Bu ýagdaý sebitiň ýurtlarynyň birleşmek meýlini has güýçlendirdi.

*Dördünjiden,* bazar ykdysadyýetli hojalyk Ýewropada beýleki sebitlere garanyňda has ir ýüze çykdy. Bu bolsa hojalyklaryň biri-birine goşulyşmagyna mümkinçilik döredýärdi. Şol bir wagtyň özünde günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýeti daşary gatnaşyklara garaşlydy.

*Bäşinjiden*, dünýäniň beýleki sebitlerinde ykdysady, syýasy täsiri güýçlendirmek zerurlygy ýüze çykypdy. Ikinji jahan urşundan soň kapitalistik dünýä-de taýsyz güýje öwrülen ABŞ dünýäniň dürli sebitlerinde we Ýewropa döwletlerine hem täsiri uludy. Bu täsiri azaltmak we garşylykly täsir etmek meselesi integrasiýa gatnaşýan döwletleriň öňünde duran meseleleriň biridi.

*Altynjydan*, ozalky koloniýalarynyň dargamagy netijesinde olar bilen alnyp barlan ykdysady gatnaşyklar hem pese gaçypdy. Garaşsyz bolan döwletlere beýleki

güýçli döwletler täsir edip başlapdy. Ozalky koloniýalary bilen, täze gatnaşyklary açmak we Ýewropa täsirini saklamak gün tertibinde duran meseleleriň biridi.

Ýokarda bellenilip geçilen sebäpler Ýewropa döwletlerini hemmetaraplaýyn birleşmeklige getirdi. Onuň netijesinde häzirki döwrüň iň kämil integrasiýasy hasaplanylýan ÝB emele geldi.

Günbatar Ýewropada başlanan integrasiýanyň ösüşini birnäçe döwürlere bölmek bolar. Ösüşiň döwürlere bölünmeginiň sebäbi bolup agza döwletleriň yzygiderli artmagy, bu döwletlerde hojalyk gatnaşyklarynyň tapawutly bolmagy çykyş edýär.

*Birinji döwür* geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň birinji ýarymyny öz içine alýar. Bu döwür birleşmek meýliniň ýüze çykan we ösüp başlan ýyllarydyr.

*Ikinji döwür* XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ikinji ýarymyndan 70-nji ýyllary aralygy öz içine alýar. Bu aralyk ÝB-niň döredilmeginde möhüm ähmiýete eýe bolan ýyllar hasaplanýar. Rim ylalaşygynyň çäklerinde dört erkinlik, ýagny harytlaryň, hyzmatlaryň, işçi güýjüniň, maýanyň erkin hereketini üpjün etmek göz öňunde tutuldy. Bu işler tapgyrlaýyn amala aşyryldy. Ilki bilen agza döwletleriň arasynda erkin söwda zolagy döredildi. Şondan bir ýarym ýyl geçmänkä-de gümrük bileleşigi döredildi. Senagat harytlarynyň özara çäklendirmesi ýatyrylyp, üçünji döwletler üçin ýeke-täk gümrük tarifi bellenildi. Aýratyn ýetilen sepgitleriň biri hem agza döwletleriň ýeke-täk oba hojalyk syýasatyna geçmekligidir.

*Üçünji döwür* XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalaryna çenli aralygy öz içine alýar. Bu ýyllarda integrasiýanyň iň kynçylykly, gapma-garşylykly ýyllary boldy. Aýratyn-da hojalyklaryň arasynda walýuta gatnaşyklaryny sazlaşdyrmak esasy meseleleriň biridi. Emma dürli kynçylyklara garamazdan ÝB düzümini we mehanizmini kämilleşdirmegini dowam etdi.

*Dördünji döwür* 1970-1990-njy ýyllar aralygy bolup, ÝB-de düýpli özgertmeleriň geçirilen wagtydyr. Rim ylalaşygy, Ýeke-täk Ýewropa akty we başga-da birnäçe ylalaşyklaryň esasynda «serhetsiz içerki giňişlik» döredildi. «Serhetsiz içerki giňişligiň» döredilmeginiň meýilnamasy 1985-nji ýylda çap edilen «Ak kitap» diýlip atlandyrylan neşirde öz beýanyny tapdy. Bu meýilnama 300 töweregi anyk çäräni öz içine aldy. Bu meýilnama 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli doly ýerine ýetirildi. Hünärmenleriň bellemegine görä, integrasiýa gatnaşýan döwletleriň hojalyklary yza gaýtmasyz ýagdaýda birleşdi.

*Bäşinji döwür* 1991-nji ýyldan häzirki wagty öz içine alýar. Bu döwürde ykdysady, syýasy we walýuta bileleşigine gutarnykly geçildi. Şonuň üçin 1993-nji ýylda Ýewropa Ykdysady Bileleşigi Ýewropa Bileleşigi diýlip atlandyrylyp başlandy.

ÝB ösüşiniň häzirki döwründe üç sany täze ugruň üstünde işleýär:

– *birinjiden,* ýeke-täk ÝB-niň raýatlygyny döretmek. Ýagny agza döwletleriň ýaşaýjylary şol bir wagtyň özünde ÝB-niň we milli döwletleriň raýaty diýlip hasaplanylmaly;



21. Sargyt № 832

– *ikinjiden,* bilelikdäki syýasy bileleşigi döretmek. Agza döwletleriň hemmesi umumy daşary syýasaty ýöretmek, döwletleriň hukuk we salgyt ulgamlaryny ýakynlaşdyrmak, Ýewropa parlamentiniň ähmiýetini ýokarlandyrmak;

– *üçünjiden*, agza döwletleriň arasynda ýeke-täk walýuta esaslanýan ykdysady we walýuta bileleşigini döretmek.

Ýewropa integrasiýasynyň ösüş döwürlerine seredip, birnäçe netije çykarmak mümkin. ÝB häzirki wagtda kanunçylyk, ýerine ýetirijilik we kazyýet edaralarynyň tapawutly bolanlygy üçin dürli kynçylyklara duş gelýär. Bu meseleler bolsa guramaçylyk işlerini kynlaşdyrýar. Bu kynçylyklary aradan aýyrmak üçin birnäçe institutlar döredildi.

– Ýewropa Geňeşi. Ol ÝB ýurtlarynyň döwlet we hökümet baştutanlaryndan ybarat bolup, düýpli meseleler üçin ýygnanyşýarlar.

– Ministrler geňeşi. Gündelik ykdysady meseleler üçin ýygnanyşýarlar.

– Ýewropa komissiýasy. Baş ýerine ýetiriji edara ý-da ÝB-niň hökümeti. Olar esasan maliýe serişdelerini dolandyryjylardyr.

– Ýewropa parlamenti. Wekilçilikli edara bolup, agza döwletler tarapyndan göni ses bermek arkaly 5 ýyl möhlete saýlanylýar.

– Ýewropa sudy – ÝB-de ýeke-täk kanunçylygy ýöredýär.

– Auditor palatasy – ÝB-niň girdejilerini we çykdajylaryny barlamak maksady bilen döredildi.

– Umumy býujet-gaznalary, banklary, aýratyn-da Ýewropa Merkezi bankyny emele getirmek üçin döredildi.

Integrasiýa gatnaşýan döwletleriň käbiri özbaşdaklygynyň bellibir bölegini integrasiýanyň institutlaryna berdiler. Munuň sebäbi integrasion bileleşigi güýçlendirmekden we agza döwletleriň arasynda täsirini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Käbir döwletler bolsa integrasiýa doly goşulmak milli ykdysadyýetleri üçin howply hasaplaýarlar. Olara Portugaliýa, Ispaniýa, Gresiýa, Irlandiýa degişlidir. Olar güýçli bäsdeşlige milli öndürijileriniň tap getirip bilmezliginden howatyrlanýarlar.

ÝB-niň giňelmegi agza döwletleriň arasynda dürli gapma-garşylyklara hem getirýär. Agza döwletler ÝB garaýşy boýunça iki topara bölünýär. Birinji topar dörediji alty sany döwlet bolup, olar has birleşmäge ýykgyn edýärler. Ikinji topar ÝB-niň düzüminde bolup, özbaşdaklygy saklap galmak isleýärler. Olara, Polşa, Baltika ýurtlary degişlidir.

Dürli kynçylyklara, gapma-garşylyklara garamazdan integrasion prosesleriň güýçlenmegi agza döwletleriň durnukly ösüşe eýe bolmagyna getirýär. ÝB häzirki dünýä hojalygynyň iň kämil integrasiýasydyr. Integrasion birleşmeleriň käbirine seredip geçeliň.

**NAFTA.** Integrasion birleşmeler dünýäniň dürli sebitlerinde hereket edýärler. Şeýle integrasiýalar Amerika yklymynda hem hereket edýär. Bu yklymdaky has täsirli integrasiýa NAFTA-dyr (North Amerikan Free Trade Area-NAFTA). Bu integrasiýa ABŞ-nyň , Meksikanyň, Kanadanyň gatnaşmagynda 1994-nji ýylda döredildi.

Integrasiýa döredileni bäri onuň agzalary gümrük tariflerini peseltmek meýilnamasyny ýerine ýetirdiler. Berilýän maglumatlara görä ABŞ Meksikanyň eksportyna salynýan gümrük tarifini 84% peseltdi. Meksika öz gezeginde amerikan harytlaryna 43%, kanada harytlaryna 41% tarifini peseltdi. Häzirki wagtda NAFTA-nyň erkin söwda boýunça komissiýasy, sekretariaty, institutlary, birnäçe ylmy-barlag toparlary döredildi. ÝB-den tapawutlylykda NAFTA ykdysady gatnaşyklary sazlaşdyrýan, ýeke-täk bütewi ulgama, syýasata, ýeke-täk walýuta geçmekligi göz öňünde tutmaýar. Häzirki wagta çenli gümrük bileleşigi hem döredilmedi. Onuň diňe çekişmeleri dowam edýär. Şeýle hem harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň, işçi güýjüniň hereketini özara çäklendirmek dowam edýär. Mysal üçin, ABŞ Meksikadan gelýän immigrantlaryň akymyny çäklendirýär.

NAFTA-nyň integrasion birleşmä liberal garaýşy bar. Şonuň üçin bu integrasion herekete döwletleriň täsiri uly däldir. Bu ýagdaý integrasion ýagdaýlara oňaýsyz täsir edýär. Agza döwletleriň beýleki integrasiýalar bilen daşary söwdasy umumy söwdanyň 56%-ni tutýar.

Bu birleşmede esasy utuş gazanjagyň Meksikadygy bellenilýär. Daşary ýurt maýasynyň akymynyň güýçlenmegi, eksport harytlaryna gümrük tarifiniň peseldilmegi, täze tehnologiýa daýanýan önümçilikler, täze iş orunlary meksikan ykdysadyýetine oňaýly täsir edýär.

**MERKOSUR.** Latyn Amerikasynda iň iri hasaplanylýan integrasiýadyr. Onuň türkmen dilindäki manysy Günorta konus döwletleriniň umumy bazary diýmekligi aňladýar. Ol Argentinanyň, Braziliýanyň, Paragwaýyň we Urugwaýyň gatnaşmagynda 1991-nji ýylda döredildi. 2005-nji ýylda Wenesuela hem goşuldy. Häzirki wagtda integrasiýa Latyn Amerikanyň ilatynyň 45%-ini (200 milliondan gowrak), jemi içerki önüminiň 50%-ini (2 trillion dollardan gowrak), daşary ýurt göni maýa goýumlarynyň 40%-ini, yklymyň daşary söwda dolanyşygynyň üçden birini özünde jemleýär.

Agza döwletler ilki bilen erkin söwda zolagyny döretmegi göz öňünde tutýardylar. Soňlugy bilen maýanyň, işçi güýjüniň erkin hereketini üpjün etmek bellenildi. Şeýle-de, ýeke-täk gümrük tarifi, gümrük bileleşigi, senagat, oba hojalyk, ulag we aragatnaşyk, walýuta-maliýe ulgamynda bütewüleşdirilen düzgünleri girizmek meýilleşdirildi.

1994-nji ýylda agza döwletler gümrük bileleşigini döretmegiň meýilnamasyny kabul etdiler. 1995-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-den üçünji döwletler üçin umumy tarif işläp başlady. Import edilýän harytlaryň 85%-i gümrük tarifiniň içine girizildi.

Integrasiýany dolandyrmagyň edaralary hem döredildi. Umumy bazaryň Geňeşi daşary işler ministrleriniň gatnaşmagynda geçirilýär. Umumy bazaryň topary ýerine ýetiriji edara bolup, onuň ştab-kwartirasy Montewideoda ýerleşýär. Umumy bazar toparynyň tabynlygynda onlarça tehniki Komissiýalar döredildi. Şeýle hem, Bilelikdäki parlament komissiýasy, söwda meseleleri boýunça komissiýa, jemgyýetçilik-maslahat beriş forumy döredildi.

MERKOSUR-a gatnaşýan döwletler öz aralaryndaky dürli kynçylyklary üstünlikli çözmegi başaranoklar. Mysal üçin, döwletleriň içerki söwdasynda gümrügi doly aradan aýyrmak başa baranok ýa-da, Urugwaý milli bazaryny goramak üçin has köp harytlara gümrük salgydyny belleýär. Daşary söwda gatnaşyklarynda hem ýeterlik gapma-garşylyklar ýüze çykýar. Mysal üçin, Braziliýa we Argentina ýokary tehnologiýaly önümleriň importyna ýeňillik döredýär. Urugwaý bilen Paragwaý tehniki taydan Braziliýa we Argentina garaşly. Şular ýaly sebäpler integrasiýa gatnaşýan döwletleriň arasynda söwda gatnaşyklaryň ösmegini bökdeýär.

**FTAA.** Amerika yklymynda geljegi uly diýlip hasaplanylýan ýene-de bir integrasiýa hereket edýär. Ol **FTAA** (Free Trade Area of the Americas) diýlip atlandyrylýar. Türkmen dilinde «Umumy amerikan erkin söwda zolagy» diýmekligi aňladyar.

Günbatar ýarym bölegi öz içine alýan umumy integrasiýany döretmek barada entek Ikinji jahan urşy başlanmanka gürrüň edilip başlandy. Ony döretmek boýunça hereketler welin, geçen asyryň 90-njy ýyllarynda ýüze çykdy. FTAA-ny döretmek boýunça ylalaşyk 2004-nji ýylda baglaşyldy we 2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-den güýje girdi. Halkara synçylary bu ýagdaýa ÝB-niň giňemegine ABŞ-nyň jogaby hökmünde seredýärler.

Bu integrasiýanyň öňünde çözülmeli meseleler örän köp. NAFTA-nyň we MERKOSUR-yň agzalarynyň käbiri bu integrasiýa howatyrly garaýarlar. Olar bu integrasiýanyň üsti bilen ABŞ özüniň hökmürowanlygyny has güýçlendirer diýip hasaplaýarlar. Bu döwletlere ilki bilen Braziliýa, Wenesuela we Meksika degişlidir.

**ASEAN.** Aziýa-Ýuwaş umman sebiti döwletlerine dünýä ilatynyň 40%-i, dünýäniň jemi önüminiň 60%-i, dünýä söwdasynyň 50%-i düşýär. Bu sebitde iň görnükli integrasiýa ASEAN-dyr (Association of South East Asian Nations). Türkmen dilinde «Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň Assosiasiýasy» diýmekligi aňladýar.

Assosiasiýa 1967-nji ýylda bäş döwletiň – Singapuryň, Malaýziýanyň, Tailandyň, Indoneziýanyň, Filippinleriň gatnaşmagynda döredildi. Onuň düzümine 1984-nji ýylda Bruneý, 1995-nji ýylda Wetnam, 1997-nji ýylda Laos we Mýanma, 1999-njy ýylda Kamboja goşuldy.

Ilki döredilen wagtynda integrasiýanyň ösüşi gowşakdy. Soňky ýyllarda onuň ösüş tizligi mese-mälim çaltlandy. Integrasiýa gatnaşýan döwletler gümrük tarifi-

ni 5%-e ýetirmek barada ylalaşdylar. 2010-njy ýylda ilkinji bäş agzanyň arasynda gümrük tarifini doly aýyrmak, galan agzalary 2015-nji ýyla çenli gümrük tarifini doly aradan aýyrmak göz öňünde tutuldy.

ASEAN-yň esasynda oňa Hytaýyň, Ýaponiýanyň, Günorta Koreýanyň, assosirlenen agza hökmünde Hindistanyň, Awstraliýanyň, Täze Zelandiýanyň gatnaşmagy integrasiýanyň ösmegine kuwwatly itergi berýär.

**ATES.** Bu sebitde ATES (Asia-Pacific Economic Corporation) «Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy» diýlip atlandyrylýan integrasiýa hereket edýär. Onuň düzümine ýigrimiden gowrak döwlet girýär. Olara ABŞ, Kanada, Ýaponiýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Koreýa, Singapur, Tailand, Malaýziýa, Filippinler, Indoneýziýa, Bruneý, Hytaý, Taýwan we Gonkong (Taýwan we Gonkong (täze ady Sýangan) özbaşdak territoriýa hökmünde gatnaşýar), Meksika, Papua-Täze Gwineýa, Kiribati, Marşal adalary, Çili, Wetnam, Peru, Russiýa degişlidir. Bu integrasiýa «maslahatlaşmak» häsiýetine eýe bolup, oňa sebitiň hökmetara forumy hem diýilýär. Bu integrasiýa gatnaşýan döwletleriň esasy maksady agza döwletleriň arasyndaky dürli ykdysady gatnaşyklary HSG-niň (Halkara söwda guramasynyň) kadalaryna laýyklykda ösdürmekdir.

**Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy.** 1991-nji ýylyň aýagynda Russiýanyň, Ukrainanyň, Belorusyň Prezidentleri SSSR-iň dargadylýandygyny, onuň ýerine Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyn döredilýändigi barada karar kabul etdiler. Bu arkalaşyga ýene-de 9 sany ozalky soýuz respublikalary hem girdiler. Üç sany Baltika döwletleri bolan Latwiýa, Litwa, Estoniýa arkalaşyga goşulmady. Şeýlelikde 12 döwleti öz içine alýan GDA diýlip atlandyrylýan integrasiýa döredildi. Integrasiýanyň maksady agza döwletleriň arasynda ykdysady, syýasy, gumanitar ulgamda, halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary saklamakdan ybaratdy. GDA ýeke bir ozalky soýuz respublikalary üçin däl-de, beýleki döwletler üçinem açyk integrasiýadyr.

GDA-ny dolandyrmak üçin döredilen institutlar entek netijeli işläp bilenok. Onuň sebäbi agza döwletleriň bähbitleriniň biri-birine çapraz gelmegi, käbir halklaryň biri-birine bolan garaýyşlary çykyş edýär. Häzirki wagtda GDA-ny dolandyrmagyň aşakdaky institutlary hereket edýär.

– Döwlet baştutanlarynyň Geňeşi – olar Prezidentleriň derejesinde bolup, esasy kararlary kabul edýärler; hökümet baştutanlarynyň geňeşi – prezidentleriň kararlaryny we görkezmelerini ýerine ýetirýärler;

– daşary işler ministrleriň geňeşi – üçunji döwletler we arkalaşyga girýän ýurtlaryň arasynda gatnaşyklary maksadalaýyk alyp barmak üçin ýygnanyşýarlar;

– goranmak mninistrleriň geňeşi – arkalaşyga girýän ýurtlaryň arasynda ýaraglaryň satylyşy, harby ulgamda hyzmatdaşlyk, parahatçylygy üpjün etmek meseleleri boýunça ýygnanýarlar.

Serhet goşunlarynyň serkerdeleriniň geňeşi – arkalaşyga girýän ýurtlaryň daşary serhetlerini goramak, zerurlyk ýüze çyksa birek-birege kömek etmek meseleleri boýunça ýygnanýarlar.

Parlamentara Assambleýa – GDA ýurtlarynyň parlamentleriniň wekillerinden ybarat bolup, parlamentleriň arasynda özara tejribeleri alyşmagyň hukuk esaslary üpjün etmegiň meselelerine seredilýär.

Ykdysady kazyýet – GDA ýurtlarynyň hojalyk birlikleriniň arasyndaky söwda-ykdysady düşünişmezliklere seredýär.

GDA-nyň hemişelik hereket edýän we ugrukdyryjy edarasy ykdysady geňeşdir. Guramaçylyk işlerini ýerine ýetiriji sekretariat alyp barýar. GDA-nyň edaralary ses bermek ýörelgesine esaslanýar. Her bir agza döwletiň ses bermezlige we edaranyň işine gatnaşmazlyga hukugy bar. GDA kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmeýär.

GDA-nyň dürli edaralarynyň sany altmyş töweregi bolup, olar anyk ugurlar boýunça hereket edýär. Bu edaralarda jemi iki müňe golaý adam işleýär. Edaralaryň hemmesiniň maksady agza döwletleriň arasynda netijeli hereketi alyp barmakdan ybaratdyr.

GDA ilki döredilende oňa onki sany döwlet agzady. Häzirki günde onuň düzüminde on sany agza döwlet bar. Türkmenistan 2005-nji ýylda GDA-nyň Kazan şäherinde geçen duşuşygynda mundan beýläk integrasiýanyň düzümine assosirlenen agza hökmünde gatnaşjakdygyny mälim etdi. 2008-nji ýylyň awgust aýynyň 8-däki wakadan soň Gruziýa hem GDA-nyň agzasy bolmakdan boýun gaçyrdy.

# XXIX bap

# TÜRKMENISTANYŇ HALKARA INTEGRASIÝALAR BILEN HYZMATDAŞLYGY

## 29.1. Türkmenistanyň GDA ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow daşary syýasat, ykdysadyýet, medeni–gumanitar, ylym–bilim babatda täze mümkinçilikleri açýan halkara hyzmatdaşlygy giňden diwersifikasiýalaşdyrmak ugrunda konstruktiw häsiýetli syýasaty alyp barýar. Döwlet Baştutanymyzyň hoşniýetli we işjeň, Türkmenistanyň milli bähbitlerini we halkara kada-kanunlaryny ileri tutýan daşary syýasaty dünýä ýurtlary tarapyndan barha uly gyzyklanma we goldaw tapýar. Onuň halkara hyzmatdaşlygyň progressiw ugurlaryna gönükdirilen başlangyçlary Türk-

menistanyň halkara ulgamyndaky ornuny has-da pugtalandyrdy. Häzirki wagtda 129 döwlet bilen diplomatik gatnaşyklary saklaýan, 42 sany abraýly halkara guramalarynyň agzasy bolmak bilen daşary syýasatda halkara hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýän ýurdumyzyň Aziýa – Ýuwaş umman sebiti, Ýewropa, GDA ýurtlary, EKO guramasynyň ýurtlary, Demirgazyk we Latyn Amerikasy, Ýakyn Gündogar we Afrika döwletleri bilen gatnaşyklary döwrüň talaplaryna laýyk ýola goýulýar we amala aşyrýar.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işine baha bermekde has düýpli ähmiýetli zat daşary söwda gatnaşyklarynyň, hususanam eksport mümkinçilikleriniň, ösdürilmegi bolup durýar, ol hem daşary söwda dolanyşygynyň düzüminde eksportyň tutýan paýy, eksportyň ösüş depginleri, eksportda haryt ibermekde geografik ugurlary we eksportyň düzümi ýaly esasy görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Türkmenistanyň eksport mümkinçilikleriniň dolandyrylmagy iki sany iri topary gaplap alýar, olara Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlar bilen ykdysady aragatnaşyklar hem-de dünýäniň beýleki döwletleri bilen özara ykdysady aragatnaşyklar degişlidir. Eksportyň geografiki taýdan gönükdirilişi GDA ýurtlary bilen dünýäniň beýleki ýurtlarynyň arasyndaky mynasybet boýunça 2002-nji ýylda we 2006-njy ýylda eksportyň harytlyk düzüminde tebigy gazyň möçberiniň artmagy netijesinde GDA ýurtlarynyň peýdasyna boldy (50%-den ýokary).

*37-nji tablisa*

**Türkmenistanyň GDA döwletleri bilen daşary söwdasy, million amerikan dollarynda**

| | Eksport | | | Import | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | **2000** | **2007** | **2008** | **2000** | **2007** | **2008** |
| Azerbaýjan | 37,1 | 80,9 | 474,1 | 36,6 | 17,2 | 27,5 |
| Ermenistan | 1,5 | 2,8 | 9,3 | 19,8 | 2 | 2,4 |
| Belarus | 0,3 | 3,5 | 4 | 53,5 | 86,7 | 61,8 |
| Gazagystan | 5,3 | 21,3 | 39,2 | 19,7 | 49,5 | 254,9 |
| Gyrgyzystan | 23,2 | 6,6 | 4,8 | 4,6 | 5,7 | 6,2 |
| Russiýa Federasiýasy | 1029,3 | 4361,3 | 6018,5 | 254,5 | 491,7 | 891,3 |
| Özbegistan | 5,9 | 10,9 | 16,2 | 35,3 | 58 | 76,5 |
| Ukraina | 164,9 | 64,3 | 117,7 | 214,3 | 264,1 | 352,4 |
| Jemi | 1267,5 | 4551,6 | 6683,8 | 638,3 | 974,9 | 1673 |

**Türkmenistanyň ýyllyk-statistiki neşiri, 2000 – 2009-njy ýyllar.**

Türkmenistan 2000-nji ýylda dünýäniň köp ýurtlary bilen daşary söwda gatnaşyklarynda boldy, olaryň arasynda GDA-nyň 10 ýurdy bar, olara ýurduň eksportynyň 46,4%-i, ÝHG-niň 9 sany ýurduna (şol sanda GDA-nyň düzümine

girýän 5 ýurt bar) 23,7%, ÝB ýurtlaryna 15,6%, Amerikan yklymynyň 3 sany ýurduna 1,8%, Güngogar Ýewropanyň 9 ýurduna 2,3%, Aziýa – Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlaryna 4,4% we beýleki ýurtlara hem 5,8 % düşýär.

Türkmenistan 2000-nji ýylda GDA döwletleriniň düzümine girýän Russiýa Federasiýasy bilen ähli eksportyň 44%-iniň Ukraina bilen 4%-ini amala aşyrdan bolsa bu ýagdaý 2003-nji ýylda şu görnüşe eýe boldy: Ukraina – ähli eksportyň 37%-ne, 2006-njy ýylda bolsa Russiýa Federasiýasy bilen bu amallaryň paýy ähli eksportyň 47%-ne deň boldy. Türkmenistanyň önümleri dünýäniň 60-dan gowrak ýurduna eksport edildi.

Eksportda GDA ýurtlary we dünýäniň beýleki ýurtlary boýunça düzümleri birmeňzeş däldir. Pagta süýümi, esasan, dünýäniň dürli ýurtlaryna iberilýär. Hut şonuň ýaly tapawutly meýiller nebit önümleriniň we elektrik energiýasynyň eksporty boýunça-da emele gelýär.

**Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasy bilen hyzmatdaşlygy.** Russiýa we Türkmenistan Sowet Soýuzunyň düzüminde bolmak bilen has işjeň ykdysady aragatnaşyklary amala aşyrýardylar. 1990-njy ýylda haryt dolanyşygynyň ýyllyk möçberi ABŞ-nyň 3 mlrd. dollaryna barabar bolupdy. SSSR-iň umumy haryt dolanyşygynda Türkmenistanyň paýy bolsa 2,6 % bolupdy. SSSR dargandan soňra ýagdaý düýbünden üýtgedi, Russiýanyň we Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklary, köplenç, başga ýurtlara nazarlandyryldy, şonuň üçin hem olaryň arasyndaky haryt dolanyşygy 2005-nji ýylda ABŞ-nyň 300 mln. dollaryna çenli kemeldi, Russiýanyň GDA ýurtlary boýunça haryt dolanyşygynda Türkmenistanyň paýy üzül-kesil azaldy.

Emma bu gün ýagdaý düýpgöter üýtgedi hem-de Russiýa Federasiýasy Türkmenistanyň iň iri we ygtybarly strategik hyzmatdaşy bolup durýar. Türkmenistan we Russiýa Federasiýasy üçin ýangyç-energetiki ýaýrawdaky hyzmatdaşlyk ileri tutulýan ähmiýete eýe bolýar. Ylaýta-da, iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygynyň ilerleýjilikli ösüşi bellenýär, onuň möçberi soňky ýyllarda 7,5 essä golaý ösdi we 2007-nji ýylyň jemleri boýunça ABŞ-nyň 4 mlrd. 853 mln. dollaryna deň boldy.

Häzirki günlerde Türkmenistanda Russiýa Federasiýasynyň maýasynyň gatnaşmagyndaky 113-den gowrak kärhana hereket edýär hem-de Russiýanyň kompaniýalarynyň gatnaşmagynda 116 sany taslama durmuşa geçirilýär. Şonuň bilen baglylykda Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň gatnaşmagynda üçtaraplaýyn esasda durmuşa geçirilýän Hazarýaka gaz geçirijisiniň taslamasy aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar. Bu gaz geçiriji Orta Aziýanyň gazyny Ýewropa ýurtlaryna akdyrmak maksady bilen gurular.

Uglewodorod çig malyny eksport etmek boýunça bilelikdäki iş bilen bir hatarda, Hazar deňziniň türkmen ýalpaklyklarynda-da ÖPY (Önümi paýlaşmak baradaky ylalaşyklar) esasynda onuň çykarylyşyny bilelikde işläp düzmekde esasy rus kompaniýalarynyň gatnaşmak mümkinçiliginiň geljegi bardyr.

Nebiti we gazy gazyp çykarýan obýektleriň durkuny täzelemekde, döwrebaplaşdyrmakda we ösdürmekde serwis hyzmatlaryny etmek boýunça maýa goýum taslamalaryny, şonuň ýaly-da, olary gaýtadan işlemek babatyndaky bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşlyk hem ileri tutulýar. Türkmenistanda gelejekde tebigy we ugurdaş gazy (nebiti, gazy) suwuklandyrmak boýunça täze zawodlar (işläp duranlaryna goşmaça) gurular. Gaýtadan işlenmedik gaza görä gymmat, emma ulanyşda we ekologik taýdan has netijeli suwuklandyrylan gazyň ýewropaly sarp edijiler tarapyndan import edilişiniň artdyrylmagyna bolan meýillerini hasaba almak bilen, şonuň ýaly-da, Türkmenistanyň öz eksport syýasatyny bütindünýä möçberinde diwersifikasiýalaşdyrmaklyga gönükdirilen strategiýasy göz öňüne tutulanda, bu ugurda Russiýa bilen bilelikdäki hyzmatdaşlyk uzak möhletli we özara peýdaly bolup durýar.

Şeýle hem Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Baş prokuraturasy bilen Russiýa Federasiýasynyň Baş prokuraturasynyň arasyndaky Ylalaşyga; Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi bilen Russiýa Federasiýasynyň Içeri işler ministrliginiň arasyndaky Ylalaşyga; Oba hojalygy babatda özara düşünişmek hakynda Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi bilen Russiýa Federasiýasynyň Oba hojalyk ministrliginiň arasyndaky Ähtnama; Türkmenbaşy (Türkmenistan) we Astrahan suw-ulag uzeli we Mahaçkala (Russiýa Federasiýasy) deňiz menzilleriniň arasynda göni halkara demir ýol parom gatnawyny guramak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň arasyndaky ylalaşyga; Maýa goýumlary höweslendirmek we özara goramak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga; Bilim barada döwlet nusgasyndaky resminamalary özara ykrar etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň arasyndaky ylalaşyga; Ylmy we ylmy-mugallymçylyk işgärlerini hünär synagyndan geçirmek babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga gol çekildi, şeýle hem iki ýurduň serhet edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk, howpsuzlyk meseleleri boýunça arkalaşykly işlemek we degişli düzümleriň hünärmenlerini taýýarlamak babatdaky hyzmatdaşlyklar ýola goýuldy.

Ikitaraplaýyn bähbitli söwda ykdysady gatnaşyklara mundan beýläk-de giň ýol açylar. Iki ýurduň arasynda haryt dolanyşygynyň möçberleriniň ösüşi onuň geljeginiň kepiline öwrülýär. Soňky döwürde tebigy gazdan başga ugurlarda-da haryt dolanyşygynyň görnetin artýandygyny aýratyn bellemek gerek. Häzirki wagtda Russiýa daşarky söwda boýunça Türkmenistanyň hyzmatdaşlarynyň arasynda öňdäki orny eýeleýär. Geljekde Russiýanyň Astrahan oblasty, Altaý ülkesi, Tatarystan respublikasy we beýleki sebitler bilen işjeň gatnaşygy ýola goýmak meýilleşdirilýär.

GDA-nyň çäklerinde gol çekilen resminamalaryň ýurtlar tarapyndan ýerine ýetirilmezligi adaty ýagdaýa öwrüldi. Şonuň üçin hem hyzmatdaşlygyň iki tarap-

laýyn görnüşi has maksadalaýyk ýol bolup durýar. Şu ugurdaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň aýdyň mysaly bolup, Türkmenistanyň we Russiýanyň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk çykyş edýär. Şol ylalaşyga laýyklykda iki ýurduň arasynda köp ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmeklik göz öňünde tutulýar.

**Türkmen–belarus gatnaşyklary.** Türkmenistan bilen Belarus Respublikasy öňden bäri içgin baglanyşdyrýan hyzmatdaşlyga alyp barýarlar. Esasan hem, söwda-ykdysady ulgamynyň esasy orna geçmegi muňa şaýatdyr. Muňa Köýtendagdaky Garlyk ýatagynda bilelikde gurulýan kaliý dökünlerini öndürmäge niýetlenen toplum mysal bolup biler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, belarusly hyzmatdaşlaryň himiýa industriýasy, oba hojalygy, azyk senagaty ýaly pudaklarda toplan tejribeleri we tehnologiýalary Türkmenistanda uly gyzyklanma eýedir. Şeýlelikde, türkmen-belarus bilelikdäki maglumata hem-de Belarusyň oba hojalyk, awtomobil tehnikasy we şäher ulaglaryny getirmek boýunça söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada ylalaşyklar geçirildi. Häzirki wagtda ikitaraplaýyn resminamalaryň arasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara toparynyň döredilmegi, Türkmenistanda we Belarus Respublikasynda Söwda öýleriniň açylmagy, hyzmatdaşlyk etmek hakynda iki döwletiň söwda–senagat edaralarynyň arasyndaky Ylalaşyk bar. «Türkmenhimiýa» Döwlet konserni bilen Belarusyň «Belgorhimprom» açyk paýdarlar jemgyýetiniň arasyndaky çarçuwaly Ylalaşyk hem ähmiýeti taýdan has möhümdir.

Bu döwlet bilen gumanitar ugra aýratyn üns berilýändigini nygtamak gerek. Şeýlelikde, bilim, alymlyk derejeleri we atlary baradaky resminamalary ykrar etmek hakynda iki döwletiň arasyndaky ylalaşyklar bardyr. S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti bilen Belarus döwlet oba hojalyk akademiýasynyň, Türkmen politehniki instituty bilen Belarusyň milli tehniki uniwersitetiniň arasynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda baglaşylan ylalaşyklar geljekde ylym, bilim, medeniýet boýunça gatnaşyklary has işjeňleşdirer. Belarusda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini hem-de Türkmenistanda Belarusyň Medeniýet günlerini geçirmek baradaky Ylalaşyk iki doganlyk halkyň ruhy-intellektual taýdan has-da ýakynlaşmagyna ýardam berjek çärä öwrüldi.

**Türkmen-ukrain gatnaşyklary.** Türkmenistan bilen Ukrainanyň arasyndaky öňden gelýän dostlukly we deňhukukly gatnaşyklar iki ýurduň döwlet Garaşsyzlyklaryny alanlaryndan soň has-da pugtalandy. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan we Ukraina strategik hyzmatdaşlar bolmak bilen, milli ykdysadyýetleriň ysnyşykly we netijeli gatnaşyklaryna bolan özara gyzyklanmany beýan edýän kuwwatly şertnama-hukuk binýadyny döretdiler. Döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde gol çekilen halkara resminamalary bilelikde işlemek üçin binýat bolup hyzmat etdi. Şol resminamalara laýyklykda ykdysady hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-ukrain topary

döredildi, senagat we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy alnyp barylýar, bilelikdäki kärhanalar döredilýär. Daşary söwda dolanyşygynyň yzygiderli ýokarlanmagy söwda-ykdysady gatnaşyklaryň depginini açyp görkezýär. Nebit önümleri, oba hojalyk harytlary, ýeňil we dokma senagatynyň önümleri, elektrik harytlary we beýlekiler biziň ýurdumyzyň Ukraina eksport edýän esasy harytlarydyr. Ukrainadan Türkmenistana öz gezeginde metal we metal önümleri, azyk harytlary, ulag serişdeleri, enjamlar, himiýa senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary we beýlekiler getirilýär.

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň maglumatlary boýunça 2009-njy ýylyň 1-nji sentýabryndaky ýagdaýa görä, Türkmenistanda ukrain maýasynyň gatnaşmagynda 24 kärhana hasaba alyndy. Ýurdumyzda umumy bahasy ABŞ-nyň 1 milliard 545 million dollaryndan gowrak bolan maýa goýum taslamalarynyň 54-si hasaba alyndy. Olar iri ukrain kompaniýalarynyň gatnaşmagynda dürli ulgamlarda, esasan, ýangyç-energetika hem-de gurluşyk pudaklarynda amala aşyryldy we aşyrylýar. Şolaryň hatarynda Amyderýanyň üstünden geçýän demir ýol we awtomobil köprüsiniň, Aşgabatdaky uzynlygy 20 kilometrden gowrak bolan nagymyň gurluşygy, Hazarda täze toplumyň gurulmagy bar. Ukrainanyň M.W. Frunze adyndaky Sumskiý maşyngurluşyk ylmy-önümçilik birleşigi, «Ukrgazstroý», «Ukrgazpromstroý», «Interbudmontaž» ýaly iri kompaniýalary türkmen bazarynda netijeli işleýärler. Ukrainanyň «Ýugneftegaz» kompaniýasy Goturdepe ýatagyndaky guýularda özleriniň öňdebaryjy tehnologiýalaryny ornaşdyrýarlar. Bu kompaniýa nebit guýularynyň çig mal berijiligini ýokarlandyrýan suw izolýasion işlerini geçirýärler hem-de ýangyç çig malynyň çykarylyşyny durnuklaşdyrmaga, möçberini artdyrmaga gönükdirilen gaz-kompressor stansiýalaryny gurýarlar. Türkmenistan bilen Ukraina köpugurly döwlet syýasatyny giňeltmek bilen, bar bolan özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürýärler we onuň täze maşyn gurluşyk, agrosenagat, sport we syýahatçylyk ugurlaryny ýola goýýarlar. Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm bölegi durmuş-gumanitar ulgamy bolup durýar. Türkmenistan iki ýurduň bilim we ylmy-tehniki mümkinçiliklerini özara ulanmaga, bular boýunça hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge uly orun berýär.

**Türkmen-özbek gatnaşyklary.** Özbegistan Respublikasy Merkezi Aziýa sebitinde okgunly ösýän döwletleriň hem-de Türkmenistanyň ýakyn goňşularynyň biri bolup durýar. Döwletara gatnaşyklarynyň dürli ugurlary boýunça alnyp barylýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk, ilki bilen, ýokary derejedäki konstruktiw syýasy dialogyň işjeňleşdirilmegi türkmen-özbek gatnaşyklaryny soňky birnäçe ýylyň içinde hyzmatdaşlygyň strategiki we uzak möhletleýin derejesine çykardy. Türkmenistan bilen gatnaşyklarynyň ösüşiniň häzirki tapgyryndaky düýpli esasyny, ilkinji nobatda, taryhy umumylyk, gumanitar-ruhy kökler, iki doganlyk halklaryň medeniýetde, söwdada köp asyrlyk özara bähbitli gatnaşyklarynyň däpleri, şeýle hem parahat-

çylyga, ylalaşyga, sosial ösüşe gönükdirilen, umumadamzat gymmatlyklaryndan ugur alýan däp bolan dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk hyzmatdaşlygy düzýär.

Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1993-nji ýylyň 7-nji fewralynda ýola goýuldy. Şu döwrüň içinde döwletler türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde baglaşylan ýüzden gowrak halkara resminamalardan ybarat ygtybarly ylalaşyk-hukuk binýadyny döretdiler hem-de dostlukly, netijeli hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesini topladylar. Berk ylalaşyk-hukuk esasy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ugurlarynyň giň möçberi boýunça özara hereketleriň amala aşyrylyşyny kadalaşdyrýar.

Döwletara gatnaşyklaryň dürli derejeleri boýunça yzygiderli syýasy gepleşikler, söwda ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge özara ygrarlylyk, şeýle hem medeni-gumanitar aragatnaşyklary berkitmäge bolan isleg Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky ulgamlaýyn hem maksada gönükdirilen hyzmatdaşlyga oňaýly täsir edýär. Elbetde, iki doganlyk döwletleriň Liderleriniň arasynda bar bolan birek-birege düşünişmek ýörelgeleri türkmen-özbek gatnaşyklarynyň öňe gitmegine ýardam edýän wajyp sebäp bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, Özbegistan Respublikasynyň ozalky Prezidenti Islam Karimowyň Türkmenistana 2007-nji ýylyň oktýabrynda bolan döwlet sapary we Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Özbegistana 2008-nji ýylyň martynda amala aşyran döwlet sapary türkmen-özbek gatnaşyklarynyň oňyn ösüşiniň wajyp döwürleri bolmak bilen, döwletara hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze esaslaryny ýola goýdular. Iki doganlyk ýurtlaryň Liderleriniň ýokary derejedäki yzygiderli duşuşyklary umumy ösüş bähbitli, doly möçberli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna we mundan beýläk hem amala aşyrylmagyna özara ygrarlydygyny görkezdi. Baglaşylan resminamalar ikitaraplaýyn şertnama-hukuk esaslarynyň çäklerini giňeldip, netijeli hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegi üçin oňat itergi boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşkende 2009-njy ýylyň fewralynda bolan, resmi sapary ozal gazanylan ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegine güýçli itergi berdi. Türkmenistanyň Lideriniň Özbegistanda bolmagynyň maksatnamasy iki döwletiň hyzmatdaşlygynyň strategiki häsiýetini aýan etdi. Bu saparyň netijeleri iki ýurduň arasyndaky giň möçberli hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hem-de däp bolan söwda-ykdysady we gumanitar arabaglanyşyklary pugtalandyrmak nukdaýnazaryndan möhüm taryhy ähmiýete eýe boldy.

Ýokary derejede alnyp barylýan syýasy dialog 2009-njy ýylyň dekabrynda Özbegistanyň Prezidentiniň Türkmenistana bolan resmi saparynyň çäklerinde dowam etdirildi. Türkmenistandan Özbegistanyň we Gazagystanyň üsti bilen Hytaýa gidýän gaz geçirijisiniň uly möçberli taslamasynyň işe girizilmegine ählumumy ösüşiň maksatlaryny ýerine ýetirmek ugrunda örän uly netijeli ädim hökmünde garalýar. Iki döwletiň gatnaşyklarynyň taryhyndaky bu möhüm waka hyzmatdaşlygyň dürli ugurlaryny öz içine alýan bilelikdäki netijeli hereketleriň dowamy bolup

durýar. Şeýle hem ol döwletara hyzmatdaşlygyň, halkara we sebit syýasatynyň köp sanly wajyp meseleleri boýunça garaýyşlaryň, çemeleşmeleriň özara ýakynlygynyň görkezijisi bolup durýar. Türkmenistanyň we Özbegistanyň Prezidentleriniň şol duşuşygy iki döwletiň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklarda hil taýdan täze tapgyryň başlangyjy boldy. Saparyň netijeleri türkmen-özbek hyzmatdaşlygyna has-da okgunlylyk häsiýetini berdi. Hytaýa çenli barýan we strategiki taýdan möhüm bolan geçiriji turbanyň taslamasynyň bilelikde amala aşyrylmagy oňa gatnaşyjy taraplaryň dünýäde howpsuz we durnukly ösüş ulgamyndaky halkara, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerindäki borçnamalaryna doly laýyklykda ýerine ýetirildi. Mälim bolşy ýaly, Özbegistan Respublikasy 2008-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürlen, BMG-niň ähli agza döwletleri tarapyndan biragyzdan kabul edilen Baş Assambleýanyň «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly Rezolýusiýasyny awtordaş hökmünde işjeň goldady. Şeýle hem Özbegistanyň Aşgabatda 2010-njy ýylyň iýunynda Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitlerinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça halkara maslahaty geçirmek baradaky türkmen döwletiniň Baştutanynyň möhüm halkara başlangyjyny goldamagy hem şeýle çärelere özbek tarapynyň işjeň gatnaşmaga taýýardygyny görkezdi. Köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk nukdaýnazaryndan Türkmenistanyň hem öz gezeginde. Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasy başlangyçlaryny işjeň goldaýandygyny bellemek zerur.

Syýasy-diplomatiki ulgamdan başga-da, Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň deň hukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygynyň esasyny köp ýyllaryň dowamynda alnyp barylýan ýakyn söwda-ykdysady gatnaşyklary düzýär. Türkmenistan bu goňşy ýurda nebit we himiýa önümlerini, dokma senagatynyň we oba hojalygynyň önümlerini, tehnologiki enjamlary, şeýle-de başga harytlary eksport edýär. Öz gezeginde Özbegistandan bize himiýa senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary, hojalyk we elektron harytlary, metal önümleri, enjamlar we ulag serişdeleri gelýär. Döwletleriň arasyndaky ikitaraplaýyn söwda-ykdysady mümkinçilikleri amala aşyrmak üçin oňat şertleriň bardygyny bellemek zerur.

Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasyndaky daşary söwda dolanyşygy 2009-njy ýylda 2008-nji ýyla seredeniňde 39,2 % artdy we ABŞ-nyň 185, 7 million dollaryna barabar boldy.

Türkmenistanyň we Özbegistanyň halklary dünýä taryhyna özüniň güýçli täsirini ýetiren gadymy siwilizasiýalaryň medeni taryhy miraslaryny saklap gelýärler. Döwletleriň gadymy topraklary tutuş adamzadyň ylym, edebiýat, medeni genji-hazynasyna özleriniň egsilmez goşandyny goşan beýik şahslaryň dogduk mekanydyr. Muňa biziň günlerimize çenli gelip ýeten däp-dessurlar, gadymy türkmen we özbek şäherlerinde aýawlylyk bilen saklanyp galan geçmişiň binagärlik we medeni ýadygärlikleri güwä geçýär. Bu gün türkmen we özbek halklary özleriniň milli özboluşlylygyna, dinine, diline, gaýtalanmajak medeniýetine we öňki nesilleriň toplan

ruhy gymmatlyklaryna eýe bolmak bilen özleriniň merdana hem baý geçmişine buýsanmaga haklydyr.

Şunuň bilen baglylykda, türkmen-özbek gatnaşyklarynyň möhüm bölegi medeni-gumanitar ulgama degişlidir. Iki doganlyk halklaryň gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan ýakyn arabaglanyşygy bu gün hem Türkmenistanyň we Özbegistanyň halkara syýasy arenasyndaky netijeli gatnaşyklarynyň ähmiýetli sebäbi bolup durýar. Häzirki wagtda türkmen-özbek gatnaşyklary hil taýdan täze derejelere ýetýär. Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň 2017-nji ýylyň 6–7-nji martynda Türkmenistana döwlet sapary bu aýdylanlara şaýatlyk edýär. Ýeri gelende aýtsak, Özbegistan Respublikasynyň täze saýlanan Prezidenti döwletbaştutanlygyna saýlanandan soň daşary ýurt saparynyň ilkinjisini Türkmenistandan başlapdy. Bu ýagdaý goňşy döwletiň ýurdumyz bilen gatnaşyklary ösdürmeklige uly ähmiýet berýändiginiň alamatydyr.

Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-özbek topary bilelikdäki meýilnamalaryň üstünlikli öňe ilerlemegine täsir edýär. Şol toparyň 17-nji mejlisi şu ýylyň ýanwar aýynda Aşgabatda üstünlikli geçirildi. Taraplar Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasyndaky 2013–2017-nji ýyllar üçin ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda şertnamany yzygiderli durmuşa geçirmegiň çäklerinde iki döwletiň hojalygy dolandyryş edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklara hemmetaraplaýyn goldaw, olaryň yzygiderli geçirýän sergi-ýarmarka çärelerine gatnaşmaga ýardam berýär.

Taraplaryň arasyndaky söwda gatnaşyklary barha giňemek we çuňlaşmak meýline eýedir. Bu saparda baglaşylan ylalaşyklara laýyklykda traktora tirkelýän kombaýnlary, gowaça derman pürküjileri, gowaça kultiwatorlary, 100 birlik möçberinde sement daşaýan platformalary gaýtadan enjamlaşdyrmak baradaky baglaşylan şertnama taraplaryň ikitaraplaýyn söwdany ösdürmeklige uly üns berýändigini görkezýär.

Umuman, türkmen-özbek gatnaşyklary barada hormatly Prezidentimiz: «Özbegistanyň Prezidenti bilen 2017-nji ýylyň 6–7-nji martynda bolan duşuşyk dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de yzygiderli ösdürmäge özara ymtylmalary hem-de munuň üçin taraplaryň ikisiniň hem anyk mümkinçilikleriniň bardygyny görkezdi» diýip nygtaýar.

## 29.2. Türkmenistanyň YHG ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy

Dünýäde bolup geçýän integrasion ýagdaýlaryň Türkmenistanyň ykdysadyýeti üçin hem uly ähmiýeti bardyr. Integrasion birleşmelere gatnaşmaklyk ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetine goşulmagyny güýçlendirýär. Şol sebäpden, özara bähbitli integrasion birleşmeleriň işine gatnaşmaklyk Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Häzirki wagtda Türkmenistan dürli integrasion

birleşmeleriň agzasydyr. Olara mysal edip Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyny (YHG) görkezmek bolar *(38-nji tablisa)*.

*38-nji tablisa*

**Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Sekretariatynyň guramaçylyk düzümi**




Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde 1985-nji ýyldan bäri hereket edýän Ykdysady hyzmatdaşlyk gyramasynyň hem agzalarynyň biridir. Bu gurama EKO ady bilen bellidir. Onuň düzümine aşakdaky on döwlet girýär:

| | |
|---|---|
| **1. Owganystan** | **6. Täjigistan** |
| **2. Azerbaýjan** | **7. Gyrgyzystan** |
| **3. Eýran** | **8. Özbegistan** |
| **4. Pakistan** | **9. Türkmenistan** |
| **5. Gazagystan** | **10. Türkiýe** |

Bu guramanyň çäklerinde dürli meseleler çözülýär, ykdysady hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar. Ol gatnaşyklar dürli-dürlüdir. Onuň esasy ugurlary:

– söwda gatnaşyklary;
– tebigy baýlyklary bilelikde özleşdirmek we peýdalanmak;
– ulag infrastrukturasyny ösdürmek;
– telekomminikasiýa ulgamyny kämilleşdirmek we beýleki meseleler.

Alnyp barylýan ykdysady hyzmatdaşlyk her bir ýurduň ykdysady bähbitlerine laýyk gelýär, olary biri-birleri bilen ýakynlaşdyrýar.

Häzirki wagtda YHG-niň ýurtlarynyň ykdysady gurbatynda we ykdysady ösüşinde tapawutlar bardyr. Eger Türkiýe ykdysady taýdan ösen bolsa, Owganystanyň ykdysadyýetiniň öz kynçylyklary bardyr. Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Azerbaýjanyň ykdysadyýetleri geçiş döwrüni başyndan geçirýär, bazar gatnaşyklaryna geçmeklik amala aşyrylýar. Şeýle ýagdaýda bu ýurtlaryň arasynda amala aşyrylýan ykdysady hyzmatdaşlygyň hem öz aýratynlyklary bardyr. Emma oňa garamazdan YHG-niň agzalarynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk ýyl-ýyldan güýçlenýär. Bu döwletler bileleşip umumy ykdysady meseleleri çözmekligi maksat edinýärler. Geljekde YHG Merkezi Aziýanyň umumy bazary görnüşinde göz öňüne getirilýär.

Türkmenistan YHG-niň düzüminde ykdysady hyzmatdaşlygy amala aşyrmakda işjeň hereket edýän döwletleriň biri bolup çykyş edýär. Türkmenistan YHG ýurtlary üçin üstaşyr döwlet bolup durýar, onuň gara we demir ýollary arkaly goňşy döwletleriň ýükleri daşalýar, ýurtda öndürilýän elektrik energiýasynyň bir bölegi Owganystana, Eýrana we Türkiýä eksport edilýär. Şeýle hem tebigy gazyň we nebit önümleriniň bellibir bölegi goňşy döwletlere ugradylýar. Ol ýurtlar bilen ykdysady hyzmatdaşlyk ýyl-ýyldan çuňlaşýar.

Türkmenistanyň uglewodorod çig mallaryna, aýratyn hem, tebigy gaza baý bolmaklygy, bu ulgamy ösgürmeklige itergi berýär. Häzirki wagtda ýurdumyz gazyň satylyşyny her ýyl artdyrýar. Ýurdumyzyň daşyna satýan harydynyň tebigy gaz bolmaklygy ulagyň bu görnüşini has-da kämilleşdirmek esasy meseleleriň biri bolup durýar. Şol sebäpli şu günler gaz geçiriji turbalaryň sany köpelip barýar.

Ýurdumyzyň esasy baýlygy hasaplanylýan tebigy gazy dünýä bazaryna çykarmagy diwersifikasiýalaşdyrmak Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň eksport syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şeýle zerurlyk diňe Türkmenistan üçin möhüm bolman, ol dünýäniň dürli künjeklerinde ýerleşýän tebigy gazy sarp ediji ýurtlar üçin hem örän derwaýysdyr. Häzir dünýäniň dürli sebitlerinde energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek möhüm mesele bolup durýar. Şonuň üçin hem türkmen gazyny dürli ugurlar boýunça ýetirmek meselesinde Türkmenistan bilen bir hatarda dünýäniň beýleki ýurtlarynyň gyzyklanmagy kanunalaýyk ýag-

daýdyr. Gaz geçirijileriň gurlup işe girizilmegi türkmen tebigy gazyny eksport etmekligi diwersifikasiýalaşdyrmakda ädilen iňňän möhüm ädimdir.

Häzirki wagtda Türkmenistan bilen YHG ýurtlarynyň arasynda birnäçe gaz geçiriji taslamasyna seredip geçildi, olaryň içinde iň irileri şu aşakdakylardyr:

1. Türkmenistan-Owganystan-Pakistan gaz geçirijisi. Uzynlygy 1464 km. Zerur bolan wagty bu geçirijini Hindistana çenli hem uzaldyp bolýar.

2. Hazarasty gaz geçiriji. Bu Hazar deňziniň düýbünden gaz geçiriji çekmek arkaly Türkiýä we ondan aňry ýewropa ýurtlaryna türkmen gazyny ýetirmeklik göz öňünde tutulýar.

3. Türkmenistan-Eýran-Türkiýe gaz geçirijisi. Bu gaz geçiriji ýurdumyzdan gözbaş alyp, Türkiýä we ondan aňryk Ýewropa ýurtlaryna türkmen tebigy gazyny ýetirmeklik göz öňünde tutulýar.

Bu geçirijileriň çekilmegi türkmen halkynyň bolelin, eşretli durmuşda ýaşamagynyň we mundan beýläk hem YHG ýurtlary bilen hem hyzmatdaşlygy birikitmegiň kepilleriniň biri bolup çykyş eder. Bu taslamalary durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistan tarapyndan uly işler alnyp barylýar. Bu taslamalaryň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň geçiriji turbalar ulagy boýunça dünýä merkezleriniň birine öwrülmäge ýardam berjekdigi şübhesizdir.

Ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistan bilen AÖB-niň arasyndaky gatnaşyklarynyň esasy ugurlarynyň biridir, Bereket-Gyzylgaýa-Uzen ýolunda Demirgazyk-Günorta demir ýol geçirijisini gurmagyň demirgazyk bölegini maliýeleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümetiniň we Aziýa Ösüş Bankynyň arasynda özara düşünişmek Ähtnamasyna gol çekildi. Munuň özi ulag-komunikasiýa infrastrukturasynyň giň möçberli taslamasyny durmuşa geçirmek – demir ýoly gurmak babatda täze möhüm ädim boldy. Bu ýol Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň çäginden geçip, Ýewropadan Günorta Aziýa ykdysady taýdan amatly ugry we Pars aýlagynyň portlaryna iň gysga çykalgany üpjün eder hem-de sebitleýin söwdanyň ösdürilmegine ýardam berer. Mundan başga-da, bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi diňe bir içerki däl, eýsem, halkara demir ýol ulagynyň netijeliligini ýokarlandyrar we Türkmenistan ykdysady we durmuş taýdan ösdürmegiň netijeli guralyna öwrüler.

Halkara ykdysady guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek we çuňlaşdyrmak Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolmagynda galýar.

**Türkmen-azerbaýjan gatnaşyklary.** Hazaryň günbatar we gündogar kenarlary azerbaýjan hem-de türkmen topraklaryny birleşdirýär. Goja deňziň tolkunlarynyň sesleri dostlugyň we doganlygyň mukamyna öwrülýär. Hazar Demirgazyk – Günorta we Gündogar-Günbatar ugurlary boýunça transkontinental kesişýän ýerindäki ulag kommunikasion halkanyň hut özüne öwrülýär. Türkmen-Azerbaýjan



22. Sargyt № 832

hyzmatdaşlygynda ykdysady bähbitli ençeme resminamalara gol çekilendir. Olaryň arasynda ýükleri daşamagy guramak, ýük wagonlary we konteýnerleri ulanmak, belgileýin hasaba almak hem-de Türkmenbaşy-Baku deňiz portlarynyň arasyndaky halkara demir ýol-porom gatnawynda ulanylandygy üçin hasaplaşyklar hakyndaky Ylalaşyk, bilim babatda hyzmatdaşlyk hakynda iki döwletiň Bilim ministrlikleriniň arasyndaky ylalaşyk, Türkmenbaşy-Baku deňiz portlarynyň üsti bilen göni halkara demir ýol-porom gatnawyny guramak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyk, soňra ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara Ylalaşyk, Türkmen-Azerbaýjan topary hakynda Hökümetara Ylalaşyk bar.

Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň daşary söwdasy barada belläp geçenimizde 2008-nji ýylyň hasabatlaryna görä, eksport 474,1 mln. amerikan dollaryna, import bolsa 27,5 mln. amerikan dollaryna ýetdi.

**Türkmen-eýran gatnaşyklary.** Köklerini asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmen-eýran gatnaşyklarynyň taryhy iki müňýyllygyň sepgidinde täze öwüşgine eýe boldy. Munuň özi, Gündogarda gadymdan bäri goňşularyň arasynda däp bolşy ýaly, iki halkyň parahatçylykda we dostlukda ýaşamaga çalyşýandygy hem-de hyzmatdaşlygyň mümkinçiligini özara bähbitleriň hatyrasyna durmuşa geçirmäge iki tarapyň çynlakaý gyzyklanýandygy bilen şertlendirilendir. Mundan başga hem ol bütindünýä ösüşiň we hususan-da, Aziýa sebitine ösüşiň häzirki zaman meýillerinden gelip çykýar. Aziýa sebitinde bolsa häzirki wagtda özüniň geosyýasy, ykdysady we adam potensialy netijesinde bütin planetanyň ünsi gönügendir. Bu mümkinçiligiň, ilkinji nobatda, energetika we üstaşyr mümkinçiliginiň ep-esli bölegi Türkmenistanyň we Eýranyň paýyna düşýär. Munuň özi sebiti ösdürmek üçin olaryň hyzmatdaşlygynyň srategik ähmiýete eýedigini aýtmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan we Eýran Yslam Respublikasy 1992-nji ýylyň 18-nji fewralynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýdular. Iki dostlukly ýurduň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň döwründe döwletara, hökümetara we edaraara derejelerindäki halkara resminamalarynyň ençemesine gol çekildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň iýun aýyndaky Tährana we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mahmud Ahmadinejadyň şol ýylyň awgustynda Aşgabada bolan resmi saparlary türkmen-eýran gatnaşyklaryny rowaçlandyrmagyň möhüm delili boldy. Iki döwletiň Prezidentleriniň 2007-nji ýylyň oktýabrynda, Hazarýaka döwletleriniň 2-nji Sammitiniň çäklerinde bolan nobatdaky duşuşygy iki dostlukly döwletiň ýolbaşçylarynyň ysnyşykly we özara bähbitli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyga ygrarlydyklaryny ýene bir gezek subut etdi. Şol saparyň dowamynda Turkmenistanyň, Eýranyň we Gazagystanyň Prezidentleriniň Üzen (Gazagystan)–Gyzylgaýa–Etrek

(Türkmenistan)–Gürgen (Eýran) demirýol ulgamynyň gurluşygy baradaky Bilelikdäki Deklarasiýasyna gol çekildi.

Geçen ýyllarda iki döwletiň paýtagtlarynda Türkmenistanyň we Eýranyň hökümetleriniň, ministrlikleriniň we edaralarynyň ýolbaşçylarynyň derejelerinde geçirilen köpsanly gepleşikler ikitaraplaýyn aragatnaşyklaryň berkemegine we giňelmegine, taraplaryň köptaraply hyzmatdaşlygynyň täze ugur-görnüşleriniň ýola goýulmagyna hyzmat etdi. 2008-nji ýylyň dekabr aýynda Tähranda konsullyk, serhet we gümrükhana meseleleri boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-eýran toparynyň altynjy mejlisi boldy. Dostluk we özara düşünişmek ýagdaýynda geçen mejlisiň dowamynda meseleleriň uly toplumyna, şol sanda, iki döwletiň raýatlarynyň çakylyknamalaryny ugrukdyrmak-düzetmek ulgamyny kämilleşdirmek, serhetde ýükleriň resminamalaryny gümrük düzediliş bilen baglanyşykly işleri has jikme-jik reglamentirlemek, döwlet serhedini goramak boýunça iki döwletiň serhet gulluklarynyň hyzmatdaşlyk derejesini ýokarlandyrmak, Türkmenistanyň we Eýranyň konsullyk, gümrükhana we serhet meseleleri boýunça şertnama-hukuk esasyny kämilleşdirmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn haryt dolanyşygynyň möçberiniň ösüş depgininde-de öz beýanyny tapýar. Eger-de 2007-nji ýylda Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky haryt dolanyşygynyň möçberi ABŞ-nyň 1 milliard 895,2 million dollaryna barabar bolan bolsa, 2008-nji ýylda bu san ABŞ-nyň 2 milliard 972,5 million dollary derejesine ýetdi.

Türkmenistanyň goňşy döwlete esasy eksporty ýangyç-energetika toplumynyň önümleri, dokma, ýeňil, himiýa, oba hojalyk we azyk senagatlarynyň önümleri bolup durýar. Öz gezeginde Türkmenistan goňşy Eýrandan maşyngurluşyk we himiýa senagatynyň önümlerini, enjamlary we mehaniki gurallary, gurluşyk materiallaryny, hojalyk we elektrotehniki harytlary, azyk önümlerini alýar.

Türkmenistanyň energetika ulgamynda esasy hyzmatdaşlarynyň biri Eýran Yslam Respublikasydyr. Eýran Yslam Respublikasy uglewodorod serişdeleriniň ätiýaçlyklaryna baý döwletleriň biridir. Şonuň bilen bir hatarda bu ýurt energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegi babatda hem geoykdysady taýdan möhüm orun eýeleýär. Bu döwletde türkmen tebigy gazyna isleg uly. Ykdysadyýetiň yzygiderli ösüşi, milli we halkara bazarlarynda energiýa serişdelerine bolan islegiň barha ýokarlanmagy bu döwletiň türkmen gazyna bolan islegini artdyrýar. Ýurduň demirgazyk welaýatlaryna ýakyn ýerleşen türkmen tebigy gazyny satyn almak ony ýurduň beýleki sebitlerinden akdyryp getirmekden amatlydyr. Häzirki wagtda dünýäniň gyzyklanýan döwletleri tarapyndan halkara ähmiýetli täze energiýa geçirijileriň taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine badalga berilmegi üpjün ediji we üstaşyr

geçiriji döwlet hökmünde Eýran Yslam Respublikasynda hem tebigy gaza bolan islegi artdyrýar.

Ýurdumyz dünýäde nebiti we tebigy gazy iň iri öndürijileriň we eksport edijileriň biri bolmak bilen, Türkmenistan we Eýran ýangyç-energetika toplumy ulgamynda ysnyşykly özara gatnaşyklary ösdürýär. Iki ýurduň ministrlikleriniň we ýangyç-energetika toplumlary edaralarynyň aralaryndaky hyzmatdaşlyk muňa şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň nebit we gaz ministrligi («Türkmengaz» DK) bilen Eýranyň Milli gaz kompaniýasynyň arasynda 1995-nji ýylyň 4-nji iýulynda tebigy gazy satyn almak-satmak barada baglaşylan şertnamanyň we 2009-njy ýylyň 11-nji iýulyndaky goşmaça Ylalaşygyň esasynda ýylda 6 milliard kubmetr gazy Döwletabat gaz käninden ibermek göz öňüne tutuldy. Ýurt Baştutanymyzyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 14-nji iýulyndaky mejlisindäki tabşyrygyna laýyklykda gurluşygyna başlanan bu gaz geçiriji öz gözbaşyny Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň çäginde ýerleşýän «Döwletabat» gaz käninden alyp gaýdýar. Nebit we gaz institutynyň hünärmenleri tarapyndan taslama resminamalary taýýarlanylan gaz geçirijiniň gurluşygy «Türkmengaz» döwlet konserniniň buýrmasy bilen «Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konserniniň edaralary tarapyndan amala aşyryldy. Gaz geçirijiniň taslama uzynlygy 30,5 kilometre, diametri 1020 millimetre barabardyr. Gaz geçirijiniň geçirijilik ukyby bir ýylda 12 milliard kubmetr gaza deňdir.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň çägindan daşary ýurtlara tarap bu ulagyň dört ugry uzalyp gidýär.

Gaz geçiriji turbanyň ýene bir ugry hem Türkmenistan-Eýran gaz geçirijisidir. Bu geçirijiniň uzynlygy 150 *km* bolup, onuň bir ýylky kuwwatlylygy 12 milliard kub metre deňdir. Bu geçirijiniň başlanýan ýeri Türkmenistanyň günbatar welaýatynyň Körpeje-Gurtguýy ýatagy bolup, bu ýerden alynýan çig mal Eýranyň demirgazyk etraplaryna eltilýär. Geçirijiniň hyzmat edijilik möhleti 150 ýyla ýeter diýlip çaklanýar. Häzir bu gaz geçiriji arkaly her ýyl 8 mlrd kubmetr gaz satylýar.

2010-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistanyň hormatly Prezidenti we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan Döwletabat-Sarahs-Hangeran gaz geçirijisi işe girizildi. Onuň açylmagy bilen ýurdumyzyň halkara gaz geçirijisi herekete girdi. Bu gaz geçirijiniň uzynlygy 30,5 *km* bolup, ondan her ýyl 6 mlrd $m^3$ gaz satylýar. Eýrana iki sany gaz geçiriji arkaly 14 mlrd $m^3$ tebigy gaz satylýar. Gejekde Eýran Yslam Respublikasyna satylýan gazy 20 mlrd $m^3$-e çenli artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllary içinde goňşy Eýran bilen bilelikde iki döwletiň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynyň ösmegi üçin uly ähmiýetli bolan ençeme uly göwrümli taslamalary amala aşyrdy. Muňa mysal hökmünde «Dostluk»

suw howdanynyň gurluşygyny we onuň ulanylmaga tabşyrylmagyny, Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoluny, Körpeje-Gurtguýy gaz geçirijisini we beýleki ençeme möhüm desgalary atlandyrmak bolar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda Eýran goýumy bolan 140 kärhanalar iş alyp barýarlar.

**Türkmen-türk gatnaşyklary.** Türkmenistanyň ýurt Garaşsyzlygyny ilkinji bolup ykrar eden döwlet Türkiýedir. Iki doganlyk döwletleriň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan özara gatnaşyklarynyň taryhy turuwbaşdan deň hukuklylyk, özara peýdalylyk we milli bähbitleri hasaba almak esasynda gurulýan hyzmatdaşlyga esaslanýar.

Türk maýasynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda türk kompaniýalarynyň 536-sy hereket edýär. Olar senagat, gurluşyk, söwda, ulag ýaly möhüm ulgamlarda işlemek bilen netijeli hyzmatdaşlygyň aýdyň mysalyny görkezýärler.

Bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmek babatda Demirgazyk-Günorta, Gündogar-Günbatar ugurlary boýunça ulag-kommunikasiýa infrastrukturasyny ösdürmekde özüne çekiji taslamalar amala aşyrylýar. Milli ykdysadyýetiň dokma senagaty we metallurgiýa ýaly geljegi uly pudaklarda hem bilelikdäki tagallalary birleşdirmäge mümkinçilikler bar.

Syýahatçylyk industriýasy Türkmenistanyň strategik meýilnamalarynda aýratyn orun eýeleýär.

Türkmenistanda döredilýän ilkinji halkara derejeli syýahatçylyk we dynç alyş maksatly erkin ykdysady zolak bolmak bilen «Awaza» dünýäniň häzirki zaman binagärlik we inženertehniki taýdan ýokary ussatlygy, ýokary ekologiýa standartlaryny özünde jemleýär. Bu ýerde iş alyp barýan maýa goýýan milli we daşary ýurt kompaniýalaryna salgyt we gümrük taýdan ýeňillikler berilýär.

Şeýle hem iki döwletiň Baştutanlarynyň tagalasy bilen bilim, ylym we habar beriş serişdeleri boýunça gatnaşyklar giňelýär. Mundan başga-da, ikitaraplaýyn resminamalaryň ençemesine gol çekildi. Olaryň arasynda iki ýurduň arasynda radio-telewideniýe ýaýlymlary ugrunda özara hyzmatdaşlyk etmek, söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Hökümetara ylalaşyklary, şeýle hem Daşary işler ministrlikleriniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Teswirnama bar.

Uly möçberli kadalaşdyryjy-hukuk binýady köp babatda netijeli okgunly ösýän türkmen-türk hyzmatdaşlygyna giň mümkinçilik açýar. Häzirki wagtda Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda döwletara, hökümetara we pudagara derejesinde ikitaraplaýyn resminamalaryň köpsanlysyna gol çekdi. Kabul edilen ylalaşyklara görä, döwletiň ilçihanalary we konsullyklary açyldy, yzygiderli awiagatnawlar ýola goýuldy, bilelikdäki taslamalar amala aşyrylýar. Türk kompaniýalarynyň Türkmenistanda golçur kärhanalary, şahamçalary we wekilhanalary açylýar, söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar. Iki ýurduň arasynda

haryt dolanyşygynyň gyşarnyksyz ösüşi muňa şaýatlyk edýär. 2007-nji ýylda haryt dolanyşygynyň möçberi 2000-nji ýyldaka garanyňda 3 essä golaý artyp, 1 milliard 296 milliard amerikan dollaryna barabar boldy.

Türkiýe Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda eksport babatda Russiýadan, Eýrandan we Italiýadan soňra dördünji, import babatda birinji orny durnukly eýeleýär. Türkmenistan, esasan, ýurdumyzyň dokma senagatynyň önümlerini, pagta süýümini, elektrik energiýasyny, himiýa senagatynyň önümini we türk bazarynda durnukly ýagdaýda isleg bildirilýän beýleki harytlary eksport edýär. Türkiýe öz nobatynda Türkmenistana stanoklary, maşynlary, enjamlary, metallary hem-de olardan ýasalan önümleri, elektrik we hojalyk harytlaryny, gurluşyk materiallaryny, azyk önümleri we başga önümleri getirýär.

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň maglumatlary boýunça 2008-nji ýylyň mart aýynyň 15-indäki ýagdaýa görä, ýurdumyzda türk maýasynyň gatnaşmagynda kärhanalaryň 479-sy bar. Munuň özi ýurdumyzda bellige alnan daşary ýurt kompaniýalarynyň 33%-ine golaýdyr. Türk kompaniýalary öňden gelýän, wagtyň synagyndan geçen hyzmatdaşlaryň biridir. Olar hormatly Prezidentimiz tarapyndan başy başlanan durmuş-ykdysady öşüşiň iri möçberli taslamalaryny durmuşa ornaşdyrmaga özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Olaryň işeňňir gatnaşmagy bilen ýurdumyzda bilelikdäki taslamalaryň ýüzlerçesi şäher gurluşygynda, ýangyç-energetika toplumynda, saglygy goraýyşda, dokma we gurluşyk senagatynda, ulaglarda we beýleki ençeme pudaklarda durmuşa geçirilýär. Mysal üçin, türk kompaniýalarynyň gatnaşmagy umumy möçberi 6 milliard amerikan dollaryna, 707 milliard ýewro, 69 milliard manada barabar bolan şertnamalaryň 809-sy bellige alyndy.

Türk kompaniýalary tarapyndan milli ykdysadyýetimize 11,5 milliard manat, 327,9 million amerikan dollaryna barabar bolan göni maýa goýumlary goýuldy, olaryň 256,7 million dollary diňe dokma senagatyna goýlandyr.

Iki ýurt gumanitar hyzmatadaşlygy ösdürmäge-de aýratyn ähmiýet berýär. Häzirki wagtda Türkiýäniň ýokary okuw mekdeplerinde türkmen talyplarynyň köpsanlysy okaýar. Türk alymlary Türkmenistanda geçirilýän ylmy maslahatlarlara we seminarlara örän işeňňir gatnaşýarlar, iki halkyň Medeniýet günleri, amaly-bezeg sungatynyň sergileri yzygiderli geçirilýär.

**Türkmen-gazak gatnaşyklary.** Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň halklarynyň taryhy-medeni umumylygy, söwda we gumanitar ulgamlaryndaky köp asyrlyk hyzmatdaşlygyň däpleri, şeýle-de parahatçylyk, ylalaşyk we sosial ösüş üçin edilýän tagallalar iki ýurduň arasynda däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň we hoşniýetli goňşuçylygyň esasy bolup durýar.

Gazagystan baý taryhly we gadymy medeniýetli döwlet. Gazagystan gadymy siwilizasiýalaryň çatrygynda, Ýewropanyň we Aziýanyň ulag-aragatnaşyk,

durmuş-ykdysady we medeni gatnaşyklarynyň kesişýän ýerinde ýerleşýär. Munuň özi bolsa, döwletiň oýlanyşykly hem deňagramlylygy saklaýan köpugurly daşary syýasatyny amala aşyrmagyň esasy bolup hyzmat edýär.

Gazagystanyň köp pudakly ykdysadyýeti, ösen önümçiligi we oba hojalygy bar. Ýangyç-energetika toplumy Gazagystanyň ykdysadyýetinde möhüm orny eýeleýär. Magdan çykarýan we himiýa senagaty, maşyn gurluşyk, ýeňil we azyk senagaty oňat depginler bilen ösýär. Aziýa, Ýewropa, Amerika we Afrika ýurtlary Gazagystanyň dünýä arenasyndaky esasy geosyýasy hyzmatdaşlarydyr. Gazagystanyň daşary syýasy strategiýasynda Merkezi Aziýa sebitiniň döwletleri bilen hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli gatnaşyklary amala aşyrmak ileri tutulýan ugur hasaplanýar.

Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasy 1992-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda diplomatiki gatnaşyklary ýola goýdular. Döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde baglaşylan köpsanly halkara resminamalar türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň giň gerimini öz içine alýan berk şertnama-hukuk binýadynyň esasy hökmünde hyzmat edýär.

Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasy özara gatnaşyklaryň okgunly ösmegi üçin ähli derejeler boýunça yzygiderli syýasy gepleşige, şeýle hem söwda-ykdysady we medeni-gumanitar gatnaşyklaryny giňeltmäge ikitaraplaýyn ygrarlylyk bildirýärler. Şu nukdaýnazardan, döwletara gatnaşyklarynyň sebit we dünýä syýasatynyň köp meseleleri boýunça iki doganlyk ýurtlaryň Liderleriniň arasynda bar bolan özara düşünişmek ýagdaýy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň öňe gitmegine wajyp sebäp bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Bedimuhammedowyň 2007-nji ýylyň maýynda Gazagystana bolan döwlet sapary türkmen-gazak gatnaşyklarynyň oňyn dinamikasynda möhüm döwür bolup, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykardy. Konstruktiw we işjeň ýagdaýda geçen gepleşikleriň netijeleri taraplaryň mundan beýläk hem dostluk we hoşmeýilli goňşuçylyk däplerine eýerip, deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklaryny gurmaga ygrarlydygyny we taýýardygyny äşgär etdi. Iki döwletiň Liderleri ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýy we geljegi barada pikir alyşdylar, düýpli ösüşiň özara gyzyklanma bildirilýän meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Bu sapar halkara arenasynda döwletleriň özara hereketleriniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitläp, Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň giňeldilmegine we pugtalandyrylmagyna güýçli itergi berdi.

Türkmenistan we Gazagystan Respublikasy Birleşen Milletler Guramasynyň işine netijeli gatnaşýarlar. Soňky döwürde biziň döwletimiz zeminde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge we gorap saklamaga gönükdirilen halkara başlangyçlaryň bir topary bilen çykyş etdi. Türkmenistan üçin

onuň syýasy başlangyçlarynyň sebit boýunça iň ýakyn goňşulary tarapyndan uly goldawa eýe bolmagy wajyp ähmiýete eýedir. Gazagystan Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürlen BMG-niň Baş Assambleýasynyň ähli agza döwletleri tarapyndan biragyzdan kabul eden energetika serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi meseleleri boýunça Rezolýusiýasyna awtordaşlyk etdi. Mundan başga-da, Gazagystan Respublikasy Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda Aşgabatda Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitlerinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça halkara maslahatyny geçirmek baradaky aýdan teklibini hem goldady.

Türkmenistanyň we Gazagystan Respublikasynyň döwlet syýasatynyň gün tertibinde duran energiýa howpsuzlygy baradaky meseleleriň ileri tutulýandygyny nazara alyp, taraplaryň şu ugurdaky hyzmatdaşlygynyň uly tejribesiniň bardygyny aýtmaly. Energiýa howpsuzlygy meseleleri babatynda bar bolan biri-birine golaý çeşmeler bolsa, bilelikdäki işleri konstruktiw we yzygider häsiýetde alyp barmaga mümkinçilik berýär. Mälim bolşy ýaly, 2007-nji ýylyň maýynda Türkmenbaşy şäherinde Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Russiýanyň Prezidentleriniň arasynda üçtaraplaýyn duşuşyk geçirildi. Onuň dowamynda döwlet Liderleri ýurtlaryň energetika syýasatyna degişli meseleleriň köpüsi, şol sanda, Hazarýaka gaz geçirijisini gurmak, Orta Aziýa-Merkez gaz geçirijiler ulgamyny giňeltmek we umuman, ykdysadyýetde özara bähbitli we deňhukukly hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak boýunça özara düşünişme esasynda pikir alyşdylar.

Döwletara gatnaşyklarynyň ähli derejelerinde Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasynda bar bolan yzygiderli syýasy gepleşik söwda-ykdysady ulgamynda hem işjeňleşen hyzmatdaşlygyň esasyny düzýär. Döwletleriň ikitaraplaýyn gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlaryny kadalaşdyrmakda netijeli mehanizm hökmünde ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-gazak Hökümetara toparynyň çäklerindäki bilelikdäki işleri görkezmek bolar. 2009-njy ýylyň aprelinde Gazagystanyň paýtagty Astanada onuň üçünji mejlisi bolup geçdi. Hökümetara toparyň nobatdaky dördünji mejlisi 2010-njy ýylda Aşgabatda geçirildi.

Daşary söwda dolanyşygy Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky ösýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm görkezijisi hökmünde çykyş edýär. Döwletara gatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagy we giňeldilmegi nukdaýnazaryndan Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda bar bolan ikitaraplaýyn söwda-ykdysady potensialy amala aşyrmakda oňat mümkinçilikleriň bardygyny bellemek zerur.

Taraplaryň medeni-gumanitar ulgamyndaky gatnaşyklary türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi hökmünde hyzmat edýär. Türkmenistanyň we Gazagystanyň halklaryny öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan

taryhy kökler birleşdirýär we olar şu gün hem döwletleriň arasynda netijeli gatnaşyklaryň wajyp esaslary bolup durýar. Ýurtlaryň Liderleriniň başlangyçlary bilen 2008-nji ýylyň aprel-maý aýlarynda Türkmenistanyň Gazagystandaky Medeniýet günleri, 2009-njy ýylyň iýunynda bolsa, Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistanda geçirilen Medeniýet günleri doganlyk ýurtlaryň medeni durmuşynda iň iri wakalara öwrüldi. Iki döwletiň arasyndaky bu çäreler yzyderli häsiýete eýedir hem-de dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we birek-birege hormat goýmakdan ugur alýan türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine uly goşant goşýar.

## 29.3. Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda ählihalk tarapyndan Prezidentlige saýlanmagy bilen döwletimiziň halkara gatnaşyklaryndaky işjeňligi has artdy. Türkmenistan dünýä üçin açyk ýurda öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň mart aýynyň 20-sinde ýurdumyzyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda nygtaýşy ýaly, Türkmenistan şol wagt dünýäniň 125 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Halkara guramalarynyň 40-dan gowragynyň agzasy boldy. Aşgabatda halkara guramalarynyň we birleşikleriň wekilhanalarynyň 18-si işleýär. Türkmenistanyň daşary syýasatynda birnäçe halkara guramalary bilen gatnaşyklara uly orun berilýär. Şeýle guramalaryň biri-de Ýewropa Bileleşigidir. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly: «Türkmenistan Ýewropa Bileleşigi bilen Merkezi Aziýa sebitiniň döwletleriniň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga we pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýär».

Dunyäniň her bir ýurdunyň milli ykdysadyýetiniň ýagdaýy we ol ýurtda ýaşaýan adamlaryň abadançylygy içerki hem-de daşarky ýagdaýlara bagly bolýar. Olaryň hiç biriniň ykdysady öňe gidişligi üpjün etmekdäki ähmiýetini peseltmek bolmaz. Munuň seýledigini ykdysady babatda uly üstünliklere eýe bolan ýurtlaryň dünýä tejribesi bütin aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Häzirki döwürde milli ykdysadyýetleriň ösüşini üpjün etmekde daşary ýagdaýlaryň ähmiyeti has-da yokarlanýar. Bu mesele Türkmenistan üçin hem orän derwaýyzdyr. Şu babatda soňky wagtlarda ýurdumyzyň halkara giňişligindäki işjeňliginiň has yokarlanandygyny görmezlik asla mümkin däl. Türkmenistanyň Prezidentiniň dürli ýurtlara bolan resmi saparlary, BMG-niň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynyň işine gatnaşmagy, ol yerde eden taryhy çykyşlary munuň aydyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde tutýan ornuny berkitmekde, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň dünýä hojalygyna goşulmagyny çaltlandyrmak-

da 2007-nji ýylyň noýabr aýýnyň 5–7-si aralygynda hormatly Prezidentimiziň Ýewropa Bileleşiginiň ştab-kwartirasyna resmi saparynyň ägirt uly ähmiyetiniň bolandygyny ayratyn bellemek gerek. Döwlet Baştutanymyzyň Ýewropa sebitine, aýratynam, Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlyga uly ähmiyet bermegi ýöne ýerden däl. Hakykatdan hem bu sebit häzirki zaman dünýäsiniň iň öňdebaryjy, täsirli ýurtlarynyň jemlenen merkezi bolup durýar. Ozaly bilen Ýewropa Bileleşigi Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Hytaý Halk Respublikasy, Russiýa Federasiýasy we Ýaponiýa bilen bir hatarda häzirki dünýäniň ykdysady bäsdeşlik merkezleriniň biridir. Ondan daşary, bu sebit halkara ykdysady integrasiýanyň, ýagny halkara ykdysady goşulyşmanyň iň ýokary kämillige ýeten ýeridir. Bu ýerde Ýewropa Bileleşigi ýerleşýär. Döwlet Baştutanymyzyň Brýusselde bolmagynyň maksatnamasynyň çäklerinde birgiden gepleşikler geçirildi. Ilki bellemeli zat, resmi duşuşyklaryň ählisi Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilenligi bilen häsiyetlenyär. Şol saparyň dowamynda Ýewropa Bileleşiginiň we Belgiýa Patyşalygynyň ýokary wezipeli adamlarynyň ençemesi bilen möhüm gepleşikler geçirildi. Ähli duşuşyklarda we gepleşiklerde taraplar hyzmatdaşlygyň mundan beyläk-de ösdürilmegine birmeňzeş gyzyklanma bildirdiler. Häzirki wagtda Türkmenistanda meşhur Ýewropa kompaniýalary üstünlikli işleyär, geljegi uly türkmen bazaryna gelmäge isleg bildiryän kompaniýalaryň başga-da kändigi, Ýewropa ýurtlarynyň Türkmenistan bilen doly möçberli hyzmatdaşlyga ýokary gyzyklanma bildirýändigini aňladýar. Nebitgaz, elektroenergetika, dokma pudaklary, bilim, medeni ulgamlary boýunça gazanylan ylalaşyklaryň Türkmenistanyň bu ugurlar boýunça ösüşlerinde uly ähmiýete eýe boljakdygy ikuçsyzdyr. Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen konstruktiw, köpugurly gatnaşygy giňeldýär. Biziň ýurdumyz üçin ýewropaly hyzmatdaşlaryň tejribesiniň öwrenerlikli taraplary kändir we Türkmenistan Ýewropada milli hünärmenleri taýýarlamaga iri möçberli serişdeleri goýmak arkaly özara bähbitli işjeň hyzmatdaşlyga taýýardyr. Türkmenistanyň şeýle abraýly we täsirli gurama, onuň düzümine girýän ýurtlar bilen özara bähbitli gatntaşyklary ösdürmäge bolan gyzyklanmasy kanunalayýk ýagdaýdyr. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistanyň we Ýewropa Bileleşiginiň arasynda dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk ösüp başlady. Ýewropa Bileleşiginiň «TACIC» «TACIC TEMPUS» maksatnamalary munuň aydyň mysaly bolup hyzmat edyär. Hazirki wagtda biziň ýurdumyzda bu maksatnamalaryň çäklerinde bilim we ylym ulgamynda, gümrük pudagynda, ykdysadyýetde, syýahatçylykda we beýleki ugurlarda birnäçe taslamalar durmuşa geçirilýär. Söwda gatnaşyklary yzygiderli ösýär. Özem şu gatnaşyklarda türkmen harytlarynyň eksportynyň esasy orny eýelemegi aýratyn guwandyryjy ýagdaýdyr. Eksportyň düzümine ozaly bilen, ýangyç-energetika toplumynyň önümleri giryär. Bileleşigiň käbir ýurtlarynyň iri kompaniýalary Türkmenistanda iş alyp barýarlar.

Hususan-da, nemes we fransuz hyzmatdaşlarymyz milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda giň möçberli maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmaga işeňňir gatnaşýarlar. Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň çäginden geçýän we Ýewropanyň ýurtlarynyň Pars aylagyna çykmagyny üpjün eden ulag geçelgesini döretmegiň iri möçberli taslamasyna Ýewropaly hyzmatdaşlar gatnaşdylar. Şeýle hem Ýewropaly hünärmenler «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmäge, Hazaryň deňiz ýalpaklaryny işläp taýýarlamaga we beyleki taslamalary amala aşyrmaga gatnaşýarlar. 2008-nji ýylda Aşgabatda «Ýewropa öýi» hem açyldy. Ýurdumyzda Ýewropa Bileleşiginiň milli we sebitleýin maksatnamalarynyň çäklerinde birnäçe bilelikdäki taslamalar hem amala aşyrylýar. Türkmenistan nebiti hem-de gazy köp öndürýän ýurt bolmak bilen, häzirki zaman dünýäsinde energetika howpsuzlygynyň wajyp meselä öwrülendigine düşünip, dünýäniň dürli döwletleri, şol sanda Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen hem energetika babatda deňhukukly we özara peýdaly hyzmatdaşlyga tarap ugur alýar. Türkmenistan INOGEÝT maksatnamasy boýunça nebit-gaz pudagynda, TRASEKA maksatnamasy boýunça ulaglar ugrunda, Hazar Ekologiýa Maksatnamasy boýunça daşky gurşawy goramak babatda sebitleýin maksatnamalara gatnaşýar. Ýewropanyň Ösüş we rekonstruksiýalaşdyryş bankynyň gatnaşmagynda Türkmenbaşynyň deňiz duralgasy döwrebaplaşdyryldy. Türkmenistanda meşhur Ýewropa kompaniýalarynyň ençemesi üstünlikli işleýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň işjeň daşary syýsaty netijesinde Ýewropa Bileleşiginiň we onuň ýurtlary bilen Garaşsyz Diýarymyzyň gatnaşyklary hil taýdan täze döwre gadam basdy.

# XXX bap

# HALKARA YKDYSADY GURAMALAR

## 30.1. Halkara ykdysady guramalar dünýä hojalygynyň subýektidir

Önümçilik işiniň halkaralaşmagynyň güýçlenmegi hojalygara gatnaşyklary çylşyrymlaşdyrýar. Netijede, hojalygara gatnaşyklary sazlaşdyrmak meselesi ýüze çykýar. Bu meseleler dünýä jemgyýetiniň hemişe üns merkezinde bolmagyny we çalt çözülmegiini talap edýär. Bu ýagdaý öz gezeginde dünýä hojalygynda ýüze

çykýan meseleleriň ylmy taýdan öwrenilmegini, onuň institutlaşdyrylmagyny we köptaraplaýyn sazlaşdyrylmagyny talap edýär. Dünýä hojalyk gatnaşyklaryny sazlaşdyrýan institutlara başgaça halkara ykdysady guramalar diýilýär.

Halkara ykdysady guramalar – dünýä hojalyk gatnaşyklarynda ýüze çykýan dürli meselelere seljerme bermek, ara alyp maslahatlaşmak üçin halkara şertnama ýa-da ozaldan hereket edýän guramanyň karary esasynda döredilen guramalardyr. HYG halkara hökümet (döwletara) we halkara hökümet däl ykdysady guramalara bölünýär. Olaryň birinjisi döwletara ylalaşykalryň esasynda döredilip, halkara hukugynyň subýekti bolup çykyş edýär. Ikinjisi, dürli döwletleriň edara görnüşli we şahsy taraplarynyň birleşmesi esasynda döredilip, halkara hukugynyň subýekti bolup çykyş etmeýär.

Dünýä hojalyk gatnaşyklaryny sazlaşdyrmakda döwletara ykdysady guramalarynyň ähmiýeti örän ýokarydyr. Şol bir wagtyň özünde hökümet däl halkara guramalarynyň sany hem barha ýokarlanýar.

HYG-niň dünýä hojalygyndaky sazlaşdyryjy orny aşakdaky düzgünleriň esasynda amala aşyrylýar:

– Döwletler we hojalyk subýektleri üçin kadalaşdyryjy düzgünleri işläp düzmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek. Bular halkara şertnamalar, konwensiýalar we borçnamalar (gol çekileninden we ratifikasiýa eileninden soňra) görnüşinde kabul edilýär. HYG-niň düzgünleri, esasan, maslahat berijilik häsiýete eýe bolup, döwletleriň içerki ykdysady-durmuş syýasatyna goşulmaýar. Umuman, döwletler HYG-niň düzgünlerini ýerine ýetirmäge ýuridiki taýdan borçlanmaýarlar.

– Düýpli meseleleriň barha ösmegi olaryň çözülmegi üçin çäreleriň işlenip düzülmegini talap edýär;

– Ösüp gelýän döwetlere ykdysady, tehniki we gumanitar kömekleri bermegiň esasy çeşmesi bolup çykyş edýär. Şol bir wagtyň özünde bölünip berlen serişdeleriň paýlanylmagyny üpjün edýär. Mysal üçin, BMG «ykdysady we sosial ösüş maksatnamasyna» laýyklykda ösüp gelýän döwletlere her ýyl 6 milliard dollar serişde harçlaýar;

– Dünýä ykdysadyýetinde senagat önümçiliginiň, oba hojalygynyň, halkara söwdanyň, halkara ylmy-tehnii hyzmatdaşlygyň, halkara maliýe gatnaşyklarynyň we beýleki köpugurly gatnaşyklaryň utgaşdyryjysynyň (koorporasiýasy) wezipesini ýerine ýetirýär. Mysal üçin, BMG senagatlaşma maksatnamasy boýunça Latyn Amerikasy we Karib basseýni, arap ýurtlary, Aziýa, Ýuwaş umman sebiti üçin birnäçe senagat maksatnamalary alyp barýar;

– Halkara bank we karz işlerine gatnaşýar, olaryň üstüni doldurýar. Şeýlelikde, walýutalaryň durnukly bolmagyna, dünýä walýuta ulgamynyň pugtalanmagyna getirýän işleri alyp barýar;

– Ykdysady we durmuş ugurlar boýunça örän uly maglumat işlerini amala aşyrýar. HYG-niň seljermeleri, dokladlary, barlaglary dünýä ykdysadyýetiniň ösüş

meýline göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin, bu guramalar döwletleriň alyp barýan makroykdysady syýasatlaryna aýratyn üns berýärler. Şeýle hem, HYG hojalyklar, dünýä söwdasy, dünýä meseleleri we başga-da köp sanly ugurlar boýunça maglumat toplamagyň, olary köpçülikleýin ýaýratmagyň ýeke-täk çeşmesi bolup çykyş edýär;

– Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça gepleşikleri alyp barmak dürli şertleri döredýär. Bu şertler taraplar üçin üznüksiz häsiýete eýe bolup, olar halkara dartgynlyklar ýa-da diplomatik gatnaşyklar bozulan ýagdaýynda hem dowam edýär.

Umuman, HYG dünýä hojalygynda ýüze çykýan meseleleri sazlaşdyrmakda köpugurly işleri, çäreleri, maksatnamalary amala aşyrýar.

HYG-ni alyp barýan işi we guramaçylyk ýörelgeleri boýunça iki sany klassifikasiýa bolmek bolar. Guramaçylyk ýörelgesi boýunça BMG-niň ulgamyna degişlidigi ýa-da degişli däldigi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle nukdaýnazardan HYG üç sany topara bölünýär:

1) BMG-niň ulgamyna girýän we onuň bilen baglanyşykly HYG-ler;

2) BMG-niň ulgamyna girýän we onuň bilen baglanyşygy bolmadyk HYG-ler;

3) Sebitleýin ykdysady guramalar.

Birinji toparda esasy orny BMG-niň Baş Assambleýasy (United Nations General Assembly) eýeleýär. Ol BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda islendik soraga seredýän baş edarasydyr. Baş Assambleýa dünýä meseleleri boýunça rezolýusiýalary we konwensiýalary kabul edýär. Baş Assambleýa tarapyndan dünýä meselelerine seljerme bermek üçin birnäçe edaralar döredildi. Olaryň içinde has ähmiýetlileriniň biri bolup «ykdysady we maliýe meseleleri boýunça komiteti» çykyş edýär. Ol Baş Assambleýa üçin bu meseleler boýunça rezolýusiýalary we hödürnamalary taýýarlaýar. Baş Assambleýanyň şeýle edaralarynyň biri hem BMG-niň halkara söwda hukugy boýunça Komitetidir (UN Commission on International Komitet Law-UNICITRAL). Onuň alyp barýan işi halkara söwdasynyň düzgünlerini bütewüleşdirmekden we sazlaşdyrmakdan ybaratdyr. Ykdysady we durmuş geňeşi (Economik and Social Concil-ECOSOC) BMG-niň düzümine girýän HYG-niň düzümi ähmiýeti boýunça ikinji ornunda durýar. Ol BMG-niň Düzgünnamasynyň «Halkara ykdysady hyzmatdaşlyk» atly IX babyna gönüden-göni jogapkärdir. Ol BMG-niň ykdysady we durmuş ugurlardaky strategiýasyny amala aşyrýar. EKOCOC-yň düzümine alty sany wezipeli komissiýalar (sosial ösüş boýunça, narkotiki serişdeleri boýunça, ösüş hereketi boýunça, statistika we TMK boýunça); bäş sany sebitleýin komissiýalar (Ýewropa; Aziýa we Ýuwaş umman döwletleri, Afrika, Latyn Amerikasy we Karib basseýni, Günbatar Aziýa üçin); iki sany hemişelik komiteti (meýilnamalaşdyrmak we utgaşdyrmak hem-de hökümet däl edaralar üçin); ýedi ekspertler edaralary (şol sanda, salgyt salmak, ykdysady, durmuş, medeni we beýleki halkara meseleleri boýunça) hereket edýär.

BMG-niň ulgamyndaky HYG-niň düzümi Baş Sekretariat (UN Sekretariat), 7 gazna, BMG-niň meýilnama we iş edarasy, şeýle hem 17 sany ýöriteleşdirilen, 5 sany awtonom guramalar girýär. BMG-niň gaznalary meýilnama we iş edaralary – maýa goýumlaryň ösüş gaznasy (UN Capital Development Fund-UNCDE) diýlip atlandyrylýar. Ol ösüp gelýän ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmek, olara goşmaça maliýe çeşmelerini emele getirmek üçin döredildi. BMG-niň ösüş Maksatnamasy (UNDevelopment Programme-UNDP) tehniki kömegi maliýeleşdirýär. Töwerekdäki gurşaw boýunça Maksatnama (UN Enviroment Programme – UNEP) tebigaty we daşky gurşawy goramakda halkara hyzmatdaşlygy güýçlendirmek boýunça döredilendir.

BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralaryna Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy (World Intellektual Property Organization-WIPO), Halkara zähmet guramasy (International Lapour Organization ILO), Azyk we Oba hojalyk guramasy (Food and Agricultural Organization), Senagat taýdan ösüş boýunça gurama (UN Industrial Develop, ent Organization UNIDO), Bütindünýa bank topary (World Bank Group) degişlidir.

BMG-niň awtonom guramalaryna ýörite ylalaşykly, özara baglanyşykly, onuň utgaşdyrmasy esasynda öz işini alyp barýan institutlar degişlidir. Olara mysal hökmünde Bütindünýä söwda guramasyny (World Trade Organization – WTO), Atom energiýasy boýunça halkara agentligi (International Atomic Energy Agency – IAEA) degişlidir.

BMG-niň ulgamyna girmeýän, onuň bilen baglanyşygy bolmadyk HYG toparyna gönüden-göni Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş Guramasy (YHOG), ýagny organization for Economic Cooperation and Development (OECD) degişlidir. Onuň düzümine 30 sany ösen döwlet girýär. Onuň esasy maksady ykdysady maglumatlary ýygnamakdan we seljerme bermekden, şeýle hem ösüp gelýän ýurtlara kömek bermekden ybaratdyr. YHÖG-niň düzümine 20 sany ýöriteleşdirilen we birnäçe halkara awtonom guramalar girýär. Şeýle guramalaryň biri Halkara Energiýa Agentligidir (International Energy Agency-IEA). Bu gurama agza döwletleriň energiýa syýasatlaryny utgaşdyrmak we energiýanyň täze çeşmelerini döretmek bilen baglanyşyklydyr.

Sebitleýin ykdysady guramalara BMG bilen baglanyşygy bolmadyk, sebitleýin derejede hereket edýän ähli ykdysady guramalar degişlidir. Şeýle guramalaryň anyk mysalyna Aziýa ösüş banky, Afrika ösüş banky degişlidir.

Halkara ykdysady guramalaryň ikinji klassifikasiýasy olaryň alyp barýan işleri boýunça emele gelýär. Şu nukdaýnazardan HYG-ni dört topara bölmek bolar:

1) halkara ykdysady guramalary;
2) halkara maliýe guramalary;
3) halkara söwda guramalary;
4) beýleki halkara ykdysady guramalar.

Bu klassifikasiýanyň birinji toparyna ähli ykdysady komissiýalar, şeýle-de YHÖG degişlidir.

Ikinji topary Halkara pul gaznasy (International Monetary Fund – IHF), Bütindünýä topary (World Bank Group – WBG), maýa goýumlara kepillik boýunça köptaraply agentlik (Miltilateral Investment Guarantee Agency – MIGA), jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça Halkara merkez (International Centre for settlement of Investment Disputes – ICSID), halkara hasaplaşyklar banky (Bank for International Settlement – BIS) emele getirýärler.

Üçünji topar öz düzümine Bütindünýä söwda guramasyny, BMG-niň söwda we ösüş boýunça konferensiýasyny (IUN Conference on Trade and Development-UNCTAD), Halkara gümrük guramasyny (International Customs Organization-ICO) we halkara söwda palatasyny birleşdirýär.

Dördünji topara sebitleýin HYG-niň ählisi degişlidir. Olara BMG-niň bäş sany sebitleýin komissiýasy mysal bolup biler. Şeýle hem bu topara telekeçileriň ykdysady, maliýe, hukuk we beýleki meseleler boýunça döreden halkara birleşmeleri degişlidir.

Klassifikasiýalaryň mazmunyna laýyklykda guramaçylyga garanyňda alyp barýan işi boýunça ýörelgesi has düşnüklidir. Şonuň üçin bu temanyň dowamynda ikinji klassifikasiýa we ondan gelip çykýan dört sany topara ýykgyn edilýär.

## 30.2. Halkara maliýe guramalary

Halkara maliýe guramalary halkara hyzmatdaşlygy maliýeleşdirmek, halkara karzlaşdyrma, ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlarda dürli taslamalary ýerine ýetirmek ýa-da ony maliýeleşdirmek bilen meşgullanýarlar.

Maliýe guramalarynyň halkara ulgamynda brettonwud institutlary ähmiýetli orny eýeleýärler. Olara Halkara pul gaznasy (HPG) we Bütindünýä banky (BB) degişlidir. Bu guramalar 1944-nji ýylda ABŞ-nyň Bretton-Wod şäherinde täze dünýä walýuta ulgamy bilen baglanyşykly geçirilen halkara konferensiýasynyň karary bilen döredildi. Bu guramalar, aýratyn-da HPG dünýä walýuta-maliýe durnuklylygyny üpjün etmekde örän uly işleri alyp barýar. Maliýe serişdeleriniň halkara hereketiniň çaltlaşmagy, maliýe sektorynyň hakyky sektora öwrülişiniň güýçlenmegi HPG-niň ähmiýetini barha artdyrýar. 1980-nji ýylda bu guramalara «Waşington konsensusy» diýlip at berildi. Sebäbi bu guramalaryň döredilmeginde has işjeňlik görkezen amerikalylardy. «Waşington konsessusy» ylalaşygyna laýyklykda halkara maliýe guramalarynyň esasy wezipesi milli ykdysadyýetleriň we dünýä hojalygynyň ykdysady ösüşini üpjün etmekden ybaratdyr. Munuň üçin döwletleriň maliýe ulgamyny sagdynlaşdyrmak, makroykdysady durnuklylyk, daşary ykdysady gatnaşyklaryň liberallaşmagy, hususylaşdyrma ýaly şertleri ýerine ýetirmek zerurdyr. 1990-njy ýylda ozalky sosialistik ýurtlarda «Halkara maliýe guramalary» maliýe

serişdelerini berip, makroykdysady durnuklylygy üpjün etmekde, ykdysadyýeti täzeden guramakda uly kömek etdiler.

Soňky ýyllarda «Waşington konsensusynyň» düzgünnamasynyň ozalky sosialistik we ösüp gelýän ýurtlaryň bähbitlerine hemişe gabat gelip durmaýandygy ýüze çykdy. Döwletlerde we sebitlerde häli-şindi ýüze çykýan maliýe çökgünlikleri «waşington konsensusynyň» ýolbaşçylygyndaky halkara maliýe guramalarynyň ukypsyzdygyny açyk görkezdi. Maliýe serişdeleriniň halkara hereketiniň durnuklylygyny üpjün edip bilmezlik, dünýa maliýe ulgamynda dürli çökgünlikleriň ýüze çykmagyna getirdi. Aýratyn-da, 1997–1999-njy we 2008-nji ýyllardaky maliýe çökgünligi has agyr geçdi.

1990-njy ýylyň ahyrynda «post waşington» teklibi öňe sürlüp başlandy. Onuň esasy ideýalary Nobel baýragynyň laureaty, BB-niň wise-prezidenti bolan Jozef Stiglis tarapyndan işlenilip düzüldi. «Post waşington konsensusy» ozalky ylalaşygyň binýadynda bolup, ösüş üçin täze ugurlary we gurallary teklip edýär. «Post waşington konsensusy» ylalaşygynyň maksady diňe bir ykdysady ösüş bolman, ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak, iş bilen üpjünçilik, daşarky gurşawy goramak, girdejileri deňeçer paýlamak we jemgyýetiň demokratiýalaşmagy bilen baglanyşyklydyr. Munuň üçin ykdysady ösüş gazanmalydyr. «Waşington konsensusyndan» tapawutlylykda, diňe bir önümçilik maliýe ulgamyny sagdynlaşdyrmak bilen çäklenmän, döwletlere dürli maliýe ulgamyny sazlaşdyrmak «adam maýa akymyny» emele getirmek, täze tehnologiýalara maýa goýmak, bäsleşigi güýçlendirmek ýaly ugurlary maliýeleşdirýär, degerli maslahatlary we teklipleri berýär.

«Post waşington konsensusynyň» esasy ileri tutulýan ugurlarynyň emele gelme prosesi dowam edýär.

### 30.2.1. Halkara pul gaznasy (HPG)

HPG BMG-niň ýöriteleşdirilen guramalarynyň biri bolup, onuň 190-a golaý agzasy bardyr. Türkmenistan hem HPG-niň agzasydyr.

HPG-niň ýokary edarasy dolandyryjylar Geňeşinden ybaratdyr. Agza döwletleriň hersiniň bir wekili bolýar. Geňeş 24 sany direktordan ybarat bolup, olaryň 7-si HPG-niň ustaw gaznasyny döredijі ýurtlar (ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa, Angliýa, Fransiýa, Hytaý, Saud Arabystany) tarapyndan bellenilýär. Galan 17 direktor dolandyryjylar Geneşi tarapyndan sebitleýin wekilçilik esasynda beýleki agzalardan bellenilýär.

HPG-niň esasy işi agza döwletleriň milli ykdysady syýasatlarynyň netijeliligini gazanyp, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini we durnuklylygyny ýola goýmakdan ybaratdyr. Şunuň bilen baglanyşyklylykda HPG-niň wezipesine aşakdakylar girýär:

– Dünýäniň ykdysady we maliýe ýagdaýyny gözden geçirmek we çökgünlik şertlerinde dürli maslahatlary bermek;

– Karzlary bermek, olara býujet ýetmezçiligini aradan aýyrmak, garyplygyň derejesini peseltmek, bergilerini üzmek üçin berilýän ýeňillikli karzlar degişlidir;

– Tehniki kömekleri bermek.

HPG-niň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup, döwletleriň agzalyk tölegi (wznos), gaýtarylan karzlar we göterimler çykyş edýär. Döwletler HPG girende onuň ustaw gaznasyndaky paýy kesgitlenilýär. Paýyň möçberi döwletleriň dünýä ykdysadyýetindäki tutýan orny bilen baglanyşykly kesgitlenilýär. HPG-niň ustaw gaznasynda iň uly paý ABŞ-a degişlidir.

### 30.2.2. Bütindünýä banky

Bütindünýä bank topary BMG-niň düzümine girýän we onuň bilen berk baglanyşykly 5 sany guramadan ybaratdyr. Olaryň umumy maksady döwletlere, aýratyn-da ösüp gelýän ýurtlara dürli ykdysady kömekleri bermekden ybaratdyr. Bütindünýä banky toparyna girýän guramalar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Bütindünýä banky (World Bank) resminamalarda Bütindünýä ösüş we özgerdiş banky diýip atlandyrylýar (International Bank for Reconstruction and Development). Ol 1945-nji ýylda ösüp gelýän döwletlere zaýomlary bermek maksady bilen döredildi.

2. Halkara ösüş assosiasiýasy (International Development Association – IDA) 1960-njy ýylda ösüp gelýan garyp döwletlere göterimsiz zaýomlary bermek üçin döredildi.

3. Halkara maliýe korporasiýasy (International Financ Corporation IFC) 1956-njy ýylda ösüp gelýän döwletlerde hususy sektory goldamak maksady bilen döredildi.

4. Maýa goýumlara kepillik boýunça köptaraplaýyn agentlik (Multilateral Investment Guarantee Agency – MIGA). Ol 1988-nji ýylda ösüp gelýän dölwetlere daşary ýurt maýasynyň çekilişini goldamak üçin täjirçilik işlerinde ýüze çykýan töwekgelçiliklerden goramak maksady bilen döredildi.

5. Jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça. halkara merkez (International Centre for Selttlement of Investment Disputes ICSID) 1966-njy ýylda maýa goýumlar bilen hökümetleriň arasyndaky düşünişmezlikleri sazlaşdyrmakda kömek bermek maksady bilen döredildi.

### 30.2.3. Bütindünýä banky topary

Bütindünýä banky toparynyň düzüminde esasy gurama bolup, Bütindünýä banky çykyş edýär. Ol BMG-niň ýöriteleşdirilen guramalarynyň biridir. Ýöne, olaryň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda garaşsyz halkara gurama bolup çykyş edýär.



23. Sargyt № 832

BB-niň düzgünnamasyna laýyklykda, HPG-niň agzasy bolan döwletler onuň düzümine kabul edilýär. Häzirki wagtda BB-niň 190-na golaý agzasy bar. Türkmenistan BB-niň agzasyna 1992-nji ýylda kabul edildi. BB-niň iri paýdarlary ABŞ-da bolup, onuň paýyna sesleriň 16,4%-i düşýär. Şeýle hem Ýaponiýanyň 7,87%, Germaniýanyň 4,49%, Angliýanyň 4,31%, Fransiýanyň 4,31%, Russiýanyň 1,8% paýy bardyr. BB-niň düzgünnamalaýyn maýasy 180 milliard dollardan geçýär. Bankyň serişdeleri agzalyk töleglerinden, dünýä döwletleriniň obligasiýalaryny satmakdan, gaýtarylan karzlardan we tölenen göterimlerden emele gelýär.

BB-niň ýokary edarasy dolandyryjylar Geňeşidir. Agza döwletleriň hersiniň bir wekili bolýar. Bankyň ýerine ýetiriji edarasy direktorat bolup, ol 24 sany direktor paýlaýjydan ybaratdyr. Olaryň 5-si has köp paýa eýe bolan döwletleriňki bolup, galan 19-sy beýleki agza döwletlerden saýlanylýar. Direktorat işjeň ýolbaşçylyk etmek üçin bankyň prezidentini saýlaýar.

BB-niň esasy wezipesi bolup, agza döwletlerde ykdysady ösüşi, halkara söwdany we durmuş ösüşi höweslendirmek çykyş edýär. Bu meseleler agza döwletleriň zaýomlaryny gönükdirmek arkaly amala aşyrylýar.

BB 20 ýyla çenli pes göterimli karzlary goýberýär. Onuň 3–5 ýyly ýeňillikli döwür bolup, diňe karzyň göterimi tölenilýär. Berginiň esasy bölegi ýeňillikli döwür tamamlanandan soň tölenip başlanýar. BB-niň karzyny esasy alyjylar bolup, girdejisi orta derejedäki ösüp gelýän döwletler çykyş edýär.

BB-niň zaýomlarynyň iki görnüşi bolup, birinjisine maýa goýum zaýomlary (investment loans), ikinjisine düzümleýin uýgunlaşma zaýomlary (ad justment loans) degişlidir. Olaryň birinjisi ösüş syýasaty zaýomlary (development policy loans) bolup, ykdysady we sosial ulgamdaky anyk taslamalar maliýeleşdirilýär. Adatça, bankyň serişdeleri bilen önümçilik infrastrukturasy (ulag, energetika) maliýeleşdirilýär. Soňky ýyllarda maýa goýum zaýomlary durmuş meselelere gönükdirilip başlandy. Olara saglygy goraýyş, bilim, maşgalany meýilnamalaşdyrmak, garyplygy ýok etmek ýaly taslamalar degişlidir.

Düzümleýin uýgunlaşma zaýomlary agza döwletleriň ylalaşygynyň çäklerinde ykdysady özgertmeleri geçirmek (mysal üçin, bazar ykdysadyýetine geçmek) we onuň sosial netijelerini azaltmak üçin goýberilýär. Düzümleýin uýgunlaşdyrma zaýomy ösüş syýasaty zaýomyndan tapawutlylykda, döwletler alan karzlaryny ýerleşdirmek işlerini doly öz garamagyna alyp bilýär we alan serişdeleriniň goýberilen ugurlary boýunça jogapkärçilik çekmeýär.

BB-niň zaýomlarynyň ýyllyk aýlanyşygy 11 milliard dollardan geçýär. Umumy zaýomlaryň 75–80%-i maýa goýum zaýomlaryna degişlidir.

## 30.2.4. Halkara ösüş assosiasiýasy (HÖA)

HÖA – bu BB-niň düzümine girýän, BMG-niň ýöriteleşdirilen guramalarynyň biridir. BB-niň Prezidenti, direktoraty we dolandyryjylar Geňeşi HÖA-da edil şol wezipäni ýerine ýetirýärler. HÖA-nyň häzirki wagtda 165 agzasy bardyr.

HÖA garyp döwletlere kömek bermek maksady bilen döredildi. Käbir ýagdaýlarda geçiş häsiýetli döwletlere hem kömek berilýär. HÖA, esasan, göterimsiz zaýomlary goýberip, onuň bilen, esasan, dolandyryş harajatlar maliýeleşdirilýär. Karzyň möhleti 40 ýyla çenli bolup, ýeňillik döwri 10 ýyldyr. HÖA-nyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup, BB-niň peýdasy, agzalyk tölegler, gaýtarylan zaýomlar çykyş edýär.

HÖA-nyň esay wezipesi bolup aşakdakylar çykyş edýär:

– Karz alýan döwletlerde ykdysady ösüşi çaltlaşdyrmak, netijeli makroykdysady, pudaklaýyn syýasaty işläp düzmeklige ýardam bermekdir. Berilýän karzlar ilkinji nobatda oba hojalyk etraplaryna we hususy sektora goýberilmelidir;

– Sosial ulgamy maliýeleşdirmek arkaly adam maýa goýumyny emele getirmek, kesellere garşy göreşmek, keseller bejerilenden soň täsirini azaltmak;

– Netijeli dolandyryşy ýokarlandyrmak üçin guramaçylyk-tehniki mümkinçilikleri giňeltmek, korrupsiýa garşy göreş;

– Durnukly ösüş we daşky gurşawy goramak;

– Ýaragly çaknyşyklaryň öňüni almak;

– Ösüp gelýän dölwetleriň özara söwdasynyň ösdürmek.

HÖA-nyň berýän kömeklerine mysal hökmünde, Ruandanyň uruşdan soňky ykdysadyýetini dikeltmek, Çadda we Eritreýada SPID-e garşy göreş, Hindistanda ählumumy başlangyç bilimi girizmek, Azerbaýjanda oba hojalygy, Täjigistanda fermerçiligi ösdürmek üçin goýberilen karzlary görkezmek bolar. HÖA döredileli bäri 108-den gowrak döwlete 200 milliarddan gowrak karzlary goýberdi.

## 30.2.5. Halkara maliýe korporasiýasy (HMK)

HMK – Bütindünýä banky toparynyň düzümine girýän BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasydyr. Onuň ýokary edarasy Bütindünýä bankynyň dolandyryjylar geňeşi tarapyndan düzülýär. BB-niň Prezidenti şol birwagtyň özünde HMK-nyň Prezidenti bolup çykyş edýär. BB-niň agzalarynyň 178-si HMK-nyň agzasydyr.

HMK ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlarda paýdar hökmünde hususy sektory maliýeleşdirýär. Ol ösüp gelýän ýurtlaryň hususy kompaniýalaryna tehniki kömegi bermek, wagtlaýyn hemşeri (portnýor) bolmak bilen, olary zaýomlaryň üsti arkaly maliýeleşdirýär. HMK hökümetiniň kepilligi bolmasa-da, hususy kärhanalara 5-den 15 ýyla çenli adaty täjirçilik şertlerinde karzlary goýberýär. HMK-nyň

täjirçilik işlerine maslahat beriş hyzmatlaryň, tehniki kömekler, maýadarlardan çekilen serişdeler girýär.

HMK-nyň maliýe serişdeleri agzalyk töleglerden we ýerleşdirilen zaýomlardan emele gelýär. Umumy serişdeleriň 80%-i dürli gymmatly kagyzlardan we 20%-i BB-niň zaýomlaryndan ybaratdyr.

HMK-nyň döredileni bäri maliýe serişdeleriniň möçberi 67 milliard dollardan geçdi. Bu serişdeler arkaly 140 sany ýurtda 3 müňden gowrak hususy kompaniýalar maliýeleşdirildi.

### 30.2.6. Maýa goýumlar boýunça köptaraplaýyn agentlik (MGKA)

MGKA Bütindünýä banky toparynyň düzümine girýän, BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasydyr. Onuň ýokary edarasy bolup, BB-niň dolandyryjylar geňeşi çykyş edýär. BB tarapyndan bellenen 2 sany agza direktoratyň işini ýerine ýetirýär. BB-niň Prezidenti MGKA-nyň direktoratynyň başlygydyr. Bu gurama BB-niň düzümine girýän döwletleriň 167-si agzadyr.

MGKA maýadarlary ätiýaçlandyrmanyň üsti arkaly ösüp gelýän ýurtlardaky raýat tolgunyşyklaryndan, walýuta kursunyň üýtgemeginden we ş.m. ýagdaýlardan goramaklyga çalyşýar. Şonuň üçin onuň ätiýaçlandyryş şertnamasyndaky göterimiň derejesi 24%-den geçmeýär. MGKA-nyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup agzalyk tölegleri çykyş edýär.

MGKA häzirki wagta çenli 100-e golaý döwletde 800-den gowrak taslamalara kepillik berdi. Berlen kepillikleriň umumy möçberi 14 milliard dollardan geçýär.

### 30.2.7. Jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça Halkara merkez (JMGSHM)

JMGSHM Bütindünýä banky toparynyň düzümine girýän guramadyr. Onuň ýokary edarasy bolup, administratiw geňeş çykyş edýär. Onda agza döwletleriň hersiniň bir wekili bolýar. Administratiw geňeş BB-niň Prezidenti tarapyndan dolandyrylýar. Bu guramanyň ýörite sekretariaty bolup, onuň harajatlary BB-niň býujeti tarapyndan tölenilýär. Guramanyň 155 agzasy bar.

JMGSHM arbitražyň üsti arkaly jedelli maýa goýumlara seredýär. Guramanyň düzgünnamasyna ikitaraplaýyn maýa goýum ylalaşyklaryň 900-den gowragy girizilendir. Merkez daşary ýurt maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça ylmy barlaglary alyp barýar, arbitraž kanunçylyga degişli makalalary we materiallary çap edýär.

## 30.2.8. Halkara hasaplaşyk banky (HHB)

HHB merkezi banklaryň işini gözükdirmek, maliýe ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy alyp barmak maksady bilen 1930-njy ýylda döredildi. Bu bank halkara maliýe guramalarynyň ilkinji döredilenidir. Ol Belgiýanyň, Germaniýanyň, Britaniýanyň, Italiýanyň, Fransiýanyň, Ýaponiýanyň merkezi banklary we ABŞ-nyň Morganyň bankirler öýüniň topary hem-de amerikan täjirçilik banklary topary tarapyndan döredildi. 55 sany ýurduň merkezi banklary guramanyň agzasydyr. Guramanyň ýokary edarasy bolup, agza döwletleriň merkezi bankalrynyň wekilleriniň umumy ýygnagy çykyş edýär. Dolandyrmak işi 17 direktordan ybarat direktorlar geňeşinden ybarat. HHB-ni döredilen 6 sany agzanyň öz wekilini direktor edip saýlamaga haky bardyr. Direktorlar geňeşiniň galan agzalary umumy ýygnakda saýlanylýar. Ýerleşýän ýeri Şweýsariýanyň Bazel şäheridir.

## 30.3. Bütindünýä söwda guramasy (BSG)

BSG özbaşdak halkara gurama bolup, BMG bilen baglanyşyklydyr. Onuň döreýiş taryhy 1947-nji ýyldan başlaýar. Ösen döwletler söwda we tarifler boýunça baş ylalaşyk paktyna gol çekýärler. Bu ylalaşyk 1948-nji ýyldan hereket edip başlaýar. 1994-nji ýyla onuň düzgünnamasyna düzedişler girizilýär. Olara hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk we intellektual hususyýetçiligiň hukuk jähtleriniň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk degişlidir. Şeýlelikde, bu guramanyň ady Bütindünýä söwda guramasy diýlip üýtgedildi. Täze düzgünnama 1995-nji ýylda hereket edip başlady. Kähalatlarda BSG-ni GATT diýip hem atlandyrylýar. Çünki, BSG gös-göni GATT-yň mirasdüşeridir.

BSG-niň düzgünine onlarça ylalaşyklar, şertnamalar, kararlar, protokollar, deklorasiýalar girizilip, olar agza döwletleriň hemmesi üçin deňgüýçlüdir. GATT degişli resminamalaryň üstüni doldurmalar bilen häzir hem BSG-niň resminamalary bolup hereket edýär. Resminamalaryň agramly bölegi agza döwletler tarapyndan ýerine ýetirilmelidir. BSG-niň 150-den gowrak agzasy bolup, ýene-de 30-a golaý döwlet girmek isleýär. BSG-niň ýerleşýän ýeri Ženewa şäheridir.

BSG-niň baş maksady harytlaryň we hyzmatlaryň halkara söwdasyny söwda düzgünleriniň esasynda kämilleşdirmekden we liberallaşdyrmakdan ybaratdyr. Şeýle hem maýa goýumlaryň halkara hereketiniň köptaraplaýyn düzgünlerini işläp düzmek we ony sazlaşdyrmak esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Guramaçylygy hukuk düzgünlerini kämilleşdirmek, üýtgetmekdir.

BSG aşakdaky esasy ýörelgelere esaslanýar:

– Halkara söwdany milli düzgünleri kemsitmezden has oňaýly esasda alyp barmak. Milli düzgünler gümrük salgytlary, eksport we import ýygymlary, gümrük we salgyt salmagyň usullaryny, ýükleriň resminamalaşdyrylyşyny, daşary ýurt

gämilerine we uçarlaryna edilýän hyzmatlary öz içine alýar. Milli düzgünler ilkinji nobatda ýerli öndürijileriň bähbidini araýar.

– Milli öndürijilere gümrük salgytlary ýoly bilen garap, ýuwaş-ýuwaşdan tarif däl çäklendirmeleri aradan aýyrmak. BSG agza döwletler harytlaryň daşary söwdasynyň sazlaşdyrmakda diňe gümrük parçlaryny, salgytlaryny we ýygymlaryny ulanmak barada ylalaşýarlar. Şeýle edilende täjirçilik işleriniň ösmegine, döwletiň goşulyşmasynyň azalmagyna, daşary syýasatyň açyklygyna getirýär. Döwletler şeýle hem salgytlaryň möçberini bir görnüşe getirmek barada hem ylalaşýarlar.

– Köptaraplaýyn gepleşikleriň esasynda gümrük tarifleriniň derejesini peseltmek we ylalaşylmadyk ýagdaýynda onuň ýokarlanmagynyň öňüni almak. Bu ýörelgäni şeýle düşündirmek bolýar, ýagny harytlaryň halkara söwdasynyň giňelmeginde hemme ýurtlar utuş belli bir ugurlarda gazanýarlar. Şonuň üçin gümrük tariflerini peseltmek maksady bilen birnäçe konferensiýalar we gepleşikler geçirilýär.

– Söwda meselelerini sazlamakda döwletlere maslahatlary bermek. BSG agza döwletleriň arasynda ýüze çykýan jedelli, çekişmeli meseleleri özara düşünişmek, şertnamalary we düzgünleri ulanmak ýoly bilen çözmeklige çagyrýar. BSG-niň çägindäki jedelli meselelere seredýän mehanizm-döwletara mehanizmdir. Jedelleri çözmek üçin döredilen mehanizm BSG-niň işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup, şol ýörelgäniň üsti bilen halkara söwdasy sazlanylýar.

– Ösüp gelýän döwletlere ýeňillikli düzgünleri bermek. Ösen we ösüp gelýän ýurtlarda umumy ýeňillik ulgamy hereket edýär. Umumy ýeňillik ulgamynyň maksady ösen ýurtlaryň ösüp gelýän ýurtlaryň harytlaryny içerki bazaralaryna goýbermekden ybaratdyr. Ýeňilligiň esasy görüşi gümrük salgytlaryny peseltmek ýa-da tutuşlygyna aýyrmakdan ybaratdyr. Umumy ýeňillikler ulgamy ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň arasyndaky söwda-ykdysady gepleşikleriň netijesi bolmak bilen ösen döwletler tarapyndan edilýän eglişikdir.

– Sebitleýin söwda ylalaşyklary baglaşmak. Häzirki wagtda dünýäde 300 töweregi gümrük bileleşikleri, erkin söwda zolaklary hereket edýär. Netijede, dünýä söwdasynyň 60%-i söwda toparyna girýän ýurtlaryň arasynda alnyp barylýar. BSG-niň düzgünnamasy şeýle toparlary döretmeklige mümkinçilik berýär.

BSG-niň ýokary edarasy bolup agza döwletleriň ministrlikleriniň Konferensiýa çykyş edýärler. Onuň sessiýasy her 2 ýyldan 1 gezekden az bolmadyk ýagdaýda geçirilýär. Gündelik işleriniň ýerine ýetirmegine baş geňeş jogap berýär 8–10 ýyldan onuň düzümine täzeden seredilýär. Baş geňeş jedelli söwdany sazlaşdyrmak boýunça komissiýasynyň we agza döwletleriň söwda syýasatyna gözegçilik Komissiýasynyň ýygnagyny geçirýär. BSG-niň dört sany ylalaşygyny ýerine ýetirmek, gyzyklanýan taraplar üçin ýörite dolandyryş edarasy döredilýär. Ol ylalaşyklara raýat awiatehnikasy, hökümetiň satyn alýan harytlary, süýt we et önümleri degişlidir.

Baş geňeş öz wezipesini üç edaranyň üsti arkaly alyp barýar. Ol edaralara haryt söwdasy boýunça Geňeş, hyzmat söwdasy boýunça Geňeş, intellektual eýeçiligiň hukuk meseleleri boýunça Geňeş degişlidir. BSG-niň sekretariaty, saýlanylýan baş direktor, onuň dört sany orunbasary BSG-niň düzüminde alnyp barylýan gepleşiklere, baglaşylan ylalaşyklara, ösüp gelýän ýurtlara tehniki kömek bermeklige we guramanyň ähli işine jogapkärçilik çekýärler. Alnyp barylýan işleriň mazmuny we ýerine ýetirilmeli işler agza döwletleriň BSG-däki wekiliniň üsti bilen ýurtlara ýetirilýär.

### 30.3.1. BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (ÝNKTAD)

BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (ÝNKTAD) Baş Assambleýanyň edarasy bolup, 1964-nji ýylda döredildi. Ol wekilçilikli, köptaraplaýyn söwda-ykdysady guramadyr. Onuň 186 sany agzasy bar. Ştab-kwartirasy Ženewa şäherinde ýerleşýär. ÝNKTAD BMG-niň islendik agzasy üçin açykdyr. Onuň esasy maksady ilkinji nobatda ösen we ösüp gelýän döwletleriň arasyndaky söwdany giňeltmek, halkara ykdysady gatnaşyklaryň meseleleri boýunça hödürnamalary işläp düzmek, dölwetleriň we ykdysady toparyň arasyndaky söwdany ösdürmek, BMG-niň söwda boýunça beýleki guramalary bilen ylalaşykly hereket etmekden ybaratdyr.

BSG döredileninden soň ÝNKTAD gerekmi ýa-da gerek dälmi? diýen sorag ýüze çykdy. Wagtyň geçmegi bilen bu guramanyň zerurdygy aýan boldy. Sebäbi ÝNKTAD dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi üçin umumy söwda-syýasy ýörelgeleri işläp düzýär. BSG bolsa diňe söwdanyň meselelerine seredýär.

ÝNKTAD-niň sessiýalaryndaky kabul edilýän kararlaryň ýuridiki borçlanmasy ýokdur. Ýöne, ikinji sessiýada şol bir mesele biragyzdan makullansa «halkara söwdasynyň bähbidi üçin hereket» etmelidir. Şeýle ýagdaýda ÝUNKTAD-niň resminamalary BSG garanyňda formal taýdan döwetleri borçlandyrýar. Mysal üçin, şeýle resminamalara halkara söwda gatnaşyklary we söwda syýasatynyň ýörelgeleri, döwletleriň ykdysady hukugy we borçlary Hartiýasy degişlidir.

ÝUNKTAD-niň esasy işi taýýar harytlaryň we ýarym fabrikatlaryň halkara söwdasyny ýeňilleşdirmek bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi dünýä söwdasynyň ¾ bölegi taýýar harytlaryň we ýarym fabrikatlaryň paýyna düşýär. Munuň üçin umumy ýeňillik ulgamy 1971-nji ýylda döredilendir. Umumy ulgamy, aýratyn-da ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň arasyndaky söwdany ösdürmekde wajyp ähmiýete eýedir.

ÝUNKTAD-niň ýokary edarasy bolup, agza döwletleriň Konferensiýasy çykyş edýär. Konferensiýanyň sessiýasy her dört ýyldan ministrleriň derejesinde geçirilýär.

ÝUNKTAD-niň ýerine ýetiriji edarasy bolup, söwda we ösüş boýunça Geňeş çykyş edýär. Ol Konferensiýanyň sessiýalarynyň arasynda üznüksiz işi guraýar.

ÝUNKTAD-niň gözegçilik edýän işlerie makroykdysady syýasatyň netijeleri, ykdysadyýetleriň özara baglanyşygy, walýuta-maliýe amallary, söwda syýasaty, düzümleýin özgertmeler degişlidir. Geňeş ýylda iki gezek (ýazky, güýzki) sessiýa geçirýär. BMG-niň Ykdysady we sosial Geňeşiniň üsti bilen Baş Assambleýa dokladyny ýetirýär. YUNKTAD-niň sekretariaty BMG-niň sekretariatynyň bir bölegi bolup durýar. Şeýle hem gurama döwletleriň hökümetleriniň dürli meseleler boýunça forumyny guraýar, döwletleriň, ykdysady toparlaryň halkara söwdasyny ösdürmek boýunça gepleşiklerini alyp barýar. Mundan başga-da, BMG-niň beýleki söwda-ykdysady guramalary bilen ysnyşykly gatnaşyklary alyp barýar.

## 30.3.2. Halkara gümrük guramasy

Halkara (Bütindünýä diýip hem atlandyrylýar) gümrük guramasy 1952-nji ýylda gümrük hyzmatdaşlygy Geňeş hökmünde döredilip, 1994-nji ýyla çenli hereket etdi. Soňra onuň ady HGG diýip üýtgedildi.

Guramanyň baş wezipesi dünýä söwdasyny ösdürmek üçin ýeke-täk gümrük tariflerini işläp düzmekden, ony ýaýratmakdan, harytlar we şahsy taraplar gümrük nokatlaryndan geçende gözegçiligi ýeňilleşdirmekden ybaratdyr. Bu maksatlar gümrük kanunçylygynyň, gümrük ulgamynyň we gümrük gullugynyň kämilleşdirilmegini talap edýär.

HGG-niň ýolbaşçy edarasy bolup, başlyk we onuň alty sany orunbasaryndan ybarat Geňeş çykyş edýär. Orunbasarlar şol bir wagtyň özünde sebitleriň, syýasy komissiýanyň wekilleri bolup, maliýe we tehniki komiteti çykyş edýär.

Geňeşiň ýokary edarasy agza döwletleriň gümrük gulluklarynyň ýolbaşçylarynyň her ýyllyk duşuşygydyr. Duşuşyklarda syýasy komissiýanyň, maliýe komitetiniň taýýarlan materiallaryna seredilýär, HGG-niň geljekdäki ugurlary boýunça hödürnamalar we kararlar kabul edilýär. Guramanyň hemişelik ýerine ýetiriji edarasy bolup sekretariat çykyş edýär. Onuň ştab-kwartirasy Brýusselde (Belgiýa) ýerleşýär.

## 30.3.4. Halkara söwda palatasy (HSP)

HSP hökümete degişli däl gurama hökmünde 1919-njy ýylda döredildi. Ol hususy telekeçilikler üçin iň abraýly guramalaryň biridir. Gurama özüne 6 müňden gowrak kompaniýany, 1,5 müň telekeçileriň milli birleşmelerini, 110-dan gowrak döwleti, 50 sany wekilçilikli edarany birleşdirýär. Ýerleşýän ýeri Pariž şäheridir.

HSP öz işinde aşakdaky maksatlary yzarlaýar:

- Telekeçiligi ösdürmek, söwdany höweslendirmek, maýa goýumlar we açyk bazarlar, işjeň maýanyň halkara hereketi;

- Halkara söwdasynyň erkin, sazlaşykly ösmegi üçin netijeli we dowamly işleri alyp barmak;
- Hususy telekeçilik ulgamyny goldamak.

HSP-niň ýokary ýolbaşçy edarasy bolup, iki ýyldan saýlanylýan Geňeş çykyş edýär. Geňeşiň agzalary milli komitetleri we gulluklary belleýär. Ýerine ýetiriji geňeşiň düzümi 15-den 21-e çenli bolup, HSP-niň Geňeşi tarapyndan saýlanylýar. Ol HSP-niň alyp barýan işlerine jogapkärdir. Ýerine ýetiriji geňeş ýylda pesinden üç gezek sessiýa geçirýär. HSP-niň Geňeşiniň Baş sektory ýerine ýetiriji sekretar bolup çykyş edýär. Ol HSP-niň ähli işlerine gözegçilik edýär. Ol bäş sany müdirlikden, Halkara arbitraž kazyýetinden, söwda palatasynyň Halkara býurosyndan, işewürlik ulgamynyň tejribesi we hukugy Institutyndan, ykdysady jenaýata garşy goreş gullugyndan, daşary gurşawy goramagyň bütindünýä geňeşinden ybaratdyr.

HSP BMG-de ösen we ösüp gelýän döwletleriň işewür toparyna öz garaýyşlaryny beýan etmek mümkinçiligine eýedir. Ol hökümet we hökümete degişli däl halkara ykdysady guramalaryň gatnaşmagyny goldaýar.

## 30.4. Ýöriteleşdirilen halkara ykdysady guramalar

Soňky ýyllarda dünýä hojalygynda ýöriteleşen, sebitleýin, hökümet we hökümete degişli däl ykdysady guramalaryň sany artyp başlady. BMG-niň on dört sany guramasy awtonom gurama hökmünde çykyş edýär. BMG-niň ýöriteleşdirilen guramalary aşakdaky iki sany esasy wezipäni ýerine ýetirýärler:

*birinjiden*, olar halkara normalary, standartlary, konwensiýalary, hödürnamalary işläp düzýärler.

*ikinjiden*, halkara normalary, konwensiýalary ýerine ýetirmek üçin döwletlere tehniki kömekleri berýärler.

Bu guramalaryň düzümine iri sebitleýin banklar hem girýärler. Olar halkara maliýe ulgamyny sazlamakda ähmiýetli orny eýeleýärler. Bu banklaryň aýratynlygy oňa gatnaşýan döwletleriň ösen döwletler bolup, olaryň hem şol sebitde ýerleşýändigidir. Ol döwletler bolsa banklaryň sebit syýasatyny kesgitlemekde möhüm orny eýeleýärler.

Hökümete degişli däl halkara guramalarynyň toparyna telekeçiler birleşikleri we professional assosiasiýalar degişlidir. Olaryň birinjisi telekeçiligi, ikinjisi bir kärdäki zähmetkeşleri hukuk taýdan goramak bilen meşgullanýarlar.

### 30.4.1. BMG-niň senagat ösüşi boýunça guramasy (ÝNIDO)

Bu gurama 1966-njy ýylda senagat taýdan ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda özara gatnaşyklary ýola goýmak üçin döredildi. 1985-nji ýylda oňa BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasy derejesi berildi. Häzirki wagtda 180-e golaý döwlet onuň

agzasydyr. Ýokary edarasy bolup, baş konferensiýa çykyş edýär. Baş konferensiýa ÝNIDO-nyň alyp barýan syýasatynyň ugruny kesgitleýän býujetini tassyklaýar. Baş konferensiýa her iki ýyldan bir gezek geçirilýär. Baş konferensiýanyň sessiýalarynyň arasyndaky döwürde «senagat boýunça ösüş geňeşi» ýolbaşçylyk edýär. Onuň düzümine agza döwletleriň 53-siniň wekilleri girýär. ÝNIDO operatiw ýolbaşçylyk etmek üçin baş direktor bellenilýär. Baş direktor baş konferensiýalarda 4 ýyllyk möhlet bilen saýlanylýar. Guramanyň ýerleşýän ýeri Wena şäheridir.

ÝNIDO-nyň maksatlary bolup aşakdakylar çykyş edýär:

– BMG-niň ulgamynda senagat taýdan hyzmatdaşlyk etmek üçin ugrukdyryjy işi alyp barmak;

– Agza döwletleriň arasynda senagatlaşmak boýunça hyzmatdaşlygy güýçlendirmek, aýratyn-da ösüp gelýän ýurtlara senagatlaşma işinde ýardam bermek;

– Ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtda senagaty üýtgedip gurmaga we hususylaşdyrmaga kömek bermek.

ÝNIDO-nyň alyp barýan işini iki ugra bölmek bolar. *Birinjisi*, bu gurama agza döwletleriň arasynda senagatlaşma meseleleri boýunça maglumatlary ýygnaýan, seljerme berýän, olaryň çözülmegi üçin dürli gepleşikleri alyp barýan halkara merkezi bolup çykyş edýär. *Ikinjisi*, halkara tehniki kömegiň maliýeleşdirijisi bolup çykyş edýär.

ÝNIDO-nyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup, agzalyk tölegler, dürli taslamalary ýerine ýetirmek üçin BMG-niň goýberýän kömek pullary we agza döwletleriň meýletin goýberýän pullary çykyş edýär. Bu guramanyň tehniki kömek bermek boýunça maliýeleşdiren işleriniň möçberi 2004-nji ýylda 393 million dollara barabar boldy.

### 30.4.2. BMG-niň azyk we oba hojalyk guramasy (FAO)

Azyk we oba hojalyk guramasy 1945-nji ýylda döredilip, BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasy bolup çykyş edýär. Onuň işiniň esasy ugry bolup, agrar sebitlerde oba, tokaý, balyk hojalyklaryny ösdürmek çykyş edýär.

FAO-nyň ýokary edarasy bolup, iki ýyldan bir gezek geçirilýän konferensiýa çykyş edýär. Konferensiýa FAO-nyň alyp barýan syýasatyny we býujetini tassyklaýar hem-de guramanyň alyp barýan işi boýunça maslahatlary işläp düzýär. Ýolbaşçy edarasy bolup, FAO-nyň geňeşi çykyş edýär. Ol geňeş 49 wekilden ybarat bolup, üç ýyllyk möhlete saýlanylýar. FAO-nyň operatiw ýolbaşçysy baş direktor bolup, ol konferensiýada 6 ýyllyk möhlete saýlanylýar. Ýerleşýän ýeri Rim şäheridir.

FAO-nyň maksatlary aşakdakylardyr:

– agza döwletleriň iýmit we ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak;

– oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak;

– agza sebitlerdäki ilatyň durmuş şertlerini gowulandyrmak.

FAO-nyň işiniň esasy ugurlaryna:

– oba hojalygy boýunça maglumatlary ýygynamak we ýaýratmak;

– Halkara azyk howpsuzlygynyň monitoringini geçirmek;

– oba hojalygynda halkara hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin maslahatlary we hödürnamalary işläp düzmek;

– agza döwletlerde oba hojalygy we azyk önumçiligini ösdürkmeklige kömek etmek degişlidir.

FAO-nyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup, agzalyk tölegler we taslamalary ýerine ýetirmek, BMG-niň goýberýän kömek pullary çykyş edýär.

### 30.4.3. Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy (IEBG)

IEBG taryhy gözbaşyny senagat eýeçiligini goramak boýunça 1883-nji ýylda geçirilen Pariž konwensiýasyndan, edebiýat we senagat eserlerini goramak boýunça 1886-njy Bern konwensiýasynyň halkara hukuk resminamalaryndan alyp gaýdýar. Bu meseleleri we ýolbaşçylyk işini alyp barmak üçin konwensiýalaryň hersi boýunça halkara býurosy döredilýär. 1893-nji ýylda býurolar birleşdirilip, ol «intellektual eýeçiligi goramak boýunça milletleriň birleşen Býurosy» diýip atlandyrylýar. 1967-nji ýylda geçirilen Stokgolm konwensiýasynyň esasynda 1970-nji ýylda oňa «Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy» diýen täze at berildi. 1974-nji ýyldan başlap BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasy diýen dereje berildi. IEBG-niň ýolbaşçy edarasy bolup, baş assambleýanyň konferensiýalar we ugrukdyryjy komiteti çykyş edýär. Guramanyň baş assambleýasy ýylda bir gezek geçirilýär. Ol guramanyň baş direktoryny, iş meýilnamasyny tassyklaýar. IEBG-niň konferensiýasy adatça, ýylda bir gezek geçirilip, ol intellektual eýeçilik boýunça halkara şertnamalaryň ýerine ýetirilişine seljerme berýär. Ugrukdyrmak boýunça komitet baş assambleýa baş direktorlyga dalaşgärleri hödürleýär, orunbasarlary we departamentleriň ýolbaşçylaryny belleýär. Ýerleşýän ýeri Ženewa şäheri.

Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasynyň esasy maksady senagat eýeçiligini, oýlap tapyşlary, patentleri, söwda belgilerini, senagat şekillerini, awtorlyk hukuklaryny edebiýat we sungat eserlerini goramakdan halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekden ybaratdyr. Şunuň bilen baglanyşyklylykda intellektual eýeçiligi goramak boýunça halkara şertnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we bu ugurda täze ylalaşyklary işläp, teklip etmek işlerini alyp barýar. Häzirki wagtda bu gurama intellektual eýeçiligi goramak boýunça 23 sany şertnama gözegçilik edýär.

## 30.4.4. Halkara zähmet guramasy (HZG)

1919-njy ýylda durmuş we zähmet gatnaşyklaryndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin Wersal şertnamasy baglaşyldy. Bu şertnamanyň ýörelgeleri we meseleleri 1944-nji ýylda Filadelfiýa deklarasiýasynda täzeden seredildi. 1946-njy ýylda BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasyna öwrüldi.

HZG-niň işiniň esasy ýörelgesi bolup agza döwletleriň wekilleriniň, kärdeşleriniň, telekeçileriniň deňhukuklylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. HZG-niň ýokary edarasy bolup, ýylda bir gezek geçirilýän Halkara zähmet konferensiýasy çykyş edýär. Konferensiyada durmuş we zähmet gatnaşyklarynyň wajyp meseleleri maslahatlaşylýar. Täze konwensiýalar we hödürnamalar tassyklanylýar. HZG agza ýurtlar Halkara zähmet konferensiýasyna hökümetiň adyndan iki wekil, kärdeşleriň we telekeçileriň adyndan bir wekil ugradýarlar. Ýerine ýetiriji edarasy bolup, administratiw geňeş çykyş edýär. Ol 56 agzadan ybarat bolup, ýylda üç gezek ýygnak geçirýär. Olaryň 28-si hökümet wekilleri, 14-si kärdeşleri we telekeçileriň wekilleridir. Geňeşiň hökümet wekillerinden 10 sanysy JIÖ-niň möçberi boýunça iri döwletleriň wekilleri hemişelik esasda bellenilýär. Ol döwletlere ABŞ, Hytaý, Ýaponiýa, Hindistan, Germaniýa, Russiýa, Fransiýa, Italiýa, Braziliýa degişlidir. Administratiw geňeşiň galan agzalary geografiki wekilçilik taýdan saýlanylýar. HZG-niň hemişelik sekretariaty bolup, Halkara zähmet býurosy çykyş edip, ol baş direktor tarapyndan dolandyrylýar. HZG-niň baş direktory administratiw geňeş tarapyndan saýlanylýar. Ýerleşýän ýeri Ženewa şäheri.

HZG-niň maksatlary aşakdakylardyr:

– agza döwletlerde iş bilen we ýokary durmuş goraglylygy üpjün etmek;

– ykdysady we durmuş özgertmeleri geçirmek;

– adamyň esasy hukuklaryny saklamak, adamlaryň janyny we saglygyny goramak;

– telekeçiler bilen zähmetkeşleriň hyzmatdaşlygyny gazanmak.

HZG-niň işiniň esasy ugry durmuş we zähmet gatnaşyklary meseleleri boýunça halkara konwensiýalary, hödürnamalary işläp düzmekden, agza döwletleriň ony kabul etmeginden, netijede kadaly döredijilik işini ýola goýmakdan ybaratdyr. HZG-niň konwensiýasyna gol çekileninden soň agza döwletleriň ýerine ýetirmekleri hökmanydyr. Döwletler konwensiýanyň tassyklanylyşyna we onuň ýerine ýetirilişi boýunça hasabat berýärler. Guramanyň ýörite ekspertler komiteti milli kanunçylygyň konwensiýa gabat gelýänligine ýa-da gelmeýändigine gözegçilik edýärler. HZG-niň hödürnamalary hökmany häsiýete eýe däldir.

HZG-niň esasy konwensiýalary:

– assosiýalaryň we guramalaryň erkinligini we hukugyny goramak boýunça, (1948–1949 ý.);

– mejbur zähmeti ýatyrmak barada (1930 we 1957 ý.);
– deň derejede sylaglamak hakynda (1952 ý.);
– durmuş üpjünçiligiň minimal normasy hakynda (1952 ý.);
– iş bilen üpjünçilik barada (1964 ý.);
– zähmetkeş migrantlar barada (1949 – 1975 ý.);
– zähmete gözegçilik barada (1947 – 1969 ý.);
– üçtaraplaýyn maslahatlar barada (1976 ý.).

HZG-niň kadaly döredijilik işine agza döwletlere tehniki kömek bermek hem girýär.

HZG-niň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup, agzalyk tölegler, BMG-niň býujetinden goýberilýän pullar çykyş edýär.

## 30.5. Sebitleýin halkara ykdysady guramalar

### 30.5.1. Ýewropa ösüş we özgerdiş banky (ÝÖÖB)

ÝÖÖB (Evropean Bank for Reconstruktion and Development) 1991-nji ýylda Merkezi we Gündogar Ýewropanyň ozalky sosialistik ýurtlaryna bazar gatnaşyklaryna geçmekde kömek bermek üçin döredildi. ÝÖÖB-niň düzümine 60 sany döwlet we iki sany hökümetara guramalar girýär. Ol guramalara Ýewropa Bileleşigi we Ýewropa maýa goýum banky degişlidir. ÝÖÖB-niň paýdarlar maýasy 20 milliard ýewro töweregidir.

Bankynyň ýokary edarasy dolandyryjylar geňeşidir.ÝÖÖB-niň her bir agzasynyň bir dolandyryjysy bolýar. Olar, adatça, agza döwletleriň maliýe ministrleridir. Dolandyryjylar geňeşi bankyň umumy syýasatyny kesgitleýärler we onuň prezidentini saýlaýarlar. Bankyň işine umumy ýolbaşçylygy direktorlar geňeşi alyp barýar. Gönüden-göni ýolbaşçylyk bankyň prezidentine degişli. Ol şol bir wagtyň özünde bankyň resmi wekili bolup çykyş edýär. ÝÖÖB-niň ýerleşýän ýeri London şäheridir.

ÝÖÖB-niň maksatlary aşakdakylardyr:

– düzümleýin we pudaklaýyn bazar özgertmelerini geçirmeklige ýardam bermek;
– hususyýetçiligiň, bäsleşigiň, hususy telekeçiligiň ösüşine hemaýat bermek;
– maliýe institutlarynyň we olaryň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak;
– hususy sektory ösüşi üçin zerur bolan infrastrukturany ösdürmek;
– hususy kärhanalaryň netijeli dolandyrylyşyna hemaýat etmekden ybaratdyr.

ÝÖÖB bu bähbitleri amala aşyrmak üçin gönüden-göni maýa goýujy bolup çykyş edýär. Häzirki wagta çenli onuň maýa goýumlarynyň netijesinde müňden gowrak iri taslamalar amala aşyryldy.

## 30.5.2 Aziýa ösüş banky (AzÖB)

AzÖB 1966-njy ýylda Aziýa-Ýuwaş umman sebiti ýurtlarynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny ösdürmeklige kömek bermek maksady bilen döredildi. Bankyň paýdarlarynyň 46-sy sebitleýin paýdarlar, 18-si sebitleýin däl paýdarlardyr (ösen döwletler).Ýerleşýän ýeri Manila (Filippinler) şäheridir.

AzÖB-niň işiniň esasy ugry Aziýa-Ýuwaş umman sebiti ýurtlaryna tehniki kömekleri bermek, durmuş-ykdysady ähmiýetli taslamalary durmuşa geçirmäge hemaýat etmekden ybaratdyr. Bankyň taslamalary ýedi meseläni çözmeklige gönükdirilendir. Olara ykdysady ösüşi üpjün etmek, adam serişdelerini ösdürmek, dolandyryşyň hilini ýokarlandyrmak, daşky gurşawy goramak, zenanlaryň ykdysady ösüşe gatnaşyşyny ýokarlandyrmak, hususy sektory we sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek degişlidir.

AzÖB-niň maliýe serişdeleriniň çeşmelerine Aziýa ösüş gaznasy, tehniki kömek boýunça ýöriteleşdirilen gazna, Ýapon ösüş gaznasy degişlidir.

## 30.5.3. Afrika ösüş banky (AfÖB)

AfÖB Afrika yklymyndaky ýurtlary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek üçin 1964-nji ýylda döredildi. Onuň düzümine 77 sany döwlet girýär. Olaryň 53-si sebitleýin paýdarlar, 24-si sebitleýin däl ösen döwletlerdir (Hytaý, Saud Arabystany, Kuweýt) we başg.Ýerleşýän ýeri Abijan (Kot-d,Iwuar) şäheridir.

AfÖB 5 ýyldan 15 ýyla çenli bazar şertlerinde hususy kompaniýalara karzlary berýär. Esasy karz alyjylar bolup, çig maly eksport edýän kompaniýalar çykyş edýär. Şeýle hem agza döwletlere tehniki kömekleri, taslamalary maliýeleşdirmeklige kömek edýär.

## 30.5.4 Amerikanara ösüş banky (AaÖB)

1959-njy ýyldsa Latyn Amerikasy we Karib basseýni ýurtlaryna durmuş-ykdysady taýdan kömek bermek maksady bilen döredildi. 46 sany döwlet paýdary bolup, onuň 26-sy sebitleýin, 20-si sebitleýin däl paýdarlardyr.

AaÖB taslamalary maliýeleşdirmeklige, bazar gatnaşyklaryny ösdürmekde, oba hojalygy, infrastrukturanyny, sebitde integrasion gatnaşyklary ösdürmeklige uly hemaýat berýär.

## 30.6. Hökümete degişli däl halkara ykdysady guramalar

## 30.6.1. Üçtaraplaýyn komissiýa

1973-nji ýylda «Çeýz Manhetten bank» (ABŞ) bankynyň ýolbaşçylarynyň teklibi bilen döredildi. Onuň maksady dürli ýurtlaryň telekeçileriniň hyzmatdaşlygyny

ösdürmekden ybaratdyr. Ol 300 töweregi iri korporasiýany, ABŞ-nyň, Günbatar Ýewropanyň, Ýaponiýanyň görnükli ykdysatçylaryny we syýasatçylaryny özünde jemleýär. Komissiýanyň ýolbaşçy edarasy bolup, 53 agzadan ybarat bolan ýerine ýetiriji komitet çykyş edýär. Komissiýanyň işiniň esasy ugry ösen döwletleriň ykdysady we syýasy meselelerine seljerme berýän dokladlary taýýarlamak we olary işläp ösen döwletleriň hökümetlerine teklip etmekden ybaratdyr.

### 30.6.2. Tegelek stol

1986-njy ýylda «Filips Elektroniks» kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň teklibi boýunça döredildi. Ol ABŞ-nyň, Ýewropanyň, Ýaponiýanyň öndebaryjy, iri telekeçilerini özüne birleşdirýär. Tegelek stol birnäçe maksatlary yzarlaýar. Olara global meseleleri çözmekde işewürligiň ähmiýetini ýokarlandyrmak, halkara işewür hyzmatdaşlygyň ösüşine ýardam bermek, işewürligiň ykdysady we durmuş durnuklylyga jogapkärçiligini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Tegelek stoluň agzalary öz ýygnaklarynda ýüze çykýan meseleleri işläp, olary işewür toparlara hödürleýärler.

### 30.6.3. Halkara maliýe instituty

1983-nji ýylda 50 sany ýurduň banklarynyň, broker kompaniýalarynyň, maýa goýum we beýleki gaznalaryň wekilleriniň gatnaşmagynda döredildi. Onuň maksady maliýe hyzmatlarynyň ýokary hilini üpjün etmek we agzalarynyň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şunuň bilen baglanyşyklylykda bu institut özara tejribe alyşmaklygy guraýar, okuw seminarlaryny geçirýär. Institut Londonyň Kreditor kluby bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar.

# XXXI bap

# TÜRKMENISTANYŇ BMG BILEN HYZMATDAŞLYGY

Bu günki gün Garaşsyz Türkmenistan halkara hukugyň we halkara gatnaşyklaryň deňhukukly agzalarynyň birine öwrüldi. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 125 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, 40-dan gowrak halkara guramalaryň agzasy boldy.

Garaşsyz ösüsiň ilkinji günlerinden başlap, Türkmenistan dünýä bileleşigine goşulmak, dünýäniň ähli ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmak, halkara guramalary bilen giňden hyzmatdaşlyk etmek meselelerine

uly ähmiýet berdi. Ýurdumyz eýýäm 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan tassyklanan dünýäde ilkinji Bitarap döwlet boldy.

Soňky wagtlarda Türkmenistanyň halkara giňişligindäki işjeňligi hasam güýçlendi. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda halkara gatnaşyklarda, döwletimiziň durmuş-ykdysady durmuşynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri başlandy. Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde eýeleýän ornuny berkitmekde möhüm ädim ädildi. Gysga wagtyň içinde Saud Arabystany patyşalygyna, Birleşen Arap Emirliklerine, Gazagystan, Özbegistan, Awstriýa respublikalaryna, Germaniýa Federatiw respublikasyna, Eýran Yslam respublikasyna, Günorta Koreýa, Russiýa Federasiýasyna we başga-da birnäçe döwletlere resmi saparlar amala aşyryldy. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň wise başlyklygyna birnäçe gezek saýlanmasy boldy. Bu Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň Baştutanynyň döwletiň ösüşiniň täze tapgyrynda alyp barýan progressiw, netijeli syýasy ugrunyň halkara derejesinde ykrar edilýändigine şaýatlyk edýär. Bu türkmen Bitaraplygynyň Aziýa sebitinde howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde möhüm ähmiýetli ýagdaý bolup, geljekde-de ählumumy parahatçylygyň we abadançylygyň bähbitlerine hyzmat eder.

1992-nji ýylyň 2-nji martyndan başlap, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasydyr. 1992-nji ýylyň 15-nji aprelinde ol BMG-niň Aziýa we Ýuwaş umman sebiti baradaky Ykdysadyýet we durmuş toparynyň agzalygyna kabul edildi.

Türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklarynda gazanan iň uly üstünlikleriniň biri-de onuň hemişelik Bitaraplyk derejesini almagydyr. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň baş Assambleýasy dünýäniň 185 döwletiniň wekilleriniň gatnaşmagynda biragyzdan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakyndaky Rezolýusiýany kabul etdi. Şeýlelikde, dünýäde BMG tarapyndan resmileşdirilen ilkinji Bitarap döwlet peýda boldy. Ýagny Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi ykrar edildi we BMG Türkmenistanyň bu derejesine hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bitewüligine hormat goýmaga agzalygy bolan döwletleri çagyrdy.

Her ýylda bäş blokdan: Amerikan, Afrikan, Aziýa, gündogar Ýewropa we günbatar Ýewropa bloklaryndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygy, şeýle hem wise-başlyklary saýlanylýar. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň wise başlygy hökmünde saýlanylmagy ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynda uly at-abraýa eýe bolup durýandygyny aýdyň görkezýän subutnama öwrüldi.

Türkmenistan bu abraýly gurama bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmek hem-de Bitaraplyk taglymatyny yzygiderli durmuşa geçirmek arkaly, dünýä bileleşiginiň ähli agzalary bilen giňden, netijeli hyzmatdaşlyk edilmeginiň hatyrasyna özüniň syýasy, ykdysady we medeni kuwwatyny tutuşlygyna ählumumy abadançylygyň bähbidine

ulanmaga çalyşýar. Türkmenistan bilen BMG-niň hyzmatdaşlygynyň taryhy barada käbir maglumatlary şu aşakdaky tertibe laýyklykda görmek bolýar:

- ☑ 1992-nji ýylyň 2-nji marty, Garaşsyz Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly we deňhukukly agzalygyna kabul edildi;
- ☑ 1995-nji ýylyň 12-nji dekabry, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň Bitaraplygy hakyndaky Rezolýusiýa kabul edildi;
- ☑ 2007-nji ýylyň 26-njy sentýabry, Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda çykyş etdi;
- ☑ 2007-nji ýylyň 10-njy dekabry, BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň Merkezi Aziýa boýunça sebitleýin merkezi açyldy;
- ☑ 2008-nji ýylyň 19-njy dekabry, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji sessiýasynda Türkmenistanyň teklibi bilen «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly Rezolýusiýa kabul edildi.

2010-njy ýylda Türkmenistan BMG-niň durnukly energetika baradaky Komitetiniň býurosynyň wise-başlyklygyna, şondan soňra bassyr iki ýyl BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýewropa ykdysady komissiýasy tarapyndan işlenip taýýarlanylan Ýörite maksatnamasynyň başlyklygyna, 2011-nji ýylyň aprel aýynda BMG-niň abraýly guramalarynyň üçüsiniň, ýagny 2012–2015-nji ýyllarda ilat we ösüş boýunça BMG-niň komissiýasynyň, şol döwür üçin BMG-niň neşe serişdeleri boýunça komissiýasynyň, hemişelik esasda BMG-niň bosgunlaryň işi boýunça Ýokary komissarynyň maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň düzümine, 2013-nji ýylyň aprel aýynda BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň wise-başlyklygyna, şol ýylyň noýabrynda bolsa 2013–2017-nji ýyllarda ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji Geňeşiniň agzalygyna saýlanyldy. 2016-njy ýylyň 5-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we durmuş geňeşiniň (EKOSOS) mejlisinde Türkmenistan BMG-niň 2017–2020-nji ýyllar üçin Ösüşiň bähbidine ylym we tehnika boýunça komissiýasyna, 2016–2020-nji ýyllar üçin Ilat we ösüş boýunça komissiýasyna, 2017–2021-nji ýyllar üçin Durmuş ösüşi boýunça komissiýasyna biragyzdan saýlandy. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 58, 62, 64 we 68-nji mejlislerine hem wise-başlyklyga saýlanylmagy ýurdumyzyň hyzmatdaşlyk ulgamynda bitirýän beýik işleriniň täze taryhynyň ajaýyp netijesidir. Ýurdumyzyň ösüşlere beslenýän täze taryhynda 2016-njy ýylda Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisiniň wise-başlyklygyna saýlandy. Munuň özi hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tutuş dünýäde parahatçylygyň, durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat ýörelgesiniň giňden ykrar edilýändiginiň, türkmen döwletiniň halkara abraýynyň barha artýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr.



24. Sargyt № 832

Hormatly Prezidentimiziň öňe süren oňyn daşary syýasat strategiýasy netijesinde dünýäniň syýasy, ykdysady we hukuk ulgamyna goşulmak bilen, Türkmenistan bu iri halkara guramasynyň abraýly düzümlerine we ykdysady edaralaryna gatnaşyjy hökmünde wekilçilik etmek ýaly möhüm ugurlardaky syýasatyny has-da işjeňleşdirdi. Soňky on ýylyň dowamynda Türkmenistan BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen bilelikde ozalky iki sany bäşýyllyk Çarçuwaly maksatnamalara laýyklykda, dürli ulgamlarda 264 taslamany durmuşa geçirdi.

Ýurdumyz saýlap alan ösüş ýoly bilen ynamly gadam urup, ählumumy howpsuzlyk ulgamynyň berkidilmeginde möhüm orun eýeleýän BMG bilen netijeli, özara gyzyklanma bildirilýän gatnaşyklary yzygiderli pugtalandyrýar we ösdürýär. Soňky on ýylyň dowamynda ýurdumyz BMG bilen hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesiniň ýokary derejesini üpjün etdi. Bu döwürde BMG-niň öňdebaryjy agentlikleri we ýöriteleşdirilen düzümleri bilen işjeň gatnaşyklary has-da pugtalandyryldy. Milli Liderimiziň oňyn daşary syýasat strategiýasynyň netijesinde ýurdumyz bu iri halkara guramasynyň abraýly düzümleri we ykdysady edaralary bilen gatnaşyklary has-da işjeňleşdirdi.

Milli Liderimiz tarapyndan öňe sürlen maksatnamalar BMG-niň umumadamzat bähbitli öňe sürýän çäreleri, Müňýyllygyň maksatlary bilen doly gabat gelýär. Çünki hormatly Arkadagymyzyň syýasy taglymaty diňe bir hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bähbitlerini nazara alman, eýsem dünýäniň öňdebaryjy pikirlerini, halkara derejesindäki döwrüň derwaýys wezipelerini hem öz içine alýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda Birleşen Milletler Guramasynyň köpsanly ýöriteleşdirilen agentlikleri we edaralary hemişelik esasda işleýär. Bu edaralaryň hatarynda Ösüş maksatnamasyny, Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissaryň müdirligini, Çagalar gaznasyny, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasyny, Neşe we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, Ilat gaznasyny görkezmek bolar. Munuň özi ýurdumyzyň halkara derejesindäki hyzmatdaşlygy ösdürýändigini şertlendirýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkezi eýýäm birnäçe ýyl bäri sebitleriň parahatçylykly we sazlaşykly ösmegi, Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki abraýly halkara guramalaryň arasynda hyzmatdaşlyk etmek babatda netijeli işleri alyp barýar. Bu sebit merkeziniň Aşgabatda ýerleşdirilmegi hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli içeri we daşary syýasatyna, Bitarap Türkmenistana bildirilen uly hormatdan we ynamdan nyşandyr.

2016-njy ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» kararnamasynyň ikinji gezek biragyzdan goldanandygy aýratyn bellärliklidir. Bu resminamanyň kabul edilmegi BMG-niň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesini hem-de ýurdumyzyň öňe sürýän daşary syýasy strategiýasyny doly goldaýandygyny aňladýar. Munuň özi ýurdumyzyň sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi

üpjün etmek işine saldamly goşandynyň ählumumy ykrarnamasynyň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Baş Assambleýanyň sessiýasynda eden çykyşlarynda Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň halkara ähmiýetini açyp görkezdi, dünýäde parahatçylygy gorap saklamakda BMG-niň ähmiýetini ýokarlandyrmagyň möhüm ugurlaryny teswirledi we öz çykyşynda: «Bitaraplyk hukuk derejesiniň ykrar edilmegi döwletimiz, halkymyz üçin uly wakadyr. Bitaraplyk Garaşsyzlygymyzdan soň gazanan ýeňşimizdir. Ol dünýäniň ähli döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny saklamaga mümkinçilik berýär. Yurdumyzda her ýylyň 12-nji dekabry Bitaraplyk güni hökmünde baýram edilýär. Türkmenistanyn hemişelik Bitaraplyk derejesi bilen baglylykda onuň paýtagty Aşgabat ylalaşdyryjy merkeze öwrüldi. Onda parahatçylykly ýaşaýşy ýola goýmak maksatly gepleşikleriň ençemesi geçirildi. Biz Aşgabatda bolup geçen täjigara we owganara gepleşiklerini olara mysal hökmünde görkezip bileris» diýip belledi. Baş Assambleýanyň wise-başlygy hökmünde milli Liderimiz ýörite bellenilen wagtda bu halkara forumyň işine ýolbaşçylyk etdi. Nýu-Ýorkda bolan günlerinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Bermuhamedow ABŞ-nyň iň abraýly ýokary okuw mekdebi bolan Kolumbiýa uniwersitetiniň we Garriman institutynyň ýolbaşçylary bilen duşuşygy boldy we oňa Ösüp barýan bazarlar akademiýasynyň hormatly diplomy gowşuryldy. Ol şu saparynyň çäklerinde BMG-niň baş sekretary Pan Gi Mun, ABŞ-nyň prezidenti J. Buş, beýleki birnäçe döwletiň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar geçirdi.

BMG bılen Türkmenıstanyň hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ☑ Dünýäde parahatçylygy üpjün etmek ugrunda hyzmatdaşlyk;
- ☑ Döwletleriň arasyndaky hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek;
- ☑ BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk;
- ☑ BMG-niň Çagalar gaznasy bilen hyzmatdaşlyk;
- ☑ Ynsanperwerlik ugrunda hyzmatdaşlyk.

Baş Assambleýa BMG-niň ähli agza döwletlerinden ybaratdyr we olaryň ählisi onuň işine gatnaşýar. Häzir bu guramanyň düzümine 192 döwlet girýär. Baş Assambleýa özboluşly dünýä parlamenti bolmak bilen, onuň mejlislerinde adamzadyň derwaýys, iň wajyp meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar. Olaryň hataryna ilkinji nobatda dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge degişli meseleler degişlidir. Her agza döwletiň bir sesi bardyr. «Möhüm meseleler» boýunça kararlar sesleriň üçden ikisiniň köplügi bilen kabul edilýär. Beýleki meseleler boýunça kararlar sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Assambleýanyň her ýylda geçirilýän nobatdaky sessiýalary  sentýabr-dekabr aýlarynyň aralygynda geçirilýär. Zerur ýagdaýlarda ýörite sessiýalar geçirilip bilner. Sessiýalaryň arasynda Assambleýanyň işi onuň komitetlerinde dowam edýär. Baş Assambleýa Nýu-Ýork

şäherinde BMG-niň merkezi edaralarynda çagyrylýar. Baş Assambleýa BMG-niň esasy maslahatçy organydyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň özi barada aýdylanda bolsa, ol halkara gurama bolmak bilen, garaşsyz döwletleriň güýçlerini meýletin birleşdirmek esasynda döredilen guramadyr. Onuň maksady halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny gorap saklamakdan, berkitmekden hem-de döwletleriň arasynda parahatçylykly hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybaratdyr. BMG häzirki zamanyň iň uly, köpugurly we abraýly halkara guramasydyr. Bu gurama adamzady tolgundyrýan esasy syýasy meseleler bilen iş salyşmaly guramadyr. BMG-niň düzgünnamasyna 1945-nji ýylda San-Fransisko şäherinde bolup geçen konferensiýada dünýäniň 50 döwletiniň wekili tarapyndan gol çekildi we ol  1945-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda güýje girdi. Bu sene BMG-niň güni hökmünde bellenip geçilýär. Gurama ähli döwletleriň bähbitlerine degişli meseleler boýunça syýasaty işläp düzýär. BMG-niň ähli agzalarynyň ses bermäge hukugy bar we ses berlişige gatnaşýarlar.

Şeýle-de, Birleşen Milletler Guramasy Aşgabatda Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini döretdi. Bu merkez BMG-niň Merkezi Aziýadaky esasy daýanjyna öwrülip, dawalar barada duýdurmak we onuň öňüni almak, çylşyrymly ýagdaýlary parahatçylykly ýol arkaly kadalaşdyrmak boýunça netijeli iş alyp barýar. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap, Türkmenistan ylalaşdyryjy döwlet derejesine mynasyp bolup, BMG bilen bilelikde dawalaryň öňüni almak we olary çözmek boýunça anyk tejribe toplady.

BMG we halkara jemgyýetçiligi Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň alyp barýan sazlaşykly we açyk gapylar syýasatyna ýokary baha berýär. BMG-niň Türkmenistana goýýan hormaty, Türkmenistanyň ýolbaşçylygynyň ykdysady ulgamda, bilimde, ilatyň durmuş goraglylygy babatda amala aşyrýan anyk amaly işleriniň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegidir. Munuň özi Birleşen Milletler Guramasy we sebit üçin möhümdir, ençeme ýylyň dowamynda BMG bilen netijeli hyzmatdaşlyk edip, bar bolan gapma-garşylyklaryň öňüni almak we olary çözmek babatda Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikdäki işde anyk tejribesi bolan Bitarap Türkmenistan üçin möhümdir. Munuň özi  gapma-garşylyklaryň öňüni almakda, halkara ekstremizmine, terrorçylyga, neşe söwdasyna garşy durmak boýunça, adamlaryň gatnaşyklary babatda, adam hukuklary, demokratik institutlar we beýlekiler babatda hyzmatdaşlyk etmek üçin mundan beýläk alnyp barylja k işlerde, sebitiň döwletlerine kömek, ýardam bermekde we olaryň işini utgaşdyrmakda örän möhüm ädimdir.

Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Türkmenistana berlen hemişelik Bitaraplyk derejesi häzirki wagtda Merkezi Aziýa sebitinde howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň gazanylmagynda möhüm sebäbe öwrüldi. Bularyň ählisi BMG tarapyndan Aşgabatda Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini açmak baradaky kararyň kabul edilmegine oňaýly şertler döretdi. Bu karar Bitaraplyk

derejesini sebitde we tutuş dünýäde parahatçylygyň we abadançylygyň bähbitleri ugrunda gyşarnyksyz peýdalanýan Türkmenistanyň oňyn syýasy ugrunyň halkara derejesinde ykrar edilmeginiň ajaýyp nyşany bolup durýar.

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletiniň ylalaşdyrmak babatda hem-de dawalaryň öňüni almak we ýüze çykan dawalary çözmek boýunça baý tejribesi bar. Türkmenistan Täjigistandaky ýagdaýy kadalaşdyrmakda netijeli işleri bitirdi hem-de täze, parahat durmuşy gurmakda owgan halkyna degerli kömek berip gelýär. Şeýlelikde, Türkmenistany eýýäm sebitde ykrar edilen diplomatik merkez diýip atlandyrmak bolar. Munuň öži Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ilkinji gezek durmuşa geçirilýän işdir.

BMG-niň düzüminde hereket edýän maksatnamalaryň biri-de BMG-niň Ösüş maksatnamasydyr. Bu maksatnamanyň işiniň esasynda adamyň durnukly ösüş pelsepesi ýatyr.

BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky işiniň ilkinji ädimleri. 1994-nji ýylda başlandy. Bu maksatnama Türkmenistanyň hökümetine adam ösüşini üpjün etmek ugrunda dürli ugurlarda hemaýat berdi. Ol ykdysadyýeti özgertmek; ilatyň saglygyny berkitmek; jemgyýetçilik gulluklarynyň işini kämilleşdirmek; adam hukuklarynyň ösmegi; döwlet dolandyryş ulgamyny berkitmek; ykdysady we durmuş ösüşinde aýallaryň tutýan ornuny ýokarlandyrmak ugurlary öz içine aldy.

Türkmenistanyň Ösüş maksatnamasy bilen hyzmatdaşlygynyň esasy tapgyrlary  hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşykda kesgitlenildi. Bu hyzmatdaşlygyň baş maksady «içerki we daşarky serişdeleri çalt we netijeli peýdalanmagy güýçlendirmek» işidir. Başgaça aýdylanda, Türkmenistanyň hökümetiniň we BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň bilelikdäki güýçleri ýurduň ykdysady we adam gurbatynyň ösüşine hem-de tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmaga gönükdirilendir.

Ykdysadyýet ulgamynda Ösüş maksatnamasy býujet ulgamynyň hukuk bazasyny kämilleşdirmäge köp üns berýär.

Maksatnamanyň ileri tutýan ugurlarynyň biri hem gurşap alýan töweregi goramakdyr. Ýakyn ýyllarda maksatnama öz ünsüni tebigy serişdelere baha kesmegiň kanunçylyk we normatiw bazasyny taýýarlamaga, maliýe syýasatyny kämilleşdirmäge gönükdirer.

Ösüş maksatnamasynyň ileri tutýan ugurlarynyň biri bolup, aýal-gyzlaryň hukuklaryny goramak meselesi çykyş edýär. Ol maksatnama aýallaryň syýasy we ykdysady ýagdaýyny pugtalandyrmak üçin köp iş alyp barýar. Geljekde ýolbaşçylyk wezipelerinde işleýän aýallaryň paýy 24 göterime ýetiriler.

BMG-niň Ösüş maksatnamasy Türkmenistanyň hökümetine adam ösüşi baradaky Milli hasabaty taýýarlamaga ýardam berýär. Onda Türkmenistanyň ýaşaýjylarynyň ýagdaýyna umumy syn berilýär. «Adam ösüşi baradaky Hasabat» üç dilde çap edilýär, onda bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, iş bilen üpjünçilik, demografik proseslere gatnaşmaklyk ýaly ugurlardaky ýagdaýlara baha berilýär.

Türkmenistanda iş alyp barýan halkara guramalarynyň ýene-de biri BMG-niň çagalar gaznasydyr. Ol ÝUNISEF ady bilen bellidir. Bu gurama Türkmenistanyň hökümeti bilen işjeň hyzmatdaşlyk saklaýar. Gaznanyň alyp barýan işi enäniň we çaganyň saglygyny goramaga gönükdirilendir. Şonuň üçin hem ÝUNISEF-iň taslamalary eneleriň we çagalaryň saglygyna täsir edýän ähli ugurlary öz içine alýar. Ilkinji nobatda olar gurşap alýan töweregiň ýagdaýyny gowulandyrmaga, eneligi we çagalygy goramaklyga, iýmitlenişi gowulandyrmaga, suwuň we arassaçylygyň hilini ýokarlandyrmaga, bilim derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen işleri alyp barýarlar.

Ýokarda seredilenlerden başga-da Türkmenistanda BMG-niň Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, ÝUNESKO, ilat gaznasy we beýlekiler hereket edýärler. Olaryň işlemegi Türkmenistana durmuş-ykdysady meseleleri çözmäge, ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna geçirmäge, Türkmenistanyň dünýä bileleşigine goşulmagyna hemaýat berýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletimiziň halkara gatnaşyklaryndaky işjeňligi has artdy. Türkmenistan dünýä üçin açyk ýurda öwrüldi. Gysga döwrüň içinde beýleki döwletleriň ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gepleşikleriň ençemesi geçirildi. Aşgabat halkara guramalaryň sebitleýin merkezleriniň işleýän ýerine, halkara maslahatlaryň, ýygnanyşyklaryň, gepleşikleriň geçirilýän ýerine öwrüldi. Türkmenistanyň halkara abraýy gün-günden artýar.

Halkara hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ençeme halkara ähmiýetli taslamalar amala aşyryldy we aşyrylýar. Türkmenistanyn üsti bilen Gazagystandan Eýrana barýan demir ýol, Türkmenistandan Hytaýa çekilen gaz geçirji, Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy, Hazar deňziniň kenarynyň bir böleginiň erkin ykdysady zolak diýlip yglan edilmegi we beýlekiler ykdysady hyzmatdaşlyklaryň oňatlaşmagynyň netijeleridir. Türkmenistan serhetdeş döwletler bilen özara ynanyşmak arkaly doganlyk gatnaşyklaryny alyp barýar. Garaşsyzlyk döwründe ýurdumyzyň goňşular bilen gatnaşyklary hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yadawsyz tagallalary netijesinde hil taýdan täze döwre gadam basdy. 1800 kilometr serhetdeş Özbegistan, 1200 kilometr serhetdeş Eýran, 800 kilometr serhetdeş Owganystan bilen hakyky dost-doganlyk gatnaşyklary ösýär. Gazagystan, Azerbaýjan bilen hoşniýetli gatnaşyklar barha dabaralanýar.

Şeýlelikde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň hemişelik oňyn Bitaraplyk we dünýä döwletleri bilen özara peýdaly hyzmatdaşlyk baradaky syýasaty ýokary derejede alyp barmagy ýurdumyzyň halkara abraýyny barha belende göterýär.

XXXII bap

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY HOWPSUZLYGY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeler, olaryň yzygiderli kämilleşdirilip durulmagy milli ykdysadyýetimiziň howpsuzlygyny has pugtalandyrýar. Ykdysady howpsuzlygymyzyň uzak möhletli üpjün edilmegi milli hojalygymyzyň depginli ösüşiniň, halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlanmagynyň kepili bolup durýar.

Häzirki wagtda islendik döwlet milli ykdysadyýetiniň howpsuzlygyny üpjün etmegiň aladasy bilen ýaşaýar. Sebäbi dünýä ykdysadyýeti häzirki wagtda bir ulgamly, ýagny bazar ykdysadyýetli hojalyga öwrüldi. Bazar ykdysadyýetiniň esasy aýratynlyklarynyň biri hem onuň daşary ykdysady gatnaşyklara has uly ähmiýet berýänligidir. Munuň özi daşary ykdysady gatnaşyklaryň barha erkinleşdirilmegine, ýeňilleşdirilmegine getirýär. Daşary ykdysady gatnaşyklara bolsa, harytlaryň, hyzmatlaryň, maýa goýumlaryň, tehnologiýalaryň, işçi güýjüniň halkara söwdasy degişlidir. Döwletleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň barha ösmegi öz gezeginde garşylykly ýagdaýy ýüze çykarýar. Ol mesele bolsa ýurduň ykdysady howpsuzlygydyr. Eýsem-de, ýurduň ykdysady howpsuzlygynyň mazmunyna, bu düşünjäniň baha beriş ölçeglerine, düşünjäni kesgitlemegiň zerurlygyna, onuň durmuş-ykdysady netijeleriniň nämeden ybaratdygyna we bu meseläniň Türkmenistanda nähili çözülýändigine göz ýetirmäge çalşalyň.

Umuman alanyňda, howpsuzlyk düşünjesi täze dörän meseleler däldir. Gadymy döwletleriň taryhyna seredeniňde hem jemgyýetiň, ýurduň, halkyň, şahsyýetiň howpsuzlygy ýaly düşünjeler ulanylypdyr. Ykdysady howpsuzlyk düşünjesi bolsa bazar ykdysadyýetiniň emele gelmegi, dünýä hojalygynda häli-şindi gaýtalanýan çökgünlikler, ykdysady, syýasy, energetika, ekologiýa we başga-da birnäçe ýagdaýlaryň esasynda ýüze çykdy. Ykdysady howpsuzlyk-munuň özi ykdysadyýetiň, hökümetiň düzümleriniň milli bähbitleri, halkyň durmuş-medeni ýagdaýyny dürli amatsyz şertlerde gorap bilmek mümkinçiligidir. Diýmek, döwlet edaralary, düzümleri islendik ýagdaý ýüze çykan halatynda hem döwletiň durmuş syýasatyny peseltmän, ol yzyderli ýokarlanmalydyr. Halkyň durmuş-medeni ýagdaýyny ýokarlandyrmak bolsa, ilkinji nobatda, ykdysadyýetiň kadaly ösüşine baglydyr.

Ykdysady howpsuzlyk öz-özünden amala aşmaýar. Onuň gazanylmagynda, ilkinji nobatda, durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeleriň netijeliligi çykyş edýär. Munuň özi ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmekde döwletiň alyp barýan

durmuş-ykdysady syýasatynyň we özgertmeleriniň esasy orny eýeleýändigini görkezýär.

Ýurtlaryň ykdysady we durmuş ýagdaýyna baglylykda, ykdysady howpsuzlyga baha berýän ölçegleriň sany we görnüşleri üýtgäp biler. Ýöne olary jemleşdirip, aşakdaky ýaly umumylaşdyrylan ölçeglere bölmek bolar. Bu baha beriş ölçegleri bilen Türkmenistanyň häzirki ýagdaýyny beýan edýän görkezijileri deňeşdireniňde, ýurdumyzyň ykdysady howpsuzlygynyň ýagdaýyna göz ýetirmäge doly mümkinçilik döreýär.

Ykdysady howpsuzlygyň ilkinji baha beriş ölçegi döwletiň kadalaşdyryş ukyby bilen baglanyşyklydyr. Döwlet ykdysadyýete başarnykly ýolbaşçylyk edip bilen ýagdaýynda bu howpuň derejesi pese düşýär. Türkmenistanda häzirki wagtda ykdysadyýeti döwlet tarapyndan dolandyrmagyň örän netijeli görnüşi ýola goýuldy. Ykdysadyýeti dolandyrmagyň bu görnüşiniň netijesinde milli ykdysadyýetimiziň özboluşly nusgasy emele geldi. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan dolandyrmagyň bu görnüşi hiç bir nusga meňzemeýän özboluşly ösüş ýoly bolup, onuň nazaryýet garaýyşlary hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly iki tomdan ybarat okuw gollanmasynda giňişleýin beýan edilýär.

Ikinji baha beriş ölçegi bolup, ykdysadyýetiň maddy böleginiň ösüş ýagdaýy çykyş edýär. Maddy bölek ykdysadyýetiň esasy bölegi hasaplanylýar. Çünki maddy nygmatlara bolan isleg şu bölekde öz beýanyny tapýar. Şol bir wagtyň özünde maddy bölek maddy däl bölegiň ösüşine hem mümkinçilik döredýär. Mysal üçin, bank hyzmatlarynyň ösmegi üçin zerur bolan kompýuter, aragatnaşyk enjamlary maddy bölegiň önümleridir. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň maddy bölegi häzirki wagtda örän çalt depginler bilen ösdürilýär. Bu syýasatyň netijesinde halkymyzyň sarp edýän maddy önümleriniň öndürilişi yzygiderli artýar. Şol bir wagtyň özünde hem milli hojalygymyzyň maddy böleginiň öndürýän önümleriniň eksporty hem barha köpelýär. Häzirki wagtda hem ykdysadyýetimiziň maddy bölegi özüniň gyzgalaňly ösüşini dowam edýär.

Milli ykdysadyýetiň howpsuzlygyny açyp görkezýän indiki ölçeg bolup, halkara maýa goýum we innowasiýa gurbaty çykyş edýär. Başgaça aýdanyňda, bu ölçeg ýurduň halkara maýa goýumlary üçin döredilen şertler bilen baglanyşyklydyr. Bu ugurda esasy üns berilmeli zatlaryň biri hem daşary ýurt maýa goýumlarynyň ýurduň haýsy pudagynda agdyklyk edýändigi bilen baglanyşyklydyr. Ýurdumyzda daşary ýurt maýa goýumlary üçin örän amatly şertleriň döredilmegi milli ykdysadyýetimize çekilýän daşary ýurt serişdeleriniň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün edýär. Dünýäniň öňdebaryjy isleglerini özünde jemleýän kämil hukuk binýady, durnukly ykdysady ösüş, hümmetsizlenmegiň pes derejesi, ilatyň sowatlylyk derejesiniň ýokarylygy, syýasy taýdan durnuklylyk, tebigy baýlyklaryň we energiýa çeş-

meleriniň dünýä ähmiýetli gorlarynyň bolmaklygy daşary ýurt maýa goýumlarynyň milli ykdysadyýetimize çekilişini barha işjeňleşdirýär. Milli ykdysadyýetimize çekilýän daşary ýurt maýa goýumlarynyň pudaklar boýunça aýratynlygy bellenip geçilmäge mynasypdyr. Ol aýratynlyk bolsa milli ykdysadyýetimiziň öňdebaryjy pudaklarynda ýerli maýa goýumlarynyň, has anygy, döwlet býujetiniň serişdeleriniň agdyklyk etmegidir. Milli girdejilerimiziň we döwlet býujetiniň agramly bölegini hasyl edýän pudaklarymyzda ýerli maýa goýumlaryň agdyklyk etmegi daşary ýurt maýasyna bolan garaşlylygy aradan aýyrýar. Umuman alanyňda, Türkmenistan häzirki wagtda daşary ýurt maýadarlaryny maýa goýmaklyga imrindirýän ýurtlaryň birine öwrülmegi başardy.

Ykdysady howpsuzlygyň indiki görkezijisi bolup, ýurduň azyk üpjünçiligi çykyş edýär. Azyk üpjünçiliginiň gazanylmagy, munuň özi gündelik we esasy iýmitler bilen öz-özüňi üpjün etmekdir. Ýurdumyzda durmuşa geçirilen oba hojalyk özgertmeleri netijesinde azyk önümleriniň öndürilişi barha ýokarlanýar. Daýhanlara döredilýän şertler, olara berilýän döwlet goldawynyň netijesinde häzirki wagtda azyk önümlerine bolan islegiň ýüz göterime golaýy kanagatlandyrylýar. Munuň özi dünýäde öňdäki görkezijileriň biridir. Şeýle hem Türkmenistan gysga wagtyň içinde esasy iýmit bolan bugdaýy eksport edýän döwletleriň birine öwrüldi. Bu görkeziji ýurdumyzda azyk howpsuzlygynyň doly üpjün edilendigini tassyklaýar.

Ykdysady howpsuzlygy beýan edýän ölçeg birlikleriniň biri hem döwletiň durmuş syýasaty we halkyň durmuş-medeni ýagdaýydyr. Bu görkeziji boýunça alanyňda, ýurdumyzda alnyp barylýan durmuş syýasatynyň örän ýokary derejededigini görmek bolýar. Bilimiň, lukmançylyk hyzmatlarynyň, jemgyýetçilik ulaglary hyzmatlarynyň mugta ýakynlygy, pensiýalaryň, kömek pullarynyň, talyp haklarynyň döwlet býujetiniň goralýan bölegi bolup çykyş etmegi, olaryň her ýylda ýokarlandyrylyp durulmagy halkymyzyň durmuş goraglylygynyň ýokary derejededigini subut edýär. Ilaty durmuş taýdan goramak boýunça döwlet býujetiniň ýetmiş bäş göterime golaýy sarp edilýär. Şeýle-de bank hyzmatlarynyň göterim derejesiniň, ilata berilýän ipoteka karzynyň ýyllyk derejesiniň bir göterim bolmaklygy dünýä tejribesinde entek gabat gelinmedik oňyn ýagdaýlardyr. Munuň özi Türkmenistanda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň ynsanperwerlige, diňe halkyň bähbidine gönükdirilendigini görkezýär.

Ýurduň sebitleriniň gyradeň ösmegi, olarda ýaşaýan ilatyň durmuş derejeleriniň biri-birine ýakyn bolmaklygy ykdysady howpsuzlygyň indiki görkezijisidir. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan sebit syýasatynyň netijesinde bu mesele ýurdumyzda oňyn çözülendir. Häzirki wagtda ýurdumyzda dürli maksatly gurlyşuk işleriniň giňden ýaýbaňlandyrylmagy, ilaty iş bilen üpjün etmegiň esasy meseleleriniň birine öwrülmegi, döwlet býujeti tarapyndan döredilýän şertleriň ilatyň ählisi

üçin birmeňzeş bolmaklygy, ilatyň girdejileriniň deňleşdirilmegi ýurdumyzda örän netijeli sebit syýasatynyň ýöredilýändigine şaýatlyk edýär.

Ýurduň maliýe ulgamynyň durnukly bolmaklygy ykdysady howpsuzlygyň esasy görkezijileriniň biridir. Ol bank ulgamyny, döwlet býujetiniň ýetmezçiligini, ätiýaçlandyryş guramalaryny, salgytlaryň derejesini, hususy maýa goýumlaryň ösüş derejesini özünde jemleýär. Ýurdumyzda döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň aradan aýrylmagy býujet serişdeleriniň artykmaçlygynyň hasabyna durnuklylaşdyryş gaznasynyň döredilmegi, bank we ätiýaçlandyryş guramalarynyň işiniň üstünlikli guralmagy, salgytlaryň pes derejesi, hususy telekeçilige berilýän ünsüň ýokarlanmagy netijesinde milli telekeçilerimiziň ykdysadyýetdäki paýynyň ýokarlanmagy durnukly maliýe ulgamynyň döredilendiginiň aýdyň alamatydyr.

Şeýle görkezijileriň biri hem ýurduň daşary söwdasynyň ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň daşary söwdasy okgunly ösüşe eýedir. Eksportymyz importa garanyňda iki essä golaý ýokarydyr. Daşary söwda dolanyşygymyzy dünýä söwdasynyň ýyllyk ösüşi bilen deňeşdireniňde onlarça esse ýokarylygy daşary ykdysady gatnaşyklarymyzyň biziň peýdamyzadygyny görkezýär.

Döwletiň ösüş strategiýasyny kesgitlemekde esasy görkezijileriň biri hem ekologiýa howpsuzlygydyr. Ekologiýanyň arassa saklanylmagy ilatyň sagdyn ýaşaýşynyň kepilidir. Bu ýagdaý döwletleriň ekologiýa syýasatyndan gelip çykýar. Bu babatda ýurdumyzda nusga alarlyk tejribe toplanyldy. Olara ýerleriň çölleşmeginiň, şorlaşmagynyň öňüni almak üçin iri möçberli taslamalaryň durmuşa geçirilmegi, zeý suwlarynyň bir ýere ýygnalmagy, şor suwlaryň süýjedilmegi, senagatda we ilatyň zerurlyklaryny üpjün etmekde iň arassa ýangyç bolan tebigy gazyň ulanylmagy, energiýanyň alternatiw çeşmeleriniň ylmy taýdan özleşdirilmegi we başga-da birnäçe çäreler bu aýdylanlara şaýatlyk edýär. Türkmenistan öz gazanan tejribesini diňe özi peýdalanman, ony dünýä döwletleri bilen hem paýlaşýar. Hormatly Prezidentimiziň Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen halkara ekologiýa maslahatynda öňe süren başlangyçlary bu aýdylanlara şaýatlyk edýär.

Ýurduň ykdysady howpsuzlygynyň görkezijileriniň içinde energiýa we çig mal üpjünçilik esasy orunlaryň birini eýeleýär. Köp döwletleriň ykdysady howpsuzlygyny kesgitleýän görkezijileriniň içinde bu görkeziji aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Sebäbi energiýa çeşmeleriniň we çig mallaryň ýurtlar boýunça paýlanylyşy tebigy taýdan deň däldir. Senagatyň, ilatyň çig mal we energiýa bilen üpjünçiligini gazanmak ykdysady howpsuzlygy gazanmagyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şonuň üçin häzirki wagtda energiýa we çig mal üpjünçiligi dünýä meselelerine öwrüldi.

Türkmenistanyň senagatynyň we ilatynyň energiýa hem-de çig mal bilen üpjünçiligi örän ýokarydyr. Ýurdumyzda energiýa çeşmeleriniň, hususan-da, tebigy

gazyň ägirt uly gorlarynyň bolmaklygy dünýä döwletleriniň köpüsi üçin örän kyn bolan bu meseläniň üstünlikli çözülmegine getirýär. Dürli görnüşli we köp mukdardaky çig mallar senagat kärhanalarynyň bökdençsiz işlemegini üpjün edýär.

Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, ykdysady howpsuzlygyň baha beriş ölçegleri ýurtlaryň ykdysady, durmuş, geografiki ýerleşişi, howa şertleri boýunça üýtgäp biler. Mysal üçin, halkara gatnawlaryň merkezi bolup çykyş edýän ýurtlar ulag howpsuzlygy ýaly görkezijileri hem ulanýar. Biziň häzirki getiren baha beriş ölçeglerimiz umumylaşdyrylan görkezijiler bolup, olar ýurtlaryň ählisi üçin mahsusdyr.

Ykdysady howpsuzlygyň baha beriş ölçegleri bilen milli ykdysadyýetimiziň görkezijilerini deňeşdirenimizde, Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygy ýokary derejededir diýen netijäni çykarmaga mümkinçilik berýär.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan–sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. Aşgabat, 2010.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. Aşgabat, 2011.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. Aşgabat, 2012.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. Aşgabat, 2013.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. Aşgabat, 2014.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. «Türkmenistan» gazeti. 2010-njy ýylyň 10-njy maýy.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tomlar. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010.
13. «Täze Galkynyş eýýamy». Wakalaryň senenamasy – 2007-nji ýyl. Aşgabat, 2008.
14. Milli Lider. Aşgabat, 2012.

15. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Türkmen döwlet neşirýat gullugy Aşgabat, 2007.
16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2008.
17. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
18. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy». Aşgabat, 2010.
19. Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri. Aşgabat, 2010.
20. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. «Türkmenistan» gazeti. 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 23-i.
21. «Syýahatçylyk hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2010-njy ýylyň 21-nji maýy.
22. Ataýew M. Döwrebap ykdysady ýörelge. «Türkmenistan» gazeti. 2009-njy ýylyň 2,3 we 5-nji oktýabry.
23. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2011–2014-nji ýyllar. Aşgabat 2015.
24. Ломакин В.К. Мировая экономика. Учебник для вузов. М. ЮНИТИ. 2009.
25. Мировая экономика. Учебник. Под ред. Проф. А.С.Булатова М. Юрист 2008.
26. Долгов С.И. Глобализация экономики: новое слово или новое явление? М., 2008 г.
27. Контуры инновационного развития мировой экономике: Прогноз на 2000-2015 г. Под ред. д.э.н. А.А. Дынкина. - М.: Наука, 2007 г.
28. Кудров В. Место России в мировой экономике в начале XX в. // МЭ и МО. 2000-№5.
29. Линдерт П.Х. Экономика мирохозяйственных связей. М. 2002 г.
30. Ломакин В.К. Мировая экономика. М. Финансы, ЮНИТИ, 2008 г.
31. Международные экономические отношения: Учебник для вузов/Под ред. проф. В.Е. Рыбалкина. М., 2009 г.
32. Миклошевская Н.А., Холопов А.В. Международная экономика: Учебник/ Под общей ред. д.э.н., проф А.В. Сидоровича. – М., 2006 г.

33. Мировая экономика: Учеб. Пособие/Под ред. проф. И.П. Николаевой. – М: ЮНИТИ-ДАНА, 2008.
34. Мировая экономика: Учебник/ Под.ред.проф. А.С. Булатова. – М: Юрист, 2009 г.
35. Мировая экономика. Экономика зарубежных стран: Учебник/ Под. ред. д.э.н. проф. В.П. Колесова и др. – М., 2009 г.
36. Нухович Э.С., Смитиенко Б.М. Эскиндров М.А. Мировая экономика на рубеже XX–XXI веков. М. 2005 г.
37. Овчинников Г.П. Международная экономика: Учеб. пособие – СПб., 2009 г.

## MAZMUNY

Giriş. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .7

**I bap. Halkara ykdysady gatnaşyklar bazar hojalygy şertlerinde**

1.1. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň mazmuny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8

1.2. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň görnüşleri, subýektleri we formalary . . . . . . . . . 10

1.3. Häzirki zaman dünýäsinde halkara ykdysady gatnaşyklaryň ähmiýeti . . . . . . . . . . 11

1.4. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösüşiniň faktorlary we meýilleri. . . . . . . . . . . . . 12

**II bap. Häzirki zaman dünýä bazary**

2.1. Dünýä bazarynyň emele gelmegi we onuň ösüş döwürleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13

2.2. Dünýäniň kapitalistik bazarynyň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17

2.3. Häzirki zaman dünýä bazarynyň ösmegini kesgitleýän ýagdaýlar . . . . . . . . . . . . . 19

2.4. Dünýä bazarynyň düzümi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 20

2.5. Dünýä bazarynyň düzümi (konýukturasy). . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 22

2.6. Dünýä bazarynyň konýukturasyny öwrenmek we çaklamak. . . . . . . . . . . . . . . . . . 23

**III bap. Halkara zähmet bölünişigi**

3.1. Halkara zähmet bölünişiginiň mazmuny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 24

3.2. Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26

3.3. Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň ösüş taryhy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29

3.4. Halkara zähmet bölünişiginiň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29

3.5. Döwletiçre we halkara zähmet bölünişiginiň umumylyklary
we aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32

3.6. Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşinde ylmy-tehniki ösüşiň orny . . . . . . . . . . . . 33

**IV bap. Önümçilikleriň halkara ýöriteleşmesi**

4.1. Önümçiligiň halkara predmetleýin ýöriteleşmesiniň esasy görnüşleri . . . . . . . . . . 36

4.2. Ýöriteleşen önümiň göwrümi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37

4.3. Halkara predmetleýin ýöriteleşen pudaklaryň emele gelmegi. . . . . . . . . . . . . . . . 40

**V bap. Önümçiligiň halkara kooperirlenmesi**

5.1. Önümçiligiň halkara kooperirlenmeginiň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 42

5.2. Halkara kooperirlenmäniň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47

5.3. Halkara kooperirlenmäniň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 50

**VI bap. Döwletleriň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmagynyň sebäpleri**
6.1. Ilatyň ösýän islegini kanagatlandyrmak. . . . . . 52
6.2. Halkara derejesinde iş wagtyny tygşytlamak kanunyny amala aşyrmagyň şertleri . . . . . . 56

**VII bap. Döwletleriň halkara ýöriteleşmesiniň nazaryýetleri**
7.1. Eksport edilýän harytlaryň önümçilik harajatlarynyň pesligi esasynda döwletiň halkara ýöriteleşmesini açyp görkezýän nazaryýetler . . . . . . 60
7.1.1. Dawid Rikardonyň «Deňeşdirme artykmaçlyklar» nazaryýeti. . . . . . 61
7.1.2. «Kwalifisirlenen zähmetiň artykmaçlyk ähmiýeti» modeli . . . . . . 64
7.1.3. Önümçiligiň göwrüminiň hasabyna tygşytlama modeli . . . . . . 65
7.2. Kärhananyň aýry-aýry harytlarynyň önümçiliginiň artykmaçlygy boýunça döwletiň ýöriteleşmesini kesgitleýän HZB-niň nazaryýetleri . . . . . . 66
7.2.1. «Tehnologiki böwsülme» modeli . . . . . . 66
7.2.2. «Haryt ömrüniň dowamlylygy» nazaryýeti . . . . . . 66

**VIII bap. Halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan kärhananyň netijeliliginiň kesgitlenilişi**
8.1. Netijeliligi kesgitlemegiň usulyýet ýörelgeleriniň esaslary . . . . . . 68
8.2. Haryt eksportynyň netijeliligi. . . . . . 70
8.3. Antiimport harajatlar nazaryýeti we import edilen harydyň netijeliligini kesgitlemegiň meseleleri . . . . . . 74
8.4. HZB gatnaşýan kärhananyň netijeliliginiň maýa goýumlar boýunça kesgitlenilişi . . . . . . 78

**IX bap. Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşiniň faktorlary we görkezijileri**
9.1. Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşini ölçemegiň usulyýetleri . . . . . . 82
9.2. Döwletiň halkara zähmet bölünişigine goşulyş derejesiniň görkezijileri . . . . . . 84
9.3. Döwletleriň sebitleýin ykdysady gatnaşyklaryndaky ornuny häsiýetlendirýän görkezijiler . . . . . . 87
9.4. Halkara zähmet bölünişiginiň ösüşiniň ýagdaýlary . . . . . . 89

**X bap. Türkmenistan halkara zähmet bölünişiginde**
10.1. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga ygtybarly pudaklary . . . . . . 91
10.2. Tebigy gaz milli ykdysadyýetiň halkara zähmet bölünişigine gatnaşýan ilkinji global häsiýetli pudagydyr . . . . . . 92
10.2.1. Dokma senagaty . . . . . . 97
10.2.2. Çakyr önümçiligi . . . . . . 100

10.3. Bellibir wagtyň dowamynda halkara zähmet bölünişigine gatnaşmaga ukyply pudaklar . . . 102
10.3.1. Nebit we nebit önümleri . . . 102
10.3.2. Halyçylyk . . . 104
10.3.3. Dökün himiýa senagaty. . . . 105
10.4. Elektrik energiýasy (Sebitleýin häsiýetli pudak) . . . 106
10.5. Milli ykdysadyýetimiziň maddy däl böleginiň kuwwatly pudaklary . . . 106
10.5.1. Bank we ätiýaçlandyryş . . . 107
10.5.2. Halkara syýahatçylyk . . . 108
10.6. Türkmenistanyň halkara zähmet bölünişigindäki ornunyň geografiki ugry . . . 108

**XI bap. Dünýä nyrhlary we Türkmenistanyň eksport kuwwaty**
11.1. Dünýä bahasynyň emele gelşi . . . 109
11.2. Dünýä bahasyna täsir edýän ýagdaýlar . . . 112
11.3. Dünýä bahasynyň kesgitlenilişi . . . 115
11.4. Dünýä bazarynda bahalaryň hereketi . . . 117

**XII bap. Harytlaryň halkara söwdasy**
12.1. Halkara söwda halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamynda . . . 125
12.2. Harytlaryň halkara söwdasynyň düzümi we ösüşi. . . . 128
12.3. Halkara söwda amallarynyň kesgitlenilişi . . . 131
12.4. Harytlaryň aluw-satuwy boýunça halkara söwda amallary . . . 131

**XIII bap. Daşary söwdanyň döwlet tarapyndan sazlaşdyrylmagy**
13.1. Häzirki zaman daşary söwda syýasaty. Daşary söwda syýasatynda proteksionizm we liberalizm . . . 133
13.2. Daşary söwdany sazlaşdyrmagyň tarif we tarif däl usullary . . . 135

**XIV bap. Dünýä söwdasynyň halkara sazlaşdyrylmasy. Bütindünýä söwda guramasy**
14.1. Dünýä söwdasynyň halkara sazlaşdyrylmasy . . . 142
14.2. Bütindünýä söwda guramasy we onuň halkara söwdasyny sazlaşdyrmakdaky ähmiýeti. . . . 144

**XV bap. Hyzmatlaryň halkara söwdasy**
15.1. Hyzmatlar häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde. Hyzmatlaryň klassifikasiýalary . . . 150
15.2. Hyzmatlaryň halkara söwdasynyň düzümi we ösüşi . . . 153
15.3. Hyzmatlaryň söwdasynyň döwlet we halkara derejesinde sazlaşdyrmagy . . . 155



25. Sargyt № 832

15.4. Hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 157

**XVI bap. Dünýä ykdysadyýetiniň ösüşinde hyzmatlaryň orny we ähmiýeti**
16.1. Halkara hyzmatlaryň dünýä ykdysadyýetinde tutýan orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159
16.2. Hyzmatlaryň söwdasynyň ösüş depginleri, haryt we geografiki düzümi . . . . . . . 162

**XVII bap. Dünýä ykdysadyýetinde ätiýaçlandyryş hyzmatlary**
17.1. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň düýp mazmuny we görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . 164
17.2. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň aýratyn görnüşleriniň düzümi . . . . . . . . . . . . . . 168
17.2.1. Syýahatçylaryň saglyk ätiýaçlandyrmasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 168
17.2.2. Ýaramaz howa ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyrma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 169
17.2.3. Delkredere atiýaçlandyrmasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 169
17.2.4. Depozitleri ätiýaçlandyrmak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170
17.2.5. Walýuta töwekgelçiliklerine garşy ätiýaçlandyrma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170
17.2.6. Daşary ýurt maýa goýumlarynyň ätiýaçlandyrmasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 174
17.2.7. Awtoulag eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmasy . . . . . . . . . . . . . . . . 175
17.2.8. Ekologiýa howplaryny ätiýaçlandyrma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 176
17.3. Halkara ätiýaçlandyryş institutlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 176

**XVIII bap. Halkara syýahatçylyk**
18.1. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň ykdysady esasy we toparlara bölünişi . . . . . . . . . . 182
18.2. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň dünýä bazary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 186
18.3. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň halkara derejede düzgünleşdirilişi . . . . . . . . . . . . . 197
18.4. Türkmenistanyň syýahatçylyk pudagynyň ösüşiniň seljermesi. . . . . . . . . . . . . . . 200

**XIX bap. Maglumatlaryň we tehnologiýalaryň halkara alyş-çalşygy**
19.1. Maglumat we tehnologiýa halkara ykdysady gatnaşyklaryň aýratyn obýektidir . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 203
19.2. Halkara ykdysady gatnaşyklarda maglumatlaryň we tehnologiýalaryň alyş-çalşygynyň orny we görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 209
19.3. Halkara maglumat-tehnologiki alyş-çalşygyň üpjünçiligiň we ony goramagyň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 215

**XX bap. Türkmenistanyň daşary söwdasy**
20.1. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary söwdanyň orny Türkmenistanyň daşary söwda syýasatynyň emele gelmegi . . . . . . . . . . . . . . . . 221
20.2. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 223
20.3. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň geografik düzümi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 227
20.4. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň haryt düzümi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 230

20.5. Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň döwlet kadalaşdyrylyşy . . . . . . . . . . . . . 234

**XXI bap. Maýa goýumyň halkara hereketi**
21.1. Daşary ýurtlara maýa çykarmaklygyň mazmuny, sebäpleri we onuň esasy görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 240
21.2. Göni maýa goýumlarynyň dünýä hojalygyndaky orny we häsiýeti . . . . . . . . . . . 244
21.3. Göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi we onuň ýurtlaryň arasynda paýlanylyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 247
21.4. Maýa goýumlaryň olary kabul edýän ýurduň ykdysadyýetine täsiri . . . . . . . . . . . 250
21.5. Milli ykdysadyýetiň maýa goýumy özüne çekijiligi, onuň şertleri we olaryň kesgitlenilişi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 253
21.6. Ösüşe resmi kömek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 256
21.7. Maliýe serişdeleriň kuwwatlanmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 256
21.8. Maýa goýumyň ýitgisi ýa-da gaçmagy. «Hapa pullary» aklamaklyga garşy göreş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 258
21.9. Daşary bergidarlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 260

**XXII bap. Maýa goýumyň hereketiniň halkara sazlaşdyrylmasy**
22.1. Maýa goýumyň halkara hereketiniň döwlet sazlaşdyrylmasy . . . . . . . . . . . . . . . . 261
22.2. Maýa goýumynyň halkara hereketiniň (halkara-hukuk) sazlaşdyrylmasy . . . . . . 264
22.3. Söwda bilen baglanyşykly maýa goýum işleri baradaky ylalaşyk. . . . . . . . . . . . . 265

**XXIII bap. Erkin ykdysady zolaklar**
23.1. Erkin ykdysady zolaklary döretmegiň mazmuny we maksatlary . . . . . . . . . . . . . 267
23.2. Erkin ykdysady zolaklaryň esasy görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 269
23.3. Ofşor zolaklary we ofşor işewürligi, olaryň dünýä ykdysadyýetindäki orny we ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 273

**XXIV bap. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde erkin ykdysady zolaklar**
24.1. Erkin ykdysady zolaklaryň mazmuny, görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 278
24.2. Erkin ykdysady zolaklary ýöretmegiň dünýä tejribesi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 279
24.3. Türkmenistandaky erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary . . . . . . . . . . . . . . . . . 284

**XXV bap. Işçi güýjüniň halkara migrasiýasy**
25.1. Zähmet migrasiýasy halkara ykdysady gatnaşyklaryň aýratyn görnüşidir . . . . . . 288
25.2. Halkara migrasiýanyň esasy merkezleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 292
25.3. Migrasiýanyň oňaýly we oňaýsyz taraplary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 294
25.4. Döwletleriň immigrasiýa syýasaty. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 295
25.5. Döwletleriň emmigrasiýa syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 296

**XXVI bap. Walýuta kursy**
26.1. Walýuta kursy barada düşünje. Altyn we karz-kagyz pullaryň alyş-çalşygynyň gymmat deňeçerligi (proporsiýasy) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 297
26.2. Kurs emele getiriji ýagdaýlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 300
26.3. Walýuta kursunyň düzgünleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 301

**XXVII bap. Dünýä hojalygynyň transmilli korporasiýalary**
27.1. Transmilli korporasiýalar dünýä ykdysadyýetiniň subýektidir . . . . . . . . . . . . . . . 303
27.2. TMK-laryň guramaçylyk düzümi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 306
27.3. TMK-laryň häzirki zaman strategiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 311
27.4. TMK-laryň häzirki zaman taktikasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 312

**XXVIII bap. Dünýä hojalygynyň integrasiýalary**
28.1. Integrasiýalar dünýä hojalygynyň subýektidir. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 315
28.2. Ykdysady integrasiýalaryň nazaryýeti. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 316
28.3. Integrasiýalaryň walýuta jähtleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 317
28.4. Dünýäniň iri integrasiýalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 319

**XXIX bap. Türkmenistanyň halkara integrasiýalar bilen hyzmatdaşlygy**
29.1. Türkmenistanyň GDA ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 326
29.2. Türkmenistanyň YHG ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 334
29.3. Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy. . . . . . . . . . . 345

**XXX bap. Halkara ykdysady guramalar**
30.1. Halkara ykdysady guramalar dünýä hojalygynyň subýektidir. . . . . . . . . . . . . . . . 347
30.2. Halkara maliýe guramalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 351
30.2.1. Halkara pul gaznasy (HPG) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 352
30.2.2. Bütindünýä banky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 353
30.2.3. Bütindünýä banky topary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 353
30.2.4. Halkara ösüş assosiasiýasy (HÖA) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 355
30.2.5. Halkara maliýe korporasiýasy (HMK) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 355
30.2.6. Maýa goýumlar boýunça köptaraplaýyn agentlik (MGKA). . . . . . . . . . . . . . . . 356
30.2.7. Jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça Halkara merkez (JMGSHM) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 356
30.2.8. Halkara hasaplaşyk banky (HHB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 357
30.3. Bütindünýä söwda guramasy (BSG) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 357
30.3.1. BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (ÝNKTAD). . . . . . . . . . . . . 359
30.3.2. Halkara gümrük guramasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 360
30.3.4. Halkara söwda palatasy (HSP) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 360
30.4. Ýöriteleşdirilen halkara ykdysady guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 361

30.4.1. BMG-niň senagat ösüşi boýunça guramasy (ÝNIDO) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 361
30.4.2. BMG-niň azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 362
30.4.3. Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy (IEBG) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 363
30.4.4. Halkara zähmet guramasy (HZG) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 364
30.5. Sebitleýin halkara ykdysady guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 365
30.5.1. Ýewropa ösüş we özgerdiş banky (ÝÖÖB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 365
30.5.2 Aziýa ösüş banky (AzÖB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 366
30.5.3. Afrika ösüş banky (AfÖB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 366
30.5.4 Amerikanara ösüş banky (AaÖB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 366
30.6. Hökümete degişli däl halkara ykdysady guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 366
30.6.1. Üçtaraplaýyn komissiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 366
30.6.2. Tegelek stol . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 367
30.6.3. Halkara maliýe instituty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 367

**XXXI bap. Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 367

**XXXII bap. Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 375

Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 380

*Oguljemal Geldimuhamedowa, Arslan Kazygulyýew,*
*Hekim Bäşimow, Perman Ýanabaýew, Orazjemal Çaryýewa,*
*Maral Möwlamowa*

# HALKARA YKDYSADY GATNAŞYKLAR

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *E. Berdiýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *S. Ýarmakowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *O. Ataýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 02.08.2017. Ölçegi 70x100$^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 31,61. Şertli reňkli ottiski 65,47.
Hasap-neşir listi 27,0. Çap listi 24,5. Sargyt № 832. Sany 1800.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127 (G. Gullyýew) köçe, 51/1.